Terjime eden: Serdar Ataýew

“Belki hukukçylar hem birmahal çaga bolandyrlar”
Çarlz Lem

## BIRINJI BÖLÜM

On üç ýaşy dolmazyndan biraz öň, doganym Jimiň eli döwüldi. Haçan-da Jim futbol oýnap bilmerin öýdüp gorkup ýörmegini bes edenden we eli bitenden soň, ol eliniň şeýlediginden utanmagyny hem taşlady diýen ýaly. Onuň çep eli sagyndan az-owlak gysgalypdy. Jim duranda ýa-da ýörände aýasy böwrüne tarap gyralygyna gyşaryp durýardy. Ýöne onuň üçin munuň parhy ýokdy – diňe ylgamaga we pökgi kowalamaga päsgel bermese bolýardy.
Birnäçe ýyldan soň, bu waka geçmişe öwrülende, biz bir gezek munuň şeýle bolmagyna getiren hadysalar barada jedelleşdik. Men: “hemme zat Ýuellerden başlady” diýdim, ýöne Jim – ol bolsa menden dört ýaş uly – hemme zadyň ondan has öň başlanandygyny aýtdy. Ol: “biziňkä Dilliň gelen tomsunda başlandy” diýdi – Dill ilkinji bolup Betnyşan Redlini aldap öýünden çykarmagy oýlap tapypdy.
Men bolsa, eger-de kököni gözlejek bolsaň, onda ähli zat Endrýu Jeksondan gözbaşyny alyp gaýdýar diýdim. Eger-de general Jekson Derýajyk taýpasynyň hindilerini derýajykdan ýokarylygyna kowmadyk bolsady, Saýmon Finç öz gaýygynda Alabamadan ýokarylygyna ýüzüp gelmezdi – şonda bize nämeler bolardy?
Uly adamlara jedeli ýumruk bilen çözmek gelişmeýär, şonuň üçinem biz gitdik-de Attikusdan soradyk. Kakam ikiziňki hem dogry diýdi.
Biziň aslymyz günortaly. Bize belli bolşuna görä, ata-babalarymyzyň hiç biri-de Gastingsde söweşmändir (1066-njy ýylda, Gastingsde iňlissakson koroly Garoldyň goşunlary ýeňlişe sezewar bolupdyr, şondan soň norman gersogy Wilgelm I ýurdy çalt basyp alyp, Angliýanyň koroly bolupdyr. Finçleriň ata-babalary şol söweşe gatnaşmandyrlar, şoňa görä-de olar köne iňlis asylzadalaryna (aristokratiýasyna) degişli däl). Dogrusyny aýtsaň, biziň maşgalamyzda käbirleri munuň şeýlediginden utanýardy hem. Biziň şejere daragtymyz bary-ýogy Saýmon Finçden başlanýar, ol asly Kornuelden bolan tebip hem ölemen awçy, çaksyz takwa, iň esasy zadam ýerinden gelme husyt bolupdyr. Angliýada özlerini metodistler diýip atlandyrýan adamlara, olaryň has erkin pikirli doganlarynyň öte azar berýändikleri Saýmona ýaramaýar eken. Ol hem özüni metodist diýip atlandyrýan ekeni, şonuň üçinem ol Atlantik ummanynyň üsti bilen Filadelfiýa, ondan Ýamaýka, ondan Mobile we ondan has uzagraga, Sent-Stiwense tarap, alys ýola rowana bolupdyr.
Jon Uesliniň almak-satmakda köp ýaňramagy neneňsi zabun ýazgarýandygyny ýadynda saklaýan Saýmon assyrynlyk bilen lukmançylygy-da baş goşup, ep-eslije baýlyk gazanypdyr, ýöne şol bir wagtda-da ol özüniň Hudaýyň halamajak maýyl ediji zatlarynyň öňünde durup bilmezliginden – mysal üçin, altyna we beýleki suwjuklyklara beslenip başlamagyndan hem howatyr edipdir. Ine-de ol özüniň mugallymynyň adamlara gurallar ýaly eýelik edýänler hakynda ýazgaryjy garaýyşlaryny unudyp, üç sany guly satyn alypdyr we Alabamanyň kenarynda, Sent-Stiwensden kyrk mil ýokarda, olaryň kömegi bilen mülk gurupdyr. Soň Sent-Stiwense ol diňe birje gezek dolanypdyr we şol ýerde-de özüne aýal tapynypdyr, şolardan hem Finçleriň nesli gaýdypdyr, özi-de olardan köplenç gyz dünýä inýär ekeni. Saýmon gaty garraýança ýaşapdyr we tütjar baý bolup aradan çykypdyr.
Biziň maşgalamyzda erkekler, adatça Saýmonyň “Finçiň duralgasy” atly mülkünde galypdyrlar we pagta ekip ýetişdiripdirler. “Duralga” daş-töweregini gurşaýan, hatda korollyk ýaýlaglaryna-da gaýra dur diýdirjek mülkleriň arasynda juda horaşaja görünse-de, ol garaşsyz ýaşaýyş üçin zerur zatlaryň ählisini beripdir, diňe buz, un, geýimlerdir-aýakgaplar bug gämisi bilen Mobilden getirilipdir.
Demirgazyk bilen Günortanyň arasyndaky dawa, belki Saýmonyň güýçsüz gazabynyň tutaşmagyna getirse-de getirerdi, sebäbi ol onuň neberereleriniň ýerden galan ähli zadyny gaňryp aldy. Ýöne olar ýer eýeleri bolup galdylar we diňe ýigriminji asyrda maşgala dessury bozuldy, meniň kakam Attikus Finç hukugy öwrenmek üçin Montgomerä, onuň jigisi bolsa Bostona lukmançylygy öwrenmäge gidipdir. “Finçiň duralgasynda” diňe olaryň uýasy Aleksandranyň ýeke özi galypdyr, ol hem uzak günläp, derýanyň ýakasyndaky sallançakda, öz çeňňegine balyk eýýäm düşdümikä ýa düşmedimikä diýip, pal atyp ýatan bir ýuwaşja bendä durmuşa çykypdyr.
Okuwyny tamamlap meniň kakam Meýkomba dolanyp gelipdir we aklawjylyk işi bilen meşgullanyp başlapdyr. Meýkomb – bu “Finçiň duralgasyndan” gündogarlygyna ýigrimi millikdäki okrug merkezi. Kazyýetiň ymaratynda Attikusyň, eger-de başgaplar üçin asgyjy, tüfdany, küşt tagtasynydyr Alabama

ştatynyň täp-täzeje Kanunlar ýygyndysyny hasaba almasaň, düýbünden boş edarasy bardy.
Attikusyň ilkinji iki müşderisi meýkombyň okrug türmesinde asylan iň soňky adamlar bolupdyr.
Attikus olary seresapsyzlyk boýunça adam öldürendiklerini boýun almaga yrjak bolup çytraşypdyr, şonda rehimdar kanun olary ölüm jezasyna höküm etjek däl ekeni. Ýöne olar Heýwerfordlardy, Meýkomb okrugynda bolsa Heýwerfordlaryň eşek ýaly hötjetdiklerini kim bilmeýär. Şol ikisi bilen meýkombyň iň gowy demirçisiniň arasynda kesekiniň otluk meýdançasyna giren baýtal babatda jedel ýüze çykypdyr, onsoň olar demirçini o dünýä ugradypdyrlar, üstesine-de bu işi üç sany şaýadyň gözüniň alnynda etmäge akyllary çatypdyr. Soňam: "ol köpeý ogluna geregi-de şol" diýip hemmeleri ynandyrmaga çalşyp, bu delil özlerini doly aklaýar diýip hasaplapdyrlar. Olar özleriniň bilkastlaýyn niýetli ganhorlukda günäkär däldiklerini tekrarlapdyrlar, şonuň üçinem Attikus olara jeza berlişine gatnaşmakdan başga hiç hili kömek edip bilmändir. Ähtimal şondan soňam jenaýat işleri onuň aňyrsyny bärsine getirip başlandyr.
Meýkombdaky durmuşynyň ilkinji bäş ýylynda Attikus esasan aklawjylyk tejribesi bilen däl-de, her bir gara şaýyny tapylgysyz hazyna ýaly edip ulanmakda ýüze çykýan juda berk tygşytlylyk babatda tejribe gazanmak bilen meşgullanypdyr, özüniň ähli gazanjyny ol inisiniň bilim almagyna siňdiripdir.
Jon Heýl Finç meniň kakamdan on ýaş kiçi bolup, ylaýyk, pagtanyň bahasy ony ekmek zerurlygyny aradan aýyrýan derejede aşak gaçanda lukman bolmak üçin okamagy niýet edinipdir. Soň Attikus, Jek kakamy aýaga galdyryp, biraz erkinräk dem alyp başlapdyr.
Ol Meýkomby söýýärdi, Meýkomb okrugy bilen bir jan bir tendi, ýerli ýaşaýjylaryň ählisini tanaýardy, olaram ony tanaýardylar. Saýmon Finçiň tagallalary bilen bolsa Attikus, şäheriň hemme maşgalalary bilen gandüşer bolmasa-da daşgynrak garyndaşlykdady.
Meýkomb – garry şäher, men ony tanap başlanymda-da ol eýýäm özüniň uzak ömründen öte ýadapdy. Ýagyş ýagsa onuň köçeleri läbik bolýardy we aýagyň astynda sary toýun palçyk bolup şalpyldaýardy, pyýada ýodalary ot basandy, baş meýdançasyndaky kazyýetiň ymaraty aşak çöküp, gyşarypdy. Näme üçindir şol döwürler häzirkisinden yssydy, gara itlere kyn bolýardy, meýdançada wirgin dubynyň kölegesi jöwzadan halas etmeýärdi, arabalara goşulan arryk gatyrlar hem guýruklary bilen siňeklerden gazaply goranýardylar. Erkek kişileriň krahmal ýakajyklary eýýäm irden sagat dokuza çenli öl-myžžyk bolýardy. Zenanlar ilki günortana ýakyn, soňra gündizki ukydan soň, sagat üçde suwa düşünýärdiler, emma barybir agşama çenli pudra hem der bilen örtülen, ýumşajyk, pökgüje, süýji kökejiklere çalym edýärdiler.
Şol ýyllarda adamlar salyhatly hem haýal hereket edýärdiler. Meýdançada gezmeleýärdiler, bir dükandan çykyp beýleki dükana aýlanýardylar, ähli zady arasyna dyngy berip, howlukman edýärdiler. Gije-gündizde şol bir ýigrimi dört sagat bardy, emma göwnüňe bolmasa, olar has köp ýalydy. Hiç kim hiç ýere gyssanmaýardy, sebäbi gidere ýer ýokdy, satyn alara zat ýokdy, gara şaýy pul hem ýokdy we hiç kimi hiç zat Meýkomb okrugynyň çäginden daşaryk dartmaýardy. Ýöne käbirleri üçin şol döwür düşnüksiz umytlaryň döwrüdi, sebäbi şondan biraz öň Meýkomb okrugyna gorkudan başga hiç zatdan gorkmaly däldigini düşündiripdiler (ABŞ-nyň prezidenti Franklin Delano Ruzweltiň (1882-1945) sözlän sözünden).
Biziň jaýymyz şäheriň ýaşalýan böleginiň baş köçesinde ýerleşýärdi, biz dört sanydyk – Attikus, Jim, men we biziň aşpezimiz Kelpurniýa. Biz Jim bilen kakamyzy erbet däl diýip hasaplaýardyk, ol biziň bilen oýnaýardy, kitap okap berýärdi we hemişe sypaýy hem adalatlydy.
Kelpurniýa bolsa düýbünden başgady. Diňe süňk-saňk bolup duran, şowakör we gympaýgöz bolan onuň eli ýap-ýasy pil ýaly uludy hem-de örän agyrdy. Kelpurniýa hemişe meni aşhanadan kowýardy we meniň näme üçin özümi Jim ýaly oňat alyp barmaýandygymy gaýta-gaýta hetjikläp sorap durýardy. Ýogsa onuň özi Jimiň menden uludygyny-da bilýärdi ahyry. Hemişe-de ol men ýene-de gezmeläsim gelýärkä öýe çagyrýardy. Biziň söweşlerimiz juda uludan tutulýardy we elmydama birmeňzeş tamamlanýardy. Kelpurniýa üýtgewsiz ýeňýärdi, bu esasan hem Attikusyň mydama onuň tarapyny çalýanlygy üçin şeýle bolýardy. Ol bizde Jim dünýä ineli bäri ýaşaýardy we men hemişe onuň diýdimzorlugynyň labyryny öz gerdenimde duýup gelýärdim.
Ejem men iki ýaşymdakam aradan çykypdy, şonuň üçinem men ýitginiň ajysyny duýmaýardym.
Ejem Montgomeri şäherinden, Gremleriň maşgalasyndan ekeni. Attikus onuň bilen özüni birinji gezek ştatyň kanunçykaryjy ýygnagyna saýlanlarynda tanşypdyr. Eýýäm şol wagt ol gartaşan ekeni we ejemden on bäş ýaş uly ekeni. Olaryň toýundan soň ilkinji ýylda Jim dünýä inipdir, ondan dört ýyl soň bolsa – men, ýene-de iki ýyldan soň bolsa ejem birdenkä ýüregi çat açyp aradan çykypdyr. Bu barada munuň Gremleriň neberesine mahsusdygyny aýdýardylar. Men ejem barada gussa çekmeýärdim, ýöne Jimiň welin ýüregi gysýardy. Ol ejemi örän oňat bilýärdi we käwagt, oýnuň ortarasynda birdenkä uzyn-uzyn dem alýardy-da, ulaghananyň arka ýüzüne gidip, şol ýerde ýeke özi oýnaýardy. Ol şeýle ýagdaýdaka iň gowusy oňa azar bermeli däldigini men eýýäm bilýärdim.
Haçan-da meniň alty ýaşym, Jimiň bolsa on ýaşy doluberende, tomus bize öýmüzden Kelpurniýa çagyranda eşidiler ýaly uzaklyga gitmäge, eger-de şowlasa demirgazyga – hanym Genri Lafaýet

Dýubozyň derwezesine çenli (bizden iki jaý aňyrlygyna), günorta bolsa – üç jaý aňyrlygyna, Redlilere çenli gitmäge rugsat berilýärdi. Biz hiç wagt şol çäklerden geçmäge döwtalap däldik. Redlileriň öýünde nämälim bir gorkunç betnyşan ýaşaýardy, ol barada diňe ýatlamak ýeterlikdi – biz uzakly gün suwdan sus, otdan pes gezýärdik. Hanym Dýuboz bolsa hut aýjyn kempiriň özüdi.
Şol tomus biziňkä Dill geldi.
Günlerde bir gün, ir ertir, biz Jim bilen howlymyzyň ýeňse ýüzüne çykdyk, birdenem goňşymyz hanym Reýçel Heýwerfordyň melleginde, kelemli joýalaryň arasynda, nämedir bir zat gymyldady. Biz bu güjük bolaýmasyn diýen pikir bilen sim haýadyň ýanyna bardyk – sebäbi hanym Reýçeliň foksterýeri güjüklemelidi. Görsek, ol ýerde kimdir kelteje biri otyrdy we özem bize seredýärdi. Kelemleriň arasyndan onuň diňe süýr depesi görünýärdi. Biz oňa seretdik durdyk. Onsoň ol:
-Salam!-diýdi.
-Özüňe salam!-diýip Jim sypaýyçylyk bilen jogap berdi.
Kelteje:
- Men Çarlz Beýker Harris-diýdi:-Men okap bilýän.
Men:
-Bileňde näme?-diýdim.
- Men özümiň okap bilýändigim size gyzykly bolar öýdüp pikir etdim. Belki, size bir zat okap bermelidir, men okap berip bil…
-Sen näçe ýaşyňda?-diýip Jim sorady:-Dört ýarymmy?
-Bahym ýedi.
-Onda näme öwünýärsiň?-diýdi-de Jim başam barmagy bilen meni görkezdi:-Ine, Gözlüje dogabitdi okap bilýär, ýogsa heniz mekdebe-de gitmeýär. Sen ýöne, ýedi ýaş üçin öte kiçijik ýaly-la.
-Men kiçijik, ýöne eýýäm uly.
Jim ony oňatja synlamak üçin maňlaýyndan saçyny gaňtardy.
-Hany bärik gel, Çarlz Beýker Harris. Eý Hudaý, at bolaýşyny!
-Seniňkiden gülkünç däl-le. Reýçel daýza seniň adyň Jeremi Attikus Finç diýip aýdýar.
Jim ýüzüni bürüşdirdi.
-Men ullakan, maňa meniň adym laýyk gelýär. Seniň adyň bolsa özüňden uzyn. Tutuşlygyna bir fut.
-Meniň adym, ýöne Dill!-diýdi-de Dill simiň aşagyna sümlüp ugrady.
Men:
-Ýokarysyndan geçseň gowy bolardy-diýdim:- Sen nireden emele geldiň?
Dill Meridiandan, Missisipi ştatyndan emele gelipdir ekeni, ol tomsy geçirmek üçin öz daýzasy hanym Reýçeliňkä gelipdir we indem hemişe tomusda Meýkombda ýaşamalydy. Onuň ähli garyndaşlary meýkomblydy, ejesi Meridianda fotografiýada işleýärdi, ol Dilliň suratyny owadan çagalaryň bäsleşigine ugradypdyr we bäş dollar baýrak alypdyr. Ejesi ol pullary Dille beripdir, ol bolsa şol pullara tutuşlygyna ýigrimi gezek dagy kino gidipdir.
Jim:
-Bizde, bärde kino görkezmeýärler, diňe kämahal kazyýetde Isa barada görkezäýmeseler-diýdi:-A sen nähilidir bir gowy zat gördüňmi?
Dill “Drakula” atly kinony gören ekeni. Bu açyş Jimi oňa tas hormat bilen diýen ýaly garamaga mejbur etdi.
-Gürrüň bersene-diýip ol haýyş etdi.
Dill bir töwrady. Gök, nah jalbary ilikler bilen köýnegine ildirilgi, saçlary ap-ak we ördek çagasynyň peri ýaly ýumşajyk, ol menden bir ýaş uludy, ýöne boýy meniňkiden ep-esli kiçidi. Ol bize Drakula barada gürrüň berip başlady, onuň mawy gözleri birden-ä lowurdap, birdenem garalyp gidýärdiler, birdenem ol bogazyna sygdygyndan hahahaýlap başlaýardy, bir çogdum saçy onuň maňlaýyna düşýärdi, ol ony hemişe gaňtaryp ýörýärdi.
Haçan-da Dill Drakula bilen bellisini edenden soň Jim: “görýän welin, kino kitapjyklardan has gyzykly ýaly-la” diýdi, men bolsa Dilliň kakasynyň nirededigini soradym.
-Sen ol barada hiç zat aýtmadyň.
-Meniň kakam ýok.
-Ol ýogaldymy?
-Ýok…
-O nähili beýle bolýar? Eger-de ol ýogalmadyk bolsa, onda ol bar bolmaly.
Dill gyzardy, Jim maňa sem bolmagy buýurdy – bu onuň Dilli öwrenendiginiň hem-de ony biziň aramyza goşmagy ýüregine düwendiginiň anyk alamatydy. Şondan soň bütin tomus biziň öz gün tertibimiz emele geldi. Tertip bolsa şeýledi: biz özümiziň agajyň üstündäki öýjagazymyzy – howlymyzyň arka ýüzündäki äpet çynaryň şahalarynda guran höwürtgämizi täzeden düzedýärdik, jedelleşýärdik, Oliwer Optigiň, Wiktor Epltonyň we Edgar Rais Berrouzyň ähli eserlerini bir ujundan keşplerde oýnaýardyk. Bu işde Dill biziň üçin tapylgysyz hazyna boldy. Ol öň meniň oýnamaga

mejbur bolýan ähli häsiýetli keşplerimi oýnaýardy, “Tarzanda” maýmyny, jenap Krebtrini “Doganlar Rouwerlerde”, jenap Deýmony “Tom Swiftde”. Dura-bara biz Dilliň edil jadygöý Merlin ýaly garaşylmadyk hokgalaryň, oslagsyz oýunlaryň we täsinden-täsin hyýalbentlikleriň beýik ussadydygyna göz ýetirdik.
Awgustyň soňuna çenli şol bir oýunlary täzeden we täzeden oýnamak biziň ýüregimize düşdi, şonda-da Dill Betnyşan Redlini aldap öýünden çykarmagy oýlap tapdy.
Redlileriň öýi Dilli jadylapdy. Biz oňa her näçe duýdursagam, her näçe düşündirsegem ony bu jaý, edil aýyň deňzi dartyşy ýaly özüne çekýärdi, ýöne diňe Redlileriň derwezesinden howpsuz daşlykdaky burçda duran çyra sütünine çenli çekýärdi. Şol ýerde-de Dill doňup galýardy – ýogyn sütüni eli bilen gujaklar-da, gözlerini tegeläp sereder durar hem pikirlener.
Redlileriň jaýy köçäniň bizden günortalygyna birden egrelýän ýerinde ýerleşýärdi. Eger-de şol tarapa gitseň, göwnüňe bolmasa, olaryň eýwanyna baryp diräýjek ýaly bolup dursuň. Ýöne şu ýerde pyýada ýodasy öwrülýär we olaryň melleginiň daşyndan aýlanyp geçýär. Olaryň jaýy pessejikdi, uly eýwanly we penjire gabsalary ýaşyl, ýöne birwagtlar reňki dökülen we bütin howly dek hapa-çal bolan hem-de haçanam bolsa bir mahallar hek bilen aklanan jaýdy. Üçegiň çüýrük erňegi eýwanyň ýokarysyndan sallanyp durdy, dublaryň gür ýapraklary günüň şöhlelerini geçirmeýärdi. Haýatyň galak-gaçak gazyklary serhoş ýaly yrgyldap, jaýyň öňündäki howlynyň – hiç haçan sübse çalynmadyk we tutuşlygyna haşal ot tutan “arassa” howlynyň daşyna aýlanandy.
Ine, şu jaýda-da yzgytsyz ruh ýaşaýardy. Hemmeler şeýle diýýärdiler, ýöne biz Jim bilen ony hiç wagt görmändik. Aýtmaklaryna görä, ol gijelerine, asmanda aý ýok wagty, daşary çykýarmyş we kesekileriň penjirelerinden jyklaýarmyş. Eger-de birdenkä sowuk düşüp, kimdir biriniň bagynda azaliýalar doňsa, diýmek olara şol ruh üflän bolmaly. Meýkombda amala aşyrylýan ähli ownuk gizlin jenaýatjyklar onuň elleriniň işidi. Bir gezek şäheriň üstüne bir-biriniň yzyndan düşnüksiz we gorkunç hadysalaryň bir topary döküldi, towuklary, pişikleri we itleri her gün irden erbet ýenjilen ýagdaýda tapyp başladylar. Ol etmişleriň günäkäri, soňra özüni derýanyň buljum ýerine oklap gark bolan, ýarym däli Eddi bolup çyksa-da, hemmeler, edil ilkibaşky müňkürliklerinden ýüz döndermek islemeýän dek, öňküleri ýaly Redlileriň jaýyna alarylyp seredýärdiler. Ýekeje garaýagyz (negr) hem gije ol jaýyň gabadyndan ötmäge het etmeýärdi – hökman garşydaky pyýada ýodasyna geçer we öz-özüne gaýrat bermek üçin sykylyk atan bolup başlar. Meýkomb mekdebiniň oýun meýdançasy Redlileriň howlularynyň arka ýüzüne direýärdi. Redlileriň towuk keteginiň ýanynda belent hoz agaçlary ösüp otyrdy, mazaly bişen hozlar şahalardan mekdebiň howlusyna dökülýärdi, ýöne hiç kim olara barmagyny hem batyrmaýardy. Redlileriň hozy awulydy! Redlileriňkä tötänden uçup baran beýsbol pökgüjigi müdimilik ýitýärdi, hiç kim ol barada dil ýarmaýardy.
Jim bilen meniň dünýä inmezimizden kän öň bu jaýyň daşyny syr gabsap alypdyr. Redlileriň maşgalasynyň öňünde şäheriň ähli gapylary açykdy, ýöne olar ile goşulmaýardylar – bu bolsa Meýkombda bagyşlap bolmajak ýazykdy. Redliler ybadathana barman Hudaýa öýlerinde mynajat edýärdiler, ýogsa Meýkombda bu iň esasy güýmenjedi. Hanym Redliniň goňşy aýallar bilen bir pyýalajyk kofe içmek üçin gündiz öýünden çykan gezeklerini barmak basyp sanap boljakdy, dini wagyz-nesihat (missioner) jemgyýetiniň ýygnaklarynda bolsa ony ýeke sapar hem görmändiler. Jenap Redli her gün irden, on ikiniň ýarynda şähere ugraýardy we eýýäm ýarym sagatdan soň, käwagt eli kagyz düwünçekli yzyna dolanýardy. Ol düwünçek iýmit harytlary dükanyndan satyn alnan zatlar bilen diýip goňşular çaklaýardylar. Men goja Redliniň gündelik çöregini nädip gazanýandygyna häzir hem düşünip bilmeýärin. Jim: “ol “pagta satyn alýar”(bikärligi aňladýan sypaýy söz düzümi)” diýip aýdýardy, ýöne jenap Redli aýaly hem iki ogly bilen biziň şäherimizde atam döwründen bäri ýaşaýardylar.
Ýekşenbe günleri Redlileriň gapylary hem penjire gabsalary ýapyk bolýardy – bu hem meýkombyň dessurlaryna garşy gelýärdi, biziň şäherimizde gapylar diňe sowuk düşende ýa-da öýde kimdir bir ýaramasa ýapylýardy. Ýekşenbe günleri bolsa myhmançylyga gitmek hökmany hasaplanýardy: aýallar gaty bilguşakly (korsetli), erkek kişiler penjekli, çagalar bolsa köwüşli gezmelidiler. Ýöne goňşularyň hiç biri-de ýekşenbe güni Redlileriň eýwanyna barmaz. Olaryň gapylary bolsa bütewidi. Men bir gezek Attikusdan haçanam bolsa bir mahal olaryň çybynlara garşy torly gapylary boldumy diýip soradym welin, Attikus – hawa diýdi, meniň dogulmazymdan öň bolupdyr ekeni.
Aýdyşlaryna görä, Redliniň kiçi ogly ýetginjek mahalynda, Köne Saremli Kaningemler – biziň okrugymyzyň demirgazygynda ýaşaýan, köp adamly, syrly taýpa bilen dost bolupdyr we olar Meýkombyň taryhynda ilkinji gezek talaňçylaryň toparyna çalymdaş bir zady döredipdirler. Olar beýle bir kän bulagaýlyk hem etmändirler, ýöne şol hem olar barada bütin şäheriň gep-gürrüň etmegi we üç sany ruhanynyň üç ybadathananyň münberinden olara öwüt-nesihat bermekleri üçin ýeterlik bolupdyr. Olar köplenç dellekhananyň töwereginde ygýan ekenler, dynç günleri awtobus bilen Ebbotswile kino görmäge gidipdirler, Alabamanyň kenarynda ýerleşen, bütin okruga belli humarbazlyk mesgeni – “Säher çygynyň damjasy we balykçynyň düşelgesi” atly myhmanhana tans

etmäge gatnapdyrlar, hatda şerap (wiski) hem dadyp görüpdirler. Meýkombda ýekeje adam hem jenap Redlä onuň oglunyň ýaramaz ýigitler bilen tirkeşýändigini aýtmaga het etmändir.
Bir günem agşamara hemişekilerinden has artygrak kelleleri gyzan oglanjyklar, kimdir birinden karzyna alnan çagşan ulagjykda şäheriň baş meýdançasyna yzlygyna götinläp gelipdirler, özlerini saklamaga çalşan hormatly ybadathana kethudasy jenap Konnere garşylyk görkezipdirler, ony kazyýetiň howlusyndaky oturdaşlar üçin niýetlenen jaýjagaza gabap, daşyndan temmeläpdirler. Bütin şäher şonda olaryň dişinde et galdyrmaly däl diýen netijä gelipdir. Jenap Konner olaryň hemmesini ýüzünden tanandygyny we muny beýle goýmajagyny aýdypdyr – ine şeýle edibem oglanjyklar bozgakçylykda, jemgyýetçilik asudalygyny we tertibini bozmakda, aýallaryň ýanynda hereket bilen masgaralamakda we paýyş sögünmekde aýyplanyp, kazyýetiň öňünde kelle ýalaňaçmaly bolupdyrlar. Kazy jenap Konnerden soňky aýyplamanyň nireden çykandygyny sorapdyr welin, jenap Konner oglanlar şeýlebir çasly sögündiler welin, olary Meýkombdaky ähli aýallar hökmany ýagdaýda eşiden bolmaly diýip aýdypdyr. Kazy oglanjyklaryň ählisini käbir ýagdaýlarda ýetginjekleriň depesinde penalanar ýaly üçeginiň hem bir döwüm çöreginiň bolmagy üçin ugradylýan ýeri bolan, ştatyň ýörite senetçilik mekdebine ibermek barada netijä gelipdir. Bu türme däl, ýöne ol ýere ýerleşdirilmek masgaraçylyk diýlip hasaplanýar. Jenap Redli bolsa başgaça pikir edýär ekeni. Eger-de kazy Artury goýberse, onda ol Arturyň mundan beýläk hiç kimi biynjalyk etmezligini üpjün ederin diýip aýdypdyr. Jenap Redliniň sözüniň iki çykmaýandygyny bilýän kazy höwes bilen ogluny oňa beripdir.
Beýleki oglanjyklar senetçilik mekdebine giripdirler we biziň ştatymyzyň çäklerinde alyp boljak iň gowy orta bilimi alypdyrlar, olaryň biri bolsa, soň hatda Oberndäki ýokary tehniki mekdebi hem tamamlapdyr. Redlileriň jaýynyň gapylary dynç günleri-de, adaty günlerem mäkäm ýapykdy we şol wakadan soň tutuşlygyna on bäş ýyllap hiç kim jenap Redliniň kiçi ogluny ýeke sapar hem görmändir.
Soňra bolsa Jimiň çalak-çulak ýadyna düşýän güni gelip ýetipdir, şonda käbir adamlar Betnyşan Redlini görüpdirler we ol barada gybat gaýtadan örç alypdyr. Jimiň aýtmagyna görä, Attikus Redliler barada söz açmagy halamaýar we haçan-da Jim olar barada soranda, Attikus diňe bir zat diýip jogap beripdir: “Öz işiň bilen bol, Redlileriň işine bolsa burnuňy sokma, olar saňa degişli däl”. “Ýöne şol wakadan soň…” diýip Jim hekaýatyny dowam edýärdi, Attikus başyny ýaýkapdyr we “Hüm-hüm” diýipdir.
Galan maglumatlaryň ählisini diýen ýaly Jim biziň goňşumyz hanym Stiweni Krouforddan alypdyr, barypýatan gybatçy bolan ol bolsa hemme zady jikme-jik bilýärdi. Hanymyň sözlerine görä, günlerde bir gün Betnyşan myhman otagynda oturyp, “Meýkomb tribýundan” haýsydyr bir habarlary gyrkyp alyp, olary alboma ýelmeýär ekeni. Otaga jenap Redli-ulusy giripdir. Haçan-da kakasy gapdalyndan geçip barýarka Betnyşan gaýçysyny onuň aýagyna sünjüpdir, soňra gaýçyny çykaryp, ondaky gany jalbaryna süpüripdir we hiç zat bolmadyk ýaly ýene-de nämedir bir zatlary gyrkmagyny dowam etdiripdir. Hanym Redli köçä ylgap çykypdyr we Artur olaryň barysyny häzir öldürýär diýip gygyrypdyr, ýöne haçan-da şerif gelende Betnyşan şol bir ýagdaýda myhman otagynda oturyp, gazetden nämedir bir zatlary gyrkyp oturan ekeni. Şol wagt ol otuz üç ýaşynda eken.
Hanym Stiweni şonda jenap Redlä Betnyşany wagtlaýynça Taskaluza ugratmagy teklip edendiklerini, oňa munuň peýdaly boljakdygyny aýdandyklaryny gürrüň berdi. Ýöne goja: “Ýok, Redlileriň ýekejesi-de dälihanada oturmandy, indem oturmaz” diýipdir. Betnyşan däli däl, ýöne ol käwagt juda gaharjaň bolýar. Ony gulp astynda biraz saklamak bolar, ýöne oňa iş kesmek üçin welin, hiç hili esas ýok, ol birjigem jenaýatçy däl. Şerif Betnyşany garaýagyzlar bilen bilelikde türmä salmaga het etmändir we ony kazyýetiň ymaratynyň ýerzeminine salyp, daşyndan gulplapdyrlar.
Betnyşany nädip gaýtadan öýüne getirendikleri Jimiň ýadyna örän bulaşyk düşýärdi. Hanym Stiweni Krouford şäher häkimliginiň käbir agzalarynyň jenap Redlä, eger-de ol Betnyşany ýerzeminden alyp gitmese, ol çyglylykdan ýaňa heňlär we amanadyny tabşyrar diýendiklerini aýdyp berýärdi. Onsoňam Betnyşan ummasyz wagtlap okrugyň serişdeleriniň hasabyna ýaşap bilmez ahbetin.
Jenap Redliniň nädip Betnyşany adamlaryň gözüne görünmez ýaly derejede gorkuzmagy başarandygyny hiç kim bilmeýärdi. Jim Betnyşan hemişe zynjyr bilen ýatyş sekisine bagly ýagdaýda oturandyr diýip pikir edýärdi. Ýöne Attikus: “Ýok” diýdi, hemme zat mundan ybarat däl, başga usullar bilenem adamy salgyma öwrüp bolýar.
Ýadyma düşýär, kämahal men hanym Redliniň öýleriniň baş gapysyny açyp, eýwanyň germewiniň ýanyna baryp, güllerini suwaryp ugraýandygyny görýärdim. Jenap Redlini bolsa ol şähere barýarka we ondan gelýärkä biz Jim bilen her gün görýärdik. Ol arrykdy, agajetdi, gözleri nähilidir birhili öçügsidi welin, olaryň haýsy reňkdedigini hem bilip bolmaýardy. Çüri eňegi öňe çykyp duran, agzy uly, ýokarky dodagy inçe, aşakysy bolsa ýogyndy. Hanym Stiweni Krouford ol şeýlebir dogry we göni adam bolandygy üçin diňe Hudaýy diňleýär diýip aýdýardy. Biz hem oňa ynanýardyk, sebäbi jenap Redli edil ýyldyrym sowujy ýaly gönüdi.

Ol biziň bilen gepleşmeýärdi. Haçan-da ol deňämizden geçip barýarka biz ýere bakýardyk-da, “Ertiriňiz haýyrly bolsun, jenap” diýýärdik, ol bolsa jogap hökmünde çalaja üsgürinjireýärdi. Onuň uly ogly Pensakolda ýaşaýardy we diňe täze ýylda öýlerine gelýärdi, ol biziň gözümiziň alnynda şol jaýa girip-çykýan seýrek adamlaryň biridi. Adamlar jenap Redli Artury ýerzeminden öýüne alandan soňra olaryň öýleriniň jany çykyp gidene döndi diýişýärdiler.
Soňra bolsa günlerde bir gün Attikus bize eger-de biz howluda goh-galmagal turuzsak biziň eýimizi ýetirjekdigini aýtdy we Kelpurniýa özi öýe dolanýança biziň jyňkymyzy hem çykarmaga het etmezligimizi tabşyrdy. Jenap Redli amanadyny tabşyrýardy.
Jenap Redli howlukmaýardy. Onuň jaýynyň iki tarapyna-da köçani haçjalar bilen germediler, pyýada ýoda saman sepelediler, ähli ulaglar hem arabalar başga ýoldan aýlanyp geçmek üçin öwrülmäge başladylar. Lukman Reýnolds her gezek hassanyň ýanyna gelende öz ulagyny biziň gädigimizde goýýardy we Redleriň jaýyna pyýadalap gidýärdi. Biz Jim bilen uzakly günläp howluda daraklygymyza basyp ýöreýärdik. Ahyry bir gün haçjalary aýyrdylar we biz öz bassyrmamyzyň astyndan jenap Redliniň biziň jaýymyzyň deňesinden ötüp soňky ýoluna ugraýşyny synladyk.
- Ine, dünýäde iň nejis adamy jaýlaýarlar-diýip Kelpurniýa burnuna siňdirip hüňürdedi-de, çuň oýa batyp tüýkürdi.
Biz gözümizi tegeläp oňa seredişdik. Kelpurniýa akýagyzlar barada daşyndan pikir etmäge hiç wagt diýen ýaly het etmeýärdi.
Hemme goňşular, haçan-da jenap Redli ol dünýä gidenden soň Betnyşan ýagty jahana çykar diýip pikir öwürýärdiler, emma olar ýalňyşýardylar. Pensakoladan Betnyşan agasy dolanyp geldi we kakasynyň ornuny eýeledi. Olaryň arasynda diňe ýaş tapawudy bardy. Jim jenap Natan Redli hem “pagta satyn alýar” diýip aýtdy. Ýöne jenap Natan biz oňa salam beren wagtymyz bize jogap berýärdi we käwagtlar şäherde eli žurnally hem dolanýardy.
Biz Dille Redlileriň maşgalasy barada näçe köp gürrüň berdigimizçe, onuň şonça-da köp bilesi gelýärdi we ol köçäniň künjünde çyra sütüni bilen gujaklaşyp şonça-da köp durýardy, şonça-da köp oýlanýardy.
-Men gyzyklanýaryn, ol o taýda näme işleýärkä?-diýip ol hümürdeýärdi:-Ine birdenkä ol alagetdin gapynyň aňyrsyndan jyklaýsa!
-Ol gijelerine, tüm-garaňky wagty çykýar-diýip Jim aýdýardy:-Hanym Stiweni Kroufordyň aýtmagyna görä bir gezek ol gijäniň arasynda oýanypmyş, ol bolsa onuň penjirejiginden garap durmuş…seredýärmiş, özi bolsa ölä çalymdaşmyş, kellesi hem edil kelleçanak ýalymyş. Dill, a sen ony eşitmediňmi? Sen gije oýanmadyňmy? Ol ine şeýle ýöreýär…-Jim aýaklaryny çaglyň üstünde süýräp alyp ugrady:-A sen nämedir öýdýärsiň, näme üçin hanym Reýçel gijelerine ähli gapylaryny gulplaýar? Men ertir ir bilen näçe gezek howlumyzyň arka ýüzünde onuň yzlaryny gördüm, bir gezek bolsa gije eşitdik – ol jaýymyzyň ýeňse tarapyndaky eýwanyň aýnasyny dyrmalaýar, Attikus daşaryk çykdy, ol bolsa eýýäm ýok.
Dill:
-Onuň nähilidigini bir görüp bolsady-diýdi.
Jim Betnyşanyň belli bir derejede dogry suratyny çekdi. Aýak yzlaryndan çen tutsaň Betnyşanyň boýy takmynan alty ýarym fut bolmaly, ol eline ilen awysiýdikleri we pişikleri çigligine iýýär, onuň elleri bolsa hemişe gana boýalan, sebäbi ol haýwanjyklary çigligine iýýär, şonuň üçinem ol hiç haçan elleriniň ganyny näçe ýuwsa-da aýryp bilmez. Onuň ýüzüni keseligine uzyn ýara yzy kesip geçýär, dişleri sary, çüýrük, onuň gözleri peträp dur we ol hemişe hyllygyny akdyryp gezýär.
Dill:
-Geliň ony aldap öýünden çykaralyň-diýdi:-Men ony synlamak isleýärin.
Jim:
- Onda näme, eger-de sen janyňdan iren bolsaň, onda bar-da olaryň gapysyny kak, ine-de bar bolany.
Biziň ilkinji çozuşymyz diňe Dill Jimiň Redlileriň derwezesinden aňryk hatda burnuny-da görkezip bilmejekdigini aýdyp, onuň bilen eger-de, utulsa “Çal salgym” atly kitaby bermek, utsa “Tom Swiftiň” iki neşirini almak barada jedel edenden soňra amala aşdy. Jim bolsa şeýledi, eger-de ony gižželeseň, hiç haçan yza tesmeýärdi.
Jim üç günläp oýlandy. Ýöne namysy oňa janyndan eziz bolara çemeli, sebäbi Dill ony örän aňsatlyk bilen ýeňdi.
-Sen gorkýarsyň-diýip ol ilkinji günüň özünde aýtdy.
-Gorkamok, ýöne kesekiniň öýüne süsdürilip girmek gödek bolýar.
Ertesi gün Dill:
-Sen gorkýarsyň, sen olaryň howlusyna aýagyňy sekip hem bilmersiň-diýdi.
Jim aýdylanlara garşy çykdy, ol şunça ýyllap her gün Redlileriň deňesinden mekdebe ýöräp geçýär ahyry.

-Ýöräp geçmeýärsiň, ylgap gaçýarsyň-diýip men ilgeziklik bilen habar berdim.
Üçülenji gün diýlende Dill ahyrsoňy onuň degnasyna degdi. Ol Jime Meridianda adamlar meýkomblylardan has batyrrak diýdi. Ol asyl dogup-döräli bäri meýkomblylar ýaly züwwetdinleri görmänmiş.
Bu sözleri eşidip Jim köçäniň künjüne çenli dähedem-dessemläp bardy-da, çyra sütünine ýaplanyp, elde ýasalan ilgençekde gülkünç sallanyp duran haýatyň gapysyna dikildi.
Jim, biz onuň ýanyna baranymyzda:
-Onuň biziň barymyzy tepbetlejekdigine sen düşünýänsiň diýip tama edýän, Dill Harris!-diýdi:-Ol seniň gözleriňi dyrnaçaklap goparar, şonda sen munda meni günäkärlemegin, eşidýärmiň?! Ýadyňdan çykarma, muny seniň özüň başlansyň.
-A sen barybir gorkýarsyň-diýip Dill assaja pyşyrdady.
Jim Dillden birinji hem iň soňky sapar we hemişelik özüniň birjigem gorkmaýandygyny berk bellemegi haýyş etdi.
-Men ýöne, ol bizi tutmaz ýaly edip, nädip ony aldap öýden çykarmalydygyny hiç oýlap tapyp bilmeýärin.
Onsoňam Jim ýanlarynda özüniň körpe uýasynyň, ýagny meniň bardymy hem unutmaýan ekeni.
Ol şuny aýdan badyna men göz ýetirdim, ol hakykatdan hem gorkýan ekeni. Men bir gezek onuň jaýymyzyň üçeginden bökmäge gaýratynyň çatmajakdygyny aýdanymda-da ol özüniň körpe uýasynyň bardygyny ýadyna salypdy. Ol şonda: “Eger-de men heläk bolsam, seniň bilen näme bolar?!”diýip menden sorapdy.
Şonda ol üçekden böküpdi, ýöne heläk bolmandy we soňra hiç wagt özüniň diňe özi barada däl-de, körpe uýasy barada-da alada etmelidigini ýadyna salmandy. Tä Redlileriň derwezesiniň öňüne gelýänçä.
Dill:
-Näme injigiň sandyraýarmy? Götin gaýdasyň gelýär gerek?-diýdi:-Beýle bols-a-a, onda elbetd-e-e…
Jim:
-Dill, beýle işleri oýlanyşykly etmeli-diýdi:-Birje pursat pikirlenmäge puryja ber ahyry. Bu edil pyşdyly çanagyndan kellesini çykarmaga mejbur etmek ýaly bir zat ahbetin…
-A sen ony nädip mejbur edersiň?-diýip Dill gyzyklandy.
-Onuň garnynyň astynda otluçöp ýakaýmaly.
Men eger-de Jim Redlileriň jaýyny otlaýsa, onda Attikusa şugullajakdygymy aýtdym.
Dill bolsa: “Pyşdyly otlamak pislik bolýar” diýdi.
-Birjigem pislik däl, ony bir zat edip mejbur etmeli bolar ahyry, onsoňam beýtmek ony oduň içine oklamak däl ahbetin!-diýip Jim hüňürdedi.
-A sen nireden bilýärsiň, otluçöpiň onuň bir ýerini agyrtmaýandygyny?
Jim:
-Akmak, pyşdyllar hiç zat duýmaýarlar ahyry!-diýdi.
-A sen näme özüň pyşdyl bolup gördüňmi?
-Häý senem-ä, Dill, bir zat diýäýýärsiň-ow! Indi bolsa maňa pikirlenmäge päsgel berme…Belki biz olara daş zyňyp başlasak…
Jim şeýlebir uzak pikirlendi welin, Dill uludan demine aldy-da, eglişik edip ugrady:
-Ýeri bolýar-da, sen gorkmaýarsyň, ýöne sen diňe olaryň jaýynyň ýanyna bar-da, diwaryna eliňi degir, onsoň “Çal salgym” seniňki.
Jim janlanyp ugrady:
-Elimi degirsem, bolanymy?
Dill baş atdy.
-Bar bolany şu-da, şeýlemi?!-diýip Jim gaýtalady:-Seret, men elimi degrerin, sen bolsa bu şertimize laýyk däl diýip gohlap başlarsyň!
Dill:
-Saňa aýdylyp dura-how, bar bolany şu diýlip-diýdi:-Ol seni howluda gören badyna böküp daşaryk çykar, şol wagtam biz Gözlüje bilen onuň üstüne bökeris-de ony tutarys we onuň bilen hiç hili erbet zat etmejekdigimizi oňa düşündireris.
Biz köçeden geçdik-de, Redlileriň derwezesiniň öňünde saklandyk.
Dill:
-Hany başla!-diýdi:-Biz bolsa Gözlüje bilen şu ýerde durarys.
Jim:
-Häzir!-diýdi:-Meni alňasatma.
Ol haýatyň ugry bilen öwrüme çenli, soňam yzyna ädimläp başlady. Megerem ýönekeýje şertleri öwrenip, howla nädip has gowy edip girmelidigini çözýän bolara çemeli. Özem dähedem-dessemläp ýörşüne ýüzüni bürüşdirip, ýeňsesini gaşan bolýardy.

Men oňa seretdim, seretdim-de, birdenem pyňkyryp goýberdim.
Jim zarp bilen haýatyň işigini açdy-da, jaýa tarap tutdurdy, barşyna-da aýasy bilen diwara şarpyldadyp, yzyna ökjäni göterdi, biziň gapdalymyzdan ötüp barşyna-da öz çozuşynyň nähili netije berendigini bilmek üçin hatda yzyna-da garamady. Dill ikimiz hem onuň ökjesini sydyrdyp diýen ýaly ýazzyny berdik. Sag-aman öýümiziň eýwanyna ylgap ýetdik-de, demimiz-demimize ýetmän, sojap, zordan demimizi dürsedik. Diňe şondan soň yzymyza garanjakladyk.
Köne jaý şol öňküsi ýaly tutuk hem tukat ýagdaýda durdy, ýöne birdenkä biziň göwnümize bolmasa penjireleriň biriniň tutusy gymyldap giden ýaly boldy. Şybyrt. Ýeňiljek, çala saýgaryp ýetişip bolýan gymyldy – bada-badam jaý ýene-de doňup galdy.

xxxxx

Sentýabryň başynda Dill biziň bilen hoşlaşdy we Meridiana, öýlerine dolandy. Biz ony sagat bäşdäki awtobusa ugratdyk welin, meniň erbet içim gysyp başlady. Soňra bolsa birdenkä ýadyma düşdi – ýene-de bir hepdeden men mekdebe gitmeli ahyry! Şu güne çenli men öz durmuşymda hiç bir zada şeýle sabyrsyzlyk bilen garaşmandym. Gyşda men sagatlap çynardaky öýjagazymyzda mekdebiň howlusyna seredip oturýardym. Men Jimiň dürbüsinde okuwçylary synlaýardym, olaryň ähli oýunlaryny öwrenýärdim, Jimiň gyzyl keltekçesinden gözümi aýyrman, oglanlar bukuldym ýa-da gözdaňdy oýnanlarynda olaryň ähli şatlyklaryny hem şowsuzlyklaryny öz ýanymdan pynhan paýlaşýardym. Hemişe-de men olar bilen bilelikde oýnamagy çensiz-çaksyz küýseýärdim.
Ilkinji gün Jim meni özi mekdebe äkitmeklige çenli pese düşdi. Adatça bu işi ene-atalar edýärler, ýöne Attikus Jimiň maňa höwes bilen öz klasymy görkezjekdigini aýtdy. Megerem bu işde örän amatly geleşik baglaşylan bolmaly, sebäbi biz ylgaşlap Redlileriň jaýynyň künjünden aýlanyp barýarkak men örän täsin owaz eşitdim – Jimiň kisesinde şaýjyklar şyňňyrdaýardy. Mekdebiň howlusynyň öňünde biz ädimimizi haýallatdyk welin, Jim maňa mekdepde öz ýanyna sokjarylyp barmaly däldigini düşündirip ugrady. Men ondan “Tarzan we adam-garynjalar” diýen baby oýnamagy haýyş etmeli däldim, onuň şahsy durmuşyna degişli ýaňzytmalar bilen ýüregine düşmeli däldim, arakesmede-de kelte tirkelen ýaly, sozanguýruk bolup yzyna düşüp ýörmeli däldim. Meniň ýerim birinji klasdady, Jimiňki bolsa bäşinjidedi. Umuman, gepiň kelte ýeri, men onuň aýagyna çolaşyp ýörmeli däldim.
-Indi näme, biziň ikimize mundan beýläk bilelikde oýnamak hem bolmaýarmy?-diýip men soradym.
-Öýmüzde biz öňki ýaşaýşymyz ýaly ýaşarys-diýip Jim aýtdy:-Ýöne, düşünýäňmi, mekdepde öýdäki ýaly däl-dä!
Görüp otursam şeýle hem bolup çykdy. Ilkinji gün irden biziň mugallymamyz hanym Kerolaýn Fişer meni öňe çagyrdy we bütin klasyň öňünde aýama çyzgyç bilen urup, mazaly eýimi ýetirdi, soňam uly arakesmä çenli çüňkde duruzdy.
Hanym Kerolaýn ýaşdy – takmynan ýigrimi bir ýaşyndady, uly däldi. Saçlary garamtyl-altynsöwdi, ýaňaklary gülgünedi, dyrnaklaryna gara-gyzyl reňk çalnandy. Aýagynda beýik ökjeli, syrçaly reňkli köwüşjikler bardy, köýnegi ak zolakly gyzyl reňklidi. Ol narpyzly kemputjyga juda çalymdaşdy we ondan hemişe pampazajygyň ysy gelip durdy. Ol biziň gabat-garşymyzdaky hanym Modi Etkinsonyň ýokarky otagyny kireýine alyp ýaşaýardy. Hanym Modi bizi onuň bilen tanyşdyrandan soň Jim birnäçe günläp ümürde azaşan ýaly bolup gezipdi.
Ol öz adyny tagtada basmaça harplar bilen ýazdy we:
-Şu ýerde meniň adymyň hanym Kerolaýn Fişerdigi ýazylgy. Men Demirgazyk Alabamanyň Uinston okrugyndan-diýip aýtdy.
Klas pyşyrdaşyp başlady. Ol jelegaýlaryň ýaşaýjylarynyň häsiýeti hemmelere mälim, megerem hanym Kerolaýn hem şeýle bolsa gerek. (Haçan-da 1861-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Alabama ştaty Birleşen Ştatlardan bölünip aýrylanda, Uinston okrugy hem Alabamadan bölünip aýrylypdyr, Meýkomb okrugynda bu barada her bir bäbek hem bilýär). Demirgazyk Alabamada arak kärhanalaryndan, dokma fabriklerinden, polat eredýän şereketlerden, respublikaçylardan, professorlardan we asly, gelip çykyşy näbelli bolan beýleki bikär adamlardan ýaňa aýak basara ýer ýok.
Ilkibaşda hanym Kerolaýn bize pişikler hakynda okap berip başlady. Pişikler biri-biri bilen uzyn-uzyn söhbet edýärdiler, bezemen eşiklerde gezýärdiler we ýyljajyk öýjagazyň aşhanasynda, pejiň aşagynda ýaşaýardylar. Hanym Pişikbibi dermanhana jaň edip şokoladdaky guradylan syçanlardan gerdejikleri sargaýança bütin klas içini gyrara getirip gülüp ýatan boldy. Megerem hemme okuwçylaryň – ýyrtyk köýnekli oglanjyklaryň we haltadan köýnekli gyzjagazlaryň – aýak biten dessine pagta ýygmaga we doňuzlara iým bermäge başlap, nepis sözleýişi kabul edip bilmeýändikleri hanym Kerolaýn üçin düşnüksiz bolsa gerek. Soňuna çenli okap, ol:
-Nähili eýjejik erteki eken, şeýlemi, çagalar?!-diýdi.

Soňra tagtanyň ýanyna bardy-da äpet basmaça harplar bilen onda tutuş elipbiýi ýazdy we klasa tarap öwrülip sorady:
-Munuň nämedigini kim bilýär?
Hemmeler bilýän ekeni. Okuwçylaryň köpüsi birinji klasda ikinji ýyl okaýardylar.
Megerem hanym Kerolaýn meniň adymy bilýändigi üçin meni saýlan bolara çemeli. Haçan-da men ähli harplary yzygiderli okap başlanymda onuň gaşlarynyň arasynda çala bildirýän gasynjyk emele geldi. Onsoň ol meni harplygyň tutuş ýarsyny we “Mobil rejister” birža maglumatnamasyny okamaga mejbur edip, meniň sowatlydygyma göz ýetirdi we maňa ýeňiljek gatyrganmak bilen garap başlady. Ol kakama meni mundan buýana okatmazlygy aýtmagy tabşyrdy, sebäbi eger-de şeýle edilmese meniň bolmalysy ýaly okamagyma päsgel berjekmiş.
-Ýöne kakam maňa hiç zat öwretmedi ahyry, hanym Kerolaýn!-diýip men geň galdym.
Ol ýylgyryp, başyny ýaýkady.
-Attikusyň meni okatmaga eli degmeýär-diýip men üstüni ýetirdim:-Bilýäňizmi, agşamlaryna ol şeýlebir ýadaw bolýar welin, diňe myhmanhanada oturyp okamaga ýaraýar.
-Eger-de ol bolmasa, onda kim seni okatdy?-diýip hanym Kerolaýn eýýäm çyny bilen gaharlanyp sorady:-Kimem bolsa biri okadandyr ahyry? Sen arlykdakaň gazet okap başlan dälsiň-ä!
-Jim bolsa “arlykdakam” diýip aýdýar. Ol bir kitapçany okaýardy, şol ýerde-de men Finç däldim-de Pinçdim. Jim hakykatda meniň adymyň Jin Luiza Pinçdigini aýdýar, haçan-da men doglanymda meni başga biri bilen çalşypdyrlar, hakykatda bolsa men…
Mugallyma:
-Hyýalymyzy gaty başyna goýberibermäli, gyzjagaz!-diýdi:-Umuman, kakaňa onuň indi seni okatmaly däldigini aýt. Iň gowusy, okamagy düzgünlere laýyklykda öwrenmekdir. Oňa aýdarsyň, meniň özüm seni okatmaga girişerin we ýetirilen zeleli düzetmäge çytraşaryn…
-Siz nähili aýt diýdiňiz, hanym?!
-Seniň kakaň okatmagy başarmaýar. Indi bolsa otur.
Men ötünç soraýaryn diýip hümürdedim-de, öz ýerimde oturyp, eden jenaýatymyň nämeden ybaratdygy barada oýlanyp başladym. Men hiç wagt hem okamagy bilgeşleýin öwrenmändim, ýöne, öz-özünden nähilidir birhili bolup, şeýle bolupdy, men her gün hiç kimden soraman gazetleri dörýärdim. A belki-de men ybadathanada uzak sagatlaryň dowamynda okamagy öwrenendirin? Anyk ýadyma düşmeýär welin, meniň dogalary okap bilmedik wagtym bir boldumyka, asyl? Eger-de seljerilip görülse okamak başarnygy öz-özünden gelipdi, edil öz-özünden seretmän eşigimiň yzky iligini ildirmegi, köwşümiň bagjyklaryny çolaşdyrman daňmagy öwrenişim ýaly. Dogrusy, Attikusyň endigan tyrpyp barýan barmaklarynyň astyndaky setirjikleriň haçan sözlere bölünip başlandygyny hem bilemok welin, ýöne özümi bilelim bär-ä her gün agşam uklamazymdan öň Attikusyň dyzynda oturyp, men ol setirleri synlaýardym we soňky habarlary, täze kanunlaryň taslamalaryny, Lorenso Daunyň gündeliklerini, umuman Attikusyň okaýan ähli zatlaryny diňleýärdim. Tä maňa muny gadagan etmeklerinden heder edip başlaýançam men okamagy düýbünden gowy görmeýärdim. Dem almagy hem gowy görmeýärsiň ahyry, emma hany dem almazlyga bir synanyşyp gör bakaly… Hanym Kerolaýnyň menden närazydygyna düşünip, men mundan beýläk ykbal bilen oýun etmeli däl diýen netijä geldim we sapak tamamlanýança penjirä garap oturdym. Soňra arakesme geldi, bütin birinji klas howla çykdy.
Şol ýerde-de Jim meni gözläp tapdy we bir gyra çekip, işler niçik diýip sorady. Men aýdyp berdim.
-Eger-de mümkin bolsa men öýmüze gaýdardym. Jim, bu ýeňňe Attikus maňa okamagy öwredipdir, goý indi öwretmesin diýýär-ä!
-Gam çekme!-diýip Jim meni höre-köşe edip başlady:-Biziň mugallymamyz hanym Kerolaýn täze usul boýunça okadýar diýip aýdýar. Oňa muny kollejde öwredipdirler. Bahym ähli klaslarda hem şeýle bolar. Bu usulda kitapjyklar boýunça öwrenilmeýär, bu edil sygyrlar bilen bolşy ýaly. Eger-de sygyr barada biljek bolsaň ony sagyp görmeli, düşnüklimi?
-Howwa, ýöne men sygry öwrenesim gelmeýär, men…
-O nähili öwrenesiň gelmeýär? Sygyrlar barada hökman bilmek gerek, biziň okrugymyzda hojalygyň ýarsy şolara bagly bolup durýar ahyry.
Men ondan diňe: “aklyňdan azaşdyňmy?” diýip soradym.
-Gör-ä muny, samsyjakdygyny, men saňa ýöne birinji klaslyjalary indi täze usul boýunça okadýandyklaryny düşündirýärin. Ol “Dýuiniň onluk ulgamy” diýlip atlandyrylýar.
Men hiç haçanam Jimiň agzyndan çykýan dana hakykatlara müňkürlik etmeýärdim, bu gezek hem ynanmazlyk etmedim. “Dýuiniň onluk ulgamynyň” gylla ýarysy hanym Kerolaýnyň biziň burnumyzyň öňünde, ýüzüne basmaça harplar bilen KIT, PIŞIK, INE, JAÝ, TÜSSE diýip ýazylgy ýazmaçjyklary galgatmagyndan ybaratdy. Megerem bizden hiç hili düşündiriş talap edilmeýän bolara çemeli, şonuň üçinem bütin klas bu täzeçillik açyşlaryny dym-dyrslyk bilen kabul edýärdi. Meniň içim gysyp ugrady we men Dille hat ýazmaga başladym. Şu güýmenjede-de meni hanym Kerolaýn tutdy we ýene-de bir

gezek maňa kakamyň meni okatmagy bes etmelidigini aýtmagy tabşyrdy.
-Ondan başga-da,-diýip ol üstüne goşdy:-birinji klasda biz diňe basmaça harplar bilen ýazýarys. Ýazmaça harplar bilen ýazmagy bolsa üçünji klasda öwrenersiň.
Munda welin, eýýäm Kelpurniýa günäkärdi. Elbetde, howanyň bulaşyk günleri başgaça maňa çydar ýaly bolýan däldir-dä. Tagtanyň ýüzüne, ýokary başynda ähli harplary ýazmaça çyrşaşdyrýardy-da, gapdalynda-da Injili açyp goýup, bir babyny göçürmegi buýurýardy. Eger-de men harplary meňzeş edip çyzsam ol maňa baýrak hökmünde ýüzüne mesge çalnyp galyň şeker sepilen çörek berýärdi. Ol örän talapkär mugallymady, menden juda seýrek razy bolýardy we men juda seýrek baýraga mynasyp bolýardym.
Hanym Kerolaýn:
-Kim öýüne ertirlik edinmäge gidýän bolsa, ähliňiz eliňizi galdyryň!-diýdi welin, men özümi Kelpurniýanyň ýene-de nädip kemsidendigini oýlanyp gutarmaga ýetişmedim.
Şäherli çagalaryň ählisi ellerini galdyrdylar welin, hanym Kerolaýn bizi üns bilen birlaý synlap çykdy.
-Kimiň ýanynda ertirligi bar bolsa, çykaryň.
Niredendir bir ýerden toşapdan boşan gutujyklar çykyp ugrady welin, üçekde kümüşsöw towşanjyklar bökjekleşmäge başladylar. Hanym Kerolaýn hatarlaryň arasynda aýlanyp ýörşüne gutujyklara we kagyz bukjalara garap, käte makullaýjy terzde baş atýardy, käte çalaja gaşyny çytýardy. Uolter Kaningemiň partasynyň deňesinde ol aýak çekdi.
-A seniň ertirligiň nirede?-diýip ol sorady.
Uolter Kaningemiň ýüzünden her birinji klasly onuň içinde soguljan bardygyny görýärdi. Onuň ýalaňaç aýaklaryndan bolsa oňa munuň nireden geçendigi görünýärdi. Hemmeleriň bilşi ýaly, içiňe soguljan diňe doňuzlar agnaýan mal ýatagynda we hapa ýerlerde aýakýalaň gezseň düşýär. Eger-de Uolteriň köwşi bolan bolsady, ol elbetde okuwyň başlanýan ilkinji gününde geýerdi, ýöne soň welin, barybir tä sowuk düşýänçä mekdebe aýakýalaňaç gatnardy. Ýöne oňa derek onuň egninde arassaja köýnek hem-de ýamalan ýörite iş geýimi bardy.
-Sen bu gün ýanyň bilen ertirlik almagy unudaýdyňmy?-diýip hanym Kerolaýn oňa sowal berdi.
Uolter dik maňlaýyna dikilip, gymyldaman otyrdy. Onuň hor ýaňagy bolsa tisginip gidýärdi.
-Sen bu gün ertirligiňi ýadyňdan çykardyňmy?-diýip hanym Kerolaýn ýene-de sorady.
Onuň dulugy ýene-de tisgindi.
-Howwa-diýip ol ahbetin hümürdedi.
Hanym Kerolaýn öz ýerine bardy we gapjygyny çykardy.Ol:
-Ine saňa ýigrimi bäş sent ,-diýdi:-Git-de özüňe iýer ýaly bir zat alyn. Puly maňa ertir gaýtaryp beräýersiň.
Uolter kellesini ýaýkady.
-Ýok, hanym, taňryýalkasyn!-diýip ol assaja pyşyrdady.
Hanym Kerolaýnyň sesinde gatyrganma duýlup başlady:
-Uolter, bärik gel-de puly al.
Uolter ýene-de başyny ýaýkady.
Haçan-da ol üçünji gezek kellesini talawladyp başlanda, yzdan kimdir biri pyşyrdady:
-Oňa aýtsana, Gözlüje!
Men yzyma gaňryldym welin, şäherli we şäher eteginde ýaşaýan ähli çagalaryň özüme seredişýändiklerini gördüm. Biz hanym Kerolaýn bilen eýýäm iki gezek dagy gürrüňdeş bolupdyk, olaryň ählisi-de şunuň ýaly ýakyn tanyşlykdan düşünişmekligiň döreýändigine sada ynam bilen maňa dikilip otyrdylar.
Ýeri bolýar-da, Uolteriň arkasyny almak gerek. Men ýerimden turdum.
-Neme… hanym Kerolaýn…
-Saňa näme gerek, Jin Luiza?
-Hanym Kerolaýn ol Kaningem-diýdim-de, men ýerimde oturdym.
-O näme diýdigiň, Jin Luiza?
Meniň göwnüme bolmasa, men örän düşnükli aýdan ýalydym. Biziň hemmämiz üçin mese-mälimdi, Uolter Kaningem ýalan sözleýärdi, özi-de biderek ýerden. Ol hiç hili ertirligini ýadyndan çykarmandy, onuň hiç hili ertirligi bolmandy. Bu gün ýok, ertirem, birigünem bolmaz. Megerem ol tutuş ömründe üç sany çärýeklik teňňelerden köp şaýyny görenem däl bolsa gerek.
Men ýene-de bir gezek synanyşdym:
-Hanym Kerolaýn, Uolter Kaningemlerden ahyry.
-Men düşünmeýärin, Jin Luiza. Sen näme barada aýdýarsyň?
-Bu aýyp däl, hanym, bahym siz okrugda hemmeleri tanap başlarsyňyz. Kaningemler bolsa hiç haçan hiç bir zady mugt almazlar, ybadathanadanam, häkimlikdenem almazlar. Olar hiç kimden hiç zat almaýarlar, özlerinde bolanjasy bilen oňýarlar. Olarda juda az zat bar, ýöne olar şonuň bilenem oňýarlar.

Kaningemleriň tiresiniň gylygyna, has takygy onuň bir golunyň gylygyna men geçen gyşda düşünip başlapdym. Uolteriň kakasy Attikusyň ýanyna maslahat sorap gelipdi. Bir gezek agşam olar myhman otagymyzda hukuklaryň gysylmagy barada örän uzak hem tukat gepleşipdiler, hoşlaşanlarynda bolsa jenap Kaningem:
- Dogrusy, jenap Finç men siziň bilen haçan hasaplaşyp biljekdigimi hem bilmeýärin-diýipdi.
Attikus bolsa:
-Goý bu size iňkis bolmasyn, Uolter!-diýipdi.
Men Jimden gysylmagyň nämedigini sorapdym, ol şonda haçan-da seniň guýrugyň gapjalsa gysylmak bolýar diýip düşündiripdi, şonda men Attikusdan hem jenap Kaningemiň haçanam bolsa bir wagt biziň bilen hasaplaşyp biljekdigi barada sorapdym.
-Pul bilen-ä başarmaz-diýip Attikus jogap beripdi:-ýöne ýylyň ahyryna çenli ol meniň bilen doly hasaplaşar. Ine görersiň.
Hakykatdan hem biz gördük. Günlerde bir gün irden biz Jim bilen howlumyzyň arka ýüzünde odunlyk jagramanyň dag ýaly üýşmegini tapdyk. Soňra jaýymyzyň arka tarapyndaky eýwanda niredendir bir ýerden bir halta hoz peýda boldy. Täze ýylyň öňisyrasynda bolsa bir sebet ysmanak tapdyk. Ýazda biz ýene-de bir halta ýaş turp tapdyk, ine şondan soňam Attikus jenap Kaningemiň artykmajy bilen hasaplaşandygyny aýtdy.
-Näme üçin ol bize turp bilen töleýär-diýip men soradym.
-Sebäbi onuň başgaça töläre zady ýok. Onda pul ýok.
-A biz garypmy, Attikus?
Attikus baş atdy.
-Hawa, elbetde.
Jim seňrigini ýygyrdy.
-Edil Kaningemler ýaly garypmy?
-Edil beýl-ä däl. Kaningemler şäherli däl, olar daýhan, çökgünçilik bolsa olara has agyryly zarba urdy.
Şonda Attikus şäherde köp adamlar daýhanlar garyp bolandygy seäbpli garyp diýdi. Meýkomb okrugy tutuşlygyna diýen ýaly daýhançylyk bilen meşgullanýar, lukmanlar, aklawjylar, diş lukmanlary her bir şaýyny kynlyk bilen gazanýarlar. Hukuklarynyň kemsidilmegi jenap Kaningemiň ýeke-täk belasy däl. Onuň ýeriniň ygtyýar etmäge hukugy bolan bölegi bilelikdäki eýesiniň razylygy alynman birnäçe girewine goýlup-goýlup goýulmazy çykan. Onuň nagt görnüşde gazanýan ujypsyzja jinneklerini hem bergisiniň göterimlerini tölemäge gidýär. Eger-de jenap Kaningem gereginden artyk geplemeýän bolsady, ony jemgyýetçilik işlerine alardylar, ýöne eger-de ol özüniň ýerini taşlaýsa, onda ony ýitirer, ol bolsa ýerini özünde saklap galmak üçin aç gezenini hem-de island adamsy üçin ses berenini gowy görýär. Jenap Kaningem boýun egmezek, kakabaş adamlaryň hilinden diýip Attikus aýdypdy. Kaningemleriň hukukça tölemek üçin puly ýok, ine şonuň üçinem olar özlerinde bar zatlar bilen hasaplaşýarlar.
-A siz bilýärsiňizmi, lukman Reýnolds hem şeýle işleýär-diýip Attikus aýtdy:-Haçan-da çaga doglanda ol onuň ene-atasyndan bir ölçeg ýer almasyny alýar. Hanym Gözlüje, eger-de siz maňa ünsüňizi bagyşlamaga merhemet etseňiz, men size hukuklaryň gysylmagynyň nämäni aňladýandygyny düşündirerdim. Jim kämahallar nämäniň nämedigini örän takyk kesgitleýär.
Eger-de men Attikus ýaly her bir zady ýönekeýje hem düşnükli edip aýdyp bilýän bolsadym, onda men käbir oňaýsyz ýagdaýlaryň başyma düşmeginden halas bolardym we mugallymamyzy ajy lapykeçlikden gorardym. Ýöne men muny oňarmaýardym, şonuň üçinem men:
-Hanym Kerolaýn, siz Uolteri biderek ýere masgara edýärsiňiz. Olaryň öýlerinde size gaýtaryp bermek üçin çärýeklik teňňe ýok, odunlyk çöplemäniň bolsa size derkary ýok!-diýdim.
Hanym Kerolaýn dikilgazyk bolup doňup galdy, soňra bolsa meniň ýeňsämden ebşitläp tutdy-da, öz ornuna garşy süýräp ugrady. Ol:
-Jin Luiza, sen meniň ýüregime düşdüň-diýdi:-sen ähli zatlar babatda erbet başlaýarsyň, meniň mähribanym. Eliňi uzat.
Men ol häzir meniň aýama tüýkürer diýip pikir etdim, Meýkombda diňe şunuň üçin ellerini uzadýarlar, sebäbi bu asyrlaryň dowamynda mukaddesleşen dessur, şeýle edip bizde her bir şertleşigi berkidýärler. Mugallyma bilen näme barada şertleşendigimize doly düşünmän, men özüme garşy düşünmezlik bilen garaýan bütin klasa seretdim. Hanym Kerolaýn öz çyzgyjyny aldy-da, onuň bilen meniň aýama bäş ýa-da alty sapar ýeňiljek şarpyldatdy, soňam burça geçmegi buýurdy. Diňe şondan soň mugallymanyň maňa temmi berendigi klasyň aňyna ýetdi, hemmeler ala-pakyrda berdiler.
Hanym Kerolaýn olaryň mazaly eýini ýetirjekdigini aýdyp haýbat atdy welin birinji klas hasam beter gülüp başlady. Diňe hanym Blauntyň gelip girmegi olary akylyna aýlanmaga mejbur etdi. Asly Meýkombly bolan we entek “Dýuiniň onluk ulgamynyň” syrlaryna belet bolmadyk hanym Blaunt

bosagada durdy-da, ellerini bykynyna goýup:
-Eger-de şu klasda ýene-de ýekeje biri agzyny açaýsa, hemmäňiziň işiňizi görerin, şuny bilip goýaýyň! Hanym Kerolaýn, bu goh-galmagal zerarly altynjy klas piramidalarda ünsüni jemläp bilmeýär-diýip yglan etdi.
Burçda men kän durmadym. Hanym Kerolaýnyň bagtyna jaň kakyldy we hemmeler ertirlik iýmäge gitdiler. Men iň soňundan çykdym we hanym Kerolaýnyň zordan oturgyja özüni oklap, kellesine elleriniň üstünde goýandygyny gördüm. Dogrusy, eger-de ol maňa bilen biraz gowurak daran bolsady, men oňa gynanardym. Ol şeýle gowujady.

xxxxx

Soňra men birazajyk içimi sowatdym, howluda Uolter Kaningemiň üstüne topuldym-da, ony burny bilen ýere oýkap başladym, ýöne şol wagt Jim geldi-de maňa ony goýbermegi buýurdy.
-Kiçijikler bilen deň bolýarsyň.
Men:
-Birjigem kiçijik däl-diýdim:-Ol sebäpli men erbet başladym.
-Goýsana Gözlüje. Sen näme üçin ony beýdýärsiň?
-Onuň ertirligi ýokdy-diýip men Uolteriň iýmiti zerarly nädip ýepbeklenendigimi gürrüň berdim.
Uolter aýaga galyp, dymyp diňläp durdy. Onuň ýumruklary çalaja düwülgidi, göwnüňe bolmasa ol biziň ikimiziň hem üstüne topulmagymyza garaşýan ýalydy. Men onuň ýanymyzdan sumat bolmagy üçin oňa aýaklarymy däbşenekledip ugradym, emma Jim egnimden gysyp meni saklady. Uolteri üns bilen birlaý synlady-da, sorag berdi:
-Seniň kakaň Köne Saremli jenap Uolter Kaningemmi?
Uolter baş atdy.
Ol şeýlebir igli hem hordy welin, dogup-döräli bäri doýa garny doýmadyk ýalydy, gözleri Dill Harrisiňki dek mawydy, hemişe ýaşaryp durdylar, gabaklary gyzyldy, ýüzünde gan-pet ýokdy, diňe burnunyň uçjagazy gyzaryp hem öljerip durdy. Ol birahatlyk bilen eşiginiň eginbaglaryny çekişdirip, ildirgiçlerini dartyşdyryp durdy.
Jim birdenkä oňa şadyýan ýylgyrdy-da:
-Ýör bize ertirlik edinmäge gideli, Uolter!-diýdi:-Biz örän şat bolarys.
Uolteriň ýüzi ýagtylyp gitdi, ýöne dessine-de onuň ýüzüne kölege indi.
Jim:
-Biziň kakamyz seniň kakaň bilen dost. Gözlüje bolsa edil gezip ýören dälibaşyň bar-da. Ol dolanyp saňa barmagyny-da batyrmaz-diýdi.
-Muny entek göreris-diýip men gyzaryldym. Näme sebäpli Jim menden bidin beýle wadalary berýär-ä? Ýöne arakesmäniň gymmatly wagty-da gidip barýardy:-Ýeri bolýar-da, Uolter, men seni ýepbeklemerin. Sen nohudy halaýarmyň? Biziň Kelimiz örän oňat biş-düş edýär.
Uolter dikilgazyk bolup dodaklaryny dişleýärdi. Biz Jim bilen oňa elimizi salgadyk-da, gitdik, eýýäm Redlilere çenli ýetipdik welin, ol yzymyzdan ulili bilen gygyrdy:
-Eý-ý, menem siziň bilen!
Uolter biziň yzymyzdan ýetenden soň Jim onuň bilen mesawy söhbete başlady.
-Şu ýerde zalym ruh ýaşaýar-diýip ol Redlileriň jaýyny görkezdi:-Sen ol barada eşitdiňmi?
-Eşitmän nätjek,-diýip Uolter jogap berdi:-mekdepde birinji ýyl men olaryň hozlaryndan iýip tas ölüpdim. Aýdyşlaryna görä ol bilgeşleýinden olary awulap, haýatdan daşyna oklaýarmyş.
Bu wagt biz üç bolup barýandygymyz sebäpli Jim Betnyşan Redliden düýbünden üýşenmeýärdi. Hatda öwnübem başlady.
-Bir gezek men eddiljek jaýyň gapdalyna-da bardym-diýip ol Uoltere habar berdi.
-Käbirleri bir gezek eddiljek jaýyň gapdalyna-da barýarlar, soň bolsa onuň deňesinden geçjek bolsalar-da ylgap gaçyp ýörler-diýip men asmandaky bulutlara habar berdim.
-Kim ol gaçýan, Iňirdi hanym?
-Ýeke özüňkäň, sen gaçýarsyň.
Biz eýwanymyza ýetýänçäk Uolter özüniň Kaningemdigi hakynda pikir etmegi hem unutdy. Jim aşhana ylgady we Kelpurniýa artykmaç tabak goýmalydygyny habar berdi, bize myhman gelipdi. Attikus Uolter bilen salamlaşdy we hasyl barada gürrüňdeşlige başlady, Jim bilen biz bolsa olaryň gürrüňinde hiç zada düşünmeýärdik.
-Men birinji klasda näme üçin otyryn, jenap Finç, düşünýärsiňizmi, men her ýyl ýazda kakama pagta ýygmaga kömek etmeli bolýaryn, ýöne bu wagt bizde ýene-de biri hem ýetişdi, ol hem meýdanda işläp bilýär.
-Siz onuň üçin ýer almasynyň bir ölçegini tölediňizmi?-diýip men soradym.
Attikus maňa garady-da, başyny ýaýkady.

Uolter öz tabagyna nahar alnyp ugrady, özem Jim ikimizi biçak geň galdyran zat, Attikus bilen deň-duşlar ýaly gepleşmegini dowam etdirýärdi. Attikus daýhan hojalygy barada nämedir bir zatlary aýdyp otyrdy, birdenem Uolter onuň sözüni böldi-de, biziň öýmüzde toşap ýokmuka diýip sorady. Attikus Kelpurniýany çagyrdy welin, ol bir golça toşaby alyp geldi. Ol ýanynda durup tä Uolter özüne guýunýança garaşdy. Uolter toşaby gök önümden buglamanyň hem etiň üstüne guýup ugrady. Megerem ol tabagyna bulgurdaky süýdüni hem guýardy, ýöne şu ýerde men saklanyp bilmän, onuň näme edýändigini soradym.
Ol howlukmaçlyk bilen toşaply golçany bir gyrada goýdy welin, hatda kümüş gapjagazlar hem şaňňyrdap gitdi, ol elini dyzlarynyň arasynda gysdy. Ýüzüni sallady.
Attikus maňa garady-da, ýene-de başyny ýaýkady.
Men:
-Ol özüniň tutuş ertirligini toşapda gark etdi ahyry-diýdim:-Ol tabagyny doldurdy…
Ine şu ýerde-de Kelpurniýa meni aşhana çagyrdy.
Kelpurniýa gazaba münüpdi, gazaba münende bolsa ol hemişe nädogry gepläp başlaýardy. Rahat ýagdaýynda ol Meýkombyň iň sowatly adamlaryndan pes geplemeýärdi. Attikus Kelpurniýa ähli garaýagyzlardan bilimli diýen ýaly diýýärdi.
Ol maňa garşy gözüni çala akjardyp dikanlady welin, gaşlarynyň arasyndaky gasynjyklar mese-mälim bildirdiler.
-Belki kimdir biri biziň iýşimiz ýaly iýýän hem däldir, emma barybir saçagyň başynda olaryň üstünden gülmäge het edäýme!-diýip ol gazap bilen pyşyrdap ugrady:-Bu oglanjyk seniň myhmanyň, goý ol saçagy çeýnäýsin, sen welin, jyňkyňy çykaraýmagyn. Düşündiňmi?
-Ol myhman däl, Kel, ol bary-ýogy Kaningem…
-Diliňi salajyn goýberme! Onuň kimligi bilen seniň nä işiň! Öýüňe geldimi – diýmek myhman, bu ýerde tumşugyňy göge tutar ýaly hiç zat ýok, gör-ä bujagazy, nähilimiş! Seniň garyndaşlaryň, belki, Kaningemlerden biraz asyllyrakdyr hem, ýöne sen welin olary wejera edýärsiň! Saçagyň başynda edep saklap bilmeýärsiňmi, git-de naharyňy aşhanada iý!
Ýumşak ýerime agramlyja şapbat çalmak bilen Kelpurniýa meni aşhananyň gapysyna tarap itekläp goýberdi. Men öz tabagymy aldym-da, ertirligimiň galanjasyny aşhanada iýdim, hernä gowy zady, munuň ýaly kemsidilmeden soň hemmeler bilen bir ýerde oturmaly bolmadym. Kelpurniýa bolsa men: “Ýeri bolýar, şu, çala eýläňe bakdygyň bolýar, giderin-de derýanyň buljum ýerine özümi oklaryn, onsoň ökünip aňyrsyna çykyp bilmersiň. Onsoňam sen eýýäm şu günüň özünde meniň başyma bela inderdiň, hemme zada sen günäkär, näme üçin maňa ýazmagy öwretdiň?” diýdim.
Kelpurniýa bolsa:
-Hany, sem bol!-diýdi.
Jim bilen Uolter maňa garaşman mekdebe gidipdirler. Ýöne Kelpurniýanyň zalymlyklaryna Attikusyň gözlerini açmak, bärde biraz eglenip, soňam Redlileriň jaýynyň deňesinden ýeke özüň güýjüňde baryny edip ylgap geçeniňe degýärdi.
-Umumanam ol Jimi menden has gowy görýär-diýip men iň soňunda jemledim we Attikusa ony häziriň özünde kowmagy teklip etdim.
-A sen Jimiň oňa senden iki esse az hunaba ýuwutdyrýandygyny aňşyrmaýarsyňmy?-diýip Attikus gaharly sorady:-Men Kelpurniýa bilen häzirem, soňam hoşlaşmak islemeýärin. Biz Kelsiz bir günem oňup bilmeris, sen öňde-soňda bu barada bir gezek bir pikir edip gördüňmi? Onda şeýle, onuň sen barada nähili alada edýändigi hakynda oýlanyp gör, özüňem merhemet et-de oňa gulak as! Düşündiňmi?
Men mekdebe dolandym we oturan ýerimden Kelpurniýany ýigrendim oturdym. Birdenem meniň garaňky oýlarymyň arasyny çirkin ses üzdi. Men kellämi göterdim.
Klasyň ortarasynda hanym Kerolaýn durdy, gorkudan ýaňa onuň ýüzi gyşaryp giden ekeni. Arakesmäniň dowamynda ol birneme özüne gelip, ýene-de bizi okatmagy dowam etmäge girişen bolara çemeli.
-Diri! Diri!-diýip ol çygyrýardy.
Oglanjyklaryň hemmesi birden oňa kömege topuldylar. Eý Hudaý-eý, syçandan gorkaýpdyr, diýip men oýlandym. Girdenek lakamly Çarli Litl, diri mahluklaryň ählisine örän seýrek duş gelýän dözümsiz adam, mugallymadan sorady:
-Ol nirä gaçdy, hanym Kerolaýn? Tizräk aýdyň! Hany bol gapyny ýap, bejit-diýip ol yzynda oturan oglanjyga buýurdy:-biz häzir ony tutarys. Bahymrak, hanym, aýdyň, ol nirä gaçdy?
Hanym Kerolaýn sandyraýan barmaklary bilen ýere ýa-da öz ornuna görkezmedi-de maňa nätanyş bolan bir göhert ýaly oglany görkezdi. Girdenek gaşyny çytdy we ýumşaklyk bilen sowal berdi:
-Siz muny ol barada aýdýarsyňyzmy, hanym? Hawa, onuň diridigi göz-görtele ahyry. Ol näme sizi gorkuzaýdymy?
-Men gapdalyndan geçip barýaryn, onuň saçlarynda bolsa süýşüp barýar…edil saçlarynda gymyldap

ýör-dä…-diýip hanym Kerolaýn zordanjyk gepledi.
Girdenek ernini gulagyna ýetiräýjek bolup ýyrşardy:
-Bu ýerde hiç hili gorkuly zat ýok ahyry, hanym. Hymh, bit – nähili görülmedik jandar! Rahatlanyp öz ornuňyza geçiň-de ýene-de az-owlak bizi okadyberiň.
Girdenek hem meykomblylaryň aglaba köpüsi ýaly, indiki gezek haçan iýip-içmek nesibesinde boljakdygyny bilmeýärdi, emma ol dogabitdi jentlmendi . Ol hanym Kerolaýny tirseginden emaý bilen tutdy-da mugallymyň ornuna çenli ugratdy.
-Siz ynjalyksyzlanmaň, hanym,-diýdi-de ol ýene-de goşdy:-Bitlerden gorkmak gerek däl. Men size häzir içmek üçin suwjagaz getirip bereýin.
Bitiň eýesini bu başagaýlyk dynnym ýalyjagam tolgundyrmady. Ol kellesini gaşady-da, çagyrylmadyk myhmanyny sermeläp tapdy we iki barmagy bilen ony ýagty jahana çykardy.
Hanym Kerolaýn elheder almakdan ýaňa tegelenen gözlerini ondan aýyrmaýardy. Girdenek oňa kagyz bulgurjykda suw getirdi, ol minnetdarlyk bilen içdi welin, ahbetin oňa geplemek ukyby gaýdyp geldi.
-Seniň adyň näme, dostjagazym?-diýip ol mylakatlylyk bilen sorady.
Göhert gözlerini gyrpdy:
-Kimiňki, meniňkimi?
Hanym Kerolaýn baş atdy.
-Barri Ýuel.
Hanym Kerolaýn okuwçylaryň sanawyna göz gezdirdi.
-Bu ýerde Ýuel bar, ýöne ady ýazylmandyr. Seniň adyň nähili ýazylýar?
-Bilemok. Öýde meniň adymy Barris diýip tutýarlar, bar bolany şu.
Hanym Kerolaýn:
-Ýeri bolýar-da, Barris,-diýdi:-Meniň pikirimçe biz seni bu günlükçe sapaklardan boşadarys. Sen öýüňe git-de kelläňi ýuw.
Ol çekerinden galyň kitaby çykardy-da, onuň sahypalaryny geçirişdirdi, ýeke pursat içinden okady.
-Ol zatlara garşy örän oňat öý melhemi… Barris, öýüňe git-de kelläňi garaýagly sabyn bilen ýuw. Soňra bolsa hamyňy kerosin bilen süpür.
-O näme üçin beýtmeli?
-Nemelerden… bitlerden dynmak üçin. Düşünýärmiň, Barris, senden beýleki çagalara-da geçmegi mümkin, sen muny islemeýärsiň ahyry, dogrumy?
Barris ýerinden turdy. Men ömrümde ilkinji gezek adamyň şunuň ýaly hapa bolup bilýändigini gördüm. Boýny gara-çal, elleriniň derisi tozgalap dur, dyrnaklarynyň aşagynda bolsa ýas tutulýar. Diňe ýüzüniň ortarajygy, takmynan bir aýa möçberinde ýeri ýuwulgydy. Ertirden bäri hiç kim oňa üns bermeýärdi, megerem irdenden bäri tutuş klasy meniň bilen hanym Kerolaýnyň güýmändigi üçin bolsa gerek.
-Onsoňam, haýyş edýän, Barris,-diýip hanym Kerolaýn üstüni ýetirdi:-ertir mekdebe gelmezden öňürti hökmany ýagdaýda hammama girgin.
Göhert hahahaýlap başlady.
-Siz meni kowandyryn öýdüp pikir edýärsiňizmi, bikejik? Meniň özüm giderin. Bu ýyllykça men eýýäm ýeterlik okadym.
Hanym Kerolaýn oňa düşünmezlik bilen seretdi.
-Sen näme diýjek bolýarsyň?
Ol hiç zat jogap bermän äsgermezlik bilen ernini gyşartdy.
-Ol Ýuellerden, hanym,-diýip uly oglanlardan biri düşündirdi welin, men pikir etdim, ol barybir düşünmez, haçan-da men Kaningemler barada aýdanymda-da ol düşünmedi ahyry. Ýöne hanym Kerolaýn üns bilen diňleýärdi. Biziň mekdebimiz Ýuellerden doludy. Olar her ýyl, ilkinji gün mekdebe gelýärler, soň bolsa taşlaýarlar. Ilkinji günem olary mekdebe gelmäge gözegçi zenan mejbur edýär, ol hem şerife aýtjakdygy barada haýbat atandan soň şeýle bolýar, ondan soň bolsa gözegçi zenan hem hiç zat edip bilmeýär. Ol pikir edýär, olary sanawa girizdim, ilkinji gün mekdebe kowalap dykdym, şonuň bilenem kanuna laýyklykda ähli zat gülala-güllük diýip hasap edýär, soň bolsa bütin ýylyň dowamynda bellik ediň, sapakda bolmady diýip, ine-de bar bolany…
-Olaryň ene-atasy nirä seredýär ahyry?-diýip hanym Kerolaýn geň galdy.
-Ejeler-ä aradan çykdy-diýip jogap berdiler:-kakalary üçin bolsa boldam bir bolmadam.
Bu gürrüň Barris Ýueliň hoşuna gelýändigi mese-mälimdi.
-Men birinji klasa eýýäm üçünji ýyl gatnap ýörün,-diýip ol buýsanç bilen habar berdi:-Eger-de birazajyk gaýrat etsem, indiki ýyl dagy ikinjä geçirmekleri-de ahmal.
-Haýyş edýän, otur, Barris!-diýip hanym Kerolaýn pyşyrdady.
Ine şu ýerde welin mugallyma ýalňyşdy. Şoňa çenli Ýuel hemme zada çydap durdy, emma indi welin, gazaba mündi.

-Beýle bolaýmaz!
Girdenek ýerinden turdy.
-Ony goýberiň, hanym,-diýip ol maslahat berdi:-Ol nejis oglan, ýöne nejis. Bärde bir bulam-bujarlyk eder, biziň aramyzda bolsa körpejeler hem bar.
Girdenegiň özem ýerden ýeke garyş saýlanan welin, emma şonda-da Barris Ýuel oňa tarap öwrülende, ol çaltlyk bilen elini kisesine sokdy.
-Eý, eý, seresap bol,-diýip ol haýbat atdy:-ýogsa "wah" diýmäkäň janyňy alanymy-da duýman galarsyň. Göteril, hany, şu ýerden.
Barris özünden iki esse kiçi oglanjykdan gorkan bolara çemeli, hanym Kerolaýn hem onuň ýeke pursatlyk aljyraňňylygyndan peýdalanmaga howlukdy. Ol:
-Bar, Barris, öýüňe gaýt,-diýdi:-Ýogsa sen direktor bilen iş salyşmaly bolarsyň. Her niçik-de bolsa men oňa bu zatlaryň ählisi barada habar bermäge borçly.
Ýuel syrtardy-da, äwmezeklik bilen dähedem-dessemläp, işige garşy ýöneldi.
-Al kakmyş, habar beriber berseň! Tapyldy bir sümükli mugallymajyk, öňem sen ýalylary kän gördük biz. Pikir edýär, özi meni kowýandyryn öýdüp. Bilip goý, meniň özüm gidýärin! Isledim-de gitdim!
Ol ýene-de az salym durdy-da, mugallymanyň hakykatdan hem aglaýandygyna göz ýetirdi. Diňe şondan soň aýaklaryny ýaltalyk bilen ýerden süýräp, ötägitdi.
Biziň hemmämiz mugallymanyň daşyna üýşdük, her kim başardygyndan hanym Kerolaýny köşeşdirip ugrady. Nejis, bu Ýuel…bu dogry däl ahyry…onuň ýalylary okatmagyň hem derkary ýok…meýkomblylar beýtmeýärler, hanym Kerolaýn, biziňkiler beýle iş etmeýärler…gynanmaňsana, hanym…hanym Kerolaýn belki, siz, bize ýene-de bir zatlar okap berersiňiz? Pişikler barada dogrusy, belli bir derejede gyzyklyrak hem ýaly boldy…
Hanym Kerolaýn ýylgyrdy, batly sümgürdi we: "Meniň mähribanlarym, sag boluň, indi bolsa ýerli-ýeriňize geçiň" diýdi. Soňam kitabyny açdy-da, näme üçindir öýüň içinde ýaşaýan gurbaga barada up-uzyn hekaýa bilen tutuş birinji klasy gümürtik ýagdaýa saldy.

xxxxx

Haçan-da men şu günüň dowamynda dördünji gezek (eýýäm ikinji gezek bolsa ylgap) Redlileriň jaýynyň deňesinden geçmeli bolanymda, edil şu jaý ýaly meniň göwnümi hem gamaşyk duýgular doldurýardy. Eger-de bütin okuw ýyly şunuň ýaly galagoply hadysalardan doly bolsa, onda dogrusy bu gyzykly hem bolar, ýöne şonuň bilen birlikde-de tutuş dokuz aýlap okamagam, ýazmagam gadagan bolsa, onda iň gowusy men gaçyp giderin.
Agşama ýakyn, biz Attikusy garşy almak üçin ylganymyzda meniň meýilnamam eýýäm taýyndy, men hatda hemişekim ýaly Jimi ozmaga-da synanyşyk etmedim. Biz hemişe Attikusy işden soň garşy alýardyk we ol poçtanyň ýerleşen künjeginden görnen badyna oňa garşy ylgaşyp gaýdýardyk.
Megerem, Attikus meniň gündiz ýazgarmaklyga sezewar edilendigimi undan bolar çemeli, mekdep baradaky sowallardan meniň üstümi gömdi. Men göwünli-göwünsiz jogap berýärdim, şonuň üçin ol hem beýlebir ýanjap sorap durmady.
Megerem Kelpurniýa hem meniň günümiň öte agyr geçendigine düşünen bolara çemeli, maňa agşamlyk nahary üçin saçak ýazyşyny synlamaga rugsat berdi. Ol:
-Gözüňi ýum-da, agzyňy aç-diýdi.
Ol bizi kibirdewük çörejikler bilen juda seýrek hezzetleýärdi, hemişe elim degmeýär diýip aýdýardy, ýöne bu gün biziň ikimiz hem mekdebe gidipdik, şonuň üçinem onuň işi azrak bolan bolara çemeli. Ol meniň kibirdewük çörekçeleri nähili halaýandygymy bilýärdi. Ol:
-Sizi göresim gelip, içim gysyp gitdi-diýdi:-Birhili öýümiz boşap galdy welin, iki sagatlyk dagy radiony işletmeli boldy.
-Ol näme üçin? Biz Jim bilen barybir öýden çykman oturmaýarys ahyry, diňe ýagyş ýaganda diýäýmeseň…
-Wah şeýle-le welin,-diýip Kelpurniýa aýtdy:-ýöne barybir, eger-de gygyrsaň ikiňizden biriňiz ylgap gelýärsiňiz ahyry. Men bolsa ýarym günläp dagy diňe sizi çagyryp geçirýärin ahyry. Onda näme, -diýip ol pessejik oturgyçdan turup durşuna üstüne goşdy:-Men ylaýyk çörejikleri guratmaga ýetişerin. Indi bolsa, bar ylga, maňa saçagy ýazmaga päsgel berme.
Ol egildi-de meni öpdi. "Muňa näme bolduka, birden" diýip men ylgap barýarkam oýlandym. Megerem günäkärdigini özi hem bilip, ýaraşmak isleýär öýdýän. Hemişe maňa yrsarap ýördi welin, bu gün ahyrsoňy munuň adalatsyzdygyna düşünip, ökünen bolmaly, ýöne şonda-da hötjet bolandygy zerarly bu barada göni aýdaýmaýar. Bu gün men günüň dowamynda sebäpsiz göwnüme degmeklerinden halys ýadadym.
Agşam naharyndan soň Attikus kürsüsine geçip, gazetini aldy-da, meni çagyrdy:
-Hany, okap başlarysmy, Gözlüje?

Ine muňa welin, men döz gelip biljek däldim, şonuň üçinem sesimi çykarman eýwana ötägitdim.
Attikus yzym bilen geldi.
-Gözlüje, näme boldy?
Men ýaramajak bolýandygymy we eger-de ol garşy bolmasa, indiden beýläk mekdebe gitmejekdigimi aýtdym.
Attikus hiňňildikde oturdy-da, aýagyny aýagyna atyp, elini sagat salynýan kisejigine sokdy. Ol hemişe şeýle etse özüniň has göwnejaý pikirlenip bilýändigini aýdýardy. Ol dymyp, duýgudaşlyk bilen garaşýardy, menem mundan peýdalanyp öz goranyş sepgitlerimi berkitmegi ýüregime düwdüm.
-Sen mekdepde okamansyň ahyry, görýäňmi, saňa hiç zadam bolmandyr, menem şonuň üçin mekdebe gitmerin. Iň gowusy, seni we Jek kakamy atamyň okadyşy ýaly, özüň meni okadaý.
Attikus:
-Men başarmaryn-diýdi:-Men iýjek çöregimizi gazanmaly. Onsoňam, eger-de sen mekdebe gatnamasaň, meni türmä basarlar. Şonuň üçinem bu gün magneziýa iç, ertir bolsa okuwyňa gidersiň.
-Äý ýok-la, men syrkaw däl-le.
-Men şeýledirem öýtdüm. Ýeri näme boldy?
Men kakama özümiň başdan geçirmelerim barada sözme-söz gürrüň berdim.
-…onsoň mugallyma maňa diýýär, hamana sen meni nädogry okadypmyşyň, şonuň üçinem mundan beýläk ikimize hiç haçan, hiç haçan bilelikde okamak bolmaýarmyşyn. Ýalbarýan, meni indi mekdebe ugratma, ýalbarýan!
Attikus ýerinden galdy-da, eýwanyň beýleki çetine ýöneldi. Şol ýerde çakdan aşa uzak hem öte yhlas bilen glisiniýa gülüniň şahajygyny öwrendi, soňra meniň ýanyma dolandy. Ol:
-Ilki bilen, Gözlüje, bir juda ýönekeý emeli öwrenjek bol-diýdi:-Şonda saňa dürli häsiýetli adamlar bilen oňuşmak aňsat bolar. Adamyň nukdaýnazaryna geçmän, onuň ýerine özüňi goýup görmän, oňa hakykatdanam düşünmek juda kyn…
-O nähili?
-Onuň hamyna girmeli we onda birneme gezmeli.
Attikus ýene-de bu gün meniň örän köp zady öwrenendigimi, hanym Kerolaýnyň hem käbir zatlary öwrenendigini aýtdy. Mysal üçin, Kaningemlere sadaka hödürlemeli däldigini, ýöne Uolter we men onuň hamyna giren bolsak, onuň bu hereketi göwne degmek üçin däl-de, ýalňyşyp edendigine düşünjek ekenik. Ol bary-ýogy birje günüň dowamynda meýkombyň ähli däp-dessurlaryna öwrenişip bilmez ahyry, şoňa görä-de, käbir zatlary bilmeýändigi üçin ony günälemek gerek däl.
Men saklanyp bilmedim:
-Goý, meni ýer hopsun!-diýdim:-Men oňa okasalar ýaramaýandygyny bilmändirin-ow, ol bolsa meni ýazgardy… Diňle, Attikus, maňa mekdebe gitmek düýbünden gerek däl!-diýip birden meniň aňyma ýetdi:-Men saňa Barris Ýuel barada gürrüň berdim ahyry! Ol her ýyl diňe ilkinji gün mekdebe gelýär. Gözegçi aýal ony sanawa goşýar we kanun boýunça ähli zat gülala-güllük…
Attikus:
-Bu bolmaz, Gözlüje,-diýdi:-Käbir ýagdaýlarda kanunyň daşyndan aýlanyp geçmek bolar. Ýöne seniň ýagdaýyňda welin, kanun eglişik edip bilmeýär. Şol sebäpli-de saňa mekdebe gatnamak hökmany bolar.
-O näme üçin Ýuellere bolýar-da maňa bolmaýar?
-Hany, diňle onda.
Şondan soň Attikus Ýuelleriň eýýäm üç arka bäri mydama Meýkomb üçin masgaraçylyk bolup gelýändiklerini aýtdy. Ol özüni bileli bäri Ýuelleriň ýekejesi-de arassa zähmet bilen güzeran aýlamandyr. Ine täze ýylda, haçan-da baýramçylykdan soň içerini ýygnaşdyrýarkalar, ol meni ýanyna aljakmyş we olaryň nirede hem nähili ýaşaýandyklaryny görkezjekmiş. Olar adam ýaly däl-de, haýwan ýaly ýaşaýarmyşlar.
Attikus:
-Eger-de olarda jinnek ýaly okamaga isleg bolan bolsady, onda olar hemişe mekdebe gatnap bilerdiler-diýdi:-Elbetde olary güýç bilen hem mejbur edip bolardy, ýöne Ýueller ýaly adamlary olaryň barmak islemeýän ýerlerine zor bilen süýräp eltmek samsyklyk bolar…
-Ýöne, eger-de, men ertir mekdebe gitmesem, sen meni zor bilen şol ýere süýräp äkidersiň ahyry.
-Hany, bu barada besdir, indi-diýip Attikus gurak aýtdy:-Sen hem edil beýlekiler ýaly adam, hanym Gözlüje Finç. Şonuň üçinem özüňi kanunda bellenilişi ýaly alyp bar.
Ol: “Ýueller beýleki adamlar ýaly däl, olaryň öz durmuşy endikleri bar” diýdi. Şonuň üçinem kähalatlarda adaty adamlar parasatlylyk bilen olara käbir artykmaçlyklary berýärler, has düşnükli aýdanyňda olaryň käbir etmişlerine göz ýumýarlar. Mysal üçin, Ýuellere mekdebe gitmezlige rugsat berýärler ýa-da Bob Ýuele, Barrisiň kakasyna, aw möwsümi bolmasa-da aw awlamaga we hepbik gurmaga rugsat berýärler.
Men:

-Ýöne bu örän erbet ahyry, Attikus!-diýdim.
Meýkomb okrugynda gadagan edilen wagtda aw edilmegi kanun tarapyndan yzarlanýardy we beýle etmişi ähli ýaşaýjylar hem günäkärlere bagyşlamaýardylar.
Kakam:
-Hawa, elbetde bu bikanun,-diýdi:-munuň erbetdigi hem dogry. Ýöne adam özüne berilýän hemaýat puluny arak-şeraba sarp etse, onuň çagalary açlykdan ýaňa hünibirýan aglaýarlar. Men öz okrugymyzda şol çagalar üçin bir towşany gysganjak mülk eýesiniň bardygyny bilmeýärin, hatda olaryň kakasy şol towşany bikanun awlan hem bolsa.
-Barybir jenap Ýuel gowy hereket-ä etmeýär…
-Elbetde gowy hereket däl, ýöne ol hiç haçan düzelmez. Ýöne, bu sebäpli sen onuň çagalaryny hem ýazgarmarsyň ahbetin?
-Ýok, jenap-diýip men myňňyldadym. Soň bolsa iň soňky synanyşygy etdim:-Ýöne, eger-de men mekdebe gatnasam, biziň ikimiz hiç haçan bileje okap bilmeris…
-Bu seni gaty gynandyrýarmy?
-Hawa, jenap.
Attikus maňa nähilidir birhili üýtgeşik seretdi, men çuslandym.
-A sen eglişigiň nämedigini bilýärsiňmi?-diýip ol sorady.
-Bu haçan-da kanunyň daşyndan aýlanyp geçilmegimi?
-Ýok, bu haçan-da, birek-birege eglişik edilmeginiň netijesinde ylalaşyga gelmek bolýar. Mysal üçin, eger-de sen mekdepde okamaga razy bolsaň, biz seniň bilen her agşam öňkümiz ýaly bileje okamagymyzy dowam ederis. Gepleşdikmi?
-Hawa, jenap!
-Meniň pikirimçe, adaty resmi kepillik hereketlerini amala aşyrmasak hem bolar diýip çak edýärin-diýip Attikus, onuň aýasyna tüýkürip şertleşigimizi berkitmekçi bolýandygymy görüp aýtdy.
Haçan-da men gapyny açanymda bolsa ol yzymdan:
-Ýöne, Gözlüje, mekdepde gowusy ikimiziň şertleşigimiz barada dil ýarmagyn.
-Näme üçin?
-Meniň pikirimçe, ikimiziň bu ugurdaky işjeňligimiz ýokary derejede abraýly şahslaryň makullamagyna mynasyp bolmasa gerek.
-O nähili?
Biz Jim bilen kakamyň wesýetnamalaryň hem kodeksleriň dilinde geplemegine bir mahal öwrenişipdik we eger-de onuň haýsydyr bir jümlesine düşünmesek, onuň sözüni bölüp, ondan şol söz düzüminiň ynsan dilinde nämäni aňladýandygyny soramaga haklydyk.
Attikus:
-Men hiç wagt mekdebe gatnamadym,-diýdi:-ýöne, meniň pikirimçe, eger-de hanym Kerolaýn ikimiziň her agşam bilelikde kitap okaýandygymyzy eşitse, ol eýýäm, diňe saňa däl-de, maňa hem erişip başlar, ine muny welin, men düýbünden islemeýärin.
Şol gün agşam biz tä ýatýançak, Jim bilen gülüp-gülüp içimiz gyrlara geldi, sebäbi Attikus şol bir asuda keşbini saklap, bize, näme üçindir jaýyň üçegindäki baýdak asylýan sütüne münen we düşmek islemeýän adam barada içege ýaly uzyn hekaýany okap berdi. Şondan soň Jim bütin şenbäni biziň çynardaky öýjagazymyzda oturyp geçirmegi ýüregine düwdi. Ol öýjagazymyza ertirlikden soň mündi we tä gün ýaşýança ol ýerden düşmedi. Megerem gije hem düşmezdi welin, Attikus aragatnaşyk hem üpjünçilik ulgamynyň arasyny ýolaýdy. Uzakly gün men Jimiň tabşyryklary boýunça çynara münüp-düşüp, öý bilen ikiaralykda ylgap geçirdim, oňa kitap, iýmit, suw daşadym, haçan-da oňa gije üşemez ýaly ýorgany süýräp barýarkam bolsa, Attikus meni gapyp aldy we eger-de biz Jime üns bermesek, onuň özi irip, ýere düşer diýdi. Attikusyň aýdany dogry bolubam çykdy.

xxxxx

Mekdepde meniň ýagdaýym uzaga gitdigiçe ilkinji gündäkiden oňatlaşybermeýärdi. Alabama ştaty maňa “toparlaýyn hereketi” öwretmeklige gönükdirilen, örän ýagşy, ýöne bihuda maksady amala aşyrmak üçin tutuş miller bilen ölçelýän kagyz, wagonlap galam sarp etse-de, aklyňy haýran ediji ägirt meýilnama birhili durmuşa geçibermeýärdi. Meniň ilkinji okuw ýylymyň ahyrlaryna, Jimiň “Dýuiniň onluk ulgamy” diýip atlandyrýan zady tutuş mekdebe ýaýrady we ony bilim bermegiň beýleki usullary bilen deňeşdirip görmek maňa miýesser etmedi. Ýöne, deňeşdirere başga zat bardy. Attikus hem Jek kakam bir mahallar öýlerinde okapdyrlar, emma welin olaryň ýeriň ýüzünde bilmeýän zatlary ýokdy, halys bolmasa biriniň bilmeýänini beýlekisi bilýärdi. Meniň kakamy şunça ýyllap ştatyň kanunçykaryjy ýygnagyna yzygiderli saýlaýardylar, onuň bolsa meniň mugallymlaryň çaklaýşyna görä, şolary ulanmazdan gowy raýaty terbiýeläp bolmajak ýeser usullar barada dynnym ýalyjak düşünjesi-de ýokdy. Jimiň okuwyny bolsa ýarpysyny “onluk ulgamyny” ulanmak bilen,

ýarsyny-da adaty usulda – diňe çylşyrymly meseleleriň üstünde kelle döwmeklige mejbur etmek bilen amala aşyrypdylar, ol bolsa göräýmäge toparda-da ýekelikde-de beýlebir erbet hereket etmeýän ýalydy. Ýöne bu zatlara Jimiň mysalynda baha kesmek bolmaýar, ony okamakdan saklamagy oýlap tapyp biljek adam megerem henize-bu güne çenli dogup-dörän däl bolsa gerek. Men-ä dogrusy diňe "Taým" žurnalyndan we öýde elime ilýän iki-ýeke çap edilen sahypalardan okan käbir zatlarymy bilýärdim, mekdepde welin, Meýkomb okrugy tarapyndan kabul edilen täze pedagogika ulgamynyň biziň üstümize ýüklän ýüküni zordanjyk süýreýärdim, hemişe-de göwnüme bolmasa, men aldanyp, juda kän zatlardan goýulýan ýaly bolup durdum. Nähili we näme üçin, dogrusy men düşünmeýärdim, ýöne meniň bassyr on iki ýyllap içgysmadan ýaňa ölüp bilmän ýörmegim näme üçin gerekkä?
Geçen ýyl tutuş, meniň sapaklarym Jimiňkiden ýarym sagat ir tamamlanýardy, ol sagat üçe çenli okaýardy, şonuň üçinem meniň ýeke özüm Redlileriň jaýynyň deňesinden güýjümde baryny edip ylgap geçýärdim-de diňe öz eýwanymyzda, maňa hiç zadyň howp salmaýan ýerinde saklanýardym. Ýöne bir gezek welin, men ylgap barýarkam bir täsinlik gözüme ildi welin, oslagsyzlykdan ýaňa men tas demigipdim. Men togtap, çar tarapyma garanjakladym-da, yzyma öwrüldim.
Redlileriň melleginiň edil gyrajygynda iki sany wirgin duby ösüp otyrdy, olaryň kökleriniň ýola çykýandygy sebäpli ýol tutuşlygyna büdür-südürdi. Birdenkä dublaryň biriniň sütüninde nämedir bir zat ýylpyldap gitdi.
Agajyň şahasy gaçan ýerindäki çukanajykdan, güneşiň ýagtysyna lowurdap, maňa bir kümüşsöw kagyzyň tokgajygy gözüni gypýardy. Men daraklygyma galdym-da, ýene-de bir gezek gyssanmaç garanjaklap, daşynda kagyz dolagy bolmadyk iki sany sakgyjy çykardym.
Men tasdanam olary agzyma dykýardym, emma özümiň nirede durandygym ýadyma düşäýdi. Men öýmüze ylgadym we eýwanymyza baryp, oljama seredişdirdim. Daşyndan-a sakgyç täzeje ýaly. Ysgap gördüm – tagamly ysy bar. Men sakgyjy ýalap gördüm-de birazajyk garaşdym. Diri galdym. Ony tutuşlygyna agzyma dykdym, bu "iki esselik narpyzly" sakgyç ekeni.
Jim mekdepden gelen dessine meniň näme çeýneýändigimi we nireden onçany alandygymy sorady. Men: "tapdym" diýip jogap berdim.
-Tapan-tupanyňy iýip ýörmeli däl.
-Men ony ýerden däl-de agaçdan tapdym ahyry.
Jim ynanmazlyk bilen ernini gyşartdy. Men:
-Hawa, hawa, çypbakaý-çynymy aýdýaryn-diýdim:-Hanha, hol mekdebe ýakynrak ösýän agaçdan.
-Tüýkür tizräk!
Men tüýkürdim. Barybir sakgyçda eýýäm hiç hili tagam galmandy.
-Men ýarym günläp çeýnäp ýörün, häzire çenlem ölmedim, meniň hatda ýüregim hem bulanmaýar.
Jim aýagyny ýere urdy.
-Sen näme şol agaçlary hatda ellemegiň hem gadagandygyny bilmeýärsiňmi? Ölersiň.
-Seniň özüň diwary ellediň ahyry!
-Bu başga zat! Bar git-de häziriň özünde bogazyňy çaýkap gel! Eşidýärsiňmi?
-Islämok, beýtsem sakgyjyň tagamy düýpgöter agzymdan gider.
-Eger-de çaýkamasaň, Kelpurniýa aýdaryn.
Mejbury ýagdaýda Jimiň diýenini etmeli boldy, düýbünden Kelpurniýa bilen iş salyşasym gelmeýärdi. Näme üçindir men mekdebe gidip ugralym bäri ikimiziň aramyzdaky gatnaşyklar düýbünden üýtgäpdi. Kelpurniýa maňa öňküsi ýaly sütem etmeýärdi, yrsaramaýardy, meniň işime goşulmaýardy, diňe kämahal maňa ýuwaşjadan igenmek bilen çäklenýärdi. Men bolsa diňe onuň gaharyny getirmezlik üçin kähalatlarda örän uly pidalary bermeli bolýardym.
Tomus golaýlap gelýärdi. Biz Jim bilen onuň gelerine sabyrsyz garaşýardyk. Bu biziň iň söýgüli pasylymyzdy, tomsuna gije arka ýüzdäki eýwanda goýlan, daşyna çybynlara garşy hasa örtülen sekiçede ýatýardyk, kämahallar bolsa çynardaky öýjagazymyzda-da ýatmaga synanyşýardyk, tomusda bagymyzda süýji zatlar şeýlebir köpdi, Günüň gyzgyn howrunyň astynda ähli zat müň dürli öwüşgin bilen lowurdaýardy. Iň esasy zadam, tomus – bu Dillди.
Okuwyň iň soňky güni bizi mekdepden irräk goýberdiler welin, biz Jim bilen öýmüze iki bolup gaýtdyk. Men:
-Belki-de ertir Dill geler-diýdim.
Jim:
-Megerem, birigün-diýdi:-Olaryň Missisipi ştatynda okuw bir gün giç tamamlanýar.
Haçan-da biz Redlileriň mellegindäki wirgin dublaryna golaýlanymyzda men barmagym bilen gaçan şahadan galan şol köwejigi görkezdim, men şol pursat Jime onuň indi bir ahyrsoňy meniň şu ýerden sakgyjy tapandygyma ynanarsyň diýip gepläp barýardym, birdenem ýene-de şol ýerde ýalpyldawuk kümüşjagazy gördüm.
-Görýärin! Gözlüje! Görýärin!...

Jim daş-töweregine seredişdirdi-de, ykjamja ýylpyldawuk tokgajygy aldy-da, jübüsine saldy. Biz öýmüze ylgadyk we eýwanymyzda tapyndymyzy görüşdirip başladyk. Sakgyjyň gurşun kagyzyna kinniwanja gutujyk yhlas bilen birnäçe gat edip dolanypdyr. Gutujyk gyzyl mahmaldandy, kiçijik ildirgiçlidi, şeýle gutujyklarda nika ýüzükleri saklanýardy. Jim ony açdy. Içinde biri-biriniň üstünde iki sany lowurdaýança arassalanan, bir pennilik şaýy ýatyrdy. Jim olary hemmetaraplaýyn synlady. Ol:
-Hindi kellesi-diýdi:-Seret, Gözlüje, biri bir müň dokuz ýüz altynjy ýylda, beýlekisi bir müň dokuz ýüzünji ýylda çykarylan. Gadymy ekeni!
-Bir müň dokuz ýüzünji ýylda çykarylan-diýip men ýaň bolup gaýtaladym:-Diňle, Jim…
-Garaş, pikirlenmäge wagt ber…
-Jim, seniň pikiriňçe, bu kimdir biriniň buky ýerimikä?
-Ýok. Bu ýerden ikimizden başga hiç kim gatnamaýar, bilemok, belki ulularyň biri bolsa bilmedim…
-Ulularyň buky ýeri bolmaýar. Jim, seniň pikiriňçe, biz olary özümize alyp bilerismi?
-Özümem bilemok, Gözlüje. Dogrusy olary kime bermelidigi hem näbelli ahyry. Bu ýerden hiç kimiň gatnamaýandygyny bolsa men anyk bilýärin…Sesil bütin şäheriň daşyndan aýlanyp gatnaýar.
Sesil Jeýkobs biziň köçämiziň iň çetinde, poçtanyň aňyrsyndaky jaýda ýaşaýardy we Redlileriň hem-de hanym Genri Lafaýet Dýubozlaryň deňinden geçmezlik üçin her gün artykmaç bir mil ýöreýärdi. Hanym Dýuboz bizden iki jaý aňyrda ýaşaýardy we biziň toplumymyzdaky hemme goňşular şeýle ýigrenji kempiriň ýeriň ýüzünde öň bolmandygynda ylalaşýardylar. Jim hiç bir zat üçinem Attikussyz ol kempiriň öýüniň deňesinden ýeke özi geçmäge razy bolmaýardy.
-Onda biz näderis, Jim?
Tapyndyny saklamak her kimiň borjy, sebäbi birdenkä onuň eýesinin tapylmagy mümkin, eger-de eýesi gelmes, onda ol tutuşlygyna seniňki bolýar. Kähalatlarda hanym Modi Etkinsonyň bagyndan birje gül ýolmak ýa-da yssy gün onuň sygryndan bir owurt süýt almak ýa-da kesekiniň üzüminden agzyňy süýjütmek bizde düýbünden eli egrilik diýlip hasap edilmeýärdi, ýöne pul welin, başga gep.
Jim:
-Bilýäňmi, näme,-diýdi:-biz şaýylary güýze çenli saklaly we şonda-da oglanlardan soraly. Megerem olary şäher eteginde ýaşaýan oglanlaryň biri gizlän bolara çemeli, bu gün bolsa mekdepden soň awtobusa ýetmäge howlugyp, olary ýadyndan çykaran bolmagy ahmal. Ýöne her niçik-de bolsa olaryň eýesiniň bardyg-a hak. Seret, gör ol şaýylary nähili ýalpyldadypdyr. Ol olary juda aýap saklaýan bolara çemeli.
-Ýeri bolýar, pul pul bolar, ýöne ol sakgyjy näme üçin bukupdyr? Sakgyç uzak wagtlap saklanmaýar ahyry.
-Bilemok, Gözlüje. Ýöne bu şaýylary kimdir biri ýöne ýerden-ä ýygşyran bolmaly däl, görýäňmi, olar juda syrly…
-O nähili?
-Düşünýäňmi, hindi kellesi…umuman olar hindilerden gelip çykan bolmaly. Olar jadylanan, düşünýäňmi, özlerem bagt getirýärler. Özi-de ol bagt günorta naharyna birdenkä gowrulan towugyň berilmegi hem däl-de, hakyky bagt, ine uzak ömür ýa-da hemişe sagat bolmak ýaly, ýa-da synagdan ýykylmazlyk ýaly, umuman şuňa meňzeş hakyky zatlar-da… Kimdir birine-de olar juda zerur bolmaly. Men häzirlikçe olary öz sandyjagymda gizläýin.
Ýöne öz otagyna gitmezinden öň Jim ýene-de esli wagtlap Redlileriň jaýyna garap durdy. Megerem, ýene-de pikir eden bolsa gerek.
Ýene-de iki günden soň bolsa Dill geldi, buýsançdan hem begençden ýaňa çişip ýarylybilmän. Onuň tenha özi Meridiandan Meýkomb demirýol menziline çenli otluda gelipdir (bu demirýol menzili ýöne şeýle atlandyrylaýýar, hakykatda bolsa ol Ebbot okrugynda ýerleşýär). Ol ýerde-de ony hanym Reýçel biziň şäherimizdäki ýeke-täk kireý edýän ulagda garşy alypdyr. Özi-de ol otluda wagon-restoranda naharlanypmyş we iki sany siam ekizlerini görüpdir, olar otludan Beý Sent-Luisde düşüpdirler. Biz oňa näçe çypdyrma diýsegem, ol aýdýanlarynyň hakykatdygyna ant içip awy ýalady. Ol ilik bilen köýnege ildirilýän öňki gorkunç mawy jalbarynyň ýerine hakyky kelte jalbarça hem gaýyş kemer geýilgidi. Ýöne onuň boýy düýbünden ösmändir, emma nähilidir birhili semräpdir, dykyzlanypdyr. Ol özüniň kakasyny görendigini aýtdy. Onuň kakasy biziňkiden biraz uzynrak boýly, gyrçuw gara sakgally adam ekeni we ol Luiswil-Neşwil demirýol şereketiniň prezidenti ekeni.
-Men otly sürüjä biraz kömek etdim-diýip Dill pallady.
Jim:
-Şeý diý-ä, bizem saňa ynanaýdyk-diýdi:-Gowusy geplemesene. Ýeri nähili oýun oýnarys?
Dill:
-Tom, Sem we Dik bolup-diýdi:-Ýörüň baga gideliň.
Dill doganlar Rouwerleri oýnasy gelýärdi, sebäbi ondaky üç keşbiň üçüsi-de asylly keşplerdi. Biziň sahnalarymyzda erbet häsiýetli ýa-da gülkünç keşpleri oýnamagyň onuň ýüregine düşendigini mese-mälimdi.

Men:
-Olar meniň ýüregime düşdüler-diýdim.
Tom Rouweriň keşbinden men halys bizar bolupdym. Ol kinonyň edil ortarasynda birdenkä hakydasyny ýitirýär, şondan soňam ol barada hiç zat aýdylmaýar, diňe iň ahyrragynda ony Alýaskanyň niresindedir bir ýerinde tapýarlar.
Men:
-Jim, täzeräk bir zat oýlap tapsana-diýdim.
-Oýlap tapmakdan irdim.
Mekdep rugsady ýaňy başlady, biz bolsa eýýäm ähli zatdan iripdik. Beýle bolsa, bütin tomsy nähili geçirerkäk?
Biz baga garşy mytdyldap ugradyk. Dill köçä seretdi-de, Redlileriň ýürekgysgynç öýüne dikildi. Ol:
-Men…ölümiň…ysyny alýaryn-diýdi.
Men onuň al-petinden aldym, emma ol barybir öz diýenini gaýtalamagyny dowam etdi.
-Men hakykatdanam duýýaryn.
-O nähili? Kimdir biri ölse sen ep-esli daşlykdan onuň ysyny alyp bilýärsiňmi?
-Ýok, beýle däl, men ysgaşdyryp görýärin we şu adam ölermi ýa-da ýok, şony bilýärin. Maňa meni bir garryja daýza öwretdi-diýip Dill boýnuny süýndürdi-de, meni ysgaşdyrdy:-Jin…Luiza…Finç,-diýip ol arasyny bölüp-bölüp aýtdy:-sen ýene-de üç günden ölersiň.
-Gepleme, ýogsa-da men seni şeýlebir ýepbeklärin welin, ölinçäň ömürlik ýadyňdan çykarmarsyň. Ine, häzir şeýlebir ýelmärin welin…
-Bes etsene-diýip Jim hüňürdemäge başlady:-Hamana, sen howur-powura ynanýan ýaly.
Men:
-Dagy näme, belki sen ynanýan dälsiň-diýdim.
-Ol howur-powur diýýäniňiz näme?-diýip Dill sorady.
-Bilýärmiň, şeýle bolýar, gije ýoldan ýöräp barýarsyň, daş-töwerekde yns-jyns ýok, birdenem bir örän gyzgyn ýere gabat gelýärsiň-diýip Jim düşündirip başlady:-Howur-powur – bu eger-de, adam ölse, emma jennete düşüp bilmese, onda ol hiç kimiň ýok çola ýollarynda entäp başlaýar, eger-de oňa gabat gelseň, onda öleniňden soň özüň hem şeýle bolarsyň, gijelerine entäp ugrarsyň we diri adamlaryň ruhuny sorup başlarsyň…
-A onuň daşyndan nädip aýlanyp geçmeli?
Jim:
-Hiç hili-de geçip bilmersiň-diýdi:-Käwagt ol alar-da tutuş ýoly beklär. Ýöne, eger-de saňa hökman şol ýerden geçmek zerur bolsa, onda sen diý: “Diri, öli däl, janyň enweri, bogma, goýber meni”. Şonda ol seniň daşyňa çolanmaz we…
Men:
-Oňa ynanma, Dill,-diýdim:-Kelpurniýa bu zatlaryň barysy garaýagyzlaryň oýlap tapan ertekileri diýýär.
Jim maňa kül-peýekun ediji nazaryny aýlady, daşyndan welin, sesli:
-Ýeri näme, biz bu gün oýnarysmy ýa-da ýokmy?
-Geliň tekerde aýlanalyň-diýip men teklip etdim.
Jim uludan demine aldy.
-Sen bilýärsiň ahyry, men indi oňa sygmaryn.
-Onda itersiň.
Men öýümiziň arka ýüzüne ylgadym-da, yzky eýwanyň astyndan ulagyň köne teker daşkysyny süýräp çykardym we ony baga tigirläp getirdim. Men:
-Men birinji-diýdim.
Dill: “Iň gowusy men birinji bolaýaýyn, sebäbi men ýaňy geldim ahyry” diýdi.
Jim bizi ylalaşdyrdy. Men birinji bolaryn, Dill bolsa birazajyk uzagrak tigirlener. Men ýumak ýaly düwüldim-de, teker daşkysynyň içine sümüldim. Soňky pursada çenli men Jimiň özi bilen howur-powur barada dawa edenim üçin gazaba münendigini we meniň petigulymy bermek üçin amatly pursady peýläp durandygyny syzmadym. Ol tekeri bar güýji bilen tigirläp goýberdi welin, ol pyýada ýodasy bilen güwläp gitdi.
Ýer, asman, jaýlar, däli-mežnun girdabyň demine düşen dek, meniň gözümiň öňünde bir bütewi tegmilde birleşdiler, gulagym şaňlap başlady, demigip ugradym. Men hatda ellerimi çykaryp, tekeri togtadyp hem bilmeýärdim, ellerimi dyzlarym döşüme gysyp durdy. Diňe ýekeje umyt bardy – belki-de Jim meni ozup geçip tekeri saklar ýa-da teker pyýada ýodasynyň büdür-südürine süsňäp, öz-özünden togtar. Jimiň ala-gykylyk edip, yzymdan ylgap gelýändigini men eşidýärdim.
Şol barşyna teker çagyl üýşmeginiň üstünden bardy-da, gyra sowuldy, ýoldan tigirlenip geçip, badyna nämedir bir zady süsdi welin, men edil çüýşeden zyňlan dyky ýaly asfaltyň ýüzüne zyňlyp düşdüm. Meniň ýüregim bulanýardy, başym aýlanýardy. Asfaltda ýatan ýerimden men beýnimdäki

goh-galmagalyň kesilmegi hem-de ýagty jahanyň gözümiň öňünde bökjekleýän ähli zatlarynyň öňküsi ýaly ýerli-ýerine baryp durmaklary üçin kellämi bulamaga, aýalarym bilen gulaklaryma assaja kakmaga başladym. Şol pille-de Jimiň çirkin sesini eşitdim:
-Gözlüje, gaç! Bahymrak!
Men başymy göterdim. Meniň öňümde Redlileriň eýwany durdy. Men şol durşuma agzymy öweldip, doňup galdym.
-Tur, tizräk!-diýip Jim ulili bilen gygyrýardy:-Sen näme ol ýerde dikilgazyk bolup galdyň?!
Şol pursat men nädip ýerimden turanymy-da bilmeýärin, sebäbi aýaklarym diýen etmeýärdi.
-Tekeri hem al!-diýip Jim bagyrýardy:-Bärik süýre ony. Näme aňkaň aşdymy?
Men ahbetin özümi dürsedim-de, dyzjagazlarym diýen etmän, aýaklarym sandyrap dursa-da olara garşy ylgadym.
-Teker näme?-diýip Jim ýene-de gygyrdy.
-Özüň alyber!-diýip menem gygyryp jogap gaýtardym.
Jim bada-bat dymdy.
-Beýle edermen bolsaň, bar git-de özüň alyber, ol derwezeden giren ýeriňde ýatan bolmaly. Sen hol bir gezek olaryň diwaryny hem elläp gaýtdyň ahyry, ýadyňa düşýärmi?
Jim ýakyp-ýandyryjy nazar bilen maňa garady, ýöne bu sözlerden soň oňa sypjyklyk etmäge welin hiç hili mümkinçilik ýokdy. Ol pyýada ýodasy bilen ylgap gitdi, derwezäniň öňünde kürtdürip durdy, birdenem howlynyň içine okduryldy-da, az salymdan teker bilen yzyna dolanyp geldi.
-Gördüňmi?-diýip ol göwnüýetmezçilik hem dabar bilen maňa seretdi:-Bir-iki, eýýämem taýyn. Hudaý bar, Gözlüje, käwagtlar sen özüňi edil hakyky gyzjagaz ýaly alyp barýarsyň welin, edil ýöne ýüregiň bulanyberýär.
Ol käbir zatlary bilmeýärdi, ýöne men öz ýanymdan oňa aýtmazlygy ýüregime düwdüm.
Bosagada Kelpurniýa peýda boldy we bizi çagyryp ugrady:
-Limon şerbetini içmeli! Diriligiňize gowrulmankaňyz çaltrak kölegä geçiň!
Bu tomusky dessurdy. Haçan-da Gün ýokary galanda limon şerbetini içmeli. Kelpurniýa eýwana golça hem-de üç sany bulgur çykardy-da, öz işleri bilen meşgul bolmaga gitdi. Men Jimiň maňa gaharlanýandygy üçin beýlebir iňkise gidip durmaýardym. Häzir limon şerbetini içer-de ýumşaşar.
Jim ikinji bulguryny bir demde boşatdy-da, öz garnyna şarpyldadyp goýberdi.
-Tapdym!-diýip ol yglan etdi:-Öň bolmadyk täze oýna başlaýarys!
-Nähili oýna?-diýip Dill sorady.
-Betnyşan Redli oýnuna.
Men Jimiň ýürejigindäkini duýup durdum, ol bu oýny, maňa özüniň ähli Redlileri bir ýere üýşüreniňde-de olardan jinnek ýaly-da eýmenmeýändigini, özüniň batyr gahrymandygyny, meniň bolsa züwwetdindigimi subut etmek üçin oýlap tapypdy.
-Betnyşan Redli oýnuna? O nähili?-diýip Dill ýene-de sorady.
Jim:
-Gözlüje, hanym Redli bolar…-diýdi.
-Muny entäk göreris-diýip men başladym:-Birinjiden-ä…
Dill:
-Sen näme?-diýdi:-Häzire çenli-de gorkýarsyňmy?
Men:
-Belki-de gije, biziň hemmämiz ýatyrkak ol daşaryk çykar…-diýdim.
Jim sygyryp goýberdi:
-Biziň nähili oýun oýnaýandygymyzy ol nireden bilsin? Onsoňam ol ýerde megerem ol ýokdur hem. Ol ýüz ýyl mundan ozal ölendir we ony pejiň tüsseçykaryna dykyp goýandyrlar.
-Gel, ikimiz oýnabereli-le, Gözlüje bolsa, eger-de gorkýan bolsa, goý bir çetde durup seredibersin-diýip Dill Jime teklip etdi.
Men Betnyşan Redliniň öz öýünde oturandygyny örän oňat bilýärdim, ýöne hiç zat subut edip bilmeýärdim, şonuň üçinem dilimi dişimiň aňyrsynda saklamaga mejburdym, ýogsa häzir ýene-de howur-powura ynanýan diýip aýtmaly bolaryn, men bolsa gündiziň günortany ol barada asla pikirem etmeýärin.
Jim keşpleri paýlady, men – hanym Redli, meniň işim öýden daşaryk çykyp, eýwany süpüren bolmak. Dill – goja Redli, ol pyýada ýodasyndan eýläk-beýläk iki-baka ýörän bolmaly, haçan-da Jim oňa lak atsa ol jogap deregine üsgürinjirän bolmaly. Jim bolsa, elbetde Betnyşanyň özüni oýnamaly. Ol baş eýwanyň aşagynda gizlenmeli we hemişe çyňsamaly hem-de uwlamaly.
Tomus özbaşyna geçip durdy, biziň oýnumyz hem şeýle. Biz ony günsaýyn sünnäleýärdik, täze-täze gepleşikleri we waka öwrümlerini oýlap tapýardyk, şeýle edip ýörşümize-de ahbetin, hakyky sahna oýunjagazyny düzdük-de ony her gün birhili, täze usul bilen oýnamaga başladyk.
Dill erbetleriňem iň erbedi bolup ýetişdi, ol hemişe islendik özboluşly keşbe doly girmegi başarýardy

we aýgytly pursatlarda, eger-de gerek bolsa onuň hatda birazajyk boýy hem ösäýýän ýalydy. Ol erbetlikde keşbini oýnaýan iň erbet gahrymanlaryndan pes oturmaýardy, onuň oýnaýanlary bolsa barypýatan garakçylar hem wagşylardy. Men bolsa ullakan bir höwesim bolmasa-da ähli aýal keşplerini janlandyrýardym. Meniň pikirimçe biziň täze oýnumyz Tarzandan has içgysgynçrakdy, bütin tomus hem Jimiň meni Betnyşan Redliniň birmahal aradan çykandygyny we meniň bilen hiç zat bolmajakdygyny, sebäbi uzakly gün özüniň hem Kelpurniýanyň gapdalymdadygyny, gijelerine bolsa Attikusyň hem öýde bolýandygyny aýdyp ynanrdyrjak bolmagyna garamazdan meniň ýüregimden wehim çykmady.
Jim gahryman bolup doglan bolmaly.
Biziň ýaşaýan toplumymyzda öňden bäri gaýtalanyp gelýän gybatlarydyr gep-gürrüňleri biz hakyky pajygaly esere birleşdirdik. Hamana hanym Redli bir wagt juda owadan gözel gyz bolanmyş, ýöne soň jenap Redlä durmuşa çykypdyr we özüniň ähli pullaryny ýitiripdir. Ol şeýle hem, ähli dişlerini, saçlaryny diýen ýaly hem-de sag eliniň süýem barmagyny-da ýitiripdir (muny eýýäm Dill oýlap tapyp üstüne goşdy, bir gezek gije Betnyşan günorta naharyna birje awysiýdigi-de, pişigi-de tutup bilmänden soň, ejesiniň barmagyny gemrip goparypmyş), uzakly günläbem hanym Redli myhmanhanada zar-zar aglap oturýarmyş, Betnyşan bolsa pyçak bilen oturgyçlary hem beýleki goş-golamlary ýonýarmyş, ahyry bir gün hem öýde ýekeje-de goş-golam galman diňe ýonuşga galjakmyş.
Onsoň biziň üçümiz hem bozgakçylyk edýän wagtlary tutulan oglanjyklary şekillendirýärdik, men biraz üýtgeşiklik üçin kazynyň keşbini oýnaýardym, Dill Jimi alyp gidip, ony eýwanyň astyna dykalaşdyrýardy-da ony süpürgijiň sapy bilen dürtgeleşdirýärdi. Sahnanyň dowamynda Jim eýýäm şerifiň, şäherlileriň mähellesiniň ýa-da Meýkombda Redlileriň maşgalasy barada hemmelerden köp zat aýdyp biljek hanym Stiweni Kroufordyň keşbinde peýda bolýardy.
Haçan-da Betnyşanyň keşbiniň iň jygba-jyg oýnunyň wagty gelende Jim bukulyp öýmüze girýärdi-de, amadyny peýläp, Kelpurniýanyň gözüne güýdüşip, tikin enjamyň çekerinden gaýçyny alyp, eýwana dolanýardy. Hiňňildikde oturyp gazet kesişdirip başlaýardy. Dill onuň gapdalyndan geçip barşyna oňa tarap üsgürinjirän bolýardy, onsoň Jimem onuň buduna gaýçyny sokýan kişi bolan bolýardy. Meniň duran ýerimden bolsa olaryň hereketleri hakyky ýaly bolup görünýärdi.
Her gün jenap Natan Redli edähetine eýerip şähere barýarka biziň deňämizden ötende biz ýarym sözde dymýardyk we tä ol gözden ýitýänçe gymyldaman durýardyk. Eger-de ol biziň nähili oýun oýnaýandygymyzy biläýse dagy biziň bilen nämeler ederdi?...Şonuň ýaly-da goňşularymyzyň islendik biri gözümize ilende-de biz oýnumyzy bes edýärdik, ýöne bir gezek men gabat-garşymyzda hanym Modi Etkinsonyň eli gaýçylyka ýaşyl ösümlikden haýatyny gyrkmagy-da unudyp, bize aňk bolup seredip durandygyny gördüm.
Bir gezek biz özümiň "Bir maşgala" atly eserimiziň ikinji jildiniň ýigrimi bäşinji babyny oýnap oturyşymyza dünýäni undupdyrys-da, hatda Attikusyň ertirlik edinmek üçin dolanyp gelendigini-de duýmandyrys. Ol pyýada ýodasynda duran ýerinden elindäki togalanan žurnal bilen dyzyna kakan bolup, bizi synlaýardy. Gün al-asmana galyp, eýýäm günorta bolupdy.
-Bi, siz nähili oýun oýnaýarsyňyz?-diýip Attikus sorady.
-Hiç hili-diýip Jim jogap berdi.
Onuň gümmi-sümmi jogabyndan men öz oýnumyzyň syrdygyna düşündim we goşulup durmadym.
-A gaýçy saňa näme üçin gerek? Onsoňam name üçin sen gazet ýyrtýarsyň? Eger-de bu şu günki gazet bolsa, onda men seniň mazaly eýmijiňi ýetirerin.
-Hiç zat.
-Näme "hiç zat"?
-Hiç zat, jenap.
Attikus:
-Gaýçyny bärik ber-diýdi:-Bu saňa oýunjak däl. Ýogsa-da bu zatlaryň ählisi tötänden Redlilere-hä degişli däldir-dä?
-Ýok, jenap-diýdi-de Jim gyzardy.
-Men şeýledir öýdüp umyt hem edýän-diýip Attikus gysgajyk aýtdy-da, öýe girip gitdi.
-Ji-i-im…
-Sem bol! Ol myhman otagyna gitdi, ol ýerde bolsa hemme zat eşidilýär.
Haçan-da biz howpsuz ýere, howlumyzyň ýeňse ýüzüne geçenimizde Dill Jime "Indi näme bize mundan beýläk Betnyşany oýnamak bolýamarmy?" diýip sowal berdi.
-Bilemok, Attikus bolmaz diýip aýtdy
Men:
-Jim,-diýdim:-meniň pikirimçe Attikus barybir ähli zady bilýär.
-Ýok, bilmeýär. Ýogsa ol şeýle diýibem aýdardy.
Men welin onuň bilýändigini aýtjakdygyna gaty bir ynanyp durmaýardym, ýöne Jim: "ähli kynçylyk meniň gyzjagaz bolanlygymda, gyzjagazlar bolsa hemişe ýok zatlary oýlap tapýarlar, şonuň üçinem

hemmeler olary halamaýarlar, onsoňam eger-de hakyky gyzjagaz bolasyň gelýän bolsaň, sumat bolup we başga birleri bilen oýnap bilersiň" diýdi.
Men:
-Bolýar-diýdim:-Betnyşany oýnap bilersiňiz. Ýöne nämeler gopjagyny welin, gözjagazyňyz bilen görersiňiz.
Attikusyň biz tutmagy meniň üçin bu oýny oýnamagy islemezligimiň ikinji sebäbi bolupdy. Birinjisi bolsa men tekerde Redlileriň howlusyna tigirlenip girenimde döräpdi. Şonda men kellämi bulap durkam, ýüregim bulanýarka we Jimiň gykylygyndan ýaňa gulagym şaňlaýarka, bir pessaýja ses eşitdim, pyýada ýodasyndan bolsa ol owaz düýbünden eşidilmeýärdi. Öýüň içinde kimdir biri gülýärdi.

xxxxx

Men ahbetin Jimiň ýüregine-bagryna düşüp, oňa öz diýenimi etdirjekdigimi bilýärdim, ahyrsoňy bu onuň bizar-peteňini çykardy we ol meniň örän uly şatlygyma Betnyşany oýnamagyny taşlady. Ýöne dogry, Jim Attikusyň bu oýny özüne gadagan etmändigin, şoňa görä-de ony dowam edip bilýändigini aýdyp meni ynandyrmaga-da çalyşýardy. Hatda eger-de Attikus gadagan edäýen ýagdaýynda-da alarys-da hemmeleri başgaça atlandyrarys welin, hiç kim bize hiç zat aýdyp bilmezem diýýärdi.
Dill bu meýilnama örän begendi. Aslyýetinde Jimiň ýeke özi meniň üçin az ýaly, üstesine Dill hem çakdan aşa hyýalbentdi. Tomsuň başynda ol maňa: "maňa durmuşa çyk" diýdi, ýöne juda çalt muny ýadyndan çykardy. Edil özi üçin mellege gazyk kakan ýaly ýa-da men onuň emlägi ýaly, "ütin ömrüne diňe meni söýjekdigini" aýtdy, soň bolsa maňa ünsem bermeýär. Men ony bir-iki gezek dagy özüme üns berdirmek üçin mazalyja ýepbekledim hem, ýöne bu oňa derman bolmady, ol gaýta Jim bilen öňküsindenem beter dostlaşdy. Olar iki bolup ertirden agşama çenli çynardaky öýjagazdan çykmaýardylar, birhilijek hokgalary oýlap tapýardylar, meni bolsa diňe özlerine üçünji biri gerek wagty çagyrýardylar. Emma men olaryň has çakdan aşa kelesaň hokgalaryna goşulmakdan boýun towlaýardym. Hatda olaryň maňa gyzjagaz diýip gyjalat bermekleri mümkin hem bolsa, men galan tomus agşamlaryny hanym Modi Etkinsonyň eýwanynda oturyp geçirýärdim. Jim ikimize hemişe-de hanym Modiniň howlusynda, bir şert bilen, ýagny onuň güllerinden daşrakda oýnamaga rugsat berýärdiler, ýöne hanym Modi bilen biziň aramyzdaky gatnaşyklary birhili düşnüksizdi. Jim bilen Dill meni gyrakladyp başlaýançalar ol meniň üçin beýlekilere garanyňda az-owlak rehimdarrak bolsa-da, barybir adaty goňşy zenandy.
Hanym Modi bilen sessiz ylalaşygymyzyň esasynda biz onuň otluk meýdançasynda oýnap, şahalaryny hem direglerini döwman üzümini iýip hem-de jaýynyň arka tarapyndaky bütin melleginde barlag-agtaryş işlerini geçirip bilýärdik. Bu şertler juda keremli hem sahawatlydy. Şoňa görä-de biz atanlykda bu yrga deňagramlylygy bozmajak bolup, hanym Modä lak atmaga-da çekinýärdik. Ýöne Jim bilen Dill tumşuklaryny dik göge galdyryp başladylar welin, men islesem-islemesem hanym Modi bilen ysnyşmaga mejbur boldum.
Hanym Modiniň öz jaýyna içi ýanýardy, oňa zordan çydaýardy. Dört diwaryň arasynda geçirilen wagty ol bihuda sarp edilen diýip hasaplaýardy. Ol dul aýaldy, şol bir wagtda-da hameleon -zenandy. Haçan-da bagynda işlände ol köne sypal başgabyny we erkek kişileriň bütewi iş eşigini geýýärdi, agşam sagat bäşlerde, hammam howuzçasyna girip-çykandan soň bolsa eýwanda edil biziň köçämiziň melikesi ýaly, bezemen, owadan hem haýbatly keşpde oturýardy. Ol toprakdan ösýän ähli zady, hatda haşal otlary hem söýýärdi. Ýöne bu söýgüniň bir kadadan çykmasy bardy.
Öz howlusynda ýekeje haşal ot dagy tapdygy, Marnadaky täze söweş başlanýardy. Hanym Modi duşmanyna garşy galaýy pürkgüç bilen topulýardy-da, onuň köküne nähilidir birhili awuly suwuklyk eňterip ugraýardy. "Eger-de uzagrakda durmasaňyz siz hökmany ýagdaýda zäherlenip ölersiňiz" diýip ol bizi gorkuzýardy.
-Ony ýöne goparyp bolmaýarmy, eýsem?-diýip men bir gezek boýy ýerden ýeke garyş saýlanan bolgusyzja haşal ot bilen gandöküşiklik garpyşyk tutaşanda soradym.
-Goparmakmy, balajyk? Sen goparmak diýýärmiň?-diýip hanym Modi sülleren baldagy ýerden göterdi-de, başam barmagyny ondan ýokardan aşaklygyna ýöredip goýberdi. Baldakdan kinniwanja dänejikler döküldi:-Ine şunuň ýaly ýekeje baldajyk tutuş mellegi haraplap bilýär. Seret. Güýzde tohumlary gurar welin, şemal olary bütin jelegaýa ýaýradar.
Hanym Modiniň ýüz-keşbi bolsa, bu ýerde azyndan müsür mergisi barada gürrüň barýan ýaly boldy. Meýkombyň beýleki ýaşaýjylaryndan tapawutlylykda, hanym Modi hemişe çalt-çaltdan we aýgytly gürleýärdi. Biziň her birimiziň-de doly adymyzy tutýardy. Haçan-da ol ýylgyranda bolsa onuň agzyndaky ýokarky alyn dişleriniň gapdalynda iki sany altyn diş lowurdaýardy. Men bir gezek şol altyn dişlere haýran galanymda, ulalsam özümiň hem şeýle dişleri edinjekdigimi aýtdym.
-Seret!-diýip hanym Modi dilini jukguldatdy-da, maňa öz oturtma dişleriniň nädip aýrylýandygyny

görkezdi, şeýle etmek bilenem ol ikimiziň aramyzdaky dostlugyny gutarnykly berkitdi.
Jim bilen Dill özleriniň pynhan işleri bilen meşgul bolmaýan wagtlary hanym Modiniň rehimdarlygy olara-da degişli bolýardy. Biz hanym Modiniň öň özümize mälim bolmadyk ajaýyp zehininiň miwelerini iýýärdik. Biziň ýaşaýan toplumymyzda hiç kim şeýle süýji gatlakly kökeleri bişirip bilmeýär. Ikimiziň aramyzda doly aç-açanlyk gatnaşyklary emele gelen wagtyndan bäri ol her gezek uly kökeden daşgary, ýene-de üç sany kiçisini hem bişirýärdi-de, soňam tutuş köçäni ýaňlandyryp gygyrýardy:
-Jim Finç, Gözlüje Finç, Çarlz Beýker Harris, hany bäri geliň!
Bizem bada-bat onuň çakylygyna barýardyk we munuň üçin hemişe-de baýraga mynasyp bolýardyk. Tomsuna iňrigiň garalmagy uzak we ümsüm bolýar. Köplenç biz hanym Modi bilen onuň eýwanynda sesimizi çykarman oturýardyk-da, Günüň ýaşyşyny we asmanyň ilki sary, soňra bägül reňke beslenişini, garlawaçlaryň pessaýlap uçup baryşlaryna mekdebiň üçeginiň aňyrsynda gözden ýitişlerini synlaýardyk.
Men şeýle gijeleriň birinde:
-Hanym Modi,-diýdim:-siz nähili pikir edýärsiňiz, Betnyşan Redli heniz dirimikä?
-Onuň ady Artur, özem ol diri-diýip hanym Modi dubdan ýasalan uly hiňňildik-kürside iki-ýana haýaljakdan ýaýkyjaklap otyrşyna aýtdy:-Duýýarsyňmy, şu gün meniň güllerim nähili bark urýar? Edil behiştdäki ýaly.
-Hawa. Ýöne siz nireden bilýärsiňiz?
-Nämäni balajyk?
-Bet…jenap Arturyň diridigini?
-Nähili eýmenç sowal! Äý hawa-da, bu megerem gürrüňiň özeniniň eýmençligi üçin şeýle bolsa gerek. Onuň diridigini bilýändigimiň sebäbi, Jin Luiza, men ony öýlerinden tabytda çykarandyklaryny häzirki güne çenl-ä görmedim.
-A belki-de ol ýogalandyr welin, ony pejiň tüsseçykaryna dykandyrlar.
-Sen bu gürrüňi nireden tapdyň?
-Jim aýtdy.
-Hm-hm… Ol gün-günden Jek Finçe has köp çalym edip barýar.
Biziň Jek kakamyzy, Attikusyň inisini, hanym Modi çagalykdan bäri tanaýardy. Olar deň-duş diýen ýalydylar we “Finçiň duralgasynda” bile önüp-ösüpdiler. Hanym Modiniň kakasy, lukman Frenk Býuford Finçleriň köne goňşusydy. Hünäri boýunça lukman, zany-ýasawy boýunça bagban hem daýhan bolan ol toprak dörjelemegi jany-teni bilen söýýän ekeni we şonuň üçinem garyplygyna-da galypdyr. Jek kakam bolsa özüniň bu hyjuwyny erkine goýbermeýärdi, güller diňe onuň Neşwildäki öýüniň penjiresiniň erňeginde ösýärdiler, şonuň üçinem ol baý bolup galypdyr. Her ýyl täze ýylyň öňüsyrasynda ol bize myhmançylyga gelýärdi we bogazyna sygdygyndan bütin köçäni ýaňlandyryp, hanym Modä özüne durmuşa çykmagy teklip edip gygyrýardy. Hanym Modi bolsa ondan bäş esse beter gygyryp jogap gaýtarýardy:
-Gatyrak bagyr, Jek Finç, sesiň poçtada-da eşidiler ýaly, ýogsa men seni eşitmeýärin!
Jim ikimize öýlenmegi teklip etmegiň bu usuly juda täsin bolup görnerdi, ýöne Jek kakamyz aslyýetinde-de täsinlikleriň öýjügidi. Onuň öz aýtmagyna görä, hamana ol muny hanym Modiniň içini ýakmak üçin edýärmiş, hanym Modi hiç haçanam oňa durmuşa çykmajakmyş, ol hemişe diňe ony gižželemäge çytraşýarmyş, onuň ýaňsysyndan bolsa diňe bir zat, onuň öz üstüne hüjüm etmek bilen goranyp bolýarmyş. Jek kakamyň şol sözleri hem biz üçin ähli zady aý dogan ýaly edýärdi.
-Artur Redli öýünden çykman otyr, bar bolany hem şu-diýip hanym Modi maňa düşündirdi:-Eger-de sen köçä çykmak islemeseň senem öýňüzde oturarsyň ahyry, dogrumy?
-Hawa, ýöne meniň barybir köçä çykasym geler ahyry. Onuň näme üçin çykasy gelmeýärkä?
Hanym Modi gözüni süzdi:
-Bu hekaýaty seniň özüňem menden erbet bilmeýärsiň.
-Ýöne men barybir munuň näme üçin şeýledigini bilmeýärin. Maňa hiç kim aýdyp bermedi.
Hanym Modi dili bilen oturtma dişlerini düzetdi.
-Sen garry Redliniň baptistlerdendigini bilýärsiň ahyry, olar bolsa aýaklaryny ýuwýarl…
-Siziň özüňizem şolardan ahbetin?
-Men olar ýaly daşbeýni däl, Gözlüje. Men ýönekeý baptist aýal.
-Ýönekeý baptistler aýaklaryny ýuwmaýarlarmy?
-Ýuwýarlar. Öz öýlerinde, hammamda.
-A siz biziňki ýaly mynajat etmeýärsiňizmi…
Megerem hanym Modi dini ynanjyň nyşanlaryndan baptistligiň alamatlaryny düşündireniň aňsat bolar diýip çaklan bolara çemeli.
-Aýaklaryny ýuwýan baptistler islendik lezzeti günä diýip hasap edýärler-diýip ol düşündirdi:-Bilýärsiňmi, bir gezek, şenbede olar tokaýdan şähere geldiler we haýatyň aňyrsyndan maňa meniň

öz güllerim bilen göni sakar dowzaha düşjekdigimi aýdyp gygyryp ugradylar.
-Güllerem dowzaha düşerlermi?
-Hawa, hanym. Güller meniň bilen bilelikde ýanjakmyşlar. Bu aýakýuwujylar men Hudaýyň döreden asmanynyň astynda juda köp wagt geçirýärin hem-de dört diwaryň arasynda hakyň sözüniň üstünde juda az oturýaryn diýip hasap edýärler.
Men birdenkä hanym Modiniň dowzahda gowrulyp durşuny (her protestantyň bolsa öz dowzahy bar) göz öňüme getirdim, dessine-de dini wagyzlarda hakykaty aýdýandyklaryna müňkürlik edip ugradym. Hanym Modiniň örän ýiti hem awuly dili bar, özi-de ýagşy işleri etmeklik bilen hanym Stiweni Krouford ýaly yhlasly meşgullanmaýar. Ýöne diňe gutaran akmak hanym Stiwenä ynanyp biler, hanym Modi bolsa ynamdar adam, muny Jim ikimiz hakykatdan bilýärdik. Ol hiç wagt şugulçylamaýar, ikiýüzlülik etmeýär we biziň işlerimize burnuny sokmaýar. Ol biziň dostumyz. Onsoň şeýle paýhasly adamyň nädip ebedi jebir-jepalara höküm edilip biljekdigine düşünmegem mümkin däl!
-Bu adalatsyzlyk ahyry, hanym Modi! Siz ýeriň ýüzünde iň gowy aýal ahbetin.
Hanym Modi tüýs ýürekden ýylgyrdy.
-Men size minnetdar, hanym-diýdi:-Ýöne aýakýuwujylar her bir aýal maşgalany günägaby diýip hasap edýärler. Olar, bilýäňmi, injiler gereginden artyk takyk düşünýärler.
-Jenap Artur hem aýallary görmezlik üçin öýlerinden çykman otyrmy?
-Men nireden bileýin, gyzym.
-Meniň pikirimç-ä bu samsyklyk bolýar. Eger-de jenap Arturyň şeýle uçmaha düşesi gelýän bolsa-da, onda ol iň bolmanda eýwana bir çykyp göräýmeli ahyry. Attikus Hudaý adamlary edil özüň ýaly söýmegi tabşyrýar diýip aýdýar…
Hanym Modi kürsisinde ýaýkanjyramasyny bes etdi.
-Sen entek örän kiçi we düşünmersiň-diýip ol gatyrgandy:-ýöne şeýlebir adamlar bolýar, şolar ýalylaryň elinde-de injil juda howply bolýar, edil seniň kakaň elindäki bir çüýşe şerap ýaly…
-Attikus şerap içmeýär!-diýip men örç alyp galdym:-Ol heniz dogup-döräli bäri ýekeje damjany hem agzyna alyp görmändir…Wiý, ýogsa-da ýok! Ol bir gezejik şerap dadyp görendigini, ýöne onuň özüne ýaramandygyny aýdypdy.
Hanym Modi heziller edip güldi.
-Men beýle diýmek islemedim. Men: “eger-de Attikus Finç içip-içip serhoş bolan bolsady, şonda-da ol barybir käbir adamlaryň iň gowy ýagdaýlaryndakydan zalym hem gödek bolmazdy” diýmek isledim. Ýöne şeýlebir adamlar bar, olar…olar o dünýä barada çakdan aşa köp pikir edýärler welin, şu dünýäde ýaşamagy hiç öwrenip bilmeýärler. Ine, biziň köçämize seret, şeýle hereketlerden nämeleriň emele gelýändigini görersiň.
-Siziň pikiriňizçe Betn…jenap Artur barada ähli aýdylýan zatlar çynmyka?
-Anyk näme?
Men gürrüň berdim.
-Munuň dörtden üç böleg-ä garaýagyzlaryň ertekisi, galany bolsa hanym Kroufordyň tapan zatlary-diýip hanym Modi tutuksy jogap berdi:-Stiweni Krouford bir gezek maňa, hamana özüniň gijäniň bir cagy oýanandygyny, Arturyň bolsa penjireden özüne garşy garap durandygyny aýtdy. Men şonda oňa: “A sen näme etdiň, Stiweni, azajyk süýşüp oňa düşegiňden ýer berdiňmi?” diýip sowal berdim. Şondan soň ol birsalym dilini dişläp gezdi.
Dişlemänem bir görsün! Hanym Modi islendik adamy hem sem bolmaga mejbur edip biler!
-Ýok, gyzym, bu gaýgy-hasrat öýi-diýip ol dowam etdi:-Artur Redliniň oglanjyklygy meniň ýadyma düşýär. Ol barada näme diýseler diýibersinler, ol hemişe salyhatlydy. Bar başarnygy-ukyby bilen salyhatlydy.
-Siz ol dälidir öýdüp pikir edýärsiňizmi?
Hanym Modi başyny ýaýkady.
-Bolmazlygy-da mümkin, ýöne şu geçen ýyllaryň dowamynda hökman aklyndan azaşan bolmaly. Biz adamlar bilen nämeler bolup geçýändigini oňly bilmeýäris ahyry. Keseki öýde, ýapyk işigiň aňyrsynda nämeler bolup geçýär, nähili syrlar bar…
-Attikus Jim ikimiz babatda öýde-de, daşarda-da tapawudy ýok, hemişe özüni şol bir bolşunda alyp barýar.
Men duýup durdum, kakamyň arkasyny almak meniň borjumdy.
-Eý Hudaý-eý, gyzjagaz, men bu wagt seniň kakaň barada gepleýärinmi, ahyry! Men diňe saňa nämäniň nämedigini düşündirmäge çalyşdym. Ýöne seniň özüň ol barada gep açýan bolsaň, onda men aýdaýyn, Attikus Finç öz öýünde-de, köçede şol bir adamdyr, şuny bilip goý…Men şirinnan (tort) bişirdim, bir bölejigini ýanyňa almak isleýärsiňmi?
Men örän isleýärdim.
…Ertesi gün men oýanan badyma Jimi we Dilli jaýymyzyň ýeňse ýüzündäki howluda gördüm, olar

nämedir bir zat barada şowhunly gepleşýärdiler. Men olaryň ýanyna bardym welin, olar ýene-de endiklerine eýerdiler:
-Git, bärden.
-Gitmen. Howly seniňki däl, Jim Finç, howly meniňki hem. Bu ýerde oýnamaga meniňem hukugym bar.
Dill bilen Jim howul-hara geňeşdiler.
-Eger-de galsaň, biz näme buýursak şony hem etmeli bolarsyň-diýip Dill maňa duýdurdy.
-Näme gomparan bolýarsyň? Bolduň meniň başyma serkerde!
-Biz näme buýursak şony hem etjekdigiňe ant iç, ýogsa biz saňa hiç zat aýtmarys-diýip Dill dowam edýärdi.
-Sen juda ulalan ýaly-la! Ýeri bolýar-da, aýdyberiň aýdasyňyz gelse.
-Biz Betnyşana hat bermek isleýäris-diýip Jim gözüni-de gyrpman yglan etdi.
-O nähili?
Men süňňümi dolduran biygtyýar wehimi basyp ýatyrmaga dyrjaşdym. Hanym Modi üçin ýöne aýdyp goýbermegiň hiç hili kynçylygy ýok, ol eýýäm garry we öz ýakymly eýwanjygynda oturan ýerinden islän zadyny gepläp bilýär. Biz bilen bolsa başgaça.
Jim hatyny çeňňege ildirip, Redlileriň penjiresiniň gabsasynyň yşyndan dykmak isleýärdi. Eger-de kimdir biri köçeden geçse, onda Dill jaňjagazy jyňňyrdatmalydy.
Dill elini galdyrdy. Onuň aýasynda meniň ejemiň günorta naharyna çagyrmak üçin ulanylýan kümüş jaňjagazy bardy.
Jim:
-Men beýleki tarapyndan bararyn-diýýärdi:-Biz düýn köçeden seredinimizde şol tarapda gabsalaryň biriniň ýerinden gopandygyny gördük. Men iň bolmanda penjiräniň erňegine bolsa-da hatymyzy goýaryn.
-Jim…
-Indi welin ýok, hanym Iňirdi, özüň bu işe baş goşduňmy, indi yza tesen bolmak gerek däl!
-Bolýar, ýöne men garawul bolmak islemeýärin… Jim, bilýäňmi, şol gezek, kimdir biri…
-Ýok, sen garawullarsyň. Sen jaýyň ýeňse ýüzüne aýlanarsyň, Dill bolsa köçä sereder, eger-de kimdir biri geçse ol jaň kakar. Düşündiňmi?
-Ýeri bolýar-da. Ýöne siz oňa näme diýip ýazdyňyz?
Dill:
-Biz ondan örän sypaýyçylyk bilen onuň käte bir öýlerinden çykmagyny we bize ol ýerde näme işleýändigini aýtmagyny haýyş etdik, goý ol bizden heder etmesin, biz oňa buzgaýmagam satyn alyp bereris-diýdi.
-Siz aklyňyzdan azaşypsyňyz, ol biziň barymyzy öldürer!
Dill:
-Muny men oýlap tapdym. Meniň pikirimçe, eger-de ol daş çykyp, biziň bilen sähel wagt otursa, onuň biraz göwni açylar-diýdi.
-Onuň ýüreginiň gysýandygyny sen nireden bilýärsiň?
-A sen nähilidir öýdýäň? Hany özüň bir ýüz ýyllap daşyňdan gulplangy halda oturyp, diňe pişikleri iýip oturjak bolup gör! Jedel edeli, onuň hatda sakgaly-da ine şunça ösendir.
-Edil seniň kakaň sakgaly ýalymy?
-Meniň kakamyň sakgaly ýok, ol…-diýdi-de Dill öňki geplerini ýadyna saljak bolup dilini dişledi.
-Ä-hä, tutuldyň gerek!-diýip men onuň üstüne çöwjäp başladym:-Öň sen kakaň gara sakgaly bar diýip aýdýardyň…
-Ol sakgalyny tomusda syrypdy, eger beýle bilesiň gelýän bolsa! Men saňa onuň hatyny hem görkezip bilerin. Ýene-de ol maňa iki dollar hem ugradypdyr…
-Hawa-la, çypdyryber bakaly! Belki, ol saňa ýene-de harby atçaparlaryň eşigini we gylyç hem iberendir? Kezzapjyk sen, başga hiç kimem däl!
Men dogup-dörälim bäri başga kimdir biriniň Dill Harris ýaly ýalan sözleýändigini eşidip görmändim. Hemme zatdan başga-da ol on ýedi gezek aragatnaşyk uçarynda uçanmyş, Täze Şotlandiýada bolup görenmiş, diri pili görenmiş, onuň atasy bolsa brigade generally Jo Uilleriň hut özümiş we ol Dille öz gyljyny miras goýanmyş.
-Bes ediňsene, siz-diýip Jim gaharlandy. Ol eýwanyň astyna girip-çykdy-da, sary bambuk çeňňeksapyny çykardy:-Görýän welin, şunuň bilen men pyýada ýodasynda duran ýerimden penjirä ýetip bilermikäm diýýän.
Men:
-Eger-de kimdir biri gidip diwary elläp gaýtmak derejesinde şeýlebir batyr bolsa, onda oňa çeňňek sapy hem gerek dälmikä diýýärin-diýdim:-Ap-arkaýyn baryp gapylaryny kakaýsa-da bolar, bar bolany hem şol.

-Bu…başga…ýagdaý…-diýip Jim her sözüne basym berip, arasyny bölüp-bölüp aýtdy:-Saňa ýene-de näçe gezek gaýtalamaly?
Dill kisesinden bir sahypa kagyz çykardy-da Jime uzatdy. Biz seresaplylyk bilen Redlileriň jaýyna tarap ýöneldik. Dill çyra sütüniniň deňesinde saklandy, Jim ikimiz köçäniň künjünden öwrüldik. Men öňe gitdim-de indiki öwrümden jykladym.
Men:
-Hemme zat parahat-diýdim:-Hiç kim ýok.
Jim Dille tarap öwrüldi welin, ol başyny atdy.
Jim hatyny çeňňeksapyna iltedi-de, ony haýatyň üstünden penjirä garşy uzatdy. Ol bar güýji bilen süýnüp öňe dyzaýardy, emma çeňňeksapy gysgarak bolýardy, bary-ýogy bir-iki garyş ýetmeýärdi. Ol çeňňeksapy bilen penjire tarap dürtgeleýärdi, ahyrsoňy oňa uzakdan seredip durmak meniň ýüregime düşdi-de men onuň ýanyna bardym.
-Haty hiç oklap bilemok-da-diýip Jim hümürdedi:-Dogrusy penjirä düşýärin, ýöne hat ol ýerde gaçmaýar. Köçä git, Gözlüje.
Men öz gözegçilik nokadyna dolanyp bardym we köçäniň künjünden ýola seredip ugradym. Men wagtal-wagtal Jime garanjaklaýardym, ol sabyrlylyk bilen haty penjiräniň erňegine oklamaga dyrjaşýardym. Ol hat ýere gaçýardy welin, Jim ýene-de çeňňeksapyny penjirä tarap uzadýardy, iň soňunda men eger-de Betnyşan Redli ol haty alaýsa-da ony okap bilmez diýip oýlandym. Men ýene-de köçäniň ugruna seretdim welin, birdenkä jaňjagaz jyňňyrdady.
Men çaltlyk bilen öwrüldim. Ine häzir meniň üstüme Betnyşan Redli gyýyaklaryny syrtardyp topular. Ýöne bu Betnyşan däl-de Dill ekeni. Ol jaňjagazy Attikusyň edil burnunyň öňünde jyňňyrdadyp durdy. Jimiň ýüze şeýlebir süýreldi welin, oňa nebsim agyryp gitdi. Şonuň üçinem oňa hatda: “Men saňa aýtdym ahyry” diýmedim. Ol aýaklaryny zordan ýerden galdyryp, çeňňeksapyny-da yzyndan süýräp pyýada ýodasyndan mytdyldap gaýtdy.
Attikus:
-Jyňňyrdatmagy bes et-diýdi.
Dill jaňjagazyň diljagazyny gysdy welin, şeýlebir ümsüm boldy, şeýlebir ümsüm boldy, men hatda gowusy ol ýene-de jyňňyrdadyberse kem bolmaýjak ýaly diýibem pikir etdim. Attikus sypal başgabyny ýeňsesine süýşürdi-de, gaýşaryldy. Ol:
-Jim,-diýdi:-sen bu ýerde näme işleýärsiň?
-Hiç zat, jenap.
-Buýtar-suýtar etme. Geple.
-Men…biz diňe jenap Redlä käbir zatlary bermek isläpdik.
-Näme bermek?
-Hat.
-Görkez.
Jim oňa hapalanan kagyz bölejigini uzatdy. Attikus kynlyk bilen ýazylan zatlary okap ugrady.
-Jenap Redliniň öýünden çykmagy siziň nämäňize derkar?
-Biz pikir etdik…biziň bilen oýnasa onuň biraz göwni açylar…-diýip Dill başlady, emma Attikus oňa çala äňedip goýberdi welin, ol dilini dişledi.
-Ogul,-diýip Attikus Jime ýüzlendi:-meniň saňa näme diýýändigimi diňle, men saňa gaýtalamak islemeýärin, bu adama ezýet bermegiňi tüket. Siziň ikiňiz hem şeýle.
-Jenap Redli nähili ýaşaýar – bu onuň öz işi-diýip Attikus aýtdy:-Köçä çykmak islese çykar. Öýünde oturmak islese muňa-da onuň hukugy bar, şonuň üçinem her bir ýüregedüşgüçlere (bu hem biziň ýalylaryň entek has ýumşak atlandyrylyşy) onuň işine burunlaryny sokup ýörmek gerek däl. Biziň haýsymyza ýarar, eger-de agşam, uka gitmezimiziň öň ýanynda Attikus gapyny kakman biziň otagymyza süsdürilip girse? Biz bolsa aslyýetinde jenap Redli bilen hut şeýle hereket hem edýärmişik. Biziň göwnümize bolmasa jenap Redli özüni geň alyp barýar, onuň özi üçin bolsa bu düýbünden geň däl. Galyberse-de, haçan-da adama nämedir bir zat aýtjak bolsaň, onuň penjiresinden aşjak bolman, gapysyny kaksaň sypaýyrak boljakdygy biziň kellämize bir gelmändirmi? Iň soňkusy hem: bizi Redlileriň öýüne çagyrýançalar biz ol jaýdan daşrakda gezmelidiris we bir gezek Attikusyň bizi tutan şol samsyk oýnuny dagy-duwara oýnamaly däldiris, şonuň ýaly-da biziň köçämizde, aslynda bolsa bütin şäherimizde-de hiç kimiň üstünden gülmeli däldiris…
Jim:
-Biz asla onuň üstünden gülmedik-diýdi:-Biz diňe…
-Hä, asyl siz bu pişe bilen meşgul bolupsyňyz ekeniňiz-dä?
-Näme bilen? Üstünden gülmek bilenmi?
Attikus:
-Ýok-diýdi:-Diňe onuň durmuşyny ähli goňşularymyzyň gözüniň alnynda oýnadyňyz.
Göwnüme bolmasa Jim hatda gaharlanaýan ýaly hem boldy.

-Men onuň durmuşyny oýnaýarys diýip aýtmadym! Aýtmadym!
Attikus syrlyja ýyrşardy:
-Ine häzirem aýtdyň. Indem mundan beýläk siziň üçüňiz hem şeýle bolgusyzlyk bilen meşgullanyjy bolaýmaň.
Jim kakama agzyny öweldip seretdi.
-Göwnüme bolmasa sen hukukçy bolmak isleýän ýalydyň-la?-diýdi-de Attikus dodaklaryny birhili ýylgyrmajak bolýan ýaly edip, şübheli büzdi.
Jim sapalak atmagyň peýdasynyň ýokdugyna düşünen ýaly, dymdy. Attikus ir ertir almagy undan haýsydyr bir kagyzlaryny almak üçin öýe girdi welin, diňe şondan soň Jim hukukçylaryň gadymy döwürlerden bäri ulanyp gelýän hilegärliginiň çoçgaryna çolaşandygyna akyl ýetirdi. Ol eýwandan ep-esli daşlykda Attikusyň öýden çykyp, ýene-de şähere ugramagyna garaşyp durdy. Haçan-da Attikus öz sesini eşitmez ýaly derejede uzaga gidenden soňra Jim onuň yzyndan bogazyna sygdygyndan gygyrdy:
-Hukukçy bolmak isleýärdim, indi bolsa pikirlenip görerin!

xxxxx

-Bolýar-diýip Attikus haçan-da Jim ondan Dill bilen ikimiziň hanym Reýçeliň köljagazynyň ýanynda oturmaga rugsat soranda aýtdy. Sebäbi Dill ertir gaýdýardy:-Onuň bilen maňa deregem hoşlaş, indiki ýyl tomusda-da biz oňa garaşýarys. Biz özümiziň hem-de hanym Reýçeliň howlusynyň arasyndaky pessejik haýatdan aşdyk. Jim bedene bolup gygyrdy welin, garaňkylykdan Dill ses berdi.
Jim:
-Ümsümdigini, pessaýja şemaljygam ýok-diýdi:-Serediň.
Ol gündogary görkezdi. Hanym Modiniň bagynyň aňyrsyndan äpet aý dogup gelýärdi.
Jim:
-Göwnüme bolmasa ol birhili yssyladaýýanam ýaly-diýdi.
-Bu gün onuň ýüzünde näme bar, haçmy?-diýip Dill başyny galdyrman sorady. Ol ýüp hem-de gazetiň böleginden çilim ýasaýardy.
-Ýok, ol zenanyň şekili öýdýän. Bu zadyňy otlama, Dill, onuň porsusy bütin şäheri tutar.
Haçan-da Meýkombda aýa seretseň, onuň ýüzünde aýalyň şekiliniň bardygy görünýär. Ol aýal aýnanyň öňünde oturyp, saçyny daraýar.
-Sensiz biziň içimiz gysar-diýip men Dille aýtdym:-Belki, jenap Eýwerini garawullamaga gideris?
Jenap Eýweri hanym Genri Lafaýet Dýubozyň öýüniň gabat-garşyndaky jaýda otagy kireýine alyp ýaşaýardy. Ýekşenbe günleri ol eli ýalpak tabakly ybadathana üçin sadaka ýygnaýardy, ondan başga-da ol her agşam sagat dokuza çenli eýwanda asgyryp oturýardy. Bir gezek gije bize bir tomaşany görmek bagty miýesser etdi, megerem ol tomaşa ýekeje gezek bolan bolsa gerek, sebäbi biz ony soň näçe garawullasagam, tomaşa gaýtalanmandy. Biz hanym Reýçeliň eýwanyndan aşak düşüp gelýärdik welin, Dill bizi saklady:
-Eý-ho, oňa bir serediň!-diýdi-de ol bize köçäniň aňry tarapyny görkezdi. Ilki biz güller bilen örtülen eýwany gördük, soňra ýapraklaryň arasyndan iňçejik akymjyk egrelip, takmynan on futa çenli daşlyga çüwdürilýärdi-de, ol ýerdenem ýere, köçe çyrasyndan düşýän ýagtynyň tegelejigine dökülýärdi. Jim: “jenap Eýweri göni onlukdan-a urup bilmeýär” diýdi, Dill: “ol megerem günde bir çelek içýän bolsa gerek” diýdi. Onsoň olar kim has uzaga we dogry nyşana düşüp biljekdigi hakynda jedel edip ugradylar, men olaryň bu jedeline gatnaşmadym, sebäbi bu çygyrda meniň beýlebir çakdan aşa zehinim ýokdy, men onsoň ýene-de özümi ýekirilen halda duýup başladym.
Dill gerindi, pallady-da, birhili çakdan aşa äwmezlik bilen:
-Tapdym. Ýörüň seýil etmäge gideliň-diýdi.
Asyl men oňa ynanaýdym-ow! Meýkombda hiç kim ýöne şeýle, bikär gezmelemäge çykmaýar.
-Nirä, Dill?
Dill kellesini günorta tarap ýaýkady.
Jim:
-Bolýar-da-diýdi.
Men birbada garşylyk görkezmäge başlajagam boldum welin, ol mylaýymja, içýakgyç sesjagaz bilen:
-Sen bolsa, perişdejik, biziň bilen gitme-de, seni hiç kim çagyrmaýar-diýdi.
-Senem hiç kim çagyrmaýar. Ýadyňdan çykardyňmy, nädip…
Ýöne Jim öňki şowsuzlyklaryny ýatlamagy halamaýardy, şol gezek Attikusyň aýdan ähli zatlaryndan ol megerem diňe hukukçylaryň nädip şeýle çeýelik bilen ähli zadyň özenine çenli agtaryp tapmaga ökdediklerini öwrenen bolara çemeli.
-A biz hiç hili erbetligi hem etmeýäris, Gözlüje, biz diňe çyra sütünine çenli bararys-da, yzymyza gaýdarys.

Biz sessiz-üýnsüz pyýada ýodasyndan mytdyldap barýardyk we goňşularyň eýwanlaryndan eşidilýän hiňňildikleriň jygyldysyna, ulularyň köçedäki agşama mahsus pessaý seslerine diň salyp gelýärdik. Wagtal-wagtal hanym Stiweni Kroufordyň jakgyldysy biziň gulagymyza gelýärdi.
Dill:
-Ýeri?-diýdi.
Jim:
-Ýeri bolýar-da-diýdi:-Sen öýe gidiberseňem bolaýjak ýaly-la, Gözlüje.
-A siz näme işlejek bolýarsyňyz?
Olar diňe gabsasy gopan penjireden içerini synlamakçy bolýan ekenler, birdenkä Betnyşan Redlini görmekleri mümkinmiş. Men bolsa eger-de, olar bilen gitmek islemeýän bolsam onda häziriň özünde öýmüze ugrap bilýärmişim we ol taýda-da dilimi dişimiň aňyrsynda saklamalymyşym, ine-de bar bolany.
-Hut şu günki gijä çenli garaşmak pikiri näme üçin siziň kelläňize geldi?
Sebäbi, gije olary hiç kim görmez, onsoňam Attikus bu wagt gulagyna çenli kitaba çümer we hatda ahyrzaman gopsa-da, ol şony-da aňşyrmaz we eger-de Betnyşan Redli olary öldüräýse-de, onda olaryň tomusky rugsatlary bihuda bolmaz-da, okuw günlerine zyýan ýeter, şonuň ýaly-da garaňky jaýdaky zatlary gündiziň günortanynda däl-de garaňky gijede görmek aňsat bolýar, ine şu sebäpleriň ählisi hem maňa düşnüklimi?
-Jim, ýalbarýan…
-Gözlüje, men saňa iň soňky sapar aýdýaryn, iňňildemegiňi bes et ýa-da öýmüze ýeňsäňi el ýaly et. Hudaý bar, sen gün-günden hakyky sümükli gyzjagaza öwrülip barýarsyň!
Şundan soň maňa başga çykalga galmady we men olar bilen gitdim. Biz Redlileriň howlusynyň arka tarapyndaky tikenekli simden haýatyň aşagynda girmegi ýüregimize düwdük, ol ýerde biziň görülmek howpumyz azrakdy. Şol tarapdaky haýatdan aňyrda uly bagçylyk bilen kiçeňräk agaç küme bardy. Jim aşaky simi biraz galdyrdy-da, Dille “sümlüber” diýen terzde elini salgady. Men onuň yzy bilen geçdim-de, Jim geçýänçä simi sakladym. Ol simiň astyndan zordan sygdy.
-Goh-galmagal turzaýmaň-diýip ol pyşyrdady:-Onsoňam serediň, kelemi süsäýmäň, ýogsa ol şeýlebir parkyldar welin, hatda ölülerem direler.
Şu öwüt-nesihatlardan soň men bagrym bilen edil pyşdyl ýaly süýşýärdim. Şol pille-de men aýyň ýagtysyna Jimiň eýýäm bizden ep-esli arany açandygyny we bize elini galgadýandygyny gördüm-de biraz haýdap süýşüp ugradym. Biz bagdan ekinli mellege geçilýän haýatdaky gapa çenli süýşüp bardyk. Jim oňa galtaşan badyna ol jygyldap gitdi.
-Petlesine tüýküriň-diýip Dill pyşyrdady.
-Sen bizi nirä getirdiň, Jim-diýip men hymyr-symyr etdim:-Soň biz bu ýerlerden nädip yzymyza çykarys?
-Hüş-ş...Petlelerine tüýkür, Gözlüje.
Biz agzymyz kepeýänçä tüýkürdik, soňra Jim seresaplyk bilen işigi açdy. Biz howlynyň içine girdik. Ýeňsesinden Redlileriň jaýy öňünden seredeniňde hasam hyrsyz görünýärdi, tutuş diwarynyň boýuna çalamydar, ýarymýykyk eýwan uzalyp gidýärdi, ondan öýüň içine girilýän iki gapy, gapylaryň arasynda bolsa iki sany tüm-garaňky penjire bardy. Eýwanyň üçegini bir tarapyndan sütün däl-de, ýonulmadyk, tagaşyksyz pürs direýärdi. Bir künjekde maýryk peçjagaz bardy, onuň ýokarysyndan bolsa sypal başgaplar üçin asgyç asylgydy, bildirer-bildirmez ýyldyraýan aýna bolsa aý şöhlesini assaja yzyna serpikdirýärdi.
Jim tisginip gitdi-de beýleki aýagyny basmaga het edip bilmän bir aýagynda doňup galdy
-Saňa näme boldy?
-Towuklar...-diýip ol zordan pyşyrdady.
Hakykatdanam bizi hemme tarapymyzdan göze görünmeýän päsgelçilikler gurşaýardy. Dillem nämedir bir zadyň üstünden bardy-da: „Eý Hudaý-eý!“ diýip uludan demini aldy. Biz süýşenekläp jaýyň burçundan aýlandyk-da, gabsalary sallanyp duran penjiräniň öňüne bardyk. Jim penjireden seredip bilmedi, penjirä bir garyş dagy boýy ýetmeýärdi.
-Men häzir kömekleşeýin-diýip ol Dille pyşyrdady:-Häzir, garaş.
Ol meniň elimden tutdy-da Dill üçin basgançak ýasady. Biz Dilli göterdik. Ol penjiräniň erňeginden ýapyşdy.
-Tizräk-diýip Jim pyşyrdady:-biz uzak wagtlap seni saklap bilmeris.
Dill meniň egnime kakdy. Biz ony ýere düşürdik.
-Ýeri, näme gördüň?
-Hiç zat. Tuty bar. Ýöne içinde bir ýerinde çala ýylpyld-a görünýärdi.
-Bärden gideliň-diýip Jim pyşyrdady:-Yzymyza öwrüleliň. Hüş-ş...-diýip ol men oňa garşylyk görkezmekçi bolup agzymy açanymdan maňa hüşşüldedi.
Dill:

-Beýle tarapyndanam synanyşyp göreliň-diýdi.
-Beýtmäň, gerek däl-diýip men özelenip başladym.
Dill az-kem sägindi-de, Jimi öňe goýberdi. Jim yzky eýwana galmakçy bolanda onuň aýaklarynyň astynda basganҫak jygyldady. Ol birbada doňňara-daşa öwrüldi, soňra seresaplyk bilen öňe süýşdi. Basganҫak dymyp ýatyrdy. Ol soňky iki basganҫagyň üstünden ätläp eýwana aýagyny goýmakçy boldy welin, tasdanam deňagramlylygyny ýitirýärdi. Ýöne her näme-de bolsa ýykylman, assyrynlyk bilen dyzyna çökdi. Penjiräniň alkymyna süýşenekläp baryp, başyny göterdi-de, içerik göz aýlady. Ine şu ýerde-de men kölegäni gördüm. Sypal başgaply adamyň kölegesi. Men ilkibada bu bagdyr öýdüp pikir etdim, emma şemal ýokdy, agajyň sütünleri bolsa ýöräp bilmeýärler. Eýwan aýyň nuruna ýap-ýagtydy, gaýçy bilen kesilen ýaly gös-göni hem dury kölege Jime tarap ýöneldi.
Menden soň ony Dill gördi. Ol ýüzüni elleri bilen ýapdy.
Onsoň kölege Jimiň üstüne düşdi welin, ol hem ony gördi. Ol elleri bilen kellesini ýapdy-da, doňup galdy. Kölege Jime iki ädim ýetmän saklandy. Elini galdyrdy, soňra goýberdi. Soňra yzyna döndi-de Jimiň üstünden, eýwandan tyrpyp geçip, edil döreýşi ýaly ses-sedasyz jaýyň aňyrsynda gizlendi. Jim eýwandan böküp düşdi-de, bize tarap okduryldy. Haýadyň gapysyny serpip açdy-da, Dill ikimizi itip çykaryp, ýapraklary şytyrdaýan kelemli joýalaryň arasyndan öňüne salyp gaçyp ugrady. Ýarpy ýolda men büdredim, şol pursadam ýeňsämizden bir aýylganç gümpüldi ýaňlanyp gitdi.
Dill bilen Jim meniň gapdalymda ýere ýazyldylar. Jim edil daljygan at ýaly sojap-sojap dem alýardy.
-Mekdebiň howlusynyň içi bilen... tizräk, Gözlüje!
Ol aşaky simi saklady welin, Dill ikimiz haýadyň beýle ýüzüne togalanyp geçdik-de, eýýäm mekdep howlusyndaky ýalňyz dub agajynyň goýy kölegesine ýeteňkirläberipdik. Birdenem güpbe ýadymyza düşdi, aramyzda Jim ýok ahbetin! Yzymyza ylgadyk, barsak Jim tikenekli sime ilişip galyp, jalbaryny çykarmaga dyrjaşyp ýatan ekeni. Ol dyzap-dyzap ahyrsoňy jalbaryndan çykdy-da, diňe içki jalbarçada dubuň ýanyna ýetdi.
Dubuň aňyrsynda gizlenen dessimize-de biz doňňara-daşa öwrüldik, diňe Jim öwrüp-çöwürmek ukybyny ýitirmedi:
-Bahymrak öýmüze barmaly, ýogsa bizi agtaryp başlarlar.
Biz mekdebiň howlusynyň içi bilen ökjäni göterdik, biziň jaýymyzyň arka ýüzündäki Sugun sonalygynyň germewiniň astyndan emedekläp geçdik, soňra ikinji haýadyň astyndan süýşenekläp sümüldik-de howlumyza, ondanam eýwanymyza ýetdik. Diňe şundan soň Jim bize demimizi dürsemäge maý berdi. Demimizi dürsänimizden soň biz iň bir ýazyksyz keşpde öýümiziň öňündäki bagjagaza bardyk. Köçä tarap jyklasak, Redlileriň derwezesiniň öňüne goňşular üýşen ekeni.
Jim:
-Şol ýere baralyň-diýdi:-Ýogsa olar biziň ýoklugymyza geň galarlar.
Öz derwezeçesiniň öňünde jenap Natan Redli eli seçme tüpeňli durdy. Onuň öňünde pyýada ýodasynda Attikus, hanym Modi we hanym Stiweni Krouford, olardan iki ädim daşlykda bolsa hanym Reýçel hem-de jenap Eýweri dagylar durdylar. Bize hiç kim üns bermedi.
Biz assyrynlyk bilen hanym Modiniň ýanyna bardyk, ol gaňryldy.
-A siz nirede bolduňyz? Siz hiç zat eşitmediňizmi, näme?
-Näme boldy?-diýip Jim sorady.
-Jenap Redliniň mellegine garaýagyz giripdir welin, jenap Redli ony atypdyr.
-O-ho-how! Degipdirmi, onsoň?
-Ýok-diýip hanym Stiweni jogap berdi:-Ol ýokaryk atypdyr. Ol garaýagyzy şeýlebir gorkuzypdyr welin, ol gorkusyndan ýaňa agaraýpdyr. Ol eger-de kim-de-kim ak garaýagyz adamy görse şol hem onuň mellegine aralaşan ogrudyr diýýär. Ol özüniň ikinji tüpeňiniň hem gurnalandygyny, eger-de onuň melleginde ýene-de ýekeji bir gymyldy hereket bolaýdygy, onda isle ol it bolsun, isle garaýagyz ýa-da.... başga bir zat, göni nyşana atjakdygyny aýdýar... Jim Fi-i-inç!
-Näme, hanym?
Şu ýerde Attikus dil ýardy:
-Hany, seniň jalbaryň?
-Jalbarym, jenap?
-Hawa, jalbaryň.
Ýeri bu ýerde näme diýjek. Jim hemmeleriň öňünde ýeke içki jalbarçaly durdy. Men agyr-agyr dem aldym.
-Ne...neme...jenap Finç!
Köçe çyrasynyň ýiti ýagtysyna men gördüm, Dill ýalan sözlemäge taýýynlanýardy, onuň gözleri giňedi, perişdesypat pökgüje keşbi hasam tes-tegelejik boldy.
-Ýeri näme aýtmakçy, Dill?-diýip Attikus sorady.
-Men...men onuň jalbaryny utdum-diýip Dill bulaşyk düşündirdi.
-O nähili utduň?

Dill ýeňsesini gaşady-da, eli bilen maňlaýyny süpürdi.
-Biz, ol ýerde, kölçäniň ýakasynda eşik çykaryşmak şerti bilen oýun oýnadyk.
Jim ikimiz ýeňillik bilen dem aldyk. Goňşular hem megerem düşünen bolsalar gerek, şol duruşlaryna doňup galdylar. Ýöne ol nähili oýun bolýar?
Biz ol oýnuň nähilidigini bilip ýetişmedik, çünki hanym Reýçel birdenkä ýangyn söndürijileriň jaňy ýaly jaňňyrdap ugrady:
-Eý Hudaý-eý, Dill Harris! Meniň kölümiň ýanynda humarly oýunlary oýnaýarsyňmy? Ine, häzir, eşik çykaryşmak şerti bilen oýnalan oýny seniň gözüňe görkezerin!
Attikus Dilli dessine ten şikesleri bilen bezelmek belasyndan halas etdi.
-Ýekeje pursat, hanym Reýçel,-diýdi:-Men öň hiç wagt olaryň şuňa meňzeş bir zatlar bilen meşgullanandyklaryny eşitmändim. Siz näme, humar oýnadyňyzmy?
Jim başyny etegine salyp, ýagdaýdan baş alyp çykmaga okduryldy:
-Ýok jenap, diňe otluçöp oýnadyk.
Şunuň ýaly jygba-jyg pursatda meniň agam ýaly şeýle çykalga tapmagy her kes başaryp hem durmaz! Elbetde otluçöp-howply zat, ýöne humar welin – bu dogry gelen ajal ahyry!
-Jim we Gözlüje-diýip Attikus assaja gepledi:-şu günden başlap men hiç hili humar barada eşitmäýin. Jim, bar, Dill bilen git-de öz jalbaryňy yzyna alyp gaýt. Özaraňyzda özüňiz düşünişiň.
-Dill, sen gorkma,-diýip Jim biz ol ýerden ýeňsämizi el ýaly edip barýarkak aýtdy:-hanym Reýçel seniň bilen hiç zadam etmez, Attikus onuň başyny-gözüni aýlar. Sen ýöne, örän çalt öwrüp-çöwrüp ýetişdiň, berekella. Diňle... eşidýäňmi?
Biz az-kem badymyzy gowşatdyk welin, Attikusyň sesi gulagymyza ýetip ugrady:
-...üýtgeşik gorkuly zat ýok...olaryň hemmesi hem şunuň ýaly zadyň içinden geçip gidýärler, hanym Reýçel...
Dill köşeşdi, ýöne Jim ikimize welin rahatlyk ýokdy. Ertir irdene çenli Jim jalbaryny nireden alsyn?
-Men saňa özümiňkileriň haýsy-da bolsa birini bererin-diýip Dill biz hanym Reýçeliň öýüniň deňesine ýetenimizde teklip etdi.
Jim: „sag bol, ýöne men seniňkilere sygmaryn“ diýdi. Biz hoşlaşdyk, Dill öýlerine girip gitdi. Soňra bolsa, megerem ikimiziň adaglanandygymyzy ýadyna salan bolara çemeli, ylgap yzyna çykdy-da, Jimiň ýanynda meni gyssagara ogşady.
-Maňa hat ýaz, bolýarmy?-diýip yzymyzdan ulili bilen gygyrdy.

xxxxx

Eger-de Jim jalbarsyz galmadyk bolsa-da, biz barybir ol gije gowy uklap bilmezdik. Men öz ýatyş sekijigimde, arka tarapky eýwanda guýlunyp ýatyrdym, her bir gijeki şygyrdy hem meniň gulaklarymy deşip gelýärdi...birden kimdir biriniň aýagynyň astynda çagyl şagyrdar – bu Betnyşan Redli ar almak hyjuwy bilen kaňkap ýörendir, birdenem kimdir biri tümlügiň niresindedir bir ýerinde ötegçi-garaýagyz güler – bu biziň yzymyzdan Betnyşan Redli kowalap gelýändir, birdenkä gijeki perwanalar gözenege özlerini urýarlar – bu Betnyşan redli guduzlap tikenekli simden haýady ýyrtýandyr, çynarlar bolsa direlip, eýmenç salgymlar deýin üstümize sürnüp gelýändirler. Oýalyk bilen ukynyň arasynda men uzak wagtlap asyl-asyl bolup, kösenip ýatdym, soňra Jimiň pyşyrdysyny eşitdim:
-Üçgözlüje, sen uklap ýatyrsyňmy?
-Sen näme aklyňdan azaşdyňmy?
-Hüş-ş... Attikusyň otagynyň çyrasy eýýäm öçdi.
Batyp barýan aýyň öçügsi ýagtysyna men Jimiň sekisinden aýagyny sallandygyny gördüm. Ol:
-Men jalbarymyň yzyndan gitdim-diýdi.
Men nädip dik oturanymy duýman galdym:
-Het edäýme! Goýbermerin!
Jim gyssanmaçlyk bilen köýnegini geýýärdi.
-Gerek.
-Synanyşyp göräý, men bada-bat Attikusy oýararyn.
-Synanyşyp bir, duran ýeriňden ýere gazyk edip kakaryn.
Men oňa ýapyşdym-da, gapdalymda oturmaga mejbur etdim. Ony eýdip-beýdip raýyndan dändermelidi.
-Jenap Natan irden olary tapar. Ol jalbary seniň ýitirendigiňi bilýär. Elbetde, haçan-da ol seniň jalbaryňy Attikusa getirse, bu erbet bolar... bar bolany hem şu...başga edip biljek zadymyz ýok... Ýataýsana.
Jim:
-Muny meniň özümem bilýärin-diýdi:-Şonuň üçinem gidip barýaryn-da.
Meniň ýüregim bulanyp ugrady. Tas gaýtarýardym. Ol ýere ýeke özüň dolanmak... Hanym Stiweni

näme diýdi ahyry, jenap Natanyň ikinji tüpeňine hem ok sürülgi, eger-de mellekde garaýagyz, it ýa-da... başga zat gymyldaýsa... Jim muňa menden pes düşünmeýärdi. Elheder almakdan ýaňa men tas aklymdan azaşýardym.
-Gerek däl, Jim, gitmesene! Ýeri, Attikus seni mazalyja saýgylaram, ýeri bolanda näme, bu elbetde agyrylydyr, ýöne agyry geçip gidýär ahyry. Ol ýerde bolsa seni atarlar. Jim, ýalbarýan, gitmesene!
Jim sabyrlylyk bilen uludan demini aldy.
-Düşünýäňmi, Gözlüje,-diýip ol ýuwaşja aýtdy:-men özümi bilelim bäri Attikus ýekeje gezek hem maňa ýeke şarpygam çalmady. Meniň barlap göresimem gelmeýär.
Dogrusy hakykatdanam şeýledi. Attikus diňe her gün diýen ýaly bize eýmijimizi ýetirmek barada haýbat atýardy.
-Diýmek, ol seni birje sapar hem ýenjer ýaly çökder etmişde tutan däldir-dä.
-Ahmal, ýöne...meniň barlap göresim gelmeýär, Gözlüje. Ol ýere bolsa... biz gitmeli däldik. Bihuda gitdik.
Megerem şu pursatdan başlabam biz Jim bilen biri-birimizden daşlaşyp başladyk. Onuň meni petige dykýan ýagdaýlary öňem bolýardy, ýöne beýle zatlar kämahal, özi-de sähelçe wagtlyk bolýardy. Onuň häzirki bolşuna welin, men düşünip bilmeýärdim.
-Haýyş edýän, gitmesene!-diýip men oňa ýalbarýardym:-Bilýäňmi, ol ýerde ýeke özüňe nähili gorkunç bolar...
-Hany, sen bir sem bolsana!
-Ýeri, saýgylar...Ýöne bu onuň seniň bilen galan ömrüne gepleşmejekdigini aňlatmaýar ahyry... Men ony oýararyn, Jim, dogrumy aýdýan, men...
Jim meniň ýakamdan şeýlebir mäkäm ebşitläp tutdy welin, tasdanam bogup demikdirýärdi.
-Onda men hem seniň bilen gitjek...-diýip men zordan gepledim.
-Ýok, gitmersiň, sen diňe biderek goh turzarsyň.
Ýeri onuň bilen näme etjek diýsene! Men ildirgiji çekdim-de, ol assyrynlyk bilen arka tarapdaky eýwanyň basgançagyndan düşýänçä gapyny tutup sakladym. Megerem sagat takmynan iki töwerekleri bolsa gerek. Aý eýýäm ýaşyp barýardy we ýeriň ýüzündäki buýr-bulaşyk kölegeler hasam bulaşyp, eräp-akyp barýardylar. Jimiň köýneginiň akja guýrugy edil atyp gelýän daň şapagyndan gaçýan kiçijik jynjagaz ýaly kä ýokary böküp, kä garaňkylykda ýitip barýardy. Men garader bolup otyrdym, ýöne pessaýja şemal öwsüp başlady welin, biraz salkynlady.
Megerem, ol Sugunlaryň sonarlygyndan mekdebiň howlusynyň üsti bilen aýlanyp, ýöne iň bolmanda şol tarapa giden bolmaly. Ol menden daşlaşyp barýardy, ýöne tolgunmaga heniz irdi. Men garaşýardym, häzir tolgunmagyň wagty ýeter, häzir jenap Redliniň jysmygy gümpüldär...Soňra birhili haýat jygyldan ýaly boldy. Ýöne bu meniň göwnümedi.
Soňra Attikusyň üsgülewügi eşidildi. Meniň demim tutuldy. Kähalatlar, biz gijäniň içinde oýananymyzda onuň henizem okap oturandygyny görýärdik. Ol köplenç gijelerine oýanýandygyny, bizi synlap gideninden soň, tä uklap galýança ýene-de kitap okap başlaýandygyny aýdýardy. Men, ine häzir ol çyrany ýakar, şindi ýakar diýen pikirde garaşyp ýatyrdym. Dälize ýşyk akymjygy syzylyp çykar diýip siňe-siňe seredýärdim. Ýöne daş-töwerek öňküsi ýaly tüm-garaňkylygyna galandygy sebäpli men az-kem rahatlandym.
Gijeki mör-möjekler hem perwanalar eýýäm köşeşipdiler, emma sähel şemal öwsüp başladygy çynaryň gozalary üçekde dep çalyp ugrarlar, nirededir bir alys ýerde bolsa itler üýrüşýärler, bu bolsa çar-töweregi holtumyna dolap alan tümlügi hasam ýürekgysgynç ýalňyzlykdan doldurýar.
Ine-de Jim yzyna dolanyp gelýär. Ak köýnek haýatdan aşyp geçýär we barha ulalýar. Ine-de ol basgançakdan ýokaryk galýar, ildirgiji ýerine süýşürýär, sekisinde oturýar. Ýeke agyz geplemän, tapylan jalbaryny görkezdi. Soňra gyşardy welin, men ýene-de birsalym onuň sekisiniň jygyldysyny eşidip ýatdym. Birhaýukdan soň ol ýuwaşady. Şondan soň men ony eşitmedim.

xxxxx

Tutuş bir hepdeläp Jim tutuksy hem dymma ýagdaýda gezdi. Men Attikusyň şol bir gezek maslahat berşi ýaly, onuň hamyna girip, şonda birsellem gezmelemäge synanyşdym. Eger-de men gije sagat iki-de ýeke özüm Redlileriň howlusyna gitmäge mejbur bolan bolsamdym, onda ertesi gün meni jaýlamaly bolardylar. Şonuň üçinem men Jimi gününe goýdum we onuň bizar-peteňini çykarmagy bes etdim.
Mekdepde bolsa sapaklar başlanypdy. Ikinji klas birinjiden oňat bolmady, hatda ondan erbedem bolup çykaýdy öýdýän. Ýene-de biziň burnumyzyň öňünde nähilidir birhili ýazmaçjyklary galgadýardylar-da, okamaga-ýazmaga rugsat bermeýärdiler. Diwaryň aňyrsyndan eşidilýän gülki partlamalarynyň esasynda hanym Kerolaýnyň klasynda nähili öňegidişlikleriň gazanylýandygyny çaklamak bolýardy. Onsoňam ol ýerde ikinjiýyllaryň tutuş bir topary galypdy, olar bolsa hanym

Kerolaýnyň klasynda tertip-düzgüni üpjün etmäge ýardam berýärdiler.Ýöne bir gowy zady, indi meniňem sapaklarymyň sany edil Jimiňki ýaly boldy welin, biz sagat üçde öýmüze bilelikde gaýdýardyk.
Bir gezek biz mekdebiň howlusynyň içi bilen öýmüze gaýdyp barýardyk welin, birdenkä Jim morta yglan etdi:
-Men saňa heniz käbir zatlary gürrüň bermedim.
Soňky birnäçe günüň dowamynda ol maňa yzly-yzyna iki sany sözi hem aýtmandy, ýöne ony birazajyk ruhlandyrmak gerekdi.
-O näme hakda?-diýip men soradym.
-Şol gije barada.
-Şol gije barada sen maňa hiç zadam aýtmandyň.
Jim edil çybyny kowan dek, maňa elini salgady. Azsalym dymdy-da, ýene-de gepläp başlady:
-Men şonda jalbarymy almaga dolanypdym...haçan-da jalbarymy çykaranymda bolsa ol tikenekli sime şeýlebir çolaşypdy welin, men ony hiç sypdyryp bilmändim. Haçan-da yzyma dolananymda bolsa...-diýip Jim öýkenini dolduryp demini aldy:-Haçan-da dolananymda, jalbarym haýatdan asylgy duran ekeni, eplengije...edil maňa garaşyp duran ýaly...
-Asylgydylar we garaşyp durdylar?...
-Ýene-de...-diýip Jim hiç hili tolgunmasyz örän parahat ses bilen dowam etdi:-Ine, häzir öýmüze bararys welin, men saňa görkezeýin. Jalbarymyň ýyrtygy tikilipdir. Özi-de aýallaryň tikişi ýaly däl-de, birhili meniň özüm tiken bolsam şeýle bolardy. Gyşyk-çaýşyk. Edil...
-...edil kimdir biri seniň, Jim, öz jalbaryňy almaga dolanjakdygyňy bilen ýaly.
Jim tisginip gitdi.
-Edil meniň pikirimi okan ýaly...we meniň näme etjekdigimi bilen ýaly. Ýogsa hiç kim meniň näme işlejekdigimi öňünden bilip bilmez ahyry, şeýle dälmi, Gözlüje? Munuň üçin meni doly bilmek gerek ahyry...
Ol örän naýynjar gepleýärdi. Men ony köşeşdirmek isledim:
-Muny hiç kim öňünden aýdyp bilmez, diňe özümiziňkiler, öýdäkilerden başga. Hatda men hem käwagtlar seniň näme işlejekdigiňi bilmeýärin ahyry.
Biz öz agajymyzyň deňesinden geçip barýardyk. Gopan şahanyň köweginde bir ýumak kiriş ýatyrdy. Men:
-Jim, elleme-diýdim:-Bu kimdir biriniň bukuja ýeridir.
-Bukuja ýere meňzemeýär, Gözlüje.
-Ýok, meňzeýär. Uolter Kaningem ýaly kimdir biri uly arakesmede şu ýere gelip öz zatlaryny gizleýän bolsa näbilýärsiň, biz bolsa olary alýarys. Bilýäňmi, gel, hiç zat ellemän, iki gün garaşyp göreli. Eger-de hiç kim almasa, onda biz alarys, bolýarmy?
-Ýeri bolýar-da, belki seniň aýdýanyň dogrudyr-diýip Jim aýtdy:-Belki oglanjyklaryň haýsydyr biri bu ýerde ululardan öz zatlaryny ýygşyrýan bolmagy mümkin. Sen üns berdiňmi, rugsat möwsüminde bu ýerde hiç zat bolmaýardy.
Men:
-Hawa-diýdim:-ýöne tomus biz bu ýerden geçmeýäris-ä.
Biz öýümize gaýtdyk. Ertesi gün irden kiriş şol öňki ýerindedi. Üçülenji gün Jim ony aldy-da, kisesine dykdy. Şondan bäri-de, biz agajyň köweginde näme tapsak özümiziňki diýip hasaplap başladyk.

xxxxx

Ikinji klasda içgysmadan ýaňa ölmegiň mümkindi, ýöne Jim ýyl geçdigiçe gowulaşar diýip meni ynandyrmaga çalyşýardy, hamana ilki onuň bilen şeýle bolanmyş, ýöne men altynjy klasda käbir degerli zatlary öwrenjekmişim. Altynjy klas, megerem, oňa başdan başlap ýaran bolara çemeli, ol ilki bilen-ä az salym dowam eden müsür möwsümini başyndan geçirdi, ýagny birnäçe günläp tagta ýaly tekiz bolmak isläp, bir elini öňüne uzadyp, beýleki elinem arkasyna tutýardy-da, dähedem-dessem edilendäki dek, bir aýagynyň ökjesini beýleki aýagynyň burnuna degrip, gös-göni durýardy. Men bolsa onuň bolşuna agzymy öweldip, aňkaryp galýardym. Jim ähli gadymy müsürlileriň şeýle ýörändiklerine meni ynandyrmaga çytraşýardy. Men şonda oňa: „Olar şeýdip ýöremekden başga iş bir edip bildilermikä?“ diýdim. Jim bolsa maňa müsürlileriň amerikalylardan, ýagny bizden, has kän işleri edendiklerini, mysal üçin olaryň hajathana kagyzyny we ebedi balzamirlemegi oýlap tapandyklaryny, eger-de olar bolmadyk bolsa biziň nähili ýagdaýda boljakdygymyzy hatda göz öňüne-de getirip bilmeýändigini aýtdy. Attikus bu barada maňa: „Aýdylanlardan sypatlandyryjy sözleri aýyrsaň, umuman aýdylýanlar dogry bolup çykaýmagy-da ähtimal“ diýdi.
Günorta Alabamada ýylyň pasyllary beýle bir anyk däl, tomus dura-bara, assajadan güýze geçýär, kähalatlarda güýzden soň gyş düýbünden gelmeýär-de, bada-bat ýaz günleri gelip ýetýär, ondan

soňam ýene-de tomus başlaýar. Şol ýylky güýz uzak hem maýyl bolupdy, hatda galyňrak geýimleri geýmegem gerek bolmady diýen ýaly. Bir gezek, oktýabryň maýylganlyk gününde biz Jim bilen bilelikde tanyş ýol bilen gadam urup barýardyk welin, ýene-de agaçdaky köwegimiziň öňünde togtamaly bolduk. Bu gezek onuň içinde nähilidir birhili ak zat görünýärdi.
Jim bu gezek maňa hojaýynçylyk etmäge rugsat berdi welin, men tapyndymyzy çykardym. Bu iki sany, sabyndan ýasalan gurjajykdy. Biri oglanjygy şekillendirýärdi, beýlekisinde bolsa gyzjagazlaryň köýnegine çalymdaş bir zat bardy.
Men hatda jadygöýlügiň diňe ertekilerde bolýandygyny-da ýadyma salyp ýetişmänkäm, çygyrdym-da, şekiljikleri zyňyp goýberdim.
Jim olary haýdan-haý eline aldy.
-Sen näme, aklyňdan azaşdyňmy?-diýip ol maňa käýindi-de, gurjajyklaryň sary tozanyny süpürmäge durdy:-Seret, olar nähili eýjejik. Men bular ýalysyny hiç haçan görmändim.
Ol maňa şekiljikleri uzatdy. Olar iki sany çagajyga meňzeşjediler. Oglanjyk-kelte jalbarçaly, bir çogdum alyn saçlary gaşlaryna çenli dökülip dur. Men gabak astyndan Jimi synladym. Bir çogmak sarymtyl saç onuň maňlaýynyň üstüne sallanyp durdy. Öň men doganymyň keşbiniň bu aýratynlygyna düýbünden üns bermeýärdim.
Jim gurjajyk-gyzjagazdan nazaryny aýyrdy-da, maňa garady. Gurjajygyň maňlaý saçy sallanyp durdy. Meniňkem şeýle.
Jim:
-Bu biz-diýdi.
-Seniň pikiriňçe, olary kim ýasadyka?
-Biziň tanyşlarymyzdan kim şekiljik ýasap bilýär?
-Jenap Eýweri.
-Ol düýbünden başgaça edýär. Men: „kim şekiljikleri şeýle oňat edip ýasap bilýär?“ diýýärin.
Jenap Eýweri her hepdede bir äpet kesindini ýom-ýok edýärdi, ol mähnet kesindiden diş arassalanýan çöp ýonýardy-da, soňam şony çeýnäp gezip ýörýärdi.
-Ýene-de hanym Stiweni Kroufordyň „ýaş ýigidi“ bar-diýip men salgy berdim.
-Dogry, olar oňarýar, ýöne ol şäheriň daşynda ýaşaýar ahyry. Onuň bizi synlap ýörmäge wagty hem ýok.
-A belki-de ol eýwanda oturan ýerinden hanym Stiwenä seretmän, biziň ikimize seredýän bolaýmasyn. Onuň ýerine özüm bolan bolsam-a men hanym Stiwenä düýbünden seretmezdim.
Jim gözüni gyrpman maňa dikildi, onuň bolşy birsalymdan soň meniň ýüregime düşdi we men ondan näme bolýandygyny soradym, ol diňe „Hiç zat, Gözlüje“ diýdi. Öýmüzde ol gurjajyklary özüniň sandyjagynda gizledi.
Şondan soň iki hepde geçip-geçmänkä biz köwekden tutuş bir guty sakgyç tapdyk-da, sapy çykýança ondan lezzet alyp başladyk. Jim bolsa näme üçindir Redlileriň ähli zadynyň zäherlidigini unudan ýalydy.
Ýene-de bir hepdeden soň köwekden öwüşgini solan nyşan çykdy. Jim ony Attikusa eltip berdi welin, Attikus bu nyşanyň sowatlylyk üçin berlen hormatly nyşandygyny, biz dünýä inmezimizden öň Meýkomb okrugynda kimiň hemmelerden gowy ýazýandygyny kesgitlemek üçin bäsleşikleriň geçirilip, ýeňijilere şeýle nyşan berlendigini aýtdy. Ýene-de Attikus: „megerem ony goňşularymyzyň biri ýitirendir“ diýip, biziň bu barada goňşularymyza ýüz tutandygymyzy sorady. Men ýaňybir ony nireden tapandygymyzy düşündirmekçi bolupdym welin, Jim meni depip goýberdi. Soňra bolsa Attikusdan: „şeýle nyşanlary kimleriň alandygy ýadyňa düşmeýärmi?“ diýip sorady. Attikusyň ýadyna düşmeýän ekeni.
Ýene-de dört günden soň tapylan tapyndy bolsa hemmesinden gowusy bolup çykdy, zynjyryna alýumin çakgyjyk berkidilgi zynjyrlyja jübi sagady. Ol abat däl ekeni.
-Jim, seniň pikiriňçe, bu ak altynmyka?
-Bilemok. Attikusa görkezeli.
Attikus: „Eger-de sagat täze bolan bolsady, onda zynjyry hem çakgyjygy bilen, megerem on dollar dagy bahasy bolardy“ diýdi. Soňam:
-Sen kimdir biri bilen mekdepde alyş-çalyş etdiňmi?-diýip sorady.
-Ýok, ýok, jenap!-diýip Jim kisesinden atamyň sagadyny çykardy. Attikus ol sagady Jime hepdede bir gezek götermäge, ýöne örän seresaplyja götermäge berýärdi, onsoň Jim şol gün sagat däl-de özi aýnadan ýasalan ýaly bolup gezýärdi:-Attikus, eger-de sen garşy bolmasaň, gowusy men şu sagady alaýaýyn-la. Belki men ony bejererin.
Haçan-da Jim atamyň sagadyna öwrenişenden soňra, ol sagadyň üstünde uzakly gün titräp ýörmek onuň ýüregine düşüpdi, onsoňam indi her pursatda sagadyň näçe bolandygyny görmek üçin olary salyp-çykaryp durmagyň hajaty ýokdy. Hemme görmeli adamlar onda jübi sagadyň bardygy görüpdiler we oňa geň galmaklaryny hem-de bahylçylyk etmeklerini bes edipdiler.

Ol örän çakganlyk bilen tapan sagadyny sökdi we düzdi, diňe ýekeje ýaýjyk hem-de iki sanyjak kinniwanja tekerjik yzyna sygmady, emma barybir sagat işlemedi.
-Owf!-diýip ol uludan demini aldy:-Hiç paşmaýar. Diňle, Gözlüje...
-Hä?
-Belki, bu zatlary goýýan adama hat ýazmak gerekdir?
-Ine, munyň bolýar, Jim, biz oňa taňryýalkasyn aýdarys... aý oglan, saňa näme bolýar-a?
Jim elleri bilen gulaklaryny ýapdy-da, başyny ýaýkaşdyrdy.
-Düşünemok, hiç zada düşünemok... Özümem düşünemok, Gözlüje...-diýip Jim myhman otagymyza tarap gözüniň gyýtagy bilen ümledi:-Belki, Attikusa aýtmalydyr...Ýok, ýok, gerek däl.
-Gel, men aýdaýyn.
-Ýok, gerek däl. Diňle, Gözlüje...
-Ýeri näme?
Tutuş gije onuň maňa nämedir bir zatlary aýdasy gelip dili gijäp durdy, ol birden-ä gözlerini ýaldyradyp maňa tarap öwrülýärdi, birdenem pikirini üýtgedýärdi. Bu gezegem pikirini üýtgetdi:
-Äý ýok-la, hiç zat-la.
-Gel, gowusy hat ýazaly-diýip men kagyz bilen galamy onuň burnunyň astyna dykdym.
-Ýeri bolýar, „Gadyrly jenap...“
-A sen onuň erkek kişidigini nireden bilýärsiň? Jedel edeli, bu hanym Modididir... Men munuň şoldugyny öňdenem bilýärdim.
-Äý goýsan-aý! Hanym Modi sakgyç çeýnemeýär!-diýip Jim ýyrşaryldy:-Wah, ýöne dogry, ol kähalatlar şeýlebir gepleýär welin, edil ýöne hoşuňa gelýär. Bir sapar men oňa sakgyç hödür etdim, ol bolsa maňa: „Ýok, sag bol, sakgyç bogazyňa ýelmeşýär, onsoň dil-siz-a-gyz-syz bolup galaýýarsyň! Muňa sered-ä, bu söz nähili owadan eşidilýär-ä, dil-siz-a-gyz-syz!
-Hawa-la, ol kämahallar şeýlebir owadan gürleýär. Ýöne senem dogry aýdýarsyň, sagady we zynjyrjygy ol nireden alsyn.
„Gadyrly, jenap“ diýip Jim hekaýa ýazan ýaly düzüp başlady: „Biz size biziň üçin köwege goýan ähli zatlaryňyz üçin örän minnetdardyrys. Sizi çäksiz hormatlamak bilen Jeremi Attikus Finç“.
-Eger-de sen şeýle diýip gol çekseň, ol muny seniň ýazandygyňy bilmez.
Jim özüniň doly adyny bozdy-da, diňe „Jim Finç“ diýip gol çekdi. Onuň adynyň aşagyndan bolsa men öz golumy çekdim: Jin Luiza Finç (Gözlüje). Jim haty bukja saldy.
Ertesi gün irden biz mekdebe barýarkak, ol menden ylgap öňe geçdi-de, biziň bagymyzyň aşagynda saklandy. Ol maňa tarap ýüzüni öwrüp durşuna köwege seredýärdi. Men onuň duw-ak bolup agarandygyny gördüm.
-Gözlüje!!
Men ylgap bardym.
Kimdir biri biziň köwegimizi sement bilen ýapypdyr.
-Aglamasana, Gözlüje, ýeri bolýar-la, beýtmesene...ýeri aglamasana, gerek däl-le, eşidýäňmi...-diýip ol tä mekdebe barýançak gaýtalady bardy.
Haçan-da biz öýmüze ertirlik edinmäge gelenimizde Jim yzyndan ýagy kowalaýan dek çaltlyk bilen öňündäki ähli zady şapyr-şupur etdi-de, eýwana ylgap çykyp, basgançagyň ýokarkysynda sägindi. Men onuň yzyndan çykdym.
Ol:
-Heniz gelmedi-diýdi.
Ertesi gün Jim ýene-de garawullap başlady. Bu gezek onuň zähmeti köýmedi.
Ol:
-Salawmaleýkim, jenap Natan!-diýdi.
-Salam, Jim hem-de Jin Luiza-diýip jenap Redli ädimini haýallatman jogap gaýtardy.
-Jenap Redli...-diýip Jim oňa ýüzlendi.
Jenap Redli yzyna gaňryldy.
-Jenap Redli,...siz...hol agaçdaky köwegi siz sement bilen ýapdyňyzmy?
-Hawa. Men oňa dyky dykdym.
-A näme üçin, jenap?
-Agaç gurap barýar. Haçan-da agaçlar kesellese olary sement bilen bejerýärler. Muny saňa bilmek gerek, Jim.
Şondan soň Jim uzakly gün bu barada geplemedi. Haçan-da biz öz bagymyzyň deňesinden ötüp barýarkak ol çuň oýa batyp semente aýasy bilen kakyşdyrdy, soňam nämedir bir zat barada tükeniksiz oýlanmagyny dowam etdi. Onuň keýpiniň pursatsaýyn erbetleşýändigi göz-görteledi, şonuň üçinem men ondan daşrakda gezýärdim.
Agşamara biz hemişekimiz ýaly işden gelýän Attikusy garşy almaga çykdyk. Eýwanymyza golaýlanymyzda Jim:

-Attikus, şol agaja seretsene-diýdi.
-Haýsyna?
-Redlileriň mellegindäki, hol, mekdebe golaý duranyna.
-Görýärin, ýeri näme?
-Ol gurap barýarmy?
-Ýok, näme üçin? Seret, ýapraklary ýaşyl, gür, hiç ýerde saralyp-solmandyr...
-Bu agaç keselli hem dälmi?
-Ol edil seniň ýaly sagat, Jim. Ýöne sen muny näme üçin soraýarsyň?
-Jenap Redli, şol agaç gurap barýar diýip aýtdy.
-Belki, şeýle bolmagy-da ahmal. Megerem jenap Redli öz agaçlarynyň ýagdaýyny biziň ikimizden gowy bilýän bolsa gerek.
Attikus öýe girip gitdi, biz bolsa eýwanda galdyk. Jim sütüne söýendi-de, oňa egni bilen süýkenip başlady.
-Jim, seniň arkaň gijeýärmi?-diýip men başardygymdan sypaýyçylyk bilen soradym. Ol jogap bermedi welin, men ýene-de üstüne goşdum:-Ýör, öýe gireli?
-Soň bararyn.
Ol tä mazaly garaňky gatlyşýança eýwanda durdy, menem oňa garaşdym. Haçan-da biz öýmüze girenimizde men onuň ýaňy-ýakynda aglandygyny gördüm, onuň ýüzünde, bolmaly ýerinde joýa-joýa gözýaş yzlary bardy, ýöne men daşarda durkak näme üçindir onuň aglaýandygyny eşitmändirin.

xxxxx

Meýkomb okrugynyň iň öňden görüji welilerine-de düşnüksiz bolan sebäplere görä, şol ýyl güýzden soň duýdansyz gyş geldi. Iki hepdeläp şeýlebir sowuk boldy welin, Attikusyň aýtmagyna görä beýle aýaz 1885-nji ýyldan bäri bolmanmyş. Jenap Eýweri: „Rozett daşynda ýazylgy: haçan-da çagalar ene-atalaryna gulak asmasalar, çilim çekseler we uruşsalar, howa zaýalanýarmyş“ diýdi. Hamana Jim ikimiziň boýnumyzdan agyr ýazyk asylgymyş, biz tebigatyň aklyny çaşyranmyşyk we seýle etmek bilenem ähli goňşularymyzyň başyna musallat inderip, öz-özümize-de zelel ýetirenmişik.
Şol gyş garry hanym Redli amanadyny tabşyrdy, ýöne onuň ölümi birhili hiç kime bildirmän geçip gitdi, sebäbi meniň göwnüme bolmasa goňşularymyz hanym Redlini diňe ol öz güllerini suwlaýan mahaly görýän bolmaklary ähtimal. Biz Jim bilen öz ýanymyzdan Betnyşanyň ahyrsoňy onuň ahmalyna garap alandyr diýip çakladyk, ýöne Redlilere baryp gelen Attikus biziň çensiz-çaksyz lapykeçligimize: „ýok, ol tebigy ölüm bilen amanadyny tabşyrypdyr“ diýdi.
-Ondan sora!-diýip Jim maňa pyşyrdady.
-Seniň ýaşyň uly, özüň soraber.
-Şonuň üçinem sen sora-da.
Men:
-Attikus-diýdim:-sen jenap Artury gördüňmi?
Attikus gazetiň ýokarysyndan maňa agras äňetdi:
-Ýok, görmedim.
Jim maňa mundan beýläk soraşdyrmaga mümkinçilik bermedi. Ol: „Attikus entegem Betnyşanlara eden ýörişimizi ýadyndan çykarmady, şonuň üçinem, gel gowusy bu barada birsellem dymaly“ diýdi. Ýene-de Jimiň göwnüne bolmasa Attikus şol tomusky gijede ähli zadyň diňe eşik çykaryşmak şertli humar oýny bilen bagly bolmandygyny güman edýän ýaly bolup görünýärdi. Jim özünde beýle pikir etmäge hiç hili esasyň ýokdugyny, ýöne özüniň muny durky-düýrmegi bilen duýýandygyny-da aýtdy.
Irden men oýandym-da penjireden garadym welin, tasdanam gorkudan ýaňa janym çykýardy. Men şeýlebir çirkin çygyrdym welin, hammamdan Attikus ýaňaklaryna sabyn çalyngylygyna ylgap geldi.
-Ahyrzaman! Attikus, biz indi näme ederis?
Men ony penjirä garşy süýredim.
Attikus:
-Bu ahyrzaman däl-diýdi:-Bu wagt gar ýagýar.
Jim bu uzak şeýle bolarmy diýip sorady. Ol hem hiç wagt gar görmändir ekeni, ýöne onuň nähili bolýandygyny welin bilýän ekeni. Attikus özüniň gar barada Jimden köp bilmeýändigini aýtdy.
-Ýöne, eger-de ol şu wagtkysy ýaly çygly, öljümek bolsa ýagşa öwrülermikä diýip pikir edýärin.
Biz ertirlik edinip otyrkak jaň geldi welin, Attikus saçak başyndan turdy. Soňra yzyna dolanyp gelip:
-Ýula Meý jaň etdi. Sözme-söz aýdýaryn: „Meýkomb okrugynda bir müň sekiz ýüz segsen bäşinji ýyldan bäri gar ýagmandygy zerarly, mekdepde bu gün sapak ýok“.
Ýula Meý biziň şäherimiziň baş aragatnaşykçysydy. Ol hemişe dürli wajyp habarlary, toýa çakylyklary, ýangynlary yglan edýärdi we lukman Reýnoldsyň ýok wagty ilkinji lukmançylyk kömegini nädip bermelidigini maslahat berýärdi.

Haçan-da Attikus ahbetin bize rahatlanmagy we penjirä däl-de öňümizdäki tabaklarymyza seretmegi buýranda, Jim oňa sowal berdi:
-Gar adamsyny nädip ýasamaly?
Attikus:
-Jinnek ýaly-da düşünjäm ýok-diýdi:-Men dogrusy sizi gynandyrmaga dözemogam welin, ýöne men gar belli-külli gar tokgasyna-da ýeterlik bolmaz öýdüp gorkýaryn.
Şol wagt Kelpurniýa gelip girdi we göräýmäge eremeýän ýaly diýip habar berdi. Biz ylgaşyp howla çykdyk. Ol öljümek garyň ýeňiljek gatlagy bilen örtülendi.
Jim:
-Onuň üstünden ýoremek gerek däl-diýdi:-beýtseň ol bihuda ýitip gidýär.
Men ýeňsäme gaňryldym. Biziň geçen ýerimizde gar eräp aýak yzlary galýardy. Jim garaşmagyň gerekdigini, gar has köpräk gaçandan soň bolsa biziň onuň hemmesini bir ýere toplap, gar adamsyny ýasajakdygymyzy aýtdy. Men dilimi mymyjak tozgalara garşy uzatdym. Olar agzyňy ýakyp gelýärdiler.
-Jim, gar gyzgyn!
-Ýok, ol ýöne şeýlebir sowuk welin, hatda ýakyp barýar. Ony iýme, Gözlüje, biderek ýere sarp etme. Goý, ýere gaçybersin.
-Meniň bolsa onuň üstünden gezmeläsim gelýär.
-Hä, tapdym! Ýör, hanym Modiniň howlusynda gezmeläp geleli.
Şeýle diýdi-de Jim howlymyzyň içinden bökjekläp gitdi. Menem onuň galdyran aýak yzlaryna basmaga dyrjaşyp, yzyndan eňdim. Hanym Modiniň jaýynyň gabat-garşysynda, pyýada ýodasynda biziň ýanymyza jenap Eýweri geldi. Onuň ýüzi bägül reňkdi, guşagynyň astyndan bolsa alaň ýaly güberilen garny öňe çykyp durdy.
Ol:
-Ine, görýärsiňizmi, siz näme etdiňiz?-diýdi:-Meýkombda atam döwründen bäri gar ýagmandy. Howa bulaşýar, bu zatlaryň ählisi-de garagol çagalar sebäpli bolýar.
Men pikir etdim: „Belki, jenap Eýweri, biziň öten tomus, özüniň tomaşasyny gaýtalamagyna nähili garaşandygymyzy aňandyr?“ Onda näme, eger-de gar bize temmi bermek üçin ýagýan bolsa, onda gowusy garagolluklary köpräk etmek gerek öýdýän. Jenap Eýweriniň özüniň meteorologiýa maglumatlaryny nireden alýandygy barada bolsa men asla kellämi agyrtmaýardym, elbetde gönüden-göni Rozett daşyndan alýan bolsa gerek.
-Jim Finç, a-ýuw Jim Finç!
-Jim, seni hanym Modi çagyrýar.
-Ikiňiz hem howlynyň ortasyndan ýöräweriň-uw! Meniň eýwanyň öňündäki gülleri gar basypdyr, hüşgär boluň, olary basgylaýmaň!
-Depelemeris!-diýip Jim jogap berdi:-Bu owadan ahyry, hanym Modi, şeýlemi?
-Gümüne gitsin-le, bu owadanlyk! Eger-de agşam aýaz gelse, meniň güllerimiň işi gaýdar!
Hanym Modiniň gyralary giň, köne sypal başgabynyň erňeginde gar tozgajyklary ýyldyraşýardylar. Ol haýsydyr bir gülüniň düýbüniň üstüne eglip, onuň daşyna boş halta çolaýardy. Jim muny näme üçin edýändigini sorady.
-Olaryň üşemezligi üçin!-diýip hanym Modi jogap berdi.
-Güller nädip üşesin? Olaryň gan aýlanyşy ýok ahyry?
-Men muny saňa düşündirib-ä bilemok, Jim Finç. Ýöne men bir zady bilýärin, eger-de agşam aýaz bolsa, güller doňar, şonuň üçinem men olaryň daşyny dolaýaryn. Düşnüklimi?
-Hawa, hanym. Hanym Modi...
-Hawa, jenap?
-Mümkinmi, biz Gözlüje bilen sizden gar karzyna alsak bolmazmyka?
-Eý Hudaý-eý, baryny alyňsana! Hanha, eýwanyň aşagynda erikden boşan köne sebet bar, şony dolduryň-da, daşaberiň-diýip hanym Modi gözüni süzdi:-Jim Finç, ýogsa-da sen meniň garymy näme etmekçi bolýarsyň?
-Ine görersiňiz!-diýip Jim jogap berdi. Onsoň biz iki bolup hanym Modiniň howlusyndan öz howlumyza daşap bilen garymyzy daşadyk. Bu örän öl hem palçykly iş boldy.
-Indi näme, Jim?-diýip men soradym.
-Ine görersiň!-diýip ol jogap berdi:-Sebedi al-da, öýümiziň arkasyndaky howludan bärik ýygnap bilen garyňy çek. Özüňem seret, biderek ýere gary basgylamagyn-da, diňe öňki basan ýeriňe basyp gezgin.
-Biziň kiçijik gar adamjygymyz bolarmy?
-Ýok, hakyky, uly gar adamsy. Hany, bol başla, işimiz kän entek.
Jim arka ýüzdäki howla ylgap gitdi-de, dyrmygy alyp gelip, örülgi odunlaryň aňyrsyndaky ýeri çalt-çaltdan gazyp, bir ýere üýşürip ugrady, arasyndan ýagyş gurçuklaryny çöpleşdirip bir gapdala zyňdy.

Soňra öýe ylgap gitdi-de, ýuwulmaly eşikler goýulýan uly sebedi getirip, ony toprakdan püre-pür edip, öýümiziň öňündäki bagjagaza süýräp ugrady.
Haçan-da biz ol ýere bäş sebet toprak bilen iki sebet gar eltenimizden soň Jim indi başlasagam bolar diýdi.
Men:
-Bu-la hapa-palçyk bolýar-diýdim.
-Bu häzir hapa-palçyk, soň bolsa gowy bolar-diýip Jim jogap berdi.
Ol toprakdan tokgalap uly logala ýasap ugrady, onuň üstünde bolsa ikinjisini ýasady, soňa palçyk ýelmäp ulaldyberdi-ulaldyberdi welin, gar adamsynyň göwresi taýyn bolaýdy.
-Jim, gara reňkli gar adamlary bolýarmyka bir?-diýip men sowal berdim.
-Soň ol gara reňkli bolmaz-diýip Jim hüňürdedi.
Ol gitdi-de jaýymyzyň arka tarapyndan erik çybyklaryny alyp geldi, olaryň birnäçesini çilşirip ördi-de, egreltdi welin, gar adamsynyň süňkleri emele geldi, indi diňe olary toýun bilen suwaýmak galdy.
Men:
-Bu hanym Stiweni Krouford-diýdim:-Öz-ä semiz, elleri bolsa inçejik.
-Häzir galyňrak ederin-diýip Jim palçykdan adamyň üstünden suw guýup ýene-de oňa palçyk ýelmeşdirdi. Eden işini synlap durşuna, biraz oýlandy-da, bilinden aşakda öňe çykyp duran garyn ýasady. Soňra maňa tarap garanda, onuň gözleri lowurdap durdy:-Jenap Eýweri, gar adamsyna çalymdaş ahbetin?
Soňra ol bir gysym gar aldy-da, palçyk adamsynyň daşyna ýelmeşdirip başlady. Maňa ol diňe palçyk adamsynyň arka tarapyna gar ýelmemäge rugsat berdi, öňündäki görünýän tarapyny bolsa tutuşlygyna onuň özi owadanlady.
Jim gar adamsynyň gözleriniň, burnunyň, agzynyň ýerine çöp dykyşdyrdy, oňa ilik ýelmedi welin, jenap Eýweriniň ýüz-keşbi örän hyrsyzlandy. Şekiliň has doly bolamgy üçin onuň eline odun bölegini berdik. Jim bir ädim yza tesdi-de öz döredijiliginiň miwesini birlaý gözden geçirdi.
Men:
-Edil diri ýaly!-diýdim:-Bu nähili ajaýyp boldy, Jim!
-Dogrudanam erbet dälmi?-diýip Jim uýaljaň ýylgyrdy.
Biz Attikusyň günorta naharyna irikgä bolup garaşyp başladyk, hatda kazyýete jaň edip, onuň üçin sowgat taýynlandygymyzy hem aýtdyk. Ol işden geldi. Megerem, biziň jaýyň arka ýüzündäki ähli gumy öýümiziň öňüne daşandygymyza geň galan bolara çemeli, ýöne biziň örän gowy işländigimizi aýtdy.
Ol:
-Men seniň gar adamsyny nämeden ýasajakdygyňy, dogrusy, göz öňüne-de getirip bilmeýärdim-diýdi:-ýöne, indiden beýläk men, ogul, seniň üçin alada galman hem bilerin, sen hemişe näme-de bolsa bir zatlar oýlap taparsyň.
Bu öwgüden ýaňa Jimiň gulaklaryna çenli gyzaryp gitdi, ýöne welin, Attikus bir ädim yza tesdi-de, ünsüni bir ýere jemledi. Ol çyny bilen gar adamsyny synlady. Soň şadyýan ýylgyrdy, soň gülüp başlady.
-Senden, ogul, näme çykjagyny-ha bilemok, inženermi, aklawjymy ýa-da suratçy, ýöne häzir welin, meniň pikirimçe, seni jemagat masgaralamasy üçin jogapkärçilige çekmek welin, bolarmyka diýýärin. Göwnüme bolmasa, bu gardaşyň daş keşbiniň käbir täsirli alamatlaryny ýaşyrmak gerek ýaly bolup dur.
Şeýle diýdi-de Attikus gar adamsynyň pökgüje garnyny biraz kiçeltmegi hem-de onuň eline odun bölegine derek sübse bermegi we öňüne öňlük dakmagy teklip etdi.
Jim eger-de şeýle edilse onda ýene-de gar adamsy däl-de palçyk adamsy boljakdygyny düşündirdi.
Attikus:
-Onda başgaça et-dä, ýöne muny şu ýagdaýda-ha goýup bolmaz-diýdi:-Sende goňşularymyzyň gülkünç şekillerini ýasamaga hukuk ýok ahyry.
Jim:
-Bu gülkünç şekil däl-diýdi:-Jenap Eýweri hakykatdanam şeýle ahyry.
-Jenap Eýweriniň seniň bilen ylalaşmazlygy mümkin.
Jim:
-Tapdym!-diýdi.
Ol ylgap köçäni kesip geçdi-de, hanym Modiniň jaýynyň ýeňsesine aýlandy. Göz açyp-ýumasy salym geçip-geçmänkä-de öz-özünden razy hem buýsançly halda dolanyp gelip, hanym Modiniň giň meýdanly sypal başgabyny gar adamsyna geýdirdi, eplengi eline bolsa bagbançylyk gaýçysyny gysdyrdy. Attikus: „Ine munyň ajaýyp“ diýdi.
Hanym Modi öz öýünden çykdy-da, eýwanynda durdy. Köçäniň üstaşyr siňe-siňe seretdi. Birdenem ýylgyrdy.

-Wah, sen, Jim Finç, wah sen garagolja melgunjyk!-diýip ol gygyrdy:-Meniň başgabymy bärik getirip beriň, jenap!
Jim Attikusa tarap garady. Attikus başyny ýaýkady-da:
-Ol muny çyndan aýtmaýar-diýdi:-Ol ýöne seniň zehiniňe...ýeri, nähili aýtsamkam...aňk bolup galdy.
Attikus köçeden geçdi welin, hanym Modi ikisi nämedir bir zat barada ellerini galgadyşyp şüweleňli gürrüňe başladylar. Men diňe olaryň:
-...howluda tüýs hakyky mofroditi goýmak! Sen olara ýagşy-da bir terbiýe berýän ekeniň, Attikus!
Gündiz gar ýagmasyny bes etdi, agşamara sowuk düşdi, gije bolsa jenap Eýweriniň iň erbet welilikleri durmuşa geçip başlady. Kelpurniýa arasyna maý salman öýdäki ähli peçlere odun salýardy, emma biz barybir üşeýärdik. Giç agşam Attikus biziň işlerimiz-ä erbet öýdýän diýdi we Kelpurniýadan onuň bu gije belki bizde galmagy gowy bolar diýip sorady. Kelpurniýa bolsa äpet penjireleri, belent üçegi gözden geçirdi-de, megerem öz öýünde muňa garanyňda has ýylyrakdygyny aýtdy. Attikus ony öz ulagynda öýüne äkitdi.
Uklamazymdan öň Attikus meniň otagymdaky peje kömür salyşdyrdy. Ol megerem bu mahal on bäş gradus sowuk dagy bar öýdýän, tutuş ömrüme beýle sowugy görmändim, gar adamsy bolsa tutuş doňup galypdyr diýdi.
Meniň göwnüme bolmasa sähelçe wagt geçen ýalydy welin, birdenkä kimdir biriniň meniň egnimden silkeleýändigini gördüm. Men oýandym-da, ýorganymyň gyrajygyndan jyklanymda Attikusyň paltosyny gördüm.
-Eýýäm gün dogdumy näme?
-Hany körpejäm, tursana.
Attikus maňa özümiň hammam haladymy hem-de paltosyny uzatdy.
Ol:
-Ilki halady geý-diýdi.
Attikusyň ýanynda Jim durdy, onuň üsti-başy sallam-sajakdy we özi-de ukudan açylyp bilmän iki-ýana çaýkanýardy. Ol bir eli bilen ýakasyny saklaýardy, beýleki eli bolsa jübüsine salyngydy. Ol näme üçindir, nähilidir birhili çişikdi.
Attikus:
-Bahymrak, bol körpeje,-diýdi:-Ine seniň jorabyň we köwşüň.
Men hiç zada düşünmedim, ýöne köwşümi aýagyma sokdum.
-Eýýäm irdenmi?
-Ýok, ýaňy bir sagat iki boldy. Hany, çaltrak bolsana.
Ahyry meniň aňyma ýetdi, nämedir bir zatlar gopupdyr.
-A näme boldy?
Ýöne eýýäm maňa düşündirmek gerek däldi. Edil guşlaryň ýagyşdan gizlenmek pursadynyň gelip ýetendigini duýuşlary ýaly menem öz köçämize haýsydyr bir betbagtlygyň gelendigini syzdym. Men nähilidir birhili ýüpeksöw şygyrdyny, şatyrdyny, tutuksy başagaýlygy eşitdim. Meniň göwnüme wehim aralaşdy.
-Bu kimlerden gelýär-ä?
Attikus:
-Hanym Modilerden, körpeje!-diýdi.
Eýwandan biz hanym Modiniň aşhanasynyň penjirelerinden çabrap ýalyn çykýandygyny gördük. Edil şol wagtam biziň öz gözlerimiziň görýänine bahymrak ynanmagymyzy isleýän ýaly şäheriň depesinde ýangyn söndürijileriň ýaňy barha inçelip, çirkinleşip ýaňlanyp gitdi, özi-de wagty bilen bes etmedi.
-Hemme zat ýanarmy?-diýip Jim naýynjar sorady.
Attikus:
-Megerem-diýdi:-Indi bolsa şeýle. Ikiňiz hem Redlileriň jaýynyň ýanyna baryň-da şol ýerden butnamaň. Özüňizem aýak astyna çolaşyp ýörmäň, eşidýäňizmi? Görýäňizmi, ýel haýsy tarapdan öwüsýär?
Jim:
-O-ho-how!-diýdi:-Attikus, belki eýýäm goş-golamlary çykarmagyň wagty gelendir?
-Entek ir. Meniň tabşyranymy ediň. Hany, boluň, ylgaň! Jim, uýaňa göz-gulak bol, eşidýärmiň? Ony özüňden ýeke ädimem goýberäýmegin!
Şeýle diýdi-de Attikus bizi Redlileriň derwezesine tarap itdi. Biz bolsa duran ýerimizden aňalyp durduk, biziň köçämiz barha köpelýän adamlardan hem ulaglardan ýaňa daralýardy, ot bolsa sessiz-üýnsüz hötjetlik bilen hanym Modiniň öýüni ýalmap-ýuwudýardy.
-Ýeri olar näme üçin beýdip uzak güýmeň-süýmeň edip ýörkäler, näme üçin güýmeň-süýmeň edýärkäler...-diýip Jim hümürdeýärdi.
Emma Jim beýle diýse-de biz olaryň näme üçin haýal-ýagallyga ýol berýändiklerine düşünýärdik.

Ýangyn söndürijileriň köne ulagy sowukda otlanmaýardy, şonuň üçinem adamlar hümer bolup ony ellerini diräp, köçäniň ugry bilen itekläp gelýärdiler. Haçan-da şlangany suw nokadyna birikdirenlerinde ol suwuň basyşyna çydaman ýyrtyldy-da, batly suw çüwdürimi ýokaryk atylyp gidip, köçäni öl-myžžyk etdi.
-Waý, Jim!
Jim meniň egnimden gujaklady.
-Ýuwaş, Gözlüje. Tolgunmaga howlukma. Haçan tolgunyp başlamalydygyny saňa özüm aýdaryn. Meýkombyň ýaşaýjylary, belli bir derejede geýimli hem ýarym-ýalaňaç ýagdaýda hanym Modiniň goş-golamlaryny köçä daşaýardylar. Attikus dubdan ýasalan agyr sallançak-kürsüni süýräp gelýärdi, men şol bada kakam nähili akylly diýip pikir etdim, sebäbi ol hanym Modiniň ähli zatdan beter gowy görýän zadyny ýalnyň ýalmawuz deminden halas etmek bilen meşguldy.
Käte-käte niredendir bir ýerde gykylyk gelýärdi. Soňra üçegiň aşagyndaky otagjygyň penjiresinde jenpa Eýweri peýda boldy. Ol penjireden ýassygy zyňyp goýberdi-de, soňam, tä hemmeler aşakdan gygyryşýançalar ýassygyň üstüne dürli goş-golamlary oklaşdyryp ugrady.
-Aşak düşüň, Dik! Basgançak ýanýar! Ol ýerden gidiň, jenap Eýweri!
Jenap Eýweri penjireden çykyp başlady.
-Sygmaýar...-diýip Jim demini daşyna üfledi:-Wah, Gözlüje...
Jenap Eýweri öňe-de, yza-da süýşüp bilmeýärdi. Men Jimiň goltugynyň aşagyna kellämi sokdum-da gözleri mäkäm ýumdum. Soň Jim gygyrdy:
-Ol çykdy, Gözlüje! Ol diri!
Men kellämi galdyrdym. Jenap Eýweri eýýäm ikinji gatyň eýwançasyna geçen ekeni. Ol eýwançanyň germewinden aýagyny aşyrdy-da, direlgi duran pürsüň üsti bilen aşaklygyna syrylyp gaýtdy, ýöne pürsüň üstünde saklanyp bilmän ala-gykylyk edip, hanym Modiniň gülleriniň arasyna gaçdy.
Şol pille-de men adamlaryň hanym Modiniň jaýyndan biziň jaýymyza tarap götin-götin süýşýändiklerini aňşyrdym. Eýýäm hiç kim ýalnyň içinden goş-golamlary çekip çykarmaýardy. Ýalyn ýokarky gaty hem gabsap alyp, üçegiň astyna ýetipdi, penjireler hüýt-gara bolupdy, olardan görünýän jaýyň içi bolsa şeýlebir ýiti mämişi reňk bilen öwşün atýardy.
-Jim, hakykatdanam, hemme zat edil kädi ýaly çyparmy?
-Seret, Gözlüje!
Biziň jaýymyz bilen hanym Reýçeliň jaýyndan, edil derýadan göterilýän ümür ýaly goýy tüsse burugsap çykyp ugrady, adamlar eýýäm ol jaýlara tarap şlanga çekýärdiler. Biziň ýeňsämizden ýangyn söndürijiniň ýaňy gygyryp geldi, köçäniň öwrüminden Ebbotswilden gelen ýangyn söndürijileriň ulagy göründi, ol gelşine biziň jaýymyzyň deňesinde togtady.
Men:
-Kitabym...-diýdim.
-Haýsy kitap?-diýip Jim sorady.
-Tom Swift baradaky, ol meniňki däl-de Dilliňkidi...
-Tolgunmaga howlukma, Gözlüje!-diýip Jim maňa barmagy bilen görkezdi:-Seret bakaly!
Goňşularyň arasynda ellerini paltosynyň kisesine sokup Attikus durdy. Onuň bolup durşy, göýä ol futbol oýnuna tomaşa edýän ýalydy. Onuň gapdalynda hanym Modi durdy.
Jim:
-Görýäňmi, häzirlikçe ol tolgunmaýar!-diýdi.
-Ol näme üçin üçege münmändir?
-Ol juda garry, ol üçege münse ýykylyp boýnuny döwer.
-Belki oňa goş-golamlarymyzy daşap başlamaly diýip aýdarys?
Jim:
-Oňa bu mahal süýkenme, haçan daşap başlamalydygyny onuň özem bilýändir-diýdi.
Ebbotswiliň ýangyn söndürijileri biziň jaýymyza suw sepip ugradylar. Üçegimizde duran kimdir biri olara nirä ilkinji nobatda suw sepmelidigini görkezýärdi. Biziň Iň Hakyky Mofroditimiz bolsa gurumdan ýaňa şar-gara bolup, bir gapdala ýykylypdy, hanym Modiniň sypal başgaby bolsa şol durşuna hapa üýşmeginiň üstünde ýatyrdy. Bagbançylyk gaýçysy bolsa görünmeýärdi. Hanym Modi bilen hanym Reýçeliň öýleriniň we biziň öýümiziň arasynda şeýlebir gyzgyndy welin, hemmeler birmahal hammam halatlaryny, paltolaryny çykaryp taşlap, ýatyş geýimlerinde hem-de jalbaryň içine dykylan gije geýilýän uzyn köýneklerinde işleýärdiler. Men bolsa şol bir duran ýerimde gymyldy-hereketsiz durandygym sebäpli doňup galypdym. Jim meniň egnimden gujaklap endamymy gyzdyrmaga çalyşýardy, ýöne bu maňa kömek etmeýärdi. Men onuň gujagyndan dyzap sypdym-da, iki elim bilen özümi gujakladym. Duran ýerimde bökjekläp başlanymdan soň, aýaklarym biraz ýylady.
Ýene-de bir ýangyn söndüriji ulag gykylyk turzup gelip, hanym Stiweni Kroufordyň öýüniň deňesinde saklandy. Suw nokady ýekeje bolandygy zerarly olaryň şlangasyny birikdirip suw alara ýer ýokdy, şonuň üçinem olar elde göterilýän ýangyn söndürijiler bilen hanym Stiweniň öýüne suw sepip

ugradylar.
Hanym Modiniň demir örtülen üçegi ýangynyň ýoluna böwet boldy. Onuň jaýy ala-goh turzup ýere çökende, çar tarapa uçgun syçrap gitdi. Goňşy üçeklerdäki adamlar ýanýan közleriň üstüne ýorgan-beýleki bilen topuldylar.
Diňe daňyň düýbi çyzylandan soň hemmeler ýuwaş-ýuwaşdan öýli-öýüne dagap başladylar. Meýkombyň ýangyn söndüriji ulagyny itip yzyna äkitdiler. Ebbotswiliňki özi gitdi, üçünji ulag bolsa galdy. Gündiz biz bildik, ol mundan 60 mil daşlykdaky Klerk Ferriden gelen ekeni.
Biz Jim bilen assajadan mytdyldap köçeden geçdik. Hanym Modi özüniň howlusynyň ortarasynda tüsseläp duran gap-gara çukura seredip durdy, Attikus bize gözüniň gyýtagyny aýlady-da, başyny ýaýkady, diýmek biz oňa lak atmaly däldik. Ol bizi öýe alyp ugrady, özi bolsa ýöräp barşyna biziň egnimizden ýapyşýardy, sebäbi köçe tyrpançakdy. Ol hanym Modiniň birsellem hanym Stiweniňkide ýaşajakdygyny aýtdy. Soňra sorady:
-Kim gyzgynjak kakao içýär?
Ol aşhanada ot ýakýança men sowukdan ýaňa gagşadym oturdym.
Biz kakao içip başladyk, şol wagtam Attikus maňa geň galyp seretdi, soňra onuň gözleri nägilelikden doldy. Ol:
-Göwnüme bolmasa men Jim ikiňize görkezen ýerimden butnamazlygy hem-de hiç ýere burnuňyzy sokmazlygy tabşyran ýalydym-la!-diýdi.
-Biz hiç ýere burnumyzy sokmadyk hem. Biz diňe bir ýerde durduk...
-Onda bu kimiň ýorgany?
-Ýorgan?!...
-Hawa, hanym, ýorgan. Bu biziňkä däl.
Men özüme gezdirdim. Görüp otursam meniň egnimde goňur, ýüň ýorgan bar ekeni, men oňa edil hindi aýallary ýaly çolanan ekenim.
-Attikus, men hiç zady bilemok...men...
Şeýle diýdim-de men Jime tarap öwrüldim. Ýöne Jim bu ýorgana menden beter geň galdy. Ol: „Bu ýorganyň nireden gelendigini kim bilýär, biz ähli zady Attikusyň tabşyryşy ýaly etdik, Redlileriň derwezesiniň öňünde durdyk, hiç kimiň aýagyna çolaşmadyk, hatda ýerimizden hem butnamadyk...Ine şu ýerde Jim birden düwündi.
-Jenap Natan ýangyn söndürişmäge kömek edýärdi!-diýip ol gyssanmaç gepläp başlady:-Men gördüm, gördüm, ol şol uly düşegi süýräp ýangyndan çykaryp gelýärdi...Attikus, çynymy aýdýan...
-Zyýany ýok, ogul,-diýip Attikus haýaljakdan gülümsiredi:-Megerem, ol ýa-da beýleki bir derejede, tutuş Meýkomb öten gije köçä çykan bolmaly. Meniň pikirimçe, biziň ammarymyzda galyň kagyz bolmaly, Jim. Şony alyp gel, biz...
-Ýok, ýok, jenap!
Şol pursat göwnüme bolmasa Jim däliredi. Ol edil ýaňralyk keseline duçar bolan ýaly biziň ähli syrlarymyzy saýrap başlady, özi üçinem, meniň üçinem çekinmän, ähli zady bolşy ýaly ýaňrady, agaçdaky köwek barada-da, jalbar barada-da...
-...jenap Natan agajyň köwegini sement bilen petikledi. Attikus, ol muny bilgeşleýin etdi, biziň şol ýerden hiç zat tapmazlygymyz üçin...Attikus, belki ol däli-mežnundyr, ýöne çypbakaý-çynym, ol ýeke-je gezegem, birje gezegem bize hiç hili erbet zat etmedi, şol gije bolsa ol meniň kellämi düýpgöter, başbitin kesip bilýärdi, emma ol welin, beýtmegiň deregine meniň ýyrtyk jalbaryma ýama salyp oturypdyr...ol bize hiç haçan ýamanlyk etmedi!
-Ýuwaş, ýuwaş, ogul!
Attikus muny öte mähirli aýtdy welin, men her näme-de bolsa biraz ynjaldym. Onuň Jimiň ýaňranlaryndan ýekeje söze-de düşünmändigi mese-mälimdi, sebäbi ol diňe:
-Seniňki hak. Bu ýorgany-da özümizde goýaýarys. Belki haçanam bolsa bir Gözlüje oňa özüne doňup galmaga ýol bermändigi üçin sagbolsun aýdyp biler.
-Kime „sagbolsun“?-diýip men soradym.
-Betnyşan Redlä. Sen şeýlebir ägirt uly yhlas bilen ýangyny synlap durupsyň welin, hatda onuň seni öz ýorganyna çolandygyny hem duýmansyň.
Meniň aňrym-bärime geldi, men tas gaýtarýardym. Jim bolsa pursatdan peýdalanyp ýorgany ýerden galdyrdy-da, pişik basyşyny edip maňa ýakynlap ugrady:
-Ol assyrynlyk bilen öýden çykandyr...jaýyň künjünden yşyklandyr...amadyny peýläp, ine şunuň ýaly assajadan-assajadan seniň ýanyňa golaýlandyr...
-Bu oýna kelläňi gyzdyrma, Jeremi!-diýip Attikus guraksy aýtdy.
Jim bada-bat göneldi.
-Bärde beýtjek bolýanam ýok.
Emma men onuň gözlerindäki bezzat uçgunjygyň bir ýylp edip, dessine-de sönendigini saýgarmaga ýetişdim. Jim täze oýny oýnap başlamak pikirinden dänmäge mejbur bolupdy.

-Wah!-diýip ol maňa ýüzlendi:-eger-de sen çalaja yzyňa gaňrylan bolsaň, ony görüp galardyň!
Günortan bizi Kelpurniýa oýardy. Attikus bu gün bize mekdebe gitmek gerek däl diýen ekeni, sebäbi biz uzak gije çirim etmändigimiz üçin barybir hiç zat öwrenip biljek däl ekenik. Kelpurniýanyň özi bolsa iň bolmanda az-owlagam bolsa howlyny ýygnaşdyrmak gerek diýdi.
Hanym Modiniň sypal başgaby buz örtüginiň aşagyndan edil bala gonan siňek ýaly çala görünýärdi, bagbançylyk gaýçysyny bolsa doňup galan toýun üýşmeginden gazyp almaly boldy. Biz hanym Modiniň onuň arka tarapdaky howlusynda tapdyk, ol dik durdy, özem doňup galan, ýalyn çabran güllerine seredýärdi.
Jim:
-Biz siziň zatlaryňyzy getirdik, hanym Modi-diýdi:-Biz seýlebir gynanýarys...
Hanym Modi bize tarap öwrüldi, onuň ýüzünden öňküsi ýaly şadyýan ýylgyryşyň kölegesi sähel salymlyk salgym atyp geçip gitdi.
-Men hemişe öz öýümiň biraz kiçiräk bolmagyny isleýärdim, Jim Finç. Oňa derek bagym uly bolar. Özüň pikirlenip gör, indi güllerim üçin mende has köp ýer bolar!
-Siz düýbünden gynanmaýarsyňyzmy näme, hanym Modi?-diýip men geň galdym. Attikus hanym Modiniň şu öýünden başga hiç zady ýok diýip aýdýardy ahyry.
-Gynanmakmy? Goýsana gyzjagaz, bu köne kümä men öňem zordan çydap ýördüm. Özüm ony gör, näçe gezek eljagazym bilen otlamak isledim, emma beýtsem meni dälihana ýerleşdirerdiler.
-Ýöne...
-Men barada ynjalyksyzlanma, Jin Luiza Finç. Bu jahanda heniz seniň düşünmeýän zatlaryň hem bar. Ine, indi men özüme kiçijik öýjagaz gurnaryn-da, oňa bir-iki jübüt kireýine ýaşaýjylary goýbererin...Onsoň, Hudaý jan kessin, ynanaýyň, meniň bagym ştatda iň gowy bag bolar! Ine görersiňiz, men bu tekepbir Billengreýsleri burnuny gaşamaga mejbur ederin!
Biz Jim bilen biri-birimize seredişdik.
-Bu ýangyn nädip döredi, hanym Modi?-diýip ol sorady.
-Bilemok, Jim. Megerem, aşhanada, tüsseçykardaky guruma ot düşen bolmaly. Men otagdaky güllerimiň doňmazlygy üçin giç agşama çenli peçde odun ýakyp oturypdym. Ýogsa-da, meniň eşitmişime görä, öten agşam seniň ýanyňa garaşylmadyk myhman gelen ýaly-la, hanym Jin Luiza?
-A siz ony nireden bilýärsiňiz?
-Attikus maňa irden, işe barýarka gürrüň berdi. Dogrusyny aýtsam, men şol ýerde siziň durmandygyma örän gynandym. Ýöne şol wagt yzyma gaňrylmaga meniň-ä aklym ýeterdi.
Men hanym Modiniň diňläp durşuma haýran galýardym. Onuň ähli zady diýen ýaly ýanypdy, onuň söýgüli bagy gandöküşikli jeňden soňky meýdana çalym edýärdi, oňa bolsa barybir, Jim ikimiziň işlerimiz gyzyklydy!
Hanym Modi megerem meniň kelebimiň ujuny ýitirendigime düşündi öýdýän.
-Gije men diňe şeýle uly başagaýlyk dörändigi hem-de hemmeleriň başyna howp abanýandygy üçin alada galdym. Sebäbi biziň ýaşaýyş toplumymyz bütinligine diýen ýaly ýanmagy ähtimaldy. Jenap Eýweri bolsa bir hepdä golaý düşekde ýatmaly bolar, ol mazalyja gowrulypdyr. Ol indi oda özüni urardan çakdan aşa garry, men onuň özüne şeýle diýibem aýtdym. Ine häzir bolsa men bir elimi ýuwaýyn, onsoň Stiweni Krouford eýlesine dönen dessine, onuň gözün güýdüşip özümiň iň gowy datly gatlakly kökämi bişirerin. Bu Stiweni bar-a, eýýäm otuz ýyl bäri menden şol kökämiň düzüminiň hem bişirilişiniň syryny biljek bolup çyr-çytyr çytraşyp ýör, ýöne eger-de ol häzir özümiň onuň öýünde wagtlaýyn ýaşaýandygym üçin öz syrymy açaryn öýdüp çaklaýan bolsa, öte ýalňyşýar.
Men bolsa pikir etdim, eger-de hanym Modi saklanyp bilmän öz syryny açaýanynda-da, barybir hanym Stiweni hiç zat başarmaz. Men bir gezek hanym Modiniň özüniň meşhur gatlakly kökesini bişirişini görüpdim, ähli zatdan daşgary, kökäniň hamyryna bir ullakan käse şeker guýmalydy.
Imi-salalyk gündi. Sowuk hem arassa howada islendik ses alyslara ýaýrap gidýärdi. Biz hatda kazyýetiň binasyndaky sagadyň şygyrdap ugrandygyny-da eşitdik. Ol zaň urmaga taýynlanýardy.
Hanym Modiniň burny täsin reňklidi, men häzire çenli beýle zady görmändim, şonuň üçinem bu näme üçin beýle diýip soradym.
-Men bu ýerde daňdan altydan bäri durun-diýip hanym Modi jogap berdi:-Megerem sowuk uran bolsam gerek.
Ol ellerini galdyrdy. Onuň aýalary gatan gandan hem hapadan ýaňa goňralyp gidipdir, hemme ýeri-de jaýryk-jaýrykdy.
Jim:
-Siz eliňizi zaýalaýypsyňyz-ow-diýdi:-Näme üçin günlükçi garaýagyzlaryň birini çagyrmadyňyz? Ýa-da Gözlüje ikimizi çagyran bolsaňyzam bolýar, biz kömek ederdik-dä.
Hanym Modi:
-Men size minnetdar, jenap-diýdi:-Mensizem siziň işiňiz başyňyzdan agdyk ýaly-la.
Ol biziň howlumyza tarap baş atdy.

-Hä, siz bu Mofrodit barada aýdýarsyňyzmy?-diýip men soradym:-Äý biz ony häzir derrew eýläk-beýläk edişdirip, tekizläris.
Hanym Modi gözlerini tegeläp maňa dikildi, onuň dodaklary bolsa sessiz gymyldap durdylar. Birdenem ol kellesine ýapyşdy-da, çasly jakgyldap başlady! Biz oňa aňalyp durdyk-durdyk-da, soňam jyňkymyzy çykarman howlumyza gaýtdyk, ol bolsa şondan soňam gülüp durdy.
Barýarkak Jim oňa näme bolýandygyna düşünip bolmaz, bir söz bilen aýdanyňda juda täsin adam, ine-de bar bolany diýip pyşyrdady.

xxxxx

-Gaýtmyşym diý!
Men gazaba münüp Sesil Jeýkobsa şeýle diýip herreldim, şol pursatdan başlabam Jim ikimiz üçin ýaman günler başlandy. Men ýumrugymy düwdüm-de, söweşe taýýarlandym. Attikus eger-de meniň ýene-de kimdir biri bilen saçýoldy oýnanymy eşidäýse, meni çygar çybyk bilen mazalyja saýgylamaklygy wada beripdi, sebäbi ol aýtmyşlaýyn, men eýýäm ulalypmyşym, indi çagasyrap ýörmegi bes etmelimişim, özüme erk edip, saklanmagy näçe çalt öwrensem hem hemmämiz üçin şonça-da gowy boljakmyşyn. Ýöne men bu barada bada-bat ýadymdan çykardym.
Sesil Jeýkobs zerarly ýadymdan çykardym. Şol wakanyň öň ýanynda ol mekdebiň howlusynda „Gözlüjäniň kakasy şar-garakirlileri goraglaýar“ diýip gygyrdy. Menem onuň bilen dawalaşyp ugradym, soňam Jime aýtdym.
-Ol näme barada gykylyk turuzýar?-diýip soradym.
Jim:
-Hiç zat barada-diýdi:-Attikusdan sora, ol saňa düşündirer.
-Attikus, sen çyndanam şar-garakirlileri goraglaýarsyňmy?-diýip men agşam soradym.
-Hawa, elbetde. Ýöne „şar-garakirliler“ diýme, Gözlüje, bu örän gödek bolýar.
-Mekdepde hemmeler şeýle diýýär.
-Ýeri diýenlerinde näme, indiden beýläk bolsa senden başga hemmeler diýerler.
-Onda näme, eger-de sen meniň şeýle geplänimi islemeýän bolsaň, meni mekdebe gitmäge mejbur edýärsiň?
Kakam dymyp maňa äňetdi-de, diňe gözleri bilen ýylgyrdy.
Kakam ikimiziň aramyzda eglişikli ylalaşyk henizem hereket edip ýören bolsa-da, men mekdep durmuşyndan gerk-gäbe doýgundym, hemişe-de eýdip-beýdip sapaklara gitmezlige dyrjaşýardym. Sentýabryň ilkinji günlerinden başlap, ýa meniň başym aýlanýardy, ýa aýaklarym göwrämi göterip bilmeýärdiler, ýa içim towlaýardy, ýa şoňa meňzeş başga bir keseller meniň üstüme yzyny üzmän hüjüm yzyna hüjüm edýärdiler. Men hatda hanym Reýçeliň aşpeziniň oguljygyna, onuň kellesine kellämi süýkemek üçin soňkuja bäşköpükligimi hem beripdim, onuň kellesinde gijilewükli kel bardy. Emma näçe yhlas etsem-de kel keseli maňa ondan ýokuşmandy.
Häzir welin, meniň başga bir aladam bardy.
-Attikus, hemme aklawjylar şar-garakirl... garaýagyzlary goraglaýarlarmy?
-Elbetde, Gözlüje.
-Onda näme üçin Sesil diňe sen şar-garakirlileri goraglaýaň diýip aýtdy? Ol muny şeýlebir dişinden syzdyryp, erbet edip aýtdy welin...edil ýöne,...sen ogurlyk edýän ýaly bolup eşidildi.
Attikus uludan demini aldy.
-Men diňe garaýagyz adamyň hukuklaryny goraýaryn, onuň ady Tom Robinson. Ol şäheriň zibilhanasynyň aňyrsyndaky kiçijek şäherçede ýaşaýar. Ol Kelpurniýa bilen bir ybadathana gatnaýar, şonuň üçinem Kelpurniýa onuň tutuş maşgalasyny oňat tanaýar. Kel, olar örän oňat adamlar diýýär. Sen heniz körpeje bolandygyň üçin, Gözlüje, ähli zada düşünmeýärsiň, ýöne şäherde köpler maňa bu adam üçin yhlas etmeli däldigimi aýdyp, ýeňsämden gürrüň edýärler, ýüzüme gygyryşýarlar. Ýöne bu düýbünden üýtgeşik iş. Ol diňe tomusky möwsümde seljeriler. Jon Teýlor bolsa eglişik edip bize puryja berdi...
-Eger-de ony goramak gowy däl bolsa, onda näme üçin sen ony goraýarsyň?
Attikus:
-Onuň sebäbi köp-diýdi:-Iň esasy zadam eger-de men ony goramasam onda adamlaryň gözüne seredip bilmerin, ştatyň kanunçykaryjy ýygnagynda öz okrugymyza wekilçilik edip bilmerin, hatda Jim ikiňize-de beýle iş etmäň, ine şunuň ýaly hereket ediň diýibem bilmerin.
-O nähili? Diýmek onda, eger-de, sen ol adamyň hukuklaryny goramasaň, onda Jim ikimiz saňa gulak gabartman, islän zadymyzy edip bilýäris bolýar-da?!
-Hawa, takmynan şeýle.
-Näme üçin?
-Sebäbi şeýle ýagdaýda men sizden özüme gulak asmagy talap edip bilmerin. Biziň işimiz şeýle-dä,

Gözlüje, her bir aklawjynyň durmuşynda iň bolmanda bir gezek şeýlebir iş bolýar, şol işem onuň öz durmuşyna-da täsir edýär. Ine şu iş hem, megerem, meniň üçin şeýle iş bolsa gerek. Mümkin, bu iş zerarly sen mekdepde örän köp ýaramaz gep-gürrüňleri eşitmäge mejbur bolarsyň, ýöne men senden bir zat barada towakga edýän, başyňy belent tut-da, her bir bolgusyzlyk üçin darkaşa girme. Kim näme diýse-de özüňi gazap atyna atlandyrmaga mümkinçilik berme. Kämahalam, hemişekiň dek diňe eliň bilen däl-de, az-da kän-de üýtgeşiklik bolar ýaly kelläň bilenem söweşmäge dyrjaşsaň gowy bolar... Seniň bujagaz kellejigiň edil beýlebir erbedem däl, ýogsa dogrusy ol okuw okamaga öte erjel garşylyk görkezse-de görkezýändir welin...
-Attikus, biz bu işde ýeňerismi?
-Ýok, körpejäm.
-A onda näme...
Attikus:
-Sebäbi bizi ýüz ýyl mundan ozal ýeňip, mazaly ýepbeklän bolsalar-da, barybir entek-enteklerem söweşmeli bolýarys-da...-diýdi.
Men:
-Sen-ä edil Aýk Finç kakamyz ýaly gürleýäň-diýdim.
Biziň Aýk Finç kakamyz Günorta Goşunyň Meýkomb okrugynda ýaşap ýören ýeke-täk esgeridi. Onuň sakgaly edil general Hudyňka çalymdaşdy, olam muňa gülkünç buýsanýardy. Her ýylda azyndan bir gezek Attikus bizi-de ýanyna alyp onuňka görme-görşe barýardy. Onsoň men ony öpmäge mejbur bolýardym. Bu örän aýylganç ezýetdi. Attikus bilen Aýk kakamyz ýene-de we ýene-de şol uruş barada jedelleşýärdiler, Jim ikimiz bolsa olary hormat bilen diňläp oturýardyk.
-Men şeýle diýip aýtjak, Attikus,-diýip Aýk kakam basym berip gepleýärdi:-Missuri dildüwşügi – ine näme biziň başymyza ýetdi. Eger-de maňa täzeden başlamaklyga mümkinçilik berlen bolsady, onda men ýene-de şol ýoly geçerdim we ýekeje ädim hem yza tesmezdim, özi-de bu gezek biz olaryň mazalyja eýini ýetirerdik...Ine altmyş dördünji ýylda welin, biziň üstümizden Daşbeden Jekson eňterilipdi... bagyşlaň, ýaş ýigitler... altmyş dördünji ýylda Garry Ýangyn söndüriji eýýäm Hudaýa amanadyny tabşyrypdy, goý onuň ýatan ýeri ýagty bolsun...
Attikus:
-Bärik gel, Gözlüje-diýdi.
Men onuň dyzyna mündüm-de, kellämi döşüne goýdum. Ol meni iki eli bilenem gujaklady-da, huwwalaýan ýaly assajadan iki-baka yralap başlady.
Ol:
-Bu wagt ähli zat başgaça-diýdi:-Häzir biz ýankiler bilen däl-de öz dostlarymyz bilen söweşýäris. Ýöne ýadyňdan çykarma, nähili rehimsiz garpyşmaly bolsa-da, barybir olar biziň dostlarymyzdyr, bu bolsa biziň mähriban ülkämizdir.
Men muny ýadymdan çykarmaýardym, emma barybir ertesi gün mekdebiň howlusynda Sesil Jeýkobsyň öňünde jylawymdan çekilen ýaly kürtdürip durdum.
-Ýeri, gaýtmyşym edýärsiňmi?
-Edäýmerin!-diýip ol ulili bilen gygyrdy:-Biziň öýmüzde seniň kakaň bütin şäheri wejera edýändigini, ol şar-garakirlini bolsa belendräk ýerden asmalydygyny aýdýarlar.
Men onuň tumşugyna kakyp goýbermäge çemelendim, emma birdenkä Attikusyň aýdanlary hakydama geldi welin, men ýumrugymy ýazdym-da, ol ýerden ýeňsämi el ýaly etdim.
-Gorkdy! Gorkdy!-diýip meniň gulagym ýaňlanýardy.
Ömrümde ilkinji gezek men garpyşykdan ýüz dönderipdim.
Eger-de çynlakaý ölçerip-dökseň, näme üçindir eger-de men uruşsam Attikusa dönüklik etjekdigim hakyndaky netije gelip çykýardy. Ol bolsa Jim ikimizden nämedir bir zady örän seýrek haýyş edýärdi...gowusy, men onuň üçin ähli zada döz geleýin-le, munuň üçinem goý maňa züwwetdin diýip dodaklaryny çöwürseler çöwrübersinler. Men özümiň geçirimliligime hem-de Attikusyň haýyşyny ýadyma salyp saklanyp bilendigime haýranlar galyp aňyrsyna çykyp bilmeýärdim. Şeýle ýagdaý-da men ýene-de tutuş üç hepdeläp özümi örän asylly hem geçirimli alyp bardym, soň bolsa täze ýylyň öňisyrasy gelip ýetdi we meniň başymdan bela-beter indi.
Täze ýylyň gelip ýetmegine biz Jim bilen birhili garym-gatym, düşnüksiz duýgulara beslenip garaşýardyk. Täze ýyl arçasy we Jek Finç kakamyz – bu örän ajaýypdy. Her ýyl täze ýyl baýramynyň öňisyrasynda biz Meýkomb demir ýol menziline Jek kakamyzy garşy almaga gidýärdik, onsoň ol bizde tutuş bir hepdeläp myhmançylykda bolýardy.
Ýöne bu baýramçylygyň ters ýüzi-de bardy – Aleksandra ejemiziň we Frensisiň ýanyna gutulgysyz görme-görşe barmak.
Megerem bu ýerde „Jimmi kakamyzyň hem“ diýip üstüne goşmak gerekdir, sebäbi ol Aleksandra ejemiň adamsydy, ýöne ol hiç haçan meniň bilen hatda gepleşmeýärdi hem, diňe bir gezek: „Haýadyň üstünden düş“ diýipdi. Şonuň üçinem men onuň bardygyny ap-arkaýyn undubam bilerin.

Aleksandra ejemiň özi-de onuň bardygyny kän bir ýadynda saklap durmaýardy. Bir wagtlar, olar birek-birege mähirli hyjuwlary joşan pursatlary Genri atly ogullaryny dünýä inderipdirler. Ol bolsa ilkinji mümkinçilikden peýdalanyp öýünden gaçyp gidipdir-de, öýlenip, Frensisiň dogulmagyna sebäp bolupdyr. Her ýyl, täze ýyl baýramçylygynyň öňisyrasynda Genri bilen aýaly Frensisi atasy bilen enesine tabşyrýardylar-da, özlerem şady-horramlyga ýüz urmaga gidýärdiler.
Biz näçe ah çekip, arasyny kesmän uludan demimizi alyp ýörsek-de, Attikus baýramçylygyň ilkinji günleri bize öýmüzde galmaga rugsat bermeýärdi. Men özümi bilelim bäri biz täze ýylyň öňisyrasyndaky Isa pygamberiň dünýä inmeginiň baýramyny „Finçiň duralgasynda“ geçirýärdik. Aleksandra ejemiň örän eli süýjüdi, iň bolmanda şu ýagdaý belli bir derejede Frensis Henkok bilen bir tünekde baýramçylyk bellemegiň ezýetiniň öwezini dolýardy. Frensis menden bir ýaş uludy. Men hemişe-de ondan daşrakda duranymy kem görmeýärdim. Sebäbi ol maňa ýaramaýan ähli zatlardan lezzet alýardy, meniň iň bir günäsizje güýmenjelerim bolsa oňa ýaramaýardy.
Aleksandra ejem Attikusyň süýtdeş uýasydy, ýöne haçan-da Jim maňa çalşyrylan hem taşlanan çagalar barada gürrüň berenden soň, men megerem Aleksandra ejemi sallançakdaka başga bäbek bilen çalşyrandyrlar, onsoň atam bilen enemem bilmän kesekileriň çagasyny terbiýeläp ýetişdirendirler, hakykatda bolsa, ol Finçlerden däl-de Kroufordlardan bolaýmasa diýen netijä geldim. Eger-de men kazylary we aklawjylary jadylanan daglaryň hemişe yzarlap gelýändigine çynym bilen ynanýan bolsamdym, onda Aleksandra ejemi Ewerest diýip hasaplardym. Meniň çagalygymyň ähli ýyllarynda ol hemişe meniň ýanymda öz tekepbirligi hem dabaraly özüni alyp barşy bilen meni elheder aldyryp desbi-dähil bolup gezipdi.
Ahbetin täze ýylyň öňisyrasy-da gelip ýetdi, otlynyň wagonyndan Jek kakam böküp çykdy, ýöne biz onuň iki sany uzyn kagyz düwünçegini göterip gelýän ýük göterijä garaşmaly bolduk. Jek kakamyň Attikusyň ýaňagyndan şapbyldadýandygy hemişe Jim ikimiziň gülkimizi tutdurýardy, sebäbi beýleki erkek kişiler hiç wagt biri-birini öpmeýärdiler. Jek kakam Jim bilen elleşip salamlaşdy, meni bolsa bagryna basdy-da, al-asmana, ýöne gaty beýge däl oklap gapdy. Onuň boýy Attikusyňkydan bir kelle dagy pesdi. Jek kakamyz maşgalanyň kiçisidi, Aleksandra ejemden hem ýaşdy. Olaryň ýüz-keşbi meňzeşdi, ýöne megerem Jek kakam öz ýüzüne has gowurak eýelik eden bolara çemeli, onuň çüri burny hem eňegi bizi jinnek ýaly-da üýşendirmeýärdi.
Ol meniň dynnym ýalyjak-da çekinmeýän ylymly adamlarymyň biridi, megerem onuň özüni lukman ýaly alyp barmaýandygy üçin bu şeýledir. Eger-de ol maňa ýa-da Jime owunjak em etmeli bolan ýagdaýynda – aýdaly, dabandan tiken çykarmaly bolsa – hemişe öňünçäsi nädip we näme etjek bolýandygyny, etjek bolýan hereketiniň agyrylydygyny ýa-da däldigini we şol iş üçin haýsy müçenekleriň gerekdigini aýdýardy. Bir gezek, şol saparam täze ýylyň öňisyrasynda meniň aýagyma ýogyn, egri, äpet tiken çümdi, onsoň menem hiç kimi hatda ýanyma-da golaýlatman şol tikenim bilen burçdan burça gaçdym ýördüm. Jek kakam bolsa meni tutdy-da, ybadathana gitmegi düýbünden halamaýan bir ruhany barada gülkünç gürrüň berip başlady. Ol ruhany hamana her gün derwezesiniň öňüne çykýarmyş-da, suw çilimini tütedip, her bir öwüt-ündewe mätäç bolan ötegçä bäş minutlyk wagyz aýdyp berýärmiş. Jykyr-jykyr jykyrdap durşuma men Jek kakamdan haçan tikeni aýagymdan çykaryp başlajakdygyny aýtmagy haýyş etdim, şonda ol maňa müçenek bilen tutup duran gana boýalan tikenini görkezip, ony men gülüp durkam çykarandygyny aýdypdy. Şonda-da men bu dünýäde ähli zadyň, şol sanda agyry bilen gorkynyň hem belli derejedäki zatlardygyna düşünipdim.
-Bu näme?-diýip men Jek kakama hammalyň beren uzyn, inçe kagyz dolaklary barada soradym.
-Bu seniň işiň däl-diýip Jek kakam jogap gaýtardy.
-Roza Eýlmeriň ýagdaýlary nähili?-diýip Jim sorady.
Roza Eýlmer Jek kakamyň pişigidi. Ol çypar hem örän owadandy, Jek kakam: „Ol meniň öz ýanymda bolmaklaryna islendik wagtlap çydap bilýän seýrek zenan maşgalalarymyň biri“ diýýärdi. Jek kakam kisesine elini sokdy-da, bize pişiginiň birnäçe fotosuratlaryny görkezdi. Suratlar juda oňat düşürilipdir ekeni.
Men:
-Ol çakdan aşa çalt semreýär-diýdim.
-Bu ýerde geň galyp oturasy hiç zat ýok. Ol meniň hassahanada kesýän gulaklarymyň we barmaklarymyň ählijesini ýeke özi lak-luk atýar ahyry.
Men:
-Goý meni jyn ursun, bu beýle däldir!-diýdim.
-Bagyşlaň, siz nähili söz diýdiňiz?
Attikus:
-Oňa üns berme, Jek,-diýdi:-Ol şeýdip seni synap görýär. Kel onuň eýýäm bir hepde bäri arasyny üzmän sögünýändigini aýdýar.
Jek kakam gaşlaryny gerdi, ýöne maňa kelam agyz zat diýmedi. Sögünç sözler maňa dogrusy,

öňem, ýöne özbaşlaryna-da ýaraýardy, ýöne meniň beýle hereket etmegimiň esasy sebäbi welin, başgady. Eger-de Attikus meniň mekdepde hapa-paýyş sögünmegi öwrenendigimi görse, meni şondan beýläk mekdebe gatnamaga mejbur etmez öýdýärdim.
Ýöne agşam naharyny iýip otyrkak men: „Haýyş edýän, maňa şol kakadylan al kakmyş göle etini geçirseňizläň“ diýenimde Jek kakam haýbat bilen süýem barmagyny maňa garşy çommaltdy-da:
-Men siziň bilen nahardan soň gepleşerin, mertebeli hanym!-diýdi.
Agşam naharyndan soň Jek kakam myhman otagyna geçip, kürside oturdy-da, dyzyna çalaja kakdy. Bu onuň: „bärik mün“ diýdigidi. Men ony ysgamagy gowy görýärdim, ondan edil şeraply çüýşeden gelýän ýaly nähilidir birhili süýji ys gelýärdi. Ol meniň maňlaýyma dökülip duran alyn saçymy süýşürdi-de, ýüzüme çiňerildi. Ol:
-Sen ejeňden Attikusa has beter meňzeýärsiň-diýdi:-Özem indi sen göwnümemi nämemi, ýa çakdan aşa ulalýaň, ýa çenden artyk akyllanýaň, maňa hatda sen eýýäm öz jalbaryňdan ulalanam ýaly bolup görünýärsiň.
-Meniň pikirimçe bolsa olar maňa laýyk şapylaşyp durlar.
-Görýän welin, saňa „al kakmyş“, „jyn“, „arwah“ ýaly her hilije sözjagazlar ýaraýan ýaly-la?
Bu örän dogrudy.
Jek kakam:
-Maňa welin beýle sözler ýaramaýar-diýdi:-Eger halys zerur bolmasa, men seniň ýeriňe bolan bolsam şeýle sözleri gören ýerimde gaýtalap ýörmezdim. Men bärde bir hepdeläp dagy bolmakçy, şol wagtyň içinde-de ýaňka meňzeş zatlaryň hiç birisini eşidesim gelmeýär. Eger-de sen şeýle sözleri çem gelen ýerde aýdyşdyryp ýörseň, Gözlüje, sen öz başyňa käbir islenilmeýän başdan geçirmeleriň inmegini gazanarsyň. Onsoňam, seniň hakyky mertebeli hanym bolup ýetişesiň gelýändir ahbetin?
Men: „Beýlebir isläbem baramok, şony“ diýdim.
-Elbetde isleýänsiň, indi bolsa ýör, arçanyň ýanyna gideli.
Biz arçany giç agşama çenli bezedik, soňra gije meniň düýşüme Jim ikimiz üçin niýetlenen iki sany süýnmek kagyz dolaklar girdi. Ertesi irden biz Jim bilen olary arçanyň aşagyndan tapdyk, olar Attikusyň täze ýyl sowgadydy, Jek kakam olary kakamyzyň haýyşy bilen getiren ekeni, özem olar tüýs biziň isleýän zadymyz ekeni.
-Öýde bir beýtmäň-diýip Attikus haçan-da Jim diwardan asylgy suraty didiwana mündürende haýyş etdi.
Jek kakam:
-Görýän welin, saňa olara az-owlak tüpeň atmagy öwretmek gerekmikä diýýärin-diýdi.
Attikus bolsa:
-Ine bu welin, seniň işiň-diýdi:-Men diňe gutulgysyz täleýime ten berdim.
Biziň arçanyň ýanyndan hiç aýrylasymyz gelmedi, tä Attikus bize özüniň söýgüli hukuk jümleleri bilen ýüzlenenden soň biz ol ýerden çekildik. Ol bize howa basyşy bilen güllejik atýan tüpeňimizi „Finçiň duralgasyna“ gidenimizde ýanymyza almaga rugsat bermedi (Ýogsa dogrusy, men şol pursat Frensisi atyp tükgertmek barada meýillenmäge-de başlapdym). Attikus bize eger-de biz tüpeňler bilen haýsydyr bir bezzatlygy etsek, onda olary yzyna alyp, soňam bermejekdigini duýdurdy.
„Finçiň duralgasy“ kenaryň kert erňeginde ýerleşýärdi, aşak, gaýyk duralgasyna bolsa üç ýüz altmyş alty sany basgançak eltýärdi. Akymyň ugruna has daşrakda, kert erňegiň aňyrsynda, köne gaýyk duralgasynyň galyndylary görünýärdi, ol ýerde gadym döwürlerde Finçiň garaýagyz gullary gämilere pagta gülebentlerini ýükläp, olardan buz, bal, un, şeker we oba hojalyk gurallaryny hem-de zenanlaryň lybaslaryny düşürer ekenler. Kenardan giň ýol uzalyp, tüm-garaňky tokaýda ýitip gidýärdi. Ýol iki gatly ak jaýyň alkymyna eltýärdi, jaýyň daş-töweregi eýwanlydy, ýokary gatynda bolsa giň däliz bardy. Biziň aňrymyz Saýmon Finç garran uçurlary bu jaýy iňirdewük aýalyna ýaranmak üçin gurupmyş, ýöne eýwanlary hem-de dälizi bilen bu jaýyň öz zamanasynyň beýleki adaty jaýlary bilen meňzeşligi doly tamamlanýardy. Sebäbi onuň içki gurluşy Saýmon Finçiň päkgöwünligine hem-de öz zürýatlaryna bolan beýik ynamyna şaýatlyk edýärdi.
Ýokarky gatda alty sany ýatylýan otag bardy, dördüsi onuň sekiz sany gyzy üçin, biri ýalňyz ogly Uilkom Finç üçin, galan birisi bolsa garyndaşlyk gatnaşygy bolan myhmanlar üçin. Bu gurluş göräýmäge örän sada ýaly, emma gyzlaryň otagyna diňe bir basgançak bilen, ogly hem-de myhmanlaryň otagyna bolsa diňe başga bir basgançak bilen baryp bolýardy. Gyzlaryň basgançagy aşaky gatdaky ene-atalaryň ýatylýan otagynda başlanýardy, şol sebäpli-de Saýmon Finç gijelerine özüniň her bir gyzynyň her bir ädimine belet bolup ýatyp bilýän ekeni.
Aşhana uly jaýdan aýratyn ýerleşýärdi we ony jaý bilen ýapyk däliz birleşdirýärdi. Jaýyň arka tarapynda sütünden posly jaň asylgydy, onuň bilen meýdan işleýän günlükçi garaýagyzlary nahara çagyrýardylar, ýangyn ýa-da başga bir betbagtçylyk barada habar berýärdiler. Jaýyň üçegi tekizdi, aýdyşlaryna görä, öňler dul galan aýallaryň ýekelikde gezmelemekleri üçin üçekleri şeýle edip

gurýan ekenler. Ýöne bu üçekde hiç hili dul aýallar gezim etmändir, onuň üstüne çykyp Saýmon Finç özüniň gullarynyň gözegçisini yzarlapdyr, derýadan geçýän gämileri synlapdyr, golaýyndaky öz mülk ýerleriniň kärendeçileriniň nähili ýaşaýandyklaryna ogrynça gözegçilik edipdir.
Beýleki köp jaýlar ýaly bu jaý barada-da ýankiler bilen uruş döwrüniň rowaýaty bardy. Hamana Finçleriň kowmundan bolan hem-de şol waka bolmazynyň öň ýanynda bir ýigit bilen adaglanan bir gyz, çar-töwerekde ysyrganyşyp, pelesaň kakyp ýören garakçylara şam bolmazlygy üçin özüniň elbukjasyndaky ähli lybaslaryny geýipdir-de, gyzlaryň dar basgançagyndan aşak düşmekçi bolanda oňa dykylyp, ne eýläk ne beýläk, gymyldap bilmän galypdyr, ýöne onuň üstünden buz ýaly suwy eňteripdirler-de, ony ahyrsoňy itekläp-çekelekläp ýere düşüripmişler.
Biz „Duralga“ geldik, Aleksandra ejem Jek kakamy ogşady, Frensis hem Jek kakamy ogşady, Jim kakam bolsa sesini çykarman Jek kakamyň elini gysdy, biz Jim bilen Frensise täze ýyl sowgadyny gowşurdyk, ol bolsa bize. Jim bada-bat özüniň eýýäm ulalandygyny syzdy we ulularyň ýanyna çekildi, doganoglanymy güýmemek bolsa meniň başyma düşdi. Frensis eýýäm sekiz ýaşap geçipdi we ol saçyny yzyna gaňtaryp daraýardy.
-Saňa täze ýylda näme sowgat berdiler?-diýip men örän sypaýyçylyk bilen soradym.
Ol:
-Men näme haýyş eden bolsam, şony-diýdi.
-Örän gowy-diýip men kiçi dilden bäri aýtdym:-Jim ikimize howa basyşy bilen atylýan tüpeň sowgat berdiler, Jime bolsa ýene-de himiýa toplumyny hem...
-Megerm oýnawaç bolsa gerek.
-Ýok, hakykysyny. Ol maňa göze görünmeýän syýa ýasap berer, onsoň men şol syýa bilen Dille hat ýazaryn.
Frensis munuň näme üçin gerekdigini sorady.
-Sen näme düşünmeýärsiňmi? Ol menden hat alar, bukjanyň içinden bolsa boş kagyz çykar – onuň haýran galmakdan ýaňa gözi çaşarar ahyry!
Frensis bilen gepleşmek edil juda haýallyk bilen ummana çümen ýaly bir zat, iň düýbüne çenli. Men bütin ömrüme başga bir şeýle ýürekgysgynç oglanjygy görmedim. Ol Mobilde ýaşaýardy, şonuň üçinem men barada mugallymlara şugullap bilmeýärdi, ýöne özüniň bilýän zatlarynyň ählisini Aleksandra ejeme aýtmaga welin, mümkinçilik tapýardy, ol bolsa öz gezeginde Attikusa içini dökýärdi. Attikus bolsa käwagtlar-a aýdylanlary bir gulagyndan girizip beýlekisindenem çykaryp goýberýärdi, kämahallaram maňa mazaly käýýäp göwün solpusyndan çykýardy. Umuman keýpi kellesindedi. Bir gezek bolsa ol Aleksandra ejeme sesini gataldyp:
-Uýam, men olara başarymça edep-terbiýe berýärin!-diýipdi.
Men hiç wagt onuň kimdir birine şeýle gaty-gaýrym jogap berendigini eşitmändim. Anyk ýadyma düşmeýär welin, meniň çaklaýşyma görä, şol gürrüň meniň erkek kişileriň iş geýiminde oglanjyk ýaly jalaýlyk satýandygymdan başlanypdy öýdýän.
Meniň geýim-gejimim baradaky alada Aleksandra ejemiň hut janyny alyp gelýärdi. Bir gezek ol maňa eger-de men jalbarda şallaklap ýörsem menden hiç haçanam hakyky asylly hanym çykmaz diýdi, menem oňa uzyn köýnekde hiç zadam işläp bolmaýar, aýagyňa çolaşýar diýdim welin, Aleksandra ejem maňa ýerine ýetirmek üçin jalbar geýmeli bolýan işler bilen meşgullanmagyň meniň derkaryma däldigini aýdyp jogap berdi. Aleksandra ejemiň düşünjesine görä, men oýnawaç okarajyklar, çäýnek-käsejikler bilen gümra bolmalydym, özüniň maňa dünýä inenimde peşgeş beren emeli merjenden monjugyny dakynmalydym, onsoňam kakamyň ýalňyzlykdan dos-doly durmuşyny röwşen nurym bilen şöhlelendirmelidim. Men şonda: „jalbarly gezseňem barybir islän zadyňy şöhlelendirip bolýandyr-la“ diýdim, emma Aleksandra ejem: „ýok“ diýdi, hamana men edil röwşen şöhlejik ýaly bolmalymyşym, hamana men oňatja gyz bolup doglanmyşym, indi bolsa ýyl-ýyldan erbetleşip, kakabaşlaşyp barýarmyşym. Ol meni tükeniksiz kötekläp, üznüksiz masgaralap tüketmedi, tüketmedi, ahbetin men çydaman, Attikusdan soradym. Ýöne ol:
-Biziň maşgalamyzda röwşen şöhleler öňem ýetik-diýdi:-Öz işiň bilen boluber, umuman alanyňda sen şu bolşuň bilen hem belli bir derejede meniň göwnüme ýaraýýan ýaly öz-ä.
Baýramçylyk nahary wagty, aşhanada meni özbaşyma, aýratyn oturtdylar, Jim bilen Frensis bolsa ulular bilen bir saçagyň başyndadylar. Aleksandra ejem Jim bilen Frensis birmahala ulularyň saçagynyň başyna geçirilenem bolsalar, meni entegem aýratyn oturdýardy. Men köplenç pikir edýärdim, ol nämeden gorkýarka, ýa birdenkä men jynlana dönüp ýerimden dikeläge-de nämedir bir zatlary ýere zyňyşdyryp başlabherermikäm öýdýärmikä? Käwagtlar men ondan şeýlebir haýyş edesim gelýärdi, goý, ol maňa ýekeje gezek ulularyň arasynda oturmaga rugsat bersin, onsoň meniň özümi nähili salyhatly alyp barmagy başarýandygymy gözjagazlary bilen görüp, haýranlary hekgererdi. Sebäbi men öýmüzde hemmeler bilen bilelikde her gün nahar iýýärdim-ä! Bu sebäpli hiç hili aýylgançlyk hem gopmaýardy. Men bir gezek bu barada Attikusdan haýyş etdim, belki Aleksandra ejem oňa gulak asar diýen umyt bilen. Emma kakam maňa: „ýok“ diýdi, biz hamana myhmanmyşyk,

öý bikesi bizi nirede oturdasy gelse-de, biz jyňkymyzy çykarman şol ýerde-de oturmalymyşyk. Ýene-de ol: „Aleksandra ejeň gyzjagazlardan beýlebir gowy baş çykaryp hem durmaýar, sebäbi onuň özünde gyzjagaz ýok“ diýdi.
Ýöne Aleksandra ejemiň taýýarlan biş-düşi welin bu oňaýsyzlyklaryň ählisiniň öwezini doldy. Üç sany etli tagam, ammardan getirilenem bolsa edil tomusda, mellekden ýyglan ýaly terje dürli-dümen gök-sökler, duzly suwa ýatyrylan erikler, iki sany äpet süýji gatlakly, süp-süýji bal, ine şu giden zatlaram ýönekeýje baýramçylyk naharydy. Bu dürli-dümeniň dürüşdesinden soň ulularyň hemmesi myhman otagyna geçdiler-de, nähilidir birhili doňňara-daş meýmiremede doňup galdylar. Jim halynyň üstünde uzyn süýndi, men bolsa howla çykdym.
-Paltoňy geý-diýip Attikus ukuly ses bilen aýtdy welin, men ony eşitmedik boldum.
Frensis meniň ýanyma gelip bosaganyň basgançagynda oturdy.
Men:
-Hiç haçan şeýle süýji naharlanmandym-diýdim.
Frensis:
-Enem örän ajaýyp tagamlary bişirýär-diýdi:-Ol maňa hem öwreder.
-Oglanjyklar nahar bişirmeli däl.
Men Jimi Kelpurniýanyň öňlügini dakynan keşpde göz öňüme getirdim-de, pyňkyryp goýberdim.
-Enem, ähli erkek kişilere nahar bişirmegi öwrenmek we öz aýallaryna idi-yssywat edip, olar doly sag däl wagtlary olar barada alada etmek gerek diýýär-diýip meniň doganoglanym apaň-apaň gepledi.
-Men bolsa Dilliň men barada alada etmegini islemeýärin, gowusy meniň özüm ol hakda alada etjek.
-Dill hakda?
-Hawa. Sen häzirlikçi hiç kime aýtma, haçan-da biz ulalanymyzdan soň biz bada-bat maşgala gurarys. Ol geçen tomus maňa özüne durmuşa çykmagy teklip etdi.
Frensis ýerde togalanyp diýen ýaly gülüp başlady.
-Onuň nämesi erbet?-diýip men Frensisden soradym:-Hiç zady hem erbet däl.
-Bu şolmy, şol ýerden ýeke garyş saýlananjamy? Enem onuň geçen tomus hanym Reýçeliňkide myhmançylykda bolandygyny aýdypdy?
-Hawa, hut özi.
Frensis:
-Men ol barada ähli zady bilýärin!-diýdi.
-Näme bilýärsiň?
-Enem onuň öýi ýok diýýär...
-Ýok, bar. Ol Meridianda ýaşaýar.
-...şonuň üçinem ony hemişe bir garyndaşyndan beýleki garyndaşynyňka ugradyp gün görýärler, hanym Reýçel hem şonuň üçin ony her ýyl tomsuna öz öýlerine alýar.
-Frensis, sen ýalan sözleýärsiň!
Frensis syrtardy.
-Sen nähili samsyk, Jin Luiza! Äý, onsoňam seniň ýalydan näme aljak diýsene!
-O nähili?
-Enem, eger-de Attikus daýym saňa köçeleriň ugrunda gözegçiliksiz şallaklap ýörmäge rugsat berýän bolsa, bu onuň öz işi, bu ýerde seniň günäň ýok diýýär. Men bolsa pikir edýärin, eger-de Attikus daýym şar-garakirlileri söýýänçi bolsa, onda bu ýerde-de seniň günäň ýok, ýöne kakaň welin biziň bütin maşgalamyzyň wejeralygy, ine şuny men saňa aýdaýaýyn.
-Al kakmyş, Frensis, sen nämeler samrap dursuň?
-Eşiden zadyňy. Enem ýene-de aýdýar, siziň ikiňiziň ýabanylaşyp gideniňiziň özem ýaman welin, indi ol munuň üstesine şar-garakirlileri söýýänçi hem bolaýpdyr. Asyl indiden beýläk biz Meýkombda garamyzy hem görkezip bilmeris. Ol biziň tutuş maşgalamyzy wejera edýär, ine näme!
Frensis tarsa ýerinden turdy-da, däliziň ugry bilen aşhana tarap ökjäni göterdi. Esli daşa gaçdy-da, yzyna öwrülip gygyrdy:
-Garakirlilere höwür,
Özi-de kömür,
Garakirlileri söýdi,
Kömürden doýdy!
-Galat aýdýaň!-diýip men gygyrdym:-Men seniň ol ýerde näme samahyllaýanyň-a bilemok, ýöne häzir ojagaz şalpar diliňi bogazyňa tegek ederin!
Men basgançakdan böküp düşdüm-de, iki bökenimde onuň yzyndan ýetip, ezeneginden ebşitläp tutdum. „Ähli diýenlerime gaýtmyşym diý“ diýip gyssap ugradym.
Frensis duýdansyz elimden dyzap sypdy-da, aşhana tarap ýazzyny berdi.
-Şar-garakirlileri söýýänçi!-diýip ol gaçyp barşyna bögürdi.
Eger-de awuňy giriňe saljak bolsaň, iň oňady howlukmazlyk. Diliňi dişle-de, garaş, oljaňa ahbetin

seniň näme işleýändigiň bilen gyzyklanyp başlap, temegini gizlenen hininden çykarar. Frensisem ahyry aşhananyň işiginden jyklady.
-Sen henizem gaharlymy, Jin Luiza?-diýip ol seresaplyk bilen sorady.
-Äý ýok, beýlebir gaharly hem däl ýaly.
Frensis dälizjige çykdy.
-Ähli diýenleriňe gaýtmyşym edersiňmi?
Men alňasaýdym öýdýän. Frensis sapandan atylan ýaly bolup, kürsäp yzyna, aşhana girdi, men bolsa bosagadaky basgançaga dolandym. Ýeri bolýar, howlugýan ýerimiz ýok, garaşybersegem bolman durmaz. Şeýle ýagdaýda takmynan çaý içim salym oturandyryn welin, birdenkä Aleksandra ejemiň sesi eşidildi:
-Frensis nirede?
-Ol hanha, aşhanada.
-Ol meniň aşhanada oýnamaga rugsat bermeýändigimi bilýär ahyry.
Frensis işigiň agzyna golaýlady-da ulili bilen bagyrdy:
-Ene, ol meni kowalap bärik dykdy-da, indem goýbermeýär!
-Ýeri, näme bolýar, Jin Luiza?
Men kellämi galdyrdym-da Aleksandra ejeme seretdim.
-Men ony ol ýere kowalap dykmadym, Aleksandra eje, ony ol ýerde saklamogam.
-Ýok saklaýar!-diýip Frensis ýene-de bagyrdy:-Ol meni goýbermeýär!
-Siz näme sögüşdiňizmi?
-Ene, Jin Luiza maňa ýersiz-ýerden yrsaraýar!-diýip Frensis ýene-de gygyrdy.
-Hany bärik gel, Frensis! Jin Luiza eger-de men senden ýene-de ýekeje söz eşitsem, men seni kakaňa aýdaryn. Göwnüme bolmasa, sen ýaňyrak, al-arwahlary diliňe alaýan ýaly-la?
-Ýok-la.
-Meniň bolsa gulagyma eşidiläýen ýaly boldy. Onda şeýle, mundan beýläk men şeýle sözleri eşitmäýin.
Aleksandra ejem hemişe diňşirgenip ýördi. Ol giden dessine Frensis aşhanadan çykdy-da, temegini dik ýokary tutup, ernini gulaklaryna ýetiräýjek bolup syrtardy.
-Sen meniň bilen oýun etmegin!-diýip ol yglan etdi.
Ylgap howla çykdy-da, ol ýerde bökjekläp, edil pökgi ýaly guran oty depip başlady. Şol bir wagtda meni göz aýtymyndan sypdyrman, menden daşrakda gezýärdi, arasynda-da yzyna gaňrylyp, ýyrşarýardy. Jim eýwana çykdy-da, sähel salym bize seredip, ýene-de yzyna girdi. Frensis gurap barýan agaja mündi, soň düşdi, ellerini kisesine saldy-da, howluda gezmeläp ugrady.
-Hä!-diýip ol demini daşyna üfledi.
Men ondan onuň kimiň keşbini şekillendirýändigini soradym, Jek kakamyňkynymy ýa? Frensis bolsa: „Göwnüme bolmasa, Jin Luiza demini alman oturmak we ony öz gününe goýmak tabşyrylan ýalydy-la“ diýdi.
Men:
-Men saňa degemok!-diýdim.
Ol üns bilen maňa seretdi-de, meni ymykly ýuwaşatdylar diýip hasap edip, assajadan aýdym aýdýan ýaly:
-Şar-ga-ra-kir-li-le-ri söý-ýän-çi!-diýip hiňlendi.
Bu gezek meniň ýumrugym onuň dişlerine degip etine çenli hamy soýulyp gitdi. Çep elimi agyrdyp, men sagym bilen işläp başladym. Ýöne uzak däl. Jek kakam meniň ellerimi böwrüme gysdy-da:
-Doňup gal!-diýip buýruk berdi.
Aleksandra ejem Frensisiň daşynda kebeleklеýärdi, elýaglygy bilen onuň gözýaşlaryny süpürişdirýärdi, onuň saçlaryny sypalaşdyrýardy. Iň soňunda bolsa ýaňagyny sypap goýberdi. Attikus, Jim we Jimmi kakam eýwanda durdylar, olaryň ählisi bärik Frensis bagyryp ugran badyna çykypdylar.
-Kim birinji başlady?-diýip Jek kakam sorady.
Frensis bilen men biri-birimizi görkezdik.
-Ene-diýip Frensis uwlady:-ol maňa jelep diýdi we meni it ýenjen ýaly ýençdi.
-Bu dogrumy, Gözlüje?-diýip Jek kakam sorady.
-Elbetde, dogry.
Jek kakam maňa garady welin, onuň ýüzi edil bir almany iki bölen ýaly Aleksandra ejemiň ýüzüne meňzedi.
-Men göwnüme bolmasa, saňa duýdurypdym ahyry, eger-de diliňi salajyn goýberip, şeýle sözleri aýdyşdyryp ýörseň, başyňa oňaýsyzlyklaryň inmegine garaşyber diýip. Men saňa aýtdym dälmi?
-Hawa, jenap, ýöne...
-Ine onda, sen şol oňaýsyzlyklara garaşyp-garaşyp ahyry ýetdiň. Dur, şu ýerde!

Men ikirjiňlenip durdum, gaçyp gidäýsemmikäm diýip, şeýdibem gijä galdym, ökjäme tüýkürmekçi boldumam welin, ýöne Jek kakam has çalasyn bolup çykdy. Birdenkä edil meniň burnumyň öňünde otuň üstünden zordanjyk çörek owuntygyny süýräp barýan garynja peýda boldy...
-Seniň bilen ölýänçäm gepleşmerin! Seni ýigrenýän, sen ölmezmikäň!
Göwnüme bolmasa menin bu sözlerim Jek kakamyň gaýta aýgydyny artdyraýan ýaly. Men arzymy aýtmak üçin Attikusyň ýanyna topuldym, ol bolsa: „özüň günäkär, onsoňam biziň öýe gaýdar wagtymyzam bolupdyr“ diýdi.
Men hiç kim bilen hoşlaşmadym, paýtunyň yzky oturgyjyna geçdim, haçan-da öýe gelenimizden soň bolsa öz otagyma ylgap gitdim-de, gapyny jarkyldadyp ýapdym. Jim maňa nähilidir bir gowy zatlar aýtmak isledi, emma men ony diňlemedim.
Men ýekelikde başyma düşen tebigy betbagtçylykly hadysanyň yzlaryny synlaşdyrdym. Görüp otursam bary-ýogy ýedi-sekiz sany gyzyl tegmilden başga zadam ýok ekeni-le. Onsoň men biraz köşeşdim-de ýene-de ýagty ýalançyda ähli zadyň belli bir derejedeligi barada oýlanmaga oturdym.
Şol pursadam meniň işigim kakyldy. Men kimdigini soradym welin, Jek kakam jogap berdi.
-Git!
Jek kakam eger-de men ýene-de şeýle gepleşsem onda özüniň ýene-de meniň eýimi ýetirjekdigini aýtdy welin, men dymdym. Ol girdi, men otagyň künjüne gitdim-de, oňa ýeňsämi tüňňertdim. Ol:
-Gözlüje,-diýdi:-sen henizem meni ýigrenip otyrsyňmy?
-Meni ýene-de ýenjip bilersiňiz, jenap!
Ol:
-Beh, men-ä dogrusy seni beýle içi kitüwlidir öýtmändim-diýdi:-Men dogrusy sen barada has gowy pikirdedim, sen eliň bilen edeniňi egniň bilen çekendigiňi bilýärsiň ahyry.
-Hiç zadam bilemok, men.
-Gyzym, seniň adamlara paýyş sögmäge hukugyň ýok...
Men:
-Sen adalatsyz,-diýdim:-adalatsyz!
Jek kakam gaşlaryny giň gerdi.
-Adalatsyz? O nähili beýle?
-Jek kaka, sen elbetde gowy, men, megerem häzirem barybir seni gowy görýän, ýöne sen çagalar barada hiç zat bilmeýärsiň, hiç zat düşünmeýärsiň.
Jek kakam biraz döşüni gaýşartdy-da, maňa ýokardan aşak dikanlady:
-O nähili men çagalarda hiç zat düşünmeýärmişim, hanym Jin Luiza? Haçan-da çagalar seniň özüňi alyp barşyň ýaly özlerini alyp baranlarynda, bu ýerde üýtgeşik bir düşünip oturasy işem ýok. Sen gödek jogap berýärsiň, paýyş sögünýärsiň, uruşýarsyň...
-Sen näme üçin meni diňlemeýärsiň, ahyry? Men gödek jogap berjek bolmaýaryn. Men diňe saňa düşündirmek isleýärin.
Jek kakam ýatyş sekisine çökdi. Gaşlaryny bürüşdirdi-de, maňa garady.
-Hany, aýt bakaly.
Men kükregime köpräk howa sordum.
-Ine. Birinjiden sen meni diňlemediň, ýeke söz aýtmaga-da mümkinçilik bermediň-de bada-bat üstüme topuldyň. Haçan-da biz Jim bilen dawalaşsak Attikus diňe Jimiň ýeke özüni diňlemeýär-de maňa-da gulak asýar. Ikinjiden, sen şeýle sözleri hiç haçan aýtmaly däl diýmediň, diňe doly, gu-tar-nyk-ly gerek bolmasa aýtmaly däl diýdiň. Frensisiň bolsa kellesini kak towlan ýaly etmek doly we gutarnykly zerurdy.
Jek kakam ýeňsesini gaşady.
-Ýeri bolýar, hany gürrüň ber bakaly.
-Frensis Attikusa sögdi, şonuň üçinem almytyny aldy.
-Näme diýip sögdi?
-Şar-garakirlileri söýýänçi diýdi. Men munuň nämedigini dol-a bilemok welin, ol muny şeýlebir erbet diýdi... Şuny bilip goý, Jek kaka, sen meni näçe ýençseňem, men oňa Attikusa sögmäge ýol bermerin...
-Frensis şeýle diýibem sögdümi?
-Hawa jenap, mundan başga-da ýene-de köp zatlary diýdi. Hamana Attikus tutuş maşgalamyzyň wejeralygymyş, Jim ikimiz bolsa onuň elinde ýabanylaşyp gidenmişik...
Jek kakamyň ýüzi şeýlebir üýtgedi welin, men birdenkä ol ýene-de meniň suwuma deger diýip oýlandym. Soňra ol pyşyrdady:
-Hany görübereris bakaly!
Şu ýerde men özümiň däl-de Frensisiň suwuna degiljekdigine düşündim.
-Men gowusy, şu gün agşamara ýene-de şol ýere gidip geleýin-le.
-Haýyş edýän, jenap, hemme zady bolşy ýaly goýuňsana, haýyş edýän!

Jek kakam:
-Ýog-a, indi men hiç zady bolşy ýaly goýaýmaryn-diýdi:-Goý Aleksandra bilsin. Aklym haýran. Gör-ä onuň aýdýan zadyny... Ýeri bolýar, hany garaş bakaly, ol oglanjyk elime düşer meniň...
-Jek kaka, maňa bir zady wada ber, haýyş edýän! Bu barada Attikusa aýtma! Ol...ol menden bir gezek özi barada näme aýtsalaram çydamagy, gaharlanmazlygy haýyş edipdi...goý indem, ol pikir edibersin, biz başga bir zat üçin urşandyrys öýdüp! Söz ber, Jek kaka, aýtmajagyňa söz ber, haýyş edýän!...
-Ýöne men Frensis üçin bu hereketiniň temmisiz geçmegini islämok...
-Onuň üçin geçmedem. Jek kaka, belki sen meniň elimi daňyp berersiň? Entegem biraz ganaýar.
-Elbetde daňyp bererin, körpeje. Ägirt uly lezzet bilen. Meniň üçin ýeriň ýüzünde şeýle höwes daňyp bermek isleýän başga ýekeje-de elim ýok. Siz bärik geçip bilmersiňizmi?
Jek kakam maňa salyhatlylyk bilen baş egdi-de, hammama çagyrdy. Ol meniň barmaklarymy ýuwup sarady, munuň bilen meşgullanyp durka-da hemişe şähere ugranda pyýada ýodasyndaky jaýryklary sanaýan Bulýon atly pişigi bolan şowakör garryjyk barada gülkünç gürrüň berdi durdy.
Ahyryn Jek kakam:
-Ine-de bolany-diýdi:-Hakyky asylly hanymyň ogulhajat barmagyna nika ýüzgüni dakynmak gelişýär, seniňki-de bolsa ýara yzy galar.
-Taňryýalkasyn, jenap. Jek kaka...
-Hawa, hanym?
-Jelep diýmek nämäni aňladýar?
Jek kakam bir garry premýer-ministr barada nähilidir bir içege ýaly uzyn hekaýaty gürrüň bermäge başlady. Hamana ol jemgyýetçilik mejlislerine gatnaşanda iň galmagally maslahatlarda, daş-töwereginde hemmeler aklyndan azaşýarka, agzy bilen ýokary per üfläp, olary gaçyrmazlyk bilen meşgul bolýarmyş. Megerem Jek kakam meniň sowalyma jogap bermäge çalşan bolmagy-da ähtimal, ýöne näme üçindir onuň jogaby birhili düşnüksiz bolup çykdy.
Soňra, haçan-da men eýýäm ýatyp galmaly wagtym, men suw içmek üçin aşaky gata düşdüm welin, dälizde duran ýerimden myhman otagyndaky hümürdi gulagyma ildi. Ol ýerde Jek kakam Attikus bilen gepleşýärdi.
-Men hiç haçan öýlenmerin, Attikus.
-Ine saňa gerek bolsa, näme üçin?
-Birden çagalar bolmagy ahmal...
Attikus:
-Saňa köp zatlary öwrenmek gerek boljak öýdýän, Jek...-diýdi.
-Bilýän. Seniň gyzyň şu gün maňa ilkinji sapaklary berdi. Ol maňa çagalarda hiç zat düşünmeýändigimi aýtdy we näme üçin beýle diýendigini düşündirdi. Özem onuň aýdany örän dogry bolup çykdy. Attikus, ol maňa özüne nähili çemeleşmeli ekendigimi düşündirdi...Eger çynym, üstümizde Hudaý bar, men onuň söbügine şapbat çalanyma erbet ökünýän.
Attikus pyňkyrdy.
-Ol mazalyja eýiniň ýetirilmegine doly mynasyp boldy, şonuň üçinem goý seni ynsabyň horlamasyn.
Men doňup galdym, birdenkä Jek kakam alaga-da Attikusa ähli zady aýdyp goýberäýse... Ýöne ol hiç zat gürrüň bermedi. Diňe hümürdedi:
-Onuň örän uly söz baýlygy bar. Ýöne diline alýan paýyş sözleriniň ýarysyndan gowragynyň aňladýan manysyna-da düşünmän diýip goýberýär. Ol menden „jelep“ diýmegiň nämäni aňladýandygyny sorady.
-Onsoň senem düşündirdiňmi?
-Ýok, men oňa lord Melburn barada gürrüň berdim.
-Haçan-da çaga bir zat soranda, Jek, ähli mukaddeslikleriň hatyrasyna onuň öňünde sapalak atma-da jogap bergin. Boş gürrüňler bilen başyny-gözüni aýlamaga-da çytraşma. Elbetde çaga çaga bolýar, ýöne haçan-da sapalak atyp başlasalar olar pirimleri ýormakda ululardan kem däl, her bir sypjyklyk bolsa olary bulaşdyrýar. Ýok,-diýip kakam oýa batyp oturşyna dowam etdi:-oňa bu gün temmi bermek gerekdi, ýöne onuň üçin däl. Hemme çagalar belli bir ýaşa ýetenlerinden soň sögünip başlaýarlar, ýöne haçan-da sögünç bilen hiç kimi geň galdyryp bolmaýandygyna düşünen batlaryna olaryň bu endikleri öz-özünden ýitip gidýär. Ýöne ganygyzmalyk welin, öz-özünden gidäýmez. Gyzjagaz özüne erk etmegi öwrenmeli, özi-de näçe çalt öwrense şonça-da gowy, sebäbi bahym onuň başyna birnäçe sany geçmesi örän kyn boljak aýlar geler. Äý onsoňam, ol assa-ýuwaşdan akyllanýar. Jim ulalýar, ol bolsa ondan barha köp görelde alýar. Oňa ýöne käte bir kömek berip goýbermek gerek.
-Attikus, sen oňa hiç wagt barmagyňy hem batyrmadyň gerek?
-Dogrusy, ýok. Şu wagta çenl-ä diňe haýbat atmak ýeterlikdi. Ol maňa gulak asjak bolup güýjünde baryny edip çytraşýar, Jek. Elbetde bu oňa hemişe başardyp durmaýar, ýöne ol muny başarjak

bolup elinden gelenini edýär.
Jek kakam:
-Ýöne bar syr munda däl ahyry!-diýdi.
-Ýok, syr başga zatda, ol özüniň güýjünde baryny edýändigini meniň bilýändigimi bilýär. Bu bolsa juda möhüm. Ýöne bahym Jim ikisiniň örän köp nejislikleri ýuwutmaly boljakdyklary welin öte erbet. Men tama edýän, Jimiň-ä sabyr-kanagaty ýeter welin, ýöne Gözlüje, sähel göwnüne degseler oýlanybam durman dessine söweşe eňiberýär...
Men şu ýerde Jek kakam dymyp oňmaz öýdüp pikir etdim. Ýöne ol bu gezegem maňa beren sözünde tapyldy.
-Bu örän erbet bolarmy, Attikus? Sen birhili maňa bu barada ugurly-utgaly gürrüňem bermediň.
-Juda erbet bolar, Jek. Bizde diňe Ýuelleriň görkezmeleriniň garşysyna garaýagyzyň görkezmeleri bar. Ähli zat diňe olaryň biri; „sen etdiň“ diýýär, beýlekisem „ýok men etmedim“ diýýär. Elbetde oturdaşlaram Tom Robinsona ynanmazlar-da, Ýuellere ynanarlar... Sen bu Ýuelleri göz öňüňe getirip bilýärmiň?
Jek kakam: „hawa, çalarak ýadyma düşjek bolýar“ diýdi-de Attikusa olaryň nähilidigini aýdyp berip başlady. Ýöne Attikus:
-Sen tutuş bir nesil yza galypsyň. Ýöne dogrusy, häzirki Ýueller hem öňkülerden jinnek ýaly-da gowy däl.
-Ýeri, onda sen näme etmek isleýärsiň?
-Men özümi kül-peýekun etmezlerinden öňürti, oturdaşlary birneme silkeläp ukudan oýarmak we olaryň arasynda agzalalyk döretmek isleýärin...onsoňam bizde ýene-de nägilelik haýyşnamasyny bermäge mümkinçilik galýar. Dogrusy, häzir bu barada belli bir zat aýtmak kyn, Jek. Bilýäňmi, men tama edýärdim, şeýle işi alyp barmak hiç wagt meniň paýyma düşmez diýip, ýöne Jon Teýlor gönüden-göni meni görkezip, bu ýerde diňe meniň gerekdigimi başga hiç kimiň gerek däldigini aýtdy.
-A sen näme bu ýazgydyň seniň gapdalyňdan sowlup geçmegine umyt edýärdiňmi?
-Hawa, hut şeýle. Ýöne, seniň pikiriňçe, eger-de men onuň hukuklaryny goramakdan boýun gaçyran bolsam, soň çagalarymyň gözüne göni seredip bilerinmi? Jek, Alla jan goý olara şu zatlaryň içinden geçibem rehimsizlikden dolmaklyga, iň esasysy-da meýkombyň hemişelik keseli bilen kesellemeklige mümkinçilik berme. Düşünemok, näme üçin akylly-başly adamlar haçan-da iş garaýagyz adamlara dahylly bolanda zynjyrlaýmaly dälä öwrülýärkäler...hiç düşünip bilemok, şuňa. Ýekeje umydym bar, Jim bilen Gözlüje ähli sowallary bilen şäherdäki myş-myşlara gulak gabartman meniň ýanyma gelerler. Olar maňa ýeterlik derejede ynanýandyrlar diýip umyt edýän...Jin Luiza!
Men duran ýerimde ziňkildäp bökdüm. Gapydan garadym.
-Hawa, jenap?
-Bar, git-de ýat.
Men öz otagyma ylgap gitdim-de, ýerime geçdim. Jek kakam nähili berekella, meniň syrymy paş etmedi! Ýöne Attikus nädip meniň gapy diňleýänimi syzdyka? Diňe ençeme ýyldan soň men akyl ýetirdim, şol pursat kakam meniň üçin geplän ekeni, ol asyl özüniň her bir sözüni meniň eşitmegimi islän ekeni.

xxxxx

Attikus ejizdi, sebäbi onuň eýýäm elli ýaşy dolup gelýärdi. Haçan-da biz Jim bilen ondan onuň näme üçin beýle garrydygyny soranymyzda, ol: „giç başladym“ diýip jogap berdi welin, biz düşündik, şonuň üçinem ol beýleki erkek kişilerden pesde. Ol biziň ýaşytdaşlarymyzyň ene-atalaryndan kän uludy, şol sebäpli-de haçan-da beýleki çagalar: „ine meniň kakam eýtdi-beýtdi...“ diýip öwnüp başlanlarynda biz islesek-islemesek dymmaga mejbur bolýardyk.
Jim durky-düýrmegi bilen futbola berlendi. Attikus bolsa futbol barada pikirlenmegem islemeýärdi, eger-de Jim ony aldap-ogşap top oýnamaga çekmek islese, ol üýtgewsiz:
-Men bu zatlar üçin juda garry.-diýip jogap berýärdi.
Biziň kakamyz gepläniňe degýän hiç zat bilen meşgullanmaýardy. Ol dermanhanada däl-de iş otagynda işleýärdi. Iň bolmanda ol biziň töweregimizden zibilleri daşaýan ýük ulagyny bir sürýän bolaýmalydy ýa-da şerif, ýa-da mülk ýerde işleýän bolaýanda ýa-da ulaghanada...umuman beýlekileriň kakalary ýaly buýsanmaga jinnek ýaly mümkinçilik berýän haýsydyr bir kär bilen meşgullanýan bolaýmalydy ahyry.
Hemmesiniň üstesine-de ol äýnek dakynýardy. Çep gözi bilen bolsa düýbünden hiç zat göremeýärdi we çep gözüň Finçleriň kowmunyň nesilden nesle geçýän gargyşydygy barada hemişe aýdyp gezýärdi. Eger-de nämedir bir zady has oňatja synlamak islese ol kellesini gyşardýardy-da, diňe sag gözi bilen seredýärdi. Ol hiç haçan awa gitmeýärdi, humar oýnamaýardy, balyk tutmaýardy, şerap içmeýärdi, çilim çekmeýärdi, umuman beýleki çagalaryň kakalarynyň edýän hiç bir zadyny edip

bilmeýärdi, diňe hemişe myhman otagynda oturyp, kitap okamagy başarýardy.
Şunuň ýaly ýagdaýda biz kakamyza hiç kimiň üns bermezligini isleýärdik, emma şol ýyl tutuş mekdep Attikusyň Tom Robinsonyň hukuklaryny goraýandygy barada hyşy-wyşy edýärdi, ol hyşy-wyşylar hem iň bir gulaga ýakymsyz gybatlardy. Haçan-da men ilk-ä Sesil Jeýkobs bilen sögüşip, soňam iň soňky züwwetdin ýaly ol ýerden gaýdanymda deň-duşlarym: „Gözlüje Finç, mundan beýläk hiç kim bilen urşup biljek dälmiş, kakajygy oňa käýýeýärmiş“ diýip gepläp ugradylar. Olar birazrak ýalňyşypdylar, men indi mundan beýläk adamlaryň arasynda urşup bilmeýärdim, ýöne maşgalanyň arasynda welin başga gepdi. Ähli doganoglan-dolanan doganlarymy hem uýalarymy men Attikus üçin heziller edip ýençmäge taýýardym. Mysal üçin, Frensis Henkok munuň şeýledigini özünde barlap görüpdi.
Attikus bize basyş bilen atylýan tüpeň sowgat berse-de bize olardan atmagy öwretmek welin islemedi. Şonuň üçinem Jek kakam bize bu ugurdan ilkinji sapaklary berdi, ol: „Attikus tüpeňler bilen gyzyklanmaýar“ diýdi. Attikus Jime:
-Men seniň mellekde boş gutulary atmagyňy isleýärin, ýöne bilýän, sen guşlary atyp ugrarsyň. Eger-de serçelere degrip bilseň, isledigiňçe atyber, ýöne ýadyňdan çykarma, bilbili öldürmek gaty çökder günädir.
Men ilkinji gezek Attikusyň nämedir bir zat barada günä diýendigini eşitdim, şonuň üçinem hanym Modiden bilbili öldürmegiň näme üçin günädigini soradym.
Hanym Modi:
-Seniň kakaň dogry aýdýar,-diýdi:-Bilbiljik iň bir ejizje hem günäsiz guşjagaz, ol diňe bize şatlyk paýlamak üçin saýraýar. Bilbiller bagdaky ir-iýmişleri çokmaýarlar, kümelerde höwürtge ýasanmaýarlar, olar hemişe diňe biziň üçin öz aýdymlaryny saýrap berip ýörler. Ine şonuň üçinem bilbili öldürmek juda agyr günä hasaplanýar.
-Hanym Modi, biziň ýaşaýan toplumymyz öte garry gerek?
-Ol entek hatda şäher ýokka-da bar ekeni.
-Ýok, meni ony aýtjak bolamok, biziň köçämizde hemme adamlar garrylar. Bar çagalar hem diňe Jim ikimiz. Hanym Dýuboz ýene-de bir-iki gün geçse azyndan ýüz ýyla ýaşaýan bolmaly, hanym Reýçel hem garry, sizem, Attikusam şeýle.
-Dogrusy, men-ä elli ýaşy beýlebir garrylyk diýib-ä hasaplabam barmaýaryn-diýip hanym Modi şerebeli bellik etdi:-Heniz-ä meni göwnüme bolmasa tigirçekli kürsüde aýlap ýören ýok ýaly. Seniň kakaňy hem şeýle. Ýöne, dogrusyny aýtsaň, meniň köne kümmetimiň ýanandygyna Hudaýa şükür edýärin, ony arassa saklamaga eýýäm meniň güýjümem ýetmeýärdi...hawa, görýän welin, seniňki dogry ýaly-la, Jin Luiza, biziň ýaşaýyş toplumymyzyň ilaty örän...hymm...nähili aýtsamkam...epeý ýaly. Sen bu ýerde ýaşlary düýbünden görmeýärsiň öýdýän, şeýlemi?
-Görýärin, hanym! Mekdepde.
-Men beýle diýenimde eýýäm uly ýaşly ýaşlary göz öňünde tutýaryn. Men aýtsam, Jim ikiňiziň juda bagtly. Kakaňyzyň birneme gartaşandygy siziňkiniň çüwdügi. Eger-de ol otuz ýaşynda bolan bolsady, siz başgaça ýaşardyňyz.
-Elbetde, başgaça bolardy, sebäbi Attikusyň elinden hiç zat gelmeýär ahyry...
Hanym Modi:
-Sen ol barada hiç zat bilmeýärsiň,-diýdi:-Onuň güýç-kuwwaty heniz dyňzap dur.
-A ol näme başarýar?
-Hymm...ine mysal üçin, ol kimdir biri üçin şeýlebir oňat hem akylly edip wesýetnama düzüp berip bilýär welin, ol ýerde siňege süýkenmäge-de büdür-südürlik galmaýar...
-Hymh...o dagy näm-me-jik...
-Ýeri bolýar, a sen bilýärsiňmi, ol biziň tutuş şäherimizde şaşkanyň iň oňat oýunçysy ahyry? Eşider bolsaň, „Finçiň duralgasynda“, biziň çaga döwürlerimiz ol bu kenarda-da beýleki kenarda-da islendik adamy utup bilýärdi.
-Siziň aýdýanyňyz näme, hanym Modi, hatda biziň Jim ikimiz hemişe ony utýarys ahyry!
-Sebäbi ol sizden utulan bolýar ahbetin, muňa düşünerçe bolansyňyz-la. Sen bilýärsiňmi, onuň jürlewükde saz çalyp bilýändigini?
Öwnere zat bolaýşyny! Men mundan soň-a Attikus üçin hasam beter utandym.
-Ýeri bolýar-da...
-Näme bolýar, hanym Modi?
-Hiç zat. Görýän welin, sen kakaňa buýsanyp bilmeýän ýaly. Her öňýeten jürlewükde saz çalyp bilmeýär ahyry. Hany indi bolsa agaç ussalarynyň aýagyna çolaşyp ýörme. Ylga öýňüze tarap, men häzir güllerim bilen meşgullanjak welin, saňa esewan bolup ýörmäge elim degmez. Birdenkä üstüňden agaç-beýleki gaçaýmagy-da ähtimal.
Men howlymyzyň arka tarapyna gaýtdym, ol ýerde Jim boş gutudan tüpeň atýardy, daş-töwerek serçelerden doludygy zerarly, bu iň bikär pişedi. Men bagymyza dolandym-da, iki sagatlap ol ýerde

özüme galajyk salyndym. Onuň gurluşygynda-da ulagyň taşlanan teker daşgysyny, apelsinden boşan çelegi, kirli geýimler salynýan örme sebedi, eýwandaky oturgyçlary we patrakdan boşan gutudan kesilip alnan kinniwanja milli baýdagy ulandym. Baýdagy maňa Jim beripdi.
Attikus günorta naharyna gelende men galajygymda nyşana alyp otyrdym.
-Sen niräni didiwana mündürýärsiň?
-Hanym Modiniň ýumşak ýerini.
Attikus ýeňsesine gaňrylanda meniň gip-giň nyşanamy gördi, hanym Modi öz bagynda gülleriniň üstüne eglip durdy. Attikus sypal başgabyny ýeňsesine süýşürdi-de, köçäni kesip geçdi.
-Modi,-diýip ol gygyrdy:-saňa duýdurmak isleýän. Seniň başyňdan örän çynlakaý howp abanýan ýaly.
Hanym Modi dikeldi-de, maňa tarap garady. Soňam:
-Attikus, sen bar-a, melgunyň hut özi.
Soňra Attikus yzyna dolanyp geldi we maňa nyşanamy üýtgetmegi buýurdy.
-Özi-de indiden buýana men seniň bu ýaragyňdan kimdir birini nyşana alýanyňy göräýmäýin!-diýip ol biraz sesine basym berdi.
Eger-de meniň kakam hakykatdanam „melgunyň hut özi“ bolan bolsa nähili gowy bolardy! Men kakam barada Kelpurniýadan hem soraşdyryp başladym.
-Jenap Finçmi? Baý-bo-ow, ol ýeriň ýüzünde hemme zady başarýar.
-Hany nämäni, nämäni?
Kelpurniýa ýeňsesini gaşady-da:
-Ýüregime düşme, menem doly bilemok-diýdi.
Üstesine şol wagt Jim hem Attikusdan: „metodistleriň tarapyndan top oýnarsyňmy?“ diýip sorady. Attikusam jogap berdi: „Ýok, munuň üçin men öte garry we ýykylyp, boýnumy oňurmagym ahmal“. Metodistler öz ybadathanalarynyň girewine goýlan ýer şahamçasyny yzyna satyn almak isläp, baptistleri futbol oýnunda ýaryşmaga çagyrypdylar. Ýaryşa megerem Attikusdan başga meýkombly çagalaryň hemmesiniň kakalary gatnaşmalydylar. Jim özüniň şol oýna tomaşa etmegem isleýändigini aýtdy, ýöne oýunçylar öwrenje bolanlarynda-da nirededir bir ýerde pökgi oýnaýarkalar ol tomaşa etmän nädip çydasyn! Elbetde ol oýny synlamaga gitdi, baryp Attikus ikimiziň ýanymyzda durşuna, gaşlaryny çytyp Sesil Jeýkobsyň kakasynyň metodistleriň derwezesine top salşyny synlady durdy.
Bir gezek şenbe güni Jim ikimiz tüpeňlerimizi aldyk-da, aňtawçylyk etmäge ugradyk, belki awysiýdigiň ýa-da towşanyň üstüne bararys. Redlileriň jaýynyň deňesinden geçdik-de ýene-de takmynan bäş ýüz ýard çemesi ýöredik welin, birdenkä Jimiň assyrynlyk bilen nirädir bir ýere gapdala seredýändigini gördüm. Ol kellesini gyşardyp, gözüni hem çaşardýardy.
-Sen ol ýerde näme gördüň?
-Seret it ylgap gelýär.
-Bu Tim Jonson dälmi näme?
-Hawa.
Tim Jonsonyň hojaýyny jenap Garri Jonson mobil awtobusynyň sürüjisi, şäheriň günorta çetinde ýaşaýardy. Tim, çypar menekli, gytyk tüýli tazy, tutuş Meýkombyň eý görýän itidi.
-Oňa näme bolýar-a?
-Bilemok, Gözlüje. Ýör, gowusy yzymyza dolanaýaly-la.
-Goýsan-a-a, Jim, häzir fewral aýy ahyry.
-Barybir, Kelpurniýa aýtmak gerek.
Biz öýümize ylgadyk-da, barşymyza aşhana kürsäp urduk.
Jim:
-Kel,-diýdi:-haýyş edýän, ýekeje minutlyk daşaryk çyksana.
-Näme üçin? Her gezek siz üçin daşaryk çykyp durmaga meniň elim degmeýär.
-Ol ýerde it bar, özem oňa bir zad-a bolýar.
Kelpurniýa uludan demini aldy.
-Meniň itleriň penjesini daňyp ýörmäge şu mahal wagtym ýok. Hammamda hasa bar, özüň al-da, daňyber.
Jim başyny ýaýkady.
-Bu köpek keselli, Kel. Oňa bir zad-a bolýar.
-A näme ol öz guýrugyny tutjak bolýarmy?
-Ýok, ol ine şeýle edýär.
Jim tutuşlygyna iki bükülip küýkerdi-de altyn balyjak ýaly agzyny açyp, howany gapyp başlady:-Ol ine şeýle ýöreýär, Kel, meniň pikirimçe bu ýöreýşi onuň özüne-de düýbünden ýaramaýan ýaly.
-Sen meni oýnajak bolýarsyňmy, Jim Finç?-diýende Kelpurniýanyň sesinde gatyrganma peýda boldy.
-Ýok, Kel, çypbakaý çynym!
-Ol it aýagaldygyna ylgap gelýärmi?

-Ýok, haýaljakdan ýorgalap gelýär. Ol bärik gelýär.
Kelpurniýa elini ýuwuşdyrdy-da, Jimiň yzy bilen howla çykdy. Ol:
-Bu ýerde hiç hili it görünmeýär.-diýdi.
Biz ony Redlileriň jaýynyň gapdaly bilen yzymyza düşürip alyp gaýtdyk, ol Jimiň görkezen tarapyna seretdi. Tim Jonson bu wagt örän daşdady, ýöne ol bize tarap ýöräp gelýärdi. Ol birhili gyşarylyp ýöreýärdi, edil sag aýaklary çepinden gysga ýaly. Men pikir etdim: „Ol edil çägede batan ulag ýaly“.
-Ol birhili gyşyk bolaýpdyr-diýip Jim aýtdy.
Kelpurniýa gözlerini petretdi, soňam bizi garsa gujaklady-da, gyssanmaçlyk bilen öýe garşy dartyp ugrady. Gapyny jarkyldadyp ýapdy-da, okdurylyp baryp, telefony aldy-da, oňa gygyrdy:
-Jenap Finçiň edarasyny birikdiriň! Jenap Finç, bu Kel! Edil Hudaýyň öňündäki ýaly, çynymy sözleýän, biziň köçämizde guduzlan it bar...Hawa, jenap, bize tarap ylgap gelýär...Hawa...Jenap Finç, ine meniň size çyn sözüm...Tim Jonson...Hawa, jenap...Bolýar, jenap...bolýar...
Ol telefony ýerinde goýdy welin, biz ondan Attikusyň näme diýýändigini sorap başladyk, ol bolsa diňe siňekler ýüregine düşýän sygyr ýaly başyny talawlatdy-da oňaýdy. Soňra telefonyň gaňyrçagyna kakyşdyrdy-da, oňa:
-Hanym Ýula Meý...ýok, hanym, jenap Finç bilen men eýýäm gepleşdim, haýyş edýän indi birikdirmäňem...Meni diňläň, hanym Ýula Meý, belki siz hanym Reýçele we hanym Stiweni Krouforda, şeýle hem biziň köçämizde başga-da kimde telefon bolsa jaň edersiňiz? Olara aýdyň, guduzlan it gelýär! Haýyş edýän, hanym!
Ol biraz diňläp durdy.
-Fewraldygyny bilýärin, hanym Ýula Meý, ýöne men haçan itiň sagdygyny, haçan bolsa guduzlandygyny bilýärin, hatyrjem bolaýyň, men ýalňyşmaryn. Haýyş edýän, hanym, howlugyň!
Soňra Kelpurniýa Jimden sorady:
-Redlilerde telefon barmy?
Jim telefon kitapçasyna seretdi-de, ýok diýip aýtdy.
-Olar öýlerinden çykmaýarlar ahyry, Kel.
-Barybir, olara aýtmak gerek.
Ol ylgap eýwana çykdy, bizem onuň yzyna düşmäge çemelendik.
-Öýde oturyň!-diýip ol bize gygyrdy.
Hanym Ýula eýýäm Kelpurniýanyň duýduryşyny biziň hemme goňşularymyza ýetiren bolmaly. Gözüň ýetýän ýerinde biziň köçämizdäki ähli gapylar gaýym ýapylgydy. Tim Jonson hiç ýerde görünmeýärdi. Kelpurniýa gat-gat geýlen aşaky köýnekleriniň hem-de öňlüginiň etekleriniň çetini eline aldy-da, Redlileriň jaýyna garşy ökjäni göterdi. Ylgap barşyna eýwana girip, olaryň işiginde deprek kakyp ugrady. Hiç kim ses bermedi welin, ol ulili bilen gygyryp başlady:
-Jenap Natan! Jenap Artur! Seresap boluň, guduzlan it! Guduzlan it!
Men:
-Ol arka tarapdaky eýwandan baryp kakmalydy-diýdim.
Jim başyny ýaýkady-da:
-Häzir bu wajyp däl-diýdi.
Kelpurniýa bihuda ýere gapyny döwäýjek bolýardy. Oňa hiç kim ses bermedi, hamana ony hiç kim eşitmeýän ýaly.
Ol Redlileriň jaýynyň ýeňse ýüzündäki eýwana ylgady, şol pille-de biziň öýümiziň öňündäki ýodajyga gara „ford“ uçup çykdy. Ondan Attikus bilen jenap Gek Teýt çykdy. Gek Teýt Meýkomb okrugynyň şerifidi. Biziň Attikusymyz ýaly uzyn bolsa-da ol biraz inçeräkdi hem-de burunlakdy. Onuň aýagynda beýik gonçly, bagjykly, ýalpyldawuk demir deşikli ädik, dar jalbar bardy, egnine awçylaryň penjegi geýilgidi. Biline bolsa okly kemer guşalgydy. Eli äpet tüpeňlidi. Olar iki bolup eýwanyň öňüne geldiler, Jim gapyny açdy.
Attikus:
-Çykma, ogul,-diýdi:-Ol nirede Kelpurniýa?
-Häzir megerem, nirededir bir şu töwereklerdedir-diýip Kelpurniýa elini köçäniň ugruna salgady.
-Ylgap barýarmy ýa-da ýok?-diýip jenap Teýt sorady.
-Ýok, jenap, jenap Gek, ol bu mahal towlanjyraýar.
Attikus:
-Belki-de onuň öňünden çykarys, Gek?-diýdi.
-Gowusy garaşalyň, jenap Finç. Adatça olar gönüligine ylgap gaýdýarlar, ýöne kim bilýär, belki ol köçäniň öwrüminden öwrüler. Eger şeýtse, Hudaýyň berdigi, belki-de ol gös-göni Redlileriň howlularynyň ýeňse ýüzüne geçip gider. Biraz tagapyl edeliň.
Attikus:
-Ol Redlileriň howlusyna girendir öýdüp pikir etmeýärin-diýdi:-Haýat päsgel berer. Has takygy ol köçäniň ugry bilen ýörär...

Öň men guduz itleriň agzyndan ak köpürjik saçylyp, olar örän çalt ylgap, seniň üstüňe topulyp, seniň bogazyňy çeýnemäge dyrjaşýandyrlar, özem bu zatlar awgustda bolýandyr öýdüpdim. Eger-de Tim Jonson şeýle bolan bolsady men häzirkime görä has azrak gorkardym. Emma haçan-da köçede janly-jemende görünmese, hemmeler gizlenip, nämedir bir zada garaşyp durka bolsa, juda eýmenç görünýär. Baglar doňňara-daş bolup doňup galdylar, saýrak guşlar näme, hatda şolaram dym-dyrslyga beslendiler, hanym Modiniň howlysyndaky agaç usssalaram nirädir bir ýere sumat boldular. Jenap Teýt asgyrdy, soňra sümgürindi-de tüpeňini iki eli bilen gysymlady. Soňra özüniň baş gapysynyň aýnasynyň aňyrsyndan, edil diwardaky suratyň çarçuwasyndaky ýaly hanym Stiweni Krouford peýda boldy. Hanym Modi hem bir ýerden gelip, onuň ýanynda durdy. Attikus aýagyny kürsiniň agajyna goýup, haýaljakdan aýasy bilen dyzyny sypady we pessaý pyşyrdady:
-Ine ol.
Öwrümden Tim Jonson göründi, ol Redlileriň jaýynyň gyrasyndan geçýän pyýada ýodasynyň ugry bilen aýagyny süýräp gelýärdi.
-Oňa seretsene,-diýip Jim pyşyrdady:-Jenap Gek olar diňe göni ýol boýunça hereket edýärler diýip aýtdy, ol bolsa hatda köçäniň ugry bilenem ýöräp bilmeýär.
Men:
-Meniň pikirimç-ä onun ýöne ýüregi bulanýar-diýdim.
-Kimdir biri onuň ýoluny kessin, bada-bat üstüne topular.
Jenap Teýt aýasy bilen gözüniň üstüni kölegeletdi-de, ümzügini öňe atdy.
-Hakykatdan guduzlapdyr.
Tim Jonson pyşdyl ýöreýşini edip gelýärdi, ol gury ýapraklar bilen oýun etmeýärdi we ýeri ysgamaýardy. Göwnüňe bolmasa ol nirä barýandygyny bilýän ýalydy, edil göze görünmeýän güýç ony bize tarap itekleýän ýalydy. Ol edil gögeýinler ýüregine düşen ýaby ýaly aram-aram silkinip-silkinip gidýärdi, birden-ä agzyny açýardy, birdenem ýapýardy, özem ol bir gyralygyna gyşarylyp, haýallyk bilen bize tarap ýakynlaşýardy.
Jim:
-Ol jan berer ýaly ýer gözlenýär-diýdi.
Jenap Teýt gaňryldy.
-Jan bererine heniz uzak, Jim, entek onuň jany çykyp başlamandyr.
Tim Jonson Redlileriň jaýynyň öňüne zordan süýrenip bardy. Onuň bolup durşy, indi nirä gitmelidigini kesgitlemek üçin paýhasynyň soňkuja übtüklerini bir ýere çugdamlamaga çytraşýana çalym edýärdi. Ol ysgynsyzlyk bilen birnäçe ädim süýşdi-de, Redlileriň derwezesine diredi, yzyna öwrülmek isledi, emma paşmady.
Attikus:
-Şu wagt ony nyşana alyp boljak, Gek. Ol gapdalky köçejige sowulmanka, howlugyň, köçäniň ol burçunda oňa kimiň sataşjakdygyny Hudaý bilsin. Öýe git, Kel.
Kel gözenek tutulan gapyny açdy, soňra içeri girip gapyny kiltledi, soňra kildi yzyna süýşürdi-de, işigiň diňe ildirgijini ildirdi. Ol Jim ikimizi öz arkasynda gizlemäge çalyşýärdy, emma biz onuň goltugynyň aşagyndan jyklaýardyk.
-Atyň, jenap Finç.
Jenap Teýt Attikusa tüpeňini uzatdy. Jim ikimiz muny görüp tas huşumyzdan gidýärdik.
Attikus:
-Wagt ýitirmäň, Gek,-diýdi:-Pikirlenmän atyň.
-Jenap Finç, bärde pys geçirmän atmaly.
Attikus gatyrganma bilen başyny ýaýkady.
-Süýndürip durmaňsana, Gek! Ol uzakly günläp size garaşyp durmaz...
-Jenap Finç, siz onuň nirede durandygyna serediň ahyry! Çala sowa geçdigi gülle göni baryp Redlileriň penjiresinden girer. Men beýlebir mergen atyjy däl, muny siziň özüňizem bilýärsiňiz ahbetin.
-Men bolsa eýýäm otuz ýyl bäri elime ýarag alyp göremok...
Jenap Teýt bat bilen Attikusyň eline öz tüpeňini gysdyrdy-da:
-Ine, şu wagtam alyň, şeýtseňiz menem biraz rahadrak bolaryn!-diýdi.
Biz Jim bilen edil dumanda azaşan ýaly bolup, bu bolýan zatlary synlaýardyk. Kakam tüpeňi aldy-da, köçäniň ortarasyna çykdy. Ol çalt ýörese-de meniň göwnüme bolmasa juda haýal gadam urýan ýalydy, edil suwuň aşagyndaky dek. Wagt bolsa ýürekbulanjy haýallyk bilen süýrenýärdi.
Attikus äýnegine ýapyşdy.
-Rehim-şepagatly Perwerdigär, oňa ýardam ber,-diýip Kelpurniýa hümürdedi-de, aýalaryny ýaňaklaryna gysdy.
Attikus äýnegini maňlaýyna süýşürdi, ol yzyna gaçdy, kakam ony ýere gaçyrdy. Ümsümlikde men äýnegiň aýnalarynyň şytyrdanyny eşitdim. Attikus gözlerini we eňegini eli bilen owkalady-da, çalt-

çaltdan gyrpdy. Redlileriň derwezesiniň öňünde Tim Jonson, başardygyndan nämedir bir zatlara düşündi öýdýän. Ol ahbetin yzyna öwrüldi-de, köçäniň ugry bilen mytdyldap ugrady. Emma iki ädim ädip-ätmän saklandy-da, kellesini göterdi. Doňňara-daş bolup galdy.
Göwnüme bolmasa Attikus entek tüpeňini galdyrmaga-da ýetişmändi, birdenem şol müddetde mäşäni gysyp goýberdi.
Tüpeň atyldy. Tim Jonson birhili gowuşgynsyz galkyjaklady-da, ýere ýazylyp, ak-çypar üýşmejik bolup doňup galdy. Ol hatda näme bolandygyna-da düşünip ýetişmedi.
Jenap Teýt basgançakdan böküp düşdi-de, Redlileriň jaýyna garşy ylgady. Ol itiň gapdalynda togtady, çommalyp oturdy, yzyna gaňrylyp, barmagy bilen çep gözüniň ýokarysyndan maňlaýyna dürtdi.
-Siz, birazajyk saga gyşarypsyňyz, jenap Finç!
-Hemişe şundanam ezýet çekýärdim-diýip Attikus jogap berdi:-Eger-de meniň saýlamaga mümkinçiligim bolan bolsady men jysmykdan atardym.
Ol eglip, äýnegini göterdi, onuň aýnasynyň döwüklerini köwşüniň ökjesi bilen basyp, kül-uşak edip, guma gardy, soňra jenap Teýtiň ýanyna bardy-da, säginip, Tim Jonsona seretdi. Biri-biriniň yzyndan gapylar açylyşyp, köçamize assajadan jan girýärdi. Hanym Modi bilen hanym Stiweni öýden çykdylar. Jim doňup galdy. Men ony ýerinden gozgamak çümmükledim, emma barybir Attikus bizi gördi we bize gygyrdy:
-Bärik gelmäň!
Soňra jenap Teýt Attikus bilen bilelikde biziň howlumyza dolandylar. Jenap Teýt ýylgyrýardy. Ol:
-Men Zibo ony aýyrmagy tabşyraryn,-diýdi:-Siziň ýadyňyzdan çykaran zadyňyz beýlebir köpem däl ýaly-la, jenap Finç. Aýdyşlaryna görä, muny undup bolmaýan bolmaly.
Attikus dymýardy.
-Attikus...-diýip Jim söze başlady.
-Näme?
-Hiç zat.
-Saňa seretmegem bir eşret ahyry, Finç Sowa Geçmeýän!
Attikus zarp bilen yzyna öwrüldi. Onuň öňünde hanym Modi durdy. Olar seslerini çykarman biri-birine seredişdiler, onsoň Attikus şerifiň ulagyna mündi.
-Bärik gel,-diýip ol Jimi çagyrdy:-Bu itiň ýanyna barmaga het edäýmäň, düşündiňmi? Onuň ýanyna barmaga milt edäýmäň, ölikä-de ol diriliginden beter howply.
Jim:
-Hawa, jenap,-diýdi:-Attikus...
-Näme, ogul?
-Hiç zat.
-Saňa näme bolýar, dostum, näme seniň diliň doňup galaýdymy?-diýip jenap Teýt gülümsiredi:-Heýem bir sen bilmeýärdiňmi, öz kakaň...
-Bes ediňsene, Gek,-diýip Attikus onuň sözüni böldi:-Biz şähere gitmeli.
Olar gitdiler, Jim ikimiz bolsa hanym Stiweniniň jaýyna tarap ýöneldik. Onuň eýwanynyň basgançagynda oturdyk-da, Zibonyň öz ulagy bilen gelerine garaşyp başladyk.
Jim haýrany-serasyma halda otyrdy. Hanym Stiweni bolsa ýetişibildiginden gepleýärdi:
-Hüm-hüm, fewralda guduzlan it boldy diýseň kim ynanar...kim muny ýadyna-oýuna düşürip biler? Belki-de ol hiç hili guduzlan hem däldir-de, diňe aklyndan azaşandyr? Ýöne men Garri Jonson Mobilden yzyna dolanyp gelip, Attikus Finçiň öz itini atandygyny eşidenden soň onuň ýüz-keşbini göresim-ä gelýär. Jedel edeýin, it diňe niredendir bir ýerden büre baryny üstüne üýşürendir-de, şondanam aňkasy aşandyr. Hanym Modi; „Eger-de Tim Jonson entegem biziň köçämizde ygyp ýören bolsady, onda hanym Stiweni başgaça aýdym aýdardy, itiň nähilidigi bolsa bahym anyklanar, sebäbi onuň kellesini Montgomerä barlaga ugradarlar“ diýdi.
Ahbetin Jim hem dil ýardy:
-Attikusy gördüňmi, Gözlüje? Ýok, sen gördüňmi, ol nähili durdy?...Birdenkä edil onuň kirşi üzülen ýaly boldy we birdenkä edil tüpeň ondan aýry hem däl-de, edil onuň öz eli ýaly boldy...özem ähli zat şeýlebir çalt, bir-bir... a men bolsa haýsydyr bir nyşana degräýýänçäm on minutlap dagy nyşanamy maýajyma alýaryn...
Hanym Modi ýeserje ýylgyrdy-da:
-Ýeri, hanym Jin Luiza,-diýdi:-sen henizem öz kakaň hiç zady başarmaýar diýip pikir edýärsiňmi? Sen entegem onuň üçin utanýarsyňmy?
-Ýo-o-o...-diýip men süýkdürip pyşyrdadym.
-Öňki sapar men saňa aýtmagy undupdyryn, Attikus Finç diňe bir jürlewükde saz çalyp oňmaýardy, ol öz wagtynda tutuş Meýkomb okrugynda iň mergen atyjy bolupdy.
-Iň mergen atyjy...-diýip Jim ýaň ýaly bolup gaýtalady.

-Aňryýany bilen dogry, Jim Finç. Men güman edýän, indi senem kakaň barada başgaça aýdymjagaza hiňlenip başlarmykaň diýýän. Görüň-ä bulary, siz hatda öz kakaňyza heniz oglanjykka Finç Sowa Geçmeýän diýip lakam dakanlaryny hem bilmeýärsiňizmi? Baý-bu-u-uw, ol döwürler dagy, ol kämahal „Duralgada“, eger-de atan on bäş oky bilen on dört gögerçini awlasa: „wah, men güllelerimi bihuda sarp edäýýärin-dä!“ diýip gaýga batardy ahyry.
-Ol bu barada bize bir gezejigem ýeke sözem aýtmady-diýip Jim hümürdedi.
-O nähili? Ýeke gezegem, ýeke sözemmi?
-Hawa, hanym.
-Onda näme üçin ol hiç haçan aw etmeýär?-diýip men geň galdym.
Hanym Modi:
-Görýän welin, men muny saňa düşündirip biläýjek ýaly-diýdi:-Nämäniň nähilidigini-hä bilemok welin, seniň kakaň ähli zatdan öňünçäsi akgöwünli adam. Mergenlik hem elbetde Hudaýyň beren zehini...Ýöne, elbetde, ony hemişe kämilleşdirmeli, türgenleşmeli, ýogsa nyşana atmak mysal üçin fortepýana çalmak hem däl ahbetin. Men şeýle pikir edýän, günlerde bir gün ol Hudaýyň özüne beýleki janly jandarlar babatda adalatsyz artykmaçlyk berendigine düşünen bolmaly, şondan soňam ol tüpeňini taşlandyr. Megerem öz ýanyndan diňe öte zerurlyk ýüze çykanda ol elime alaryn diýip kesgitlän bolmaly, bu gün bolsa şeýle zerurlyk döredi, onsoň ol hem atdy.
Men:
-Meniň pikirimçe ol öz eden işine buýsanmaly-diýdim.
Hanym Modi:
-Diňe akmaklar özlerine berlen zehine buýsanýarlar-diýdi.
Birsellemden zibilçi Zibo geldi. Ol ulagyndan çarşagyny aldy-da, seresaplyk bilen Tim Jonsona göterdi. Ony ulagyň yzyna zyňdy, soňra taňňyrdaky nämedir bir zat bilen Timiň ýatan ýeriniň we daş-töwereginiň topragyna sepeledi.
-Häzire çenli, hiç haýsyňyz bu ýere gelmejek boluň!-diýip ol gygyrdy.
Bize öýmüze gaýtdyk. Men Jime: „Ine indi duşenbe güni bize mekdebe aýdara-öwünere zat bar“ diýdim welin, Jim birdenkä meniň üstüme heňkirip goýberdi:
-Dil ýaryjy bolaýma, eşidýäňmi?!
-Ýene näme! Hökman aýdyp bererin! Hemmeleriň kakasy tutuş jelegaýda iň mergen atyjy däl ahyry!
Jim:
-Meniň pikirimçe,-diýdi:-eger-de ol biziň bu zatlar barada bilmegimizi islän bolsady, onuň özi bize gürrüň bererdi. Eger-de ol muňa buýsanýan bolsady, şeýle diýibem aýdardy.
Men:
-Belki-de ol aýtmagy huşundan çykarandyr-diýdim.
-Ýo-o-ok, Gözlüje, sen muňa düşünmersiň. Dogry, Attikus garry, ýöne maňa welin onuň nämedir bir zatlary başarmaýandygynyň tapawudy ýok, goý hatda ol ýeriň ýüzünde hiç zady hem başarmasyn.
Jim ýerde ýatan daşy göterdi-de, ony dabara bilen ulaghana tarap zyňyp goýberdi. Soňra onuň yzyndan ylgady, ylgap barşyna-da ýeňsesine-de gaňrylman gygyrdy:
-Attikus – hakyky erkek kişi! Edil men ýaly!

xxxxx

Jim ikimiz kiçijikkäk biz öýmüzden uzaga daşlaşmaýardyk, ýöne haçan-da men ikinji klasda okaýarkam, biz eýýäm birmahal Betnyşan Redlä azar bermegimizi bes edipdik we bizi şäheriň merkezine tarap dartyp başlapdy. Şol tarapa barýan ýol bolsa hanym Genri Lafaýet Dýubozlaryň deňesinden geçýärdi. Eger-de tutuş bir mil uzaga ýöräýmeseň, onuň öýüniň daşyndan aýlanybam geçer ýaly däldi. Hanym Dýuboz ikimiziň aramyzda öňem ownuk-uşak çaknyşmalar bolupdy, şonuň üçinem men onuň bilen has ýakynrak tanyşmagy düýbünden islemeýärdim, ýöne Jim: „Haçanam bolsa ahyry ulalmak gerek ahyry“ diýdi-dä.
Hanym Dýuboz garaýagyz hyzmatkär zenany bilen bizden iki jaý aňyrda, ikinji gatynda üsti açyk meýdançasy bolan jaýjagazda ýaşaýardy, onuň ikinji gatyna-da beýikden-beýik, dik basgançaklar bilen çykmalydy. Hanym Dýuboz garryňam-garrysydy, ol uzakly gününi düşekde ýa-da tigirçekli kürsüde geçirýärdi. Aýdyşlaryna görä, ol özüniň çolanan tükeniksiz gyňaçlarynyň hem-de ýapynjalarynyň aşagynda sapança bukýarmyş, şol sapança bilen bolsa onuň ýakynlaryndan kimdir biri Günorta goşunda söweşenmiş.
Jim ikimiz ony görsek aňrymyz bärimize gelýärdi. Ine deňelerinden ötüp barýansyň, ol bolsa ikinji gatdaky meýdançada oturan ýerinden rehimsiz nazary bilen içiňi deşip gelýändir, özem hökman ýapyşak sakyrtga ýaly ýapyşar, hamana biz özümizi nähili alyp barýarys? Soňam garga ýaly gagyldap ugrar, ulalanymyzdan soň bizden kim çykar, elbetde gowulykdan başga ähli zat çykar! Onuň öýüniň deňesinden öteniňde köçäniň aňry tarapyna geçmegiň hem manysy ýokdy, ol tutuş

toplumy ýaňlandyryp, bagyryp başlaýardy.
Oňa ýaranmaga-da hiç hili mümkinçilik ýokdy. Şadyýan ses bilen oňa: „Salam, hanym Dýuboz!“ diýersiň, ol bolsa jogap deregine: „Maňa „salam“ diýmäge het edäýme, bolgusyzja gyzjagaz! Sen: „Ertiriňiz haýyrly bolsun, hanym Dýuboz!“ diýmäge borçly“ diýip heňkirip goýberer.
Ol zalymyňam barypýatanydy. Bir gezek ol Jimiň kakamyň ýöne adyny tutýandygyny eşitdi, onuň tas şol ýerde ýuregi çat açypdy. Bir başlady-ow, bir başlady...Hamana biz ýaly bihaýa, gödek töňňeleri entege bu güne çenli jahan gören dälmiş, hamana kakamyzyň ejemiz aradan çykandan soň ikinji sapar öýlenmändigine juda gynanýarmyş! Biziň ejemiz örän a-ja-ý-y-p aýal bolanmyş, Attikus Finçiň biziň ejemiziň çagalaryny şeýle başyna goýberenini görübem onuň ýüregine ganlar öýýärmiş! Men ejemi bilmeýärdim, ýöne Jim welin bilýärdi, ol kämahal maňa ejem barada gürrüňem berýärdi, şol sebäpli-de hanym Dýubozyň sözlerinden ýaňa ol üç ýuwlan ak esgä dönüpdi.
Betnyşan Redli, guduz it we beýleki şoňa meňzeş elhençlikleri başyndan geçirenden soň Jim özüçe: „hanym Reýçeliň jaýynyň deňesinde doňup galmak besdir, näme biz şol derejede züwwetdinmi näme!“ diýen netijä geldi. Şondan soň biz her gün agşam Attikusy garşy almak üçin poçtanyň ýerleşýän künjegine çenli ylgamagy ýüregimize düwdük.
Sebäbi eýýäm ençeme gezek hanym Dýuboz biz öýüniň deňesinden geçip barýarkak agzyna gelenini diýipdi, şol sebäpli Jim her gezek Attikusy gahar-gazapdan ýaňa hum ýaly çişip garşylaýardy.
-Parahadrak, ogul, parahadrak,-diýip Attikus şonda oňa aýdýardy:-Ol keselbent hem garry aýal. Sen bolsa özüňe berk bol-da, başyňy belent tutup, hakyky erkek kişi bol. Ol saňa näme diýse-de seniň işiň erkiňi eliňden bermezlik.
Jim: „ol beýlebir keselli hem däl, sebäbi hassalar beýle çirkin bagyrmaýarlar. Soňra biz üç bolup hanym Dýubozyň öýüniň öňüne barýardyk, Attikus edep bilen sypal başgabyny çykarýardy-da, oňa baş egip:
-Gündiziňiz haýyrly bolsun, hanym Dýuboz! Siz bu gün edil surat ýaly görünýärsiňiz-diýýärdi.
Ýöne ol hiç haçan nähili suratdygyny aýtmaýardy. Ol hanym Dýuboza her hili kazyýet täzeliklerini habar berýärdi we onuň özüni ertir mundanam gowy duýmagyna umyt bildirýärdi. Soňra sypal başgabyny geýýärdi-de, hanym Dýubozyň gözüniň alnynda meni egnine mündürýärdi, onsoň biz agşamaranyň alagaraňkylygynda öýümize tarap gadam urýardyk. Ine şeýle agşamlarda-da men: „kakam ýarag görse aňyrsy bärisine gelýän hem bolsa, ol hiç haçan urşa gatnaşmadyk hem bolsa-da, ol ýeriň ýüzünde iň batyr adam“ diýip pikir edýärdim.
Haçan-da Jimiň on iki ýaşy dolanda oňa pul sowgat berdiler, bada-badam puly onuň kisesini ýakyp başlady. Şonuň üçinem biz ertesi gün şähere gaýtdyk. Jim puly özi üçin bug hereketlendirijisiniň kinniwanja nusgasyny we meniň üçin harby baş sazandalaryň owadan hasasyny satyn almaga ýeter öýdüp çaklaýardy.
Men şol hasany her gezek görenimde aňk bolup galýardym, ol Elmoryň dükanynyň görnüş aýnasynda goýulgydy, ol owadan şaý-sepler hem zerli sapaklar bilen bezelendi, özüniňem on ýedi sent bahasy bardy. Wah, men ony her görenimde bahymrak ulalyp, Meýkomb okrugynyň orta mekdepleriniň okuwçylarynyň Sazandalar toparyna dirižýorlyk etmegi şeýlebir küýseýärdim, şeýlebir küýseýärdim! Men öňden bäri sazandalar toparyna ýolbaşçylyk etmek sungatynda öňden bäri türgenleşýärdim we hatda taýagy ýokaryk oklap gapmagy tas öwreniberipdim diýen ýalydy. Hatda soňabaka Kelpurniýa meni elim taýakly gördügi öýe hem goýbermän başlapdy. Ýöne men bilýärdim, eger-de meniň hakyky sazandalyk hasajygym bolsady, onda men ony hiç haçanam ýere gaçyrmaryn. Maňa şeýle arzyly sowgady etmegem Jimiň tarapyndan örän uly sahawatlylykdy.
Haçan-da biz hanym Dýubozyň jaýynyň deňesinden geçip barýarkak, ol ýene-de öýüniň ikinji gatyndaky meýdançada otyrdy.
-Bu bimahal çak siz nirä şaýlanyp barýarsyňyz?-diýip ol gygyrdy:-Bikär entäp ýörsüňiz gerek, şeýlemi? Ine, häzir men mekdebiň direktoryna jaň ederin!
Özüniňem ýüzi şeýlebir birhili boldy, edil ýöne biz nähilidir bir aýylganç hokga goparan ýaly, özi-de eýýäm kürsüsini telefona tarap sürmäge hyýallandy.
Jim:
-Bu gün şenbe ahyry, hanym Dýuboz-diýdi.
-Ýeri şenbe bolsa bolupdyr-da,-diýip ol düşnüksiz jogap berdi:-Ýogsa-da siziň kakaňyz siziň nirelerde ygyp ýörendigiňizi bir bilýärmikä?
-Hanym Dýuboz, biz şähere ine şunuň ýalykak hem özbaşdak gidýärdik-diýip Jim aýasy bilen ýerden iki fut beýikligi görkezdi.
-Maňa ýalan sözleme!-diýip ol wawwaly ýarasyna basylan ýaly çirkin gygyrdy:-Jeremi Finç. Modi Etkinson maňa seniň şu gün onuň üzüminiň şahasyny döwendigiňi aýtdy. Ol seniň kakaňa arz eder welin, onsoň sen dünýä ineniňe puşman edersiň! Onsoňam meniň men bolmadygym, eger-de seni ýene-de bir hepdeden düzediş öýüne ugratmasalar.

Jim tomusdan bäri hanym Modiniň üzümlerine ýakynam barmaýardy, onsoňam eger-de ol üzümiň şahasyny döwäýen bolanlygynda-da ol bilýärdi, hanym Modi hiç wagtam Attikusa arz etmez, muny şeýle diýibem aýtdy:
-Bu aýdýanlaryňyzyň bary galat!
-Meniň tersimden tutmaga het etme!-diýip hanym Dýuboz şaňňy sesi bilen hasam çirkin gygyrdy:-A sen bolsa,-diýip ol meniň tarapyma egrerlip çeňňegiň ujuna dönen barmagy bilen dürtdi:-sen näme beýden bolup oglanjyk ýaly jalbarly sümsünip ýörsüň? Ýaş hanymlar uzyn köýnekli, ýasy guşakly gezmeli. Eger-de kimdir biri saňa terbiýe bermeklige çynlakaý girişmese senden bary-ýogy hyzmatçy çory çykar. Gör-ä muny, Finçleriň gyzy köçe meýhanasynda çorylyk edip ýörse, ha-ha!
Men gorkudan ýaňa buz ýaly boldum. Köçe meýhanasy – bu şäheriň demirgazyk çetindäki syrly ymaratdy. Men Jimiň eline ýapyşdym, ýöne ol bir dyzanda elimden sypdy.
-Ýeri, ýeri, Gözlüje!-diýip ol pyşyrdady:-Oňa üns berme, başyňy belent tut-da, hakyky erkek kişi bol!
Ýöne hanym Dýuboz bize ýöne şeýle geçip gidibermäge maý bermedi.
-Gör Finçler nähili pese düşdüler! Olaryň biri köçe meýhanasynda çorylyk edýäni hem az ýaly, ýene-de beýlekisi hem kazyýetde garakirlileri goraglaýar!
Jim gös-göni boldy-da, doňup galdy. Hanym Dýuboz biziň iň agyryly ýerimizden urupdy, onuň özem muny bilýärdi.
-Hawa, hawa, ine näme çenli barlyp ýetildi, Finç maşgalanyň däp-dessurlarynyň ählisiniň garşysyna sürünýär!-diýip ol elini agzyna eltdi-de, soňam yzyna çekdi welin, eliniň yzyndan uzyn sülekeýden sapajyk süýnüp gaýtdy:-Ine men saňa näme aýdaýyn: seniň kakaň özi-de özüniň hyzmatyny edip berýän garakirlilerinden we beýleki dürli-dümen näkes akýagyzlaryndan jinnek ýaly-da tapawutlanmaýar!
Jim gaýnadylan leňňeje dönüp gyzardy. Emma men onuň ýeňinden çekdim welin, ol sesini çykarman öňe ýöräberdi, biziň ýeňsämizden bolsa hanym Dýuboz ýyldyrym çakdyryp gök gümmürdetmegini dowam etdirdi. Hamana biziň maşgalamyz sandan çykyp, şeýle bir pese düşüpdir welin, indi mundan aşak gaçmaga-da ýer ýokmuş, hamana Finçleriň ýarysyndanam köpüsi dälihanadamyş, ýöne eger-de biziň ejemiz diri bolan bolsady, onda biz beýle edip başymyza gitmezdik.
Men bilmeýärin, hanym Dýubozyň sözlerinden haýsysynyň Jimiň has çetine degendigini, ýöne meniň özüm-ä hanym Dýubozdan öler ýaly gaty gördüm. Ol ňäme üçin biziň hemmämizi däli diýip hasaplaýarka? Attikusa hemmeler tükeniksiz käýinýärdiler, muňa men eýýäm öwrenişibem başlapdym. Ýöne meniň ýanymda ilkinji gezek kakamy uly ýaşly adam masgaralapdy. Eger-de ol Attikusa sögünip başlamadyk bolsady, biz onuň bolşuna beýlebir geň galybam durmazdyk, onuň beýle bolşy ilkinji gezek däldi.
Howadan tomsuň ysy gelip ugrapdy, kölegede heniz sowugrakdy, ýöne Gün mazaly gyzdyrýardy, diýmek gowy döwür ýakynlap gelýärdi, okuw tamamlanar, Dill geler.
Jim bug hereketlendirijisiniň oýnawaç nusgasyny satyn aldy, onsoň biziň Elmoryň dükanyna, meniň sazandalyk hasajygymyň yzyndan gitdik. Täze satyn alan hereketlendirijisi Jime hiç hili şatlyk getirmedi, ol ony jübüsine dykdy-da, jyňkyny çykarman meniň gapdalym bilen öýümize tarap mytdyldap ugrady. Ýolda barýarkak men tasdanam hasajygymy jenap Link Diziň depesinden gaçyrýardym, zordanjyk ony gapyp ýetişäýdim, jenap Link Diz bolsa maňa:
-Seresabrak bolaweri, Gözlüje!-diýdi.
Biz hanym Dýubozyň öýüniň deňesine golaýlanymyzda meniň hasajygym çyr-çyrşak boldy, men eýýäm ony ençeme gezek hapanyň içinden alypdym.
Jaýyň ikinji gatyndaky açyk meýdançada hanym Dýuboz ýokdy.
Men soň özümden: „şol gezek Jimi kakamyň „hakyky erkek kişi bol, ogul“ diýen öwüdiniň undup, özüniň ýakyn wagtlardan bäri yhlas bilen gyşarnyksyz berjaý edýän uýaljaň asyllylygynyň düzgünlerini bozmaga näme mejbur etdikä?“ diýip ençeme sapar sorapdym. Megerem Jim hem Attikusy, onuň garakirlileriň arkasyny alýandygy üçin masgaralaýan şalpar dillerden mendenem artygrak ezýet çeken bolara çemeli, ýöne men doganymyň hemişe sowukganlylygyny saklaýandygyna öwrenişipdim, ol hemişe asuda häsiýetlidi we birjigem gyzma däldi. Ýöne men pikir edýän, şol gezek bolup geçen zadyň welin, diňe ýeke-täk düşündirişi bolmaly – Jim şol pursat hut dälirän bolmaly.
Şonda Jimiň eden işini men, eger-de Attikusyň tabşyrygy bolmadyk bolsady, ýöne, hiç hili gypynçsyz beýlekisiz, ýüzugruna edip goýbererdim. Bize, elbetde, ýürekbulanjy kempirler bilen söweşmek bolmaýardy. Ine, onsoň, biz hanym Dýubozyň derwezesiniň deňesine ýeten badymyza Jim meniň elimden hasajygymy garbap aldy-da, ony dälirän ýaly depesiniň üstünde bulaýlap, howlynyň içine topuldy, ol Attikusyň ähli öwüt-nesihatlaryny-da, hanym Dýubozyň gyňajynyň astynda sapança saklaýandygyny-da, eger-de onuň özi atan okuny pys geçiräýse-de çorusy Jessiniň megerem okuny sowa geçirmejekdigini-de undupdy.

Ol diňe hanym Dýubozyň ähli gülleriniň depesini ýenjip-ýenjip ýere gaçyryp, bütin howlyny mynjyran gunçlardan hem ýaşyl gül ýapraklaryndan doldurandan soňra az-maz köşeşdi. Şondan soň ol meniň sazandalyk hasajygymy dyzyna urup döwdi-de, böleklerini ýere zyňyp goýberdi.
Oňa çenli menem sesimde baryny edip çygyryp ugradym. Jim meniň saçymdan çekdi-de, özüne indi barynyň birdigini, çemesini tapyp ýene-de edil şeýle etjekdigini, eger-de men sesimi kesmesem bolsa meniň saçlarymy ütüm-ütüm etjekdigini aýtdy. Emma men sesimi kesmedim welin, ol aýaklary bilenem meniň mazalyja eýimi ýetirdi. Men onuň urgusyna aýak üstünde durup bilmän, burnum bilen pyýada ýodasyny süsdüm. Jim zarp meni aýaga galdyrdy, ýöne göwnüme bolmasa onuň maňa rehimi indi. Degmedi. Ikimizde-de gepläre söz ýokdy.
Şol gün biz iň gowusy diýip, Attikusy garşy almaga çykmadyk. Biz tä Kelpurniýa kowýança aşhanadan çykmadyk. Ol edil haýsydyr bir ertekilerdäki jadygöý aýal ýaly eýýäm ähli zady bilipdi. Elbetde ol göwünlik bermegiň beýlebir ussady däldi, ýöne şonda-da mazaly gyzardylan çöregiň esli böleginiň üstüne mesge çalyp Jime tutdurdy, Jim bolsa ony ikä böldi-de ýarysyny maňa berdi. Men iň gowy görýän höregimiň hiç hili tagamyny duýmadym.
Biz myhman otagyna geçdik.
Men futbol žurnalyny aldym-da, Diksi Houelliň suratyny tapyp, Jime görkezdim:
-Saňa juda meňzeýär!
Meniň pikirimçe onuň üçin şundan ýakymly zady oýlap tapybam boljak däldi. Ýöne bu hem kömek etmedi. Ol penjiräniň öňündäki kürsüde küýkerilip oturyşyna, gaşlaryny çytýardy we garaşýardy. Iňrik garalyp barýardy.
Göwnüme bolmasa, geologiýa eýýamlarynyň bir-iki sanysy geçenden soňra daşarda Attikusyň aýak sesi eşidildi. Gapy açylyp-ýapyldy, birsalym ähli zat ümsümlige beslendi, Attikus daşky otagdaky geýim asylýanyň ýanyna bardy, soňra ol çagyrdy:
-Jim!
Onuň sesi edil gyşyň çapgyn ýeli ýalydy.
Attikus myhman otagynyň çyrasyny ýakdy-da, bizi boýdan-başa birlaý synlady, biz bolsa doňup galyşymyza mizäýinem diýmeýärdik. Onuň bir elinde meniň hasajygym bardy, onuň hapalanan sary sapy halynyň ýüzünden süýrenýärdi. Attikus beýleki elini uzatdy welin, onuň aýasynda gülleriň pökgüje gunçalarynyň ýatandygyny gördük.
Attikus:
-Jim,-diýdi:-bu seniň işiňmi?
-Hawa, jenap.
-Sen näme üçin beýle etdiň?
Jim zordan eşidiler ýaly pessaý jogap berdi:
-Ol sen garakirlileri hem-de näkesleri goraglaýaň diýdi.
-Şonuň üçinem sen şeýle hereket etdiňmi?
Jimiň dodaklary sessiz gymyldady, bu „hawa jenap“ diýildigidi.
Attikus:
-Men düşünýän, ogul, seniň deň-duşlaryň seniň aýdyşyň ýaly meniň „garakirlileri goraglaýanym üçin“ seniň ýüregiňe öte düşýändirler, ýöne garry hem keselbent garry zenana beýle çemeleşmek bagyşlap bolmajak hata. Men saňa gidip hanym Dýuboz bilen gepleşip gaýtmagy örän maslahat berýärin. Şondan soňam dessine öýe dolan-diýdi.
Jim ýerindenem butnamady.
-Men saňa: „Bar git“ diýýän.
Men myhman otagyndan çykyp Jimiň yzyna düşüp ugradym.
Ýöne Attikus maňa:
-Bärde gal-diýdi.
Menem galdym.
Attikus gazeti aldy-da, ýaňy Jimiň oturan kürsüsine geçdi. Meni şu duranja ýerimde öldüräýiň, men oňa düşünmeýärdim, öz-ä ap-arkaýyn otyr-da, okan bolup otyr, onuň ýalňyz ogluny bolsa häzir elbetde posly sapança bilen atyp goýbererler. Dogry, elbetde, kämahal Jim meni şeýlebir gižželäp gaharymy getirýär welin, ony duranja ýerinde özümiňem tary-mar edäýesim hem gelýär, ýöne eger-de gowuja pikir edip otursaň ondan başga meniň hiç kimim ýok ahyry. Attikus bolsa megerem muňa düýbünden düşünmeýän bolmaly ýa-da oňa barybir bolmaly.
Bu kakamyň tarapyndan juda peslikdi. Ýöne haçan-da seniň başyňdan betbagtlyk inse sen örän tiz ýadaýarsyň, şonuň üçinem men örän çalt onuň dyzyna mündüm-de gujagynda güýlündim welin, ol meni gujaklady. Kakam:
-Sen indi ep-esli bolupsyň, şol sebäpli-de men seni gujagymda huwwalap bilmeýärin-diýdi.
Men:
-Oňa näme boljagy seniň azaryňa-da däl,-diýdim:-Ony dogry ölüme ugratdyň, ol bolsa seniň arkaňy

alyp şeýle hereket etdi.
Attikus meni has berkräk bagryna basdy welin, men onuň ýüzüni görüp bilmedim. Ol:
-Tolgunmaga howlukma,-diýdi:-Gör-ä muny, men asyl şujagaz zat üçin Jim gahar-gazaba erkini elinden aldyrar diýip asla-da pikir etmeýärdim...Men gaýta sen maňa has köp biynjalyklyk döredersiň öýdýärdim.
Men ondan: „Näme üçin-ä bu beýleki oglanlara gahar-gazaba erkini ellerinden aldyrmak bolýar, diňe Jim ikimize bolsa bolmaýar?“diýip soradym. Attikus:
-Diňle, Gözlüje,-diýdi:-bahym tomus gelýär, şonda-da sen bu eşidýänleriňden has çökderräk zatlara döz gelip, gahar-gazaba erkiňi eliňden aldyrmazlyk gerek bolar...Men bilýän, siziň ikiňiziň başyňyzdan munuň ýaly erbetlikleri geçirmeli bolýandygyňyzyň adalatsyzdygyny, ýöne käteler öz bolanja güýç-gaýratyňy bir ýere jemelemeli bolýan ýagdaýlary hem bolýar, biziň kyn pursatlarda özümizi nähili alyp barýandygymyza-da bagly...umuman men saňa bir zady aýdaýyn: Jim ikiňiz uly adam bolanyňyzdan soň, belki-de siz bu zatlaryň ählisini gowulykda ýatlarsyňyz-da meniň size dönüklik etmändigime düşünersiňiz. Bu iş, Tom Robinsonyň işi biziň wyždanymyza çagyrýar...Eger-de men ol adama kömek etmäge dyrjaşmasam, Gözlüjäm, men onda mundan buýana ybadathana baryp, Hudaýa mynajat edip bilmerin.
-Attikus, megerem, seniňki ýalňyş öýdýän.
-O nähili?
-Neme-dä, ine hemmeler özleriniňkini dogry hasaplaýarlar, sen bolsa olaryňkyny ýalňyş hasaplap diňe özüňkini dogrudyr öýdýärsiň...
Attikus:
-Olaryň şeýle pikirlenmäge haklary bar, olaryň pikiri-de hökmany ýagdaýda hormatlanmaga degişli,-diýdi:-Ýöne meniň adamlar bilen mundan beýlägem bir jemgyýetde agzybir ýaşap bilmegim üçin, meniň ilkinji nobatda öz-özüm bilen agzybir ýaşap bilmegim gerek. Ynsanda bolsa köpçülige tabyn bolmaýan şeýlebir bir zat bar – oňa ynsap diýýärler.
Jim dolanyp gelende men entegem Attikusyň dyzynda otyrdym.
-Ýeri, nähili ogul?-diýip Attikus sorady.
Ol meni dyzyndan düşürende men Jimi gabak astyndan ogrynça synladym. Ol diridi hem-de aman-esendi, ýöne ýüzi birhili geňdi. Belki, hanym Dýuboz ony içiňi süryän ajy derman içmäge mejbur edendir?!
-Men onuň howlusynda ähli zady aýryşdyrdym hem-de ötünç soradym, ýöne men barybir günäkär däl. Men her şenbede onuň bagynda işlärin we özümiň zaýalan güllerimiň ýene-de ösmegi üçin elimden gelenini ederin.
Attikus:
-Eger-de özüňi günäli duýmaýan bolsaň ötünç soramagam gerek däl ekeni,-diýdi:-Jim, ol syrkaw, özi-de garry. Ol hemişe öz sözlerine hem-de eden işlerine jogap berip bilmeýär. Elbetde men onuň gündizki aýdan sözlerini Gözlüje ikiňize däl-de maňa aýtmagyny isleýärin, ýöne durmuşda ähli zat biziň isleýşimiz ýaly bolmaýar-da.
Jim halynyň ýüzündäki bägülden hiç gözüni aýryp bilmeýärdi. Ol:
-Attikus,-diýdi:-ol meniň özüne her gün kitap okap bermegimi isleýär.
-Kitap okap bermegiňi?
-Hawa, jenap. Meniň her gün mekdepden soň öýüne gelip, iki sagatlap daşymdan kitap okap bermegimi isleýär. Attikus, bu hökman gerekmikä?
-Elbetde.
-Ýöne ol meniň öýlerine tutuş bir aýlap gatnamagymy isleýär ahyry.
-Diýmek bir aýlabam gatnarsyň.
Jim usullyk bilen köwşüniň burnuny halynyň ýüzündäki bägüliň şekiliniň edil ortarasyna diredi-de, aýagyny basdy. Birsellem dymandan soňam:
-Bilýäňmi, Attikus, eger-de onuň öýüne köçeden seretseň, beýlebir erbedem däl, ýöne içinden welin...hemme ýerde tümlük...hatda birhili ýüregiňi-de howladyberýär. Ähli ýerde-de kölegeler, hatda otaglaryň ýokarysynda-da...
Attikus tutuksy ýylgyrdy.
-Saňa bu hökman ýaraýmaly, seniň hyýalbentligiň öte güýçli ösen ahyry. Sen olara baranyňda özüňi Redlileriň jaýynda diý-de göz öňüňe getir-äý.
Duşenbe güni biz Jim bilen hanym Dýubozyň öýüniň ikinji gatyna belent basgançakdan galdyk, Jim „Aýwengonyň“ bir jildi bilen ýaraglanyp, özüniň eýýäm bärde ähli zada beletligine buýsanyp barşyna, çepden ikinji gapyny kakdy.
-Hanym Dýuboz!-diýip ol gygyrdy.
Jessi daşky gapyny açdy-da, ikinji gözenekli işigiň kildini ýazdyryp:
-Bu sizmi, Jim Finç?-diýdi:-Uýaňyzy hem getirdiňizmi? Men-ä dogrusy bilmedim welin...

Hanym Dýuboz:
-Ikisinem goýber-diýdi.
Jessi bizi içerik goýberdi-de, aşhana gitdi.
Biz bosagadan ätlän badymyza adatça nebit çyra ýakylýan, suwy susak bilen setilden susup alynýan hem-de aklanmadyk kendirden düşekdaşylarda ýatylýan, köne, çyglylykdan ýaňa çüýrük jaýlarda bolýan agyr, dymyljak ys ýüzümize haplap urdy. Bu ys hemişe-de meniň ýüregime wehim salýardy we meni howsala düşürýärdi.
Otagyň çüňkünde misden ýatyş sekisi durdy, sekiniň üstünde hanym Dýuboz ýatyrdy. Belki, Jim zerarly onuň haly teň bolandyr? Hatda bir pursatlyk men oňa gynanybam ugradym. Onuň üsti ýumşak ýorganlaryň uly depesi bilen basyrylgydy, özem göwnüme bolmasa azak-tenek mähirli garaýan ýalydy.
Sekiniň gapdalynda mermerden çaklaňja tekjejik durdy, onuň üstünde bolsa çaý çemçeli bulgur, gyzyl rezinden gulaga derman damdyrylýan, içi pamykly guty hem-de polatdan, üç aýakly tow berilýän sagat bardy.
-Görýän welin, sen öz çyr-çyrşak uýaňy hem yzyňa düşürip alyp geläýen ýaly-la, hä?
Hanym Dýuboz Jim bilen şeýle diýip salamlaşdy.
-Meniň uýam çyr-çyrşak däl, özümem sizden birjigem gorkamok,-diýip Jim asuda jogap berdi, özüniň welin dyzlary sazanaklap durdy, men görýärdim.
Men pikir etdim kempir gaharlanyp sögünip başlar öýtdüm, emma ol diňe:
-Başlap bilersiň, Jeremi-diýdi.
Jim çybykdan örülen kürsüde oturdy-da, „Aýwengony“ açdy. Men ikinji kürsüni oňa ýakynrak süýşürip, gapdalynda oturdym.
-Golaýrak otur,-diýip hanym Dýuboz Jime aýtdy:-Ine şu ýerde, sekiniň ýanjagazynda.
Biz golaýraga süýşdük. Men mundan öň hiç haçan ony şeýle golaý görmändim, şonuň üçinem meniň dünýäde hemme zatdan beter ondan daşraga süýşesim geldi.
Ol öte eýmençdi. Ýüzi edil hapa ýassyk daşy ýaly çap-çaldy, dodaklarynyň çetlerinde sülekeýi ýylpyldap, edil dagdan eňaşak gaýdýan buzluk ýaly, onuň eňeginiň iki tarapyndan aşaklygyna assajadan syrygýardy. Ýaňaklarynda garrylykdan ýaňa goňur tegmiller bardy, reňksiz gözlerinde kinniwanja ýiti garaçyklary edil iňňe ýaly sereden tarapyna çümüp barýardy. Elleri damar-damardy, dyrnaklary bolsa ösüp gidipdir. Ol ýasama dişini ýerine oturtmandygy üçin ýokarky dodagy öňe çykyp durdy, ol wagtal-wagtal aşaky dodagyny yza çekýärdi-de, onuň bilen ýokarky oturtma dişine galtaşýardy. Şeýle edende onuň eňegi süýrelip öňe çykýardy we hyllygy has çalt syrygýardy.
Men oňa seretmezlige çalyşýardym. Jim Aýwengony açandan soň ony okap başlady. Men onuň yzyndan gözüm bilen yzarlamaga synanyşdym, ýöne ol öte çalt okaýardy. Eger-de okap barýarka düşnüksiz söz gabat gelse Jim onuň üstünden böküp geçýärdi, ýöne hanym Dýuboz ony säwliginiň üstünde tutýardy-da, ony şol sözi harplap okamaga mejbur edýärdi. Jim megerem, eýýäm ýigrimi minut çemesi dagy okap otyrdy, men bolsa birden-ä gurumdan ýaňa kakap giden diwar pejine, birdenem penjirä, umuman hanym Dýubozy görmezlik üçin başga islendik ýere seredýärdim. Ol soňabaka Jime barha we barha az düzediş berip ugrady, bir gezek bolsa ol jümläni ahyryna çenli okamasa-da muňa aň salmady. Ol indi Jimi diňlemeýärdi. Men sekä garadym.
Hanym Dýuboza nämedir bir zat bolýardy. Ol arkanlygyna, eňegine çenli ýorgan bilen basyrylgy ýatyrdy. Diňe kellesi bilen eginleri görünýärdi. Kellesi bolsa çalajadan kä saga, käte-de çepe gyşarýardy. Arasynda-da hanym Dýuboz agzyny giňden açýardy welin, onuň diliniň nähili gymyldaýandygy bildirýärdi. Onuň dodaklarynda sülekeýi ýygnanýardy welin, hanym Dýuboz ony agzyna çekýärdi-de ýene-de agzyny açýardy. Göwnüňe bolmasa onuň agzy bedeninden aýry durmuşda ýaşap, edil gaýtgyn wagtynda iki gatly balykgulak ýaly açylýardy we ýapylýardy. Birden-birdenem ol agyz içinde şüle gaýnaýan ýaly „Pt...“ diýýärdi.
Men Jimiň ýeňinden çekdim.
Ol ilki maňa, soňra ýatyş sekisine äňetdi. Kelle ýene-de bize tarap öwrüldi welin Jim:
-Hanym Dýuboz siziň ýagdaýyňyz ýaramazlaşdymy?-diýdi.
Ol eşitmeýärdi.
Birdenem sagat jyňňyrdady welin, biz gorkudan ýaňa doňup galdyk. Birhaýukdan soň bolsa biz henizem özümizi dürsäp bilmän, sermisal halda öýümize garşy mytdyldap barýardyk. Biz gaçyp gaýtmandyk, bizi öýden Jessi çykarypdy, entek sagat jyňňyrdamagyny bes etmänkä, ol eýýäm otagda desbi-dähil bolup bizi daşaryk itekläpdi. Ol:
-Gidiberiň, gidiberiň,-diýipdi:-Siziň öýňüze gaýdar wagtyňyz boldy.
Jim işikde biraz säginjek boldy.
Jessi:
-Onuň dermanyny işmeli wagty boldy-diýdi.
Gapy biziň yzymyzdan ýapyldy, ýöne men işigiň yşyndan Jessiniň haýdan-haý ýatyş sekisine tarap

ýönelendigini görüp galdym.
Biz öýümize dolanyp geldik, ýaňybir dörde ýigrimi bäş minut bar ekeni, şonuň üçinem biz tä Attikusy garşy almaga çykmagyň wagty gelýänçä howlymyzyň ýeňse tarapynda top oýnadyk. Ol maňa iki sany sary galam, Jime bolsa futbol žurnalyny getirdi, ol bize sowgatlary barada hiç zat aýtmady, ýöne meniň pikirimçe bu biziň hanym Dýubozyň ýanynda oturandygymyz üçin bermit bolmalydy. Jim Attikusa ähli zadyň nähili bolandygyny gürrüň berdi.
-Ol sizi gorkuzdymy?-diýip Attikus sorady.
Jim:
-Ýok, jenap,-diýdi:-ýöne ol şeýlebir ýürekbulanjy. Birhili onuň nähilidir bir tutgaýy bar ýaly. Özem hemişe hyllygyny akdyryp dur.
-Ol günäkär däl. Haçan-da adam kesellikä oňa seretmek hemişe ýakymly bolup durmaýar.
Men:
-Ol örän eýmenç-diýdim.
Attikus maňa äýneginiň üstaşyr seretdi.
-Saňa Jim bilen gatnamak hökmanam däl.
Ertesi günem, soňkusy günem hanym Dýubozyňkyda şol bir zatlar gaýtalandy, şoňa görä-de biz dura-bara öwrenişdik, hemme zat öz akymyna akýar, ilki hanym Dýuboz öz gülleri, biziň kakamyzyň garakirlilere aşyk bolandygy baradaky gürrüň bilen Jimiň ýüregine-bagryna düşýär, soňabaka onuň dili barha we barha haýal aýlanyp başlaýar, ol dymýar, soňra bolsa bizi düýbünden unudýar. Sagat jyňňyrdaýar, Jessi gyssanmaçlyk bilen bizi işikden çykarýar, şondan soňam biz islän zadymyz bilen meşgullanyp bilýäris.
-Attikus,-diýip men bir gezek agşam soradym:-garakirlileri söýýänçi diýmek näme?
Attikus örän çynlakaý keşbe girdi:
-Seni kimdir biri şeýle diýip atlandyrýarmy?
-Ýok jenap, ýöne hanym Dýuboz seni şeýle atlandyrýar. Ol her gün saňa „garakirlileri söýýänçi“ diýip sögünýär hem-de gaharlanýar. Maňa bolsa täze ýylyň öňisyrasynda Frensis şeýle sögündi, men öň bu sözi ýeke sapar eşidibem görmändim.
-Şonuň üçinem sen şonda Frensisiň eýini ýetirdiňmi?-diýip Attikus sorady.
-Hawa, jenap...
-Onda näme üçin sen ol sözüň manysyny soraýarsyň?
Men düşündirip ugradym, şonda meni bu söz däl-de Frensisiň ony aýdyş äheňi guduzlana dönderipdi.
-Ol edil maňa „sümgüriji“ ýa-da şoňa meňzeş bir zat diýip sögen ýaly boldy.
-Bilýäňmi, Gözlüje,-diýip Attikus aýtdy:-„garakirlileri söýýänçi“ edil „sümgüriji“ diýen söz ýaly manysyz söz. Saňa nädip düşündirsemkäm...Biderek, nadan adamlar özlerine garanyňda garaýagyz adamlara artykmaç gowy garaýan adamlara garakirlileri söýýänçi diýýärler. Haçan-da has gödegräk, ynjylyrak lakamy oýlap tapmakçy bolanlarynda şol söz bilen biziň ýaly adamlary atlandyrýarlar.
-Ýöne hakykatda sen garakirlileri söýýänçi däl ahyry?
-Elbetde men garaýagyzlary söýýärin. Men hatda ähli adamlary söýmäge çalyşýaryn... Käwagtlar men barada örän erbet zatlary-da aýdýarlar... Düşünýäňmi körpejäm, eger-de kimdir biri seni onuň özüne paýyş sögünç bolup görünýän söz bilen atlandyrýan bolsa-da, bu düýbünden mertebäňe degildigi däl. Bu göwnedegiji hem däl, diňe şol adamyň näderejede ejizdigini görkezýär. Şonuň üçinem sen haçan-da hanym Dýuboz sögünýärkä gynanma. Onuň özüniňem betbagtlyklary ýetikdir.
Bir gezek, takmynan bir aý geçenden soňra, Jim jenap Walter Skauty (ol ony şeýle atlandyrýardy) tamamlap barýarka, hanym Dýuboz bolsa onuň her bir sözüne aslyşyp, düzediş berip ýatyrka, birdenkä gapy kakyldy.
-Giriberiň!-diýip ol çirkin sesi bilen gygyrdy.
Bu Attikusdy. Ol ýatyş sekisine ýakynlady-da, seresaplyk bilen hanym Dýubozyň elini gysyp:
-Men işden gelýärdim-de, görsem, çagalarym meni garşylamaýarlar,-diýdi:-men şeýle-de pikir etdim, olar megerem bärde bolsalar gerek diýip.
Hanym Dýuboz oňa ýylgyrdy. Men ugur-utgamy ýitirdim, nädip hanym Dýuboz kakam bilen beýle parahat gepleşip bilýärkä, onuň ony jyny almaýar ahyry?!
Hanym Dýuboz:
-Sagadyň näçe bolandygyny bilýärsiňizmi, Attikus?-diýdi:-Ylaýyk altydan on dört minut işleýär, sagat bolsa altyň ýaryna gurulgy. Şuny göz öňünde tutaýyň.
Men birdenkä düşündim, ýogsa-da her gün biz hanym Dýubozyň ýanynda geçen günden köpräk eglenýäris ahyry, her günem sagat öň ýanyndaky günden bäş minut giç jyňňyrdaýar, şoňa çenli bolsa hemişe onuň tutgaýy tutup başlaýar. Bu gün bolsa ol tutuş iki sagatlap diýen ýaly Jimiň aňkasyny aşyrdy, tutgaýy bolsa henizem tutmaýar, gör biz nähili elhenç duzaga düşüpdiris ahbetin! Birdenkä, şeýlebir gün gelägetdin, sagat düýbünden jyňňyrdamasa näme, şonda biz näme etmeli

bolarys-a?!
Attikus:
-Meniň göwnüme bolmasa Jim takyk bir aýlap size kitap okap bermelidi öýdýän?-diýdi.
Hanym Dýuboz:
-Ýene-de bir hepde bolaýsa kem bolmaýjak ýaly,-diýdi:-has mäkäm bolmagy üçin...
Jim ýerinden böküp turdy.
-Ýöne...
Attikus elini galdyrdy welin, Jim lam-jim boldy. Öýmüze gaýdyp barýarkak ol ylaýjak bir aý kitap okap bermek barada şertleşilendigini, bir aýyňam geçendigini, munuň jyzmak bolýandygyny aýtdy.
Attikus:
-Ýene-de bary-ýogy birje hepde, ogul!-diýdi.
Jim:
-Ýok!-diýdi.
Attikus:
-Hawa!-diýdi.
Indiki hepde biz ýene-de hanym Dýubozyň öýüne gatnadyk. Sagat mundan beýläk jyrlamaýardy, hanym Dýubozyň özi: „Besdir!“ diýýärdi-de, bizi goýberýärdi, biz öýmüze gaýdyp baranymyzda-da Attikus eýýäm öz kürsüsinde oturyp gazet okaýardy. Hanym Dýubozyň tutgaýynyň tutmagy kesilen bolsa-da ol öňküsi ýaly çydar dagy eder ýaly däldi. Haçan-da jenap Walter Skott galalary hem-de garymlary tükeniksiz şekillendirmeklige başlanda ony tukatlyk basmarlap ugraýardy we ol bizi igelemäge oturýardy:
-Men saňa aýtdymmy, Jeremi Finç, sen meniň güllerimi mynjyradanyňa müň gezek puşeýman eýlärsiň diýip? Indi bir ökünýärsiňmi, hä?
Jim: „onda-da nähili ökünýärin“ diýip jogap gaýtarýardy.
-Sen pikir etdiň, meniň „dag garjagazymy“ müdimilik ýok edensiň öýdüp, hä? Ine onda saňa, Jessi ol gülümiň ýene-de gunçalara beslenendigini aýtdy. Sen indiki sapar bu işe nädip has ykjam çemeleşmelidigini bilersiň gerek, hä? Gülümi köki-söki bilen gopararsyň gerek, hä?
Jim jogap berýärdi: „Hawa hökman“.
-Burnuňa salyp myňňyldama! Meniň göni gözüme seret-de: „Hawa, hanym!“ diýip jogap ber. Äý ýogsa-da, şeýle kakaň barka sen nireden adamlaryň göni garaçygyna dikilip bilersiň diýsene!
Jim kellesini dikeldip, nazaryny hanym Dýubozyň nazary bilen çaknyşdyrýardy, onuň ýüzündenem gaharynyň gelýändigi düýbünden bildirmeýärdi. Geçen hepdeleriň dowamynda ol hanym Dýubozyň iň gorkunç hem göz öňüne getirip bolmajak ajy sözlerini ine şeýle parahat we sypaýy keşpde diňlemägi öwrenipdi.
Ine-de ahbetin şol köp garaşylan gün gelip ýetdi. Bir gezek hanym Dýuboz aýtdy:
-Besdir,-diýdi-de üstüne goşdy:-Indi boldy. Ýene-de görüşýänçäk hoş sag boluň.
Gerşimizden dag aýrylan ýaly bolaýdy! Biz aýagaldygyna öýümize ylgadyk, ylgap barşymyza-da şatlykdan ýaňa bökjekläp gygyryşýardyk.
Bu bahar ajaýypdy, günler günsaýyn uzaýardy we biziň oýun üçin wagtymyz günbe-günden köpelýärdi. Jim çensiz-çaksyz möhümligi bolan hasaplamalar bilen yzygiderli meşgullanýardy, ol tutuş Amerikanyň talyplar toparlaryndaky ähli pökgüçileri ýatdan bilýärdi. Her gün agşam Attikus bize gazetleriň sporta bagyşlanan sahypalaryny daşyndan okap berýärdi. Çak edilýän düzüme görä (biz hatda ol oýunçylaryň atlaryny-da aýdyp bilmeýärdik), Alabama ştatynyň topary, göwnümize bolmasa, bu tomusda Bägül baýragy gazanaýjak ýaly. Bir gezek agşam, Attikus Uindi Sitonyň maglumatynyň ýarysyna çenli okanda, bize jaň geldi.
Attikus telefonda gepleşdi-de, daşky otaga çykyp, geýim asylýandan sypal başgabyny aldy-da:
-Men hanym Dýubozyň ýanyna barýaryn,-diýdi:-Tiz dolanaryn.
Ol gitdi. Men eýýäm birmahal düşegime geçmelidim, ol bolsa heniz bolup dolanyp gelemýärdi. Haçan-da dolanyp gelende bolsa onuň elinde kemput gutusy bardy. Ol myhman otagyna geçdi, oturdy, gutuny öz kürsüsiniň ýanynda ýerde goýdy.
-Oňa näme gerek boldy?-diýip Jim sorady.
Biz hanym Dýubozy bir aýdan gowrak wagt bäri görmeýärdik. Biz olaryň deňesinden näçe gezek geçsegem ol indi jaýynyň ikinji gatyndaky açyk meýdançada oturmaýardy.
Attikus:
-Ol aradan çykdy, ogul!-diýdi:-Ýap-ýaňyja.
Jim:
-Hä...-diýdi:-Gowy-da.
Attikus:
-Sen hak aýdýarsyň, bu örän gowy,-diýdi:-Ol mundan beýläk jebir çekmeýär. Ol juda uzak wagtlap hassa ýatdy. Bilýärsiňmi, onuň tutgaýlarynyň näme sebäpli tutandygyny?

Jim başyny ýaýkady.
Attikus:
-Hanym Dýuboz morfiý neşekeşidi,-diýdi:-Köp ýyllaryň dowamynda ol endamynyň agyrysyny az-owlak köşeşdirmek üçin morfiý sanjym edýärdi. Oňa bu melhemi lukman ýazyp beren ekeni. Ol tä ömrüniň soňky günlerine çenli morfiý ulanyp bilerdi hem-de jan berende-de beýle jebir-jepa çekmän bilerdi, emma onuň öte erkin hem garaşsyz häsiýeti bardy...
-O nähili?-diýip Jim sowal berdi.
Attikus aýtdy:
-Seniň goparan hokgaňdan biraz önräk ol menden wesýetnama düzüp bermegi haýyş etdi. Lukman Reýnolds oňa bary-ýogy iki-üç aý ömrüniň galandygyny aýdan ekeni. Onuň ähli maddy işleri aňrybaşy tertiplidi, ýöne ol diýdi: „Ýekeje kemçilik bar“.
-Nähili kemçilik?-diýip Jim düşünmän sorady.
-Ol dünýäden hiç kime we hiç zada hiç hili borçsuz-bergisiz gitmek isleýändigini aýtdy. Haçan-da adam, agyr kesellikä, Jim, ol öz çekýän jebir-jepasyny azda-kände ýeňletmek üçin islendik serişdäni ulanmaga hakly, ýöne hanym Dýuboz welin, başgaça netijä geldi. Ol amanadyny tabşyrmazyndan öňünçäsi özüniň bu endigini taşlajakdygyny aýtdy, taşlady hem.
Jim aýtdy:
-Diýmek, onuň tutgaýy şol sebäpli tutýan ekeni-dä?
-Hawa, şol sebäpli. Haçan-da sen oňa daşyňdan okaýarkaň, ol köplenç ýeke sözüňi hem eşitmeýärdi. Ol tutuş durky-düýrmegi bilen sagadyň jyňňyrdaryna garaşýardy. Eger-de sen onuň girisine düşmedik bolsaňam, men barybir seni hanym Dýuboza kitap okap bermäge mejbur ederdim. Belki-de bu her niçik-de bolsa azda-kände onuň ünsüni sowandyr. Onsoňam ýene-de bir sebäp bardy...
-Şeýdibem ol erkin halda aradan çykdymy?-diýip Jim sorady.
Attikus:
-Edil şemal ýaly,-diýdi:-Özem tä demi sogrulýança huşundan gitmedi.
Ol ýylgyrdy:
-Özem arasyny üzmän käýindi ýatdy. Meni her hili edip ýazgardy we meniň elimde seniň jenaýatçy bolup ýetişjekdigiň, özümiňem ömrümiň ahyryna çenli seni zamuna alyp ýaşamaly boljakdygym barada welilik satdy ýatdy. Ol Jessä seniň üçin şu gutyny taýýarlamagy tabşyrdy...
Attikus eglip, kemput gutusyny galdyrdy-da, ony Jime uzatdy.
Jim gutyny açdy. Onuň içinde, çyg pamygyň üstünde, gar ýaly ap-ak, aňyrsy görnüp duran dup-dury güljagaz „dag gary“ ýatyrdy.
Jimiň tas gözleri hanasyndan çykýardy. Ol güli zyňanyny duýman galdy.
-Garry melgun!-diýip ol gygyryp goýberdi:-Ýeri, ol näme üçin meni günüme goýmaýar ahyry?
Attikus çaltlyk bilen ýerinden turdy-da, onuň üstüne egildi, Jim onuň kükregine ýüzüni berdi.
-Hüş-ş, ýuwaş,-diýip Attikus onuň başyny sypady:-Meniň pikirimçe ol munuň bilen saňa: „Hemme zat gowy, Jim, indi hemme zat gowy“ diýmek islän ýaly. Bilýäňmi, ol hakykatdanam hakyky hanymdy.
-Hanymdy?-diýip Jim başyny galdyrdy. Ol edil gaýnadylan leňňeç ýaly çym-gyzyldy:-Ol sen barada şeýlebir erbet zatlary diýýärdi, şondan soňam ol seniň pikiriňçe hakyky hanymmydy?
-Hawa. Ol, belki-de edil meniňki ýaly dälem bolsa, köp zatlara özüçe garaýardy...Ogul, men saňa ýaňam aýtdym, eger-de şonda sen gahar-gazaba erkiňi eliňden aldyrmadyk bolsaň-da men barybir seni hanym Dýuboza kitap okap bermek üçin onuň ýanyna ugradardym. Men seniň onda bar bolan käbir häsiýetlere akyl ýetirmegiňi, seniň hakyky mertligi görmegiňi we mertligiň diňe haçan-da adamyň elinde ýarag barlygy bilen ölçelmeýändigine göz ýetirmegiňi isläpdim. Mertlik – bu haçan-da utulandygyňy öňünden bilýänem bolsaň, onda-da barybir, jahanyň ähli bela-beterleriniň garşysyna gidip, soňy ýeňliş bilen tamamlanýan işe ýapyşyp, ahyryna çenli gidişmekdir. Şeýle ýagdaýda örän seýrek, juda seýrek halatlarda ýeňäýýän ýagdaýlaryň hem bolýar. Hanym Dýuboz bolsa ýeňdi. Onuň öz ynanjyna görä, ol hiç kime we hiç zada hiç hili bergisiz ýogaldy. Men şeýle mert adama şundan öň hiç haçan duşup görmändim.
Jim ýerden gutyny göterdi-de, ojaga oklady. Güljagazy-da galdyrdy, haçan-da men ýatmak üçin öz otagyma gidenimde ol şol bir oturan ýerinden gülüň açylan ýaprajyklaryny seresaplyk bilen sypalap otyrdy. Attikus bolsa gazet okaýardy.

## IKINJI BÖLÜM

Jim indi on iki ýaşapdy. Indi onuň bilen oňuşmak juda kyndy, ol birden-ä gaharlanýardy, birdenem hum ýaly çişip öýkeleýärdi, onuň keýpi günde on bäş gezek üýtgeýärdi. Özi-de açgözlük bilen şeýlebir köp iýýärdi welin, oňa seretmegem gorkunçdy, hemişe-de maňa: „Meniň ýüregime düşme!“ diýip jabjynýardy. Şol zerarly-da men ahyry bir gün çydaman Attikusdan soradym:

-Belki, onuň içine gaharjaň gürji güjük girendir?
Attikus jogap berdi:
-Ýok, Jim ýöne ulalýar, şonuň üçinem biraz sabyr-kanagatly bolmaly we oňa azrak azar bermeli. Özi-de, Jim bary-ýogy bir aýyň dowamynda şeýle özgerdi. Hanym Dýubozy golaýda jaýlapdylar, Jim oňa daşyndan kitap okap bermäge gatnaýarka bolsa ol meniňem özi bilen hanym Dýubozlara gatnaýandygymdan örän hoşal ýalydy. Birdenem, tas bir gijede diýen ýaly onuň nähilidir birhili täze, düşnüksiz ynançlary peýda bolup, Jim olary meniň boýnuma-da dakyp ugrady, käbir ýagdaýlarda bolsa ol hatda maňa öwüt-nesihat hem berip başlady: „Şuny eýt, muny beýtme!“. Bir gezek biz jedelleşip ugradyk welin, Jim ulyili bilen gygyryp ugrady:
-Özüňi gyzjagazlara mahsus alyp barmagy öwren ahyry, senem! Indi bir çen boldy, saňa-da!
Men möňňürip goýberdim-de, Kelpurniýanyň ýanyna ylgadym.
-Sen jenap Jim zerarly beýlebir gaty bozulma-da!-diýip ol başlady.
-J-e-n-a-p-p?!
-Hawa, ol eýýäm jenap bolup barýar ahbetin.
Men:
-Jenap bolmak üçin heniz onuň boýy ýetmeýär,-diýdim:-Oňa diňe oňatja edip şekerlije şapbat dadyrmaly, meniň bolsa beýtmäge güýjüm ýetmeýär, sebäbi men entek beýlebir uly däl.
Kelpurniýa:
-Jenap Jim günsaýyn ulalýar, bu ýerde-de körpejäm, edip biljek zadyň ýok,-diýdi:-Indi onuň özbaşyna gezesi geler, onuň öz ýaşyrynja işleri ýüze çykyp başlar, ähli oglanjyklaryň bolşy şeýle. Sen bolsa, haçan-da ýüregiň gysyp ugrasa, bärik gel-äý. Biziň ikimize şu ýerde-de näçe isleseň iş tapylar.
Tomus juda erbedem bolmaýjak ýalydy, Jim bolsa, goý islänini edibersin, Dill gelýänçä men Kelpurniýa bilenem eýdip-beýdip günümi görerin. Ol hatda men aşhana baranymda begenäýýänem ýalydy, men bolsa onuň aşhanada gydyrdanyp ýörşüne seredip oýlanýardym: „Görýän welin, gyzjagaz bolmak beýlebir aňsadam däl ýaly“.
Ine-de tomus geldi, Dill bolsa henizem gelmeýär, gelmeýär. Diňe hat bilen suratjyk ugratdy. Ol täze kaka edinipdir, surat şonuňky ekeni. Dill tomus Meridianda galmaly boljakmyş, sebäbi kakasy ikisi balyk tutmak üçin gaýyk ýasanmagy ýüreklerine düwenmişler. Dilliň täze kakasy Attikus ýaly aklawjymyş, ýöne garry dälmiş. Suratda Dilliň kakasy örän ajaýyp bolup görünýärdi, Dilliň ony edineni örän gowy bolaýypdyr, ýöne meni welin bu habarlar zerarly lapykeçlik basmarlaýardy. Hatynyň ahyrynda Dill meni ebedi söýjekdigini, meniň gynanmaly däldigimi, özüniň birneme pul toplanyndan soň gelip maňa öýlenjekdigini, şonuň üçinem özüne hat ýazmagymy haýyş edýändigini ýazýardy.
Elbetde, men barybir onuň gelinligi bolmagyma galýaryn, ýöne eger-de Dill bu ýerde bolmasa munuň şatlygy az. Öň men näme üçindir üns bermändirin, tomus asyl, haçan-da Dill köljagazyň kenarynda, ýüp owradylyp ýasalan çilimi çekip oturanda başlaýan eken-ä! Şeýle otyrka onuň gözleri ýyldyrap ugradygy hem onuň Betnyşan Redlini öýünden aldap çykarmak babatda ýene-de bir hokgany oýlap tapandygy mese-mälim düşnükli bolýardy. Ondan başga-da tomus – bu Jim ýaňybir başga ugra ünsüni sowan dessine Dilliň meniň ýaňagymdan howlukmaç şapbyldatmagydy. Käte-käteler biz onuň bilen biri-birimizden aýrylykda ýeke pursadam ýaşap bilmeýärdik. Dill bilen bilelikdäki durmuş ýönekeý hem düşnüklidi, onsuz bolsa hatda ýaşasyň hem gelmeýärdi, gussany çekip-çydar ýaly däldi. Şol sebäpli-de men tutuş iki günläp dagy betbagt boldum.
„Durnanyň üstüne urna“, ştatyň kanunçykaryjy ýygnagy hem haýsydyr bir nobatdan daşary maslahatyna ýygnandy welin, Attikusam iki hepdelik gitmeli boldy. Gubernatoryň kellesine arassaçylyk işlerini geçirmek hakynda duýdansyz pikir gelip, ol döwlet gämisiniň astyna ýelmeşen käbir balykgulaklardan saplanmak isläpmiş, Birmingemde bolsa işçileriň oturyp iş taşlaýyşlary başlanypdyr, şäherlerde bolsa mugt çorba bilen bir bölek çörege nobata durýan işsizleriň hatarlary barha uzalýardy, mülkdar daýhanlar bolsa barha beter gedaý düşýärdiler . Ýöne bu hadysalaryň ählisi-de Jim ikimizden juda daşdaky dünýäde bolup geçýärdi.
Günlerde bir günem biziň aklymyzy haýran edip, „Montgomeri edwertaýzer“ gazetinde ýaňsyly, kemsidiji surat peýda boldy, onuň aşagynda-da „Meýkombyň Finçi“ diýen ýazgy bardy. Suratda Attikus aýakýalaň, gysga jalbarçada, zynjyr bilen parta çatylan halda, grifel tagtanyň ýüzüne nämedir bir zatlar ýazýan görnüşde şekillendirilipdir, haýsydyr bir ýeňilkelle gyzgajazlar bolsa gygyryşyp ony kemsidýärdiler hem-de wejera edýärdiler.
-Bu waspnama,-diýip Jim düşündirdi:-Ol hemişe başga hiç kimiň boýun almaýan işlerinde aklawjy bolup çykyş edýär.
-O nähili?
Özüniň ähli täze tapynan häsiýetleriniň üstesine Jim edil ýeriň ýüzünde tenha özi akylly dek, şeýlebir çakdan aşa epeýsiräp başlapdy welin, edil ýöne içiň tütäberýärdi.

-Bu bar-a, Gözlüje, edil okrugda salgyt ulgamyny üýtgedip guramak we şuňa meňzeşler ýaly bir zat-da. Adamlaryň aglaba köpüsi munuň bilen düýbünden gyzyklanmaýarlar.
-A sen nireden bilýärsiň?
-Ýeri, bes etsene, ýüregime düşme, görmeýärsiňmi, men gazet okaýaryn ahyry.
Ýeri bolýar, goý, seniň diýeniň bolsun. Men onuň ýanyndan aşhana gitdim. Kelpurniýa nohudyň daşyny arassalap otyrdy, birdenem ol diýdi:
-Ýeri, indi dynç güni men sizi näme ederin, siz ybadathana nädip giderkäňiz?
-Örän ýönekeý gideris. Attikus bize ybadathanada sadaka bermek üçin pul goýup gitdi ahyry.
Kelpurniýa gözlerini süzdi welin, men bada-bat onuň pikirlerini ýordum.
Men:
-Kel,-diýdim:-sen bilýärsiň ahyry, biz özümizi örän oňat alyp bararys. Biz eýýäm nijeme ýyllar bäri ybadathanada garagolluk etmeýäris ahbetin.
Megerem, Kelpurniýa şol ýagyşly ýekşenbe gününi ýadyna salan bolara çemeli, biz şol gün ýeke özümiz galypdyk, ýanymyzda ne kakamyz, ne-de mugallymamyz bardy. Biz bütin klas bolup klasdaşymyz Ýunis Enn Simpsony äpet bug gazany ýerleşýän jaýa eltipdik we ony oturgyja daňyp goýupdyk. Soňra bolsa ony şeýle halda goýup gaýdandygymyzy undup, ýokarky gata galypdyk-da melul bolup wagyz diňläpdik. Birdenem aşakdan gulagyňy kamata getirip gelýän goh-galmagal, gümmürdi ýaňlanyp başlapdy, ybadathananyň ýerzemininiň niresindedir bir ýerinde nämedir bir zat bilen ýyladyş ulgamynyň demir tokurtgalary ýenjilýärdi. Şol pille kimdir biri bu gohuň sebäbini bilmäge gidipdi we Haktagalanyň döreden ýagty ýalançysyna Ýunis Enni çykarypdy. Şonda ol özüniň mundan beýläk güzap çekýän ýagşyzada bolup oýnamak islemeýändigini yglan edip, Jim Finçiň eger-de ynanjyň päk hem köp bolsa, hatda oda-da ýanmajakdygyňy aýdandygyny, özüniň ynanjynyň gereginden artygam kändigini, ýöne ýerzeminde juda yssydygyny aýdypdy.
-Onsoňam, Kel, Attikus bizi ilkinji gezek ýeke galdyrmaýar ahyry!-diýip men garşylyk görkezmegimi dowam etdirdim.
-Hawa, ýöne ol her gezek siziň mugallymaňyzyň ybadathanada boljakdygyny anyk bilýärdi ahyry. Bu gezek bolsa ol hiç zat aýtmady, megerem ýadyndan çykaran bolsa gerek.
Kelpurniýa alada bilen ýeňsesini gaşady. Birdenem ýylgyrdy.
-Belki-de, siz ertir jenap Jim ikiňiz meniň bilen ybadathana gidersiňiz?
-Çyndanammy?
-Görýän welin, sen garşy däl ýaly-la?-diýip Kelpurniýa güldi.
Her şenbe güni, agşam Kel meni yhlas bilen gazalap-gazalap ýuwýardy, emma bu gün welin, ol öz-özündenem ozdurdy. Tutuşlygyna iki sapar meni gaýym sabynlady, her gezegem meniň sabynymy ýuwmak üçin suwuny çalşyrdy, meniň kellämi legene sokup, müşki-anbar ysly saçýuwluk bilen ýuwdy. Ol eýýäm birnäçe ýyl bäri Jimiň suwa düşende öz-özüni oňarýandygyna bil baglaýardy, ýöne bu agşam welin ony-da barlamaga gitdi. Jim muňa edil ot alana dönäýdi:
-Görüň-ä muny, indi bu öýde arkaýyn ýuwunmaga-da goýmaýarlar, hökmany ýagdaýda hemmeleriň hammama burnuny sokmagy gerekdir-ow!
Ertesi gün Kelpurniýa adatdakysyndan has ir „biziň dabaraly lybaslarymyz bilen meşgullanyp“ başlady. Öň ol biziň öýmüzde ýatanda hemişe aşhanada, ýygnama ýatyş sekisinde ýatýardy, şol gün bolsa onuň ýatyş sekisiniň üsti biziň ýekşenbede geýjek geýim-gejimlerimizden münderlenipdi. Meniň köýnegimi Kelpurniýa şeýlebir oňat edip petläp, ütükledi welin, ol ýerde dikeltseň gazyk ýaly dim-dik bolup durdy. Ol meni içki köýnekçäni geýmäge mejbur etdi we guşagyň deregine bägül zolak matany mäkäm edip bilime daňdy. Meniň ýaldyrawuk köwşümi ol gaty çörek bilen şeýlebir uzak sürtedi welin, onuň burnunda hatda aýnadaky ýaly ýüzüňi göübermeli boldy.
Jim:
-Biz edil baýramçylyk dabarasyna şaýlanýan ýaly-la,-diýdi:-Bu nämä gerek, Kel?
-Goý, kimdir biri men öz çagalaryma erbet seredýär diýip aýtmaga synanyşyp göräýsin,-diýip Kelpurniýa hümürdedi:-Jenap Jim, siza bu boýunbagy şu penjek bilen dakynmak hiç bir kada-kowahata sygjak zat däl. Ol ýaşyl ahyry.
-Ýeri bolanda näme?
-Penjek bolsa gök. Siz näme muny görmeýärsiňizmi?
-Wä-ä muny!-diýip men gyjalatly gygyryp goýberdim:-Jim reňkleri-de saýgaryp bilmeýän ekeni!
Jim gaharly gyzardy, ýöne Kelpurniýa ony bada-bat köşeşdirdi:
-Hany besdir! Eger-de siz „Ilkinji söwda“ gidip barýan bolsaňyz, diýmek onda öýkeläp çişmeli däl-de, şadyýan ýylgyryp gezmeli.
„Ilkinji söwda“ – garaýagyz metodistleriň ybadathanajygy, şäheriň günorta künjünde, garaýagyzlaryň ýaşaýyş toplumynda, köne agaç kesilýän kärhana tarap gidýän ýoluň aňyrsynda ýerleşýärdi. Bu köne agaç ymaratyň daşynyň ähli reňki gopup gidipdi we ol tutuş Meýkombda ýeke-täk jaňhana diňli ybadathanady, onuň beýle atlandyrylmagynyň sebäbi bolsa ol erkinlige goýberilen gullaryň ilkinji

aýlyklarynyň hasabyna gurlanlygy üçindi. Ýekşenbe günleri ol ýerde garaýagyzlar çokunýardylar, adaty günler ol ýere akýagyzlar jemlenýärdiler-de humar oýnaýardylar.
Ybadathananyň howlusynda we gonamçylygyň ýanynda toprak edil daş ýaly gatydy. Eger-de kimdir biri yssy wagtlary aradan çyksa onuň jesedini tä ýagyşlyk möwsüm gelip, ýer ýumşaýança buzda saklaýardylar. Gonamçylykda, her bir mazaryň başynda mazardaşy hem ýokdy, bolanlary-da öz-özünden pytrap barýardy, ýakynda peýda bolan mazarlaryň daş-töweregine bolsa ýiti reňkli aýna bölejikleri hem-de koka-kola çüýşeleriniň döwükleri aýlanandy. Mazarlaryň käbiriniň başynda bolsa ýyldyrymsowguç garawulçylyk edýärdi, megerem şeýle mazarda ýatan bende dirikä öte bimaza häsiýetli bolan bolara çemeli. Çagalaryň mazarlarynda ýanyp gutaran şem galyndylary somalyp durdy. Göwnüme bolmasa bu gonamçylyk örän bezemen hem jalaýdy.
Biz howla girdik welin, geýnip bilenlerini geýnen garaýagyzlaryň, saça çalynýan hynanyň, salgyjyň, ysgalýan temmäkiniň, arzanjak atyryň, sabynyň, benewşe reňkli bezeg talhanynyň hem-de narpyzly pampyzanyň garym-gatym ýyly, turşumtyk-süýji ysy hapylap burnumyza urdy.
Kelpurniýanyň ýanynda Jim ikimizi görüp erkek kişiler-ä öňümizden çekildiler-de sypal başgaplaryny çykardylar, zenanlaram hemişe adaty günlerde hormat bilen üns berýändiklerini görkezmek üçin edişleri ýaly garynlarynyň üstünde ellerini çilşirdiler. Hemmeler iki ýana serpilip bize ýol berdiler. Kelpurniýa Jim ikimiziň aramyzdan ýöräp barşyna baýramçylyk lybaslaryna beslenen goňşularynyň hem tanyşlarynyň salamlaryna jogap hökmünde saga hem çepe baş atýardy.
-Sen nähili hokga goparýarsyň-a, hanym Kel?-diýip biziň ýeňsämizden ses geldi.
Kelpurniýa biziň egnimize elini goýdy welin, biz sägindik-de, yzyma öwrüldik. Adamlaryň iki hatarynyň arasyndaky darajyk ötükde boýy uzyn garaýagyz zenan durdy. Ol bir aýagyny öňe çykaryp, çep eliniň tirsegini böwrüne diräp durşuna ýokary göterilen aýasy bilen bizi görkezýärdi. Onuň kellesi hyýarpisintdi, täsin badamkybap gözleri, gös-göni burny we bir çyzyk agzy bardy. Maňa ol edil pilmahmyt-hatyn ýaly äpet bolup göründi.
Kelpurniýanyň eli meniň egnimi has berkräk gysdy:
-Saňa näme gerek, Lula?-diýip ol sorady.
Men öň hiç haçan Kelpurniýanyň beýle sesini eşidip görmändim. Ol pessaýdan äsgermezçilikli gepleýärdi.
-Garaýagyzlaryň ybadathanasyna akja çagalary getirmek seniň nämäňe derkar, hä?
Kelpurniýa;
-Olar meniň myhmanlarym,-diýdi welin men ýene-de onuň sesiniň birhili üýtgeşik ýakymsyz bolandygy hakynda oýlandym, ol edil beýleki garaýagyzlar ýaly gepleýärdi.
-Hawa-la, tutuş hepdäniň galan günlerinde bolsa megerem sen Finçleriňki-de myhmançylykdasyň-da, şeýlemi?
Köpçüligiň içinde hüňürdi artyp ugrady.
-Gorkma körpäm,-diýip Kelpurniýa meniň gulagyma pyşyrdady, onuň sypal başgabyna dürtülen bägüljikler bolsa gahar bilen tolkun atyp gitdiler.
Tomaşaçylaryň iki hatarynyň arasy bilen Lula bize tarap ýönelmäge çemeleşdi welin, Kelpurniýa:
-Garagäz, golaýlamaga het edäýme!-diýdi.
Lula doňup galdy-da:
-Bärik akja jüýjejikleri süýräp getirmegiň geregi ýok,-diýdi:-Olaryň öz ybadathanasy bar, biziňem özümiziňki. Bu bolsa biziň ybadathanamyz, şu dogrumy, hanym Kel?
Kelpurniýa:
-Hudaýymyz bolsa bir dälmi, şu dogrumy, hä?
Jim:
-Ýör, öýmüze gaýdaly, Kel,-diýdi:-bu ýerde biz olaryň derkaryna däl ýaly.
Menem görüp durdum, bu ýerde biz olara gerek däldik. Men duýýardym, köpçülik biziň üstümize tarap dyzamaga taýýarlanýan ýalydy. Biziň daşymyzy barha jebis gallaýardylar, ýöne men Kelpurniýa garanymda onuň gözleriniň gülüp durandygyny gördüm. Men ýene-de adamlaryň iki hatarynyň arasyndaky ýodajyga seretdim welin, ol ýerde eýýäm Lula ýokdy. Onuň duran ýerinde başga garaýagyzlar durdylar.
Olaryň biri öňe saýlandy. Bu Zibody, şäherimiziň zibilçisi. Ol:
-Jenap Jim,-diýdi:-biz siziň geleniňize örän şat. Bu bolgusyz Lula bolsa gulak gabartmaň, onuň içi ýanyp dur, sebäbi hormatly Saýks oňa tutuş halkyň arasynda ybadathananyň münberinden käýejekdigini aýdyp haýbat atypdy. Ol hemmelere belli jenjelçi hem tekepbir, hemişe-de ýok zatlary oýlap tapyp ýör, biz bolsa siziň hemmäňiziň geleniňize tüýs ýürekden begenýäris.
Kelpurniýa bizi ybadathananyň mynajathanasyna alyp girdi, gapynyň agzynda bizi hormatly ata Saýks garşy alyp, öňümize düşüp, ilkinji hatardaky oturgyçlarda oturtdy.
«Ilkinji söwda“ içinden suwalmadykdy hem-de reňklenmedikdi. Onuň diwarlarynda mis gaňyrçaklardan ýakylmadyk nebit çyralar asylgydy, hakyky ybadathana oturgyçlarynyň deregine

sosnadan gödek oturgyçlar durdy. Ýönekeý dub münberiň aňyrsyndan „Hudaý söýgüdir“ diýen ýazgyly solan bägül reňk ýüpekden zolak sallanýardy, ondan başga-da mynajathanany Hantyň „Jahanyň enweri“ atly suratynyň basma nusgasy bezeýärdi. Men daş-töweregime garanjakladym, ýöne hany fortepýano ýa-da organ, aýdym edip aýdylýan dogalaryň ýygyndylary hem-de Hudaýa mynajat etmegiň maksatnamajyklary – umuman biziň her ýekşenbede ybadathanada görmäge endik eden ähli zatlarymyz? – ýöne bu zatlaryň hiç biri-de ýokdy. Ybadathananyň içi alagaraňkydy, sowukdy hem-de çygdy, ýöne assa-ýuwaşjadan adamlar köpelýärdi, içeri hem ýylaýardy. Oturgyçlarda her bir gatnaşyjy üçin ýüzüne Gefsiman çarbagynyň şekili çyrşalan arzanjak kagyz ýelpewaç – Tindeliň ownuk demir haryt önümleri Kompaniýasynyň („Ähli islegler üçin harytlaryň ähli görnüşleri“) sowgady goýulgydy.
Kelpurniýa Jim ikimizi hataryň çetine itekledi-de biziň aramyzda oturdy. Gapjygyndan elýaglyk çykaryp, onuň bir burçundaky berk düwüni çözdi. Jim ikimiziň her haýsymyza on sentlik teňňäni uzatdy.
-Biziň özümiziňki bar,-diýip Jim pyşyrdady.
Kelpurniýa:
-Alyň,-diýdi:-Siz meniň myhmanlarym.
Jim megerem, Kelpurniýanyň şaýylaryny almagyň gowudygy ýa-da erbetdigi babatda iňkise giden bolara çemeli, emma göz açyp-ýumasy salymyň içinde onuň dogabitdi salyhatlylygy göwnündäki müňkürlikden üstün çykdy, ol berlen teňňäni kisesine saldy. Men bolsa sähelçe-de wyždan azabyny çekmezden onuň hereketini gaýtaladym.
-Kel,-diýip men pyşyrdap ugradym:-Bu aýdym edilip aýdylýan dogalaryň ýygyndylary hany?
-Olar bärde ýok,-diýip ol jogap berdi.
-O nähili?
Kelpurniýa:
-Hüş-ş-ş...-diýdi.
Münberde belent mertebeli Saýks durdy, ol öz talapkär garaýşy bilen diňleýjileri ümsümlige çagyrýardy. Onuň boýy gysgajykdy, gara penjegi, ak köýnegi hem-de gara boýunbagy dykyzja göwresine şapylaşýardy, gyzgylt aýnalardan syzylýan ýagtylyga onuň sagadynyň altyn zynjyrjygy ýylpyldaýardy. Ol:
-Doganlar we uýalar,-diýdi:-biz şu gün irden biziňkä jenap we hanym Finçleriň myhmançylyga gelendiklerine örän şat. Siz olaryň kakasyny tanaýarsyňyz. Men wagza başlamazymdan öňünçäsi size birnäçe habarlary okap bermekçi.
Hormatly ata Saýks nähilidir bir kagyzjyklary dörüşdirdi-de, olaryň arasyndan birini saýlady, ony gözünden ep-esli daşlykda saklap okady:
“Dini haýyr-sahawat jemgyýetiniň ýygnagy sişenbe güni Ennet Riwz uýanyň öýünde geçiriler. Ýanyňyz bilen tikin-çatynyňyzy hem getiriň”.
Soňra başga bir kagyzjykdan okady:
“Siziň ähliňiz Tom Robinson doganymyzyň başyndan inen bela-beter barada bilýärsiňiz. Ol çagalykdan “Ilkinji söwdanyň” iň takwa gatnaşyjysydy. Şu günki hem-de gelýän üç ýekşenbede toplanjak ähli sadakalar onuň aýaly Elene, onuň çagalary ekläp-saklap bilmegi üçin berler”.
Men Jimiň böwrüne hürsekledim:
-Bu şol Tommy, Attikus şony goraja...
-Hüş-ş-ş!
Men Kelpurniýa tarap öwrüldim, ýöne agzymy açmaga-da ýetişmänkäm ol ýene-de maňa “hüşşüldedi”. Men nalaç dymmaga mejbur boldum-da, belent mertebeli Saýksa seredip ugradym, ol göwnüme bolmasa meniň parahat oturmagyma garaşýan ýalydy.
-Biziň wekilimizden ilkinji doga aýdymy aýdyp başlamagy haýyş edeliň.
Zibo öz ornundan turdy-da, hatarlaryň arasyndan geçip, biziň öňümize gelip saklandy, ýüzüni oturanlara tarap öwürdi. Onuň elinde doga aýdymlaryň sary giden ýygyndyjygy bardy. Zibo ony açdy-da:
-Biz iki ýüz ýetmiş üçünji belgidäki aýdym dogany aýdarys-diýdi.
Muňa welin men çydap biljek däldim.
-Eger-de biz doganyň sözleri bolmasa biz ony nädip aýdym edip aýdyp bileris, hä?
Kelpurniýa ýylgyrdy.
-Ýuwaş, körpeje,-diýip ol pyşyrdady:-häzir görersiň.
Zibo bogazyny arçady-da, edil uzakdan-uzakda toplar gümpüldedýän ýaly ses bilen hiňlenip okap ugrady:
-Şol ýerde, derýanyň aňyrsynda, bir gözel ülke bar...
Şol bada-da edil nähilidir birhili gudrat bilen sazlaşykly bolan ýüzden gowrak seslerden ybarat topar Zibonyň yzyndan bu sözleri aýdym edip gaýtalady. Uzyn hüňňüldi bolup doga aýdymyň iň soňky

bogny doňup galan dessine Zibo ýene-de bir jümläni aýdyp goýberdi:
-Asyrlardan-asyrlara arzyly ol bize...
Ýene-de biziň daş-töweregimizde bat bilen aýdym toparynyň owazy ýaňlanyp gitdi. Aýdymyň iň soňky heňi örän uzak dowam etdi, heniz ol ýitip gitmänkä-de Zibo indiki setiri okady:
-Bizi diňe ynanjymyz şol arzuwly kenara ýetirer...
Bu gezek diňleýjiler az-kem sägindiler. Emma Zibo ýaňky setirini hetjikläp gaýtalady welin toparam ony alyp göterdi. Topar öz sözlerini gaýtalap ugran dessine Zibo kitapçasyny ýapýardy, bu onuň ähli ýygnananlara öz kömegi bolmazdan dowam etmek barada yşarat etdigidi.
Toparyň owazy peselip ugran dessine-de Zibo ýene-de çekdirip goýberdi:
-Şol röwşen arzyly derýadan aňyrda rahatlyk garaşýar.
Topar onuň yzyndan setirme-setir gaýtalap, ýönekeý mukamjygy ýaňlandyryp durşuna, ahyry doga aýdym çala eşidilýän gussaly hem uzyn heň bilen tamamlandy.
Men Jime tarap gözümi aýladym welin, onuň gabak astyndan Zibony synlaýandygyny gördüm. Meniň özümem haýran galmakdan ýaňa aňkaryp otyrdym, gör-ä muny, biz asyl şu ajaýyplygy öz gulagymyz bilen eşitdik ahyry!
Soňra hormatly ata Saýks mätäçlik çekýänler hem-de hassalar babatda doga-dileg edip ugrady, biziň ybadathanamyzda-da edil şonuň ýaly mynajat edýärdiler, ýöne jenap Saýks Hak Biribardan kesellileriň käbiri barada aýratyn gowy alada etmegi haýyş edýärdi.
Ol özüniň wagzynda günä işleri etmegiň näderejede erbetdigini aýan edip, özüniň ýeňsesindäki diwara ýazylan zatlary örän mäkäm gaýtalady, diňleýjileri serhoş ediji içgileri içmekden, humar oýunlaryny oýnamakdan hem-de kesekileriň zenanlary bilen zyna etmekden saklanmaklyga çagyrdy. Arak-şerabyň gizlin söwdasy garaýagyzlaryň başyna inen musallatdy, ýöne azgyn aýallar olar üçin ähli zatdan beterdi! Men ýene-de edil öz ybadathanamyzdaky ýaly aýallaryň günägaby hem hapadygy barada eşitdim, megerem ähli ruhanylar bu mesele babatda birmeňzeş pikir edýän bolara çemeli.
Şoňa meňzeş zatlary men Jim bilen her ýekşenbede diňleýärdim, diňe ýekeje üýtgeşiklik bardy, hormatly ata Saýks ybadathananyň münberinden her bir ýazykly bende hakda aýratynlykdaky pikirini has erkinräk aýdýardy: mysal üçin, Jim Hardi eýýäm yzly-yzyna bäş ýekşenbe bäri ybadathanada görünmeýärdi, özi bolsa syrkawam däl hiç zadam. Kontens Jeksona biraz seresabrak bolmak gerek, sebäbi onuň birden öz ýakynlarynyň ählisi bilen tersleşip çykmagy mümkin, bu zenandan öň goňşusynyň içini ýakmak üçin haýat gurmak garaýagyzlaryň ýaşaýyş toplumynda hiç kimiň kellesine gelmändi.
Wagyz tamamlandy. Hormatly ata Saýks münberiň öňünde durdy-da, hemmeleri sadaka bermeklige çagyrdy, beýle edilýänini Jim ikimiz ilkinji gezek görýärdik. Gatnaşyjylar ýeke-ýekeden öňe çykýardylar-da kofeden boşan gara, syrçalanan galaýy gutujyga bäş ýa-da on sent atýardy. Jim ikimiz hem ol ýere bardyk, biziň şaýylarymyz galaýy gutujygyň düýbünde şyňňyrdady, hemmelere diýlişi dek, bize-de:
-Sag boluň, sag boluň-diýildi.
Bizi ýene-de bir haýran galdyran zat, hormatly ata Saýks toplanan pullary tekjäniň üstüne dökdi-de sanady. Soňra dikelip, aýtdy:
-Bu ýeterlik däl. Bize on dollar ýygnamak zerur.
Gatnaşyjylar tolgunyşyp ugradylar.
-Munuň näme üçin gerekdigini siz bilýärsiňiz, Tom türmedekä Elen çagalarynyň ýeke özlerini öýde goýup işlemäge çykyp bilmeýär. Eger-de her kim ýene-de on sentden berse ýeterlik bolar…- diýdi-de hormatly ata Saýks kimdir birine elini salgap, bütin mynajathanany dolduryp oturan adamlaryň üstaşyr gygyrdy:-Gapyny ýap, Alek. Biz on dollar toplaýançak hiç kim şu ýerden çykmaz.
Kelpurniýa öz sebetjigini dörjeledi-de, sary giden gaýyş gapjygyny çykaryp, Jime ýalpyldawuk çärýeklik şaýyny uzatdy.
-Ýok, Kel,-diýip Jim pyşyrdady:-biziň özümiz. Seniň on sentiň nirede, Gözlüje?
Ybadathananyň içi dymykdy, men onsoň içimden pikir öwürdim, megerem jenap Saýks öz yzyna eýerijileri surnukdyryp almakçy bolýar öýdýän. Ýelpewaçlar şatyrdaýardy, aýaklar tapyrdaýardy, temmäki çeýnemäge endik edenler üçin bolsa çydar dagy eder ýaly däldi.
Hormatly ata Saýks birdenkä talapedijilik bilen gygyryp goýberdi welin, men duýdansyzlykdan ýaňa tisginip gitdim:
-Karlou Riçardson, men seni heniz şu tekjäniň ýanynda görmändim.
Çal-sary reňkli jalbarly arryk adam öňe çykdy-da, galaýy gutujyga teňňe taşlady. Gatnaşyjylar makullaýjy hüňürdeşdiler. Soňra hormatly ata Saýks:
-Goý kimiň çagasy ýok bolsa ýene-de on sent sadaka bersin. Şonda biziňki ýeterlik bolar.
Haýallyk bilenem bolsa garaz on dollar jemlendi. Gapy açylan dessine içerik ýyljajyk şemal çaldy, biz ýeňilräk dem alyp ugradyk. Zibo ýene-de setirme-setir “Iordanyň gaýly kenarlaryndany” okady we

şonluk bilen ýekşenbe mynajaty tamamlandy.
Men ol ýerde galyp galan ähli zady mazalyja synlamak isledim, ýöne Kelpurniýa meni çykalga tarap dartyp ugrady. Işikde ol Zibo hem-de onuň maşgalasy bilen gepleşmek üçin biraz eglendi, Jim ikimiz bolsa jenap Saýks bilen warsaky urmaga başladyk. Azyndan ýüz sowal dagy meniň dilimiň ujunda aýlanyp durdy, ýöne men öz ýanymdan soň Kelpurniýadan soraryn-da diýdim-de, goýaýdym.
Hormatly ata Saýks:
-Biz siziň bu gün biziňkä geleniňize örän şat,-diýdi:-Siziň kakaňyz biziň ybadathanamyzyň iň oňat dosty.
Şunça saklanjak bolup jan etsem-de bilesigelijilik ahbetin meni alyp ýatdy.
-A siz näme üçin Tom Robinsonyň aýaly üçin pul ýygnadyňyz-a?
-Siz näme eşitmediňizmi?-diýip hormatly ata Saýks sorady:-Eleniň üç sany çülpejesi bar, özi-de işläp bilmeýär.
-Ol näme üçin işe gidende çülpelerini ýany bilen alyp gitmeýärkä, hormatly ata?-diýip men onuň özüne sowal berdim.
Pagta mülklerinde işleýän garaýagyz zenanlar hemişe-de öz körpelerini ýanlaryna alýardylar-da, olary haýsydyr bir kölege ýerlerde, adatça, baglaryň iki hatarynyň arasynda oturdýardylar. Heniz oturmagy başarmaýanlaryny bolsa ejeleri ýabany hindileriňki ýaly arkalaryna daňýardylar ýa-da pagtadan boş halta dolap ýerde goýýardylar.
Hormatly ata Saýks biraz özüni ýitirdi.
-Dogrusyny aýtsam, hanym Jin Luiza, häzirki wagtda Elene iş tapmak beýlebir aňsadam däl…Haçan-da pagta ýygym möwsümi gelse meniň pikirimçe ony jenap Link Diz işe alarmyka diýip çak edýärin.
-A näme üçin ol häzir iş tapyp bilmeýär?
Hormatly ata Saýks jogap bermäge ýetişmedi, Kelpurniýa elini meniň egnime goýdy welin, men gulakasyjylyk bilen:
-Bize bärik gelmäge rugsat bereniňiz üçin, sag boluň-diýdim.
Jimem meniň diýenimi gaýtalady we biz öýümize gaýtdyk.
-Kel, men bilýän, Rom Robinsony türmä basdylar, ol nähilidir bir juda erbet iş edipmişin, ýöne näme üçin Eleni işe almaýarlar ahyryn?-diýip men soradym.
Gara-gök ýüpek köýnekli hem-de beýik sypal başgaply Kelpurniýa Jim ikimiziň aramyzdan ýöräp barýardy. Ol:
-Sebäbi adamlar Tom örän erbet iş etdi diýýärler,-diýdi:-Şonuň üçinem hiç kim islemeýär…hiç kimiň onuň maşgalasy bilen iş salşasy gelmeýär.
-Kel, ol beýle mojuk näme etd-ä?
Kelpurniýa uludan demini aldy.
-Garry jenap Bob Ýuel Tomuň öz gyzyny zorlajak bolandygy barada arza beripdir, şonuň üçinem Tomy tussag etdiler we türmä basdylar.
-Jenap Ýuel?-Nämedir bir zatlar meniň ýadyma düşmäge başlady:-Şeýle Ýueller bar, olar her okuw ýylynyň ilkinji gününde mekdebe gelýärler, soňam gatnamaýarlar. Ol şolardanmy, hä, hawamy? Attikusam olar barada: “olar eneden dogma näkesler” diýdi…Öň Attikus hiç kim barada hiç haçan beýle zatlary diýmeýärdi. Ol aýtdy…
-Ine şolar hem hut şolaryň özi.
-Onda näme, eger-de bütin Meýkombda hemmeler ol Ýuelleriň nähili jemendediklerini bilýänem bolsalar, näme üçin Eleni ilgeziklik bilen işe almaýarlarka…Kel, ýogsa-da bu zorlajak bolupdyr diýýäniň näm-ä?
-Jenap Finçden sora, ol saňa has gowy düşündirer. Sen megerem aç bolsaň gerek? Hormatly ata, bu gün näme üçindir birhili öte uzyn wagyz okan ýaly, hemiş-ä ol beýle içgysgynç geplemeýärdi.
Jim:
-Ol edil biziň wagyzçymyz ýaly,-diýdi:-A siz näme üçin aýdym dogalary beýdip geň aýdýarsyňyz-a?
-Sen gaýtalaýanymyza diýýärmiň?-diýip Kelpurniýa sorady.
-Bu edişiňize “gaýtalamak” diýilýärmi?
-Hawa, biz şeýle diýip atlandyrýarys. Bu men özümi bilelim bäri hemişe şeýle-de edilýärdi.
Jim: “ybadathana ýygymlaryny bir ýyllap süýşürip hemmelere ýeterlik aýdym doga ýygyndyjyklaryny satyn alaýmaly eken-dä” diýdi.
Kelpurniýa gülüp goýberdi.
-Olardan näme peýda? Barybir hiç kim okap bilmeýär ahyry.
-O nähili beýle?-diýip men soradym:-Şunça adam bolup hiç kim okap bilmeýärmi?
Kelpurniýa baş atdy.
-Hawa-la. “Ilkinji söwdada” bolaýsa, megerem dört adam okap bilýändir…menem şol dördüň içinde…

-Sen haýsy mekdepde okadyň, Kel?-diýip Jim sorady.
-Hiç haýsynda. Allajanlarym, hany bir ýatlajak bolup göreýin, maňa hat-sowat öwreden kimkä? Hä, hawa, ol garry hanym Býuford bolmaly, biziň hanym Modi Etkinsonymyzyň daýzasy.
-Näme sen şeýle garrymy?
-Men hatda jenap Finçdenem uly,-diýip Kelpurniýa gülümsiredi:-Ýöne bilemok, köp ýaşmy ýa-da azmy. Bir gezek biz onuň bilen meniň ýaşymyň näçedigini ýatlap, hasaplap başladyk…men ondan biraz öňräkde bolan zatlary bilýärin, diýmek men ondan sähel-mähel uly bolmaly, äý onsoňam aýalyň ýady erkegiňkiden az-owlak gowurakmyka diýýärin.
-A seniň doglan günüň haçan, Kel?
-Men ony her ýyl täze ýylyň öňisyrasynda belleýärin, şeýtseň ýadyňda saklamak aňsat bolýar…dogrusy mende hakyky doglan gün hem ýok ýaly.
-Ýöne daş keşbiňden-ä sen Attikus ýaly beýlebir garry hem görünmeýärsiň-diýip Jim oňa garşy çykmaga alňasady.
-Garareňkliler edil akýagyzlar ýaly çalt garramaýarlar, olara aralaşan gojalyk hem gatybir bildirip durmaýar-diýip Kelpurniýa aýtdy.
-Bu belki-de olaryň okap bilmeýändikleri üçin şeýledir. Kel, Zibo sen hat-sowat öwretdiňmi?
-Hawa, jenap Jim. Haçan-da ol oglanjykka bärde mekdebem ýokdy, asyl. Men bolsa ony ahbetin okamaga mejbur etdim.
-Zibo Kelpurniýanyň uly ogludy. Eger-de men oň bu zatlar barada pikirlenip gören bolsamdym, onda men biziň Kelimiziň eýýäm esli ýaşandygyny aňardym, sebäbi Zibonyň özüniň çagalary eýýäm ulalyp gidipdiler, ýöne men näme üçin bu zatlar barada öň pikirlenmändirin ekenim.
-Sen oňa sowady harplykdan öwretdiňmi?-diýip men soradym.
-Ýok, men oňa her gün mukaddes kitabyň bir sahypasyny ýat tutmagy buýurýardym, onsoňam mende hanym Býufordyň maňa sowat öwreden kitapçasy bardy. Siz bar-a ol kitaby meniň nireden alandygymy hiç haçanam bilip bilmersiňiz.
Biz hakykatdanam bilip bilmedik welin, Kelpurniýanyň özi aýtmaly boldy:
-Ony maňa siziň ataňyz Finç berdi.
-Sen näme "Finçleriň duralgasyndanmy"?-diýip Jim geň galdy:-Sen bu barada bize hiç wagt aýtmandyň.
-Elbetde men "Duralgadan", jenap Jim. Men şol ýerde, "Duralga" hem-de Býufordlaryň mülki ikaralykda önüp hem ösdüm. Ýylboýy kä Býufordlaryň käte bolsa Finçleriň mülkünde işlärdim, soň siziň ejeňiz bilen kakaňyz durmuş gurdular welin, men Meýkomba göçüp gaýtdym.
-Ol diýýäniň haýsy kitapçady, Kel?-diýip men ýene-de sowal bermän saklanyp bilmedim.
-Blekstounyň "Düşündirişleri".
Jim aňk bolup galdy.
-Şol kitap boýunça-da sen Zibo hat-sowat öwretdiňmi?
-Hawa-da, jenap, jenap Jim-diýip Kelpurniýa uýaljaňlyk bilen agzyny eli bilen ýapdy:-Mende başga kitap ýokdy ahyry. Siziň ataňyz jenap Blekstoun örän ajaýyp dilde ýazýardy diýip aýdardy…
Jim:
-Diýmek, sen şonuň üçin beýlekiler ýaly geplemeýärsiň-dä,-diýdi.
-Kim ol beýlekiler?
-Beýleki garaýagyzlar. Kel, ýöne sen ybadathanada edil şolar ýaly geplediň ahyry…
Biziň Kelpurniýamyzyň başga-da durmuşynyň bardygy hiç wagt meniň kelläme gelmeýärdi. Görüp otursak, ol asyl biziň öýümizden başga ýerde-de özbaşyna, aýratyn ýaşaýan eken-ä, üstesine-de ol ýene-de iki sany dilem bilýän ekeni!
Men:
-Kel!-diýdim:-sen näme üçin özüňkiler bilen edil garaýagyzlaryň gepleýişleri ýaly gürleşýärsiň, sen beýle geplemegiň ýalňyşdygyny bilýärsiň ahyry?
-Hymm, ilki bilen-ä meniň özümem garaýagyz…
-Munuň ähmiýeti ýok, sen dürs gepläp bilýärkäň, diliňi döwüp ters geplemek näme gerek?-diýip Jim sorady.
Kelpurniýa sypal başgapjygyny biraz gyşartdy-da, ýeňsesini gaşady, soňra yhlas bilen başgapjygyny düzetdi.
-Beh, size muny nädip düşündirsemkäm,-diýip ol hümürdedi:-Ine siz Gözlüje ikiňiz öýňüzde garaýagyzlar ýaly gepleşip başlasaňyz nähili bolardy, birhili ýerliksiz bolardy gerek?! Men bolsa eger-de ybadathanada ýa-da öz goňşularym bilen akýagyzlaryň gepleýişleri ýaly gepleşip ugrasam nähili bolar, edil şonuň ýaly bolmazmy? Adamlar men hondanbärsi bolup başlandyryn öýdüp pikir ederler.
Men:
-Ýöne sen nähili dürs geplemelidigini bilýärsiň ahyry!-diýdim.

-Her bir bilýän zadyňy sereşläp, görene göz edip ýörmegiň kän bir geregi-de ýok. Aýal maşgala bolsa beýle hereket has hem gelişmeýär. Ikinjidenem, adamlar sen olardan akyllyrak bolsaň halap hem barmaýarlar. Ol gaharlanyp ugraýarlar. Özüň näçe dürs gepleseň gepläber, barybir olary üýtgedip bilmersiň, sebäbi munuň üçin olaryň özleri okamaly, zähmet çekmeli, olar bolsa özlerine agram salmagy düýbünden islemeýärler, şeýle ýagdaý bilenem edip biljek zadyň ýok. Şoňa görä-da ýa diliňi dişiň aňyrsynda sakla, ýa-da hemmeler ýaly boljak bol.
-Kel, a maňa seniň bilen aram-aram görüşmek bolarmy?
Kelpurniýa maňa geňirgenmek bilen garady.
-Görüşmek diýýäňmi, körpejäm? Biz seniň bilen her gün ertirden agşama çenli bir öýde ahyry.
-Ýok, maňa seniň öýüňe myhmançylyga barmak bolarmy? Haçanam bolsa bir gün, işden soň? Attikusam meni ugradar.
Kelpurniýa:
-Baş üstüne, haçan isleseň,-diýdi:-Biz hemişe saňa şat bolarys.
Biz pyýada ýodasynyň ugry bilen Redlileriň jaýynyň deňesinden ötüp barýardyk. Jim:
-Eýwana bir serediň hany,-diýdi.
Men Redlileriň jaýyna tarap garanjakladym, birdenkä hakykatdan onuň syrly ýaşaýjysy daşaryk, arassa howadan dem almaga çykan bolaýsa?! Ýöne eýwanda yns-jyns ýokdy.
Jim:
-Ýok-la, öz eýwanymyza seretsene,-diýdi.
Men seretdim. Eýwandaky kürsüde, gös-göni, tutuksy hem tekepbir keşpde, edil bütin ömrüne şu ýerde ýaşan ýaly bolup, Aleksandra ejemiz otyrdy.

xxxxx

-Meniň ýolsebedimi penjireleri köçä bakýan otaga äkit, Kelpurniýa,-diýen jümle Aleksandra ejemiň ilkinji sözleri boldy:-Jin Luiza, ýeňsäňi gazamagyňy bes et,-diýen sözler bolsa onuň ikinji jümlesi boldy.
Kelpurniýa Aleksandra ejemiň agyr ýolsebedini göterdi-de, işigi açdy.
-Meniň özüm äkiderin-diýip Jim onuň elinden ýolsebedi aldy.
Azsalymdan ýolsebediň ýatylýan otagyň astyna gülçüldäp gaçany eşidildi. Soňra ýene-de ep-esli wagtlap şol gülçüldiniň boguk sarsgyny öýmüzde ýaňlandy durdy.
-Siz myhmançylyga geldiňizmi, ejeke?-diýip men soradym.
Aleksandra ejem “Duralgadan” beýlebir kän çykyp durmaýardy, ýöne ýola çykanda welin, mazaly deňli-derejeli, uly dabara bilen syýahat edýärdi. Onuň özüniň ýiti-ýaşyl, epeý “býuik” ulagy hem-de garaýagyz sürüjisi bardy, olaryň ikisi-de hemişe şeýlebir tämiz arassalyk bilen lowurdap durýardylar welin, seretseň ýüregiň bulanyberýärdi, ýöne häzir welin, olaryň ikisi-de göz ýeter gözýetimde gözüňe ilmeýärdiler.
-Näme, kakaňyz size hiç zat aýtmadymy?-diýip ejekem soragyma sowal bilen jogap berdi.
Jim ikimiz biri-birimizden öňürti kellelerimizi talawlatmaga alňasadyk.
-Megerem huşundan çykaran bolsa gerek. Ol häzir öýde dälmi?
Jim:
-Ýok, ol adatça diňe agşamara dolanyp gelýär-diýdi.
-Onda şeýle, siziň kakaňyz ikimiz özara geňeşdik we meniň sizde az-owlak ýaşamagyma wagt ýetdi diýen netijä geldik.
Meýkombda “az-owlak” diýen düşünje üç güni-de, otuz üç ýyly-da aňladyp bilýärdi. Jim ikimiz gabak astyndan birek-birege garanjaklaşdyk.
Aleksandra ejem:
-Jim indi ulalýar, senem ösýärsiň,-diýdi:-Biz saňa zenanyň täsiri peýdaly bolar diýen pikire geldik. Ine, ýene-de birküç ýyl geçer, Jin Luiza, onsoň sen bezemen lybaslar hem-de ýaş ýigitler bilen gyzyklanyp ugrarsyň…
Men bu aýdylanlara örän köp, juda kän zatlar bilen gaty gowy jogap gaýtaryp biljekdim, mysal üçin: Kelpurniýa-da zenan ahyry, men ýaş ýigitler bilen gyzyklanyp başlaýançam ýene-de biçak köp ýyl geçer, bezemen lybaslar bilen bolsa men hijem haçanam gyzyklanmaryn…we ş.m….we ş.m…emma men näme üçindir dymyp oňaýdym.
-A Jimmi kakam näme?-diýip Jim sorady:-Olam bize gelermi?
-Wah ýok-la, goýaweriň, ol “Duralgada” galar. Oňa mülkümize göz-gulak bolmak gerek ahyry.
-A siziň onsuz ýüregiňiz gysmazmy?-diýdimem-de men dessine-de dilimi dişledim, bu beýlebir sypaýyçylykly sowal däldi. Onsoňam Jimmi kakam bärde bolsun, aňyrda bolsun, kän bir tapawudy ýokdy, barybir ondan ýeke söz eşitjek gümanyň ýok ahyry.
Aleksandra ejem meniň sowalymy gulagynyň duşundan geçirip goýberdi.

Men kelläme şunça agram salsam-da onuň bilen indi näme hakda gepleşjekdigimi hiç oýlap tapyp bilmeýärdim. Dogrusyny aýtsam, men hiç wagtam onuň bilen näme hakda gepleşmelidigini bilmändim, häzir bolsa oturan ýerimden ikimiziň öten-geçen agyrdan-agyr söhbetdeşliklerimizi hakydama getirýärdim: “Ýeri, ýagdaýlaryň nähili, Jin Luiza?”, “Örän gowy, soranyňyz üçin minnetdar, hanym. A siziň öz ýagdaýlaryňyz nähili?”, “Oňat, sag bol. A sen soňky görüşelimiz bäri nämeler bilen meşgullandyň?”, “Hiç zat bilen”, “O nähili, sen näme hakykatdan hem şunça wagtlap bikär gezip ýörsüňmi?” “Hawa, hiç zat”, “Ýöne seniň elbetde dostlaryň bardyr ahyry?”, “Hawa, hanym”, “Ýeri, onda sen olar bilen näme edýärsiňiz?”, “Hiç zat”.
Ejekem, elbetde meni barypýatan akmajyk hasaplaýan bolmaly, men hatda bir gezek onuň Attikus men barada: “Ol akyl taýdan yzagalak” diýenini hem eşidipdim.
Biziň öýmüzde nähilidir bir düşnüksiz bulaşyklyk bardy, ýöne ol barada soraşdyryp anygyna ýetesiň welin gelmeýärdi, onsoňam adatça ýekşenbe günleri Aleksandra ejemiň ýüzünden-gözünden gara gyşyň hazanly ýeli öwsüp durýardy. Bu megerem, onuň gaty bilguşagy zerarly bolsa gerek. Ol çişik däldi, emma özüne ýetik derejede etli-ganly daýaw zenandy, ol gaty bilguşagyny şeýlebir berk çekýärdi welin, döşi edil çapyljak atyňky ýaly belentdenem beýikde dim-dik bolup durdy, edil ýöne oňa tarap çala gözüňi aýlasaňam elheder alyberýärdiň. Bili dagysam bir gysym, yzyndan-a asyl örän kaşaň bolup güpbe-güberçekläp dur. Bu ajap kaddy-kamaty demiň tutulyp synlap durşuňa biygtyýar oýlanýarsyň, megerem mundan öňki ýaşaýşynda Aleksandra ejemiz gumsagat bolan bolara çemeli. Umuman ony haýsy tarapyndan synlasaň synlaý, barybir öte epeý görünýärdi.
Günüň galan-gaçan bölegi pessaý tukatlykda geçdi, ýakyn garyndaşlaryň myhmançylyga gelse hemişe-de şeýle bolýardy, soňra ulagyň sesi gulagymyza ildi welin, bize jan girip ugrady. Bu Montgomeriden Attikusyň dolanyp gelýändigini aňladýardy. Jim özüniň indiden beýläk uly adamlar ýaly salyhatly hem epeý bolmalydygyny undup, meniň bilen bilelikde kakamy garşy almaga ylgady. Jim gelşine Attikusyň elinden çemodanyny hem-de sebedini garbap aldy, men barşyma onuň boýnundan asyldym, ol meni howada gapyp aldy-da taýly gezek öpdi. Dessine meniň sowal haltamyň düýbi deşildi:
-Sen maňa kitapça getirdiňmi, hä? A sen bilýäňmi, ejekem geldi!
Attikus: “getirdim, bilýän” diýdi.
-Ejekeň indi bizde ýaşar. Sen muňa begenýäňmi?
Men: “örän begenýän” diýdim, bu ýalandy, ýöne kämahallar şeýlebir ýagdaýlar bolýar, şonuň ýaly ýagdaýlarda-da aldamaga mejbur bolýarsyň, sebäbi barybir eliňden gelýän zat ýok-da.
Attikus:
-Biz…netijä geldik… wagty geldi diýip…haçan-da çagalara hökmany zerur…umuman, ine şuny aýtmakçy bolýan Gözlüje,-diýdi:-ejekeňiz bize gelmek bilen maňa-da, siziň ikiňize-de örän uly goldaw berýär. Men siziň bilen uzakly günläp öýde oturyp bilmeýärin ahyry, üstesine-de şu tomus biziň hemmämiz üçin biraz kynrak bolarmyka diýýärin.
Men:
-Hawa, jenap-diýdim.
Men hiç zada düşünmedim. Diňe meniň göwnüme bolmasa Attikus Aleksandra ejemi öýmüze beýlebir janygyp çagyrmadygam ýaly, onuň öýmüzde ýaşamalydygy hakyndaky hokgany bolsa ejekemiň özi oýlap tapan ýaly bolup göründi. Onuň asyl şeýle edäheti-de bardy, ol birdenkä, gaýa ýok gopuz ýok ýerinden: “şeýle edilse maşgalamyz üçin gowy bolar” diýip morta aýdyp goýberýärdi. Megerem bu gezegem ol şeýle diýäkgetdin bize “az-owlak” ýaşamak üçin ymykly göçüp gelen bolmaly.
Meýkomb Aleksandra ejemi örän hoşgylaw garşy aldy. Hanym Modi Etkinson özüniň iň gowy görýän süýji gatlamasyny bişirdi, ol gatlama miwe şeraby bilen şeýlebir oňat edilip eýlenendi welin, men garnymy gözänimden soň hut serhoş bolaýdym. Hanym Stiweni Krouford bolsa biziňkä myhmançylyga gelip, sagatlap gaýtmaýardy, özi-de şol wagtyň köp böleginde esasan başyny ýaýkaşdyryp: “hm-hm” diýip otyrýardy. Hanym Reýçel gündizlerine ejekemizi kofe içmäge çagyrýardy, hatda jenap Natan Redli hem bir gezek biziň howlymyza kellesini uzadyp, ony görýändigine örän şat bolandygyny habar berip gidipdi.
Soňra Aleksandra ejem biziň öýmüzde ykjam ornaşdy welin, ähli zat öz akymyna girip, nobatma-nobat akyp ugrady. Şondan soň birhili göwnüme bolmasa ol asyl, ömürboýy bizde ýaşap ýören ýaly bolaýdy.
Ejekemiň aňrybaşy öý bikesidigi hakynda at-awazasyny onuň dini wagyz-nesihat hem haýyr-sahawat jemgyýetiniň ýygnaklaryna eltýän tagamlary hasam berkitdi (ejekem Hristiançylygy Gündogarda ýaýratmak jemgyýetiniň uzyndan-uzyn nutuklary okalýan wagtynda diňleýjilere sabyr-kanagat bilen birlikde güýç-kuwwat bermeli dürli-dümenleri bişirmekligi hem taýýarlamaklygy Kelpurniýa ynanmaýardy). Ol gele-gelmäşe Meýkombyň zenanlar birleşmesine girdi-de, giren dessine-de onuň kätibi boldy. Meýkombyň ýokary gatlagynyň gözüne Aleksandra ejem

asylzadalygyň iň soňky wekili bolup görünýärdi. Onuň özüni alyp barşy asylzada nepisligiň iň ýokary nusgasydy, beýle nepislik diňe iň aňrybaşy ýapyk zenanlar mekdeplerinde we terbiýeçilik öýlerinde edinilýärdi. Ejekem ahlak bilen bagly soraglarda hemmeler üçin iň soňky basgançakda ýerleşýän çirksiz kazy we göreldelik nusgady. Ol ýaňzytmak sungatyna ussatlyk bilen erk edýärdi, gep-gybat meselesinde-de ähli meýkomb zenanlary üçin deňsiz-taýsyz halypady. Haçan-da ol mekdepde okaýarka, ýekeje okuw kitabynda-da içki şübhelenmeler barada hiç zat aýdylmandyr ekeni, şonuň üçinem Aleksandra ejemde ol zadyň jinnek ýaly düşnügi-de ýokdy. Onuň hiç haçan içi gysmaýardy we ol haýsydyr bir jedeliň ýa-da sene-menäniň araçysy bolmak mümkinçiligini ýeke saparam sypdyrmandy, hemişe çar-töwerekde tertip-düzgüni ýola goýup, hemmelere öwüt-nesihat berip, düşündirip we duýduryp, utandyryp hem müýnürgedip gezip ýördi.
Onsoňam ol Finçleriň şan-şarafatly kowmunyň at-abraýyny has-da belende götermekden ötri, özge kowumlaryň hem uruglaryň ejiz ýerlerini hemişe ýatlap ýörmegi hiç wagt unutmaýardy. Bu endik kähalatlarda Jimiň içini ýakýardy, ýöne köplenç onuň gülküsini tutdurýardy.
-Ejekem özgeler babatda bir zatlar diýmekçi bolanda öz sözlerine biraz seresabrak çemeleşmelimikä diýýän. Ol meýkomblylaryň tas hemmesini diýen ýaly uçdantutma tankytlaýar, şäheriň ilatyň gylla ýarysyndan gowragy bolsa biziň bilen ýakyn garyndaşlykda durýar ahyry.
Ýaş Sem Merriuzer öz janyna kast edipmi, Aleksandra ejem öwüt beriji äheňde: “öz janlaryna kast etmäge ýykgyn etmeklik olaryň tohumynda bar” diýýärdi. Haýsydyr on bäş-on alty ýaşlyja gögeleje gyzjagaz ybadathanada doga aýdymyny aýdýan toparda duran wagty ýekeje sapar pyňkyrdymy, Aleksandra ejem:
-Ine görýäňizmi, Penfildleriň tohumynda ähli aýallar ine şunuň ýaly ýeňilkelle ahyry!-diýip bellik edýärdi.
Ejekemi diňleseň göwnüňe bolmasa, Meýkombyň biziňkiden galan ähli maşgalalarynda haýsydyr bir pes pişelere: arakhorluga, humarbazlyga, husytlyga, dälişgelige, akmaklyga ýykgyn etmek bar ýaly bolup durdy.
Bir gezek bolsa ejekem kesekileriň işlerine burnuna sokup ýörmek edäheti hanym Stiweni Kroufordyň ganynda bardygyna bizi ynandyrmaga başlady welin, Attikus:
-A sen bilýäňmi, uýam, eger-de içginräk pikirlenip görsek, bizden öň Finçleriň kowmunda doganoglan uýalaryna öýlenip, doganoglanlaryna durmuşa çykmak endigi bolupdyr. Diýmek onda sen bu barada-da Finçleriň birhili gan garmaklyga höwesi bar diýip aýtmagyň ähtimal-da?
Ejekem bu jümlä dynnym ýalyjagam aljyramady, gaýta piňine-de alman:
-Ýok,-diýdi:-bu zerarly diňe biziň maşgalamyzyň agzalarynyň elleri hem-de aýaklary kiçijek.
Onsoňam, ýeri ejekemi bu nesilden-nesle geçýän aýratynlyklar näme üçin beýle azara goýýarka diýsene? Näme üçindir men hemişe şeýle pikir edýärdim: asylzada adamlar – bu akylyndan hem-de zehininden hemmelere has köp peýda gelýänler bolmalydy. Aleksandra ejemiň ynanjy boýunça bolsa, ol şeýle diýip göni aýtmaýan bolsa-da, birhili haýsydyr bir maşgala şol bir ýerde näçe uzak ýaşasa şonça-da asylzadalaşýan ýalydy.
Jim bu babatda:
-Onda Ýueller hem asylzada-diýdi.
Barris Ýueliň hem-de onuň doganlarynyň degişli bolan maşgalasy eýýäm üçünji arkada, şäheriň zibilhanasynyň aňry tarapyndaky şol bir ýer bölejiginde ýaşap we şäherimiziň haýyr-sahawatynyň hasabyna eklenip gelýärdi.
Ýöne her näme-de bolsa Aleksandra ejemiň taglymatynda azda-kände hakykat bardy. Meýkomb gadymy şäher. Ol “Finçleriň duralgasynyň” ýigrimi mil gündogarragynda, derýadan öte uzakda ýerleşýär, bu ýagdaý bolsa şeýle gadymy şäher üçin juda geň we oňaýsyz. Dogrusy, ol eger-de Sinkfild familiýaly ýeser adam bolmadyk bolsa megerem, derýanyň edil kenarynda-da ýerleşip bilerdi. Zamanalaryň başlanýan döwründe iki ýoluň çatrygynda şol Sinkfildiň myhmanhanasy bar ekeni, özi-de ol tutuş jelegaýda ýeke-täk kerwensaraý bolupdyr. Sinkfild zany boýunça watansöýer däl eken, ol hindilere-de, akýagyz ýaşaýjylara-da birmeňzeş hyzmat edip, iki tarapa-da ok-däri satyp, öz myhmanhanasynyň Alabamanyň çägindemi ýa-da Derýajyk taýpasynyň çägindemi ýerleşýändigi hakynda birjigem kellesini agyrtman diňe öz işiniň girdeji getirip durmagy babatda alada edipdir. Onuň işi bolsa gülläp ösüpdir, ine onuň üçin şol gülläp ösüş döwründe-de gubernator Uilýam Uýaýt Bibb täze döredilen okrugda abadançylygy we rahatlygy has-da mäkämleşdirmek maksady bilen hem-de şol ýerde ýerli häkimiýetleri gaýym ornaşdyrmak üçin ýer ölçeýjileri onuň merkeziniň nirede ýerleşýändigini anyk kesgitlemäge gönderipdir. Ýer ölçeýjiler Sinkfildiň myhmanhanasynda düşläp, onuň düşleghanasynyň hem Meýkomb okrugynyň çägine girýändigini, özleriniň çak uruşlaryna görä okrugyň dolandyryş merkeziniň nirede ýerleşjekdigini habar beripdirler. Eger-de öz myhmanhanasynyň gelim-gidimli ýerde galmagyny gazanmak üçin Sinkfild ýeser hereket etmedik bolsady, onda şol dolandyryş merkezi hiç zat bilen ünsüňi çekmeýän, tukat Uinston batgalyklarynyň orruk-ortarasynda ýerleşmeli boljak ekeni. Munuň deregine bolsa daş-töwereginde Meýkomb okrugy

ösüp-örňäp ulalyp barýan merkez hökmünde Sinkfildiň howlusy diýip kesgitlenipdir, sebäbi üşükli telekeçi ajaýyp gijeleriň birinde öz myhmanlaryny olaryň gözleriniň öňünde ähli zat bulaşyp, eräp, ýitip gitmek derejesine çenli lül-gammar edip, olary öz dozen kartalaryny hem-de meýilnamalaryny sebetlerinden çykarmaga we olarda şekillendirilen ýerleriň bir ýerinden azajyk bozup aýyrmaga, beýleki bir ýerine bolsa sähelçe ýelmemäge, şeýle edibem okrugyň merkezini sähelçe, aý känem däl-de, sähelçejik Sinkfild üçin amatly bolan ýere süýşürmäge yrypdyr. Ertesi gün bolsa ýer ölçeýjiler öz ýeserligi bilen hatda ýeriň şekilini üýtgedip bilýän jadygöýüň ýanyndan ýeňselerini el ýaly edipdirler, olaryň eýerlerine bökderilgi horjunlarynda bolsa kartalardan başga-da bäş golça aňrybaşy şerap bar ekeni – her haýsyna iki golça, bir golçasy bolsa gubernatora. Jenap Sinkfildiň sowgat-salamy.
Meýkombyň dolandyryş merkezi hökmünde esaslandyrylandygy sebäpli ol Alabama ştatynyň özüne meňzeş beýleki şäherleri ýaly harsal gurulmandy. Ilkibaşdan başlap şäheriň jaýlary düýpli hem uludan gurlupdy, kazyýetiň binasy bolsa hasam ägirt bolup görünýärdi, köçeleri dagysam gip-giňdi. Meýkombyň ýaşaýjylarynyň arasynda dürli ugurlardan hünärmenler az däldi, bu şähere alyslardan hem gelýärdiler, kim agyrýan dişini sogurtmak üçin, kim ýürek urgusyna arz etmek üçin, kim paýtunyny bejertmek üçin, kim banka pul goýmaga, kimseler kalplaryny günälerden päklemäge, kim gatyryny mal lukmanyna görkezmäge we ş.m.
Ýöne şu ýerde ýene-de bir sowal hemişe örboýuna galyp dur. Sinkfild beýle etmek bilen akylly hereket etdimikä? Onuň goparan hokgasy zerarly ýaş şäher şol döwürde ýeke-täk jemgyýetçilik aragatnaşyk serişdesi bolan derýa gämileriniň gatnawly ýolundan daşa düşüpdir, şol sebäpli-de okrugyň demirgazyk böleginiň ýaşaýjysy zerur zatlaryny satyn almak üçin Meýkomb şäherine gelip-gitmäge tutuş iki gününi sarp etmäge mejbur bolupdyr. Ine şonuň üçinem geçen ýüz ýylyň dowamynda şäher ösüp-ulalyp gidibermän, henizem pagta meýdanlarynyň alabeder deňziniň we sümme tokaýlaryň arasyndaky adajyk bolmagyna galyp gelýär.
Demirgazyk bilen Günortanyň arasyndaku uruş Meýkombdan sowa geçipdi, ýöne Günortany “gaýtadan gurnamak” hakynda kanun we ykdysadyýetiň çökmegi barybir şäheriň geriminiň giňemegine getiripdir. Ýöne ol giňelse-de ýaýrap gidibermeýärdi. Şäherde täze adamlar örän seýrek peýda bolýardylar, nikalar bolsa esasan şol bir maşgalalaryň wekilleriniň arasynda baglaşylýardy, şoňa görä-de assa-ýuwaşdan ähli meýkomblylar birek-birege azda-kände çalym edip, ekiztaýy ýaly birmeňzeş bolup gidip barýardylar. Setanda-seýranda kimdir biri yzyna, dogduk depesine dolanyp gelende ýany bilen aýalyny – Montgomeriniň ýa-da Mobiliň ýaşaýjysyny getirerdi, ýöne ojagaz üýtgeşmeler hem şäherimiziň ählumumy kybapdaşlygynyň deňziniň ýüzünden assaja tolkun kimin bildirer-bildirmez yrgyldap geçip giderdi. Öňem aýdyşym ýaly, meniň çagalyk ýyllarymda durmuş hiç hili üýtgewsiz diýen ýaly endigan akyp durardy.
Elbetde Meýkombyň ýaşaýjylary dürli synpy gatlaklara bölünýärdiler, ýöne bu bölünişik maňa şeýle görünýärdi: ulular, meýkombyň raýatlarynyň häzirki zaman nesilleri, nijeme ýyllaryň dowamynda birek-biregiň alkymynda ýaşandyklary sebäpli biri-biri barada ähli zady diýen ýaly ýatdan bilýärler we biri-birini hiç bir zat bilen haýran galdyryp bilmeýärler, biri-birleriniň özlerini alyp baryşlaryny, häsiýetlerini, saçlarynyň reňkini, hatda endikli ykşaratlaryny hem olar öz-özünden bolaýmaly, nesilden-nesle geçip, wagtyň geçmegi bilen kämilleşýän adaty bir zat hökmünde kabul edýärler. Gündelik durmuşda-da olar üçin: “Ähli Kroufordlar kesekileriň işlerine burunlaryny sokýarlar”, “Merriuzerleriň her üçünjisi – melanholik”, “Delafildler hemişe-de hakykat bilen oňuşman gelýärler”, “Ähli Býufordlaryň ýöreýşy şeýle ahyry” diýen ýaly ýazylmadyk hakykatlar iň ygtybarly gollanma bolup hyzmat edýär. Çünki olaryň pikiriçe, eger-de sen Delafildleriň haýsy-da bolsa birinden töleg hatyny almakçy bolsaň, ilkinji nobatda assyrynlyk bilen bankdan olar barada sorag-ideg et, hanym Modi Etkinsonyň küýkerilip ýöremegi bolsa onuň Býufordlaryň maşgalasyna degişliligi üçin bolmaly, eger-de hanym Greýs Merriuzer toşapdan boşan çüýşä şerap guýup, hiç kese bildirmediksiräp içip ýören bolsa, onda bu ýerde geň galara hiç zat ýokdy, onuň ejesi hem şeýle edýärdi.
Meýkomb Aleksandra ejemiň bu meselelerde ozone göwündeş gopýandygyny bada-bat syzdy. Meýkomb üçin ol köňüldeşdi, ýöne Jim ikimiz üçin welin tersinedi. Aleksandra ejeme seredip men haýrany-serasyma bolup ýördüm, ol hakykatdanam Attikusyň we Jek kakamyň süýtdeş uýasymyka? Bu pikirlerden ýaňa men hatda Jimiň meni gadym döwürlerde gorkuzýan, bäbekhanada çagalaryň çalşylýandygy we selmelegiň köki hakynda köne ertekilerini hem ýatlap ugraberdim.
Onuň biziňkide ýaşan durmuşynyň ilkinji aýynda ýokarda görkezilenleriň ählisi howaýy pikir ýöretmeler boldy, Aleksandra ejem Jim ikimiz bilen düýbünden gepleşmeýärdi diýen ýalydy, biz ony diňe nahar iýenimizde we agşam düşegimize geçmezimizden öňünçäsi görýärdik. Sebäbi tomus bolandygy üçin biz uzakly günümizi köçede geçirýärdik diýen ýalydy. Elbetde käte bir günün dowamynda suw içmek üçin öýe kürsäp girersiň welin, myhman otagy meýkombly zenanlardan dos-doludyr, özlerem şirpildeden bolup çaý içip oturyşlaryna ýelpewaçlary bilen ýelpenişip, pyşyrdaşýandyrlar, şonda-da meniň gulagyma ilýärdi:

-Jin Luiza, hany bärik gel-de biziň myhmanlarymyz bilen salamlaş.
Men girýärdim welinem, ejekemiň ýüzi edil meni çagyrandygyna müň-de bir gezek puşeýmanlar eýläp, ahmyrlar kylýana dönýärdi, çünki meniň üsti-başym hemişe diýen ýaly gum-gumursydan ýaňa çalaryp durardy.
-Dolananymyz Lili bilen salamlaş,-diýip bir gezek Aleksandra ejem meni daşky otagda gapyp aldy.
-Kim bilen?-diýip men düşünmän soradym.
-Öz dolananyň Lili Bruk bilen.
-Ol näme biziň dolananymyzmy? Men-ä asyl beýledigini bilmändirinem.
Aleksandra ejem şeýlebir birhili ýylgyrdy welin, onuň sypaýyçylyk bilen dolananymyz Liliden ötünç soraýandygy, meni bolsa juda erbet ýazgarýandygy dessine düşnükli boldy. Haçan-da dolananymyz Lili Bruk gidenden soň bolsa men mazalyja eýimiň ýetiriljekdigine-de düşündim.
Elbetde bu zatlaryň barysy kakamyzyň maňa Finçleriň şejere daragty barada hiç zat gürrüň bermezligi we öz çagalarynyň gursagyna öz neberesine bolan buýsanjy guýmazlygy ýaly öte gynandyryjy ýagdaý zerarlydy. Şondan soň Aleksandra ejem Jimi hem ýanyna çagyrdy we ol gelip meniň ýanyma, kürsä geçip oturdy-da, ejekeme garşy howatyrly nazar oklamaga başlady. Ejekem öz otagyndan eline gara-gyzyl daşly kitap alyp çykdy, onuň ýüzünde zerli harplar bilen “Joşua Sent-Kler. Oýlanmalar” diýip ýazylgydy.
Aleksandra ejem:
-Bu kitaby siziň dolananyňyz ýazdy,-diýdi:-Ol örän ajaýyp adamdy.
Jim kitapçany üns bilen synlady.
-Bu şunça ýyllap dälihanada oturan dolananymyz Joşuamy?
-Sen bu zatlary nireden bilýärsiň?-diýip Aleksandra ejem sorady.
-Dolananymyz Joşuanyň talyp bolandygyny we köp okandygy zerarly ony ylym urandygy barada Attikus aýdýar ahyry. Ýene-de Attikus onuň rectory atmaga synanyşyk edendigini hem gürrüň beripdi. Dolananymyz Joşuanyň rektoryň hiç zatdan başy çykmaýan nadandygy barada aýdyp, ony atam döwründen galan gadymy sapança bilen atmaga synanyşandygyny, sapançanyň bolsa onuň elinde partlandygy barada-da Attikus aýdýardy. Onsoňam ony aman-esen alyp çykmak üçin hossarlary bäş ýüz dollary sanap orta oklamaly boldular diýibem Attikus gürrüň beripdi…
Aleksandra ejem gös-göni boldy-da, edil üçege gonan leglek ýaly doňup galyp:
-Besdir,-diýdi:-Biz bu gürrüňe ýene-de gaýdyp geleris.
Ýatmazymyzdan öň men Jimiň otagyna ondan nämedir bir zatlary okap bermegi haýyş etmäge geldim, şol wagtam onuň gapysyny Attikus kakdy. Ol içerik girdi-de, ýatyş sekisiniň gyrasynda oturdy, parahatlyk bizi birlaý gözden geçirdi, birdenem ýylgyrdy.
-Ühüm-m,-diýip ol başlady. Soňky döwür ol söze başlamazyndan öň birhili üsgürinjiremäni çykarypdy, onuň bu täze tapynan endigi sebäpli men hatda, “daşyndan bildirmese-de ol ahyrsoňy gojalyp ugraýar-ow” diýibem oýlanyp başlapdym.
-Nädip aýtjagymy hem bilmeýärin, birhili…
-Edil bolşy bolşy ýaly aýdybersene,-diýip Jim maslahat berdi:-Biz nähilidir bir bezzatlyk edipdirismi? Kakamyň birhili oňaýsyz ýagdaýdadygy mese-mälimdi.
-Ýok-la, men ýöne size düşündirmek isledim…Aleksandra ejeňiz menden haýyş etdi…Ogul, sen özüňiň Finçdigiňi bilýärsiň ahyry, şeýlemi?
-Maňa şeýle diýib-ä aýdýardylar öz-ä…-diýip Jim gabak astyndan kakama göz aýlap goýberdi, birdenem sesini gataldanyny özem duýman galdy:-Attikus, näme bolýar-a?
Attikus aýagyny aýagynyň üstüne atyp, ellerini çilşirdi.
-Men sizi öz gelip çykyşyňyzyň ýagdaýlary bilen tanyşdyrmaga çytraşýaryn.
Jim has beter bäş deşigini bir ýere üýşürdi-de:
-Bu bolgusyzlyklary men ozalam bilýärin-le-diýdi.
Attikus birden çynlakaý keşbe girdi. Ol özüniň resmi-hukuk äheňinde gepläp başlady:
-Siziň ejekeňiz seniň we Jin Luizanyň aňyna, siziň haýsydyr bir köksüz-kowumsyz ykmanda däldigiňizi, siziň arkaňyzda çirksiz terbiýe alan ençeme nesilleriň bardygyny mümkin boldugyndan ýetirmegi haýyş etdi…
Şu ýerde meniň aýagymyň üstünde garynja gyrmyldady we men ony tutmaga başladym. Attikus dymdy. Men garynjanyň dişlän ýerini gaşadym.
-…hawa, çirksiz terbiýe alan ençeme nesiller,-diýip Attikus gaýtalady:-şonuň üçinem siz öz adyňyza hem kowmuňyza mynasyp bolar ýaly derejede ýaşamaly. Aleksandra ejeňiz menden siziň kiçijik asylly hanyma we asylly erkek kişä gelşer ýaly derejede özüňizi alyp barmalydygyňyzy aýtmagy haýyş etdi. Ol siziň bilen biziň maşgalamyz we Finçleriň uzak ýyllaryň dowamynda Meýkomb okrugynyň durmuşynda nähili ähmiýetli işleri bitirendikleri barada söhbet etmek isleýär, şondan soň siz özüňiziň kimdigiňize doly göz ýetirersiňiz we belki-de özüňizi mynasyp derejede alyp bararsyňyz.-diýip ol çalt-çalt gepläp sözüni tamamlady.

Jim ikimiz aňk bolup galdyk, agzymyzy öweldip durşumyza ilk-ä biri-birimize, soňam Attikusa seretdik, göwnüme bolmasa biziň nazarymyzyň öňünde onuň köýneginiň ýakasy darlyk edip ugran ýaly boldy. Biz kakama hiç zat jogap bermedik.
Men dagy näme etjegimi bilmän, birhaýukdan soň tekjeden Jimiň darajygyny aldym-da, onuň dişlerini tekjäniň gyrasyndan ýöretdim.
Attikus:
-Jygyrdatmagyňy bes et!-diýdi.
Özem birhili gödek hem kesgin diýdi. Men daragy ýere zyňyp goýberdim, näme üçin beýle edýändigimiň sebäbine-de düşünmän aglap başladym, wagty bilen bilen diňip bilmedim. Ýaňky sözleri aýdýan meniň kakam däldi. Meniň kakam hiç haçan beýle pikir etmeýärdi. Hiç wagtam beýle sözleri aýtmaýardy. Ony şeýle oýlanmaga Aleksandra ejem mejbur eden bolmaly. Men gözýaşlarymyň arasyndan Jimiň gaýgyly hem ýalňyz halda kellesini bir gapdala gyşardyp, ýere bakyp durandygyny gördüm. Meniň gidere ýerim ýokdy, ýöne onda-da men bu ýerden gitmek üçin öwrüldim welin, meniň öňümde Attikusyň içki penjekçesi peýda boldy. Men oňa ýüzümi berdim welin, açyk-gök matanyň aňyrsyndan özüme öňden tanyş bolan pessaýja owazlary eşitdim, bu sagat jykgyldaýardy, mazaly ütüklenen köýnek assaja şytyrdaýardy, eşidiler-eşidilmez çalajadan endiganlyk bilen ýürek urýardy.
Men:
-Seniň garnyň jugurdaýar,-diýdim.
-Bilýän,-diýip Attikus pyşyrdady.
-Sen bar-a hamyrturşy garylan suw içseň aýrylar.
-Içerin.
-Attikus, indi biz nähili ýaşarkak? Indi ähli zat başgaça bolarmy, senemmi?
Ol meniň ýeňsämi sypalady-da:
-Tolgunma,-diýdi:-Tolgunmaga howlukma, biraz garaş.
Ine şu ýerde-de men düşündim, kakam ýene-de biziň ýanymyzdady. Meniň aýaklarym keseki biriniň aýaklary ýaly bolmasyny bes etdiler. Men başymy galdyrdym.
-Sen hakykatdanam biziň ýaňky aýdyşyň ýaly bolmagymyzy isleýärmiň? Men bu Finçlere özüňi nähili beýle ilden üýtgeşik alyp barmagyň mahsusdygy barada hiç zady ýadyma salyp bilmeýärin ahyry…
-Ýadyňa saljak bolyp dyrjaşmagam gerek däl. Şuny goýaly-la…
Ol çykyp gitdi. Kellesiniň gyzgynyna ol tasdanam gapyny jarkyldadyp goýberýärdi, hernä soňky pursatda ony tutup ýetişdi-de, ýuwaşjadan ýapdy. Biz Jim bilen onuň yzyndan seredip durduk, birdenkä işik ýene-de açyldy-da, aňyrsyndan Attikusyň kellesi göründi. Ol gaşlaryny ýokaryk gerdi welin, äýnegi burnunyň üstüne gaçdy:
-Göwnüme bolmasa men barha we barha dolananymyz Joşua meňzäp barýan ýaly? Siziň bu barada pikiriňiz nähili, belki-de menem biziň maşgalamyz üçin bäş ýüz dollar möçberinde gymmada düşerin?
Men dogrusy indi düşünýärin, şol pursat Attikusyň bizden näme isländigine, ýöne ol bary-ýogy erkek kişi ahyry. Çagalara terbiýe bermegiň şeýle inçe syrlaryna bolsa diňe zenanlar belet bolýarlar ahbetin.
Biz şol günden soň Aleksandra ejemizden Finçleriň maşgalasy barada hiç zat eşitmedik, ýöne şäherde welin, adamlarda şondan başga gybat edere zat galmadyga döndi. Şenbe günleri Jim meni öz ýany bilen alyp gidýärdi (soňky döwür ol men özi bilen bilelikde adamlaryň arasynda görnäýsem edil jynlana dönüberýärdi), ikimiz bäş sentlik şaýylarymyzy alýardyk-da, köçeleriň ugruny dolduryp duran mähelläniň arasy bilen ýöräp barýandyrys welin, birdenkä kimdir biri gygyryp goýberer:
-Hanha onuň çagalary!
Ýa-da:
-Finçleri görýäňmi?
Yzyňa gaňrylarsyňam welin, hiç kimi görmersiň, diňe haýsydyr bir mülkdar daýhan aýaly bilen dermanhananyň görnüş aýnasyndaky iç ýuwmak üçin serişdeleri synlan bolup durandyr ýa-da iki sany agajet daýhan aýaly sypal başgaplaryny güjeňläp iki tekerli paýtunjykda oturandyrlar.
Haýsydyr bir arryklygyndan ýaňa hatda geýiminiň daşyndanam süňkleri somalyşyp bildirip duran nätanyş adam bolsa bir gezek bize dikanlap seretdi-de, düýbünden düşnüksiz sözleri suňşuryp goýberdi:
-Biziň okrugymyzy dolandyrýanlar üçin hatda hemmeleri zorlap çyksaňam gara şaýy azary ýok, munuň üçin olar hatda gaşynmazlar hem.
Ine şol sözler sebäpli-de Attikusa öňden bäri bermek isläp ýören sowalym ýadyma düşdi. Şol gün agşam hem men ondan soradym.
-Zorlamak diýmek näme?
Attikus gazetiň aňyrsyndan kellesini çykardy. Ol penjiräniň öňündäki kürsüde otyrdy. Soňky döwür

biz ulalymyz bäri Jim ikimiz öz ýanymyzdan oňa agşamlyk naharyndan soň ýarym sagatlap azar bermezlik barada keremli netijä geldik, goý biraz dynç alsyn.
Attikus uludan demini aldy-da: “zorlamak – bu aýal maşgalany onuň öz islegi bolmazdan güýç ulanyp beden taýdan ulanmakdyr” diýdi.
-Bary hem şujagazmy? Onda näme men Kelpurniýadan bu barada soranymda ol maňa jogap bermejek bolup sapalak atdy?
Attikus maňa üns bilen seretdi.
-Sen näme hakda aýdýarsyň-a?
-Neme-le, biz ybadathanadan gaýdyp gelýärkäk men Kelpurniýadan ýaňky sözüň manysyny soradym, ol bolsa senden sora diýdi, menem şeýle etmegi undupdyryn, ine häzir bolsa soradym.
Attikus gazetini dyzynyň üstünde goýdy-da:
-Hany ýene-de bir gezek düşündirsene-diýdi.
Onsoň men oňa Kelpurniýa bilen ybadathana gidişimizi gürrüň berdim. Meniň pikirimçe bu Attikusa örän ýarady öýdýän, ýöne Aleksandra ejem şoňa çenli öz künjünde parahatlyk bilen tikin-çatynyna güýmenip otyrdy, emma meniň gürrüňimi eşiden dessine işini bir gyra goýdy-da, gözlerini tegeläp bize seredip ugrady.
-Diýmek onda, şol ýekşenbe güni siz Kelpurniýa bilen bilelikde mynajathanadan gelýär ekeniňiz-dä?
Jim:
-Hawa, hanym,-diýdi:-Ol bizi ýany bilen alyp gitdi.
Şol wagt men ýene-de käbir zatlary ýadyma saldym.
-Hawa, hanym, onsoňam Kelpurniýa ýene-de maňa haçanam bolsa bir gün meni öz öýüne myhmançylyga çagyrdy. Attikus, men olara gelýän ýekşenbede gidäýeýin-le, bolýarmy? Kel maňa eger-de sen bir ýere gitmeli bolsaň onuň özi meniň yzymdan geljekdigini aýtdy.
-Bu hiç haçan bolmaz!
Bu zarply jümläni Aleksandra ejem diýipdi. Men oslagsyzlykdan ýaňa hatda tisginip gitdim, çaltlyk bilen oňa tarap öwrüldim, soňra ýene-de Attikusa tarap seredenimde onuň nädip ejekeme nämedir bir zatlar diýmek isleýän ýaly ümlänini gördüm, emma eýýäm giçdi, men nädip gaýtargy berenimi duýman galdym:
-Men muny sizden soramadym!
Attikus örän uludy, emma kürsüsinden şeýlebir çalt böküp turýan ekeni welin, edil ýöne haýran galaýmaly. Men gözümi ýeke sapar gyrpýançam ýaňyja-da kürsüde oturan Attikus eýýäm äpet bolup örboýuna galyp üstüme abanyp durdy.
Ol:
-Ejekeňden ötünç sora!-diýdi.
-Men ondan rugsat soramadym ahyry, men senden soradym-a…
Attikus kellesini çala gyşartdy-da, abat gözi bilen maňa şeýlebir seretdi welin, hatda meniň aýaklarym hem jaýyň astyna ýelmeşip galaýdylar. Kakam rehim-şepagatsyz ses bilen:
-Ilkinji nobatda ejekeňden ötünç sora!-diýdi.
-Meni bagyşlaň, Aleksandra eje!-diýip men eşidiler-eşidilmez hümürdedim.
Attikus:
-Onsoňam,-diýdi:-Şu gezek we mundan beýlägem hemişelik berk belle, sen Kelpurniýa gulak asmaly, sen maňa gulak asmaly, şeýle-de bizde ýaşaýan döwründe sen ejekeňe-de gulak asmaly. Düşündiňmi?
Men düşünipdim, şonuň üçinem men ýeke pursatlyk pikirlenip durdum-da, bu ýerden mundan has beter masgara bolman garamy saýlamagyň ýeke-täk usulyny tapdym, jyňkymy çykarman hajathana garşy ýeňsämi el ýaly etdim. Ol ýerdenem wagty bilen çykmadym, goý olar maňa hakykatdanam şol ýere gitmek zerur bolandyrlar öýtsünler. Haçan-da ahbetin yzyma garşy dähedem-dessemläp ugranymda bolsa däliziň ugrundan barşyma myhman otagynda sene-mene edilýändigini eşitdim, özem şeýlebir gaty welin, edil ýöne hoşuňa geläýsin. Çala açyk gapynyň ýaşyndan uzyn kürsi görünýärdi, onda Jim otyrdy. Ol futbol žurnaly bilen ýüzüni ýapyp kellesini saga-çepe şeýlebir çalt aýlaýardy welin, göwnüňe bolmasa onuň okaýan sahypalaryna gözeilmez çaltlykda tennis oýnaýan ýalydylar.
-Sen onuň bilen näme-de bolsa bir zatlar etmeli,-diýip ejekem aýdýardy:-Sen örän uzak wagtlap ähli zady özbaşyna goýberdiň, Attikus, örän uzak wagtlap.
-Ony ol ýere goýbermek bolar, bu ýerde men hiç hili betbagtlyk görmeýärin. Kel ol ýerde oňa bärdäkisinden gowy bolmasa erbet seretmez.
Olaryň “ol” diýýänleri kimkä, olar kim barada gepleşýärkäler? Meniň ýüregim böküp agzymdan çykaýjak boldy: men barada! Men eýýäm gaty bägülreňk matanyň endamymy daraw-daraw edýändigini duýup gitdim, men öň bir gezek görüpdim, şeýle köýnekleri düzediş öýünde saklanýan gyzjagazlara geýdirýärdiler. Bada-badam men öz ömrümde ikinji gezek oýlandym – bärden

bahymrak gaçmaly, başyňy gutarmaly, ýogsa bägülreňk nah matadan köýnek geýdiriljekdigiň ikuçsyz! Dem salym hem säginmeli däl!
-Attikus, seniň ýukaýürekli hem-de ýumşak häsiýetli adamdygyň örän gowy zat, ýöne sen öz gyzyň barada pikirlenmeli. Ol eýýäm ýetişip gelýär.
-Hut gyzym barada-da oýlanýaryn-da.
-Bu çözgütden sowlup geçip gitjek bolma. Ir-u-giç şeýle netijä gelmeli bolarsyň, onsoň näme üçin şu bu meseläni çöp döwen ýaly etmeli dälmişiň? Ol indiden beýläk bize gerek däl.
Attikus reňksiz, deňagramly äheňde jogap gaýtardy:
-Kelpurniýa tä özi isleýänçä biziň öýümizden gitmez. Sen başga pikirde bolup bilersiň, Aleksandra, ýöne onsuz men şunça ýyllap bu hojalygy dolandyrmagyň hötdesinden gelip bilmezdim. Ol biziň maşgalamyzyň wepaly agzasy, senem bar bolan bu ýagdaý bilen oňuşmaly bolarsyň. Onsoňam, uýam, men seniň biz zerarly garabaşyňagaý bolup, elden-aýakdan çykyp ýörmegiňi islemeýärin, munuň üçin hiç hili sebäp ýok. Biz häzirem Kelpurniýasyz oňup bilmeris.
-Ýöne, Attikus…
-Onsoňam men onuň berýän terbiýesi çagalar nähili-de bolsa birhili zelel ýetirýändir öýdüp düýbünden pikir etmeýärin. Ol olara öz ejelerindenem beter talapkär çemeleşýär…Ol hiç wagt olary adatça garaýagyz enekeleriň edişi ýaly ugruna kowup läliksiretmändi. Ol hemişe-de olary öz başarnygyna hem güýç-gaýratyna laýyklykda terbiýelemäge çytraşypdy, onuň bu ugurdan başarnygy bolsa beýlebir erbedem däl…onsoňam ýene-de bir zat, çagalar ony söýýärler.
Men uludan bir demimi aldym. Olar asyl men barada däl-de Kelpurniýa barada dawalaşýan ekenler. Rahatlanyp men myhman otagyna dolanyp bardym. Attikus ýüzüni gazetiň aňyrsynda gizledi, Aleksandra ejem bolsa tikin-çatynyna sütem etmegini güýçlendirdi. Şyt, şyt, şyt…Iňňe tegelege berk dartylan matany batly ses bilen deşýärdi. Aleksandra ejem ýeke pursatlyk sägindi-de matany has mäkäm çekdirdi. Ýene-de şyt, şyt, şyt…Ejekem gahar-gazapdan ýaňa ýarylaýjak bolýardy.
Jim ýerinden turdy-da halynyň her ýerinden bir basyp meniň öňümden çykdy. Meniň yzyna düşmegimi ümläp baş atdy. Meni yzyna düşürip öz otagyna eltdi-de işigi ýapdy. Onuň ýüz-keşbi çynlakaýlykdan dolup durdy.
-Olar sögüşdiler, Gözlüje.
Şol mahallar biz Jim bilen ýygy-ýygydan sögüşýärdik, ýöne Attikusyň kimdir biri bilen sögüşendigini welin, men hiç haçan görmändimem, eşitmändimem. Beýle adatdan daşary hadysa syn etmek oňaýsyzdy hem howsalalydy.
-Ejekemiziň gaharyny getirmejek bol, Gözlüje, eşidýäňmi?
Attikus käýýäninden soň henizem meniň içimi it ýyrtyp gelýärdi, üstesine-de men Jimiň äheňinde özümden haýyş edilýändigini eşitmedim. Muňa meniň janym dagy ýanaýdy. Edil gyzma kirpijik ýaly bolanja tikenlerimi syh-syh etdim:
-Belki indi senem maňa akyl berip ugrarsyň?
-Ýok-la, men diňe…şu mahallar onuň bar-a bizsizem aladasy-derdi ýetik.
-O nähili?
Men Attikusyň beýlebir agyr gaýgy-aladasynyň bardygyny asla görmeýärdim.
-Tom Robinsonyň şol işi zerarly ol halys öz etini özi iýýär…
Men Attikusyň hiç haçan hiç bir zat üçin öz etini özüniň iýmeýändigini aýtdym. Kazyýetde seljerilýän işler sebäpli bolsa, biziň özümde bary-ýogy ýekeje gün birahatlyk ýüze çykýar, soňam ol yzsyz-tozsuz geçip gidýär.
Jim:
-Diňe sen ähli zady örän tiz unudýarsyň,-diýdi:-Ulularda bolsa başgaça, biz…
Öňem aýdyşym ýaly, ol soňky döwür çekip-çydap bolmajak derejede temegini şeýlebir dik göge tutup ugrady welin, edil ýöne içiň-bagryň tütäberýärdi. Hiç kimi hasaba alman, hemişe kitaplaryna gümra bolup ýeke özi nirelerdedir bir ýerlerde aýlanjyrap ýörýär. Dogry, elbetde öňküsi ýaly onuň kitaplary okap bolanyndan soň maňa geçýärdi, ýöne öň ol maňa kitaplaryny berende olary okamak maňa-da gyzyklydyr öýdüp pikir edýärdi, indi bolsa ol meni terbiýelemäge we maňa akyl bermäge çalyşýardy ahyry!
-Goý meni şu duranja ýerimde ýer hopsun, Jim! Sen bu özüňi nämedirin öýdýärsiň-ä?
-Ýeri, ýeri! Ine meniň ahyrky sözüm, Gözlüje, men saňa çynym bilen aýdýan, eger-de sen ejekemiziň gaharyny getirseň men…men seni ýenjerin.
Ine şu ýerde-de men ýaryldym:
-Wah sen al kakmyş mofroditjik! Men häzir seniň kelläňi gopararyn!
Jim ýatyş sekisiniň üstünde otyrdy, şonuň üçinem men aňsatlyk bilen onuň alyn saçyndan penjeledim-de ýumrugym bilen dişiniň üstüne hütüledip goýberdim. Ol hem dek durmady, ýaňagyma şarpyldadyp goýberdi, oňa çenli men çep elimi-de salgadym, şol pille-de ol ýumrugy bilen garnyma hürsekledi welin, men zyňlyp gitdim-de şarpyldap ýerde süýndüm. Jimiň urgusyndan ýaňa meniň tas

demim içimde gapyşypdy, ýöne bu hiçdi, esasy zat ol meniň bilen uruşýardy, maňa gaýtargy berýärdi! Diýmek, onda Jim hem uly adam däl-de, biz häzirem deň bolýarys-da!
-Ä-hä! Özüň-ä özüňe “uly adam” diýen bolýarsyň, özüňem meniň bilen uruşýarsyňmy?-diýip men çirkin sesim bilen gygyrdym-da, ýene-de onuň üstüne topuldym.
Ol henizem ýatyş sekisiniň üstünde otyrdy, meniň aýagymy diräre ýerim ýokdy şol zerarly-da men güýjümde baryny edip onuň üstüne bökdüm-de onuň çem gelen ýerine urup, çekip, çümmükläp, elime ilen zat bilen ony ýençmäge başladym. Arassa ýumruk göreşi adaty üteleşmä ýazdy. Attikus girip, bizi aralaşdyrmaga başlanynda-da biz tüýtmeleşip ýatyrdyk.
Ol:
-Besdir,-diýdi:-Ikiňem düşegiňize geçiň bejit boluň.
-Wä-ä!-edip men Jime dilimi çykardym, ony hem meniň bilen bir wagtda ýatmaga ugradýardylar.
-Kim başlady?-diýip Attikus argyn boýunalyklyk bilen sorady.
-Ählisi Jimden. Ol maňa akyl satyp ugrady. Näme indi men oňa-da gulak asmalymy?
Attikus ýylgyrdy.
-Gel, şeýle gepleşeli, Jim seni her gezek özüne gulak asmaga mejbur etmegiň hötdesinden gelende sen oňa gulak asarsyň. Bu adalatlymy?
Aleksandra ejem bize sessiz-üýnsüz seredip durdy, ýöne haçan-da Attikus ikisi dälize çykanlaryndan onuň sözleri üzlem-saplam eşidildi:
-…men saňa aýtdym ahyry, ine saňa ýene-de bir mysal…
Şundan soň Jim ikimiz ýene-de öňkümiz ýaly ylalaşdyk.
Bizi otaglarymyz ýanaşyk durdy. Men otagymyň gapysyny açanymda Jim:
-Gijäň rahat bolsun, Gözlüje!-diýdi.
-Gijäň rahat bolsun!-diýip hümürdedim-de men çyra ýakylýany sermeläp gözläp ugradym.
Öz ýatýan sekimiň gyrasynda men nähilidir bir ýyly, maýyşgak hem ýylmanak zadyň üstünden basdym. Ol az-owlak gaty rezine hem meňzemän durmaýardy, özi-de meniň göwnüme bolmasa janly ýalydy. Men onuň gymyldaýandygyny duýdum.
Men çyrany ýakdym-da sekiniň gapdalyna, ýere seretdim. Ol ýerde eýýäm hiç zat ýokdy. Men çykdym-da Jimiň gapysyny kakdym.
-Saňa näme gerek?-diýip ol sorady.
-Elläp görseň ýylanlar nähili bolýar?
-Gaty bolýarlar. Üstesine-de sowuk hem tozanly. A saňa näme?
-Göwnüme bolmasa biri meniň sekimiň aşagyna giren ýaly. Belki sen seredip görersiň?
-Sen näme oýun edýärsiňmi?-diýip gapysyny açdy. Ol ýatanda geýýän jalbaryndady. Agzy hem güp ýaly çişdi. Diýseň-diýmeseň men ony ykjamja ýelmäpdirin-ow, edil ýöne hoşuňa geläýsin! Ol meniň çynymy aýdýanyma dessine düşündi:-Eger-de sen meni ýylanyň ýanyna burnumy sokaryn diýip pikir edýän bolsaň, onda örän ýalňyşýarsyň. Hany biraz garaş.
Ol aşhana ylgap gitdi-de, düşektaýagy alyp gelip:
-Hany sekiniň üstüne mün bakaly,-diýdi.
-Sen hakykatdanam ol ýerde ýylan bardyr öýdýärsiňmi?-diýip men soradym.
Gör nähili geň waka! Biziň jaýlarymyzda ýerzemin ýokdy, olaryň ähli ýerden birnäçe fut belentlikde daşdan sütünleriň üstünde durdylar, şoňa görä-de ýylanlar käwagt öýe girýänem bolsalar, beýle zat setanda-seýranda bir gezek bolýardy. Her gün irden bir bulgurjyk arassa şerap içýän hanym Reýçel Heýwerford hem özüni aklamak üçin öň başyndan geçiren gorkusyndan hiç aýňalyp bilmeýändigini aýdýardy, bir wagt bir gezek ol öz ýatylýan otagynda içki geýimlerini goýýan tekjesini açyp, haladyny asmakçy bolanda, ýuwmaklyk üçin aýrylyp goýlan geýim-gejimleriň üstünde tegelenip ýatan ýylany görenmiş!
Jim barlap görmek üçin düşektaýagyny ýatyş sekisiniň astyna galgadyp goýberdi. Men aşak eglip, ýylanyň süýrenip çykyşyny görmekçi boldum. Emma ýylan çykmady. Jim düşektaýagyny has aňyrraga uzatdy.
Ýatyş sekisiniň aşagyndan hyňranma eşidildi.
-Näme ýylanlar hyňranýarammy?-diýip men soradym.
Jim:
-Bu ýylan däl,-diýdi:-Bu adam.
Birdenem ýatyş sekisiniň aşagyndan nähilidir bir garagäz bolan düwünçek zyňlyp gitdi.
Oslagsyzlykdan ýaňa Jim düşektaýagyny galdyryp, tasdanam Dilliň kellesine ýelmeýärdi.
-Eý Hudaý jan-eý!-diýip Jim hormat bilen pyşyrdady.
Dill zordan ýatyş sekisiniň aşagyndan çykdy. Onuň ol ýere sygşy düşnüksiz. Ol aýaküstüne galdy, eginlerini ýazdy-da, ýerinden çykan bolaýmasyn diýýän ýaly injiklerini oýnaşdyrdy, boýnuny owkalady. Ahbetin onuň gurşan aýaklaryna we ellerine gan aýlanyp başlan bolara çemeli, ol ýeňillik bilen dem aldy-da:

-Salam!-diýdi.
Jim ýene-de Perwerdigäri çagyrdy. Meniň bolsa haýran galmakdan ýaňa dilim lal açana döndi.
Dill:
-Häzir ölýän,-diýdi:-Bokurdakdan ötürere bir zadyňyz ýokmy?
Men edil alasarmyk düýş görýän ýaly aşhana gidip, agşamlyk nahardan galan mekgejöwen kökesiniň ýarsyny hem-de süýt getirdim. Dill olary göz açyp-ýumasy salymda lak-luk atdy, ol nahar iýende edil öňküleri ýaly alyn dişleri bilen çeýneýärdi.
Birhaýukdan soň maňa geplemek ukyby gaýdyp geldi.
-Sen bu ýere nädip düşdüň?
Dill biraz ýürekselik edindi-de gürrüň berip başlady. Onuň täze kakasy ony ilkibaşdan halamanmyş we ony ýerzeminde temmeläp, (Meridianda ähli jaýlaryň ýerzemini barmyş) açlykdan ölüme sezewar etmegi ýüregine düwenmiş, ýöne ony şol wagt öýleriniň deňinden geçip barýarka onuň kömege çagyrýan sesini eşiden daýhan gizlinlikde halas edenmiş, şol rehimdar adam oňa howa girýän ötükden ýerzemine ýekeje-ýekeje kösükden tutuş bir halta nohudy geçirenmiş, Dill bolsa çig nohut bilen iýmitlenip, soňabaka assa-ýuwaşdan diwardan zynjyryň berkidilen halkasyny çekip-çekip çykaryp, erkinlige gaçanmyş. Soňra ol elleri gandally şäherden daşyna gaçanmyş we iki mil dagy pyýada ýöränmiş, şol barmaşa-da ýolda kiçijik sergezdan haýwanat bagyna sataşanmyş, bada-badam ony şol ýere düýe ýuwmak üçin hakyna tutanmyşlar. Şol haýwanat bagy bilenem ol tutuş Missisipi ştatynda entänmiş, ahbetinem hatasyz duýgusy oňa özleriniň Alabama ştatynyň Ebbot okrugyna gelendiklerini, Meýkomb şäherine barmak üçinem oňa bary-ýogy derýadan ýüzüp geçmegiň gerekdigini duýduranmyş. Ýoluň galan bölegini bolsa ol pyýada geçenmiş.
-Sen bu ýere nädip düşdüň?-diýip Jim sorady.
Ol ejesiniň gapjygyndan rugsatsyz on üç dollar alypdyr, Meridianda sagat dokuzdaky otla münübem Meýkomb demirýol menzilinde düşüpdir. Demirýol menzilinden Meýkomba çenli bolan on dört miliň on-on bir milini pyýada geçipdir, özem uly ýoluň ugry bilen däl-de ot-çöplere bukulyp, çarkandaklykdan ýöräpdir, sebäbi birdenkä özüni polisiýa gözleýän bolaýmasyn diýip howatyr edipdir. Ýoluň galan bölegini bolsa üsti pagta ýükli ýük ulagynyň yzyndan aslyşyp geçipdir. Meniň ýatyş sekimiň aşagynda bolsa ol tas iki sagada golaý wagtlap ýatypdyr, şol ýatyşyna-da biziň agşamlyk nahar iýşimizi eşidip, gap-gaçlaryň şakyrdysyndan ýaňa açlygyndan tas aňkasy aşan ekeni. Ol Jim ikimiz hiç haçan ýatmak üçin ýerimize geçmeris öýdüp pikir edipdir. Ol hatda bukusyndan çykyp maňa Jimi ýençmäge kömek etmegi hem niýet edinipdir, sebäbi Jim menden göz-görtele uly hem-de boýy uzyn ahyry, ýöne onuň üçin jenap Finçiň olary, ýagny bizi aralaşdyrmaga geljekdigi süýde sereden ýaly düşnükli ekeni, şonuň üçinem ol gizlenen ýerinden çykmandyr. Ol aýylganç derejede ýadaw, göz öňüne getirip bolmajak dereje kirli ekeni, özi-de indi ahbetin özüni öýünde duýýan ekeni.
Jim:
-Ýakynlaryň bolsa elbetde seniň bärdedigiňi bilýän däldirler,-diýdi:-Eger-de seni gözleýän bolsalar biz muny eýýäm bilerdik…
-Olar megerem, meni Meridianda ähli kino görkezilýän ýerlerden hazier çenli-de agtaryp ýörendirler-diýip Dill ýyrşardy.
Jim:
-Ejeňe özüň nirededigiňi hökman habar ber,-diýdi:-Oňa seniň bärdedigiňi bilmek gerek…
Dill çaltlyk bilen oňa tarap dikanlady welin, Jim gabaklaryny aşak sallady. Soňra ýerinden turdy-da, biziň çagalykda mukaddeslik derejesinde berjaý edýän ar-namyslylygyň iň soňky kanunyny bozdy. Ol otagdan çykdy.
-Attikus!-diýip dälizden onuň sesi eşidildi:-sen ýekeje pursatlyk bärik gelip bilmersiňmi?
Dilliň çaň-kirşenden hem-de derden ýaňa çyr-çyrşak ýüzi üç ýuwlan ak esgä döndi. Meniň bolsa aňrym-bärime geldi. Bosagada Attikus peýda boldy.
Ol otagyň ortarasyna geçdi, ellerem kisesinde, togtady, Dille ýokarda aşaklyga seretdi.
Oňa çenli men özümi dürsedim, maňa geplemek ukyby gaýdyp geldi.
-Bu hiç, Dill. Eger-de ol sen babatda haýsy-da bolsa bir netijä gelse ol muny saňa gypynçsyz aýdar.
Dill jyňkyny çykarman maňa garady. Men:
-Hawa, hawa, bu hiç,-diýdim:-Sen bilýärsiň ahyry, Attikus saňa erjeşip durmaz, ondan gorkmagyň geregi ýok.
-Men gorkmaýarynam-diýip Dill myňňyldady.
-Jedel edýän, sen aç bolmaly,-diýip Attikus hemişekisi ýaly guraksy ýöne mylaýym gepledi:-Näme bizde sowuk mekgejöwen kökesinden başga has gowurak zat tapylmadymy, Gözlüje? Hany bu batyr ýigdi doýa garna doýur, soň men gelerin, onsoň biz görübereris.
-Jenap Finç, Reýçel daýzama hiç zat aýtmaň haýyş edýän, meni yzyma ugratmaň, gaýrat ediň jenap! Men ýene-de gaçaryn!...

Attikus:
-Ýuwaş, ýuwaş, oglum,-diýdi:-Seni tizräk düşege bolaýmasa hiç kim başga hiç ýere ugratmaz. Men diňe giderin-de hanym Reýçele seniň bärdedigiňi aýdaryn we seniň gije bizde galmagyňa rugsat soraryn, sen muňa garşy dälsiň-ä, şeýlemi? Onsoňam haýyş edýän, bize rehimiň insin, okrugyň çägine degişli topragyň iň bolmanda az-owlak bölegini bir degişliligi boýunça yzyna gaýtarsana, ýogsa topragyň şorlap zaýalanmagy sensizem hakyky betbagtçylyga öwrülip barýar.
Dill agzyny öweldip onuň yzyndan garap galdy.
-Bu diýdigi onuň degişdigi,-diýip men oňa düşündirdim:-Ol şeýle diýmek bilen saňa: “suwa düşünäýseň erbet bolmaýjak ýaly” diýmekçi bolýar. Görýäňmi, men saňa aýtdym ahyry ol saňa azar berip durmaz diýip.
Jim bir künçde müýnli hem ümsüm ýagdaýda durdy. Oňa geregem şol, dönük!
-Men oňa aýtman bilmedim, Dill,-diýip ol eşidiler-eşidilmez hümürdedi:-Üç ýüz mil daşlyga gaçyp, ejeňem bu barada hiç zat bilmese gowy däl ahyry.
Biz oňa kelam agyz jogap bermän otagdan çykdyk.
Soňra Dill iýdi oturdy, iýdi oturdy…Düýn agşamdan bäri onuň agzyna çöregiň owuntygy-da degmändir. Ol özüniň ähli puluna petek satyn alyp otla münüpdir (ýeri gelende, aýtsa ol otla öňem nijeme gezek münüp görüpdir), soňam ýolda ýolbelet bile nap-arkaýynja lakgyldaşyp oturypdyr (sebäbi ýolbelet ony öňden bäri tanaýan ekeni), ýöne onuň çagalar üçin hereket edýän düzgünden peýdalanmaga bogny ysmandyr. Ol düzgüne laýyklykda bolsa haçan-da çagalar alysa ýeke özleri barýan bolsa ýa-da eger-de sen ýeke özüň otla müneniňden soň puluňy ýitirseň ýolbelet saňa naharyň puluny bermelimiş, otludan düşeniňde bolsa kakaň şol ýolbelede gaýtaryp bermelimiş.
Dill biziň agşamlyk naharymyzdan galan ähli zady ýalmady, soňra gaýnadylan noýbanyň gutusyny almak üçin tekjä kellesini sokdy, şol pille-de daşky otagdan hanym Reýçeliň sesi eşidildi:
-Eý Hudaý jan-eý!
Dill duzaga düşen towşan ýaly galdyrap ugrady. Ol: “Hany garaş bakaly, ine seni bir öýňüze alyp giderin welin! Ene-atań tolgunyp, alada edip aklyndan azaşaýjak bolýar!” diýip gök gümmürdeýärkä mertlik bilen çekip-çydady, soňra: “Bu hereketiň bar-a, sendäki Harrisleriň gany zerarly bolmaly!” diýlenini boýunalykly bilen diňledi, soňra: “Ýeri bolýar-da, hany şu gün bir şu ýerde ýatsaň ýataý, Dill!” diýlenine göwnühoş ýylgyrdy, ahbetin ony gujaklap öpmäge mynasyp görleninde bolsa ol hem edil şonuň ýaly hereket bilen jogap berdi.
Attikus äýnegini maňlaýyna süýsürdi-de, aýasy bilen ýüzüni ykjam owkalady.
-Siziň kakaňyz ýadady-diýip Aleksandra ejem dil ýardy (göwnüme bolmasa ol tutuş bir asyrlap ýekeje agzam geplemedik ýalydy. Ol hälden bäri-de şu ýerdedi, ýöne megerem geň galmakdan ýaňa lam-jim bolan bolara çemeli):-Siziň ýatar wagtyňyz boldy, çagalar!
Biz otagymyza gaýtdyk, olar bolsa aşhanada galdylar. Biz gidip barýarkagam Attikus elýaglygy bilen ýaňaklaryny hem-de maňlaýyny süpürip otyrdy.
-Zorluk, uruşlar, gaçgaklar,-diýip biz ýöräp barşymyza kakamyň gülýän sesini eşitdik:-Şu gidişine gitse ýene-de bir sagatdan gör bize nämeler garaşýar…
Görýän welin ähli zat garaşyşymyzdan hem gowy boldy öýdýän, şonuň üçinem Dill ikimiz öz ýanymyzdan Jim bilen sypaýyçylygy saklamaly diýen netijä geldik. Onsoňam Dill onuň otagynda ýatmaly boljakdy ahyry, şol sebäpli-de onuň bilen ymykly jetleşigi yglan etmek gerek dälmikä diýdik.
Men ýatanymda geýýän eşigimi geýdim, soňra biraz kitap okadym, birden meniň gözlerim öz-özünden ýumlup barýana dönäýdi. Dill bilen Jimiň sesi eşidilmeýärdi, men tekjede duran çyramy öçürdim welin, Jimiň gapysynyň aşagyndaky yşdanam yşyk zolagynyň görünmeýändigini gördüm.
Men megerem örän uzak wagtlap uklap ýatan bolmaly, sebäbi haçan-da meniň böwrüme hürseklänlerinde otagymdaky ähli zady ýaşyp barýan aýyň şöhleleri çala ýagtyldýardylar.
-Süýşsene, Gözlüje.
-Ol özi sen barada aýtman bilmez öýdüp pikir eden ekeni-diýip men hümürdedim:-Şonuň üçinem sen oňa gaharlanmaweri.
Dill meniň ýorganyma girdi:
-Men gaharlanmaýaryn-diýdi:-Men ýöne, şu ýerde seniň ýanyňda ýatmak isleýärin. Sen oýandyňmy?
Oňa çenli men azyndan ýarpy-ýalta-ha oýanmaga ýetişipdim.
-Sen muny näme üçin beýtdiň?-diýip men ýaltalyk bilen soradym.
Hiç-hili jogap bolmady.
-Men aýdýan, sen näme üçin öýňüzden gaçyp gaýtdyň? Näme ol hakykatdanam şeýle zalymmy?
-Ýo-o-k!
-A seniň ýadyňa düşýärmi, sen özüňiziň gaýyk ýasamakçy bolýandygyňyz barada ýazypdyň? Ýasadyňyzmy?
-Hiç zadam ýasamadyk. Ol diňe wada berdi-de goýaýdy.
Men tirsegime galdym-da, alagaraňkylykda Dille seretdim.

-Şujagaz zat öýüňden gaçanyňa degmeýär. Ulular hemişe-de köp zatlary söz berselerem, köplenç beren sözlerinde tapylmaýarlar…
-Ýok-la, men onuň üçinem däl-le…ýöne…ýöne olaryň maňa ellerem degmeýän ýaly.
Men öýüňden şunuň ýaly üýtgeşik bahana zerarly gaçylýandygyny hiç haçanam eşitmändim.
-O nähili?
-Äý, olar elmydama nirädir bir ýerlere gidýärler, haçan-da öýe dolanyp gelenlerinde bolsa öz otaglaryna diňe ýeke özleri oturýarlar.
-Ýeri onsoň, olar ol ýerde näme işleýärler?
-Äý hiç-le, ýöne boş oturýarlar ýa-da kitap okaýarlar…Men bolsa olara düýbünden geregem däl.
Men ýassygymy ýatyş sekisiniň arkasyna diredim-de dik oturdym.
-Bilýäňmi näme, Dill? Şu gün meniň özümem öýmüzden gaçmak isledim, sebäbi biziňkileriň hemmesi şu ýere jemlenipdi. Ýogsa olar bize elmydama geregem däl welin…
Dill ýadawlyk bilen uludan demini aldy.
-Gijäň rahat bolsun…a bilýäňmi, Attikus uzakly günläp öýde bolmaýar, agşamlaryna-da ol köplenç ol ýa kanunçykaryjy ýygnakda ýa-da men bilemok başga nirededir bir ýerde…olar hem bize hemişe gerek däl, Dill, eger-de olar elmydama şu ýerde bolan bolsadylar, onda bize ähli zat gadagan bolardy.
-Men onuň üçinem däl-le.
Dill düşündirip başlady, men bolsa eger-de Jim häzirkisi ýaly bolman başga hili bolan bolsa ýa-da birdenkä Attikusa meniň hemişe şu ýerde bolup, oňa kömek etmegim, oňa elmydama maslahat berip durmagym derkar bolmadyk bolsa öz durmuşymyň nähili bolmagynyň ahmaldygy barada oýlanmaga başladym. Dogrudanam eger-de hakykatdanam şeýle bolan bolsady, onda nähili bolardy? Äý ýok-la, ol mensiz ýekeje günem ýaşap bilmeýär ahyry. Hatda Kelpurniýa bar-a, şolam mensiz oňup bilmeýär. Men olara gerek.
-Dill, sen näme-de bolsa derekli zad-a aýtmaýarsyň…seniňkiler sensiz oňup bilmezler. Olar, megerem, diňe saňa gaharlanýandyrlar. Ine men saňa näme etmelidigini aýdaýyn…
Garaňkylyga beslenip oturşyna Dill hötjetlik bilen maňa jogap gaýtardy:
-Ýok, sen düşün ahyry, ine men saňa näme aýtmakçy bolýaryn: olar üçin hakykatdanam mensiz gowy, onsoňam men olara hiç zat edip kömek etmeýärin. Ol rehimsiz däl. Hatda maňa näme islesem şony-da satyn alybam berýärler. Soňra bolsa: “me, ine şuny al-da, bar, git, oýna” diýýärler. Meniň otagym eýýäm birtopar jäjek-jüýjekden dos-doly. Olardan bolsa bar eşidýäniň: “Ine saňa kitapça, bar git-de oka” Dill kimdir biriniň agzyna öýkünip, ýogyn ses bilen geplemäge çalyşýardy:-Sen nähili oglanjyg-a? Beýleki oglanjyklar seniň ýaly öýden çykman oturyp, ulularyň ýüregine-bagryna düşüp ýörmän, ylgaşýarlar, beýsbol oýnaýarlar.-diýdi-de Dill ýene-de özüniň adaty sesi bilen gepläp ugrady:-Ýok, olar zalym däl. Olar meni ogşaşdyran bolýarlar, gujaklan bolýarlar, “gijäň rahat bolsun, ertiriň haýyrly bolsun, ýene-de duşuşýançak” diýýärler, maňa hemişe meni gowy görýändiklerini aýdýarlar…Bilýäňmi Gözlüje, goý ikimiziň öz bäbegimiz bolsun.
-A ony nireden almaly?
Dill özüniň eşitmişine görä, nirededir bir bir adamyň bardygyny, onuňam gaýygynyň bardygyny, onsoň onuň şol gaýygy bilen küreklāp ýüzüp haýsydyr bir ada gidýändigini, ol adanyň hem mydama ümür-dumana beslenip durandygyny we ol ýerde näçe isledigiňçe kiçijik bäbejikleriň bardygyny, onsoň şoňa özlerine-de bir bäbejigi getirip bermegi sargyt etseň boljakdygyny aýtdy.
-Ine-de sen ýalan sözlediň. Ejekem bäbekleri Hudaý janyň gös-göni pejiň tüsseçykaryndan içerik oklap goýberýändigini aýtdy. Hawa, hawa, hut şeýle diýibem aýtdy.
(Dogrusy şol gezek ejekem edähetiniň tersine birhili bulam-bujarrak jogap gaýtarypdy).
-Ýok, bu zatlaryň barysy nädogry. Çagany adamlar biri-birlerinden doguryarlar. Ýöne bäbegi gaýykly adamdan hem alsaň bolman durmaýar…sebäbi onuň adasynda olar isledigiňçe köp ahyry, ýöne olary oýarmak gerekmiş, ol gaýykçy bolsa üfläp goýberýärmiş welin, bäbekleriň barysyna jan girýärmiş…
Dill ýene-de ham-hyýallarynyň gujagyna özüni oklady. Ol hemişe nähilidir bir adatdan daşary täsin zatlary oýlap tapýardy. Men bir kitaby okaýançam ol ikisini okamaga ýetişýärdi, ýöne barybir ähli zatdan beter özi nähilidir birhili geň-enaýy wakalary toslamagy halaýardy. Ol hasaplanda edil ýyldyrym çaltlygynda hasaplaýardy, mysallary, meseleleri, deňlemeleri aňsatlyk bilen çözýärdi, ýöne ähli zatdan beter özüniň ümürli hyýalbentlige gaplanan dünýäsini söýýärdi, onuň dünýäsinde bolsa bäbejikler uklap ýatyşlaryna özlerini edil säher bilen gül ýygylyşy ýaly ýygylmaklaryna garaşyp ýatýardylar. Şol ýatyşymyza ol şol gepledi ýatdy, gepledi ýatdy, ahbetin meni-de, öz-özüni-de gepi-gürrüňi bilen şeýlebir hüwdüledi welin, soňabaka meniň gözüme ümür-duman gabsan ümsüm ada görnüp ugrady, birdenem gözümiň öňünde reňki gopan gyňyr gapyly tukat öýüň bulaşyk salgymy görnüp giden ýaly boldy.
-Dill?

-Hm-m?
-Seniň pikiriňçe näme üçin Betnyşan Redli şu güne çenli öz öýlerinden gaçyp gitmedikä?
Dill uzyn dem aldy-da, böwrüne dönüp, ukuly jogap gaýtardy:
-Belki-de onuň gaçyp gitmäge ýeri hem ýokdur…

xxxxx

Örän köp jaň edildi, jenaýatçynyň arkasyny alyp gaty köp çykyşlar edildi, soňra bolsa onuň ejesinden onuň bagyşlanylýandygy aýdylan uzyn hat geldi we ahbetinem Dill bärde galjakdygy belli boldy. Şondan soň bir hepdeläp dagy biz asuda ýaşadyk. Emma ondan soň welin, biz rahatlygyň nämedigini unutdyk. Ähli zat edil gara basmaly düýşdäkä döndi.
Ol aýylgançlyklaryň hemmesi bir gezek, agşam naharyndan soň başlandy. Şol gün Dill heniz bizdedi, Aleksandra ejem bir burçda kürsüniň üstünde otyrdy, Attikusam öz künjündedi, Jim ikimiz ýerde süýnüp kitap okap ýatyrdyk. Öň aýdyşym ýaly, hepde örän parahat geçipdi, men ilgeziklik bilen ejekeme gulak asypdym, Jim bolsa biziň çynardaky öýjagazymyz üçin biçak läheň bolup ýetişenem bolsa, Dill ikimize täze ýüp merdiwany ýasamaga kömekleşipdi, Dill Betnyşan Redlini hile bilen öýünden çykarmagyň we şol bir wagtda-da özümiziň abat hem başbitin galmagymyzyň täze ýüz göterim üstünlikli usulyny oýlap tapypdy. Onuň usuly şundan ybaratdy: Redlileriň jaýynyň ýeňse ýüzündäki işikden tä olaryň derwezelerine çenli meýmuruş tagamly pampyza sepip çykmalydy, onsoň Betnyşanyň özi edil garynja ýaly şol pampyza zynjyrjygynyň yzyna düşüp gaýtjakmyş. Şol pille-de gapy kakyldy. Jim gapyny açmaga gitdi we dolanyp gelende jenap Gek Teýtiň gelendigini aýtdy.
Attikus:
-Onda ony içerik girmäge çagyr-da!-diýdi.
-Men eýýäm çagyrdym. Ýöne howlumyzda ýene-de birnäçe adam bar, olar seniň özüň daş çykmagyňy isleýärler.
Meýkombda ulular diňe iki ýagdaýda biriniň öýüne barsalar içerik girmän işigiň agzynda durýarlar: eger-de öýde merhum bolsa ýa-da eger-de olaryň gelmegi syýasat bilen bagly bolsa.
Men pikir etdim: „Beh, bizde kim öldükä?“ Jim ikimiz tas ondan öňürdip gapa tarap ýönelipdik, emma Attikus:
-Öýde oturyň!-diýip gygyrdy.
Jim myhman otagynyň çyrasyny öçürdi-de, burnuny penjiräniň aýnasyna ýelmedi. Aleksandra ejem garşylyk görkezmäge dyrjaşdy. Ol bolsa:
-Ýekeje pursat, ejeke-diýdi:-men diňe kimiň gelendigini göreýin.
Dill ikimiz bolsa beýleki penjireden seredip başladyk. Birtopar adamlar Attikusyň daşyna hümer bolupdyrlar. Özleri-de göwnüme bolmasa hemmesi birden, biri-birinden öňürdip gepleýän ýalydylar.
-...ertir ony okrugyň türmesine geçireris-diýip jenap Teýt aýdýardy:-Men hiç hili bolgusyzlygyň ýüze çykmagyny islemeýärin, ýöne olaryň bolmajakdygyna welin güwä geçip bilmeýärin...
Attikus:
-Samsyklamaň, Gek,-diýdi:-Biz nirededir bir itiň ölen ýerinde däl-de Meýkombda ýaşaýarys.
-...men aýdýan: „meni birhili ynjalyksyzlyk basýar“ diýýän.
Attikus:
-Gek, biz haýsydyr bir bolgusyzlyklar barada ynjalykdan gaçmak üçin kazynyň işiň seljerilişini gaýra goýmaklygyny gazanmandyk,-diýdi:-Şu gün şenbe. Kazyýet mejlisi megerem duşenbede geçiriler. Heý, siz ony birje gije şu ýerde saklap bilmersiňizmi? Megerem Meýkombda hiç kim meniň müşderiden ýüz döndermeýändigim üçin ýazgarmaz, şu döwürde gün-güzeran aýlamak üçin gazanç etmegiň kyndygyny her kim bilýär ahyry.
Hemmeler birdenkä ýitigini tapan ýaly düşnüksiz bir zada şatlanyşdylar, ýöne jenap Link Diz gepläp başlanda bada-bat ýuwaşadylar:
-Bu ýerdäkileriň-ä hiç haýsy haýsydyr bir bolgusyzlygy goparmaga taýynlanmaýar-la welin, meni şol Köne Saremli däli sergezdan alada goýýar...A siz talap edip bilmersiňizmi...ol hereket nähili atlandyrylýandyr-a, Gek?
-Işiň başga okruga geçirilmegi,-diýip jenap Teýt oňa ýardam berdi:-Ýöne häzirki ýagdaýda beýle hereketdenem netije bolmazmyka diýýän.
Attikus nämedir bir zat gepledi, emma men eşidip ýetişmedim-de Jime tarap öwrüldim. Ýöne ol maňa dil ýarmaga maý bermän: „azar berme şu mahal“ diýýän ýaly elini slagap goýberdi.
-...onsoňam,-diýip Attikus biraz sesini gataldyp dowam etdi:-siz ol ýygyndydan ýygnananlardan gorkýan dälsiňiz ahyry, dogrumy?
-...lül-gammar bolanlaryndan soň olaryň nähilidigini bilýärsiňiz ahbetin.
Attikus:

-Ýekşenbe günleri olar adatça içmeýärler-de ýarym günlerini ybadathanada geçirýärler-diýdi.
Kimdir biri:
-Ýöne bu ýagdaý olar üçin adatdan daşary ahyry-diýdi.
Olaryň ählisi hümmüldeşip, özara gepleşip ugradylar, ahbetin ejekem: „eger-de Jim myhman otagynda çyrany ýakmasa onda bu ýagdaý bütin kowum-hyşymyz üçin barypýatan wejeralyk bolar“ diýdi. Ýöne Jim ejekemi eşitmeýän ýalydy.
-...düşünemok, ilki bilen siz näme üçin bu işe baş goşduňyz, Attikus?-diýip jenap Link Diz soraýardy:-Siz bu işde ähli zadyňyzy ýitirmegiňiz ahmal. Bolanja ähli zadyňyzy.
-Siz hakykatdanam şeýle pikir edýärsiňizmi?
Haçan-da Attikus şu soragy beräýdigi – işiň gaýtdygy! Gaty hatyrjem duraýmasaň bolmaýar. „Sen şu göçümi etmegi çynyň bilen pikir edýärsiňmi, Gözlüjäm?“ Soňam, şaňk, şaňk, şaňk bolar-da tagtanyň ýüzünde ýekeje-de şaşka çöpüň galmaz. Ýa-da: „Sen çynyň bilenem şeýle oýlanýarsyňmy, ogul? Hany onda, ine şuny hem bir okap gör“ diýip goýberer. Onsoň Jim suhangöý Genri W Greýdiniň uzyndan uzak çykyşlarynyň tükeniksiz ýumagyny çözlemäge dyrjaşyp uzakly gije kösenip oturandyr.
-Diňläňsene, Link, belki-de ol ýigit elektrik oturgyjynda oturar, ýöne öňünçäsi hemmeler hakykaty bilerler-diýip Attikus parahat äheňde aýtdy:-Siz bolsa hakykaty häzirem bilýärsiňiz.
Ýaňybir kiparlan gowur täzeden örç alyp galdy. Attikus yzyna, basgançaga tarap bir ädim ätdi, emma hemmeler öňe omzap ýene-de onuň alkymyna dykyldylar, goh-galmagala bolsa birhili eýmenç öwüşgin çaýyldy.
-Attikus!-diýip birdenkä Jim gygyrdy:-Jaň gelýär!
Hemmeler oslagsyzlykdan ýaňa tisginip gitdiler-de, az-kem yza tesdiler. Biz bu adamlary her gün görýärdik, olaryň arasynda dükançylar bardy, mülkdar daýhanlaryň hem käbiri olaryň arasyndady, lukman Reýnolds we jenap Eýweri hem olar bilen durdylar.
-Jaň gelýän bolsa özüňem ony alyp bilýänsiň ahyry-diýip Attikus jogap gaýtardy.
Hemmeler gülüşdiler-de dagadylar. Attikus myhman otagyna dolandy-da çyrany ýakdy, şonda-da Jimiň penjiräniň öňünde üç ýuwlan ak esgä dönüp duw-ak bolup oturandygyny, diňe onuň burnunyň ujunyň aýna direlendigi zerarly gyzyldygyny gördi.
-Siz näme bärde beýdip garaňkyda otyrsyňyz?-diýip Attikus geň galdy.
Jim onuň nädip kürsüsine geçip oturyp, eline gazetiň agşamky sanyny alşyny synlaýardy. Kähalatlar meniň göwnüme bolmasa Attikus „Mobil rejisteriň“, „Birmingem nýusyň“ we „Montgomeri edwertaýzeriň“ sahypalarynyň aňyrsyna gizlenip öz durmuşynyň iň wajyp hadysalaryny öwrüp-çöwürýän ýalydy.
Jim Attikusyň ýanyna bardy.
-Olar seniň yzyňdan geldilermi, hawamy? Olar seniň bilen haklaşmak isledilermi?
Attikus gazetini aşak düşürdi-de, Jimi birlaý gözden geçirdi.
-Sen bu bolgusyzlyklary nireden oýlap tapdyň, haýsy kitaplardan okaşdyrdyň?-diýip sorady. Soňra bolsa juda mylaýym ses bilen üstüni ýetirdi:-Ýok, ogul, olar biziň dostlarymyz.
-Ol..olar garakçylar topary dä..dälmi?
Attikus ýylgyrman saklanjak boldy, emma başarmady.
-Ýok, biziň Meýkombymyzda gahar-gazapdan ýaňa däli-mežnun bolan mähelle we beýleki bolgusyzlyklar ýok. Onsoňam men hiç haçan biziň jelegaýlarymyzda garakçylaryň toparlarynyň çar-täwerege gan çaýkap gezenlerini eşitmändim.
-Birmahal-a ku-kluks-klan katolikleri awlamak bilen meşgullanypmyş.
Attikus:
-Men Meýkombdaky katolikler barada-da hiç haçan eşitmändim-diýdi:-Sen bu ýerde nämedir bir zatlar-a bulaşdyrýarsyň. Birmahallar, takmynan dokuz ýüz ýyigriminji ýylda bärde ku-kluks-klan bolupdyr, ýöne ol esasan syýasy gurama ekeni. Şol sebäpli-de şol döwürler ol gurama hiç kimi eýmendirip bilmändir. Bir gezek olar jenap Sem Lewiniň öýüniň öňünde närazylyk ýörişini gurapdyrlar, ýöne Sem eýwanyna çykypdyr we eger-de olar onuň özünden alan matalaryndan tikilen uzyn köýneklerinde onuň öýüniň daşyndan pyrlanýan bolsalar, megerem olaryň gün-güzerany juda pese düşen bolmaly-ow diýipdir. Şol sözleri bilenem olary şeýlebir utandyrypdyr welin, olar onuň öýüniň ýanyndan bahymrak sumat bolanlaryny kem görmändirler.
Liwileriň maşgalasy Meýkombda asylly adamlara bildirilýän ähli talaplara laýyk gelýärdiler, Liwiler öz akyllaryny hem ukyplaryny özleri üçin peýdaly ulanýardylar hem-de olaryň eýýäm bäş nesli dagy şol bir ýerde ýaşap gelýärdiler.
Attikus:
-Ku-kluks-klan öldi we indem gaýdyp hiç haçan direlmez-diýdi.
Men Dilli ugratmaga gitdim we yzyma dolanyp gelýärkäm gapynyň aňyrsyndan Attikusyň ejekeme:
-...men hemmeler bilen deň derejede Günortanyň zenanlaryna hormat goýmaga mydam taýýar, ýöne munuň üçin olaryň üstüne abanmaýan toslanyp tapylan howp hakyndaky rowaýatyň

hatyrasyna ynsanyň ömrüni pida bermek islemeýärin.
Onuň sesi şeýlebir birhilidi welin, men olar ýene-de sögüşýärler-ow diýip oýlandym.
Men Jimi gözlemäge gitdim, ol öz otagynda ekeni, nämedir bir zat barada ýatyş sekisinde çiň arkan düşüp ýatyp oýlanýardy.
-Olar sögüşdilermi?-diýip men soradym.
-Şeýle diýseňem boljak. Ejekem Tom Robinson zerarly onuň ýüregine-bagryna düşýär. Ol Attikusa: „tutuş maşgalamyzy masgaralaýarsyň“ diýene ýakyn bir zatlar diýdi. Men...men gorkýan, Gözlüje.
-Nämeden gorkýarsyň?
-Attikus üçin gorkýan. Birdenkä oňa bir zat bolaýsa näme?
Men ondan näme diýmekçi bolýandygyny soraşdyryp başladym, emma Jim ýene-de köpbilmiş keşbe girip, diňe: „tüket, ýüregime düşme“ diýip jogap bermek bilen çäklendi.
Ertesi gün bolsa ýekşenbedi. Ýekşenbe günündäki sapaklaryň hem-de mynajatyň arasynda hemmeler biraz aýaklaryny ýazmaga çykdylar welin, men howluda Attikusy gördüm, onuň daşyna birtopar adam hümer bolup durdy. Olaryň arasynda jenap Gek Teýt hem bardy. Şol sebäpli men belki-de onuň kalbynyň gözleri açylyp, ol Hudaýa ynanyp başlandyr diýip oýlandym. Öň ol hiç haçan ybadathana gelmeýärdi. Olaryň arasynda hatda jenap Anderwud hem bardy. Jenap Anderwud öň hiç haçan „Meýkomb tribýun“ gazetinden başga hiç ýere gitmeýärdi we şondan özge hiç zat bilen meşgullanmaýardy, onuň ýekeje özi gazetiň hem eýesidi, hem redaktorydy hem-de harp ýygyjysydy. Ertirden agşama çenli ol özüniň çaphana enjamyndan kämahal garbak-gurbak edinmek ýa-da gapdalynda hemişe doly duran golçadan ülje şerabynyň bir owurdyny içmek üçin bolaýmasa, galan wagt ýeke ädimem aýrylmaýardy.
Ol adamlaryň arasyna täzelikleri bilmek üçin örän seýrek çykýardy, adamlaryň özleri onuň ýanyna gelip, wakalary gürrüň berýärdiler. Gazetiň tutuş sanyndaky maglumatlary onuň ýeke özi düzýär we özüniň çaphana enjamynda neşir edýär diýip gürleýärdiler. Bu gep-gürrüňler hem hakykata örän ýakyndy. Megerem, eger-de jenap Anderwud özüniň synmaz galasyndan Taňrynyň döreden ýagty jahanyna çykmaga mejbur bolan bolsa, diýmek onda bu gezek nähilidir bir adatdan daşary täsin waka bolan bolmaly.
Men Attikusy öz bosagamyzda gapyp alyp, soradym welin, ol Tom Robinsonyň Meýkombyň türmesine geçirendiklerini aýtdy. Ýene-de pyşyrdady: „eger-de ony ilkibaşdan başlap şu ýerde saklan bolsalar onda hiç hili bolgusyzlyk ýüze çykmazdy“. Ýöne dogrusy, onuň soňky sözleri maňa däl-de onuň özüne niýetlenen ýalydy. Ol ybadathanada özüniň üçünji hatardaky ornuna geçip oturdy-da: „Men saňa ýakynlaşaryn, Perwerdigär“ diýen aýdym-doganyň sözlerini gaýtalady, ol aýdym aýdanda hemmelerden biraz yza galýardy, şonuň üçinem onuň ýogyn, goýy sesiniň ýeke özi aýratyn ýaňlanýardy. Ol hiç haçan biziň bilen bile oturmaýardy. Ol ybadathanada ýeke özi özbaşyna bolmagy halaýardy.
Ýekşenbe günleri öýdäkileriň ählisi hemme zat gülala-güllüksirän bolýarlar, Aleksandra ejem bize göçüp geleninden soň bolsa bar zat öňküdenem beter ýürekbulanjy bolup başlady. Günorta nahary tamamlanyp-tamamlanmanka Attikus öz iş otagyna gaçyp gidýärdi, biz käwagt onuň ýanyna baranymyzda bolsa onuň pyrlanýan kürsüsinde arkanlygynaýaplanyp, nämedir bir zat okap oturandygyny görýärdik. Aleksandra ejem bolsa nahardan soň bir-iki sagatlyk gözüniň awusyny almak üçin ýerine geçýärdi, özem gidip barýarka bize goňşularymyzyň hemmesi dynç alýarkalar howluda goh turuzmaga het edip bir göräýiň diýen äheňde haýbat atyp gidýärdi. Jim hem ulalyp-ulalyp, ahbetin öz otagyna ýeke özi futbol žurnallarynyň bir gujagy bilen gitmek ýaşyna ýetdi. Şol sebäpli-de Dill ikimize ýekşenbe günleri diňe Sugun sonarlygynda özbaşymyza pessaýja oýunlar bilen güýmenäýmek galýardy.
Ýekşenbe günleri bize oýnawaç jysmygymyzdan atmag rugsat berilmeýärdi, şoňa görä-de Dill ikimiz sonarlykda birsellem Jimiň pökgüsini depip oýnadyk, ýöne bu pişe juda tukat bolandygy zerarly örän tiz ýüregimize düşdi. Onsoň Dill: „Ýör gideli, belki biz Betnyşan Redlini görüp bileris“ diýdi. Men: „Meniň pikirimçe onuň degnasyna degmesek gowy bolarmyka diýýän“ diýdim-de Dille geçen gyşda bolup geçen wakalary gürrüň bermäge başladym. Ol diňläp durşuna agzyny açyp geň galýardy.
Agşam naharyna ýakyn biz öýli-öýümize dagadyk, agşam şamlygyndan soň bolsa Jim ikimiz ýaňybir hemişekimiz ýaly ýatýançak kitap okamaga çemelenipdik, welin, Attikus bizi geň galdyrdy. Ol myhman otagyna çykanda onuň elinde uzyn elektrik simi bardy. Simiň bir ujy çyralydy.
Ol:
-Men birsalym gitjek-diýdi:-Haçan-da dolanyp gelenimde bolsa siziň hemmäňiz düşegiňizde bolarsyňyz, şonuň üçinem men şu wagt size gijäňiz rahat bolsun diýäýjek.
Ol sypal başgabyny geýdi-de, jaýymyzyň arka ýüzündäki gapysyndan çykdy.
Jim:
-Ol ulagy alýar-diýdi.
Biziň kakamyzyň özüne ýetik geň-taňlyklary bardy: birinjiden, ol hiç haçan süýji zatlary iýmeýärdi,

ikinjiden, ol hemişe pyýada ýöremegi halaýardy. Men özümi bilelim bäri biziň ulaghanamyzda arassaja, rejelije „şewrole“ durdy. Elbetde Attikus işi çykanda ony sürýärdi, ýöne Meýkombda öz işine we yzyna, öýmüze, günde iki gezek ol hemişe pyýada ýöreýärdi, bu bolsa azyndan iki mil dagy bardy. Ol: „ýöremek – meniň meşgullanýan ýeke-täk sportum“ diýip aýdýardy. Meýkombda bolsa eger-de adam ýöne, hiç bir maksatsyz aýaklaryna agram salýan bolsa diýmek ol hiç zada ymtylmaýan we hiç haçan hiç bir sepgitlere ýetip bilmejek bikär adam diýip hasaplaýardylar.
Kakam gidenden soň men ejekeme we doganyma gijeleriniň rahat bolmagyny arzuw etdim-de ýerime geçdim, düşegimde ýatan ýerimden okap ýatanyma esli wagt geçenden soňra birdenkä Jimiň otagynda nähilidir birhili düşnüksiz gowruň başlandygy gulagyma ildi. Adatça ol düşegine geçmäge beýle sesli taýýarlanmaýardy, men günde gije onuň otagyndan eşidilýän her bir owaza beletdim, şonuň üçinem men ýerimden turdum-da onuň işigini kakdym.
-Sen näme uklamaýarsyň?
-Biraz wagtlyk şähere gidip gelmekçi-diýip ol jalbaryny geýip durşuna hüňürdedi.
-Näme üçin? Eýýäm sagat on bolup gelýär ahyry.
Ol muny bilýärdi, ýöne barybir gitmekçi bolýardy.
-Onda menem seniň bilen gitjek. Eger-de sen gitmersiň diýseňem barybir giderin, eşidýäňmi?
Jim meni çalak-çulak haýbat bilen öýde galdyryp bolmajakdygyna, meniň bilen uruşmaly boljakdygyna, beýle etse-de ýene-de ejekemiziň gaharyny getirjekdigine düşündi. Ol zoraýakdanam bolsa garaz meniň özi bilen gitmegime razy boldy.
Men göz açyp-ýumasy salymda geýindim. Biz iki bolup ejekemiziň otagynyň çyrasy öçýänçä garaşdyk, soňra pişik basyşyny edip assyrynlyk bilen öýümiziň ýeňse tarapyndaky işikden çykdyk. Aýsyz gije tüm-garaňkydy.
-Megerem Dilliňem gidesi gelerdi-diýip men pyşyrdadym.
-Goý gitse gitsin-dä-diýip Jim gaharlysyrap jogap gaýtardy.
Biz pessejik haýatdan aşdyk-da, hanym Reýçeliň howlusyna geçip, Dilliň penjiresiniň öňüne bardyk. Jim bedenäniňkä çalymdaş ses etdi.
Penjiräniň aňyrsynda Dilliň ýüzi göründi-de, bada-badam sumat boldy, sähel pursat geçip-geçmänkä-de ol penjiräni açdy-da, daşaryk aşdy. Köpi gören adam hökmünde ol tä biz köçä çykýançak bizden hiç zat soramady.
-Näme boldy?
-Jimiň ykmandalyk tutgaýy tutýar.
Kelpurniýa: „Jimiň ýaşyndaka hemme oglanjyklara sergezdanlyk keseli ýokuşýar“ diýýärdi.
Jim:
-Ýöne şeýle,-diýdi:-ýöne şeýle.
Biz hanym Dýubozyň öýüniň deňesinden geçdik, ol boşdy, penjireleriniň gabsalary ýapykdy, onuň söýgüli gülleri bolsa pajarlap ösen çitçitidir-ýowşanyň arasyndan zordan görünýärdi. Köçäniň künjüne, poçta çenli ýene-de sekiz jaý bardy.
Şäheriň baş meýdanynyň günorta tarapy gum-guklukdy. Meýdanyň her çüňkünde äpet araukariýalar ýapraklaryny syh-syh edip durdylar, olaryň arasyndan bolsa köçe çyralarynyň ýagtysyna at daňylýan demir ýylpyldap görünýärdi. Jemgyýetçilik hajathanasynda henizem çyra ýanyp durdy, ýöne kazyýetiň binasynyň şu tarapynda şonda başga ýekeje-de ýylpyldy ýokdy. Kazyýetiň binasynyň öňündäki meýdança inedördül dörtburçlukdy, onuň çar tarapyny bolsa dükanlar gallaýardylar, olaryň niresindedir hol içinde-de ysgynsyzja ýşyjaklar görünýärdi.
Haçan-da Attikus aklawjy bolup işläp başlanda onuň edarasy kazyýetiň binasynda ýerleşipdir, emma birnäçe ýyldan soň ol şäher bankynyň binasyna göçüpdir, sebäbi ol ýerde kazyýete garanyňda ümsüm we rahat bolupdyr. Biz köçäniň künjünden aýlanan dessimize bankyň öňünde „şewrole“ ulagynyň durandygyny gördük.
Jim:
-Ol şu ýerde,-diýdi.
Ýöne bärde Attikus ýok ekeni. Onuň edarasyna uzyn däliz eltýärdi. Eger-de onuň gapysynyň aňyrsynda çyra ýanyp duran bolsady, onda biz gaty uly bolmadyk, düşnükli harplar bilen „ATTIKUS FINÇ, AKLAWJY“ diýen ýazgyly tagtajygy görerdik. Ýöne häzir ol ýerde tümlükdi.
Jim ýene-de bir gezek bankyň aýna gapysynyň aňyrsyndaky garaňkylyga siňe-siňe seretdi. Işigiň tutawajyny aşak basdy. Gulplydy.
-Hany köçäniň ugry bilen gidip göreliň. Belki ol jenap Anderwudyň ýanyna barandyr.
Jenap Anderwud diňe bir „Meýkomb tribýun“ gazetini neşir etmän, eýsem gazetiň redaksiýasynda ýaşaýardy hem. Has takygy redaksiýanyň ýokarsynda. Kazyýetde we türmede nämeleriň bolup geçýändigi bilmek üçin oňa diňe özüniň ikinji gatdaky otagynyň penjiresinden garamak ýeterlikdi. Onuň öýi meýdançanyň demirgazyk-günbatar burçunda ýerleşýärdi, onuň öýüne barmak üçin bolsa türmäniň deňesinden geçmelidi.

Türme tutuş Meýkombda iň köne we iň betnyşan ymaratdy. Attikus hemişe: „beýle ymaraty diňe dolananymyz Joşua Sent-Kleriň oýlap tapyp bilmegi mümkin“ diýýärdi. Hakykatdanam ol ymarat edil gara basmaly düýşde görlüp gurlan ýalydy.
Şäherde hemme jaýlar ýönekeý we adaty jaýlardy, öň taraplary göni hem giňdi, üçekleri eşekgeriş ýapgytdy, birdenem hiç bir sebäp ýok ýerden olaryň arasynda boýy inine iki esselik, somalyp öňe zomap duran çykgytlar hem-de diş-diş bezeg minarajyklary bilen diwarlarynyň üsti ýetirilen gotik şekilinde salnan keşişjik zompa çykýar. Türmäniň penjireleri diňe ybadathanalarda ulanylýan gyzyl kerpiç bilen haşamlanandygy sebäpli ýogyn polat gözenekleri göze dürtülip duran penjireler bolsa birhili hasam alasarmyk düýş duýgusyny döredýärdi. Bolanyna görä, bu alasarmyklyk özbaşyna, haýsydyr bir ýalňyz depäniň üstünde dikeldilen bolsady, garaz ýene-de elhal gelişjekdi, ýöne ol Tindeliň „Ownuk demir haryt önümleriniň“ we „Meýkomb tribýunyň“ redaksiýasynyň arasyna dykylyp salnypdy. Meýkombda türme hemişe üznüksiz jedelleri döredýärdi, ýazgaryjylar: „ol şa zenany Wiktoriýanyň döwründäki hajathana edil bir almany iki bölen ýaly meňzeş“ diýýärdiler, olaryň garşydaşlary bolsa: „şeýle ymarat şäheriň keşbine has asylly, azmly görk berýär, özge ýerden gelen adam bolsa hiç haçanam onuň içiniň garaýagyzlardan dos-doludygyny bilip bilmez“ diýip ynandyrmaga çalyşýardylar.
Biz pyýada ýodasy bilen ýöräp barýardyk welin, birdenkä hol allaowarrada ýalňyz yşyjaga gözümiz kaklyşdy.
Jim:
-Geň zat,-diýdi:-türmäniň daş ýüzünde çyra ýok ahyry.
Dill:
-Göwnüme bolmasa bu işigiň üstündäki çyrajyk ýaly-la-diýdi.
Ikinji gatyň penjiresiniň gözenekleriniň arasyndan uzyn sim sallanyp durdy. Ýalaňaç, daşy örtüksiz çyrajygyň yşygynda, edil işigiň agzynda Attikus otyrdy. Ol, megerem öz edarasyndan oturgyç getirip, ony türmäniň işigine dirän bolara çemeli. Ol öz depesinde gaýmalaklaýan kebeleklere hem-de gaýry gijeki mör-möjeklere üns bermän nämedir bir zat okap otyrdy.
Men oňa tarap ylgamakçy boldum, emma Jim meniň golumdan şapba tutdy-da:
-Onuň ýanyna barma,-diýdi:-gaharyny getirersiň. Ol bärde, diýmek hemme gülala-güllük, ýörüň öýe gaýdalyň. Men diňe onuň nirededigini görmek isledim.
Biz meýdançany gytaklap kesip geçip başladyk, şol pille-de Meridian ýolunyň ugry bilen haýaljakdan, biri-biriniň yzyndan dört sany ulag çykdy. Olar meýdançanyň daşyndan aýlandylar-da, bankyň deňesinden ötüp, türmäniň gabat-garşysynda togtadylar.
Ulaglardan hiç kim düşmedi. Attikus okap oturan gazetinden başyny galdyrdy. Ony emaý bilen epläp, dyzynda goýdy, sypal başgabyny ýeňsesine süýşürdi. Megerem, ol şu ulaglaryň gelerine öňden garaşyp duran bolara çemeli.
-Ýörüň-diýip Jim pyşyrdady.
Biz meýdançany kesip yzymyza ylgadyk, badymyza köçedenem geçdik-de, dükançanyň arkasynda gizlendik. Jim seresaplylyk bilen jyklap:
-Ýene-de has golaýraga süýşüp bilýäris-diýdi.
Biz Tindeliň dükanynyň ýanyna ylgadyk, ol ýerden ähli zat eliň aýasynda ýalydy, biziň özümiz bolsa hiç kime görünmeýärdik.
Gelenler bir-birden ulaglaryndan düşüp başladylar. Olar ilki kölegeler ýalydy, ýüzlerini saýgaryp bolmaýardy, soňra olar türmäniň işigine tarap ýöneldiler welin, çyrajygyň ýagtysyna olaryň ählisiniň äpet we dykyz göwrelidikleri göründi. Attikus ýerindenem mizemedi. Gelenleriň mähnet arkalary onuň öňüni ýapdylar.
-Ol şu ýerdemi, jenap Finç?-diýip kimdir biri sorady.
-Şu ýerde,-diýip Attikus ses berdi:-Ol uklap ýatyr, ony oýaraýmaň.
Şol wakadan kän wagt soň men şol oýundan-degişmeden juda daşdaky şol ýagdaýlarda kakamyň sözleriniň nähili aýylganç hem gülkünç ekenidigine düşündim, ýöne şonda welin, soňky gelenler kakama „gulak asyp“ seslerini biraz peseltdiler.
-Siz biziň näme üçin gelendigimizi bilýärsiňiz,-diýip kimdir başga biri gepledi:-Işikden aýrylyň, jenap Finç.
-Öýňüze gaýdyň, Uolter,-diýip Attikus sypaýyçylyk bilen jogap berdi:-Gek Teýt hem şu ýakynlar-da bolmaly.
-Göwnüň küýseýändir!-diýip ýene-de başga biri goşuldy:-Gek özüniň ýalýagylary tokaýda pelesaň kakyp ýör, ertir irdene çenlem ol ýerden çykmasa gerek.
-Aý goý-a! O näme beýlekä?
-Meýdanda şemaly gözleýär-diýip gysgajyk jogap eşidildi:-Siz bu barada oýlanyp görmediňizmi, jenap Finç?
-Oýlanyp gördüm, ýöne ynanmaýardym.

Kakamyň sesi öňküsi ýaly asuda eşidilýärdi:-Ýeri bolýar-da, barybir bu biziň ýagdaýymyza hiç hili täsir etmeýär ahyry, şeýlemi?
-Elbetde-diýip ýene-de kimdir biriniň ýogyn sesi ýaňlandy. Garaňkylyk zerarly gepläni aýyl-saýyl eder ýaly däldi.
-Siz çyndanam şeýle pikir edýärsiňizmi?
Men şu günüň dowamynda eýýäm ikinji gezek Attikusyň bu sowaly berýändigini eşidýärdim, diýmek häzir kimdir biriniň mazalyja eýi ýetirilse gerek. Bu bolsa synlanyňa degýän tomaşa bolmaly! Men towlanjyrap Jimiň elinden sypdym-da, güýjümde baryny edip Attikusa garşy ylgadym.
Jim çalaja gygyrdy-da, meniň yzymdan okduryldy, ýöne Dill ikisi meniň yzymdan ýetip bilmediler. Men dürli-dümen dürüşde agyr yslar aňkap duran gara sudurlaryň arasyndan itenek-çomanak bolup, dykyljyrap geçdim-de, ýagty ýere çykdym.
-Attikus, salam!
Men pikir etdim: „Baý, ol häzir begener-ow!“ diýip, emma onuň ýüzi şeýlebir birhili boldy welin, meniň barça şatlygym göz açyp-ýumasy salymda zym-zyýat boldy. Onuň gözleri edil ýöne wadaryga wehimden dolaýdylar, ýöne bu gorky tupany ýeke pursat towlanyp möwç urdy-da, hümer bolup duranlaryň arasyndan Jim bilen Dill ikisi çykandan soňra dessine-de peýda bolşy ýaly sumat boldy. Aragyň hem-de malýatagyň ysy aňkap durdy, men daş-töweregime göz aýladym welin, çar ýanymyzy gallap duranlaryň hemmesiniň nätanyş kesekilerdigini gördüm. Bu adamlar düýn agşam öýmüze gelenler däldi. Men utanjymdan ýaňa lowlap gyzyp gitdim, gör-ä muny, men şeýlekin bir dabara bilen böküp öňe çykdym, maňa bolsa düýbünden nätanyş adamlar tiňkelerini dikip durlar! Attikus oturgyjyndan turanda ol edil garrap halys tapdan düşen goja ýaly haýaljakdan gymyldaýardy. Ol emaý bilen gazetini öňki epin ýerlerinden epledi-de, usullyk bilen bir gyrada goýdy. Onuň barmaklary assaja sandyraýardy.
Ol:
-Bar öýe gaýt, Jim,-diýdi:-Uýaňy hem-de Dilli öýe alyp git.
Biz Attikus bir zat buýranda tabyn bolmaga endik edipdik, elbetde hemişe höwesek bolmasagam tizlik bilen onuň ähli aýdanlaryny berjaý edýärdik, bu ýerde welin, Jim edil ýerinden butnaýynam diýmän doňdy duruberdi.
-Öýe gaýt diýdim, men saňa.
Jim başyny ýaýkady. Attikus ellerini böwrüne diredi, Jimem onuň hereketini gaýtalady. Şeýdibem olar biri-biriniň garşysynda biri-birinden düýpgöter üýtgeşik iki adam bolup doňňara-daşa öwrülip duruberdiler. Ýumşajyk melemtil saçly, goňrumtyl gözli, gulaklary kellesine gaýym ýelmeşip duran, tutuşlygyna ejemize meňzeýän oglanjyk – Jim we çal sepip ugran gara saçly, açyk, agajet ýüzli erkek kişi – Attikus. Ýöne meniň göwnüme bolmasa şol pursat olaryň ikisi-de biri-birine juda çalymdaş ýaly bolup göründiler. Megerem bu olaryň ikisiniň hem biri-birine tekepbir, hötjet garadangaýtmazlyk bilen tiňkelerini dikip duranlary sebäpli bolaýmasa.
-Ogul, men aýdýan, öýe gaýt.
Jim ýene-de kelam agyz geplemän, başyny ýaýkady.
-Ine men häzir ony öýüne ugradaryn,-diýip haýsydyr bir pöňlek, syryk ýaly uzyn pyýada Jimiň ýeňsesinden ebşitläp tutdy-da, ony südenekledip goýberdi welin, ol zordan ýykylman aýak üstünde saklandy.
-Ol eliňi degirme!-diýdim-de men ýaňky pöňlek daýa aýagym bilen gütüledip goýberdim. Men aýakýalaňaçdym, şonuň üçinem ol pöňlek pyýada iki eplenip, „wah-wahlap“ yza tesende juda geň galdym. Men ony şeýle gaty depäýdimmikäm! Dogrusy men onuň dyzyna depmek isläpdim, ýöne megerem dogry depip bilmän onuň satanlarynyň arasy bilen gereginden has ýokarraga gonduraýan bolara çemelim.
-Besdir, Gözlüje,-diýip Attikus meniň egnimden ýapyşdy:-Depirjikleme-de, patanaklama-da. Ýuwaş.-diýip ol men özümi aklamak üçin nämedir bir zatlar diýmekçi bolanymda agzymy ýumdurdy.
Emma men barybir:
-Goý olar Jime ellerini degirmesinler!-diýmäge ýetişdim.
-Ýeri bolýar, jenap Finç, olary bärden alyp gidiň,-diýip kimdir biri hüňürdedi:-Biz size munuň üçin on bäş sekunt wagt berýäris.
Attikus birtopar düşnüksiz adamlaryň arasynda durup, Jimi gulak asmaga mejbur etjek bolup dyrjaşýardy. Ol haýbat atýardy, ony ynandyrmaga çalyşýardy, ahyrynda bolsa hatda: „Men senden haýyş edýän Jim, olary alyp git!“ hem diýdi.
Jim bolsa jogap deregine hötjetlik bilen şol bir diýenini gaýtalap durdy:
-Gitjek däl.
Bu zatlaryň barysy meniň ýüregime düşüp ugrady, ýöne men Jimiň bihuda ýere keçjallyk edýändigini syzýardym, sebäbi ol ählimiz öýe baranymyzdan soň Attikusyň mazaly eýini ýetirjekdigini aňryýany bilen bilýärdi ahyry. Men töweregime garanjaklap ugradym. Ýyly tomus gijesidi, emma çar-

töweregimizi gallap duran adamlaryň ählisiniň egninde galyň ýörite iş geýimleri bardy, içinden geýlen gödek nah matadan köýnekleri bolsa äňleriniň aşagynda soňky iligine çenli ildirilgidi. „Megerem olaryň hemmesi dümewlemekden çekinýän bolmaly“ diýip men oýlandym, olaryň ýeňleri welin ählisiniňki çermelgidi. Kimiň sypal başgaby bar bolsa olar başgaplaryny tä gaşlaryna çenli çümrüpdiler. Olaryň ählisi-de nähilidir birhili hyrsyz, tutuksy keşpdediler, edil şeýle giç wagtda aýak üstünde bolmaga endik etmedik ýaly hemmesi-de ukuly garaýardylar. Men olaryň arasynda heý ýekeje bir tanyş ýüzi tapmazmykam diýip olary birlaý synlap çykdym, olar biziň daşymyza ýarym aýlaw şekilinde egele bolup durdylar, birdenem men hümeriň edil merkezinde duran adamy tanadym.
-Salam, jenap Kaningem!
Ol misli meni eşitmeýän ýalydy.
-Salam, jenap Kaningem! Siziň hukuklaryňyzyň kemsidilmegi bilen nämeler boldy?
Uolter Kaningem-ulusynyň işleriniň ýagdaýyna men örän beletdim, Attikus birmahal onuň ýagdaýlaryny maňa jikme-jik düşündiripdi. Daýaw, her egninde bir adam oturybermeli äpet pyýada bolan ol birhili aljyraňňy hala düşüp gözlerini çalt-çalt gyrpdy-da, başam barmaklaryny ýörite iş geýiminiň egniniň üstaşyry geçirilen kemerleriniň aşagyna sokdy. Meniň hoşniýetli salamym jogapsyz galdy.
Jenap Kaningem sypal başgapsyzdy, onuň maňlaýy çakdan aşa ap-ak bolup görünýärdi, şol sebäpli güne gaýzygan tutuş ýüzi bolsa hasam garalyp durdy. Men: „megerem ol hemişe sypal başgaply gezýär öýdýän“ diýip pikir öwürdim. Ol aýaklaryny gymyldatdy, onuň köwşi mähnet hem gödekdi.
-Siz meni tanamadyňyzmy, jenap Kaningem? Men Jin Luiza Finç. Siz bir gezek bize hoz getiripdiňiz, ýadyňyza düşýärmi?
Görýän welin men biderek ýere jepa çekýän ýaly-la, haçan-da tötänden tanyş bolan adamyň soň seni tanamasa juda oňaýsyz bolýar ekeni.
-Men Uolter bilen bile okaýaryn-diýip täze synanyşyk etdim:-Ol siziň ogluňyz ahyry, şeýlemi? Dogrumy, jenap?
Jenap Kaningem çala bildirer ýaly baş atdy. Ahyry ol meni tanady-ow!
-Biz Uolter bilen bir klasda,-diýip men dowam etdim:-ol örän gowy okaýar. Onsoňam ol juda gowy,-diýip men üstüne goşdum:-hawa, hawa, çypbakaý çynym ol gowy. Ol bir gezek bize günorta naharyny iýmäge geldi. Belki ol size men barada gürrüň berse berendirem, bir sapar men ony ýençmäge mejbur boldum, ol bolsa muny menden birjigem gaty görmedi, ol hiç neneň däl, ol hakykatdan örän gowuja. Siz oňa meniň adymdan salam aýdyň, bolýarmy?
Attikus birmahal maňa eger-de sen edepli adam bolsaň, onda özgeler bilen saňa gyzykly zat barada däl-de olara gyzykly zat barada gürrüň etmeli diýip öwredipdi. Jenap Kaningeme bolsa göwnüme bolmasa öz ogly barada gepleşmek hem diňlemek düýbünden gyzykly däl ýalydy, men bolsa onuň içiniň gysmazlygyny şeýlebir isleýärdim welin, gyssanjyma ony söhbetdeşlige çekmäge iň soňky synanyşygy etdim, belki onuň üçin hukuklaryň kemsidilmegi barada söhbetdeşlik gyzykly bolar.
-Kemsidilmek – bu örän ýakymsyz zat,-diýip men oňa düşündirip ugradym.
Ine şu ýerde-de, özümiň tutuş mähelläniň öňünde söz sözläp durandygym meniň aňyma ýetdi. Olaryň ählisi maňa aňk bolup seredişip durdylar, käbirleriniň bolsa hatda agyzlary-da öwelip galypdy. Attikusam Jimi çekelemesini goýup, ikisi-de Dilliň ýanynda duran ýerlerinden edil jadylanan ýaly bolup maňa seredýärdiler we meni diňleýärdiler. Attikusyňam agzy öwelip galypdyr, ýogsa onuň özi hemişe bize beýle etmegiň gelşiksizdigini ýanjar ýörerdi. Ýöne biziň nazarlarymyz kaklyşanda ol agzyny ýumdy.
-Bilýäňmi, Attikus, ine men bu taýda jenap Kaningeme, elbetde haçan-da hukuklaryň kemsidilse biçak erbet diýip aýdyp berýärin, ýöne sen tolgunmaly däldigini aýtdyň ahyry, sebäbi şeýle işler öte uzaga çekýärmiş...we siz eýdip-beýdip umumy güýçleriňizi birleşdirip, ony öz peýdaňyza alyp çykjakmyşyňyz...
Şu sözlerden soň men doly hem gutarnykly dymdym-da: „men nähili samsyk“ diýip oýlandym. Görýän welin, kemsidilmek barada diňe myhman otagynda gürleşseň ýerlikli bolaýjak ýaly.
Meniň hatda saçlarymyň düýpleri derläp gitdi, haçan-da maňa birtopar jemende dikanlap dursa men düýbünden bolmaýardym. Hemmeler maňa seredip durdylar we dymýardylar.
-Näme boldy?-diýip men soradym.
Attikus jogap bermedi. Men jenap Kaningeme tarap garanjakladym, onuňam ýüzi kakamyňky ýaly parahatdy. Soňra ol örän geň hereket etdi. Çommalyp oturdy-da, iki eli bilen meniň eginlerimden tutdy:
-Men oňa seniň adyňdan salam aýdaryn, kiçijik hanym!-diýdi.
Örboýuna galdy-da, mähnet elini salgap goýberdi.
-Gitdik bu ýerde!-diýip ol gygyrdy-Ýörüň, oglanlar!
Olar edil gelişleri ýaly, ýeke-ýekeden, iki-ikiden aýaklaryny süýreşip özleriniň waragy çykyp, çamalagy çaşyberen ulaglaryna garşy ýöneldiler. Ulaglaryň işikleri jarkyldady, hereketlendirijileri

asgyryp ugrady, ahbetinem olaryň ählisi gitdiler.
Men Attikusa tarap öwrüldim, görsem ol biraz yza tesip maňlaýy bilen türmäniň diwaryna ýaplanan ekeni. Men onuň ýanyna bardym-da, ýeňinden çekdim.
-Indi biz öýmüze gaýdarysmy?
Ol baş atdy-da, elýaglygyny çykaryp, ýüzüni süpürdi, çasly sümgürindi.
-Jenap Finç,-diýip niredendir bir ýokardan, tümlügiň arasyndan gyryljak ses geldi:-Olar gitdilermi?
Attikus diwardan çekildi-de, başyny galdyrdy.
-Gitdiler,-diýdi:-Biraz ukla, Tom. Olar indi gelmezler.
Şol pille beýleki tarapdaky tümlükden hem ýene-de bir ses çykdy:
-Hymm, gelmejekdiklerine arkaýyn bolaýyň,-diýip ol ses kesgitli gepledi:-Men hälden bäri hatyrjem durandyryn, Attikus.
„Meýkomb tribýun“ gazetiniň redaksiýasynyň ýokarsyndaky gatyň penjiresinden eli goşanil tüpeňli jenap Anderwud kellesini çykardy.
Wagt giçdi, menem ýadawdym, gözlerim öz-özünden ýumlup gelýärdi, göwnüme bolmasa-da Attikus bilen jenap Anderwud ikisi, biri penjireden kellesini çykaryp, beýlekisi oňa tarap başyny göterip, ertire çenli gepleşip duraýjaklar ýaly bolup görünýärdi. Ahbetin Attikus biziň ýanymyza geldi-de, türmäniň işiginiň ýokarsyndaky çyrany öçürip, oturgyjy eline aldy.
-Men götäreýeýin, mümkinmi, jenap Finç?-diýip Dill haýyş etdi.
Hälden bäri bu jümle onuň ilkinji sözleridi.
-Sag bol, oglum.
Biz banka tarap ýöneldik, Attikus Jim bilen öňden, meniň bilen Dill bolsa olaryň yzyndan. Dill oturgyjy süýräp gelýärdi, şonuň üçinem ol haýal ýöreýärdi. Attikus bilen Jim ikisi bizden esli öňe gitdiler, men oňa gaýt diýende öýe gaýtmandygy üçin Attikus ýolboýy käýinip gelýändir öýdüp pikir etdim, emma ýalňyşan ekenim. Olar köçäniň ugrundaky çyranyň deňesine ýetenlerinde Attikusyň elini galdyryp Jimiň saçlaryny mähir bilen buýr-bulaşyk edip goýberendigi görnüp gitdi. Ol mundan artyk suwjaran bolmagy düýbünden halamaýardy.

xxxxx

Jim meni eşitdi. Ol gapydan kellesini uzatdy. Haçan-da meniň ýatyş sekime golaýlanda bolsa Attikusyň otagynda yşyk ýakyldy. Biz duran ýerimizde doňup galyp, tä çyra öçýänçä gymyldamadyk. Biz Attikusyň düşeginde agdarynjyraýşyna diň salyp esli durup, garaşdyk. Ahbetin ýene-de hemme ýeri ümsüklik gaplap aldy.
Jim meni öz otagyna alyp gitdi-de, düşekde ýatyrdy:
-Uklamaga synanyş,-diýdi:-Birigün, belki-de bar zat tamamlanar.
Biz ejekemizi oýarmazlyk üçin örän assyrynlyk bilen dolanmaly bolduk. Attikus bize öwrülýän ýodajykda ulagy öçürdi-de, ony eli bilen itip ulaghana saldy. Biz jaýymyzyň ýeňse ýüzündäki gapydan girdik-de, ses-selemsiz öz otagly-otagymyza dagadyk. Men öte ýadapdym we eýýäm uklap barýarkam, birdenkä göz öňümde Attikus janlandy, ine ol gazetini epleýär-de, sypal başgabyny ýeňsesine süýşürýär, soňra bolsa Attikus yns-jynssyz boşluk bilen sabyrsyz garaşmakdan dolup doňup duran köçäniň ugrunda äýnegini maňlaýyna galdyrýar. Şol müddetem men edil külüň bilen depäme urlan ýaly boldum, edil şol pursat, diňe şol pille men şu gije nämeleriň bolup geçendigine düşündim we aglap başladym. Jime welin berekella, ol meniň ýarym-ýaş bolup hünibirýan hynçgyrýanymy eşidip dursa-da: „haçan-da adamyň bahym dokuz ýaşy dolup barýarka oňa zörledip ýatmak gelişmeýär“ diýilýäne çalymdaş kelam agzam gyjalat bermedi.
Irden hiç kimiň işdäsi ýokdy, diňe Jim üç sany ýumurtgany yzly-yzyna symyşlady. Attikus oňa aç-açan guwanmak bilen seretdi, Aleksandra ejem kinniwanja owurtlar bilen şirpildedip kofe içýärdi, onuň ýüz-gözünden bolsa hazan ýeli öwüsýärdi. Gijelerine ýaşyrynlyk bilen öýden gaçyp gidýän çagalar – bu maşgala üçin wejeralyk! Attikus bolsa: „Şol wejeralygyň jaý wagtynda gelendigine men örän şat!“ diýip jogap berdi, ýöne ejekem:
-Bolgusyzlyk, jenap Anderwud ilkinji pursatdan soňky pursada çenli öte hatyrjem durdy-diýdi.
Attikus:
-Ýogsa-da bilýäňmi, bu örän gülkünç,-diýdi:-Brakston bar-a, hakykatda garaýagyzlary düýbünden jyny almaýar, olary hatda golaýyna-da getirmeýär.
Meýkombda jenap Anderwudy düýp-teýkary bilen kapyr diýip hasaplaýardylar, kakasy ogluny Brakston Bregg diýip atlandyryp onuň bilen juda rehimsiz henek edipdir, ol bütin ömrüne şuny daş-töweregindäkileriň ýadyndan çykarmaga dyrjaşyp jepa baryny çekýärdi. Attikus: „Eger-de kim-de-kimi Günorta goşunyň generallarynyň şanyna atlandyran bolsalar, şol ir-u-giç gutaran şeraphor bolýar“ diýip aýdýardy.
Kelpurniýa Aleksandra ejeme ýene-de kofe guýup berdi, menem oňa tamakinlik bilen şeýlebir

delmuryp garasam-da, barybir bihuda boldy, ol diňe başyny ýaýkady-da oňaýdy. Ol:
-Sen entek kofe üçin juda kiçijik,-diýdi:-Haçan-da ulalarsyň, şonda men saňa haýyş etmeseň-de guýup bererin.
Men:
-Belki-de kofe meniň aşgazanym üçin peýdalydyr-diýdim.
-Ýeri bolýar-da,-diýip Kelpurniýa tekjeden bulgur aldy. Oňa bir çaý çemçejik kofe guýup, üstünem gyrpa-gyrp edip süýtden doldurdy.
Minnetdarlygymy mälim etmek üçin men bulgura dilimi görkezdim-de, gözlerimi göterdim welin, ejekemiň gaşlarynyň arasynda duýduryş beriji gasynjyga nazarym kaklyşdy. Ýöne ol maňa däl-de Attikusa gaşyny çytýan ekeni. Ol Kelpurniýa aşhana gidýänçä garaşdy-da:
-Olaryň ýanynda beýle gepleme-diýdi.
-Kimiň ýanynda we nähili?-diýip Attikus sorady.
-Kelpurniýa barka. Sen onuň ýanynda Brakston Anderwudyň garaýagyzlary düýpgöter jynynyň almaýandygyny aýtdyň.
-Dogrusy muny Keliň özi-de bilýär ahyry. Munuň şeýledigi tutuş Meýkomba belli.
Şol günler men kakamda çala bildirýän üýtgeşmeleri duýup ugradym, ol üýtgeşme hasam ol Aleksandra ejem bilen gepleşende syzylýardy. Dogrusy, ol edil ejekem gepläp ugran dessine gaharlanybam başlamaýardy welin, birhili onuň al-petinden alasy gelip durdy. Ine häzirem onuň äheňinde birhili gatyrganma bildirip gitdi.
-Biziň saçagymyzyň başynda aýdylyp bolunýan ähli zatlary Kelpurniýanyň ýanynda-da aýdyp bolýar-diýip ol ejekemiň sözüniň arasyny şarpa böldi:-Ol biziň maşgalamyz üçin özüniň näderejede gymmatlydygyny bilýär.
-Meniň pikirimçe bu erbet endikmikä diýýän, Attikus. Bu olary eljiredýär, höweslendirýär. Sen olaryň nähili ýaňradyklaryny bir bilsediň. Günüň dowamynda şäherde bolup geçýän ähli zatlar agşama çenli tutuş garaýagyzlaryň ýaşaýyş toplumyna jar bolýar.
Kakam nahar pyçajygyny gapdala goýdy.
-Men olara gepleşmegi gadagan edýän kanunyň bardygyny bilmeýärin. Belki-de eger biz olara gep-gürrüň üçin şunça sebäp bermesek, olar gybat etmeselerem-etmezdiler. Sen näme üçin kofe içmeýärsiň, Gözlüje?
Men çemçämi bulgurymyň içinde aýlaşdyran bolup otyrdym.
-Men jenap Kaningem biziň dostumyzdyr öýdüp pikir edýärdim. Birmahal sen maňa şeýle diýip aýdypdyň.
-Hawa, ol biziň dostumyz hem.
-Ýöne öten agşam ol seni urmak isledi ahyry.
Attikus nahar çarşajygyny hem pyçagyň ýanynda goýdy-da, ýalpak tabagyny süýşürip:
-Jenap Kaningem, umuman oňat adam,-diýdi:-Ýöne onuňam edil biziň her birimiziňki ýaly gowşak taraplary bar.
-Näme bu gowşak tarapmy nä?-diýip Jim oslagsyz gürrüňe goşuldy:-Öten gije, olar gelen batlaryna ol seni öldürmäge taýýardy.
-Dogrudanam onuň maňa gaýym degmegi ahmaldy-diýip Attikus ylalaşdy:-Ýöne, düşünýäňmi ogul, haçan-da sen biraz ulalanyňdan soň sen adamlara az-owlak gowurak düşünip ugrarsyň. Her niçik-de bolsa her mähelle adamlardan ybarat bolup durýar. Öten gije bolsa jenap Kaningem mähelläniň bir bölegidi, ýöne ol barybir adamlygyna galýardy. Günortadaky kiçijik şäherdäki her bir mähellede biziň tanaýan adamlarymyzdan, iň adaty adamlardan ybarat, bu hem olar üçin beýlebir ýakymly däl bolsa gerek, şeýlemi?
Jim:
-Şeýle bolaýmasa...-diýip hümürdedi.
-Ine şonuň üçinem olaryň akyllaryna aýlanmaklary üçin aramyza sekiz ýaşly çagajygyň düşmegi gerek boldy, şeýlemi?-diýip Attikus dowam etdi:-Bu bolsa eger-de wagşy ýyrtyjylaryň sürüsini saklamak mümkin bolýan bolsa, onda näme-de bolsa bir zatlary aňladýar, sebäbi ahyrynda olaram adam ahyry. Hymm, hawa, belki bize çaga-poliseýler gerekdir...Öten gije, siz, çagalar Uolter Kaningemi ýeke pursatlygam bolsa meniň hamyma girip görmäge mejbur etdiňiz. Şol hem ýeterlik boldy.
Bilemok, belki-de Jim haçan-da biraz ulalandan soň adamlara hakykatdanam oňadrak düşünip ugrar, ýöne men-ä olara düşünjegem bolmaryn. Muny men anyk bilýärin.
-Hany bakaly bir Uolter mekdebe bir gelsin, ol menden diriligine sypmaz-diýip men wada berdim.
-Sen oňa barmagyňam degirmersiň,-diýip Attikus kesgin aýtdy:-Nämeler bolup geçende-de, düýnki ýagdaýdan soň men Jim ikiňiziň kimdir birine içiňizde kituw saklamagyňyzy islemeýärin.
Aleksandra ejem:
-Ine görýäňmi, bu zatlaryň barynyň nämelere eltýändigini,-diýdi:-Ýadyňda sakla, men saňa

duýdurypdym.
Attikus özüniň ýadynda saklajakdygyny aýtdy-da, oturgyjy gaharly süýşürip, ýerinden turdy.
-Bu gün meniň üçin öte agyr gün bolar, şonuň üçinem meni bagyşlamagyňyzy haýyş edýän. Jim, men şu gün Gözlüje ikiňiziň şähere gitmezligiňizi örän isleýändirin.
Attikus gidip-gitmänkä biziň naharhanamyza bökjekläp Dill girdi.
-Şu gün bütin şäher bu barada gürrüň edýär!-diýip ol gele-gelmäşe yglan etdi:-Hemmeler biziň elimiz hiç zatsyz tutuşlygyna ýüz adamy dagy ýepbekländigimiz hakda aýdýarlar...
Aleksandra ejem oňa şeýlebir äňetdi welin, ol dessine dilini dişläýdi. Ejekem:
-Ol ýerde ýüz adam ýok ekeni-diýdi:-Hiç kim hiç kimi hem ýepbeklemedi. Ol ýerde diňe şol lül-gammar hem başyna giden Kaningemleriň bir topbajygy bardy.
Jim:
-Ejeke, üns bermäňsene, Dill hemişe ulaldyp aýtmaga ökde-diýdi-de bize yzyna düşmegi ümledi.
-Howludan hiç ýere gidäýmäň-diýip ejekem biz eýwana çykanymyzdan soň yzymyzdan gygyrdy.
Köçä seretseň, göwnüňe bolmasa bu gün şenbe güni ýalydy. Biziň jaýymyzyň deňesinden howlukmaç bolmasa-da üznüksiz akym bolup, Meýkomb okrugynyň günorta böleginiň ýaşaýjylary akyp durdylar.
Özüniň tohum alaşasynda halta çalymdaş bolup jenap Dolfus Reýmond deňämizden ötdi.
-Düşünemok, ol nädip eýerden gaçman saklanyp bilýärkä,-diýip Jim hümürdedi:-Özem nädip beýdip bilýär, ir säher bilen, heniz sagat sekizem bolanok welin, eýýämem serhoş!
Deňämizden ala-şakyrdy bolup yraň-daraň atyp barýan araba geçip gitdi, onuň üstünde ýüzlerini matapisint uly sypal başgaplary bilen günden goraýan, uzyn ýeňli köýnekli aýallar otyrdylar. Arabany bolsa keçe telpekli sakgallak erkek kişi dolandyrýardy.
-Seret, mennonitler ,-diýip Dill Jime aýtdy:-Olaryň geýimlerinde ýekejede ilik ýok.
Mennonitler tokaýlarda ýaşaýardylar we özlerine gerek ähli zatlary derýanyň beýleki kenarynda satyn alýardylar hem-de satýardylar, Meýkomba bolsa olar düýbünden gelmeýärdiler diýen ýalydy. Dill olary bilesigelijilik bilen synlaýardy.
-Olaryň ählisiniň gözleri gök,-diýip Jim düşündirýärdi:-hemme erkek kişileri-de öýleniş toýlaryndan soň sakgallaryny syrmazlyga borçly. Olaryň aýallary haçan-da sakgal zerarly gyjyklary tutsa halaýarmyşlar.
Gatyryň üstünde jenap Iks Billaps geçip barşyna bize elini galgatdy.
Jim:
-Ol şoh adam,-diýdi:-Iks, bu onuň adynyň baş harpy däl, onuň tutuş ady şeýle. Bir gezek ony kazyýet mejlisine şaýat hökmünde çagyrypmyşlar we ondan sorapdyrlar: „Siziň adyňyz näme?“ Olam aýdypmyş: „Iks Billaps“ diýip, kazyýet kätibi bolsa haýyş edýärmiş: „Adyňyzy doly aýdaýyň“ diýip, ol bolsa ýene-de: „Iks“ diýýärmiş, ondan gaýtadan soraýarmyşlar, ol bolsa ýene-de öz diýenini gaýtalaýarmyş. Ahbetin bu sorag-jogap ýüregine düşüp ol kagyzyň ýüzünde ullakan edip „Iks“ harpyny ýazypdyr-da, hemmeler görer ýaly ýazgyny depesine göteripdir. Onsoň ondan ýene-de sorapdyrlar: „bu siziň adyňyz nähili at ahyry?“ olam jogap berýärmiş: „haçan-da dünýä inenimde ejem-kakam şeýle diýip at goýupdyrlar-da, men nädeýin“.
Okrugyň ýaşaýjylary biziň deňämizden geçip durdylar, şol geçip durdylar, Jim bolsa Dille iň göze gelimli adamlar barada gürrüň berýärdi, ine jenap Tenson Jons, arak-şerabyň söwdasyny gadagan edýän „gury kanunyň“ kabul edilmegini goldap ses beripdir, hanym Emili Deýwis assyrynlyk bilen özgeleriň gözüne güýdüşip temmäki ysgaýar, jenap Baýron Uolter skripkada saz çalýar, jenap Jeýk Sleýdiň bolsa eýýäm üçünji gezek dişleri çykýar.
Köçäniň künjünden ýene-de bir araba göründi, onuň üstündäki ýolagçylaryň ählisi näme üçindir birhili çakdan aşa zabun seredýärdiler. Olar hanym Modi Etkinsonyň jaýynyň deňesine ýetdiler. Onuň bagynda tomus gülleri ýiti reňkleri bilen öwşün atýardylar, şol pille-de eýwana hanym Modiniň özi çykdy. Bu örän geň ýagdaýdy, haçan-da hanym Modi öz eýwanynda duran wagty onuň bilen biziň aramyz ep-esli bardy, hatda onuň ýüzüni-de düzüwli saýgaryp bolmaýardy, emma barybir onuň keýpiniň nähilidigi dessine bildirýärdi. Ine ol ümzügini biraz öňe atyp dur, elleri bykynynda, kellesi az-owlak gyşardylgy, äýnegi güne ýylpyldaýar. Biz eýýäm bilýäris, onuň ýylgyryşjygy barypýatan içýakgyç ýeser.
Arabaçy gatyrlary biraz sägindirdi welin, arabada oturan bir aýal şaňňy sesi bilen çirkin gygyrdy:
-Şöhratparaz üçin ebedi tümlük taýýar dur!
Hanym Modi bolsa jogap berdi:
-Kimiň ýüreginde şatlyk joş ursa, şonuň ýüz-keşbi-de nurana bolýar!
Megerem, bu aýakýuwujylar: „Şeýtan mukaddes ýazgylara-da özüçe düşündiriş berýär“ diýip oýlanan bolmaklary ähtimal, sebäbi arabaçy bada-bat gatyrlaryny gyssap başlady. Ýeri hanym Modiniň bagy olaryň nä azaryna diýsene? Düşünip, akyl ýetirip aňyrsyna çykyp bolmaýar, sebäbi hanym Modi uzakly gününi ýer dörüp geçýär, mukaddes ýazgylary hem ol ýatdan bilýär ahyry.

Biz onuň haýatynyň ýanyna bardyk.
-Siz kazyýet mejlisine gidermisiňiz?-diýip Jim sorady.
Hanym Modi:
-Ýok,-diýdi:-Şu wagt kazyýet mejlisinde meniň işim ýok.
-Näme göresiňiz hem gelmeýärmi?-diýip Dill sorady.
-Ýok. Bu örän erbet zalymlyk ahyry, ine seredip otursaň şol görgüsi ýamany ölüme buýrarlar. Jemagat bolsa edil baýramçylyk tomaşasyna gelýän ýaly üýşýär.
Men:
-Şeýle bolmaly hem ahyry, hanym Modi, onuň işi adamlaryň arasynda seljerilmeli ahbetin,-diýdim:-Ýogsa nädogry bolar.
Hanym Modi:
-Men muny bilýärin,-diýdi:-Hut kazyýet mejlisiniň aç-açanlykda, adamlaryň gözüniň öňünde geçirilýändigi üçinem maňa ol ýere gitmek gerek däl, şeýle dälmi näme?
Gapdalymyzdan hanym Stiweni Krouford geçip gitdi. Ol sypal başgaply hem-de elliklidi. Ol:
-Hym, hym,-diýdi:-Gör-ä bu märekäni, edil Uilýam Jennings Braýanyň hut özi nutuk sözlejege dönäýpdirler.
-A sen nirä şaýlanýarsyň, Stiweni?-diýip hanym Modi oňa habar gatdy.
-Äý, oduk-buduk gerek-ýaragymy satyn alyşdyrmaga.
Hanym Modi heniz dogup-döräli bäri Stiweniniň oduk-buduk satyn almaga sypal başgaply gidenini görmändigini aýtdy.
Hanym Stiweni:
-Ýeri bolýar-da, belki-de men ýekeje pursatlyk kazyýete-de gözümi aýlaryn, ol ýerde biziň Attikusymyz nämejik işleýärkä,-diýdi.
Hanym Modi:
-Seresap bol, birden ol saňa-da kazyýete çakylyk hatyny gowşuraýmasyn-diýdi.
Biz düşünmedik we hanym Modiden ýaňky sözlerini düşündirmegini soradyk welin, ol: „hanym Stiweni, görýän welin, bu iş barada şeýlebir köp zatlary bilýär welin, ol şaýat hökmünde görkezme berse-de bolman durmajak ýaly“ diýdi.
Biz günortana çenli çydadyk. Attikus öýe nahar iýmäge geldi we ertirden bäri oturdaşlary saýlandyklaryny aýtdy. Günorta naharyndan soň biz Dilliň yzyndan bardyk we şähere ugradyk.
Hakykatdanam bu gün üýtgeşikdi. At daňylýan ýere ýene-de birje alaşa hem sygjak däldi, her agajyň aşagynda gatyrlar we arabalar dykynyşyp durdylar. Kazyýetiň edara binasynyň öňündäki meýdança edil dynç güni oturlyşyga üýşülişi ýaly, topbak-topbak adamlardan doludy. Köpler göni ýerde aşaklaryna gazet ýazynyp oturyşlaryna bally köke iýýärdiler, golçalardan güne gyzan süýt içýärdiler. Käbirleri bolsa bişen towugy ýa-da doňuz etini sowuklygyna iýýärdiler. Puly köpräkler bolsa dermanhanadan satyn alnan bulgurjyklardaky koka-kolany ýarna edinip naharlanýardylar. Çyr-çyrşak çagalar mähelläniň içinde başagaýlyk döredip biri-birlerini kowalaýardylar, bäbeklerini emdirýän eneler hem görünýärdi. Meýdançanyň alys künjünde bolsa garaýagyzlar güneşläp, ümsüm otyrdylar, olaryň günortanlyk nahary gowrulan takgaz balygyndan, guraksy kökeden ybaratdy, özlerem ysly nihi-kola içýärdiler. Jenap Dolfus Reýmond hem olar bilen otyrdy.
Dill:
-Jim,-diýdi:-ol kagyz haltajykdan içýär!
Hakykatdanam jenap Dolfus Reýmond agzynda dermanhanada şerbetli içgileri içmek üçin berilýän iki sany çeýnelýän sypaljygy saklap durdy, sypaljyklaryň beýleki ujy goňur kagyz haltajygyň içine girip gidýärdi.
-Ilkinji gezek şeýle zady görýärin,-diýip Dill hümürdedi:-Haltajygynyň içinde näme barka? Özem ol nädip dökülmeýärkä?
Jim pyňkyrdy.
-Onuň kagyz haltajygynda koka-kolanyň çüýşesi däl-de bir çüýşe şerap bar. Ol muny aýallaryň tolgunmazlygy üçin şeýle edýär. Ine görersiň, ol uzakly günläp şeýle edip haltajygyndan şerap süzer otyrar, soňra çete çekiler-de ýene-de çüýşesini doldurar-da, ýene-de içmäge başlar.
-O näme üçin reňkliler bilen otyr?
-Ol hemişe şeýle. Megerem olar oňa bizden has oňat ýaraýan bolmaly. Ol bir çetde, biziň okrugymyzyň iň gyrak-bujagynda ýaşaýar. Onuň bilen reňkli zenan hem-de mulat -çagajyklaryň tutuş bir topbagy ýaşaýar. Eger-de olar bärik gelseler men saňa görkezerin.
Dill:
-Daşyndan-a ol näkeslere çalym etmeýär-diýdi.
-Ol näkes däl, onuň öz ýer mülki bar, kenaryň ugrunda uly bölek, ol örän oňat maşgaladan gelip çykýar.
-Onda näme üçin beýle ýaşaýar?

Jim:
-Sebäbi oňa şeýle ýaşamak has oňat ýaraýar-diýdi:-Aýdyşlaryna görä, ol öz öýleniş toýundan bäri hiç serini durlap bilmeýärmiş. Ol Spenderleriň maşgalasyndan haýsydyr birine öýlenmeli ekeni...Toýlaryny hem örän dabaraly, şagalaňly etmek isläpdirler, emma bolmandyr. Olar är-aýal diýlip yglan edilenlerinden soň gelni öz otagyna galypdyr-da, aw tüpeňinden özüni atypmyş. Mäşesini ýalaňaç aýagynyň barmagy bilen gysanmyş.
-A näme üçin, bilip bilmändirlermi?
Jim:
-Ýok,-diýdi:-jenap Dolfusdan özge hiç kim anyk bir zat aýtmaýar. Aýdyşlaryna görä, ol jenap Dolfusyň şol garaýagyz aýaly barada eşidipmiş diýýärler. Ol bir wagtyň özünde garaýagyz zenany özünde galdyryp, onuň üstesine-de ýene-de öýlenmegem isläpdir. Ine şondan bäri-de ol hemişe serhoş ýagdaýda gezip ýör. Çagalar bilen bolsa ol juda rehimli...
-Jim,-diýip men soradym:-bi mulat diýýäniň näme?
-Ýarym ak ýarym reňkli adam. Sen olary gördüň ahyry, Gözlüje. Dermanhanadaky haryt paýlaýjyny tanaýaňmy, şeýle çypar, saçy-da burum-burum bolup duran. Ine şol ýarym akýagyz. Olaryň hemmesi-de betbagt.
-Näme üçin?
-Äý olar birhili ne balyk ne-de et ýaly, ne eýläk ne beýläk bir zat-da. Reňkliler-ä olary ýarym akýagyz bolanlary üçin özleriniňki diýip hasaplamaýarlar, akýagyzlar bolsa olar reňkli bolandyklary üçin öz aralaryna goşmaýarlar, ine şonuň üçinem olar olara-da beýlekilere-de gatyşyp-garyşyp bilmän sermisal bolup ýörler. Jenap Dolfus bolsa iki çagasyny dagy demirgazyga ugradypmyş diýýärler. Demirgazykda adamlar reňkliler bilen edil bärdäki ýaly jet däl. Serediň, ine ýene-de şeýleleriň biri. Bize tarap garaýagyz aýal maşgala ýöräp gelýärdi, onuň elinden bolsa kiçijik oglanjyk aslyşýardy. Ol maňa hakyky garaýagyzja çagajyk bolup göründi, doly şokolad reňkli, burnunyň deşikleri giňdi, dişlerem lowurdap durdylar. Ol her ädiminde şadyýana bökjekleýärdi, garaýagyz zenan bolsa ony bes etdirmek üçin aram-aram silterläp goýberýärdi.
Jim olar deňämizden ötýänçäler garaşdy-da:
-Ine şujagaz oglanjyk hem garnuwly mulatlardan-diýdi.
-A sen nireden bilýärsiň?-diýip Dill sorady:-Meniň pikirimçä ol sap garaýagyz.
-Kähalatlarda daşky keşbinden aýdyp bolmaýar, onuň kimdigini-de bilmek gerek. Ýöne ýaňky welin, ýarym gany boýunça Reýmond, hak sözi aýdýan.
-Ýeri sen nireden bilýärsiň-ä?-diýip men soradym.
-Men saňa aýdýan ahyry, Gözlüje, ýöne bilýän.
-Sen onda belki bilýän dälsiň, belki-de bizem garaýagyzdyrys?
-Jek Finç kakam şeýle diýibem aýdýar, biz muny gutarnykly bilibem bilmeris. Ol aýdýar, onuň bilşine görä biziň ata-babalarymyz akýagyz bolupdyrlar, aslyýetinde bolsa gadym döwürlerde biziň ata-babalarymyzyň ählisi hem Hebeşistandan gelip çykanmyşlar.
-Hymm, eger-de gadym döwürler bolsa onda ol zamanalar şeýlebir uzak bolýar welin, olary asla hasaba almagam gerek däl.
Jim:
-Meniň pikirimçe hem şeýle,-diýdi:-Meýkombda bolsa eger-de seniň damarlaryňda ýekeje damja garaýagyz gany bar bolsa, onda diýmek sen barybir garaýagyz diýip hasaplaýarlar. Eý, serediň hany!...
Edil kimdir biri pynhan yşarat eden ýaly meýdançadaky adamlar güsürre ýerlerinden galdylar-da, gazetlerini, iýmitden boşan kagyz hem sellofan dolaklaryny taşlaşdyrdylar. Çagajyklar ejeleriniň ýanlaryna ylgaşyp bardylar, eneler bäbeklerini ellerine aldylar, gara-der bolan sypal başgaplaryny tegeläp erkek kişiler edil çopanlar ýaly öz maşgalalaryny bir ýere jemläp, olary öňlerine salyp, kazyýetiň binasynyň gapysynyň agzyna eltdiler. Meýdançanyň alysdaky künjünde garaýagyzlar we jenap Dolfus Reýmond hem örboýlaryna galyp, jalbarlarynyň çaňynyn kakýardylar. Olaryň arasynda aýallar we çagalar düýbünden ýok diýen ýalydy, şol sebäpli-de göwnüňe bolmasa olar hem edil beýlekiler dek haýsydyr bir baýramçylyk şowhunyna tomaşa etmäge üýşen ýalydylar. Olar tä akýagyzlar öz maşgalalary bilen geçip gutarýançalar gapynyň agzynda sabyrlylyk bilen garaşyp durdylar.
Dill:
-Ýörüň şol ýere-diýdi.
Jim:
-Ýok, gowusy hemmeler girýänçä garaşalyň-diýdi:-Attikus, megerem bizi görse närazy bolmagy ähtimal.
Okrug kazyýetiniň binasy az-kem Arlingtonyň radioýaýlymynyň jaýyny ýatladýardy: binanyň günorta tarapynyň üçegini direýän sütünler öz ýeňiljek ýükleri bilen deňeşdireniňde çakdan aşa äpetdi.

Kazyýetiň 1856-njy ýylda ýanan köne binasynyň diňe sütünleri abat galypdy. Ýangyndan soňra ol sütünleriň üstüne täze bina gurupdylar. Has takygy täze binany köne sütünleri nazara almazdan gurupdylar. Binanyň haşamly girelgeli günorta tarapyny hasaba almanyňda meýkombyň okrug kazyýetiniň binasy demirgazyk tarapyndan irki wiktoriýa döwrüniň nysagyna laýyklykda gurlandy we beýlebir çygyryp duran gözdençykgynç däldi. Ýöne welin, eger-de onuň günorta tarapyndan barsaň ýunanlaryň edähetine eýerilip gurlan sütünleri gözüňe dürtuip durdy, olar poslan, hemişe ters wagt görkezip ýalan sözleýän uly sagatly XIX asyryň minarajygy bilen biri-birine öte gabat gelmeýärdiler. Ýöne olaryň ählisi Meýkombyň ýaşaýjylarynyň geçmişiň her bir gyýkyndyjygyny mukaddeslik hökmünde saklamaga biçak döwtalapdyklaryna şaýatlyk edýärdiler.
Kazyýetiň mejlisler otagynyň ikinji gatyna geçmek üçin dürli garaňky künjeklerden we hinlerden geçip gitmelidi, okrugyň salgyt gözegçisi, salgyt ýygnaýjysy, okrugyň dolandyryş müdirliginiň kätibi, okrug prokurory, göçme kätip, miras işleri boýunça kazy gün görünmeýän, çyg çeken kagyzyň, hajathananyň we çyglylygyň ysy aňkap duran sowuk otagçajyklarda dykynyşyp otyrdylar. Bu ýerde hatda gündizlerine-de çyrany ýakmalydy, otaglaryň astyny bolsa hemişe galyň tozan basyp durdy. Ol hinlerde bolýanlar hem öz daşlaryny gurşaýan zatlara kybapdaşdylar, ol solgun reňkli çalkeşp adamjyklara garanyňda göwnüňe bolmasa olary ömürboýy hiç haçan güneş gyzdyryp, şemal çalmadyk ýaly bolýardy.
Biz kazyýet mejlisinde adamyň köp boljakdygyna düşünýädik, ýöne ymgyr mähelläniň mähnet mejlisler otagyna sygman hatda dälizlere çenli doldurjakdygyny welin çaklamandyk. Meni Jim bilen Dilliň ýanyndan itekläp alyp gitdiler, ýöne men eýdip-beýdip basgançaga münmegi başardym, sebäbi beýgiräk, görünýän ýerde dursam Jimiň meni hökman tapjakdygyny bilýärdim. Ine şonda-da men Bikärleriň gurnagynyň agzalarynyň arasyna düşdüm, men olaryň özüme üns bermezlikleri üçin diwara ýelmeşdim. Olar ak köýnekli, haki reňkdäki, egnaşyr kemerli balakly garry adamlardy, olar bütin ömürlerine hiç zat etmän gezipdiler, indem ýaşlarynyň soňunde meýdançada, wirgin dublarynyň kölegesindäki agaç oturgyçlarda oturyp, şol öňki pişelerini dowam etdirýärdiler. Kazyýet mejlisleriniň bolsa olar hemişelik gatnaşyjylarydylar, mejlisler otagynda oturyp her bir çykyşy üns bilen diňleýärdiler we ilik-düwme tankytlaýardylar. Attikus: „olar şeýlebir köp ýyllar bäri mejlis yzyna mejlis diňläp gelýärler welin, olaryň kanunlary bilişleri baş kazynyňkydan erbet däl“ diýýärdi. Adatça kazyýet mejlislerinde şolardan özge işe dahylsyz adamlar gatnaşmaýardy diýen ýalydy, şoňa görä-de olara özleriniň endikli rahat diňleýji durmuşlarynyň bozulandygynyň ýaramaýandygy mese-mäli bildirip durdy. Gepleşenlerinde olar epeýlik hem-de bilimseklere mahsuslykda göwnüýetmezçilik bilen gepleşýärdiler. Olaryň gürrüňi meniň kakam baradady.
-...pikir edýär, ol näme edýändigine düşünýändir diýip-diýip biri gepledi.
-Ýeri, ýeri, beýle-de diýmäň-diýip oňa beýlekisi garşy çykdy:-Attikus Finç alym ýigit, ol ertirden agşama çenli kanunlary okaýar ahbetin.
-Hä, okamagy-ha ol oňarýar, megerem bar başarýany hem şol bolsa gerek.
Olar ala-pakyrdy bolup gülüşdiler.
-Ine men saňa näme aýdaýyn, Billi-diýip ýene-de biri gürrüňe goşuldy:-Ony kazy şol şar-garakirlini goramaga belläpdir ahyry.
-Wah, hawa-la, ol bolsa hakykatdanam şony goramakçy bolýar. Ine şu maňa ýaramaýar.
Bu wajyp täzelikdi, sebäbi ol ähli zady üýtgedýärdi, diýmek Attikusdan onuň garaýagyzy kazyýetde goramak isleýändigini ýa-da islemeýändigini soramandyrlaram, ony ýöne borçly edip goýaýypdyrlar! Geň zat, ol näme üçin bize muny aýtmadyka, eger-de aýdan bolsady, onda bize ony we özümizi goramak üçin aýdara-diýere bir zatlar bolardy ahyry! Ol şu işde aklawjy bolup çykyş etmäge borçly ekeni, ol borjuny-da berjaý edýär, eger-de bizde şunuň ýaly güýçli delil öň bolan bolsady, onda biz deň-duşlarymyz bilen häzirkimize garanyňda has azrak jetleşmeli bolardyk. Ýöne onda näme üçin bütin şäheriň kakamdan ýaňa içi tütäp durka? Kazy Attikusy garaýagyz aklawjysy diýip belläpdir, Attikus bolsa ony hakykatdanam goramaga taýynlanýar. Bu bolsa olara ýaramaýar. Bäh düşnüksiz-ow!
Akýagyzlaryň ähilisi basgançakdan ýokarylygyna çykýançalar garaşyp, olardan soň kazyýetiň mejlisler otagyna garaýagyzlar girip başlamaga çemelendiler.
-Eý, eý, hany az-owlak aýak çekiň bakaly,-diýip Bikärleriň biri hüňürdedi-de, çaklaňja hasajygyny göterdi:-Ýetişersiňiz entek.
Garrylar, haýallyk bilen, epilmeýän aýaklaryny zordan süýräp basgançak bilen galyp ugranlarynda Dill hem-de Jim bilen pete-pet geldiler, olar meni agtaryp ýören ekenler. Oglanlar garrylaryň arasyndan sümlüp geçdiler-de, Jim gygyrdy:
-Ýör Gözlüje, ol ýerde eýýäm oturara ýer ýok. Biz aýak üstünde durmaly bolarys...Eý seresap boluňsana!-diýip ol gatyrganma bilen üstüne goşdy.
Basgançak bilen ýokarylygyna garaýagyzlar hereket edip başladylar. Olardan öňürden gojalar aýak üstünde-de bolsa durmaga mümkinçilik bolan galan ähli boş ýerleri diýen ýaly eýelejekdiler. Biziňki

paşmady: „bu seniň günäň“ diýip Jim maňa hüňürdedi. Biz lapykeç halda diwara gysylyp durduk.
-Siz geçip bilmeýärsiňizmi?
Biziň öňümizde hormatly ata Saýks elinde gara sypal başgabyny saklap durdy.
Jim:
-Salam, siziň merhemetliňiz,-diýdi:-Biz ine şu sebäpli bärde galdyk.
-Ýeri näme, hany bir bu çykgynsyz işden baş alyp çykmaga size bir kömek etjek bolup synanyşalyň bakaly.
Şeýle diýdi-de hormatly ata Saýks ýokaryk gitdi. Birhaýukdan soň ol dolanyp geldi.
-Mejlisler otagynda ýekeje-de boş ýer ýok. Ýöne belki-de siz meniň bilen ýokarky gatyň eýwançasyna gidersiňiz?
Jim:
-Elbetde gideris!-diýdi.
Biz begenişip, giň basgançak bilen ýokarylygyna ylgaşyp gitdik, soňra has darrak basgançak bilen ondanam ýokaryk çykdy. Şol ýerde, eýwançanyň girelgesiniň öňünde biz sägindik. Hormatly ata Saýks demi-demine ýetmän haş-haşlap biziň yzymyzdan ýetdi-de, seresaplyk bilen bizi hümer bolşup duran garaýagyzlaryň arasyndan geçirdi. Garaýagyzlaryň dört sanysy ýerlerinden turdylar-da bize birinji hatardan orun berdiler.
Reňkleriň eýwançasy kazyýetiň mejlisler otagynyň üç diwarynyň ugry boýunça aýlanyp gidýärdi, bärden bize hemme zat eliň aýasynda ýaly oňat görünýärdi.
Oturdaşlar çepde, beýik penjireleriň aşagynda otyrdylar. Megerem olaryň ählisi-de mülkdar daýhanlar bolara çemeli, sebäbi ählisi-de hortap, mazaly güne ýanan adamlardy. Munuň şeýle bolmagy-da öz-özünden düşnüklidi, sebäbi şäherliler hiç wagt diýen ýaly oturdaşlyga saýlanmaýardylar, olara ýa ynam bildirmezlik bildirýärler ýa-da olaryň özleri özlerini bu wezipeden boşatmaklaryny haýyş edýärdiler. Oturdaşlaryň iki sanysy bolsa sähelçe bezenip-beslenen Kaningemlere çalym edýärdiler. Olaryň ählisi-de syryk ýuwdan ýaly gös-göni bolup oturyp üns bilen diňleýärdiler.
Göçme prokuror, ýene-de bir adam, Attikus we Tom Robinson dagylar bize arkalaryny öwrüp otyrdylar. Prokuroryň öňünde goňur daşly kitap we nähilidir bir sary kagyzlar ýatyrdy, Attikusyň öňi boşdy.
Kazyýetiň düzümini otagdaky mähelleden bölýän germewiň aňyrsynda, gaýyş daşlykly oturgyçlarda şaýatlar bize arkalaryny öwrüp otyrdylar.
Belentlikdäki orunda kazy Teýlor, edil ukuly akula çalym edip otyrdy, ondan biraz pesräkdäki orunda bolsa onuň ýolbelet-balyjagy nämedir bir zatlary haýdap ýazýardy. Kazy Teýlor umuman, edil maňa görmek miýesser eden beýleki kazylara çalymdaş, päkgöwünli, çap-çal saçly, çym-gyzyl ýüzli, ol özüni hemişe örän seýrek duş gelýän zoňtarlyk bilen alyp barýardy, aýaklaryny gabat gelen ýere taşlaýardy, dyrnaklaryny çakgy bilen alýardy. Taraplaryň tükeniksiz çekişmeleriniň dowamynda bolsa, esasanam günorta naharyndan soňra göwnüňe bolmasa ol ymyzganyp, burny bilen däne çokýan guşa çalym edýän ýaly bolýardy, ýöne öňde bir aklawjy ony oýarmak üçin bir topbak kitabyny bilgeşleýinden ýere gaçyran bolaly bäri, onuň bu çeňňegine indi hiç kim düşmeýärdi. Şonda şol bir bolşuny üýtgetmän, hatda gözüni-de açman, kazy Teýlor burnuna salyp hüňürdäpmiş:
-Jenap Uitli, indiki gezek şeýle oýnuňyz size ýüz dollara düşer!
Ol kanunlary ilik-düwme bilýärdi, daşyndan göräýmäge ünssiz hem harsal ýaly bolup görünse-de islendik kazyýet seljerişiniň jylawyny mäkäm we ynamly ellerinde pugta saklaýardy. Diňe bir gezek kazy Teýlor seljeren işinden baş alyp çykyp bilmän, petige diräp görüpdi, şol gezek onuň pirini kädä gabanlar bolsa Kaningemlerdi. Köne Sareme, olaryň hemişelik eýelik edýän çäklerine nähilidir bir dürli ýerlerden gelen maşgalalar göçüp barypdyrlar, ýöne iň ýeser ýeri olaryň familiýalary hem juda çalymdaş ekeni. Kaningemler we Koningemler birek-biregiň gyzlaryna öýlenipdirler hem-de durmuşa çykarypdyrlar, haýsy familiýanyň nähili ýazylýandygy-da hiç kimi düýbünden gyzyklanmandyr. Ine günlerde bir günem haýsydyr bir Kaningem Koningemleriň biriniň ýer şahamçasy babatda jedel gozgap, kazyýete ýüz tutupdyr. Kazyýet mejlisinde Jims Kaningem öz ejesiniň hakykatda Koningem bolsa-da, dürs ýazuwda beýlebir ökde bolmandygy, az okandygy, diňe käteler bir eýwanda bir nokada tiňkesini dikip oturmagy halandygy sebäpli ähli resminamalarda Kaningem diýip gol çekendigi hakynda görkezme beripdir. Kazy Teýlor arasyny bölmän tutuşlygyna dokuz sagatlap Köne Saremiň ýaşaýjylarynyň geň-taňlyklary barada görkezmeleri diňläpdir, soňam yglan edipdir: iş bes edilýär diýip. Ondan sorapmyşlar: nämäniň esasynda, ol jogap beripmiş: taraplaryň özara ylalaşandygy zerarly, soňam üstüne goşupmyş: „hamana jedelleşýänler diňe köpçüligiň içinde göwnüne gelenlerini aýdyp, içlerini boşadandyklary üçinem öz talaplary kanagatlandyrylan diýip hasap etmelidirler“ diýip. Şeýle hem bolupdyr. Asyl Kaningemler bilen Koningemleriň esasy maksady hem şol ekeni.
Kazy Teýloryň bir gülkünç endigi bardy. Ol kazyýet mejlisiniň otagynda çilim çekmäge ygtyýar

berýärdi, ýöne özi hiç wagt çilim çekmeýärdi, emma käte şowlasa, onuň otlanmadyk çilimi dişleriniň arasyna gysyp haýallyk bilen çeýneýşini görüp bolýardy. Şonda çilim ýuwaş-ýuwaşdan onuň agzyna girip ýitip gidýärdi, birnäçe sagatdan soň bolsa kazy Teýlor ony sakgyç ýaly çeýnelen görnüşde ýere tüýkürýärdi. Men bir gezek Attikusdan: „nädip hanym Teýlor onuň bilen öpüşip bilýärkä“ diýip soradym, şonda Attikus: „olar beýlebir ýygy-ýygydan ogşaşyp hem durmaýarlarmyka diýýän“ diýip jogap berdi.
Şaýatlaryň görkezme bermeli münberi kazy Teýloryň sag tarapyndan ýerleşýärdi, haçan-da biz öz ýerimize baryp, oturanymyzdan soň jenap Gek Teýt örboýuna galdy.

xxxxx

Men:
-Jim,-diýdim:-hanha, hol ýerde oturanlar Ýueller dälmi?
Jim:
-Hüş-ş,-diýdi:-Jenap Teýt görkezme berýär.
Jenap Teýt bu günki wakanyň şanyna ykjam bezenip-beslenen ekeni. Onuň egnindäki iň adaty penjek bolandygy sebäpli ol ähli beýleki adamlara çalym edýärdi, biziň gözümiz öwrenişen belent gonçly ädikden, gaýyş penjekden, okly guşakdan nam-nyşan ýokdy. Şu pursatdan başlap men ondan üýşenmegimi bes etdim. Ol şaýat kürsüde, biraz öňe ümzügini atyp, ellerini dyzlarynyň arasynda gysyp oturyşyna, göçme prokurory üns bilen diňleýärdi.
Bu prokurory, jenap Jilmeri biz düýbünden tanamaýardyk diýen ýalydy. Ol Ebbotswildendi, biz ony diňe kazyýet mejlislerinde, olam örän seýrek görýärdik, sebäbi Jim ikimizi kazyýet mejlisleri beýlebir gyzyklandyryp barmaýardy. Jenap Jilmeriň saçy düşen kellesi lowurdap durdy, sakgal-murty tämiz syrylandy, daş keşbinden bolsa oňa kyrk ýaşam, edil şonuň ýaly altmyş ýaşam bermek boljakdy. Ol bu wagt bize arkasyny öwrüp durdy, ýöne biz bilýärdik, onuň bir gözi çaşydy, ol mundan örän ugurtapyjylyk bilen peýdalanýardy hem, hakykatda ol saňa seretmeýär, emma göwnüňe bolmasa ol seni gözi bilen burawlap, içiňi deşip gelýän ýaly bolup görünýär, şonuň üçinem oturdaşlar we şaýatlar ondan gorkýardylar. Oturdaşlardyr-şaýatlar ol özlerine juda berk gözegçilik edýändir öýdüp oýlanýarlar we üns berip diňlemäge çytraşýarlar.
-...öz sözleriňiz bilen jenap Teýt-diýip ol gepleýärdi.
-Ine onsoň,-diýip jenap Teýt öz dyzlaryna aýdyp berýän ýaly gepledi-de, äýnegini elledi:-Meni çagyrdylar...
-Belki-de siz, oturdaşlara ýüzlenip görkezme berersiňiz, jenap Teýt? Sag boluň, minnetdar. Takyk kim sizi çagyrdy?
-Meni Bob çagyrdy...ýagny, däninim, ine ol, jenap Bob Ýuel, bu agşamara bolupdy...
-Takyk haçan, jenap?
Jenap Teýt:
-Ýigrimi birinji noýabryň agşamsy,-diýdi:-Men edil şol wagt öýe gaýtmakçy bolup durdym, ine şol pille-de meniň ýanyma Bo...jenap Ýuel gelip girdi, ýüzünde gan-pet ýok, „ýör bahymrak gideli, bir şar-garakirli meniň gyzymy zorlaşdyrdy“ diýdi.
-Onsoň sizem gitdiňiz?
-Elbetde. Ulaga mündüm-de, eňdim.
-Onsoň siz wakanyň bolan ýerinde nämeleriň üstünden bardyňyz?
-Ol gapydan gireniňde sag gapdalyňdaky birinji otagda, ýerde ýatyrdy. Ol mazaly ýenjilen ýagdaýdady, men oňa aýak üstüne galmaga kömek etdim welin, ol ýüzüni ýuwdy, şol ýerde, burçda suwly setil durdy, onsoň ol biraz nepesiniň durlanandygyny aýtdy. Men ondan kimiň göwnüne degendigini soradym, ol „Tom Robinson“ diýdi.
Kazy Teýlor şu pursada çenli üns bilen öz dyrnaklaryny synlap otyrdy, emma şondan soň edil garşylyk bildirilmegine garaşýan ýaly başyny galdyrdy, emma Attikus dymýardy.
-...men soradym: „şol ony şeýle ýençdimi?“ diýip. Ol aýtdy: „hawa“ diýdi. Men soradym: „Ol maksadyna ýetdimi?“ diýip. Ol aýtdy: „hawa“ diýip. Onsoň men Robinsonyň yzyndan gitdim we ony Ýuelleriň öýüne getirdim. Ol bu şol diýip tanady we men ony alyp gaýtdym. Ine-de bar bolany.
Jenap Jilmer:
-Sag boluň, size minnetdarlyk bildirýärin,-diýdi.
Kazy Teýlor:
-Sorag barmy, Attikus?-diýdi.
Meniň kakam:
-Hawa,-diýdi.
Ol öz ornunda, aýagyny aýagynyň üstüne atyp otyrdy, onuň bir eli oturgyjynyň arkasyna goýulgydy.
-Siz lukmany çagyrdyňyzmy, şerif?-diýip Attikus sorady:-Ýa-da, belki, kimdir başga biri çagyrandyr?

Jenap Teýt:
-Ýok jenap,-diýdi.
-Hiç kim lukmany çagyrmadymy?
-Ýok, jenap,-diýip jenap Teýt gaýtalady.
-Näme üçin?-diýip Attikus has berkräk äheňde sorady.
-Munuň sebäbi örän ýönekeý. Munuň hiç hili derkary ýokdy, jenap Finç. Ol mazaly ýenjilen ekeni. Ony gören dessiňe işiň işden geçendigi bildirip durdy.
-Ýöne siz lukmany çagyrmansyňyz? Siz şol ýerde wagtyňyz başga hiç kim hem lukmany çagyrmandyr, lukmany alyp gelmändir we ony lukmanyň ýanyna alyp gitmändir, şeýlemi?
-Ýok, jenap...
Şu ýerde kazy Teýlor goşuldy:
-Ol siziň soragyňyza üç gezek jogap berdi, Attikus. Ol lukmany çagyrmandyr.
Attikus:
-Men diňe has takyk anyklamak isledim,-diýdi welin, kazy ýylgyrdy.
Jimiň eli rahatlyk bilen eýwançanyň germewiniň üstünde ýatyrdy, birdenem ol bar güýji bilen germewe ýapyşdy-da, haşlap uludan demini aldy. Men aşak, mejlisler otagyna seretdim, ol ýerde hiç kim üýtgeşik bir tolgunyp barmaýardy, onsoň men pikir etdim: „ol näme bärde beýden bolup pajygaly sahna oýnan bolýarka?“. Dill arkaýynlyk bilen diňläp otyrdy, onuň ýanyndaky hormatly ata Saýks hem şeýle.
-Saňa näme bolýar-a?-diýip men pyşyrdap soradym, ýöne Jim maňa jogap bermän gaýta gaharly hüşşüldedi.
Attikus:
-Şerif,-diýdi:-siz ol mazaly ýenjilen ekeni diýýärsiňiz. Anyk nähili ýenjilipdir.
-Ýeri-i...
-Gek, siz diňe onda urulmagyň nähili yzlaryny görendigiňizi suratlandyryp beräýiň.
-Ýüzi gök-alady. Elinde, tirseginden ýokarrakda gök yzlary bardy, äý onsoňam şol pille ýaňy ýarym sagat geçipdi ahyry...
-Siz nireden bilýärsiňiz?
Jenap Teýt gülümsiredi.
-Bagyşlaň, men bu ýerde olaryň sözlerini gaýtaladym. Ýöne her niçik-de bolsa ol mazalyja ýenjilen ekeni, sebäbi haçan-da men ol ýere baranymda onuň gözüniň aşagynyň ep-esli ýeri gögerip durdy.
-Haýsy gözüniň aşagy?
Jenap Teýt gyrpdy-da, iki eli bilen saçyny sypaşdyrdy.
-Hany ýatlajak bolaýyn bakaly,-diýip ol pessaý aýtdy-da, Attikusa: „nähili biderek zatlar barada soraşdyrýar-a“ diýýän ýaly seretdi.
Attikus:
-Belki ýadyňa salarsyňyz?-diýdi.
Jenap Teýt göni gabat-garşysynda duran göze görünmeýän kimdir birine barmagyny çommaltdy-da:
-Çep gözi-diýdi.
Attikus:
-Ýekeje pursat, şerif,-diýdi:-Çep gözi – eger-de ol siziň öňüňizde duran bolsamy ýa-da ol siziň seredýän tarapyňyza seredýän bolsamy?
Jenap Teýt:
-Hä, hawa, dogry,-diýdi:-has takygy sag gözi bolmaly. Onuň sag gözüne urlan ekeni, jenap Finç. Indi meniň ýadyma düşjek bolýar, onuň ýaňagy hem-de ýüzüniň tutuş şol tarapy sypjyryklardan doludy we çişendi...
Jenap Teýt birdenkä nämedir bir zada düşünen ýaly gözlerini çalt-çaltdan gyrpyp başlady. Öwrüldi-de Tom Robinsona tarap dikanlady. Tom Robinsonam edil onuň nazary duýan ýaly başyny galdyrdy. Megerem, Attikusam nämedir bir zada düşünen bolara çemeli, ol bat bilen ýerinden galdy.
-Şerif, haýyş edýän, öz sözleriňizi ýene-de bir gezek gaýtalaň.
-Men onuň sag gözüne urlupdyr diýip aýtdym.
-Ýok, ony däl...
-Attikus kätibiň ýanyna bardy-da onuň eliniň kagyzyň ýüzünde neneňsi çalt hereket edişine seredip ugrady. Kätip togtady-da, mejlisiň beýany ýazylan ýandepderçesiniň sahypalaryny agdaryşdyryp, okady:
-„Jenap Finç, indi meniň ýadyma düşjek bolýar, onuň ýaňagy hem-de ýüzüniň tutuş şol tarapy sypjyryklardan doludy we çişendi“.
Attikus göneldi-de jenap Teýte garady.
-Gek, haýyş edýän, ýene-de bir gezek gaýtalaň, haýsy tarapy?
-Sag tarapy, jenap Finç, ýöne onuň başga-da gögeren ýerleri bardy, olar barada-da aýtmalymy?

Megerem, Attikus, eýýäm başga sowal bermekçi bolan bolara çemeli, emma ol pikirini üýtgedip:
-Hawa, onuň ýene-de nähili gögeren ýerleri bardy?-diýdi. Jenap Teýt jogap berýänçe-de Attikus: „Bu nähili oslagsyz täzelik boldy-a?“ diýmek isleýän ýaly Tom Robinsona tarap öwrüldi.
-...elleri gök-ala hem sypjyryk-sypjyrykdy, ol maňa boýnuny hem görkezdi. Onuň bokurdagynda barmak yzlary edil tagma basylan ýaly bolup galaýypdyrlar...
-Bokurdagynyň tutuş daşyndamy? Boýnunyň ýeňse ýüzünde-de bardymy?
-Hemme tarapynda, jenap Finç, özem muňa geň galyp oturasy işem ýok.
-O nähili?
-Hawa-da, jenap, onuň boýny şeýlebir inçejik welin, ony garbap gysyp bolar, hatda...
-Haýyş edýän, soraga diňe „hawa“ ýa-da „ýok“ diýip jogap beriň, şerif,-diýip Attikus guraklyk bilen aýtdy welin, jenap Teýt dymdy.
Attikus ornuna geçip oturdy-da, prokurora baş atdy, ol kaza tarap kellesini ýaýkady, kazy jenap Teýtde baş atdy, ol oňaýsyzlyk bilen ýerinden turup, münberden düşdi.
Aşakda adamlar kellelerini ýaýkaşdyryp, aýaklaryny tapyrdadyşyp başladylar, bäbeklerini has ýokarraga göterdiler, birnäçe körpejeleri bolsa ylgadyp diýen ýaly mejlisler otagyndan çykardylar. Biziň arkamyzdaky garaýagyzlar pessaýja pyşyrdaşýardylar. Dill hormatly ata Saýksdan bu bolup geçýän zatlaryň manysyny sorady, ýöne ol özüniň bilmeýändigini aýtdy. Häzirlikçe hemme zat içgysgynçdy, hiç kim gykylyk turuzmaýardy, haýbat atmaýardy, hukukçylar öz aralarynda jedelleşýärdiler, hemme zat göwnüňe bolmasa ähli ýygnananlary lapykeç edip adaty hem ýönekeý dowam edýärdi. Attikus bärde edil bir bolgusyzja gozgalmaýan emläk barada jedel gidýän ýaly özüni parahat hem ýumşaksy alyp barýardy. Onuň möwç urup ugraýan duýgulary köşeşdirmeklige örän üýtgeşik ukyby bardy, şoňa görä-de jynsy taýdan zorlamak baradaky iş edil ybadathanadaky wagyz ýaly guraksy hem içgysgynç bolup görünýärdi. Men eýýäm aragyň, mal ýatagyň porsy ysyny, ukusy, hyrsyz nätanyşlary, „Jenap Finç! Olar gitdilermi?“ diýýän garaňkylykdan çykan gyryk sesi eýmenç wehim bilen ýatlamaýardym. Gündiziň ýagtysynda biziň gara basmaly düýşümiz dyr-pytrak bolupdy we ähli zadyň gülala-güllük bilen tamamlanjakdygyna ynam döräpdi.
Mähelläniň içinde hemmeler özlerini edil kazy Teýlor ýaly arkaýyn duýýardylar, Jimden özge hemmeler. Ol köpmanyly gülümsiredi-de, daş-töweregine gözüni aýlap, gönüden-göni hem gytaklaýyn dahylly subutnamalar barada nämedir bir zatlary aýtdy, „munuň gomparan bolaýşyny“ diýip men pikir etdim.
-Robert Li Ýuel!-diýip kazyýet kätibi çasly çagyrdy.
Şol pille-de öňe bentam horazyna çalymdaş adamjyk bökjekläp çykdy-da, tekepbir keşp bilen şaýatlaryň münberine ýöneldi, haçan-da öz adyny eşidende onuň hatda boýny-da çym-gyzyl bolan ekeni. Ol Injilde kasam etmek üçin öwrülende bolsa biz onuň ýüzüniň hem tutuşlygyna dym-gyzyldygyny gördük. Ol şanyna ady dakylan generalyna jinnek ýalyjagam meňzemeýärdi. Maňlaýynyň ýokarysyndan golaýda ýuwulan selçeň saçyň bir çogmagy syh-syh bolup dur, inçejikden ýiti jüýkburny ýylpyldaýar, eňegi düýbünden görünmeýär diýen ýaly, sebäbi ol arryk, gasyn-gasyn boýny bilen bitişip gidene dönüpdir.
-...we goý maňa Taňrynyň özi ýardam bersin,-diýip ol gyryk sesi bilen garga kimin gagyldady.
Meýkomba kybapdaş her bir kiçijik şäherde özleriniň ýuelleri tapylýar. Hiç hili ykdysady gaýtgynlar we daşgynlar olaryň ýagdaýyny üýtgetmeýär, şeýle maşgalalar edil okruga gelen myhmanlar ýaly, ol pajarlap össün ýa-da günbe-günden çöksün, göwnübir ýaly biparh ýaşaýarlar. Ýekeje iň talapkär mekdep gözegçisi hem şeýle maşgalanyň köpsanly çagalaryny mekdebe gitmäge mejbur edip bilmez, ýekeje arassaçylyk gözegçisi-de läbik-zibiliň içinde ýaşaýanlary ahyrsoňy alyp ýatýan pese düşmegiň yzlaryndan, adamzada mälim bolan ähli hapa-hupa mör-möjeklerden, kesellerden olary halas edip bilmez.
Meýkombyň Ýuelleri şäheriň zibilhanasynyň aňryýanynda öň garaýagyzlaryň biriniň köne hütdüginde ýaşaýardylar. Ol çalamydar hütdügiň agaç diwarlary büdür-südür demirden ýamalardan doludy, üçegi bişirilen toýundan örtgä derek ýemşerdilen galaýy gutular bilen basyrylgydy, diňe onuň umumy keşbini mazaly synlanyňdan soňra ol dört sany gyradeň bolmadyk çage depeleriniň üstünde ýegşerilip duran hütdügiň ilkibaşda nähili bolandygyny, ýagny ählisiniň gapysy uzyn we darajyk dälize çykýan dört sany çaklaňja otagjyklara bölünen, inedördül şekillidigini çen edip bolýardy. Onuň penjireleri penjire-de däldi-de ýöne bir diwarda hoňkaryp duran deşiklerdi, tomus ol deşiklere zir-zibil üýşmekleriniň daşynda wag berýän siňekler bosuşyp girmez ýaly hapa hasa tutýardylar.
Ýueller zerarly siňekleriň gün-güzeran aýlamagy juda hupbatlydy, sebäbi olar her gün tutuş zibilhanany haýsydyr bir diňe özlerine mälim oljanyň (iýmäge ýaramly näme-de bolsa bir zatlaryň) gözleginde gyzyl-dörjük edip, tapan-tupan taşlandylaryny öz kepbeleriniň ýanyna daşaýardylar, kepbäniň daş-töwereginde bolsa edil haýsydyr bir aklyndan azaşan çagajyk oýnan ýalydy, haýadyň deregine döwlüp alnan gury şahalar, köne sübseleriň saplary we şuňa meňzeş ýarag-esbaplar syh-syh bolup durdylar, olaryň çür başlaryny bolsa posly çekiçler, gyşyk-çaýşyk çarşaklar, döwük piller,

paltalar, dyrmyklar bezeýärdi, ol „şaý-sepleriň“ ählisi hem posly sim bilen „haýada“ pugta daňylgydy.
Bu germewiň aňyrsyndan hapa howly görünýärdi, onuň bir çetinde daşlaryň hem töňňeleriň üstünde gadymy döwürlerden biziň eýýamymyza şu görnüşde sag-aman gelip ýeten „ford“ ulagynyň gören dessiňe nebsiňi agyrdýan galyndylary durdy, onuň beýle ýanynda diş lukmanynyň döwük kürsüsi, hatda köne diýmäge-de diliň barmaýan öte dagan doňduryjy hem-de ýene-de bir topar: ýyrtyk köwüşler, birmahal ulanylandygyna ynanyp bolmajak radioenjamlar, suratlaryň çarçuwalary, galaýy gutular ýaly dürli zatlar depe turup ýatyrdylar, olaryň çar ýanynda bolsa arryk çypar towuklar yhlas bilen ýer dörjeleýärdiler.
Şonuň bilen birlikde-de bu howlynyň bir künjegi öz görnüşi bilen bütin Meýkomby oýurgandyrýardy. Haýatyň ugrunda dört sany syrçasy gopan setil durdy, olaryň içinde bolsa yhlas bilen ideg-yssywat edilen gülgüne geran gülleri, edil hut hanym Modi Etkinsonyň hut özüne degişli ýaly bolup (eger-de hanym Modi öz bagynda haýsydyr bir geran gülleriniň ösüp-örňäp oturmagyny çekip-çydap bilse!) paşyrdap gülläp otyrdylar. Ol gülleri Meýella Ýuel ekip ýetişdiripdir diýip gürrüň edýärdiler.
Bu öýde näçe çaganyň bardygyny hiç kim anyk bilmeýärdi. Birleri – alty sany diýýärdiler, beýlekileri bolsa – dokuz, haçan-da kimdir biri bu öýüň deňesinden öten wagty onuň penjirelerinden hemişe garagäzje tumşujyklar jyklaşyp durýardy. Dogrusy, diňe täze ýylyň öňisyrasynda ybadathananyň geňeşi garyp-gasarlara sowgat paýlanda bolaýmasa, bu öýüň deňesinden hiç kim düýbünden gatnamaýar diýen ýalydy. Käte bolsa Meýkombyň meri bizden şäheriň zibilçisine az-maz kömek etmegi haýyş edýärdi, şonda-da biz baýramçylykdan soň galan arçalary we galan-gaçan hapa-hupalary şäheriň zibilhanasyna daşaýardyk.
Geçen täze ýylda Attikus bizi-de ýanyna alyp gidipdi. Çagylly ýol gatnawly uly ýoldan sowlup, zibilhananyň deňesinden geçip, Ýuelleriň jaýyndan takmynan bäş ýüz ýard çemesi aňyrda ýerleşýän garaýagyzlaryň kiçeňräk şäherçesine tarap uzalyp gidýärdi. Zibilhana gatnawly uly ýol bilen ýa-da tä şäherçä çenli ýetip, soňam öwrülip barmak bolýardy, hemmeler diýen ýaly-da garaýagyzlaryň külbejikleriniň deňesinden ötýän soňky ýoly saýlap alýardylar. Sowuk dekabr alagaraňkylygynda olar täp-tämizje hem ýakymly bolup görünýärdiler, tüsseçykarlaryndan mawy tüssejik göterilýär, ojakda ýanýan alaw zerarly açyk gapylar ýap-ýagty bolup lowurdap durlar, özi-de aýazly howada örän tagamly, ýagda şytyrdaýança gyzardylyp gowrulan towuklaryň yslary bark urýar. Jim ikimiz ýene-de gowrulan awysiýdigiň ysyny hem saýgarmagyň hötdesinden geldik, kakam bolsa (ol ýöne ýere şäherden alysrakda önüp-ösmän ekeni) munuň üstesine hatda uzynguýruk, haltaly alaka bilen towşanyň ysyny hem almagy başardy. Ýöne bu tagamly yslar biz Ýuelleriň mülkleriniň deňesinden yzymyza gaýdanymyzda zym-zyýat boldular.
Ine şu wagt şaýatlaryň münberinde duran adam hem öz ýakyn goňşularynyň öňünde ýekeje artykmaçlyga eýedi, eger-de ony garaýagdan taýýarlanan sabyn bilen gyzgyn suwda uzak wagtlap dowamly ýuwsaň onuň hamy agarjakdy.
-Siz jenap Robert Ýuelmi?-diýip jenap Jilmer sorady.
-Edil özüňiz bilmeýän ýaly,-diýip şaýat jogap berdi.
Jenap Jilmer galagoply göneldi welin, meniň oňa haýpym geldi. Megerem, käbir zatlary düşündirmegiň pursaty gelip ýetdimikä diýýärin. Men eşidýärdim, hamana hukukçylaryň çagalary öz ene-atalarynyň kazyýet mejlislerinde gazap bilen jedelleşişlerini görüp, garşydaş tarapyň aklawjysy öz kakalarynyň şahsy duşmany diýip pikir edip başlaýarmyşlar we taraplaryň ot-ýalynly çekişmelerini örän erbet içlerine salýarmyşlar, soňra bolsa ilkinji arakesmede kakalarynyň mejlisler otagyndan öz sütemkär garşydaşy bilen gol tutuşyp çykyp gidişlerini görüp aňk bolup galýarmyşlar. Jim ikimiz welin bu ýagdaý barada hiç hili ýalňyş pikirde däldik. Kakamyz işde utsun ýa-da utulsyn, bu biziň üçin kyýamat däldi. Gynansamam, men bu mesele babatda biziň çakdan aşa çynlakaý duýgularymyzy şekillendirip bilmeýärin, eger-de şeýle şekillendirmäni düzmäge synanyşaýan ýagdaýymda bolsa meniň ýazanym ýalan bolar durardy. Biz, elbetde, eger-de taraplaryň çekişmeleri hünär edebiniň talap edişinden artyk awuly, ýiti bolup başlasa bada-bat duýýardyk, ýöne şeýle ýagdaý hemişe beýleki aklawjylar çykyş edende emele gelýärdi, kakam çykyş edende welin, beýle zatlar hiç wagt ýüze çykmaýardy. Men bütin ömrüme ýekeje sapar hem Attikusyň şaýadyň gulagy kerlewräk ýagdaýlaryndan başga halatlarda kazyýet mejlisinde sesini gataldanyny eşitmändim. Jenap Jilmer öz işini edýärdi, Attikusam öz işini. Onsoňam Ýuel Jilmeriň öz şaýadydy, şonuň üçinem biraz sypaýyrak jogap berse-de bolman durjak däldi.
-Siz Meýella Ýueliň kakasymy?-diýip jenap Jilmer indiki sowalyny berdi.
-Belki-de däldirinem, ýöne indi muny nädip biljek, sebäbi, onuň ejesi ýogaldy ahyry-diýen jogap ýaňlandy.
Kazy Teýlor gymyldap ugrady. Ol özüniň pyrlanýan kürsüsini haýallyk bilen öwürdi-de, göwnüýetmezçilik bilen şaýada garady.
-Siz Meýella Ýueliň kakasymy?-diýip ol sowaly şeýlebir üýtgeşik äheňde gaýtalady welin, oturanlaryň gülküsine suw sepilen ýaly boldy.

-Hawa, jenap,-diýip Ýuel ilgeziklik bilen jogap bermäge gyssandy.
-Siz şu gün kazyýetde ilkinji gezekmi? Eger-de ýalňyşmasam men öň sizi görmändim.
Ýuel: „hawa, ilkinji gezek“ diýen manyda baş atdy welin kazy dowam etdi:
-Ine onda, geliň bir zady şertleşeliň. Men şu ýerde kazy hökmünde otyrkam otagda ýekeje adam hem mundan beýläk ýekeje-de hapa-paýyş ýa-da wejera sözi hiç bir sebäp üçin diýmäge milt etmez. Düşnüklimi?
Ýuel baş atdy, ýöne men dogrusy onuň düşünendigine doly ynanmadym. Kazy uludan demini aldy-da:
-Dowam ediň, jenap Jilmer,-diýdi.
-Sag boluň, jenap. Jenap Ýuel, siz merhemet edip, öz sözleriňiz bilen ýigrimi birinji noýabr agşamy nämeleriň bolup geçendigini aýdyp bilmersiňizmi?
Jim ajy gülümsiredi-de, maňlaýyndan alyn saçyny yzyna gaňtardy. „Öz sözleriňiz“ bilen diýen jümle jenap Jilmeriň islendik çykyşyny başlaýan ebedilik ilkinji jümlesidi. Biziň ikimiz köplenç pikir edýärdik, onuň pikiriçe şaýat başga kimiň sözleri bilen geplemelikä.
-Howwa, däninim, neme-dä, onsoň, bar-a, ine men neme-dä, ýigrimi birine agşam tokaýdan bir gujak çöpleme çöpläp gelýärin, onsoň, ine welin, haýada ýetdim welin, ine onsoň, birden eşidäýdim, öýde Meýella, edil doly damagy çalynmadyk doňuz ýaly bütüki bir çygyrýar...
Şu ýerde kazy Teýlor şaýada içiňi deşip gelýän ýiti nazar bilen siňe-siňe seretdi, ýöne, megerem, bu sözler bilgeşleýin aýdylmady diýip hasap etdi öýdýän, diňe ukuly ses bilen:
-Bu aýdýanlaryňyz haýsy wagtda bolupdy, jenap Ýuel?-diýip soramak bilen çäklendi.
-Iňrik garalmazynyň öňysyrasy-la. Ine onsoň, birden eşidýän, Meýella şeýlebir çygyrýar welin, hatda jynlaryň gulagyny kamata getirip gelýär...
-Şeýlelikde, ol örän gaty gygyrypdyr ekeni,-diýip jenap Jilmer şaýadyň agzyna salgy berdi.
Jenap Ýuel aljyraňňy halda kaza seretdi.
-Ýeri, onsoň, men onuň çygyryşyny eşitdim-de, çöplemämi taşlap aýagaldygyna şol tarapa ylgadym, şol barşyma-da özümi haýata urupdyryn, zordan çolaşan simimden sypdym-da, penjirejigimiziň ýanyna bardym welin, birdenkä gördüm...-diýdi-de Ýuel tutuş çym-gyzyl boldy, gös-göni göneldi-de, barmagyny Tom Robinsona çommaltdy:-Gördüm, şu şar-garakirli meniň Meýellamy bogaz edip ýatyr!
Jenap Teýloryň mejlisler otagynda hemişe ümsümlik we asudalyk höküm sürýärdi, şonuň üçinem ol öz çekijini köplenç ulanmaly bolmaýardy, emma bu gezek welin, ol tutuş bäş minutlap dagy öňündäki çekiç tagtajygyny ýençmeli boldy. Attikus onuň ýanyna bardy we oňa nämedir bir zatlary aýdyp ugrady, jenap Gek Teýt okrugyň birinji resmi adamsy girelgede durup, depilip dykylan ýaly ýaly doly otagda tertip-düzgüni ýola goýmaga dyrjaşýardy. Biziň arkamyzda duran garaýagyzlaryň arasynda-da nägilelikden doly boguk hümürdi tolkun atyp gitdi.
Hormatly ata Saýks Dill ikimiziň üstaşyr egildi-de, Jimiň ýeňinden çekip:
-Jenap Jim,-diýdi:-siz bar-a, iň gowusy hanym Jin Luizany öýňüze alyp gidäýseňiz nädýär, jenap Jim siz meni eşidýärsiňizmi?
Jim başyny öwürdi.
-Bar öýe gaýt, Gözlüje. Dill, ony öýe alyp git.
Men Attikusyň halas ediji tabşyrygyny buýsanç bilen ýadyma salyp:
-Hany, sen bir meni mejbur etmäge synaşyp gör, bakaly!-diýdim.
Jim gazaply nazary bilen meni dalady.
-Men pikir edýärin, munuň eşidenininiň aýby ýokmuka diýýän, siziň merhemetliňiz, ol barybir hiç zada düşünmeýär ahbetin.
Bu sözler meniň mertebäme ölüm ýarasyny saldy.
-Haýyş edýän, pakgarmasana! Men hemme zada sendenem gowy düşünýän!
-Ýeri goýsana. Ol aýdylýanlara dynnym ýalyjagam düşünmeýär, onuň heniz dokuzy hem dolmadyk ahyry.
Hormatly ata Saýksyň gara gözlerinde howsala doňup durdy.
-A jenap Finç siziň bärdedigiňizi bilýärmi? Bu ýer hanym Jin Luiza üçin gelşikli ýer däl ahyry, siziň üçinem şeýle ýaş ýigitler.
Jim başyny ýaýkady.
-Biz ondan öte uzakda otyrys, şonuň üçinem ol bizi görmez. Siz alada etmäň, siziň merhemetliňiz.
Men bilýärdim, bu jedelde Jim hökman üstün çykar, häzir hiç bir güýç ony bu ýerden gitmäge mejbur edip biljek däldi. Belli bir wagta çenli Dill ikimiziň üstümize hiç hili howp abanmaýardy, ýöne eger-de Attikus kellesini galdyraýsa welin, biziň onuň gözüne ilmegimiz mümkindi.
Kazy Teýlor ýetişibildiginden çekijini urýardy, jenap Ýuel bolsa öz-özünden göwnühoş halda şaýatlaryň kürsüsine geçip joňkardy-da, öz goparan hokgasynyň tomaşasyny synlap ugrady. Onuň iki agyz sözi bu ýere güýmenje gözläp gelen mähelläniň gahar-gazaba beslenip, kiriş ýaly dartylyp duran sürä öwrülmegi üçin ýeterlik boldy, mähelläniň gohy çekijiň tarkyldysyna jadylanýan ýaly assa-

ýuwaşdan pessaýlap barşyna tutuksy gowura öwrülip barýardy, ahbetinem kazyýetiň mejlisler otagynda diňe edil kazy öz münberine çalajadan galamyny tyrkyldadýan dek, „tyrk-tyrk-tyrk“ diýen ýuwaşja ses eşidilip başlady.
Kazy Teýlor märekäniň ýene-de tabyn edilendigine göz ýetirdi-de, kürsüsiniň arkasyna ýaplandy. Şol pille-de birdenkä onuň öte ýadandygy, özüniňem juda garrandygy mese-mälim görnüp gitdi, asyl gör-ä muny, Attikus: „hanym Teýlor ikisi beýlebir ýygy-ýygydan ogşaşyp hem ýörmeýärler“ diýip ýöne ýerden aýtmaýan ekeni-ä, megerem onuň ýaşy ýetmişe golaýlap ýören bolara çemeli.
Kazy Teýlor:
-Menden kazyýetiň mejlisler otagyny mähelleden saplamagy, iň bolmanda aýallary hem çagalary çykarmagy haýyş edipdiler,-diýdi:-Ýöne men häzirlikçe bu towakganamany kanagatlandyrmakdan ýüz dönderipdim. Adamlar, adatça özleriniň göresi hem-de eşidesi gelýän zatlaryny görýärler we eşidýärler, eger-de şeýle sahna oýunlaryna tomaşa etmäge olaryň öz çagalaryny getiresleri gelýän bolsa, ýeri nätjek, muňa olaryň haky bar. Ýöne bir zady welin, men size berk duýduryaryn: siz ähli zady jyňkyňyzy çykarman synlarsyňyz we diňlärsiňiz, eger-de tersine etseňiz, onda siz bu mejlisler otagyny terk etmeli bolarsyňyz, ony terk etmegiňizden öňünçäsi bolsa men bu ýygyndydan ýygnanan märekäni kazyýeti masgaralamak üçin jogapkärçilige çekerin. Jenap Ýuel, merhemet ediň-de, mümkin boldugyça öz görkezmeleriňizi uslyplylygyň çäklerinden çykman berjek boluň. Dowam ediberiň, jenap Jilmer.
Jenap Ýuel güň açana çalym edýärdi. Men anyk bilýärin, ol öň hiç haçan kazy Teýloryň özüne ýüzlenen sözleri ýaly jümleleri dogup-döräli bäri eşidip gören däldir, şonuň üçinem ol dodaklaryny sessiz müňküldedip dursa-da ol sözleri gaýtalamagyň hötdesinden gelmeýärdi, ýöne göräýmäge olaryň many-mazmunyna welin düşünen bolmaga çemeli. Öz-özünden göwnühoşlugyň alamatlary onuň keşbinden sypyrylyp aýryldy-da, onuň ýerine küteksi ykjamlanmagyň alamaty peýda boldy, emma bu kazy Teýlory aldamady, Ýuel şaýatlaryň münberinde duran tutuş wagtynda kazy ondan gözüni aýyrman: „hany, ýene-de ýekeje gezek ýaňkyň ýaly hokga goparmaga synanyşyp gör bakaly!“ diýýän dek tiňkesini dikip oturdy.
Jenap Jilmer bilen Attikus ikisi birek-birege garanjaklaşdylar. Attikus ýene-de öz ýerinde ýumrugyna eňegini diräp oturandygy sebäpli onuň ýüzi bize görünmeýärdi. Jenap Jilmeriň lapynyň keç bolandygy göz-görteledi. Ýöne ol kazy Teýloryň sowalyny eşidende biraz çuslandy:
-Jenap Ýuel, siz işi kazyýetde seljerilýäniň öz gyzyňyz bilen jynsy gatnaşygyna girendigini gördüňizmi?
-Gördüm.
Märeke dymýardy, ýöne işi kazyýetde seljerilýän nämedir bir zady assaja pyşyrdap aýtdy. Attikusam onuň gulagyna pyşyrdady welin, Tom Robinson dymdy.
-Siz penjiräniň öňüne bardym diýip aýtdyňyz?-diýip jenap Jilmer sorady.
-Hawa, jenap.
-Ol ýerden ýokarylygyna näçe beýiklikde ýerleşýär?
-Üç futa ýakyn.
-Onsoň size otagyň içi gowy görünýärdimi?
-Hawa, jenap?
-Otagyň içi şol wagt nähili ýagdaýdady?
-Neme-dä, hemme zat edil garpyşykdan soň bolşy ýaly akan-dökändi.
-Haçan-da işi kazyýetde seljerilýäni göreniňizden soň näme etdiňiz?
-Men neme-dä, neme etdim-dä, jaýyň daşyndan aýlanyp, gapa tarap ylgadym, ýöne ýetişmedim, ol edil meniň öň ýanymda öýden çykyp gaçdy. Men ony oňat görüp ýetişdim. Ýöne onuň yzyndan welin kowmadym, sebäbi Meýella üçin gaty gynandym. Men öýe kürsäp girdim, ol bolsa ýerde bulaşyp ýatyşyna it bolup uwlaýar...
-Ýeri şondan soň siz näme etdiňiz?
-Neme-dä onsoň, men neme etdim-dä, aýagaldygyna Teýtiň ýanyna ylgap gaýtdym. Şar-garakirlini bolsa men gözüme ilen dessine tanapdym, ol hol beýleki tarapda eşegary öýjüginde ýaşaýar we her gün biziň deňämizden gatnaýar. Ine men size näme aýdaýyn, kazy, men, eýýäm on bäş ýyl bäri öz okrug häkimiýet edaralarymyzdan talap edip gelýän, şol ýerden şar-garakirlileri güm ediň diýip, olar bilen goňşulykda ýaşamagam hatarly ahyry, onsoňam meniň mülküme-de olardan diňe zelel gelýär...
-Size minnetdarlyk bildirýärin, jenap Ýuel,-diýip diýip jenap Jilmer onuň sözüni bölmäge gyssandy. Şaýat münberden ylgap diýen ýaly düşüp barşyna oňa sowal bermek üçin ornundan turan Attikus bilen süsüşdi. Kazy Teýlor oturanlara az-owlak gülüşmäge päsgel bermedi.
-Ýekeje pursat, jenap,-diýip Attikus hoşamaýlyk bilen ýüzlendi:-Siz özüňize iki-üç sorag bermäge rugsat berermisiňiz?
Jenap Ýuel şaýatlaryň kürsüsine tarap götinjekledi, oturdy-da, Attikusa garşy tekepbir hem müňkür nazaryny öwürdi – Meýkomb okrugynda şaýatlar garşydaş tarapyň aklawjylaryna hut şonuň ýaly

bakyş bilen garaýarlar.
-Jenap Ýuel,-diýip Attikus söze başlady:-şol gije, megerem siz köp ylgan bolara çemeliňiz. Eger-de ýalňyşmasam, siz: „öýe tarap ylgadym, penjiräniň öňüne ylgap bardym, öýe ylgap, kürsäp girdim, Meýellanyň ýanyna ylgap bardym, jenap Teýtiň yzyndan ylgap gitdim“ diýdiňiz. Ýogsa-da siz, edähetiňize eýerip lukmanyň yzyndanam ylgap gitmediňizmi?
-Ol meniň nämäme derkar. Meniň özüm nämäniň nämedigini görüp durdum ahbetin.
Attikus:
-Men bir zada düşünmeýärin,-diýdi:-Sizi näme Meýellanyň ýagdaýy ynjalykdan gaçyrmaýardymy?
Jenap Ýuel:
-Onda-da nähili ynjalykdan gaçyrýardy,-diýdi:-Meniň özüm şol işde kimiň günäkärdigini gördüm ahyry.
-Ýok, men ol barada däl. Siz oňa ýetirilen ten şikesleriniň oňa haýal etmän lukmançylyk kömeginiň berilmegini talap edýändir diýip pikir etmediňizmi?
-O nähili?
-Siz onuň ýanyna bada-bat lukmany çagyrmaly diýip oýlanmadyňyzmy?
Şaýat jogap berdi: „Ýok, oýlanmadym, dogup-dörälim bäri öýe lukman çagyrmandym, sebäbi eger-de olary çagyraýsaň bihuda ýere bäş dollary orta oklamaly bolýarsyň“.
-Şu bolanymy?-diýip ol sorady.
-Ýok, edil beýle-de däl,-diýip Attikus göwnübirlik bilen belledi:-Jenap Ýuel, siz şerifiň görkezmelerini eşitdiňiz ahyry, şeýlemi?
-O nähili?
-Haçan-da jenap Gek Teýt siziň şu wagtky oturan ýeriňizde otyrka siz kazyýetiň mejlisler otagyndadyňyz ahyry, şeýlemi? Siz onuň nämeler gürrüň berendigini eşitdiňiz ahyry, şeýlemi?
Jenap Ýuel esli salymlap oýlandy-oýlandy-da, ahbetin bu sowalda hiç hili howply hile ýok diýip hasap eden bolara çemeli:
-Hawa, eşitdim-diýdi.
-Siz onuň Meýella ýetirilen şikesleri dogry suratlandyrandygy bilen razylaşýarsyňyzmy?
-Ýene-de näme?
Attikus jenap Jilmere tarap öwrüldi-de, ýylgyrdy. Jenap Ýuel bolsa megerem aklawjyny sypaýyçylykly söhbetdeşlik bilen läliksiretmezligi ýüregine düwen bolara çemeli.
-Jenap Teýt Meýellaniň sag gözüne urlup şikes ýetirilendigini görkezdi, şeýle-de onuň ýüzüniň...
-Ýeri, onsoň,-diýip şaýat sokuldy:-Teýt dogry aýtdy, men hemmesi bilen ylalaşýan.
-Diýmek onda ylalaşýarsyňyz-da?-diýip Attikus ýumşaklyk bilen gepledi:-Men diňe has anyklaşdyrmak isledim.
Ol kätibiň ýanyna bardy-da nämedir bir zatlar diýdi welin, kätip esli wagtlap bizi jenap Teýtiň görkezmeleri bilen güýmedi, ol mejlisiň teswirnamasyny edil birža maglumatlaryny okap berýän ýaly şeýlebir täsirli okaýardy welin, edil ýöne hoşuňa geläýsin: „...haýsy gözi...çep...hä, hawa, dogry, has takygy sag gözi bolmaly...onuň sag gözüne urlan ekeni, jenap Finç, indi meniň ýadyma düşjek bolýar, onuň ýaňagy hem-de ýüzüniň tutuş şol tarapy...(kätip sahypany agdardy) sypjyryklardan doludy we çişendi...şerif, haýyş edýän, ýaňky aýdan zatlaryňyzy gaýtalaň...men onuň sag gözüne urlan ekeni diýdim...“.
Attikus:
-Size minnetdarlyk bildirýärin, Bert,-diýdi:-Siz muny ýene-de bir gezek eşitdiňiz, jenap Ýuel. Siz munuň üstüne bir zatlar goşasyňyz gelýärmi? Siz şerifiň görkezmeleri bilen ylalaşýarsyňyzmy?
-Teýt hemme zady dogry aýtdy. Onuň gözüniň aşagy göm-gökdi, özi bolsa mazaly ýenjilendi.
Bu adamjyk, megerem, başda özüni kazynyň nädip utandyrandygyny unudan bolara çemeli. Ol öz ýanyndan Attikusy howpsuz garşydaş diýip hasap eden bolmaly. Şoňa görä-de ol çym-gyzyl bolup gyzardy, çişdi, döşüni gaýşardyp, öňküsindenem beter çypar horaza meňzäp başlady. Meniň göwnüme bolmasa ol häzir, ýene-de sähel salymdan, pakgarmakdan ýaňa ýarylaýjak ýaly bolup göründi, ine şol müddetem Attikus oňa sowal berdi:
-Jenap Ýuel, siz okap we ýazyp bilýärsiňizmi?
-Garşylyk bildirýärin,-diýip jenap Jilmer goşuldy:-Bu ýerde şaýadyň sowadynyň näme dahylynyň bardygy düşnüksiz, sowal wajyp däl we işe hiç hili degişli däl.
Kazy Teýlor nämedir bir zatlar geplejek boldy, emma Attikus öňürtdi:
-Siziň merhemetliňiz, eger-de siz şu sowaly we oňa goşmaça ýene-de bir soragy bermäge rugsat etseňiz, ähli zada düşünersiňiz.
Kazy Teýlor:
-Ýeri bolýar, hany synanyşyp göreliň,-diýdi:-ýöne serediň, biz hakykatdanam düşünmelidiris, Attikus. Garşylyk bildirmek inkär edilýär.
Jenap Jilmer, göwnüme bolmasa, edil biziň ählimiz ýaly bilesigelijilik bilen şaýadyň jogabyna

garaşýan ýaly boldy, ýeri bu ýerde jenap Ýueliň biliminiň näme dahyly bar diýsene?
Attikus:
-Soragy gaýtalaýaryn,-diýdi:-Siz okap we ýazyp bilýärsiňizmi?
-Elbetde, başarýan.
-Onda siz merhemet edip bize öz familiýaňyzy ýazyp subut edip bilmersiňizmi?
-Elbetde subut ederin. Siziň pikiriňizçe men hemaýat puluny alanymda dagy nädip gol çekýändirin öýdýärsiňiz?
Jenap Ýueliň jogaby onuň ildeşleriniň göwnünden turdy. Aşakda pyşyrdy-hümürdi köpeldi, käbir ýerlerden kikirdi eşidildi, megerem onuň batyrlygyna buýsanýan bolaýmasalar.
Men ynjalykdan gaçyp ugradym. Göräýmäge Attikus näme edýändigini bilýänem ýaly-la welin, maňa barybir onuň atan oky pys geçen ýaly bolup görünýärdi. Hiç haçan, hiç haçan, hiç haçan garşylyklaýyn sorag berlişikde, eger-de jogabyň nähili boljakdygyny öňünden bilmeýän bolsaň şaýada sowal berme – men bu düzgüni gundagdaky bäbekligimden bäri bilýärdim. Ýogsa jogap isleýşiň ýaly bolman, tutuş işiň gorag sepgitleriniň külüni asmana sowrup biler.
Attikus goltuk jübüsine elini sokdy-da, nähilidir bir bukjany çykardy, şoňra penjeginiň keltekçesiniň kisesinden syýagalam çykardy. Ol özüni oturdaşlaryň oňatja synlamagy üçin göze dürtülip duran äwmezlik bilen hereket edýärdi. Ol syýagalamynyň gapajygyny aýyrdy-da, ony emaý bilen öz öňünde goýdy. Syýagalamy çalaja silkeläp, ony bukja bilen bilelikde şaýada uzatdy-da:
-Siz merhemet edip ine şu ýere gol çekip bilmersiňizmi?-diýdi:-Özem, haýyş edýän, siziň gol çekişiňiz oturdaşlara oňatja görnäýsin.
Jenap Ýuel bukjanyň ýeňse ýüzüne goluny çekdi-de, öz-özünden örän göwnühoş halda başyny galdyranda kazy Teýloryň haýran galmakdan ýaňa doňup galan nazaryna nazary sataşdy, kazy oňa tarap edil, birdenkä şaýatlaryň ornunda pajarlap bägül güllän ýaly aňk bolup seredýärdi, jenap Jilmer hem geň galyp garaýardy, ol hatda haýran galmakdan ýaňa ýerindenem biraz dikeläýdi öýdýän. Oturdaşlaryň hem ählisi Ýuele tiňkelerini dikip otyrdylar, olaryň biri bolsa hatda ümzügini öňe atyp, iki eli bilen germewden ýapyşandygyny-da duýmaýardy.
-Näme bu görmedik zadyňyzmy?-diýip şaýat sorady.
Kazy Teýlor:
-Görýän welin, siz çepbekeý ekeniňiz ahyry, jenap Ýuel,-diýdi.
Jenap Ýuel oňa tarap gaharly öwrüldi-de: „ýeri bu ýerde çepbekeýligiň näme ähmiýeti bar, ol hudaýhon adam, Attikus Finçiň hem onuň üstünden gülmäge we oňa ezýet bermäge hiç hili haky ýok“ diýip hüňürdedi. Hamana Attikus Finç ýaly dumly-duşda entäp ýören kezzaplardyr-aklawjyjyklar hemişe-de onuň üstünde gülüp, oňa hunaba ýuwutdyryp, ony aldap-oýnap gelenmişler. Ol eýýäm ençe gezek wakanyň nähili-neneňsi bolup geçendigini gürrüň beripdi, indem gerek bolsa ýene-de kyrk saparam şol bir aýdanyny gaýtalar. Ol şeýle hem etdi. Attikusyň täze sowallaryna ol şol bir diýenini tutdy oturdy: ol penjireden garapdyr, şar-garakirlini gorkuzypdyr, soňra şerifiň ýanyna ylagpadyr. Ahbetin Attikus ony goýberdi.
Jenap Jilmer bolsa oňa ýene-de bir sowal berdi:
-Ýogsa-da, siziň çep eliňiz bilen gol çekýändigiňiz barada, belki-de siz iki eliňizdenem birmeňzeş peýdalanýansyňyz, jenap Ýuel?
-Elbetde ýok. Men diňe bir çep elim bilenem islendik adamdan erbet işlemeýärin. Islendik adamdan pes däl,-diýip ol kakamyň tarapyna gazaply nazaryny aýlap, gaýtalady.
Jim ümsümlik bilen çakdan aşa şatlanýardy. Ol ýumrugy bilen germewe ýeňiljek kakyp oturyşyna, bir gezek pyşyrdabam goýberdi:
-Ine indi biz ony bir çüňke gabadyk.
Men welin, düýbünden beýle pikir etmeýärdim. Meniň pikirimçe Attikus Meýellany jenap Ýueliň özüniň ýenjip biljekdigini subut etmäge dyrjaşypdy. Men muňa düşünipdim. Eger-de onuň sag gözüne hem-de ýüzüniň sag tarapyna urlan bolsa, diýmek onda ony çepbekeý ýenjen bolmaly. Şerlok Holms we Jim Finç şeýle-de pikir ederdiler. Ýöne belki-de Tom Robinson hem çepbekeýdir. Men hem edil jenap Gek Teýt ýaly, öňümde kimdir biriniň durandygyny we göz açyp-ýumasy salymyň içinde bolup geçýän garpyşygy göz öňüme getirdim-de, öz ýanymdan netijä geldim, belki-de Tom Robinson Meýellany sag eli bilen saklap, çep eli bilenem ýenjendir. Men oňa ýokardan aşak seretdim. Ol bize arkasyny öwrüp otyrdy, ýöne onuň nähili giň eginleriniň we mäkäm, ýogyn boýnunyň bardygy görünýärdi. Elbetde ol hiç hili kynçylyksyz Meýellanyň hötdesinden gelip biler. Şonuň üçinem Jim bihuda ýere güýz gelmezinden öňünçä jüýjeleri sanaýar.

xxxxx

Şol pille kimdir biri güňleç gygyrdy:
-Meýella Waýolet Ýuel!

Şaýatlaryň münberine bir ýaş gyz ýöneldi. Ol eli galdyrylgylygyna hakykaty, diňe hakykaty, hakykatdan başga hiç zady geplemezlige kasam edip, “we goý maňa bu işimde Hudaý ýardam etsin” diýýärkä, ol örän inçejik hem nähizjek bolup görünýärdi, ýöne soňra ol kürsüde ýüzüni bize tarap öwrüp oturandan soň welin, onuň berk bedenlidigi göründi, megerem ol agyr işe werziş bolan bolmaly. Biziň okrugymyzda kimiň yzygiderli, kimiň bolsa ýylda bir gezek ýuwunýandygyny bada-bat bilip bolýar. Jenap Ýuel edil depesinden gaýnag suw dökülen ýaly çym-gyzyldy, edil onuň hamy ondan gat-gat edip hapasyny aýranlaryndan soňra adatdan daşary duýgur hem ejiz bolan ýalydy. Meýella bolsa, megerem arymsy bolmaga çyr-çytyr çytraşýan bolara çemeli, men şol pursat Ýuelleriň howlusyndaky geran güllerini ýadyma saldym.
Jenap Jilmer Meýelladan öz sözi bilen oturdaşlara geçen ýylyň ýigrimi birinji noýabrynyň agşamsy bolup geçen wakany gürrüň bermegi haýyş etdi: “öz sözüňiz bilen, haýyş edýän” diýibem üstüni ýetirdi.
Meýella bolsa dymdy oturdy.
-Siz şol agşam, iňrik garalanda niredediňiz?-diýip jenap Jilmer sabyrlylyk bilen başlady.
-Eýwanda.
-Haýsy eýwanda?
-Biziň diňe bir eýwanymyz bar. Esasy eýwan.
-Siz eýwanda näme işleýärdiňiz?
-Hiç zat.
Kazy Teýlor goşulmaga mejbur boldy:
-Siz çekinmäň-de bize diňe nämeleriň bolup geçendigini gürrüň beriň. Siz näme ýa gürrüň berip bilmeýärsiňizmi?
Meýella oňa tarap gözlerini petretdi-de, birdenem aglap başlady. Ol agzyny eli bilen jebis ýapdy-da, birhili çakdan aşa gaty hynçgyryp ugrady. Kazy Teýlor oňa birsellem aglamaga mümkinçilik berdi-de, soňam aýtdy:
-Ýeri besdir. Diňe hakykaty aýt, hiç kimden gorkmak gerek däl. Men düşünýärin, saňa bu zatlaryň ählisi ýatdyr, ýöne bu ýerde utanar ýaly ýa-da üýşener ýaly hiç zat ýok. Ýeri sen nämeden beýle gorkýarsyň?
Meýella aýasyna siňdirip nämedir bir zatlary diýdi.
-Näme diýdiň?-diýip kazy gaýtadan sorady.
-Ine şondan gorkdum-diýip Meýella sojady-da, Attikusy görkezdi.
-Jenap Finçdenmi?
Ol bar güýji bilen baş atmaga başlady.
-Men islemeýärin. Edil dädemiň degnasyna degşi ýaly, ol meni-de alyp ýatar, ýöne çepbekeý-de, çepbekeý…
Kazy Teýlor çal başyny gaşady. Megerem, oňa öň beýle hutbatly mesele bilen iş salyşmak miýesser etmedik bolara çemeli.
-Sen näçe ýaşyňda?-diýip ol sorady.
-On dokuz ýarym,-diýip Meýella jogap berdi.
Kazy Teýlor üsgürinjiredi-de, öz sesini şowsuz ýumşatmaga çytraşdy.
-Jenap Finç, düýbünden seni gorkuzmak islemedi,-diýip ol gümmürdedi:-eger-de isläýen halatynda-da, men oňa mümkinçilik bermerin. Ine şonuň üçinem men şu ýerde otyryn. Sen eýýäm ullakan gyz, şonuň üçinem hany gönüräk, dikräk otur-da, aýdyp ber…bize özüň bilen nämeler bolup geçendigini aýdyp ber. Sen ýöne, al-dajyk, bize aýdyp beräý, bolýarmy?
-Ol samsyjakmyka?-diýip men pyşyrdap Jimden soradym.
Jim gözüniň gyýtagy bilen aşak, şaýat gyza tarap seretdi-de:
-Kim bilýär-äý,-diýdi:-kazynyň rehimini indermäge-hä onuň akly çatýan ekeni, ýöne belki-de, ol ýöne…äý bolýar-la, men-ä bilemok…
Meýella rahatlandy, ol ýene-de bir gezek Attikusa garşy howatyrly nazar oklady-da, jenap Jilmere tarap öwrüldi.
-Onda şeýle, jenap, men eýwandadym, şo…şo mahalam ol deňämizden ötüp barýardy, biziň howlymyzda köne geýim asylýan tekje durdy, dädem ony odunlyk diýip satyn alypdy…dädem maňa ony böleklere bölmegi buýrupdy, özi bolsa tokaýa gidipdi, şo mahal men birhili ýaramajak bolýardym, ine şo mahalam ol gelýärdi…
-Kim ol?
Meýella barmagyny Tom Robinsona garşy çommaltdy.
Jenap Jilmer:
-Men sizden öz pikirleriňizi has anyk beýan etmegi haýyş edýärin,-diýdi:-Kätibe yşaratlary teswirnama girizmek kyn bolarmyka diýýärin.
Meýella:

-Ine şu,-diýdi:-Robinson.
-Ýeri soň näme boldy?
-Onsoň men oňa diýýärin, bärik gel, şar-garakirli, bu geýim asylýany böleklere bölüp ber, onsoň men saňa bäş şaýylyk bereýin. Bu bolsa onuň çep elinden gelýär. Ol howla girdi, men öýe pul almaga gitdim, yzyma öwrülenimde-de ol meniň üstüme topuldy. Ol meniň yzyma düşüp gaýdan ekeni, ine näme. Ol meniň bogazymdan penjeledi-de, özem bir erbet hapa-paýyş sögünip, bir erbet sözleri diýip ugrady welin, hiý goýaýyň, iki gulakly eşider ýaly däl…Menem onsoň oňa garşylyk görkezmäge, gygyrmaga başladym, ol bolsa meni bogýar, ol bolsa meni ýençýär…
Jenap Jilmer Meýella biraz özüni dürsemäge maý berdi, ol ýetişibildiginden elýaglygyny elinde işýärdi, soňra bolsa ony ýazdy-da, ýüzüni süpürmäge başlady, elýaglyk onuň derlän elleri sebäpli edil soka salnyp owlan ýaly mynçgalanyp-mynçgalanyp mynçgalanmazy çykandy. Ol jenap Jilmeriň ýene-de özüne sowal bererine garaşdy, emma ol hiç hili sorag bermedi welin, onuň özi gepläp başlady:
-Neme, onsoň, ol meni ýere ýykdy-da, biraz bogup, ýeňdi.
-Siz gygyrdyňyzmy?-diýip jenap Jilmer sorady:-Gygyrdyňyzmy we oňa garşylyk görkezdiňizmi?
-Onda-da nähili gygyrmak gygyrdym, bogazyma sygdygymdan gygyrdym, aýaklarym bilen däbşenekledim, güýjümiň ýetdiginden gygyrdym.
-Soňra näme boldy?
-Soň näme bolandygy meniň ýadyma gowy düşmeýär, bir seretsem dädem üstüme abanyp dur we maňa gygyrýar: “Kim seni beýtdi? Kim seni beýtdi?” diýip. Soň men doňňara-daşa öwrülip galdym, birsalymdan soň özüme gelenimde bolsa jenap Teýt meni ýerden göterip, suwly setiliň ýanyna alyp bardy.
Meýella gürrüň berýärkä özüni has ynamlyrak duýýan ýalydy, ýöne öz kakasy ýaly däl-de başgaçarak. Kakasy özüni bihaýa alyp barýardy, ol welin, edil çommalyp, gözlerini süzgekledip oturan, guýrugy bolsa bir ýerde durman iki ýaňa talawlaýan pişik deýin içi hümmüldilidi.
-Diýmek onda siz başardygyňyzdan oňa garşylyk görkezdim diýip aýdýarsyňyz-da? Güýjüňiziň ýetdigindenmi?-diýip jenap Jilmer soraýardy.
-Elbetde, bu öz-özünden düşnükli ahyry,-diýip ol kakasynyň sözlerini gaýtalady.
-Siz onuň ahbetin siziň hötdäňizden gelip, öz maksadyna ýetendigini anyk bilýärsiňizmi?
Meýellanyň ýüzi gyşaryp gitdi welin, ol ýene-de möňňürip başlar öýdüp gorkdum, emma ol şumjarmady:
-Ol näme islän bolsa şony-da amala aşyrdy.
Jenap Jilmer aýasy bilen ýylçyryny süpürdi, şol hereketi bilen şu gün günüň öte yssydygyny hemmeleriň ýadyna saldy.
-Häzirlikçe ýeterlik,-diýip ol mylaýymlyk bilen aýtdy:-ýöne siz ýeriňizde oturyberiň. Men pikir edýän, gorkunç we dişlek jenap Finçiň hem sizden käbir zatlary sorasy geler.
-Garalawjy şaýatlary aklawjynyň garşysyna öjükdirmeli däldir,-diýip kazy Teýlor hondanbärsilik bilen bellik etdi:-Her niçik-de bolsa şu gün-ä şeýle zatlaryň geregi ýok.
Attikus ýerinden turdy, ýylgyrdy, ýöne şaýatlaryň münberine ýakynlaşman, penjeginiň iliklerini ýazdyrdy, başam barmaklaryny keltekçesiniň gapdal diliklerine sokdy-da, haýaljakdan penjirä garşy ýöneldi. Daşaryk seretdi, ýöne megerem ol ýerde hiç hili gyzykly zat görmedik bolara çemeli, yzyna öwrüldi-de jebir çekeniň ýanyna bardy. Uzak ýyllaryň dowamynda toplan tejribäme esaslanyp men düşündim, ol dymyp durşuna haýsydyr bir netijäni agtarýardy.
-Hanym Meýella,-diýip ol ýylgyryp durşuna gepledi:-men häzirlikçe sizi düýbünden gorkuzmak islemeýärin. Geliň gowusy, biz tanşalyň. Siz näçe ýaşyňyzda?
-Men eýýäm aýtdym ahyry, on dokuz, hanha, men kaza aýtdym ahyry.-diýip Meýella nägilelik bilen kazy Teýlora tarap baş atdy.
-Hawa, hawa, hanym, örän dogry. Ýöne siz men babatda biraz eglişikli boluň ahbetin, hanym Meýella, meniň huşum indi öňküler ýaly däl ahyry, garrylyk ýetip gelýär, şonuň üçinem eger-de men siziň öň aýdan zatlaryňyzy ýene-de ýanjap soraýsamam siz maňa jogap berersiňiz ahyry, şeýle dälmi? Örän oňat.
Meýellanyň ýüz-keşbinden men düşünip bilmeýärdim, o nireden Attikus onuň sowallara jogap bermäge razylygyny gördükä. Meýella oňa arynyň neşderi ýaly awuly gözleri bilen jikgerilip otyrdy.
-Eger-de siz meniň üstümden gülmekçi bolýan bolsaňyz size ýekeje sözjagazam aýtmaryn-diýip ol yglan etdi.
-Siz nähili aýtdyňyz, hanym?-diýip aňk bolup galan Attikus soranyny duýman galdy.
-Eger-de siz meniň üstümden gülmekçi bolýan bolsaňyz diýdim.
Şu ýerde saklanyp bilmän kazy Teýlor hem goşuldy:
-Jenap Finç düýbünden seniň üstüňden gülmeýär. Sen muny nireden oýlap tapdyň-a, hä?
Meýella göz astyndan Attikusy birlaý gözden geçirdi:

-O näme onda ol maňa “hanym Meýella-da hanym Meýella” diýen bolup hetjikläp, meni ýaňsylaýar-a! Men bärik ýaňsylamalary diňlemek üçin satyn alnyp getirilmedim, näme maňa gerekmi diýsene, bu zatlar!
Attikus bu düşünişmezligi ýylmap-ýuwmagy kazy Teýloryň özüniň başyna atyp, ýene-de howlukman penjirä tarap ýöneldi. Elbetde kazy Teýlor nebsiň agyrar ýaly ejiz adam däldi, ýöne meniň welin oňa haýpym gelip gitdi, sebäbi onuň Meýella nämäniň nämedigini düşündirjek bolşy juda gözgynydy. Ol:
-Jenap Finçiň ýöne, şeýle endigi bar ahyry,-diýdi:-Biz onuň bilen ine şu ýerde, kazyýetde eýýäm nijeme ýyllar bäri bile işläp gelýäris, jenap Finç bolsa hemmeler bilen hemişe sypaýy gepleşýär, ol başgaça gepläp bilmeýär, kimdir biriniň özüne hormat goýulýandygyny gaty görjekdigi bolsa onuň hatda kellesine-de gelmeýär. Ol seniň üstüňden gülmek islemeýär, onuň diňe hemişekisi ýaly sypaýy bolasy gelýär. Onuň edäheti şeýle ahyry, düşünäýiň ahbetin, ol başgaça bolup bilmeýär diýip aýtdym-a, men saňa!
Kazy uludan demini aldy-da kürsüsine ýaplandy.
-Dowam ediberiň, Attikus, goý mejlisiň teswirnamasynda-da, jebir çekeniň başgaça pikir edýändigine garamazdan onuň üstünden hiç kimiň gülmändigi, gülmeýändigi düşnükli bolsun.
Maňa örän gyzykly, haçanam bolsa bir wagt, heý kimdir biri oňa hanym ýa-da hanym Meýella diýip ýüzlendimikä? Ýöne ol adaty sypaýy ýüzlenmä öýkeleýän bolsa diýmek megerem, hiç kim ýüzlenen däl bolmaly. Eger-de şeýle bolsa, onda ol nähili durmuşda ýaşaýarka? Men örän bahym bu bermedik sowalymyň jogabyny eşitdim.
Attikus:
-Ýeri bolýar, diýmek, onda siz on dokuz ýaşymda diýip aýdýarsyňyz-da,-diýdi:- Siziň näçe sany erkek we aýal doganyňyz bar?
Ol sowal berdi-de penjireden ýüzüni öwrüp, şaýatlaryň münberine ýakyn bardy.
Meýella:
-Ýedi,-diýdi welin men içimden pikir öwürdim: “Eý Hudaý-eý, olaryň ählisi-de meniň mekdebe baran ilkinji günümde görenim ýalymyka?”
-Siz ulusymy? Iň ulusymy?
-Hawa.
-Siziň ejeňiz has irräk aradan çykdymy?
-Bilemok…has irräk.
-Siz haçanam bolsa bir mahal mekdebe gatnapmydyňyz?
-Okap-ýazyşym dädemden erbet däl.
Meýella edil meniň bir mahallar okan kitabymdaky jenap Jingl ýaly gepleýärdi.
-Siz mekdebe uzak wagt gatnapdyňyzmy?
-Iki gyş…a belki-de üçdür…özümem bilmeýärin.
Haýaljakdanam bolsa men Attikusyň nämä ýykgyn edýändigine düşünip başladym: ol jenap Jilmeriň garşylyk bildirmez ýaly derejede ähmiýetsiz we işe dahyly ýok diýip hasap eden sowallaryny bermek bilen oturdaşlara Ýuelleriň öýünde nähili durmuşyň bardygyny assa-ýuwaşdan aý-aýdyň görkezmek isleýärdi. Kakamyň sowallaryna berilýän jogaplaryň kömegi bilenem oturdaşlar ine şu zatlary bildiler: kömek puluna maşgala barybir eklenip bilmeýär, has takygy dädesi kömek puluny hem arak-şeraba sowurýar…käwagtlar ol birnäçe günläp nirededir bir ýerde, batgalykda sumat bolýar, yzyna-da lül-gammar bolup dolanyp gelýär, onsoňam dogrusy beýlebir ýygy-ýygydan sowugam bolup durmaýar, şonuň üçinem köplenç aýakýalaňaç gezseňem bolýar, eger-de sowuk düşäýende-de ulagyň köne tekeriniň daşgysynyň böleklerinden ýalpyldap duran aýakgap ýasanyp bolýar, içimlik we gerek-ýarak suwy zibilhananyň gapdalyndan akýan çeşmeden setil bilen öýlerine daşaýarlar…hapa-hupany bolsa edil öýleriniň gapdaljygyna dökmeýärler…a arassaçylyk barada aýdylanda bolsa, äý, bu babatda öýde her kimiň özi öz aladasyny edýär, ýuwnasyň gelýärmi, suw daşan, körpejeleri haçan görseň dümewli, hemmesi-de gijilewük keselli, hawa, hawa, bir hanym olara birnäçe sapar gelipdi, her gelende-de: “näme üçin mekdebe gatnamaýarsyň” diýip sorapdy, beren jogaplaryny ýazypdy, ýöne näme, öýde iki adam okap hem ýazyp bilýärkä, başgalaryna okamak nämä derkar diýsene…olar dädesine öýde-de gerek ahyry.
-Hanym Meýella,-diýip Attikus edil öz erkine garşy gidýän ýaly äheňde aýtdy:-siziň ýaly ýaş gyzyň megerem dostlary, joralary bardyr. Siz kim bilen jora?
Jebir çeken düşünmän gaşlaryny çytdy:
-Jora?
-Hawa. Näme ýa siz öz deň-duşlaryňyz ýa-da özüňizden biraz uly ýa-da kiçi ýaşlylar bilen gatnaşmaýarsyňyzmy? Siziň tanyş oglanlaryňyz we gyzlaryňyz ýokmy? Adaty joralaryňyz ýa-da dostlaryňyz?
Şu pursata çenli-de Meýella gödegräk jogap berýärdi, emma bu sowaldan soň welin, edil ýöne jyzzyk bolana dönäýdi.

-Siz ýene-de meniň üstümden gülýärsiňizmi, jenap Finç?
Attikus bu jümläni öz sowalynyň anyk hem ýeterlik jogaby diýip hasaplady.
-Siz öz kakaňyzy söýýärsiňizmi, hanym Meýella?-diýip ol şondan soňra sorady.
-O nähili, söýýärin?
-Men ol rehimdarmy, siz onuň bilen oňat oňuşýarsyňyzmy diýmekçi boldum?
-Äý hawa-la, ol beýlebir erbedem däl-le, ýumşaksy, diňe ine haçan-da…
-Haçan-da näme?
Meýella gözüniň gyýtagyny kakasyna tarap aýlady, ol hälden bäri oturgyjyny yzyna gaýyşdyryp, gaýşarylyp otyrdy, şonuň üçinem onuň oturgyjynyň arkasy germewe ýaplanýardy. Indi bolsa ol dim-dik bolup gönelip gyzynyň nähili jogap berjekdigine garaşýardy.
Meýella ýuwdundy-da:
-Haçan-da hiç zat,-diýdi:-Men aýtdym ahyry, ol ýumşak häsiýetli diýip.
Jenap Ýuel ýene-de oturgyjynda gaýşaryldy.
-Diňe haçan-da ol içende beýle ýumşak häsiýetli dälmi?-diýip Attikus şeýlebir mylaýymlyk bilen sorady welin, Meýella nädip baş atanyny hem duýman galdy.
-Ol haçanam bolsa bir wagt size birsyhly güzap berdimi?
-O nähili?
-Haçan-da ol…gaharlyka, ol sizi hiç haçan urmadymy?
Meýella çar-töweregine garanjaklady, soňra aşak kazyýet kätibine seretdi, soňra bolsa gözlerini kaza tarap göterdi.
Kazy Teýlor:
-Sowala jogap beriň, hanym Meýella,-diýdi.
-Ol bar-a, ol dogup-dörälim bäri maňa barmajygyny-da degirmedi,-diýip Meýella aýgyt bilen yglan etdi:-Hatda ýekeje sapar galtaşmady hem.
Attikusyň äýnegi burnunyň ujuna süýşdi welin, ol düzetdi.
-Biz siziň bilen örän ýakymly söhbetdeşlik etdik, hanym Meýella, indi bolsa men pikir edýärin, biziň işe başlamaly wagtymyz gelip ýetäýdi öýdýärin. Siz aýtdyňyz, siz Tom Robinsondan döwüp bermegi haýyş edipsiňiz…nämäni döwüp bermegi?
-Geýim asylýan tekjäni, şeýle birhili köne tekje-dä, onuň böwründe bolsa çekerleri bar.
-Tom Robinson size gowy tanyşmy?
-O nähili?
-Men diýýän, siz onuň kimdigini we nirede ýaşaýandygyny bilýärdiňizmi?
Meýella baş atdy.
-Onuň kimdigini bilýärdim, ol biziň öýümiziň deňesinden her gün gatnaýardy.
-Şol gezek siz ondan howlyňyza girmegi ilkinji gezek haýyş edipdiňizmi?
Bu sorag berlen dessine Meýella birhili ýerinden galkyjaklap gitdi. Attikus bolsa ýene-de penjirä tarap syýahatyna ugrady, ol hälden bäri-de şeýle edýärdi, sowal berýärdi-de, penjirä tarap çekilýärdi, daşaryk garaýardy, şol ýerde durubam jogaba garaşýardy. Ol Meýellanyň nädip galkyjaklap gidendigini görmedi, ýöne, göwnüme bolmasa aňan ýaly boldy. Ol oňa tarap öwrüldi-de, gaşlaryny gerdi. Soňra ýene-de başlady:
-Onsoň şonda…
-Hawa, ilkinji gezek.
-A ondan öň siz hiç haçan ondan howla girmegi haýyş etmeýärdiňizmi?
Ýöne indi ol Meýellanyň üstüni oslagsyz basyp bilmedi.
-Elbetde haýyş etmändim, hiç haçan haýyş etmändim.
-Diňe bir gezek jogap berseňiz hem ýeterlik bolar,-diýip Attikus parahatlyk bilen bellik etdi:-Siz oňa hiç haçan tötänden ýüze çykan işi hem tabşyrmaýardyňyzmy?
-Belki tabşyrsam tabşyrandyryn hem,-diýip Meýella göwnüýetmezçilik bilen jogap gaýtardy:-Daş-töwerekde entäp ýören şar-garakirliler gytmy diýsene!
-Ýene-de haýsam bolsa şonuň ýaly bir ýagdaýy ýadyňyza salyp bilmersiňizmi?
-Ýok.
-Ýeri bolýar, şol agşam bolup geçen waka geçeliň. Siz: “haçan-da otaga girip yzyma öwrülenimde, Tom Robinson arkamda duran ekeni” diýip aýtdyňyz, şeýlemi?
-Hawa.
-Siz: “ol meniň bogazymdan penjeledi-de, hapa-paýyş sögünip, wejera sözleri diýip başlady” diýdiňiz, şeýlemi?
-Şeýle.
Birdenkä seredip otursak Attikusyň huşy beýlebir erbedem däl eken-ä asyl.
-Siz: “ol meni garbady-da, bogdy we meniň hötdämden gelip, öz maksadyna ýetdi” diýdiňiz, şeýlemi?
-Şeýle diýibem aýtdym.

-Özem siziň anyk ýadyňyza düşýär, onuň siziň ýüzüňize urandygy?
Jebir çeken ýaýdandy.
-Siz göräýmäge onuň özüňizi bogandygyny örän oňat ýatlap bilýärsiňiz. Özem siz tutuş garpyşygyň dowamynda oňa garşylyk görkezipsiňiz, şeýlemi? Siz “aýaklaryňyzy däbşenekledipsiňiz, bogazyňyza sygdygyndan gygyrypsyňyz”. Ýöne onuň siziň ýüzüňize nähili urandygy ýadyňyza düşýärmi?
Meýella dymýardy. Göwnüňe bolmasa ol nämedir bir zatlara düşünmäge çytraşýan ýalydy. Men hatda özümçe pikirem öwürdim: “Belki ol, edil jenap Teýt bilen bolşy ýaly, öz öňünde, gabat-garşysynda adamyň durandygyny göz öňüne getirmekçi bolýan bolmagy-da ähtimal”. Soňra ol jenap Jilmere tarap seretdi.
-Bu örän ýönekeý sorag ahyry, hanym Meýella, ýene-de bir gezek ýagşyja gulak asyň. Işi kazyýetde seljerilýäniň siziň ýüzüňize nähili urandygy ýadyňyza düşýärmi?
Indi Attikus ýaňky ýaly mylakatly we ýumşak geplemeýärdi, onuň äheňi hukuk äheňine öwrülipdi – guraksy we sowuklaç.
-Onuň siziň ýüzüňize nähili urandygy siziň ýadyňyza düşýärmi?
-Ýok, urandygy ýadyma düşmeýär…hä, ýagny, hawa, urupdy.
-Soňky sözleriňizi siziň gutarnykly jogabyňyz diýip hasaplamak bolarmy?
-Hä? Hä, hawa, urupdy-da…ýadyma düşmeýär, meniň, hiç zat ýadyma düşmeýär…hemme zat şeýlebir çalt bolup geçdi…
Kazy Teýlor Meýella tarap gaşyny çytyp garady.
-Aglamak gerek däl, ýaş hanym…-diýip ol başlady.
Ýöne Attikus kazynyň sözüni bölmäge howlukdy:
-Eger-de göwni küýseýän bolsa, oňa aglamaga mümkinçilik beräýiň, siziň merhemetliňiz. Biziň näçe diýseň wagtymyz bar ahyry.
Meýella gahar bilen burnuny çekdi-de, Attikusa seretdi.
-Men siziň hemme sowallaryňyza gaty gowy jogap bererin…öz-ä meni bärik süýräp diýen ýaly çykardy-da, indem üstümden gülýär-ä, bi! Men häzir gaty mäkäm edip hemme soraglaryňyza jogap bererin…
Attikus:
-Örän ajaýyp,-diýdi:-Indi dogrusy, kän sowal hem galmady. Onda şeýle, hanym Meýella, siz görkezme berýärsiňiz, işi kazyýetde seljerilýän sizi urdy, bogazyňyzdan penjeledi, bogdy we hötdäňizden gelip, maksadyna ýetdi diýip. Ýöne meniň bilesim gelýär, siz hakyky günäkäri görkezýändigiňize doly ynanýarsyňyzmy? Siz häzir biziň öňümizde özüňizi zorlan adamy tanap bilersiňizmi?
-Hawa elbetde, ine şol.
Attikus özüniň hukuklaryny goraýan adamsyna tarap öwrüldi.
-Ýeriňizden turuň, Tom. Goý, hanym Meýella size ýagşyja seretsin. Bu şol adammy, hanym Meýella?
Tom Robinson ýönekeý nah matadan köýnek bilen örtülen ýaýbaň eginlerini ýazdy. Örboýuna galdy-da, sag eli bilen oturgyjynyň arkasyna direndi. Onuň bolup durşy birhili geňdi, edil ol bir böwrüne gyşyk ýalydy, ýöne onuň bu gyşyklygy onuň özüniň egrerlip durmagy zerarly däldi. Onuň çep eli sag elinden bir futa golaý gysgady we edil jansyz ýaly sallanyp durdy. Eliniň penjesi kiçijekdi, gatap galandy we hatda meniň oturan ýerimdenem onuň şol eli bilen hiç hili hereket edip bilmeýändigi görünýärdi.
-Seret, Gözlüje!-diýip Jim demini daşyna üfläp goýberdi:-Seret! Hormatly ata, ol golak ahyry!
Hormatly ata Saýks meniň üstümden egildi-de, Jime pyşyrdady:
-Ol heniz oglanjykka, jenap Dolfus Reýmondyň mülkünde pagta ýygyp ýörkä, eli pagtaýygyjy ulagyň çarhyna düşüpdi…şonda ol ganyny köp gidirip, tas heläk bolupdy…eliniň eti süňküne çenli tutuşlygyna diýen ýaly sypyrylypdy.
-Şu adam hem sizi zorlan adammy, hanym Meýella?
-Elbetde, şol.
Attikus ýene-de bir sowal berdi, diňe ýekeje sözden ybarat sorag:
-Nädip?
Meýella gahar-gazapdan ýaňa ot alyp galdy:
-Nädipdigin-ä bilemok welin, ýöne zorlandygy-ha dos-dogry…men aýdýan ahyry, ähli zat öte çalt bolup geçdi diýip…
-Geliň parahat pikirlenip göreliň,-diýip Attikus başlady, ýöne jenap Jilmer onuň sözüni böldi. Ol garşylyk bildirýärdi, ýöne bu gezek aklawjynyň sowalynyň gerekmejekdigi hem-de işe dahylsyzlygy babatda däl-de Attikusyň jebir çekeni gorkuzýandygy üçin.
Kazy Teýlor saklanyp bilmän hahahaýlap başlady.
-Goýuňsana, Horeýs, ýeriňizde oturyň-da, bolgusyz zatlary oýlap tapmagyňyzy bes ediň. Eger-de bu ýerde kimdir biri kimdir birini üýşendirmäge dyrjaşaýýanam bolsa, onda jebir çeken Attikusy

alarladyp barýan bolaýmasa.
Mejlisler otagynda kazy Teýlordan özge ýekeje adamam hatda ýylgyrmady hem. Hatda bäbekler hem ses-selemsiz dymyp galdylar welin, men belki-de olar ejeleriň emmesine boglup galan bolaýmasynlar diýibem oýlandym.
Attikus:
-Şeýlelikde, hanym Meýella,-diýdi:-siz işi kazyýetde seljerilýän özüňizi urdy we bogdy diýip görkezme berýärsiňiz…ýöne siz onuň yzyňyzdan assyrynlyk bilen gelip, özüňizi urup huşuňyzdan giderdi diýip aýtmaýarsyňyz, siz aýtdyňyz: “men öwrüldim welin, ol yzymda duran ekeni” diýip…-Attikus öz ornuna tarap süýşdi, indem agajy barmaklary bilen her bir sözüne hörpdeş tyrkyldadyp ugrady:-Belki siz öz görkezmeleriňiz haýsy-da bolsa bir bölegine gaýtadan seredip üýtgetmek isleýänsiňiz?
-Siz näme meniň bolmadyk zatlary aýtmagymy isleýärsiňizmi?
-Ýok, hanym, men siziň hakykatda nämeleriň bolandygyny aýtmagyňyzy isleýärin. Haýyş edýän, bize ýene-de bir gezek wakanyň nähili bolandygyny aýdyp berseňizläň!
-Men eýýäm aýdyp berdim.
-Hawa, siz öwrüleniňizi we yzyňyzda ony göreniňizi aýtdyňyz. Şol pille-de ol sizi bogup başladymy?
-Hawa.
-Soňra bolsa bogmagyny bes edip ýüzüňize urdumy?
-Elbetde, men eýýäm aýtdym ahyry.
-Urubam siziň sag gözüňizi sag eliniň ýumrugy bilen gögertdimi?
-Men egildim welin…welin, onuň ýumrugy birhili tyrpyp gidip sag gözüme degdi, ine waka nähili boldy. Men egildim welin, ýumruk tyrpyp gitdi.
Meýella ahbetin nämäniň nämedigine düşündi.
-Siz birdenkä bu zatlaryň barysyny anyk ýadyňyza düşüräýdiňiz-le. Sähel salym mundan ozal-a siziň ýatlamalaryňyz beýle jikme-jik hem aýdyň däldi, şeýle dälmi?
-Men aýtdym ahyry, ol meni urdy diýip.
-Ýeri ýagşy. Ol sizi bogdy, urdy, soňra bolsa zorlady, şeýlemi?
-Elbetde!
-Siz gujurly gyz, tutuş şol wagtyň dowamynda siz näme işlediňiz ahyry – ümsümje halda dim-dik bolup durdyňyzmy?
-Men size aýdyp berdim ahyry, men sesimde baryny edip gygyrdym, däbşenekledim hem, garşylyk görkezdim hem…
Attikus haýallyk bilen äýnegini aýyrdy, sagat sag gözüni Meýella dikdi-de ýene-de onuň üstüni sorag bilen gömdi. Ýöne kazy Teýlor onuň saklady.
-Her gezek bir sowal beriň, Attikus. Jebir çekene jogap bermäge mümkinçilik beriň ahyry.
-Ýagşy. Siz näme üçin gaçmadyňyz?
-Men synanyşdym, ýöne…
-Synanyşdyňyz? Ýeri size näme päsgel berdi?
-Men... ol meniň aýagymdan alyp ýykdy. Ine nähili boldy, ol meni ýykdy we meniň üstüme mündi.
-Tutuş şol wagtyň dowamynda-da siz yzyny üzmän gygyrdyňyz ýatdyňyzmy?
-Elbetde gygyrdym.
-Onda nädip sizi doganlaryňyz hem uýalaryňyz eşitmedikä? Ol niredediler? Zibilhanadamy?
Hiç hili jogap bolmady.
-Olar nirdediler? Näme üçin siziň gykylygyňyza olar ylgaşyp gelmediler? Siziň jaýyňyzdan zibilhana çenli aralyk tokaýa çenli aralykdan daş däl ahyry?
Hiç hili jogap bolmady.
-A belki-de siz diňe haçan-da penjirede öz kakaňyzy göreniňizden soň gygyryp başlansyňyz? Şol pursatdan öň bolsa gygyrmak siziň ýadyňyza-oýuňyza düşen däldir, belki, şeýlemi?
Hiç hili jogap bolmady.
-Belki-de siz Tom Robinson zerarly gygyryp başlaman, öz kakaňyz sebäpli gygyryp ugransyňyz? Waka şeýle boldumy?
Hiç hili jogap bolmady.
-Kim sizi ýençdi? Tom Robinsonmy ýa-da öz kakaňyz?
Hiç hili jogap bolmady.
-Penjireden kakaňyz nämeler gördi – siziň jenaýatçylykly zorlanýandygyňyzymy ýa-da ejiz erkek kişiniň jynsy gatnaşyga girmejek bolup çyr-çytyr çytraşmagyny? Belki siz hakykaty aýdarsyňyz, gyzjagaz, näme ýa sizi Bob Ýuel ýençmedimi?
Attikus Meýelladan ýüzüni öwürdi, onuň keşbi edil duýdansyz garny sanjyp ugranyň keşbine dönüpdi, Meýellanyň ýüzi bolsa wehimden hem-de gahar-gazapdan ýaňa eňşäp durdy. Attikus öz ornuna geçdi-de äýnegini elýaglygy bilen süpürmäge oturdy.

Birdenem Meýella söz ukyby gaýdyp geldi:
-Meniň käbir zatlary aýdasym gelýär.
Attikus başyny galdyrdy.
-Siz bize ähli zadyň hakykat ýüzünde nähili bolandygyny aýtmak isleýärsiňizmi?
Ýöne Meýella onuň äheňinde özüne duýgudaşlygy syzmady.
-Men käbir zatlary aýtmaly, soň bolsa ýekeje agyzam geplejek däl. Ine şu şar-garakirli meniň hötdämden geldi, eger-de siziň hemmäňiz, asylzada jenaplar, bu işiň onuň öňünden geçmegine ýol berseňiz, onda siziň ähliňiz porsy, nejis züwwetdinler bolarsyňyz, ine-de meniň size aýtjak ähli zadym, nejis ýelýürekler siz, siziň tutuş hümeriňiz bilen! Sizem, jenap Finç, bärde biderek ýere asyllysyran bolduňyz, biderek ýere maňa “hanym” ýa-da “hanym Meýella” diýip, ýene-de birtopar bolgusyzlyklary aýdan bolup, biderek ýere at dakdyňyz…
Ine şu ýerde-de ol çyny bilen aglap başlady. Gaharly hem nalajedeýin agydan ýaňa onuň eginleri silkinip-silkinip gidýärdiler. Şondan soň ol ýekeje sowala-da, hatda özünden iň bolmanda birje jümläni çekip çykarmaga çyr-çytyr dyrjaşan jenap Jilmere-de jogap bermedi. Men pikir edýärin, eger-de ol şeýle gutaran mazlum hem nadan bolmadyk bolsady, onda kazy Teýlor ony kazyýeti we oturanlaryň ählisini masgaralandygy üçin tussag ederdi. Attikus, nähili edibem bolsa, men ýöne nädipdigine beýlebir bir oňat düşünmedim, onuň göwnüne örän degen bolmaly, bu hereketi kakamyň özüne-de dynnym ýalyjagam lezzet bermändigi onuň bolup oturyşyndanam mese-mälim bildirýärdi. Ol öz ornundan başyny aşak salyp otyrdy, Meýella bolsa münberden aşak düşdi-de, onuň gapdalyndan öz ýerine geçip barýarka oňa şeýlebir tükeniksiz gahar hem ýigrenç bilen seretdi welin, men bütin ömrüme hiç haçan kimdir biriniň başga birine şeýle seredendigini görmändim, soňam görmedim.
Jenap Jilmer kaza özüniň häzirlikçe başga sowalynyň ýokdugyny aýtdy, kazy Teýlor bolsa:
-Biziň hemmämize biraz dynç almak gerek. On minutlyk arakesme edeliň-diýdi.
Attikus bilen jenap Jilmer kazynyň kürsüsiniň ýanyna bardylar, nämedir bir zatlar barada pyşyrdaşdylar-da, şaýatlaryň münberiniň arka ýüzündäki gapydan çykdylar, olaryň bu hereketi hem biziň hemmämiz üçin biraz aýagymyzy ýazmaga çagyryş bolup hyzmat etdi. Diňe şol pille men ýasy oturgyjyň gyrajygynda oturyşyma aýaklaryň gurşup, gatap gidendigini duýdum. Jim ýerinden turup gerindi, pallady, onuň yzysüre Dill hem şol hereketleri gaýtalady, hormatly ata Saýks bolsa ýüzüni sypal başgaby bilen süpürip ugrady. “Yssa çydar ýaly däl” diýip pessaý hümürdedi.
Hälden bäri metbugat wekilleri üçin niýetlenen kürsüsinde parahat oturyp, şaýatlaryň görkezmelerini ýumşak sürtejiň suwy siňdirişi ýaly özüne siňdirýän Jenap Brakston Anderwud bolsa ikinji gatdaky garaýagyzlar üçin eýwanjyga tutuksy nazar aýlanda, nazary meniň nazaryma sataşdy. Ol göwnüýetmezçilik bilen pyňkyrdy-da tersine döndi.
Men:
-Jim,-diýdim:-jenap Anderwud bizi gördi.
-Bu hiç. Ol Attikusa aýtmaz, ol diňe bu barada özüniň “Tribýunynyň” habarlarynda çap eder.
Şeýle diýdi-de Jim ýene-de Dille nämedir bir zady düşündirip ugrady, megerem häzirki wagta çenli mejlisiň iň gyzykly ýerleriniň bolandygy barada aýdýan bolsa gerek, men welin bolup geçen zatlarda hiç hili üýtgeşik gyzykly zat görmedim. Attikus bilen jenap Jilmer biri-biri bilen jedelleşmändiler, jenap Jilmer garalawjy hökmünde zoraýakdan çykyş edýän ýalydy, şaýatlar jinnek ýaly-da arkanjaklaman gulakasyjylyk bilen ähli sowallara dogry jogap berýärdiler. Ýöne Attikus birmahal bize şaýatlaryň görkezmelerini özüçe düşündirmäge ýykgyn edýän her bir hukukçy ahyrsoňy kazy Teýlordan zabun duýduryş alýar diýip aýdypdy. Attikus meniň kazy Teýloryň daş keşbi boýunça ýalta hem ukuçyl bolup görünse-de ony aldap bolmaýandygyna düşünmegimi isleýärdi, bu bolsa iň esasy zatdy. Attikus: “ol gowy kazy” diýýärdi.
Birhaýukdan soň kazy Teýlor dolanyp geldi we ýene-de özüniň aýlanýan kürsüsine mündi. Penjeginiň keltekçesiniň kisesinden çilim çykardy-da ony oýa batyp synlap ugrady. Men tirsegim bilen Dilliň böwrüne kakdym. Çilimini hemmetaraplaýyn mazaly synlap kazy birhili hyruç bilen onuň ujuny dişledi.
-Biz käte ýöriteläp, bilgeşleýinden ony synlamaga gelýäris,-diýip men Dille düşündirdim:-Indi bu çilimi oňa agşama çenli ýeter. Sen diňe ýagşyja seret.
Ikinji gatdaky eýwançadan özüniň her bir hereketiniň sypdyrman synlanylýandygyny aňşyrmaýan kazy Teýlor dodaklary bilen çilimiň dişlenen galyndysyny çakgan öňe süýşürdi…birdenem, pü-ü-üw! – çilimiň uçjagazy göni baryp tüfdana düşdi, biz hatda “okuň” nädip tüfdanyň gös-göni orruk-ortarasyna şapylap düşenini hem eşitdik.
-Jedel edýän, eger-de mergenlikde bäsleşmeli bolsa hiç kes ondan ökde tüýkürmez,-diýip Dill hümürdedi.
Adatça arakesme wagtynda mähelle mejlisler otagyndan çykýardy, emma bu gün welin, hiç kim ýerindenem gozganmady. Hatda Bikärler hem galdylar, ýogsa olara özlerine garanyňda ýaşrak

adamlary utandyryp, ýer bermeklige mejbur etmek başartmandygy zerarly olar iş ýörediş başlanaly bäri diwaryň ýanynda aýak üstünde durmaly hem bolupdylar welin. Jemgyýetçilik hajathanasyna bolsa jenap Gek Teýt kazyýetiň işgärlerinden özge ýeke adamy hem goýbermezligi tabşyran ekeni.
Attikus jenap Jilmer bilen dolanyp geldiler welin, kazy Teýlor sagadyna seretdi-de:
-Bahym dört bolýar,-diýdi.
Bu örän düşnüksizdi hem şübhelidi, kazyýetiň binasyndaky sagat bu wagta çenli eýýäm azyndan iki gezeg-ä zaň urmalydylar, emma men olary ýeke saparam eşitmändim.
-Şu günüň özünde tamamlamaga synanyşyp görerismi?-diýip kazy Teýlor sorady:-Siziň pikiriňiz nähili, Attikus?
Attikus:
-Görýän welin, tamamlap bileris öýdýän,-diýdi.
-Siziň näçe şaýadyňyz bar?
-Bir.
-Onda näme, geliň şony diňläliň-dä.

xxxxx

Tomas Robinson şaýatlaryň münberine geçdi-de, sag eli bilen çep elini galdyrdy. Ol bu jansyz elini Injiliň daşyna goýdy. Ýöne ol sag elini aýran dessine maýyp eli Injilden tyrpyp gaçdy-da kätibiň öňüne patylap düşdi. Tom ýene-de ony galdyryp ugrady, emma kazy Teýloryň hüňürdisi ony saklady:
-Şeýle aýtsaňam bolar, Tom.
Tom kasam okady-da, şaýatlaryň münberinde ykjamlandy. Attikus çalt-çaltdan oňa sowal yzyna sowal berip ugrady welin, biz ine şu zatlary bildik: Tom ýigrimi bäş ýaşynda, maşgalaly, üç çagasy bar, öň kazyýet tarapyndan jogapkärçiligi çekilen, bir gezek jemgyýetçilik tertibini bozandygy üçin bir aýlyk türmä höküm edilipdir.
Attikus:
-Diýmek, tertibi bozmak bolupdyr-da,-diýdi:-Seniň ol etmişiň näme-de aňladylypdy?
-Bir adam bilen uruşdym, ol meni pyçaklamak isläpdi.
-Ol öz islegini amala aşyryp bildimi?
-Hawa, jenap, ýöne birazajyk. Siz görýäňizmi men…-diýip Tom oňaýsyzlyk bilen çep egnini gymyldatdy.
Attikus:
-Görýärin,-diýdi:-Siziň ikiňize-de iş kesdilermi?
-Hawa, jenap, men azatlykdan mahrum edildim, sebäbi jerimäni men töläp biljek däldim ahbetin. Ol…beýleki bolsa öz jerimesini töledi.
Dill meniň üstaşyrym egildi-de, Jimden bu Attikus näme edýär-ä diýip sorady. Jim bolsa: “Attikus oturdaşlara Tomuň gizlemäge zadynyň ýokdugyny görkezýär” diýdi.
-Siz Meýella Waýolet Ýuel bilen tanyşmy?-diýip Attikus sorady.
-Hawa, jenap. Men olaryň deňesinden her gün mülk meýdanyna we yzyma geçýärin.
-Kimiň mülk meýdanyna?
-Men jenap Link Diziňkide pagta ýygýaryn.
-Siz noýabrda-da pagta ýygýardyňyzmy?
-Ýok, jenap, güýzde hem gyşda men jenap Link Diziň bagynda işleýärin. Men onuňkyda tutuş ýylboýy işleýärin. Onuň bagynda pecan agaçlary we başga-da köp işleri bar.
-Siz özüňiziň her gün Ýuelleriň jaýynyň deňesinden işe we yzyňyza geçmeli bolýandygyňyzy aýtdyňyz. Näme şondan başga ýol ýokmy?
-Ýok, jenap, men başga ýoly bilmeýärin.
-Hanym Ýuel haçanam bolsa bir wagt size lak atypdymy, Tom?
-Dagy näme, jenap. Ine men olaryň deňesinden geçip barýandyryn, hemişe baş egýärin, bir gezek ol maňa howla girmegi we geýim asylýan tekjäni çapyp bermegi buýurdy.
-Ol size haçan şol…geýim asylýan tekjäni çapyp bermegi buýurdy?
-Geçen ýyl, jenap Finç, ýaz aýlarynda. Men muny näme üçin ýadymda sakladym, şol wagt pagtanyň düýbüni gumlamagyň tüýs döwrüdi we meniň ýanymda dyrmygym bardy. Men onsoň oňa aýtdym, meniň ýanymda guralym hem ýok ahyry diýip, diňe dyrmygym bar diýdim, ol bolsa maňa: “men saňa palta bererin” diýdi. Onsoň maňa palta berdi welin, men geýim asylýan tekjäni çapyp berdim. Şondan soň ol aýdýar: “Ýeri näme indi saňa bäş teňňelik şaýy bermeli bolarmy, hä?”, men bolsa aýdýan: “ýok, hanym, maňa hiç zat gerek däl”. Şeýle diýibem öýüme gaýtdym. Geçen baharda bolupdy bu zatlar, jenap Finç, eýýäm bir ýyldanam köpräk wagt geçdi.
-Şondan başga siz ol ýere haçanam bolsa bir wagt giripdiňizmi?
-Hawa, jenap.

-Haçan?
-Aý, sany-da ýadymdan çykypdyr.
Kazy Teýlor çekijine tarap elini uzatdy, ýöne ony galdyrmady. Oturanlaryň arasynda dörän pessaý gowur öz-özünden ýatdy.
-Ol ýere girmekleriňiz nähili ýagdaýda bolup geçipdi?
-Düşünmeýärin, jenap.
-Siz näme üçin olaryň howlusyna köp gezek girdiňiz?
Tom Robinsonyň maňlaýyndaky ýygyrtlar ýazyldy.
-Ol meni çagyrdy, jenap. Ine men olaryň deňesinden geçip barýandyryn, onuň bolsa hemişe meniň üçin haýsydyr bir işjagazy bardyr, ýa odun jaýryp bermelidir, ýa çöp çyra üçin ýonuşga çapyp bermelidir, ýa suw daşap bermelidir. Şol gyzyl güller, ol olary her gün diýen ýaly suwarýardy…
-Ol size bu hyzmatlaryňyz üçin töleg töleýärdimi?
-Ýok jenap, ol şol ilkinji gezek bäş şaýy bermek isläpdi. Ýöne men ol zatlary pul üçin etmeýärdim ahyry. Jenap Ýuel-ä dogrusy oňa beýlebir kömek edip barmaýardy, çagalaram şeýle, onsoň artyk bäş şaýyny ol nireden alsyn.
-Şol gezekler beýleki çagalar niredediler?
-Olar hem hemişe şol ýerde, howludadylar ahyry. Men isleýärin, olar bolsa gözlerini tegeläpjik seredip durlar, käbirleri ediljek ýanymda, käbirleri bolsa penjireden tumşujaklaryny çykaryşyp durandyrlar.
-Hanym Meýella siziň bilen gepleşýärdimi?
-Hawa, jenap, gepleşýärdi.
Tom Robinson görkezme berip durdy, men bolsa birdenkä “megerem bu Meýella Ýueliň ýagty ýalançyda sopbaş ýeke özi eken-ow” diýip içimden pikir öwrenimi duýman galdym. Betnyşan Redli – hatda şol hem ýigrimi bäş ýyl bäri gulp astynda oturanam bolsa beýle ýalňyz däl. Haçan-da Attikus Meýelladan: “joralaryň barmy?” diýip soranda ol hatda düşünmedi hem, soňra bolsa ol öz üstünden gülýändir öýdüp pikir etdi. Ol şeýlebir nalajedeýin welin, edil Jimiň gürrüň beren garnuwly mulatlary ýaly, akýagyzlar-a onuň bilen ol doňuzlar bilen bilelikde ýaşaýandygy üçin gatnaşmak islemeýärler, garaýagyzlar bolsa onuň akýagyzdygy üçin ony ret edýärler. Ol jenap Dolfus Reýmon ýaly garaýagyzlar bilen tirkeşip bilmeýär, sebäbi onuň kenarda öz mülk ýeri ýok ahbetin, üstesine ol asylly, oňat maşgaladan hem däl. Ýueller babatda hiç kim “bu olaryň tohumyna mahsus” diýmez. Meýkomb olara hemaýat puluny berýär, täze ýylda sowgat gowşurýar, soň bolsa ýeňsesini öwürýär. Megerem, diňe Tom Robinson onuň bilen özüni adam ýaly alyp baran bolsa gerek. Ol bolsa görkezme beren wagty: “ol meniň hötdämden geldi” diýip oňa edil hapanyňam hupasy ýaly bir zat hökmünde seňrigini ýygryp garapdy. Ine şu ýerde-de men Attikusyň sesini eşitdim:
-Siz öň haçanam bolsa bir gezek Ýuelleriň ýer şahamçasyna soragsyz girip görüpmidiňiz? Siz haçanam bolsa iň bolmanda birje sapar olaryň howlusyna hojaýynlaryň biriniň çakylygy bolmazdan giripmidiňiz?
-Ýok, jenap, hiç haçan, jenap Finç. Heýem bir beýle zady edip bolarmy, jenap!
Attikus bize birnäçe gezek şaýadyň dogrusyny aýdýanyny ýa-da ýalan sözleýändigini bilmegiň usullaryny düşündiripdi, beýle ýagdaýda iň esasy zat hatda oňa seretmegem däl-de ony diňlemek zerurdy. Men şeýle hem etdim, bir soraga Tom üç gezek “ýok” diýip jogap berdi, ýöne jogap berende asuda gep urdy, myňňyldamady, bolşundanam beter ejiz bolup görünmäge çalyşmady, şonuň üçinem men hatda ol gereginden artyk köp geplänem bolsa-da oňa bada-bat ynandym. Onuň oňat, arassa garaýagyzdygy göz-görtele görnüp durdy, oňat, arassa garaýagyz bolsa eger-de ony çagyrmasalar hiç haçan kesekiniň howlusyna aýagyny-da sekmez.
-Tom, geçen ýigrimi birinji noýabrynyň agşamsy siziň bilen nämeler bolup geçdi?
Aşakda oturanlaryň ählisi birden diýen ýaly uludan demlerini aldylar-da ümzüklerini öňe atdylar. Biziň arkamyzdaky garaýagyzlar hem şeýle etdiler.
Tomuň hamy hünni garady, ýöne garalykdan ýaňa lowurdap durmaýardy-da, birhili solgun mahmala çalym edýärdi. Şar-gara ýüzünde gözleriniň bäbenegi akjaryp görünýärdi, haçan-da ol geplände bolsa dişleri-de şonuň ýaly lowurdap akjaryp gidýärdi. Eger-de ol golak bolmadyk bolsady, onda edil ýöne gözüň ak ýagyny iýip gelýän owadan erkek kişileriň biri boljakdy.
-Men şol agşam öýe barýardym, jenap Finç,-diýip ol söze başlady:-hanym Meýella bolsa öz eýwanlarynda oturan ekeni, ol size şeýle diýibem aýtdy. Olaryňkyda birhili ümsümlikdi, ýöne näme üçindigini men bilmeýärdim. Men gidip barýaryn, özümem geň galýaryn, bi ne beýle ümsümlig-ä diýip, şol pille-de ol meni çagyrdy-da, howla girmegi haýyş etdi. Menem howla girdim-de daş-töweregime garanjakladym, men pikir etdim, hemişekim ýaly odun jaýryp bermelidir öýtdüm, emma howluda çapara odun ýok ekeni, ol bolsa aýdýar: “ýok” diýýär, “seniň üçin öýde iş bar” diýýär. “Işik petlesinden çykypdyr, hä diýmänem gyş ýetip gelýär” diýýär. Menem onsoň hanym Meýelladan: “gapyny bejerer ýaly gural barmy?” diýip soradym, ol bolsa aýdýar: “gural tapylar-la” diýýär. Äý

menem onsoň eýwanyň basgançagyna mündüm, ol bolsa aýdýar: “öýe giriber” diýýär. Men içerik girdim, gapa seretdim-de aýdýan: “hanym Meýella” diýýän, “işig-ä göräýmäge abat ýaly-la” diýýän. Gapyny açan boldum, ýapan boldum, petleler-ä ýerinde ekeni. Ol bolsa birdenkä sende ýok, mende ýok, aldy-da gapyny ýapdy duruberdi. Men şol pikir edip gelýärdim, jenap Finç, bi näme beýle ümsümlikkä diýip, a asyl görüp otursam, öýde-de, howluda-da çagajyklaryň biri-de ýok ekeni ahyry, onsoň birhili iňkise gidip soraýaryn: “hanym Meýella” diýýän, “bu hany çagajyklar nirä zym-zyýat boldularka?” diýýän.
Tomuň şar-gara ýüzi ýalpyldap başlady welin, ol maňlaý derini eli bilen syldy.
-Hawa, onsoň men soraýan ondan: “Bu çagajyklar nirä sumat boldularka?” diýýän,-diýip ol gaýtalady:-ol bolsa birhili erbet edip güldi-de… diýýär: “şähere gitdiler, buzgaýmak iýmäge” diýýär, “men” diýýär, “olara tutuş bir ýyllap ýedi sany bäş şaýylyk toplap berdim, ahyrynda-da topladym. Hemmesi şähere gitdiler” diýýär.
Tomuň birhili özüni oňaýsyz duýýandygy köre hasady, özi-de bu oňaýsyzlyk onuň derländigi üçinem däldi.
-A siz onuň bu sözlerine näme diýip jogap berdiňiz, Tom?-diýip Attikus sorady.
-Men oňa: “siz örän ýeserlik bilen olaryň eminden gelipsiňiz, hanym Meýella” diýen ýaly bir zat diýip jogap berdim. Ol bolsa diýýär: “Sen şeýle pikir edýärsiňmi?” diýýär. Ýöne onuň bu sözleri diýşinden onuň maňa ters düşünendigi görnüp dur…Men hakykatda ol pul toplap bilendigi hem-de çagalary begendirendigi üçin ýeser diýip pikir etdim.
Attikus:
-Men size düşünýän, Tom,-diýdi:-Dowam ediberiň.
-Onsoň bar-a men aýtdym: “Eger-de siziň menlik işiňiz bolmasa, onda men gaýdybereýin-le” diýdim, ol bolsa: “bar” diýýär. Menem: “nähili iş” diýip, ol bolsa buýurdy: “şol oturgyja mün-de, şol çelegi geýim asylýan tekjäniň üstünden aşak düşür” diýdi.
-Siziň şol odunlyk hökmünde çapan geýim asylýan tekjäňiziň üstündenmi?-diýip Attikus sorady.
Tom ýylgyrdy.
-Ýok jenap, ol başgady. Üçegiň edil aşagyna ýetip duran beýikdi. Men çelegi aldym-da aşak düşüp ugradym, ol bolsa…ol birdenkä aldy-da…aldy-da meni gujaklap goýberdi, jenap Finç. Men şeýlebir gorkdum welin, nädip ýere bökenimi hem duýman galdym, şonda-da oturgyç düňderildi…Diňe şol oturgyç hem düňderilipdi, galan zatlaryň ählisi bolsa men gidenimde ýerbe-ýer durdy, jenap Finç. Hudaý şaýat.
-Siz oturgyjy agdaranyňyzdan soň näme boldy?
Tomuň dili lal açana döndi. Ol ilki Attikusa göz aýlady, soňra oturdaşlara, soňra gabat-garşysynda oturan jenap Anderwuda seretdi.
-Tom, siz hakykaty geplemeklige kasam etdiňiz. Biz garaşýarys.
Tom aljyraňňylyk bilen dodaklarynyň üstünden elini ýöretdi.
-Soň näme boldy ahyry?
Kazy Teýlor:
-Sowala jogap ber,-diýdi. Ol eýýäm öz çiliminiň üçden birini çeýnäpdi.
-Men oturgyçdan böküp düşdüm-de jenap Finç, yzyma öwrüldim welin, ol birdenkä meniň üstüme topuldy…
-Üstüňize topuldy? Ýumruklary bilenmi?
-Ýok, jenap, ol…ol meni gujaklady. Iki eli bilenem daşymdan dolap aldy.
Bu gezek kazy Teýlor çekijini bat bilen urup goýberdi welin, bada-bat mejlisler otagynda çyra ýandy. Heniz gowy garaňky gatlyşmandy, ýöne eýýäm penjirelerden günüň ýagtysy düşmeýärdi. Kazy Teýlor gaty bahym tertip-düzgüni ýola goýdy.
-Soň ol näme etdi?
Tom özüne zor salyp ýuwdundy.
-Ol daraklygyna galdy-da meniň ýaňagymdan öpdi. Özi-de diýýär hamana dogup-döräli bäri hiç kim bilen öpüşmänmiş, iň bolmanda şar-garakirlini bir ogşap görmekçimiş. Soňra kakasynyň özi bilen näme etjekdigi bolsa hiçmiş, näme bolsa şol bolsunmyş. Özem aýdýar: “Senem meni ogşa ahyry, şar-garakirli” diýýär. Menem diýýän: “meni goýberäýiň-dä, hanym Meýella” diýýän, özümem gaçmakçy bolýan, ol bolsa işigiň agzynda dur, onsoň men ony nädip iteýin ahyry. Men ony itmek islemedim, jenap Finç, men diňe aýdýan: “meni geçiräýiň-dä!” diýýän. Edil şol müddet bolsa jenap Ýuel penjireden garady-da, gygyryberdi birdenkä.
-Ol näme diýip gygyrdy?
Tom Robinson ýene-de ýuwdundy-da gözlerini petretdi.
-Men muny aýdyp bilmerin…asyl-asyl aýdyp bilmerin…bu ýerde köpçülik, çagalar hem bar…
-Ol näme diýdi, Tom? Siz onuň aýdanlaryny oturdaşlara gaýtalap bermeli.
Tom Robinson gözlerini mäkäm ýumdy.

-Ol: “Haram jelep, men seni öldürerin” diýdi.
-Soň näme boldy?
-Men bada-bat gaçyp gitdim, jenap Finç, men soň näme bolandygyny bilmeýärin.
-Tom, siz Meýella Ýueli zorladyňyzmy?
-Ýok, jenap.
-Siz onuň endamyna haýsy-da bolsa bir şikes ýetirdiňizmi?
-Ýok, jenap.
-Siz onuň özüňize degsinmesine garşy bolduňyzmy?
-Men elimden gelenini etdim, jenap Finç. Men elimden gelenini etdim, ýöne men oňa gödeklik bilen daramak islemedim. Men gödeklik etmek islemedim, ony itmek hem islemedim.
Ine şu ýerde ýene-de meniň kelläme geldi, Tom biçak edepli adam, edil Attikus ýaly. Diňe soň-soňlar kakam maňa düşündireninden soň men Tomuň nähili kyn, jygba-jyg ýagdaýa düşendigine akyl ýetirdim, her niçik-de bolsa, başyna nähili külpetler düşse-de eger-de ol akýagyz zenany urmaga het edäýen bolsa, onuňkynyň gutardygydy, ine şonuň üçinem ol gaçyp giden ekeni. Hemmeleriň pikiriçe bolsa, eger-de gaçýan bolsa onda diýmek günäkärdir.
Attikus:
-Geliň, jenap Ýuele dolanyp geleliň, Tom,-diýdi:-Ol size nämedir bir zatlar diýdimi?
-Ýok, jenap. Belki-de ol bir zatlar diýse diýendirem, ýöne men eýýäm ol ýerde ýokdum…
-Ýeterlik,-diýip Attikus onuň sözüni böldi:-A siziň eşiden zatlaryňyzy ol kime diýdi?
-Ol hanym Meýella ýüzlenip diýdi, jenap Finç, ol şol pille diňe şoňa seredýärdi.
-Soňam siz gaçdyňyz?
-Hawa, jenap.
-Näme üçin gaçdyňyz?
-Gorkdum, jenap.
-Siz näme üçin gorkduňyz?
-Eger-de siz garaýagyz bolan bolsaňyz, jenap Finç, sizem elheder alardyňyz.
Attikus ornuna geçip oturdy. Şaýatlaryň münberine tarap jenap Jilmer ýöneldi, ýöne şol wagt oturanlaryň arasyndan jenap Link Diz örboýuna galdy-da morta yglan edip goýberdi:
-Ine men siziň ähliňize näme aýtmakçy. Bi ýigit eýýäm sekiz ýyl bäri meniň elimde işleýär, şol döwrüň içinde-de men ýeke saparam ony jinnek ýaly erbetlikde görmedim. Ýekeje gezegem.
-Diliňizi saklaň, jenap!-diýip kazy Teýlor mejlisler otagyny sarsdyrdy. Häzir ol dynnym ýalyjagam ukuly görünmeýärdi, özem çym-gyzyldy. Özem geň zat, agzyndaky çilime garamazdan ol örän düşnükli hem dogry gepleýärdi:-Link Diz,-diýip ol sesinde baryny edip gygyrdy:-eger-de sizde aýdara bir zatlar bar bolsa, bellenilen wagtda, kasam kabul edeniňizden soň aýtmaga merhemet ediň, häzirlikçe bolsa şu ýerden garaňyzy saýlaň, bejit boluň! Düşnüklimi? Goý meni oturanja ýerimde albassylar kakaýsyn, eger-de men bu wagtyndan öň bişmäge dalaş edýän miwäni diňläp otursam!
Kazy Teýlor: “Hany ýekeje söz aýtmaga het edip bir gör hany” diýýän ýaly, gazap bilen Attikusa äňetdi, ýöne başyny aşak salan Attikus diňe burnuna siňdirip bildirer-bildirmez gülümsiräp otyrdy. Attikus birmahallar: “kazy Teýlor kazyýet mejlislerine başlyklyk edende ýyldyrymlar çakdyryp gök gümmürdetmegi gowy görýär, kähalatlarda bolsa hatda öte-de geçäýýär, ýöne aklawjylar onuň haýbatly jümlelerine üns bermän gulaklarynyň duşundan geçirip goýberýärler” diýip aýdyp beripdi. Men Jime tarap garanjakladym, ol bolsa diňe başyny ýaýkaýdy. Ol:
-Bu oturdaş ýerinden turaga-da geplän ýaly bir zat däl ahyry,-diýdi:-Eger-de şeýle bolan bolsady ol beýle gazaba münmese-de münmezdi. Jenap Link bolsa tertip-düzgüni bozýar.
Kazy Teýlor kätibe “Eger-de siz garaýagyz bolan bolsaňyz, jenap Finç, sizem elheder alardyňyz” diýen sözlerden soňky aýdylanlaryň ählisini teswirnamada çyzmagy buýurdy, oturdaşlara bolsa her bir ýerliksiz gykylyklara üns bermeli däldigini aýtdy. Ol gahar bilen girelgä tarap tiňkesini dikdi oturdy, megerem jenap Link Diziň çykyp, yzyndan gapyny ýaparyna garaşan bolara çemeli. Soňra ol:
-Boluň, jenap Jilmer,-diýdi.
-Sen jemgyýetçilik tertibini bozandygyň üçin bir aýlyk türmä höküm edilipmidiň, Robinson?-diýip jenap Jilmer sorady.
-Hawa, jenap.
-Ýeri onsoň sen şol garaýagyzyň nähili, mazaly eýini ýetirdiňmi?
-Ol meni ýençdi, jenap Jilmer.
-Hawa, ýöne şonda saňa iş kesdiler ahyry, dogrumy?
Attikus başyny galdyrdy.
-Bu ownuk etmişdi, özem bu eýýäm tesirnamada ýazyldy, siziň merhemetliňiz,-diýdi.
Meniň göwnüme bolmasa onuň sesi ähli zatdan juda argyn adamyň sesine çalym edip gitdi.
-Barybir goý şaýat jogap bersin,-diýip kazy Teýlor hem ýadaw ses bilen jogap gaýtardy.
-Hawa jenap, meni şonda bir aýlyk türmä basdylar.

Indi jenap Jilmer oturdaşlary eger-de adamy jemgyýetçilik tertibini bozmak üçin türmä basan bolsalar, diýmek ol Meýella Ýueli zorlamaklygyny hem niýet edinip biler diýip ynandyrmaga başlar, diňe şol maksat bilenem jenap Jilmer sorag etmekligi şu sowal bilen başlapdy. Şeýle deliller hemişe-de ýaramly we peýdaly bolýar.
-Robinson, sen bir eliň bilen geýim asylýan tekjeleri çapybam, odun jaýrybam bilýärsiň gerek, dogrumy?
-Hawa, jenap, meniň pikirimçe şeýle bolsa gerek.
-Zenan maşgalany bogup ony ýere ýykmaga bolsa seniň güýjüň ýetermi?
-Men beýle işi hiç haçan etmändim, jenap.
-Ýöne seniň şeýle hereketi etmäge güýjüň ýeter ahyry?
-Meniň pikirimçe şeýle-de bolsa gerek, jenap.
-Seniň öňden bäri oňa göwnüň gidýärdimi, ýigit?
-Ýok, jenap, meniň hiç haçanam oňa göwnüm gitmeýärdi.
-Onda näme sen diňe sypaýyçylyk üçin oňa odun jaýryp berýärmidiň, goşlaryny daşaýarmydyň, hä, ýigit?
-Men oňa ýardam bermäge çalyşýardym, jenap.
-Gör-ä sen nähili asylzada ekeniň! Sen mülkde-de işleýärdiň ahyry, üstesine öýüňde-de hemişe saňa iş tapylman duran däldir-ä, hä?
-Hawa, jenap.
-Onda näme sen öz işleriňi etmän, hanym Ýueliň işlerini edip berýärdiň?
-Men öz işlerimi-de edýärdim, jenap.
-Diýmek gündelik hysyrdylaryň seniň kekirdegiňe çenli ýetýän ekeni. Ýöne näme üçin, nämäniň hatyrasyna?
-Näme “nämäniň hatyrasyna”, jenap?
-Sen nämäniň hatyrasyna onuň üçin beýle arrygyňy gynaýardyň?
Tom Robinson dessine jogap bermedi.
-Hawa, ine, men ýaňy aýtdym ahyry, göräýmäge oňa kömek edere adama ýokdy,-diýip ol öz-özüne ynamsyz jogap gaýtardy.
-A jenap Ýuel bilen ýedi sany çaga näme?
-Oňa dogrusy hiç haýsy kömek etmeýärdi ahyry…
-Onsoň senem ýöne şeýle, çakdan aşa rehimliligiň zerarly oňa odun çapyp berýärdiň we beýleki dürli işlerini edip berýärdiňmi, hä, ýigit?
-Hawa, ine, men oňa kömek etmek isledim ahyry…
Jenap Jilmer ernini gyşardyp ýyrşardy-da, oturdaşlara garady.
-Gör sen nähili rehimdar-a, hä!...Şunça işläpsiň, hemmejesi-de mugtunamy?
-Hawa, jenap. Meniň oňa nebsim agyrýardy, onuň ýekeje özi hemmeleriň deregine jepa çekýärdi…
-Ah, görüň-ä muny, haýpy gelýän eken-ä munuň? Indi senmi oňa dözmezçilik edýän?-diýip jenap Jilmer tasdanam üçege çenli böküpdi.
Işi kazyýetde seljerilýän ters gepländigine düşünip, aýagyny aýagyna basdy. Ýöne eýýäm düzederden giçdi. Aşakda oturanlaryň ählisine Tom Robinsonyň jogaby juda ýaramady. Onuň jogabyny hemmeleriň oňatja ýatlarynda saklamaklary üçin bolsa jenap Jilmer ep-esli wagtlap indiki soragyny bermedi.
-Şeýlelik-de,-diýip ol ahbetin dil ýardy:-ýigrimi birinji noýabrda sen hemişekiň ýaly Ýuelleriň jaýynyň deňesinden geçip barýardyň welin, ol seni ýanyna çagyrdy-da, geýim asylýan tekjäni çapyşdyryp bermegi haýyş etdi?
-Ýok, jenap.
-Sen olaryň jaýynyň deňesinden ötüp barýanyňy inkär edýärsiňmi?
-Ýok, jenap…Ol maňa: “öýde seniň üçin iş bar” diýip aýtdy…
-Ol senden geýim asylýan tekjäni çapyşdyryp bermegi haýyş edendigini aýdýar, şeýlemi?
-Ýok, jenap, beýle däl.
-Diýmek onda, sen ol galat aýdýar diýýärsiň-dä?
Attikus ýerinden galkyjaklap gitdi, ýöne Tom onuň kömegi bolmazdanam bu “duzakdan” özüni alyp çykdy.
-Men: “ol ýalan sözleýär” diýmeýärin, jenap Jilmer, ol ýöne ýalňyşýar.
Jenap Jilmer ýene-de ondan gowrak sowal berdi, ol Tomuň Meýellanyň aýdyp berenlerini tassyklamagyny isleýärdi. Ýöne Tom öz diýenini tutdy durdy: “ hanym Meýella ýalňyşýar”.
-Ýöne jenap Ýuel seni öýden kowmadymy, ýigit?
-Ýok, jenap, men beýle pikir etmeýärin.
-Seniň bu “beýle pikir etmeýäriniň” nämäni aňladýar?
-Ol meni kowmaga ýetişmedi, meniň özüm bada-bat çykyp gaçdym.

-Ine şuňa degişlilikd-ä sen örän açyk göwünli aýdyp berýärsiň. Ýöne, dogrusy, sen aslyýetinde näme üçin beýdip bada-bat gaçyp gitdiň-ä?
-Ine şeýle, jenap, men gorkdum.
-Sen beýle nämeden gorkduň ahyry, eger-de seniň ynsabyň arassa bolsa?
-Men aýtdym ahyry, jenap, garaýagyza jygba-jyg…beýle jygba-jyg ýagdaýa düşmek öte howply diýip.
-Ýöne sen jygba-jyg ýagdaýa düşmediň ahyry, seniň özüň hälden bäri hanym Ýueliň öňünde durup bilendigiňi ýanjap-ýanjap aýdyp otyrsyň ahbetin. Ýa-da, belki, sen ol, gowuşgynsyzja gyz, seni – şunuň ýaly göherdi mazalyja ýenjer öýdüp, gorkyňa gaçyp gidensiň, hä?
-Ýok, jenap, men jogapkärçilige çekilmekden gorkdum, ine barybirem çekildim.
-Seni tussag ederler öýdüp gorkduňmy, eden etmişiň üçin jogap bermeli bolar öýdüp gorkduňmy?
-Ýok, jenap, etmedik zadym üçin jogap bermeli bolaryn öýdüp gorkdum.
-Sen, näme, ýigit, maňa gep gaýtaran bolýarsyňmy?
-Ýok, jenap, siziň aýdýanyňyz näme!
Şondan soň men jenap Jilmeriň sowallaryny diňlemedim, Jim maňa Dilli alyp gitmegi tabşyrdy. Dill näme üçindir aglap başlady-da, hiç bes edip bilmedi, ilkibada ol assajadan sojaýardy, soň bolsa barha bat alyp aglap ugrady welin, daş-töwerekde hemmeler eşitdiler. Jim bolsa eger-de men Dilli alyp gitmek islemesem-de özüniň meni barybir mejbur etjekdigini aýtdy, hormatly ata Saýks hem men gidäýsem kem bolmajakdygyny aýtdy welin, men yrlyp, gitdim. Şol gün Dill göräýmäge sagatdy, onuň hiç ýeri hem agyrmaýardy, megerem ol özüniň öýlerinden gaçyp başyndan geçiren ýol hunabalaryndan soň heniz doly özüne gelip ýetişmedik bolara çemeli.
-Sen näme syrkawladyňmy?-diýip men aşak düşenimizden soň soradym.
Biz basgançakdan aşak ylgap düşdük. Dill bolanja erkini bir ýere jemläp özüni dürsemäge dyrjaşýardy. Basgançagyň öňünde jenap Link Diziň ýeke özi ýalňyz halda otyrdy.
-Nämedir bir zat boldumy, Gözlüje?-diýip ol deňesinden geçip barýarkak sorady.
-Ýok, jenap,-diýip men ötüp barşyma jogap berdim:-Ine diňe Dill näme üçindir helemege dönäýdi.
Men Dille:
-Ýör, baglaryň aşagyna gideli,-diýdim:-Megerem sen yssydan şeýle bolansyň.
Dill:
-Ýok, meniň indi mundan beýläk ony diňlemäge ýagdaýym galmady-diýdi.
-Kimi, Tomumy?
-Ýok-la-how, bu ýürekbulanjy Jilmeri, ol oňa şeýlebir ezýet berýär.
-Bu onuň işi ahyry, Dill. Dagy nätjek. Sebäbi eger-de garalawjylar bolmadyk bolsady, onda megerem aklawjylar hem bolmazdy ahyry.
Dill sabyrlylyk bilen uludan demini aldy.
-Bilýän, Gözlüje. Ýöne ol şeýlebir yrsaraýar, onuň her bir sözüne şeýlebir aslyşýar welin, meniň ýüregim bulanyp başlaberdi.
-Ol şeýle-de etmeli, Dill, ol garşylyklaýyn sorag etmegi alyp barýard…
-Ýöne beýlekiler bilen-ä ol özüni beýle alyp barmady…
-Olar aklawjynyň däl-de onuň öz şaýatlarydy ahyry.
-Ýöne barybir jenap Finç Meýellany hem-de garry Ýueli edil beýle sorag etmedi. Ol bolsa Tomy her gezek diňe “ýigit” diýip ýaňsylap, onuň üstünden gülýär, ol näme diýse-de: “görýärsiňizmi ol nähili çypdyrýar-a” diýýän ýaly, her gezek oturdaşlara tarap öwrülýär.
-Sen-ä aldyň-ow, Dill, onsoňam ahyrynda-da, Tom bary-ýogy bir garaýagyz ahyry.
-A meniň üçin welin tapawudy ýok. Barybir beýle etmek jyzmak bolýar. Oňa beýle çemeleşmek dogry däl. Adam bilen asla beýle gepleşmeli däl…Mundan ýaňa meniň aňrym-bärime gelip dur.
-Hawa, jenap Jilmer aslyýetinde şeýle, ol hemmeler bilen şonuň ýaly-da, Dill. Sen entegem onuň nähili birehim bolýandygyny bilmeýärsiň, bu ýerde bolsa…bilýäňmi, jenap Jilmer, meniň pikirimçe bu işde beýlebir janyny hem ýakyp barmaýar. Ýok, olaryň hemmesi şeýle, hemme hukukçylar.
-Jenap Finç beýle däl ahyry.
-Ol hasap däl, Dill, ol…-diýip şol bir sapar hanym Modi Etkinsonyň örän jaýdar hem gowy aýdan sözlerini ýadyma salmaga çytraşdym. Hä, ynha:-Ol hemişe birmeňzeş, köçede bolsun, kazyýetde bolsun, tapawudy ýok.
Dill:
-Men bu barada däl-le,-diýdi.
Men düşünýän, seniň näme barada aýtmakçy bolýanyňa, körpeje-diýip biziň arkamyzdan kimdir biri biziň gürrüňimize goşuldy.
Birbada biziň göwnümize bolmasa ýeňsämizdäki dub agajy geplän ýaly boldy, emma bu jenap Dolfus Reýmond ekeni. Ol agajyň aňyrsyndan kellesini çykardy.
-Sen jögi däl ahyry, seniň diňe bu bolgusyzlyklar sebäpli ýüregiň bulanyp başlapdyr, men dogry aýdýanmy?

xxxxx

-Hany bärik gel, oglum, mende bir melhem, ondan datsaň seniň derdiň birneme ýeňlese gerek.
Jenap Dolfus Reýmond gowy adam däldi, şonuň üçinem onuň çakylygy juda meniň göwnümden turmady, ýöne onda-da men Dilliň yzyndan oňa tarap ýöneldim. Näme üçindir meniň göwnüme bolmasa, eger-de biz jenap Reýmond bilen dostlaşsak Attikus halamajak ýaly bolup göründi, Aleksandra ejem barada aýtmagam gerek däl.
-Me,-diýdi-de ol Dille depesinden iki sany sypal tokurtgajyk somalyp çykyp duran kagyz dolagy uzatdy:-Hany bir owurtla bakaly, seniň süňňüň ýeňläp gider.
Dill sypaljykdan sordy-da, ýylgyrdy, soňam ýetişibildiginden sorup başlady.
Jenap Reýmond:
-Hä,-diýdi. Megerem oňa çagany azdyrmak ýaraýan bolara çemeli.
-Sen seresabrak bol, Dill,-diýip men duýdurmaga howlukdym.
Dill sypaljygy sypdyrdy-da, ýyrşardy.
-Bu koka-kola ahyry, Gözlüje.
Jenap Reýmond dik oturdy-da, agaja ýaplandy. Öň ol otuň üstünde ýatyrdy.
-Ýöne serediň, körpejeler, indi meniň syrymy paş edäýmäň, bolýarmy? Ýogsa meniň asylly adym uly ile wejera bolar.
-Wiý, siz, asyl name bu kagyz dolakdan ýönekeý koka-kolany içip ýörsüňizmi? Iň bir adaty koka-kolanymy?
Jenap Reýmond:
-Hut şeýle, hanym,-diýdi. Ondan eýlenen deriniň, atlaryň, pagta çigdiniň örän oňat ysy gelýärdi. Onuň aýaklarynda gonçlary öte belent ädik bardy, beýle ädigi tutuş Meýkombda başga hiç kim geýmeýärdi:-Men diňe şuny-da içýärin…adatça.
-Diýmek onda, siz diňe serhoş bolan bolýars…-Men dilimi dişledim:-Ötünç soraýan, jenap. Men düýbünden gödek bolmak islemänd…
Jenap Reýmond pyňkyrdy, ol jinnek ýaly-da gaty görmändi. Men bolsa has sypaýyrak sözleri tapmaga synanyşdym:
-Onda näme üçin siz hemme zady bolmalysy ýaly etmeýärsiňiz?
-Näme üçin…a sen näme meniň näme üçin serhoşsyran bolýanymy bilesiň gelýärmi?-diýip ol sorady:-Käbirlerine meniň ýaşaýşym ýaramaýar. Elbetde, men olaryň ählisine-de: “gümüňize gidiňsene” diýip bilýärin, ýaramasa ýaraman geçsin, meniň üçin munuň gara şaýy ähmiýeti ýok. Maňa hakykatdan-da olaryň pikiri bir köpük. Ýöne men olara: “gümüňize gidiň” diýmeýärin, düşnüklimi?
-Ýok, jenap düşnükli däl,-diýip Dill ikimiz deň diýen ýaly gepledik.
-Düşünýäňizmi, men olara biderek ýere sögünmezlige bahana bermäge çalyşýan. Adamlara eger-de olaryň bahanasy bolsa gargynmak has ýakymly. Ine şähere gelýärsiň – men bolsa şähere beýlebir ýygy-ýygydan gelibem durmaýaryn – iki ýaňa çaýkanyp gidip barýansyň, ýok-ýok, käte bir gezegem arasynda ine şu kagyz dolakdan içen bolarsyň welin, onsoň adamlaryň hyşy-wyşysy-da diýip başlar: “ýene-de bu Dolfus Reýmond siňege bulaşmak derejesine ýetipdir-ow, ýeri lül-gammar arakhorda öz bolgusyz edähetlerinden ýüz döndermäge erk nireden bolsun diýsene. Nireden ol özüne erk etsin, ine şonuň üçinem ol adam ýaly ýaşap bilmän ýör-dä” diýşen bolarlar.
-Bu öte kezzaplyk ahyry, jenap Reýmond, hakykatda öz bolşuňdan beter erbet bolup görünmäge dyrjaşmak…
-Dogry, kezzaplyk, ýöne men şeýle etsem adamlar üçin amatly. Men saňa bir pynhan syry aýdaýyn, hanym Finç, men beýlebir gutaran arakhor hem däl, ýöne olar meniň şu ýaşaýşymça ýaşaýanymyň düýp sebäbiniň maňa şu durmuşymyň ýaraýandygy üçin-de ömürbaky hem düşünmezler.
Megerem, maňa bu günägaby bendäni diňlemek uslyp hem däldir, sebäbi onuň garnuwly, mulat çagalary bar hem bolsa ol muňa hatda müýnürgemeýär hem, ýöne maňa onuň bolşy şeýlebir gyzyklydy. Men mundan öň hiç haçan özüne bilgeşleýinden hapa sürtmäge dyzaýan adama sataşyp görmändim. Ýöne näme üçin ol bize özüniň iň ýaşyryn syryny ynandyka? Men şeýle diýibem soradym.
Ol:
-Sebäbi diňe siz çagalar muňa düşünibem bilersiňiz,-diýdi:-ýene-de bir sebäbi men ine şuny diňläp…
Ol Dille tarap baş atdy.
-Häzirlikçe ol eger-de kimdir biriniň başyndan erbetlik inse oňa seredip durmagy çekip-çydap bilmeýär, kanagaty ýetmeýär. Ine ulalar, şondan soň beýle zatlar üçin aglamagyny hem, gynanmagyny hem bes eder. Belki-de onuň göwnüne bolmasa nämedir bir zat, aýdaly beýlebir doly adalatly däl ýaly hem bolup görünmegi ähtimal, ýöne munuň üçin ol ýaňkysy ýaly welin, aglamaz,

ýene-de birnäçe ýyl geçer, soň beýtmez.
-Näme hakda aglamalymyş, jenap Reýmond?-diýip özüniň erkek kişidigini ýadyna salan Dill az-kem hüžžerildi.
-Adamlaryň birek-birege ezýet berýändikleri, özleriniň bolsa muny hatda aňşyrmaýandyklary hakda. Akýagyzlaryň garaýagyzlary ezýändikleri hakda, olaryňam adamdygy hakda bolsa hatda pikirem etmeýändikleri barada.
-Attikus: "garaýagyzy aldamak akýagyzy aldanyňdan on esse çökder günä" diýýär,-diýip men hümürdedim:-Ol aýdýar: " Şondan ýaman zat ýeriň ýüzünde ýok" diýýär.
Jenap Reýmond:
-Hymm, ondan beter zatlaram bolup bilýär,-diýdi:-Hanym Jin Luiza, seniň kakaň beýlekiler ýaly däl, sen häzirlikçe munuň şeýledigine düşünmeýärsiň, sen heniz öz ömürjigiňde juda az gördüň. Sen hatda biziň şäherimize-de entek doly göz ýetirip bilmänsiň, ýöne bu kemçiligi düzetmek üçin saňa diňe kazyýetiň mejlisler otagyna dolanyp barmak ýeterlik bolar.
Ine şu ýerde-de meniň güpbe ýadyma düşdi: jenap Jilmer megerem, eýýäm hemmeleri sorag edip bolan bolsa gerek. Men güne garşy seretdim, ol çaltlyk bilen şäher meýdançasynyň günbatar tarapyndaky dükanlaryň üçekleriniň aňyrsynda gizlenip barýardy. Men nämäni saýlajakdygymy bilmän irikgä boldum, haýsy has gyzykly – jenap Reýmondmy ýa-da okrug kazyýetiniň bäşinji maslahatymy?
Men:
-Ýör, Dill,-diýdim:-Sen nähili, indi gowumy?
-Hawa. Siziň bilen tanşanyma örän şat, jenap Reýmond, şerbetiňiz üçin taňryýalkasyn, ol örän oňat kömek edýär ekeni.
Biz meýdançadan ylgap geçdik-de kazyýetiň binasynyň eýwanyna uçup mündük, soňam basgançak bilen ikinji gatdaky eýwança sümüldik. Hormatly ata Saýks biziň ýerlerimizi saklap duran ekeni.
Mejlisler otagynyň içi şeýlebir ümsümlikdi welin, men ýene-de oýlandym: "bu bäbekler nirä gürüm-jürüm boldularka?". Kazy Teýloryň agzyndaky çilimiň indi diňe uçjagazy görünýärdi, jenap Jilmer öz ornunda oturyp, sary kagyzlara nämedir bir zatlary ýazýardy, göwnüme bolmasa, ol kätipden ozjak bolýana çalym edýärdi, onuň eli bolsa kagyzyň ýüzünde iki ýaňa ylgaýardy.
-Wah, seniň bir!-diýip men hüňürdedim:-Sypdyrypdyrys-a!
Attikus eýýäm öz çykyşynyň ýarysyny aýdyp gutaran ekeni. Onuň ornunda nähilidir bir kagyzlar ýatyrdy, megerem, ol olary oturgyjyň ýanynda, ýerde duran sebedinden çykaran bolsa gerek. Ornunda oturan Tom Robinson bolsa şol kagyzlary elleşdirýärdi.
-…we gönüden-göni subutnamalaryň ýoklugyna garamazdan bu adam ölüm jezasy göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde aýyplanýar hem-de kazyýetiň öňünde kelle ýalaňaçlamaga mejbur edildi…
Men Jimiň böwrüne hürsekledim.
-Ol köp wagt bäri gepläp durmy?
-Ýaňybir subutnamalary ilik-düwme etdi,-diýip Jim pyşyrdady:-Ine görersiň, Gözlüje, biz utarys. Hökman utarys. Ol göz açyp-ýumasy salymyň içinde olaryň ähli dellillerini çym-pytrak edip, ýerinde ýandak gögertdi. Ol ähli zady şeýlebir sada edip düşündirdi, edil…edil bar-a meniň saňa düşündirişim ýaly. Diňlän bolsaň hatda sen hem düşünerdiň.
-A jenap Jilmer?
-Hüş-ş…Hiç hili täze zat ýok, hemme zat öňki-öňkülik. Indi bolsa gepleme.
Biz ýene-de aşak seredip ugradyk. Attikus edil özüniň adatça hat ýazylanda jümleleri aýdyp berşi ýaly parahat hem göwnübir gepleýärdi. Ol äwmezeklik bilen oturdaşlaryň öňlerinde gezmeleýärdi, olar bolsa göräýmäge üns bilen diňleýän ýalydylar, olaryň hemmesi-de, meniň pikirimçe oňa makullaýjy garaýardylar. Megerem, onuň gygyrmaýandygy üçin bolsa gerek.
Attikus ýeke pursatlyk dymdy-da, birdenem özüni juda geň alyp baryp başlady. Ol zynjyrlyja sagadyny kagyzlarynyň gapdalynda goýup:
-Eger-de rugsat berseňiz, siziň merhemetliňiz…-diýdi.
Kazy Teýlor baş atdy welinem, Attikus şondan öňem, soňam, hiç haçan adamlaryň arasynda-da, öýde-de etmeýän işini etdi: penjeginiň keltekçesiniň iliklerini ýazdyrdy, ýakasyny açyp, boýunbagynyň halkasyny aşak dartdy-da, penjegini çykardy. Öýde ol düşege geçmegiň wagty gelip ýetýänçä hemişe ähli ilikleri ildirilgi gezerdi, häzir bolsa Jim ikimiz üçin onuň bolşy edil köpçülikde çüw-ýalaňaç bolan ýalydy. Biz elheder alyp biri-birimize seredişdik.
Attikus ellerini kisesine saldy-da, oturdaşlara tarap ýöneldi. Ýagta onuň altyndan bezeg iligi hem-de syýagalamynyň we galamynyň başlygy ýalpyldap gitdi. Ol:
-Asylzada jenaplar,-diýdi. Jim ikimiz ýene-de biri-birimize seredişdik, ol öýmüzde diňe: "Gözlüje" diýende onuň äheňi şunuň ýaly bolýardy.
Indi onuň sesi ýaňkysy ýaly guraksy hem biparh däldi, ol oturdaşlar bilen edil köçämiziň künjünde tötänden sataşan köne tanyşlary bilen gepleşişi ýaly gürleýärdi. Ol:

-Asylzada jenaplar,-diýýärdi:-men gysga sözlemekçi, ýöne men özüme berlen wagtyň galanja bölegini size bu işiň beýlebir çylşyrymly däldigini, size buýr-bulaşyk ýagdaýlara çuňlaşmagyň derkar däldigini, size başga zadyň gerekdigini, işi kazyýetde seljerilýäniň günälidigini bilmegiň gerekdigini ýatlatmak isleýärin. Muny size şeýlebir bilmek gerek welin, edil ýöne hiç zat bilen deňär ýaly däl, siz muny şeýlebir bilmeli welin, bu ýerde şübhelenmäge jinnek ýaly-da esas galmaz ýaly bilmeli bolarsyňyz. Özi-de siz ilkinji nobatda aslyýetinde şu işi kazyýetde seljermek düýbünden geregem däl bolaýmasyn diýen pikirden başlasaňyz dogry bolardy. Bu işiň mazmuny bolsa edil iki-ikiň dört bolýandygy ýaly aý-aýdyň.
Aýyplawjy Tom Robinsonyň aýyplanýan jenaýatynyň hakykatdan-da bolup geçendigi hakynda hiç hili lukmançylyk subutnamalaryny bildirmedi. Aýyplawjy diňe jebir çeken bilen onuň kanuny wekiline salgylanýar, olaryň görkezmeleri bolsa garşylyklaýyn soragyň dowamynda mälim bolşy ýaly, çynlakaý şübhe döredýärler, galyberse-de işi kazyýetde seljerilýän olaryň görkezmelerini degerli deliller bilen doly inkär etmegiň hötdesinden geldi. Işi kazyýetde seljerilýän günäkär däl, ýöne bu mejlisler otagynda hakykatdan-da günäkär adam hem bar.
Men jebir çekene tüýs durky-düýrmegim bilen duýgudaşlyk bildirýärin, ýöne meniň duýgudaşlygym herniçe çuňňur bolsa-da, onuňam öz çägi bar – haçan-da ol bigünä bendäniň janyndan jyda düşmeginiň ahmaldygyna gözi ýetip durka-da günäni onuň üstüne atjak bolup durmagyny welin men hiç bir ýagdaýda aklap bilmeýärin.
Men, asylzada jenaplar: “günä” diýýärin, sebäbi jebir çeken bu ýerde günäli. Ol jenaýat etmedi, ýöne ol jemgyýetiň zabunam bolsa wagt bilen zerurlygy subut edilen kanunyny bozdy, ol kanun şeýlebir eglişiksiz welin, ony bozmaga het eden her bir ynsany nämynasyp nämährem hökmünde biziň aramyzdan kowýarlar. Ol çykgynsyz zerurlygyň hem-de nadanlygyň pidasy, ýöne men oňa dözmezçilik edip bilmeýärin: sebäbi ol akýagyz. Ol özüniň amala aşyrýan zadyna rugsat berilmeýändigini açyk bilýärdi, ýöne islegi-höwesi onuň üçin ýaňky aýdan kanunymdan has wajyp bolup çykypdyr, şol yhlasyny wysal etmegiň höwesinde özdiýenlilik edibem ol şol kanuny bozupdyr. Ol öz isleginiň öňünde ýan beripdir we soňam durmuşynda iň bolmanda ýekeje gezek her bir adamyň edişi edipdir. Ol edil çagalaryň özlerini alyp baryşlary ýaly özüni alyp barypdyr, özüniň eden, etmekçi bolan işini paş edýän subutnamadan dynmaga, ony gizlemäge çytraşyp ugrapdyr. Ýöne biziň öňümizde öýlerinden, soragsyz ogrynça alan kempudyny ýygşyrýan çaga oturanok. Ol öz pidasyna ýer bilen ýegsan ediji zarbany urdy, oňa ähli zady bilýän adamdan dynmak zerurdy. Ol mundan beýläk onuň gözüne görünmeli däl, ol asla ýeriň ýüzünden ýok bolup gitmeli. Ol öz aýbyny açýan subutnamany ýok etmeli.
Ol nähili subutnama? Tom Robinson diri adam. Emma ol barybir Tom Robinsondanam dynmaly. Sebäbi Tom Robinson diňe özüniň nirededir bir ýerde ýaşaýandygy bilen hem oňa nämeler goparandygyny hemişe ýatladar ýörer. Ýöne ol näme etdi? Ol garaýagyzy maýyl etmek isledi. Ol – akýagyz – garaýagyzy maýyl etmek isledi. Ol biziň jemgyýetimiziň bagyşlamajak etmişini etdi – garaýagyzy öpdi. Haýsydyr bir garry garaýagyzam däl-de, ýaş, güýç-kuwwaty dyňzap duran erkek kişini hemmelere mälim bolan maksat bilen ogşady. Şol pursada çenli-de onuň üçin meniň ýaňky aýdan kanunym ýok ýalydy, emma ol şonuň üstünden ätlän dessine, zabun kanunyň birehim labyry zalymlyk bilen onuň üstünden paglap gaýtdy.
Onuň kakasy onuň edýän zadyny gördi. Onuň bu babatda nämeler diýendigini biz kazyýetde işi seljerilýäniň görkezmelerinden bilýäris. Ýöne şu ýagdaýda onuň kakasy näme etdi ahyry? Biz muny anyk bilmeýäris, ýöne Meýella Ýueliň kimem bolsa esasan çep eli bilen hereket etmäge endik eden kimdir biri tarapyndan wagşylarça ýenjilendigi babatda dahylly, gytaklaýyn subutnamalar bar. Belli bir derejede biz jenap Ýueliň näme edendigini bilýäris. Ol edil onuň ýerine Hudaýdan gorkýan her bir hristianyň, her abraýly akýagyz adamyň etjek işini etdi. Ol degişli görkezmeleri bermek bilen Tom Robinsonyň tussag edilmegini gazandy, öz görkezmelerine bolsa, elbetde hiç bir şübhesiz aýdyp boljak, çep eli bilen gol çekendir, ine-de şonuň üçinem Tom Robinson kazyýetiň öňünde kelle ýalaňaçlamaly boldy, siziň hemmäňiz hem onuň nädip Injilde elini goýup kasam edişini gördüňiz, onuň diňe bir eliniň – sag eliniň hereket edýändigine-de şaýat bolduňyz.
Şeýlelikde, özüne akýagyz aýala dözmezçilik etmäge mümkinçilik beren ýuwaş, edepli, salyhatly garaýagyz erkek kişi, iki sany akýagyzyň sözlerini ret edip özüni goramaga mejbur boldy. Men size ol akýagyzlaryň haçan-da görkezme berenlerinde özlerini nähili alyp barandyklaryny we olaryň daş keşpleriniň nähili bolandygyny ýatladyp durmaýyn, siziň özüňizem ol zatlaryň ählisini gördüňiz. Aýyplawjynyň şaýatlarynyň Meýkomb okrugynyň şerifinden başgalary, siziň öňüňizde, asylzada jenaplar, kazyýetiň öňünde, öz görkezmelerine hiç kimiň müňkürlik etmejekdigine utanç-haýasyz ynanyp dikeldiler, olar, adamlaryň şeýle hiline degişli bolan ähli ynsanlara dogabitdi mahsus ynanç bilen sizem, asylzada jenaplar, olaryň özleri ýaly “ähli garaýagyzlar ýalan sözleýärler, ähli garaýagyzlar tebigatlary boýunça ahlaksyz näkesler, biziň zenanlarymyz hem ähli garaýagyzlardan wehim etmeli” diýen ynançlardan ugur alarsyňyz diýen pikire mäkäm uýup kazyýet mejlisine geldiler.

Bu bolsa öz özeni boýunça, asylzada jenaplar, ýalandyr, edil Tom Robinsonyň teniniň reňki ýaly şar-gara ýalandyr, siziň özüňizem munuň barypýatan ýalandygyny menden gowy bilýärsiňiz. Şonuň bilen birlikde-de size hakykatam mälim, ine ol: käbir garaýagyzlar ýalan sözleýärler, käbir garaýagyzlar ahlaksyz, biziň zenanlarymyz hem käbir garaýagyzlardan howp etmeli, ýöne bu hakykat diňe garaýagyzlara, saryýagyzlara ýa-da gyzyltenli hindilere degişli däl-de akýagyzlara-da, hemme adamlara-da degişli, ýöne bu zatlaryň baryny haýsydyr bir jyns ýa-da millet barada däl-de tutuş adamzat hakynda-da aýtmak bolar. Hatda ine şu mejlisler otagynda-da öz ömründe ýekeje gezek ýalan sözlemedik, ýekeje sapar ahlaksyz iş etmedik adamy tapyp bolmaz, şonuň ýaly-da jahanyň ýüzünde zenan maşgala hyjuw-höwes bilen seredip görmedik birje-de erkek kişi ýokdur.
Attikus dymdy-da, elýaglygyny çykardy. Soňra äýnegini çykaryp, aýnalaryny süpürdi, ine şol pursat Jim ikimiz ýene-de bir açyş etdik, şol müddetden öň biz bir gezegem onuň derländigini görmändik – ol ýüz-keşbinde hiç haçan der damjalaryny görüp bolmaýanlaryň hilindendi, häzirki pursatda welin onuň ýüzi edil gaýym güne ýanan dek lowurdap durdy.
-Ýene-de bir zat, asylzada jenaplar, onsoň men tamamlaýan. Tomas Jefferson bir gezek: “ähli adamlar azat hem deňhukukly edilip ýaradylypdyrlar” diýipdir, waşington müdirliklerindäki ýankiler we ahlaksöýerler bize elmydama bu hakykaty hetjikläp-hetjikläp gaýtalap berýärler. Ine şu günlerde, bir müň dokuz ýüz otuz bäşinji ýylda bolsa, bu sözleri ýerlikli bolsun-bolmasyn, islendik sebäp tapsalar gaýtalamaga ýykgyn edýän adamlar bar. Ine size meniň bu aýdanlarymy subut edýän iň akmak mysallaryň biri: mugallymlar ukyply okuwçylar bilen deň hatarda synpdan synpa nadanlary hem ýaltalary geçirýärler we örän çynlakaý keşp bilen, eger-de şeýle etmeseň başgaça bolmaýandygyny düşündirýärler, sebäbi hamana, hemme adamlar deňhukukly edilip ýaradylypmyşlar, ikinji ýyla galdyrylýan çagalar bolsa özleriniň doly hukukly däldikleri, kembahadyklary zerarly çekip-çydar ýaly bolmadyk derejede ejir çekýärmişler. Ýöne biz welin, adamlaryň käbirleriniň bizi ynandyrmak isleýşi ýaly gutarnykly derejede deň edilip ýaradylmandyklaryny bilýäris ahyry: käbirleri akyl-paýhaslary bilen öňe saýlanýarlar, käbirleriniň belli ýagdaýlar sebäpli mümkinçilikleri köpräk bolýar, üçünjileri beýlekilere garanyňda has artygrak gazanç edip bilýärler, aýallaryň käbirleri bolsa süýji kökeleri, gatlaklyny has süýji edip bişirip bilýärler – umuman gysgaça aýdanyňda, käbir adamlar beýlekilere garanyňda doglanlarynda has ukyply hem zehinli bolup dogulýarlar.
Ýöne bir zatda welin biziň ýurdumyzda hemme adamlar deň, biziň jemgyýetimizde bir kada, bir institut bar, şonuň öňünde-de hemmeler deň – gedaý bilen Rokfellerem , kütek körzehin bilen Eýnşteýn hem, sowatsyz bilen uniwersitetiň alym rektory hem. Şol Institutam, asylzada jenaplar, başga hiç zadam däl-de kazyýet bolup durýar. Özi-de tapawudy ýok, isle ol Birleşen Ştatlaryň Ýokary kazyýeti bolsun ýa-da haýsy hem bolsa bir, Hudaýyň undan tümündäki, iň bir göze-görünmejek ýerli kazyýet bolsun, ýa-da ine biziň mejlis geçirip oturan şu köp merhemetli kazyýetimiz bolsun, tapawudy ýok, onuň öňünde hemmeler deň. Elbetde biziň kazyýetlerimiziňem edil adamzadyň döreden islendik närsesi ýaly ýetmezçilikleri bar, ýöne bir hakykat welin aýdyň, biziň ýurdumyzda kazyýet jemgyýetdäki iň beýik deňleşdiriji, onuň öňünde-de hakykatdanam hemmeler deň.
Men jemgyýetimizde hereket edýän ähli edaralara hem kadalara aşyk bolup ýören, arzuwçyl hukukçy däl, oturdaşlar kazyýetini-de kazyýet ulgamlarynyň görnüşleriniň içinde iň kämili diýibem hasap etmeýärin, meniň üçin bu iň ahyrky nusga-da däl, ýöne bu bar bolan, hereket edýän hakykat. Kazyýet tutuşlygyna, asylzada jenaplar, siz oturdaşlaryň her birinden oňat däl. Kazyýet diňe ony emele getirýän oturdaşlaryň her biriniň we olaryň ählisiniň bütewiligine alanyňdaky paýhasy hem adalaty ýaly parasatly we adyl bolup bilýär. Şoňa görä-de men ynanýan, asylzada jenaplar, siziň bu ýerde eşiden, diňlän görkezmeleriňizi hiç hili tarapgöýlük etmän seljerjekdigiňize we dogry, adyl çözgüt çykaryp, işi kazyýetde seljerilýäniň bigünäligi sebäpli ony öz maşgalasyna gaýtaryp berjekdigiňize janym-tenim bilen ynanýaryn.
Hakyň hatyrasyna öz mukaddes borjuňyzy akýürekden berjaý ediň!
Soňky sözlerini Attikus eýýäm oturdaşlara arkasyny öwreninden soň çala eşidiler-eşidilmez hümürdäp aýtdy, şondan soňam ol ýene-de bir zatlar gepledi, ýöne men eşitmedim. Edil ol birhili kazyýete däl-de öz-özüne aýdýan ýaly. Men Jimiň böwrüne hürsekledim:
-Ol näme diýdi-ä?
-Maňa birhili: “Hakyň hatyrasyna oňa ynanaýyň ahyry” diýen ýaly bolup eşidildi.
Şol pille-de Dill meniň dyzlarymyň üstünden egildi-de, Jimiň ýeňinden dartyp goýberdi:
-Muňa serediň-ä!-diýip ol barmagyny çommaltdy.
Biz şol tarapa garadyk welin, edil ýüregimiz ýerinden gopup dabanymyzyň astyna düşen ýaly bolaýdy. Tutuş mejlisler otagyny kesip geçip, ortaky girelgeden, göni Attikusa tarap Kelpurniýa haýdap gelýärdi.

xxxxx

Ol uýaljaňlyk bilen edil germewiň ýanynda saklandy-da özüni kazy Teýlor görýänçä garaşmaga durdy. Onuň egnindä tämizje öňlük, elinde-de bukja bardy.
Birhaýukdan soň kazy Teýloryň oňa gözi düşüp, ol:
-Bu näme Kelpurniýa ýaly-la?-diýdi.
Ol:
-Men, hut özüm, jenap,-diýdi:-Haýyş edýän, jenap, mümkinmi, men jenap Finçe hatjagaz gowşuraýyn-la? Ol hat bu…bu işe hiç hili dahylly däl…
Kazy Teýlor baş atdy welin, Attikus Kelpurniýadan haty aldy. Bukjany açyp okady-da:
-Siziň merhemetliňiz men…bu uýamdan. Ol maňa meniň çagalarymyň ýitendigini ýazýar, olar sagat on ikiden bäri gürüm-jürüm bolupdyrlar…men…rugsat beriň…
-Men olaryň nirededigini bilýärin, Attikus,-diýip jenap Anderwud onuň sözüni böldi:-Hanha olar, garaýagyzlar üçin ikinji gatdaky eýwançada…Olar şol ýerde takyk ikiden ýigrimi minut işläninden bäri otyrlar.
Kakam yzyna öwrüldi-de, ýokarylygyna seretdi.
-Jim,-diýip ol çagyrdy:-aşak düş!
Soňra kaza nämedir bir zatlar aýtdy, emma biz eşitmedik. Biz hormatly ata Saýksyň ýanyndan itinişip geçdik-de, basgançaga garşy ýöneldik. Aşakda bize Attikus bilen Kelpurniýa garaşyp durdy. Kelpurniýanyň ýüzi gaharlydy, Attikusyňky öte argyndy.
-Biz utduk ahyry, hawamy?-diýip Jim begenjinden ýaňa bir ýerde durup bilmän bökjekleýärdi.
-Bilemok,-diýip Attikus gysgajyk jogap berdi:-Siz mejlis başlandan bäri şu ýerdediňizmi? Baryň, Kelpurniýa bilen gidiň-de agşamlyk naharyny iýip, öýde oturyň.
-Attikus jan, gaýrat et, bize yzymyza gelmäge rugsat beräý-dä!-diýip Jim ýalbaryp başlady:-Haýyş edýän, bize hökümi diňlemäge rugsat beräý-dä! Haýyş edýän, jenap!
-Munuň haçan boljagy-da belli däl, oturdaşlaryň islendik pursatda öz netijelerini yglan etmek üçin dolanyp gelmekleri mümkin.-Ýöne biz eýýäm Attikusyň biraz ýumşandygyny duýduk:-Äý onsoňam, ýeri bolar-da, siz eýýäm şeýlebir köp zatlary eşitdiňiz welin, ahyryna çenli diňläýseňizem zyýan etmezmikä diýýärin. Onda şeýle ediň, häzir gidiň-de agşamlyk ediniň, onsoň yzyňyza geläýiň. Ýöne howlukman iýiň, hiç hili möhüm zady siz sypdyrmarsyňyz, eger-de siz gelýänçäňiz oturdaşlar ýene-de maslahatlaşyp oturan bolsalar, siz biziň bilen bilelikde olaryň dynaryna garaşyp bilersiňiz. Ýöne men pikir edýärin, ähli zat siz dolanyp gelýänçäňiz tamamlanarmyka diýýärin.
-Sen näme ony şeýle çalt aklaýarlar öýdýärsiňmi?-diýip Jim sorady.
Attikus nämedir bir zatlar diýmek üçin agzyny açdy, emma näme üçin hiç zat geplemän, yzyna öwrüldi-de gitdi.
Men ýaňybir hormatly ata Saýksyň biziň ýerlerimizi saklamagyny diläp Hak Perwerdigäre mynajat edip ugrapdym welin, birdenkä oturdaşlar maslahatlaşmaga giden batlaryna jemagatyň mejlisler otagyndan derýa ýaly dolup-daşyp daşaryk akyp başlaýandygy ýadyma düşdi-de, dileg etmegi goýbolsun etdim, megerem şu wagt agşmalyk naharlaryny ýanlaryna alanlardan galan märeke dermanhananyň, naharhananyň we myhmanhananyň içinde hem öňünde hümer bolup durandyr.
Kelpurniýa bolsa bizi öýe alyp barýardy.
-…siziň hemmäňizi gaýyş kemer bilen gowja edip saýmaly. Heý, görlüp-eşidilen zatmydyr, şeýle zatlary diňlän bolup oturmak! Jenap Jim, nädip siziň kelläňize geldi, kiçijik uýajygyňyzy ine şunuň wejera kazyýet mejlisine ýanyňyz bilen alyp gitmek? Hanym Aleksandra bilen dessine ol ýüreginden tutup ýykylar. Heýem bir çagalara şeýle-şeýle zatlary diňlemek uslypmydyr?...
Köçelerde eýýäm çyralar lowurdap durdy, her çyra hem çyradan çyra çenli Kelpurniýanyň gahar-gazaba münen keşbini ýagtyldýardy.
-Men-ä dogrusy pikir edýärdim, siziň egniňizde kelläňiz bardyr öýdüp, jenap Jim! Heý eşidilen zatmydyr, şol ýere uýajygyňyzy süýräp äkitmek! Heý görlüp-eşidilen zatmydyr, jenap! Heý sizi bu eden işiňiz üçin ynsabyňyz horlamaýarmy, heý sizde jinnek ýalyjak-da üşük-düşünje ýokmudyr, hä?!
Men guş bolup uçup barýardym. Birje günüň dowamynda şeýlebir köp zatlar bolup geçdi welin, birbada olaryň hemmesine akyl ýetiribem ýetişip boljak däldi, indi bolsa ine Kelpurniýa özüniň tapylgysyz Jiminiň mazaly eýini ýetirip kössekleýärdi – bäý-bä, bu gün bize ýene-de nähili täsinlikler garaşýarka?
Jim bolsa diňe kikirdäp gelýärdi.
-Kel, a seniň özüňe ol ýerde nämeler bolup geçendigi gyzykly dälmi?
-Diliňizi saklaň, jenap! Siz bar-a bu mahal utançdan ýaňa gözüňizi ýerden galdyrmaly däl, a siziň aňyňyzda bolsa diňe kikirdi bilen wakyrdy…-ýaňybir badyny gowşadyp ugran Kelpurniýa ýene-de Jimiň üstünden eňterilip gaýtdy. Ol haýdaşlap barşyna oňa iň agyr jezalar bilen haýbat atýardy, onuň welin piňine-de däldi:-Bahymrak öýe ýöremäge merhemet ediň, jenap! Eger-de jenap Finç siziň

eýiňizi ýetirmese meniň hut özüm öz ellerim bilen sizi saýgylaryn,-diýip ol endigine eýerip käýinjini tamamlady-da, eýwanymyza galdy.
Jim ernini gyşardyp ýyrşardy-da, içerik girdi. Kelpurniýa Dilliň hem biz bilen agşamlyk edinip biljekdigini aýdýan manyda sessiz baş atdy.
-Ýöne häziriň özünde hanym Reýçele jaň et-de bizdedigiňi aýt,-diýip ol Dille buýurdy:-Ol ertirden bäri hemme ýere ylgap seni gözläp halys bolandyr…Ine görersiň, ol irden alar-da seni yzyňa Meridiana ugradar goýberer!
Bizi Aleksandra ejem garşy aldy we haçan-da Kelpurniýa biziň nirede bolandygymyzy aýdanymyzda tasdanam huşundan gidýärdi. Biz Attikusyň yzymyza dolanmagymyza rugsat berendigini habar berenimizden soň bolsa ol tutuş agşamlyk naharynyň dowamynda kelam agyz geplemedi, megerem ondan juda gaty gören bolsa gerek. Ol keýpsiz halda öz tabagyna tiňkesini dikip oturyşyna içindäki nahary çarşajygy bilen dörjeledi oturdy. Kelpurniýa bolsa Jime, Dille we maňa jomartlyk bilen aýagaldygyna etli, ýeralmaly işdäaçary guýup berdi, süýt guýdy, özem ýetişibildiginden burnuna siňdirip: “utanmadyňyz nätdiňiz...” diýip hüňürdedi ýördi.
-Haýalrakdan iýiň, howlukmaň,-diýip ol ahyry gatyrganyp goýberdi.
Hormatly ata Saýks biz üçin ýer saklap oturan ekeni. Geň zat, biz tutuş bir sagatlap diýen ýaly nahar iýipdik, ondanam beter geň zat, kazyýetiň mejlisler otagynda hiç zat üýtgemändir ekeni, diňe oturdaşlaryň orunlary boşdy we işi kazyýetde seljerilýän ýokdy. Kazy Teýloram giden ekeni, ýöne biz ýerimizde oturmakçy bolanymyzda ol hem gaýdyp geldi.
Jim:
-Hiç kim ýerinden gymyldamandyr diýen ýaly,-diýdi.
Hormatly ata Saýks:
-Haçan-da oturdaşlar gidenlerinden soň jemagat hem az wagtlyk aýagyny ýazmaga çykdy,-diýdi:-erkek kişiler aýallaryna iýere zat getirdiler, eneler bolsa çagalaryny naharladylar.
-Olaryň gidenine kän wagt boldumy?-diýip Jim sorady.
-Takmynan ýarym sagat töweregi. Jenap Finç we jenap Jilmer ýene-de biraz geplediler, onsoň kazy Teýlor oturdaşlary maslahatlaşmaga ugratdy.
-Ýeri onsoň ol nähili?-diýip Jim sorady.
-Ol nämeler aýtdy diýýäňizmi? O-how, ol örän ajaýyp gürledi! Men ondan birjigem gaty görmedim, ol hemme zady örän adalatly aýtdy. Ine edil, eger-de siz bir zada ynanýan bolsaňyz onda şeýle höküm çykarmalysyňyz, eger-de beýleki zada ynanýan bolsaňyz onda beýle höküm çykarmalysyňyz diýen ýaly bir zatlar diýdi. Ýöne birhili meniň göwnüme bolmasa, ol birazajyk, edil iňňäň ujy ýalyjak biziň tarapymyza ýykgyn edýän ýaly boldy durdy…
Hormatly ata Saýks ýeňsesini gaşady.
Jim ýylgyrdy.
-Ol hiç tarapa ýykgyn etmeli däl, siziň merhemetliňiz, ýöne ynjalykdan gaçmaň, biz barybir utduk,-diýip ol hemme zada belet kişiniň keşbi bilen aýtdy:-Oturdaşlaryň hiç bir düzümi hem şunuň ýaly görkezmeleriň esasynda aýyplaw hökümini çykarmaga esas berip bilmez…
-Beýle berk ynanmaň, jenap Jim, men öz ömrümde ýeke saparam oturdaşlaryň akýagyz adamyň garşysyna garaýagyz adamyň bolsa peýdasyna çözgüt çykaranlaryny görmedim…
Ýöne Jim oňa ýeň bermedi we özüniň zorlamaklyk baradaky kanuna bolan garaýyşlarynyň çäginde ähli görkezmeleri ilik-düwme seljerip ugrady: eger-de Meýellanyň özi garşy bolmadyk bolsa onda bu jynsy taýdan zorlamak däl, ýöne munuň üçin onuň on sekiz ýaşy dolan bolmaly (bu biziň Alabamomyzda şeýle). Meýella bolsa eýýäm hatda on dokuz ýaşabam ýetişipdir. Onsoňam, eger-de, sen garşy bolýan bolsaň onda, merhemet et-de aýaklaryň bilen däbşenekle, bogazyňa sygdygyndan gygyr, ýöne şondan soňam zorlamak diýip maddalaşdyrmak üçin seniň hötdäňden gelmekleri, seni ýeňmekleri hökman, iň gowusy bolsa seni huşuňdan giderer ýaly derejede ýeňseçukuryňa doňduryp goýberseler, has oňat bolýar…A eger-de seniň on sekiziň dolmadyk bolsa, onda ýaňky aýdylanlar bolmasa-da saňa iş keserler.
-Jenap Jim,-diýip hormatly ata Saýks birhili az-owlak ýöwselräk onuň sözüni bölmäge het etdi:-kiçijik hanyma beýle-beýle zatlar barada eşitmek gelşikli däl bolaýmasa…meniň pikirimçe…
-Äý, goýuňsana, ol barybir näme hakda gürrüň barýandygyna dyrnagyň ujy ýalyjagam düşünmeýär ahyry,-diýip Jim garşy çykmaga howlukdy:-Şeýle dälmi, Gözlüje, bu zatlaryň barysy ulularyň başagaýlygy ahyry?
-Hiç hilem beýle däl, men hemme zada sendenem gowy düşünýän.
Megerem men bu jümläni gereginden artyk ynamly aýtdym öýdýän, Jim lam-jim boldy-da, dolanybam ýaňky zatlar barada dil ýarmady.
-Sagat näçe bolduka, jenap Saýks?-diýip ol sorady.
-Bahym sekiz.
Men aşak garanjakladym welin, Attikusa gözüm ildi, ol penjireleriň ugry bilen gezmeläp ýördi, soňra

bolsa germewiň ugry bilen oturdaşlaryň ornuna çenli gezmeläp başlady. Ol oturdaşlaryň orunlaryna seretdi, soňra kazy Teýlora tarap garady, onsoň ýene-de yzyna, penjirelere tarap gaýtdy.
Men onuň nazaryny tutdum-da, oňa elimi galgatdym, ol jogap hökmünde baş atdy-da, ýene-de öz pikirleri bilen gümra boldy.
Jenap Jilmer penjiräniň ýanynda jenap Anderwud bilen gepleşip durdy. Kazyýet kätibi Bert çilim yzyna çilim çekýärdi, ol oturan ýerinden arkan gaýşyp aýaklaryny-da çilşirip gabadyndaky tekjäniň üstüne atypdyr. Diňe kazyýete dahyllylar – Attikus, jenap Jilmer, berk ukyda ýatan kazy Teýlor we Bert özlerini adatdakylary ýaly alyp barýardylar. Men mundan öň hiç haçanam depilip dykylan ýaly doly mejlisler otagynda şunuň ýaly iňlär siňeksiz ümsümligiň höküm sürýändigini şaýady bolup görmändim. Kämahal bir bäbek aglamjyran bolar-da dymar, çagajyklaryň haýsy hem bolsa biri göz açyp-ýumasy salymda ylgaşlap geçip gider, ulular bolsa mizäýinem diýmän edil ybadathanadaky ýaly doňup otyrlar. Ikinji gatdaky eýwançada, biziň daş-töweregimizdäki garaýagyzlar hem injili sabyrlylyk bilen doňňara-daşa öwrülip otyrdylar.
Çamalagy çaşan sagat, soňkuja güýç-kuwwatyny jemläp sekiz gezek güňleç zaň kakdy, ol zaň biziň bütin süňňümizi sandyratdy.
Haçan-da on biriň jaňy kakylanda men eýýäm hiç zady duýmaýardym, men eýýäm birmahal uka garşy çyr-çytyr göreşmegimi bes edip hormatly ata Saýksyň ýakymly böwrüne ýassanypdym-da ymyzganypdym. Ýöne şol pursatda birdenkä oýandym-da, ýene-de gaýtadan uklamazlyk üçin aşakdaky kelleleri yhlas bilen sanap başladym: aşakda laýyk on alty sany ýylçyr kelle bar ekeni, kellelerden on dördüsini çyparlaryň hasabyna goşsaň boljakdy, kyrkysy gara we melemtil-goňras kellelerdi, galany…ine şu ýerde-de birdenkä güpbe ýadyma düşdi, bir gezek, haçan-da Jim az wagtlyk ruhyýeti öwreniş tejribesi bilen gyzyklanýan döwründe ol: “eger-de adam köp bolsa, mysal üçin, giden olimpiýa sport merkezi doly bolsa, olaryň ählisi-de bar güýji bilen şol bir zat barada oýlanyp başlasalar, mysal üçin tokaýdaky agajyň ot almagyny isleseler, onda şol agaç alar-da, öz-özünden ot alar” diýip aýdypdy. Men birdenkä begenip gitdim: bäh, häzirjek, ine şu mahal, aşakda hem ýokarda oturanlaryň hemmesinden Tom Robinsony azat etmeklerini bar güýçleri bilen isläp başlamagy haýyş edip bolsady. Ýöne soňra meniň aňyma ýetdi, eger-de hemmelerem meniň ýaly ýadan bolsalar, onda nähili islänimizde-de biz “tokaýdaky agajy öz-özünden ot alar” ýaly edip bilmeris.
Dill başyny Jimiň egnine goýup, gaýym ýatyrdy, Jim bolsa ses-selemsiz otyrdy. Men:
-Nähili uzak, dogrumy?-diýdim.
-Elbetde uzak, Gözlüje,-diýip Jim şadyýan jogap berdi.
-A seni diňleseň-ä, olar ähli zady bir çäýnek çaý içim salymda çözäýjek ýalydylar.
Jim gaşlaryny gerdi-de
-Sen entek käbir zatlara düşünmeýärsiň,-diýdi, men bolsa şeýlebir ýadawdym welin, hatda onuň bilen dikleşmäge-de halym ýokdy.
Ýöne megerem, men şol wagt beýlebir oýlay-ukuly däl bolan bolsam gerek, sebäbi men näme üçindir özümi birhili täsin duýup ugradym. Edil geçen gyşdaky ýaly meniň süňňüm gagşap ugrady, ýogsa şol pille gaty gyzgyndy hem.
Soňabaka bu üşemek duýgusy hasam güýçlendi, ahbetinem kazyýetiň mejlisler otagy hanym Modä täze jaý gurýan agaç ussalarynyň çekiçleriniň tarkyldysy, bilbiljikleriň saýramasy bes eden, hemme goňşularymyzyň gapylary edil Redlileriň jaýynyňky dek jebis ýapylan şol guduz Tim Jonsuň atylan sowuk fewral ertirine döndi. Yns-jynssyz, haňlap ýatan, sop-sowuk, garaşmakdan ýaňa zarňyldap dartylan ümsümlikden doly köçe we adamlardan hyryn-dykyn doly mejlisler otagy. Bu dymyk hem yssy tomus gijesi bolsa şol gyş ertiri bilen des-deň. Ine jenap Gek Teýt gelip girdi-de Attikus bilen gepleşýär, meniň göwnüme bolmasa-da onuň aýagynda şol günki belent gonçly aw ädigi hem-de egninde gaýyş aw keltekçesi bar ýaly. Attikus bolsa indi otagyň içinde dähedem-dessemläp ýörmeýär, ol aýagyny oturgyjynyň ýanynda goýup, jenap Teýti diňleýär, arasynda-da dyzyny sypaýar. Göwnüme bolmasa, ine häzir, ine ýene-de ýeke pursatdan jenap Teýt:
-Atyň, jenap Finç…-diýäýjek ýaly bolup dur.
Ýöne oňa derek ol haýbat bilen:
-Tertip!-diýip gygyrdy.
Hemmelerem çaltlyk bilen başlaryny göterdiler. Jenap Teýt mejlisler otagyndan çykdy-da Tom Robinson bilen dolanyp geldi. Ol ony Attikusyň gapdalyndaky ornuna eltdi-de, gapdalynda togtady. Kazy Teýlor ukudan oýandy, göneldi-de oturdaşlaryň boş orunlaryna eserdeňlik bilen tiňkesini dikdi. Galan zat bolsa edil birhili alasarmyk düýşdäki ýaly bolup geçdi: oturdaşlar dolanyp geldiler, olar edil suwuň astyndaky guwwaslar ýaly haýaljak hereket edýärdiler, kazy Teýloryň sesi bolsa hol allaowarradan gelýän ýaly öte pessaý eşidilýärdi. Ine şu ýerde-de men diňe eger-de seniň kakaň aklwajy bolsa aň salynýan bir zady gördüm, ol zat, ol ýagdaý bolsa edil, ilkibaşdan tüpeňiň oksuzdygyny bilip durkaň, Attikusyň köçäniň ortarasyna çykyp, tüpeňini egnine galdyryp mäşäni

gysyşyny görmek ýaly bir zatdy.
Eger-de aýyplaw hökümini çykaran bolsalar oturdaşlar hiç haçan işi kazyýetde seljerilýäne hatda gözleriniň gyýtagynam aýlamaýarlar. Bu oturdaşlar hem mejlisler otagyna gaýdyp gelenlerinde olaryň ýekeje biri-de Tom Robinsona tarap sähel salymlygam äňetmedi. Olaryň kethudasy jenap Teýte bir sahypa kagyzy tutdurdy, ol ony kazyýet kätibine berdi, ol bolsa kaza.
Men gözlerimi ýumdum. Kazy Teýlor bolsa okaýardy: "Günäkär…günäkär…günäkär…günäkär".
Men assyrynlyk bilen gabak astyndan Jimi synladym. Ol eýwançanyň germewine şeýlebir berk ýapyşypdy welin, onuň hatda barmaklary-da agaryp gidipdir, her "günäkär" diýen söze-de onuň eginleri edil ýüzüne ýumruk bilen urulýan ýaly sandyrap-sandyrap gidýärdiler.
Kazy Teýlor soňam nämedir bir zatlar gürledi. Şonda-da ol näme üçindir elinde çekijini gysymlap durdy, ýöne onuň bilen tarkyldatmaýardy. Men edil bulaşyk ümürde gören ýaly Attikusyň kagyz-esbaplaryny ýygnaşdyryp sebedine salýandygyny gördüm. Ol sebedini gulpuny şyrkyldatdy-da, kazyýet kätibiniň ýanyna bardy, oňa nämedir bir zatlar diýdi, jenap Jilmere baş atdy, soňra Tom Robinsonyň ýanyna baryp, oňa-da nämedir bir zatlar pyşyrdap ugrady. Elini onuň egnine goýdy. Soňra oturgyjyň arkasyndan penjegini alyp, egnine geýdi. Soňam mejlisler otagyndan çykyp ugrady, ýöne hemişeki çykýan gapysyndan däl-de başga gapydan. Ol tutuş mejlisler otagynyň içini kesip geçip, günorta tarapdaky çykalga barýardy, megerem bahymrak öýmüze ýetesi gelýän bolara çemeli. Men onuň her bir hereketini sypdyrman synlaýardym, ýöne ol ýeke saparam ýokaryk seretmedi.
Kimdir biri meniň egnime ýeňiljek kakdy, ýöne meniň düýbünden yzyma gaňrylasym gelmeýärdi, men gözümi aýyrman aşakdaky adamlara, ýekeje özi ýalňyzlyk basmarlaýan ýaly ýegşerilip çykalga garşy haýdap barýan Attikusa seredýärdim.
-Hanym Jin Luiza.
Men yzyma gaňryldym. Hemmeler dik durdy. Biziň daş-töweregimizde, ikinji gatdaky eýwançanyň tutuş hemme ýerinde garaýagyzlar öz orunlaryndan turup, dik durýardylar.
Hormatly ata Saýksyň sesi-de edil ýaňyja kazy Teýloryňky ýaly hol allaowarradan eşidilýärdi:
-Ýeriňizden turuň, hanym Jin Luiza. Siziň kakaňyz barýar!

xxxxx

Soň Jimiň aglamak gezegi geldi. Biz ala-goh bolup, şadyýan mähelläniň içinden itinişip geçip barýardyk, onuň ýüzünden bolsa nalajedeýin gazapdan doly ajy gözýaşlar ýol-ýol bolup syrygýardylar. "Adalatly däl bu!, Adalatly däl!" diýip ol tä Attikusyň bize garaşyp duran ýeri, şäher meýdanynyň künjüne çenli ýolboýy hümürdäp gaýtalap geldi.
Attikus köçe çyrasynyň astynda durdy, onuň ýüzi bolsa edil hiç zat bolmadyk ýalydy, penjeginiň keltekçesi ähli iliklerine ildirilgi, ýakasy hem boýunbagy ýerinde, sagadynyň zynjyry lowurdap dur, onuň özi bolsa edil hemişekisi ýaly parahat hem sowukganly.
Jim:
-Adalatly däl, bu, Attikus,-diýdi.
-Hawa, ogul, adalatly däl.
Biz öýümize gaýtdyk.
Aleksandra ejem heniz ýatmandyr ekeni. Ol halatlydy, ýöne eger walla, çypbakaý çynym, köýneginiň içinden geýýän daş ýaly gaty hem ýap-ýasy bilbagyny welin çykarmandyr.
-Men örän gynanýan, dogan,-diýip ol pessaý pyşyrdady.
Ol henize çenli hiç wagt Attikusa "dogan" diýip ýüzlenmändi, şoňa görä-de men Jime tarap gözümiň gyýtagyny aýladym, emma onuň hiç zat bilen seri ýokdy. Ol kä Attikusa, käte-de öýüň astyna seredýärdi, belki-de ol Tom Robinsona aýyplaw hökümininiň çykarylmagynda Attikus hem günäkär diýip pikir edýändir.
-Oňa näme bolýar?-diýip ejekem Jim barada sorady.
-Hiç-le, ol bahym özüne geler,-diýip Attikus jogap berdi:-Oňa bu bolup geçen ähli zatlary kellesine-de, ýüregine-de sygdyrmak ýeňil düşmedi.
Ol uludan demini aldy:
-Men-ä gidip ýatjak. Eger-de ertir irden ertirlik edinmäge çykmasam, meni oýarmaň.
-Ilkinji nobatda, çagalara rugsat bermek paýhassyzlykdy…
Attikus:
-Bu ýer olaryň dogup-dörän öýi, uýam,-diýdi:-Biz olar üçin şu öýi şeýle edip gurduk, goý, şonuň üçinem onuň içinde ýaşamagy-da öwrensinler ahyry.
-Ýöne olara hiç bir zat üçin gerek däl, ine şeýdip kazyýete gitmek we şu bolgusyzlykdan doly batga batmak…
-Bu zatlaryň ählisi edil Meýkomb okrugyna mahsus häsiýet bolşy ýaly, wagyz-nesihatçylaryň jemgyýetine hem mahsus.

-Attikus,-diýen Aleksandra ejemiň gözleri wehimden doldular:-men seni bu zatlar sebäpli doňýürege öwrülmäge ukyplysyň öýdüp pikirem etmeýärdim.
-Men doňýürekleşemok, diňe juda ýadadym. Men gidip ýatmakçy.
-Attikus…-diýip Jim tutuksy seslendi.
Attikus gapynyň agzynda sägindi.
-Näme, ogul?
-Olar näme etdiler ahyry, olaryň nädip bogny ysdy ahyry?
-Nähilidigini ýa-da nädipdigini-ä bilemok, ýöne şeýtmegi-ä başardylar. Olar öňem edýän zatlaryny, ýene-de ençeme gezek etjek zatlaryny etdiler. Görýän welin, olaryň şeýlediklerine-de diňe çagalar aglaýan ýaly. Gijäňiz rahat bolsun.
Ýöne ir bilen hemme zat agşamka garanyňda beýlebir aýylganç bolubam görünmeýär. Attikus edähetine eýerip, daň atyp-atmanka oýanypdyr we biz ýüzümizi sallap myhman otagyna düşenimizde ol eýýäm öz “Mobil rejisteriniň” içine giräýjek bolup oňa tiňkesini dikip oturan ekeni. Jimiň oýaly-ukuly ýüzünde bolsa onuň heniz doly beýan edip-de bilmeýän sowaly ýazylgy durdy.
-Ýuwaş, tolgunmaga alňasama,-diýip biziň hemmämiz aşhana girenimizden soň Attikus ony köşeşdirdi:-biz entejikler birneme söweşeris. Nägilelik haýyşnamasyny bereris, heniz hemme zady ýitiremzok ahbetin. Eý Hudaý jan-eý, Kel, bu näme ahyry?-diýip Attikus gözlerini petredip öňündäki ýalpak tabaga dikildi.
-Tom Robinsonyň kakasy bu gün size jüýje ugradypdyr, men bolsa ony gowurdym.
-Oňa aýt, meniň üçin bu juda uly sylag-hormat, sebäbi, megerem, hatda, döwlet ýolbaşçysynyň-da ertirlik naharyna gowrulan jüýje berilmeýän bolsa gerek. A ýöne bu näme?
Kelpurniýa:
-Ýumşajyk, çişme kökejikler,-diýdi:-olary size myhmanhanada aşpez bolup işleýän Estella ugradypdyr.
Attikus oňa düşünmezlik bilen garady welin, ol:
-A siz bir baryň-da görüň, aşhanada nämeleriň gopýandygyny, jenap Finç.-diýdi.
Bizem görmäge gitdik. Aşhananyň töri dürli-dümen iýmitlerden ýaňa depe turup durdy: kakadylan etiň äpet bölekleri, pomidorlar, nohut we noýba, hatda üzümem bardy. Attikus çüýşä salnyp duzlanan doňuz aýaklaryny gördi-de ýylgyrdy:
-Nähili pikir edýärsiňiz, ejekeňiz maňa şu zatlary aşhanada iýmäge rugsat berermikä?
-Ine irden geldim welin, bir seretsem biziň arka ýüzdäki eýwançamyz şu zatlardan ýaňa münder bolup ýatyr. Olar…olar siziň eden ähli zadyňyz üçin size şeýlebir minnetdar, jenap Finç. Bu…bu bolsa olaryň tarapyndan beýlebir öte geçýän bihaýalyk däldir ahyry?!
Attikusyň gözüne ýaş aýlandy. Ol bada-bat jogabam berip bilmedi.
-Olara aýt, men olara örän minnetdar,-diýip ol ahbetin özüne zor salyp gyryljak geplemegiň hötdesinden geldi:-Olara aýt…aýt, goý indi hiç haçan olar munuň ýaly zat etmesinler. Bu wagt şeýle-de örän kynçylyk, gytçylyk döwri ahyry…
Ol yzyna çykdy-da, Aleksandra ejemden ötünç sorap, sypal başgabyny geýip, şähere çykyp gitdi.
Daşky otagdan Dilliň aýak sesleri eşidildi welin, Kelpurniýa Attikusyň elinem degirmedik ertirlik naharyny ýygnaşdyrmady. Dill bolsa hemişekisi ýaly alyn dişleri bilen ertirligi çeýnäp oturyşyna bize öten gije hanym Reýçeliň: “eger-de Attikus Finç maňlaýy bilen daş diwary süsüp ýykmak isleýän bolsa, onda gözel göwni, bu ýerde etjek zadyň ýok, maňlaý kimdir özge biriniňki däl-de onuň özüniňki ahyry” diýendigini bize aýdyp berdi.
-Men oňa bujagaz sözlerine jogap hökmünde şeýlebir bir agyz ýarym agyz aýdyp goýbererdim welin, arman,-diýip Dill jüýjäniň butjagazyny gemrip oturyşyna hüňürdedi:-ýöne bu gün onuň bilen sene-mene eder ýaly hem däl-how. Öz-ä diýen bolýar, hamana, ýarty gijeläp meniň üçin alada edip dik oturanmyş, hamana, meni agtaryp başlamaklary üçin şerife ýüz tutmak islänmiş, ýöne ol kazyýetde bolany üçin tapyp bilmänmiş.
Jim:
-A sen mundan beýläk hiç kime aýtman hiç ýere gaçma. Sen bar-a onuň hasam beter içini ýakýarsyň-diýdi.
Dill takdyra ten bermek bilen uludan demini aldy.
-A-haw, men oňa kyrk gezek nirä barýandygymy aýtdym-a…Ýöne hemişe onuň gözüne geýim asylýanyň içinde ýylan görnüp ýör. Ine, gel jedel edeliň, ol her gün irden ertirligiň başynda tas ýarym litre golaý – iki sany püre-pür bulgury içýär, men muny anyk bilýärin. Öz gözlerim bilen gördüm.
Aleksandra ejem:
-Beýle diýme, Dill,-diýdi:-Çagalara beýle geplemek bolmaýar. Bu…bu bihaýalyk bolýar-diýdi.
-Men utançsyz däl, hanym Aleksandra. Näme ýa hakykaty aýtmak aýpmy?
-Seniň aýdyşyň ýaly aýtmak – utançsyzlyk.
Jim ejekeme tarap gözlerini alartdy, ýöne diňe Dille:

-Ýör. Üzümem ýanyňa al.-diýdi.
Biz eýwanymyza çykanymyzda hanym Stiweni Krouford demi-demine ýetmän jenap Eýwerä hem-de hanym Modi Etkinsona kazyýet mejlisi barada gürrüň berýärdi. Olar bize tarap çala göz aýladylar-da ýene-de gepe başagaý boldular. Jim oslagsyz ýerden söweş çakylygyna gygyryp goýberdi. Men bolsa edil şu wagt, şu pursat elimde Jek kakamyň getirip beren tüpeňiniň ýokdugyna biçak gynandym.
Dill:
-Haçan-da maňa ulular dykgat bilen seretseler, ýigrenýän,-diýdi:-Şol bada göwnüňe bolmasa etmedigem bolsaň nähilidir bir garagollugyň üstünde tutulan ýaly bolaýýarsyň.
-Hany bärik gel, Jim Finç!-diýip hanym Modi gygyrdy.
Kynlyk bilen uludan dem alan Jim hiňňildikden düşdi. Dill:
-Bizem seniň bilen,-diýdi.
Hanym Stiweni özüniň bilesigeliji burny bilen bizi didiwana mündürýän ýalydy. Be-e, be-e, gör-ä bulary, ýeri bulara kazyýete gitmäge kim ygtyýar berdikä? Ol-a dogrusy kazyýet mejlisinde bizi görmändir welin, şäherd-ä-hä ertirden bäri hemmeleriň gürrüňi diňe biziň garaýagyzlar üçin eýwançada, şolaryň arasynda oturandygymyz hakynda bolupdyr. Ýeri, bu näme, Attikus näme size şol ýerde ýöriteläp oturtdymy?...O taýda megerem, şol kirlileriň arasynda dem alara howa-da ýok bolsa gerek, şeýlemi, hä?...Be-e, bi näme Gözlüje-de şol ýerde bolup geçen zatlaryň ählisine düşünäýdimi, onsoň?...Ýöne siziň içjagazyňyz-a tütäpjik gidendir, haçan-da siziň kakajygyňyzy kül-peýekun edenlerinde, hä?
-Hany az-owlak dymyp dursana, Stiweni,-diýip hanym Modi hazan ýeli öwsüp duran ýaly sowuk äheňde aýtdy:-Men tutuş ertirimi şu eýwanda dikilgazyk bolup geçirmekçi däl…Jim Finç, men seni çagyranymyň sebäbi, sen we seniň kärdeşleriň süýji köke iýesleri gelýärmi diýip soramakçydym. Men ony bişirmek üçin daňdan sagat bäşde turdum, şonuň üçinem size iň gowusy meniň hödürimi kabul edäýmek galýar. Bizi bagyşlamagyňyz soraýaryn, Stiweni. Ýene-de görüşýänçäk, jenap Eýweri.
Hanym Modiniň aşhanadaky saçagynyň üstünde gatlakly uly köke we iki sany kiçi köke lowurdap durdy. Ýöne kiçi kökelerden üçüsi gerek ahyry. Dogrusy, bu hanym Modä meňzemeýär, ol elbetde Dill barada unudaýan däldir-le, megerem şu oýlanmalardan ýaňa biziň ýüz-keşbimiz geňgalyjylykdan dolan bolara çemeli. Ýöne şol pille biz hiç zat gepläp ýetişmänkäk hanym Modi uly kökeden bir bölegi kesip aldy-da Jime uzatdy.
Biz iýip oturyşymyza düşünýärdik, bu hereketi bilen hanym Modi özüniň bize bolan gatnaşygynyň jinnek ýalyjak-da üýtgemändigini görkezýärdi. Ol ses-sedasyz oturan ýerinden bizi synlaýardy. Birdenem ol dil ýardy:
-Gaýga batma, Jim. Durmuşda hemme zat edil ilkibada görnüşi ýaly erbedem däl.
Öýünde, köçede dälkä öňküsine garanyňda has köpräk geplemekçi bolanda hanym Modi aýalaryny dyzlaryna direýärdi-de, dili bilen agzyndaky oturtma dişlerini düzedýärdi. Ol häzirem şeýle etdi, biz bolsa oturyp, onuň aýtjak-goýjak zadyna garaşýardyk.
-Ine men size näme aýtmakçy bolýaryn: ýagty jahanda hut biziň deregimize iň bir agyr, iň bir kyn, edilendigi üçin hiç hili minnetdarlyga mynasyp bolunmaýan, gaýta, tersine köplenç ýazgarylma sezewar edilýän işleri ýerine ýetirmek üçin doglan adamlar bar. Siziň kakaňyz hem edil şonuň ýaly ynsan.
-Ýeri bolýar-la,-diýip Jim umytsyz lapykeçlikden doly äheňde myňňyldady.
-Hiç hili “ýeri bolýar-la” gerek däl bu ýerde, jenap,-diýip hanym Modi sesini biraz gataltdy:-Sen heniz meniň sözlerime doly düşüner ýaly derejede ýeterlik uly dälsiň.
Jim doly iýilmedik kökesine mölerildi-de:
-Özüňi edil piläniň içinde galan gurçuk ýaly duýýarsyň, ine näme bolýar,-diýdi:-Edil gowy edilip gundalan ýagdaýda ýyljajyk künçde ýatan ýaly, saňa tarap hatda ýeke sapar şemalam öwüsmedik ýaly. Men hemişe meýkomblylar ýeriň ýüzünde iň oňat adamlar diýip oýlanýardym, iň bolmanda olar daş keşplerinden-ä şeýle ýaly görünýärdiler.
Hanym Modi:
-Biz ýeriň ýüzünde iň bolelin hem parahat durmuşda ýaşaýan adamlar,-diýdi:-Ýagdaýlar bizi hakykatdanam özümiziň takwa hristiandygymyzy subut etmäge beýlebir ýygy-ýygydan mejbur edip durmaýarlar, ýöne haçan-da şeýle zerurlyk ýüze çykaýan halatynda welin, biziň bu işi amala aşyrmak üçin Attikusa çalymdaş adamlarymyz bar.
Jim ajy ýylgyrdy.
-Eger-de biziň okrugymyzda hemmeler şeýle pikir edýan bolsadylar, onda nähili oňatçylyk bolardy.
-Sen biziň nähili köpdügimizi hatda gümanam etmeýärsiň.
-Bäh, şeýlemi asyl?-diýip Jimem sesini az-kem gataltdy:-Kim nämedir bir zat edip, Tom Robinsona kömek etdi, hany kim?

-Ilki bilen onuň garaýagyz dostlary we biz ýaly beýleki adamlar. Kazy Teýlor ýaly, jenap Gek Teýt ýaly adamlar. Gäwüşemegiňi bes et-de, Jim Finç, kelläňdäki beýniňe biraz agram saljak bolup gör. Näme kazy Teýloryň Attikusy ýöne ýerden, tötänden Tomuň aklawjysy edip bellemändigi seniň kelläňe gelmedimi? Näme kazy Teýloryň şeýle hereket etmek üçin öz sebäpleriniň bolandygy seniň ýadyňa düşmedimi?
Ine saňa üýtgeşik, täze pikir! Eger-de aýyplanýanyň aklawjy tutunmaga gurby ýetmese, onda adatça aklawjy hökmünde meýkombly aklawjylaryň iň ýaşy Makswell Grini belleýärdiler, sebäbi ol tejribe toplamalydy. Diýmek, bu saparam Tom Robinsony Makswell Grin goramalydy.
-Şu zatlar hakynda oýlan bakaly,-diýip hanym Modi dowam edýärdi:-Bu tötänden däl ahyry. Men düýn gije eýwanymda oturan ýerimden kän garaşdym. Men şol siziň kazyýetden geleriňize garaşdym oturdym, garaşdym oturdym-da pikir etdim: “Attikus Finç işi utmaz, ol hiç bir ýagdaýda utup bilmez, ýöne ol oturdaşlary ine şeýle işiň üstünde şunça wagtlap kelle döwmäge mejbur edip biljek biziň jelegaýlarymyzdaky ýeke-täk aklawjy”. Men şonda-da öz-özüme: “ýeri bolýar, bu hem erbet däl, biz her näme-de bolsa birazajyg-a öňe süýşýäris” diýdim. Bu bary-ýogy birje ädim, çagajygyň ýörjen-ýörjeni ýaly kinniwanja, ýöne her niçik-de bolsa ol öňe tarap ädilen ädim ahyry.
-Bu zatlaryň barysy diňe gürrüň…Ýöne heý, biziň bilimli-ylymly kazylarymyz, aklawjylarymyz, ýabany oturdaşlaryň hötdesinden gelip bilmeýärlermi?-diýip Jim hümürdedi:-Ine men ulalaryn…
Hanym Modi:
-Bu barada gowusy kakaň bilen ümmüldeşip görsene,-diýdi.
Biz aýaklaryňa sowujak degýän täze basgançakdan aşak düşdük-de güneşlige çykdyk welin, jenap Eýweri bilen hanym Stiweni Krouforduň henizem gepleşip durandyklaryny gördük. Olar pyýada ýodasy bilen ýöräp hanym Stiweniniň öýüniň deňesinde saklanypdyrlar ekeni. Olaryň ýanyna hanym Reýçel haýdap barýardy.
Dill:
-Men-ä ulalanymdan soň, megerem masgarabaz bolaryn,-diýdi.
Jim ikimiz haýran galmakdan ýaňa söm-saýak bolduk duruberdik. Ol bolsa göwnübir ýaly:
-Hawa, hawa, masgarabaz boljak,-diýdi:-Adamlar bilen men hiç zady ýola goýup bilmeýärin, meniň bar başarýan zadym olaryň üstünden gülmek, ine şonuň üçinem men sirke girjek-de, tä ýykylýançam güljek.
Jim:
-Sen bulaşdyrýarsyň, Dill,-diýdi:-Masgarabazlaryň özleri gussaly bolýarlar, ine olaryň üstünden welin, hemmeler gülýärler.
-Goý bolsa bolup geçsin, men welin başga hili masgarabaz bolaryn. Sahnanyň orruk-ortarasynda duraryn-da hemmeleriň ýüzüne gülerin. Hanha hol ýere seret,-diýip ol başyny silkip goýberdi:- Näme bular adammy ahyry? Olara ýetmeýän diňe ýekeje zat bar, ol hem ertekilerdäki arwah aýallar ýaly sübsede uçmak. Reýçel daýzama dogrusy, eýýäm sübsesizem uçup ýören ýaly.
Hanym Stiweni bilen hanym Reýcel sabyrsyzlyk bilen gollaryny galgadýardylar. Dill dogry aýdýardy, olar hakyky aýjynlara meňzeýärdiler.
-Wah, siziň bir!-diýip Jim demini daşyna üfledi:-Ýanlaryna barmasaňam boljak däl, beýtseň gödeklik boljak.
Olaryň bolşy nähilidir bir garaşylmadyk waka ýüze çykana çalym edýärdi. Jenap Eýweri boýdan-başa diýen ýaly çym-gyzyldy, özi-de şeýlebir asgyrýardy welin, biz ýanlaryna baranymyzda tas bizi ýere ýazýardy. Hanym Stiweni bolsa süňňi bilen gamyş kibi galdyrap simap kibi sandyraýardy. Hanym Reýçel Dilliň egninden garbap gujaklady.
-Häziriň özünde howla gir-de, köçä burunjygyňy-da somaldaýma. Köçe-de öte howply,-diýip ol janykdy.
-A näme üçin?-diýip men soradym.
-Siz näme eşitmediňizmi? Bütin şäher diňe şol waka barada gürrüň edýär ahbetin…
Şol wagtam bosagamyzda Aleksandra ejem peýda boldy-da, bizi çagyrdy. Ýöne eýýäm giçdi. Hanym Stiweni edähetine eýerip,demi-demine ýetmän bize şu gün irden jenap Bob Ýueliň Attikusy poçtanyň ýanyndaky burçda saklap, onuň ýüzüne tüýkürendigini hem-de biraz puryja berilse özüniň bu bolgusyz aklawjyjyk bilen mazaly aýyl-saýyl edişjekdigini aýdandygyny habar berdi.

xxxxx

Attikus bolsa bu waka barada diňe:
-Men-ä dogrusy, eger-de Bob Ýuel temmäki çeýnemeýän bolsa has oňat görerdim-diýmek bilen çäklendi.
Hanym Stiweni Krouforduň sözlerinden ugur alsaň-a ol waka şeýleräk bolanmyş: Attikus poçtadan çykyp barýan ekeni, onuň ýoluny jenap Ýuel kesipdir, ol oňa hapa-paýyş sözler bilen sögünipdir,

ýüzüne tüýküripdir we ony öldürjekdigi barada haýbat atypdyr. Hanym Stiweni (haçan-da bu wakany hetjikläp, süýjüdip-süýkdürip ikinji sapar aýdyp berýärkä ol eýýäm bakgal dükanyndan dolanyp gelýärkä ýolda ähli zady öz gözi bilen gören adam bolýardy) Attikusyň özüniň kemsidilmegine hatda gaşyny-da gymyldatmandygyny aýdýardy. Ol diňe elýaglygyny çykaryp süpürünenmiş we duran ýerinden jenap Ýueliň özüne sögünişini ümsüm diňlänmiş. Jenap Ýuel bolsa şeýlebir erbet, şeýlebir erbet sözleri diýenmiş welin, hanym Stiweni hiç haçanam ol sözleri gaýtalamaga het etjek dälmiş, eger-de şeýle sözleri diýmeli bolaýsa-da ondan gowusy ol öz dilini dişläp ýolup goýberjekmiş.
“Onsoň soňabaka jenap Ýuel hasam guduzlanmyş, Attikus bolsa onuň sögünjine kelam agyz jogap bermänmiş, onsoň ol diýenmiş: “Sen şar-garakirlileriň dabanyny ýalamagy-ha özüňe peslik bilmeýärdiň, a näme erkek kişi ýaly uruşmagy özüňe peslik bilýärmiň?” diýenmiş. Attikus bolsa: “ýok” diýenmiş, “men ýöne öte garry-da” diýenmiş-de ellerini kisesine salaga-da ol ýerden gidiberenmiş” diýip hanym Stiweni gürrüň berýärdi. Hawa, hawa, ine şunuň ýaly zat-da welin Attikus Finçiň öňüne geçjek adam ýok, käbir ýagdaýlarda şeýlebir bir agyz ýarym agyz aýdyp goýberer welin, edil ýöne lam-jim edäýer…
Ýöne Jim ikimiz bu zatlary hiç hili lezzetsiz diňleýärdik. Men:
-Her niçik-de bolsa ol tutuş okrugda iň mergen atyjy bolupdyr ahyry,-diýdim:-Ol başarardy ahbetin…
Jim:
-Ol ýany tüpeňli gezmez, Gözlüje,-diýdi:-Onsoňam gezeýin diýende-de onuň tüpeňi hem ýok ahyry…Sen bilýärsiňmi, ol şo-o-ol gezek türmäniň öňünde-de tüpeňsiz sakçylyk edipdi. Ol maňa bir gezek: “tüpeňli gezmek diňe özüňi atmaklary üçin pitjiň atmak” diýipdi.
Men:
-Häzir başga ýagdaý,-diýdim:-Gel, ondan haýyş edeli, goý, ol kimdir birinden wagtlaýynça tüpeňini alsyn.
Biz haýyş etsek etdigem welin, Attikus: “biderek zat” diýdi.
Dilli Attikusyň rehimini indermäge dyrjaşmaly diýip maslahat berdi, sebäbi eger-de jenap Ýuel ony öldüräýse onda biz açlygymyzdan öleris ýa-da iň ýamany Aleksandra ejeme miras galarys, onsoňam aý dogan ýaly düşnükli ahyry, Attikusy jaýlan batlaryna ol Kelpurniýany kowar. Jim bolsa: “Belki-de sen güýjüňde baryny edip bagyryp, çyrlap, ýerde ýatyp togalansaň Attikusa täsir eder, sebäbi sen heniz kiçijek, özüňem gyzjagaz ahyry” diýdi. Emma bu hem kömek etmedi.
Ýöne soň Attikus biziň ýüzümizi sallap öwlüýäň daşyndan aýlanýan zyýaratçylar dek öýüň daşyndan pyrlanyp ýörenimizi, iýmän-içmän, ähli oýunlarymyzy taşlanymyzy gördi-de biziň öte gorkandygymyza düşündi. Bir gezek agşamara ol Jime täze futbol žurnalyny getirip berdi, Jim ony göwünli-göwünsiz sahaplan boldy-da, gapdala taşlady. Şonda Attikus ondan sorady:
-Seni näme alada goýýar-a, ogul?
-Jenap Ýuel,-diýip Jim gönüsinden geldi.
-A oňa näme bolanmyş?
-Hiç zat. Biz seniň üçin gorkýarys, seniň ony nämedir bir zat etmegiň gerek.
Attikus gamgyn gülümsiredi.
-Ýeri onuň bilen näme etjek? Birek-biregiň üstüne çozmazlyk barada Ylalaşyk baglaşmaga mejbur etjekmi?
-Haçan-da kimdir biri saňa seniň bilen birýüzli etjekdigini aýtsa, bu oýun däl ahyry.
Attikus:
-Ol şol pursat oýunam etmeýärdi. Sen ýekeje pursatlyk Bob Ýueliň derisine girmäge synanyşyp gör hany, Jim. Eger-de mundan öň onuň sözüne kimdir birine ynanan hem bolsa, kazyýet mejlisinde men onuň ýekeje sözüne-de ynanyp bolmajakdygyny gutarnykly subut etdim. Oňa bolsa bu masgaraçylygyny kimdir birinden çykarmak zerurdy, çünki şeýle adamlar başgaça bolmagy başarmaýarlar. Ýeri bolýar-da, onuň gözel göwni, onuň meniň ýüzüme tüýkürendigi hem-de öldürjekdigi hakynda haýbat atandygy üçin Meýellanyň paýyna öňküsinden biraz azrak urgy hem sögünç düşer, goý şeýle-de bolsun. Olam kimdir birinde gaharyny çykarmalydy ahbetin, şonuň üçinem gowusy öz çagalaryna ezýet bereninden goý ol gazabyny menden çykarsyn. Düşünýärsiňmi?
Jim baş atdy.
Attikus:
-Bize Bob Ýuelden heder etmäge hiç hili esas ýok, ol eýýäm gaharyny çykaryp, deşilen meşige dönüp pyssardy,-diýdi.
Şol pursadam Aleksandra ejem gelip girdi-de:
-Men-ä dogrusy munuň şeýledigine beýlebir öte bil baglap, arkaýynlaşmazdym, Attikus,-diýdi:-Şol kysmy adam öç almak almak üçin herki zady edip biler. Sen şeýle adamlara belet ahyry.
-Ýöne maňa Ýuel näme edip biler, uýam?
Aleksandra ejem:
-Assyrynlyk bilen haýsy-da bolsa birhili nejisligi,-diýdi:-Şübhe-de etmeginiň.

-Meýkombda juda az zady hemmelerden ogrynça edip bolýar,-diýip Attikus garşy çykdy.
Şondan soň biz üýşenmegimizi bes etdik. Oňa çenli tomsuňam ahyry gelip ýetdi, bizem wagtymyzy bihuda sarp etmedik. Attikus bize Tomas Robinsonyň işine indiki basgançakly kazyýetde garalýança oňa hiç zadyň howp salmaýandygyny, ahyrsoňunda-da ony azat etjekdiklerini, halys bolmanda täze kazyýet seljerişini geçirmekligi bellejekdiklerini düşündirdi. Häzirlikçe bolsa ol Meýkombdan ýetmiş mil daşlykdaky Çester okrugyndaky türme mülkünde saklanýardy. Men Tomuň aýalyna we çagalaryna onuň bilen görme-görşe barmaga rugsat berýärlermi diýip soradym, Attikus: “bermeýärler” diýip jogap berdi.
-Eger-de oňa apellýasiýa kömek etmese onuň bilen näme ederler?-diýip men bir gezek agşamara soradym.
Attikus:
-Onda ony elektrik oturgyçda oturdarlar ,-diýdi:-eger-de gubernator hökümi ýumşatmasa. Dur, dur, tolgunmaga alňasama, Gözlüje. Biziň entegem bu işde utmaga doly mümkinçiligimiz bar.
Jim sekiniň üstünde uzyn süýnüp ýatan ýerinden “Giňden ýaýran mehanika” atly žurnaly okaýardy. Şu ýerde ol başyny galdyrdy-da:
-Bu adalatly däl. Hatda ol günäkär bolaýan ýagdaýynda-da ol hiç kimi öldürmedi. Ol hiç kimi janyndan jyda düşürmedi ahyry.
Attikus:
-Sen bilýärsiň ahbetin, Alabama ştatynyň kanunçylygyna laýyklykda jynsy taýdan zorlamak üçin ölüm jezasy berilýär-diýdi.
-Hawa, jenap, ýöne barybir oturdaşlar ony ölüm jezasyna höküm etmeli däldiler…Eger-de ol günäkär diýip biläýen ýagdaýlarynda-da oňa ýigrimi ýyllap iş kesmelidiler.
-Ýigrimi ýyllyk,-diýip Attikus düzediş berdi:-Tom Robinson, başga reňkli adam, Jim. Biziň jelegaýlarymyzda oturdaşlaryň hiç biri düzümi şeýle işi seljerende: “Biz sen günäkär diýip hasap edýäris, ýöne sen beýlebir gaty günäkärem däl ýaly” diýip aýtmaz. Munuň ýaly işde adam ýa aklanmaly ýa-da oňa iň zabun höküm çykarylmaly.
Jim kellesini ýaýkady.
-Ýok, bu zatlaryň ählisi hem nädogry, ýöne men şol ýalňyşlygyň nämededigine düşünip bilmeýärin…belki-de jynsy taýdan zorlamaklygy beýle agyr jenaýat diýip hasaplamaly hem däldir…
Attikus gazetini ýere gaçyrdy. Ol jynsy taýdan zorlamak hakynda kanun bilen ylalaşýar, doly ylalaşýar, ýöne diňe bir dahylly, gytaklaýyn subutnamalaryň esasynda prokuror-a ölüm jezasyny talap etse, oturdaşlaram şeýle hökümi çykarsa, bu örän howply bolýar.
Şol pille ol meniňem diňläp durandygymy gördi-de, düşündirip başlady:
-Başga sözler bilen aýdanyňda, adamy aýdaly, bilkastdan adam öldürmek üçin ölüm jezasyna höküm etmäge bir ýa-da iki sany wakany gözi bilen gören şaýadyň bolmagy zerur. Kimdir biriniň: “Hawa, men şol ýerde boldum we onuň mäşäni gysandygyny hut öz gözlerim bilen gördüm” diýmegi hökmany.
-Ýöne köpleri diňe dahylly, gytaklaýyn subutnamalaryň esasynda jezalandyrdylar ahbetin,-diýip Jim garşy çykdy.
-Bilýärin, şolaryň aglaba köpüsi hem özlerine hut şeýle çemeleşilmegine mynasypdylar hem…Ýöne, eger-de wakany gözi bilen gören şaýat bolmasa, hemişe şübhelenmäge ýer galýar, iň bolmanda şübhäniň kölegesi ýaly bir zat galýar welin, galýar. Kanun bu ýagdaýy: “ýol berilýän şübhe” diýip atlandyrýar, ýöne meniň pikirimçe, biz şeýle halatlarda şübhäniň kölegesiniň-ä däl, hatda salgymynyň galmagyna-da ýol bermeli däldiris. Sebäbi eger-de şeýle edilmedik ýagdaýynda hemişe iň bolmanda ujypsyzja bolsa-da iş kesileniň bigünä bolup çykmak mümkinçiligi galýar.
-Diýmek, ýene-de ähli zatda oturdaşlar günäkär bolup çykýar-da. Onda olaryň tepbedini okamak gerek,-diýip Jim ynam bilen aýtdy.
Attikus ýylgyrmajak bolup ozone zor saldy, ýöne başarmady.
-Sen, ogul, biziň bilen biçak zabun. Men pikir edýän, muňa garanyňda has oňadrak çykalga tapmak mümkin: mysal üçin, kanuny üýtgetmek. Ýagny iň agyr jenaýatlar üçin jeza çäresini diňe kazy kesgitläp biler ýaly üýtgetmek.
-Onda Montgomerä git-dä, goý kanuny üýtgetsinler-dä.
-Sen munuň nähili kyndygyny hatda gümanam etmeýärsiň. Şol kanuny biziň aýdyşymyz ýaly üýtgedýänçäler men-ä ýaşamaryn welin, hatda senem garrap gidersiň.
Jime bu ýaramady.
-Ýok, jenap, her niçik-de bolsa oturdaşlaryň tepbedini okamaly. Ine Tom günäkär däl ahyry, olar bolsa: “günäkär” diýdiler.
Attikus:
-Eger-de şol oturdaşlaryň ýerine sen we ýene-de seniň ýaly on bir adam bolan bolsady, onda Tom eýýäm erkinlige çykardy,-diýdi:-Durmuş heniz seni aýdyň we sagdyn oýlanmak ukybyndan mahrum

etmändir. Toma iş kesen on iki sany oturdaşlar hem gündelik durmuşda hakykatdanam akylly-başly adamlar, ýöne sen olara ähli zady akylly-başly ölçerip dökmäge päsgel beren zatlary öz gözüň bilen gördüň ahyry. Edil şonuň ýaly zatlary sen şol gije, türmäniň öňünde-de görüpdiň. Olar şonda özleriniň haýwany duýgularyny pähim-paýhasyň ýeňendigi üçin däl-de bize sataşandyklary üçin gitdiler. Biziň durmuşymyzda käbir zatlar bar, şolar sebäpli-de adamlar ynsançylyk sypatyny ýitirýärler, olaryň ählisi-de adalatly bolmak isleýärler, ýöne bolup bilmeýärler. Haçan-da biziň kazyýetimizde akýagyz garaýagyza garşy çykyş edýän bolsa hemişe akýagyz ýeňýär. Durmuşyň hiç hili owadanlamasyz, ýylmap-ýuwmarlamasyz hakykaty ine şunuň ýaly.
-Barybir adalatly däl,-diýip Jim hötjetlik bilen gaýtalady. Ol ýumrugy bilen dyzyna assaja kakýardy:-Şunuň ýaly subutnamalara daýanyp adama iş kesmek bolmaýar, bolmaýar – ine-de bar bolany.
-Seniň pikiriňçe bolmaýar, sen iş kesmezdiň, ine olar welin iş kesdiler. Özüňem indi mundan buýana sen ulaldygyňça has köp zatlary görersiň. Başga ýerlere garanyňda hasam kazyýetde adam babatda, onuň teniniň reňkiniň nähilidigine garamazdan adalatly hereket etmeli, ýöne adamlar oturdaşlaryň münberine-de ýanlary bilen öz köre-kör ynançlaryny, ters düşünjelerini getirmegiň hötdesinden gelýärler. Sen ulaldygyňsaýy akýagyzlaryň her gün we her ädimde garaýagyzlary aldaýyşlaryny barha köp aňşyryp başlarsyň. Ine men saňa näme aýdaýyn, ogul, sen meniň aýtjak şu zadymy gaty berk bellegin: eger-de akýagyz garaýagyz babatda şeýle hereket edýän bolsa, şol akýagyz kimem bolsa, ol nähili baý bolsa-da, ol aňrybaşy oňat maşgaladan gelip çykanam bolsa, ol barybir – näkesdir!
Attikus ýuwaşja gepleýärdi, ýöne onuň bu soňky sözi biziň depämize tkmak bilen urlan ýaly etdi. Men başymy galdyrdym welin, onuň gözleri otlukly ýanyp durdylar.
-Garaýagyzyň nadanlygyndan peýdalanýan akýagyz haramzada – heýem şundan ýürekbulanjy zat ýeriň ýüzünde bolup bilermi? Özem bu ýagdaýda dyrnagyň uçjagazy ýaly-da özüňi aldamak gerek däl, hasap barybir günsaýyn olaryň tarapyna artyp gidip otyr, onsoň iri bar, giji bar, ahyry bir gün jemgyýetiň depesinden gutulgysyz injek hasaplaşykdan hiç kes gaçyp sypyp ýa-da gizlenip bilmez. Ýöne men umyt edýän, ol zatlar siziň bir başyňyzdan düşmäwersin.
Jim ýeňsesini gaşady. Birdenem gözlerini şakäse ýaly tegeledi-de:
-Attikus,-diýdi:-näme üçin biz we hanym Modi ýaly adamlar hiç haçan oturdaş bolmaýarlar? Biziň şäherlilerimiz hiç wagt bolmaýarlar, olary diňe haýsy-da bolsa bir itiň ölen gyrak-bujagyndan getirýärler.
Attikus özüniň hiňňildik-kürsüsine ornaşykly ýaplandy. Ol näme üçin Jimden örän razydy. Ol:
-Men hälden bäri seniň bu zada pikir edip ýeteriňe garaşyp otyrdym,-diýdi:-Munuň örän köp sebäbi bar. Ilkinji nobatda hanym Modi zenan bolandygy üçin ol oturdaş bolup bilmeýär…
Men örç alyp galdym.
-Näme Alabamada aýallar bolmaly dälmişikmi?...
-Hut şeýle. Men güman edýän, bu kada biziň näzijek hanymlarymyzy ine şu Tom Robinsonyň işi dek hapa zatlardan goramak üçin bolaýmasa. Onsoňam,-diýdi-de Attikus gülümsiredi:-zenanlar oturdaş bolan halatynda biz ýekeje kazyýet seljerişini hem ýüzlerçe ýyllabam ahyrlap bilmerismikäk diýip men gorkýan, hanymlarymyz bize maý bermän sowal yzyna sowal ýagdyrarlar oturarmyka diýýärin.
Jim ikimiz hahahaýlap başladyk. Hanym Modi – oturdaş, muny birje gezek göräýsedik! Pahyr bolmadyk bolsa, hanym Dýuboz bolsa özüniň tigirçekli kürsüsinde oturan ýerinden: “Bu tükeniksiz tarkyldyňy bes et, Jon Teýlor, men bu adamdan käbir zatlary soramakçy bolýaryn” diýip hüňürdär oturardy. Göryän welin, şu iş-dä biziň ata-babalarymyz örän parasatly hereket edipdirler-ow.
-Biziň ýaly adamlar barada aýdanyňda bolsa, bize-de şol hasap boýunça töleg geçmek zerur bolarmyka diýýärin,-diýip Attikus dowam edýärdi:-Biz özümiziň mynasyp bolýan oturdaşlarymyzy hem alýarys. Birinjiden, biziň edermen, gaýduwsyz meýkomblylaryň biçak biperwaý. Ikinjiden, olar gorkýarlar. Onsoňam olar…
-Näme üçin gorkýarlar?-diýip Jim sorady.
-Hymm…mysal üçin, aýdaly jenap Link Diz, hanym Reýçeliň hanym Modä, aýdaly eger-de ol ony ulag bilen kakdyran bolsa näçe öweztölegini tölemelidigini kesgitlemeli bolýar. Linkiň öz alyjylaryndan hiç haýsy bilen arasyny bozasy gelmez ahyry, dogrumy? Ine onsoň ol şonuň üçinem kazy Teýlora özüniň kazyýet mejlislerine gatnaşyp bilmejekdigini, sebäbi özüniň dükanyny goýmaga adamsynyň ýokdugyny aýdýar welin, kazy Teýloram ony bu borjundan boşadýar. Dogry, ol elbetde kähalatlarda muňa gaharlanýar hem, ýöne barybir köpleri şol borçdan azat edýär.
-Ýöne näme üçin jenap Diz hanym Modi ýa-da hanym Reýçel ondan haryt satyn almaklaryny bes ederler diýip pikir edýär?-diýip men soradym.
Jim:
-Men anyk bilýärin, hanym Reýçelä bes eder welin, hanym Modi bes etmez,-diýdi:-Attikus, ýöne oturdaşlaryň haýsynyň näme üçin ses berýändigi gizlin syr ahbetin.
Kakam ýylgyrdy.

-Saňa entek köp zada akyl ýetirmek gerek, ogul. Hawa, elbetde, bu syr diýlip hasap edilýär, ýöne oturdaş bolanyndan soň adam belli bir netijelere gelmeli we olary yglan etmeli. Adamlar bolsa beýle etmegi halamaýarlar, sebäbi bu zat elmydama ýakymly bolup durmaýar.
-Tom babatda welin, oturdaşlar elbetde, howul-hara netije çykaran bolsalar gerek,-diýip Jim hümürdedi.
Attikus sagat salynýan kisejigine elini ýetirdi.
-Ýok, olar gyssanmaç däldiler,-diýip ol içinden diýen ýaly pyşyrdady:-Düşünýäňmi, hut şonuň üçinem men pikir etdim: belki-de bu her niçik-de bolsa başlangyçdyr diýip. Oturdaşlar bir ýa-da iki sagat däl-de ep-esli wagtlap maslahatlaşdylar. Hökümiň başgaça däl-de, hut şeýle çykaryljakdygy megerem, öňünden belli bolsa-da bolandyr, ýöne adatça şeýle işler boýunça oturdaşlaryň maslahaty bary-ýogy birnäçe minut dowam edýär. Bu gezek welin…-Attikus ýarym sözde dymdy-da, bize seretdi:-Belki-de size muny bilmek gyzykly bolar, şol ýerde bir oturdaş bar ekeni, beýlekiler ony özleri bilen ylalaşmaga zordanjyk yraýpdyrlar…başda ol Tomuň gepsiz-gürrüňsiz aklanylmagyny talap edipdir.
-Be, kimkä ol?-diýip Jim geň galdy.
Attikusyň gözleri şadyýanlyk bilen ýylpyldaşyp gitdiler.
-Dogrusy size muny aýtmak gereg-ä däldi welin, men onda-da aýdaýaýyn. Bu Köne Saremden siziň bir dostuňyz.
-Kaningemlerdenmi?-diýip Jim sesinde baryny edip gygyrdy:-Şolardanmy…men olardan hiç kimi kazyýet mejlisinde görmedim ahyry…Ýok, sen oýun edýänsiň-le!-diýip ol gabak astyndan Attikusa seretdi.
-Ol şolaryň ýakyn garyndaşy. Men bar-a edil birhili duýan ýaly şoňa ynam bildirmezlik bildirmedim. Edil bar-a gönüden-göni syzan ýaly. Men oňa ynanmazlyk bidirip bilýärdim, ýöne bildirmedim.
-Aklym haýran-a!-diýip Jim geň galdy:-Birden-ä, edil ýap-ýaňyja olar ony tasdanam kazyýetsiz-beýlekisiz eden-etdilik bilen öldürýärdiler, ýeke pursat yz ýanynda bolsa ony erkinlige goýberjek bolup dyzap ýatyrlar…Äý ýok-la, men bu halkyň nähili jemendedigine ömürbaky hem düşünmerin-le!
Attikus: “olary diňe mazalyja bilmek gerek” diýdi. Ol ýene-de: “Kaningemler Täze Dünýä göçüp gelen döwürlerinden bäri olar hiç kimden hiç zat diläp almandyrlar, hiç kime öýkünmändirler. Ýene-de bir zat: eger-de kimde-kim olaryň hormatyna mynasyp bolaýsa onda olar şol adam üçin özlerini oda-da, suwa-da urmaga taýýar bolýarlar” diýdi. Attikus onuň göwnüne bolmasa, has dogry aýdanyň-da onuň ujypsyzja çaklamasyna görä, şol gije, olar türmäniň öňünden yzlaryna gaýdanlarynda olaryň Finçlere bolan hormaty megerem bir gez dagy beýgelen bolaýmasa diýdi. Onsoňam diýdi, diňe gudrat Kaningemi niýetinden dänderip bilýär, ol hem beýleki bir Kaningem bilen agyz birikdirip, jübütleşip onuň ýolundan çyksa diýdi.
-Eger-de şol düzümde iki sany Kaningem bolan bolsady, onda oturdaşlar hiç haçanam şeýle hökümi çykaryp bilmezdiler.
-Onsoň senem oturdaşlaryň arasynda bir-iki gün öň ýanyndan seni öldürmek islän adamyň bolmagyna ýol berip, oňa ynanmazlyk bildirmediňemmi?-diýip haýaljakdan gepledi:-Sen nädip beýle töwekgelçilik edip bildiň ahyry, Attikus sen nädip beýle edip bildiň?
-Eger-de ýagşyja pikirlenip görseň, bärde beýlebir ullakan töwekgelçiligem ýok ahyry. Eger-de olaryň ikisi-de işi kazyýetde seljerilýäne aýyplaw hökümini çykarmaga taýýar bolsa olaryň ikisiniň arasynda näme tapawut bar? Ýöne welin, ine aýyplaw hökümini çykarmaga taýýar adam bilen ugur-utgasyny ýitiren adamyň arasynda welin, her niçik-de bolsa tapawut bar ahyry, ylalaşýaňmy? Oturdaşlaryň bütin sanawynda men diňe şol babatda onuň “günäkär” diýip ses berjekdigini ýa-da bermejekdigini anyk bilmeýärdim.
-Ol jenap Uolter Kaningemiň nämesi?-diýip men soradym.
Attikus ýerinden turdy-da, gerindi, pallady. Heniz hatda biziň ýatar wagtymyz bolmandy, ýöne onuňam ukusy tutsa-da entek birneme gazet okasy gelýärdi. Ol gazeti ýerden göterdi-de, meniň ýeňseçukuryma mähir bilen kakyp goýberdi.
-Häzir hasaplap göräýeris,-diýip ol war-war etdi:-Hä, ine. Iki-ikiden iki gezek doganoglan dogany.
-O nähili?
-Iki uýa iki dogana durmuşa çykypdyr. Men saňa mundan artyk hiç zat aýtmakçy däl, galanyna düşünmek üçin özüň kellejigiňe agram sal.
Men oýlandym, oýlandym, şeýlebir köp oýlandym welin, hatda kelläm agyryp gitdi, ahyrynda-da, eger-de men Jime durmuşa çykan bolsam, Dilliň bolsa uýasy bolan bolsa, olam öz uýasyna öýlenen bolsa, onda biziň çagalarymyz iki-ikiden iki gezek doganoglan doganlar bolardylar diýen netijä geldim.
-Gör-ä muny, Jim,-diýip men Attikus gideninden soň aýtdym:-Bu Kaningemleriň täsindigini diýsene, sen aýtma! Ejeke, siz eşitdiňizmi?
Aleksandra ejem gaňyrçak bilen halyjyk dokaýardy we bize seretmese-de biziň gürrüňimize gulak gabardýardy. Ol özüniň kürsüsinde otyrdy, onuň tikin-çatynly sebetjigi bolsa ýanynda, ýerde durdy,

çitýän halyjygy dyzynyň üstünde ýazylgydy. Men hiç wagt näme üçin hakyky asylly hanymlaryň tüp yssyda ýüňden halyjyk örmek bilen meşgul bolýandyklaryna hiç düşünip bilmän geçdim.
Ol:
-Hawa eşitdim,-diýdi.
Şol pille-de şol birmahalky, özümiň Uolter Kaningem-kiçisine kömege topulan şowsuz wakam ýadyma düşdi. Meniň şonda şeýle hereket edenim nähili oňat bolupdyr.
-Ine biz mekdebe gideris welin, men Uolteri bize günortanlyk naharyna çagyraryn,-diýip men ilkinji gezek sataşan dessimize ýagşyja edip onuň suwuna degmek barada öz-özüme eden kasamymy düýbünden undup yglan etdim:-Has gowusy bolsa ony biziňkä myhmançylyga sapakdan soň hem çagyryp boljak. Soňra bolsa Attikus ony Köne Sareme alyp gider. Belki-de onuň haçanam bolsa bir wagt bizde agşamlyk ýatmaga-da galmagy mümkin, bolýarmy, Jim?
Aleksandra ejem:
-Muny soň görübereris,-diýdi.
Bu sözler ejekemiň dilinde wadany däl-de haýbaty aňladýardy. Men haýran galdym:
-Näme üçin beýle etmeli dälmişik, ejeke? Olar gowy adamlar ahyry.
Ol maňa özüniň iş äýneginiň üstaşyr äňetdi.
-Men olaryň gowy adamdyklaryna birjik-de şübhelenmeýärin, Jin Luiza. Ýöne olar biziň deňimiz däl.
-Ejekem, olar gödeňsi diýmekçi bolýar, Gözlüje,-diýip Jim düşündirdi.
-A o näme boldugy, “gödeňsi” diýmek?
-Äý gödek diýen ýaly bir zat-da, aýdym-sazy has çasly aýtdyrmagy halaýan we şuňa meňzeş-dä.
-Wiý munyň dagy nämejik, menem aýdym-saz gaty aýtdyrmagy halaýan…
-Samsyk zatlary gürleme, Jin Luiza,-diýip Aleksandra ejem goşuldy:-Bärde esasy özeni, eger-de hatda Uolter Kaningemi lowurdap duran derejä çenli ýuwup-ardyp, oňa köwüş hem täp-täzeje penjek geýdirseňem, ol barybir Jim ýaly bolmaz. Onsoňam Kaningemleriň ählisi serhoş ediji içgilere çakdan aşa ýykgyn edýärler. Finçleriň kowmunyň zenanlary bolsa beýle adamlar bilen düýbünden gyzyklanmaýarlar.
-E-j-e-k-e!-diýip Jim süýndürip goýberdi:-onuň entek dokuz ýaşy hem dolmadyk ahyry.
-Bolanda näme, onda-da goý bilsin.
Aleksandra ejem bilen jedelleşmegiň hiç hili peýdasy ýokdy. Men bada-bat onuň soňky sapar meniň ýoluma böwet bolşuny hakydama getirdim. Şol gezegem men onuň näme üçin beýle edendigine hiç düşünip bilmedim. Men şonda Kelpurniýanyň öýüne görme-görşe gidip görmegi arzuw edipdim, sebäbi onuň nähili ýaşaýandygyny, onuň dostlaryny görmegiň, onuň myhmany bolmagyň höwesinde men bilesigelijilikden ýaňa eddil ýöne duran ýerimde takga janym çykyp barýardy. Ýöne ejekem üçin welin, bu zady edil asmandan aýy goparyp eliňe alan ýaly mümkin däl zada öwürdi oturyberdi. Bu gezek Aleksandra ejem başgaça hereket edýärdi, ýöne onuň maksady welin, şol öňküdi. Belki-de ol bize dost saýlamakda kömek etmek üçin biziňkä göçüp gelendir?
-Eger-de olar oňat adamlar bolsa näme üçin men Uolter bilen özümi gowy alyp barmaly dälmişim?
-Men saňa onuň bilen özüňi erbet alyp barmagy teklip etmedim. Sen onuň bilen edepli, sypaýy bol, sebäbi hemmeler bilen mylaýym bolmak gerek, gowujam. Ýöne ony öýmüze çagyrmagyň welin derkary ýok.
-Ejeke, a eger-de ol biziň garyndaşymyz bolan bolsa name?
-Ol biziň garyndaşymyz däl, ýöne bolaýan ýagdaýynda-da men barybir saňa şu aýdanlarymy aýdardym.
-Ejeke,-diýip Jim goşuldy:-Attikus: “dostlaryň-a saýlaýaň welin, garyndaşlaryňy saýlap bolmaýar-da, olary ykrar et, etme, barybir tapawudy ýok, olaryň seniň garyndaşlaryň, olar bilen gatnaşyk saklamazlyk bolsa barypýatan akmaklyk” diýýär.
Aleksandra ejem:
-Bu sözlerde siziň kakaňyzy tanaýan, tüýs şonuň diýäýjek zady-da bi,-diýdi:-ýöne men barybir ýene-de bir gezek gaýtalaýaryn, Jin Luizanyň Uolter Kaningemi bu öýe çagyrmagynyň düýbünden derkary ýok. Goý ol onuň üçin iki gezek ýa-da üç gezek doganoglan bolaýsyn, eger-de ol Attikusyň ýanyna bir iş bilen geläýmese barybir ony öz öýüňde kabul etmegiň geregi ýok. Şunluk bilenem şu babatda bes ediň.
Bu gadaganlyk doly hem gutarnyklydy, ýöne indi ejekem her nämede bolsa maňa düşündirmeli bolar.
-Ejeke, eger-de meniň Uolter bilen oýnasym gelýän bolsa, näme üçin bu maňa gadagan?
Aleksandra ejem äýnegini aýyrdy-da, meniň göni garaçygyma dikilip:
-Ine näme üçin,-diýdi:-Sebäbi ol nä-ä-kes. Ine näme üçin men saňa onuň bilen oýnamaga rugsat bermeýärin. Men onuň bilen tirkeşmegiňe, ondan ýaman endikleri öwrenmegiňe, ýene-de ondan Hudaý bilsin nähili zatlary özüňe gylyk edinip almagyňa ýol bermerin. Seniň kakaň şonsuzam seniň bilen hysyrdysy ýetik.
Men bilemok, eger-de Jim bolmadyk bolsa men şol pursat nämeler ederdim. Ol meni egnimden

çekip saklady-da bir eli bilen gujaklap, öz otagyna alyp gitdi. Soňra Attikus meniň güýçsüz gahardan ýaňa möňňürip aglaýandygymy eşidip, işikden boýnuny uzatdy. Jim gaharly:
-Bu hiç-le, jenap,-diýdi:-ol muny ýöne şeýle edýär.
Attikus sesini çykarman ötägitdi.
-Me, al, Gözlüje,-diýip jübüsini dörüşdirdi-de sakgyç çykardy. Men ony dessine agzyma dykyp çeýnedim-de, onuň tagamyny duýdum.
Jim öz otagyny tertipleşdirip başlady. Onuň maňlaýyndaky we ýeňsesindäki saçy dim-dik bolup durdy. Megerem, ol saç eger-de Jim olary syranyndan soň bolaýmasa hiç haçanam hakyky erkek kişiniňki ýaly gelşiklije bolup ýelmeşip ýatmasa gerek, diňe syrylyp täzeden çykandan soňra onuň saçy edil bolmalysy ýaly gelşikli ösmegi mümkin. Onuň gaşlary-da birhili soňky döwür has gürelen ýalydy, onuň özi hem birhili inçejik bolup, şol ýokarylygyna dartylyp, dartylyp barýardy.
Ol yzyna gaňryldy, megerem men ýene-de möňňürip başlaryn öýden bolmagy ähtimal:
-Men saňa häzir bir zatjyk görkezeýin. Ýöne sen hiç kime aýdaýmagyn,-diýdi.
Men: “näme görkezjek?” diýip soradym welin, ol uýaljaň ýylgyrdy-da, köýneginiň iliklerini ýazdyrdy.
-Ýeri näme?
-Näme görmeýärsiňmi?
-Ýok, men-ä hiç zat göremok.
-Gyllara seret ahyry.
-Nirede?
-Ine ahyry!
Ol ýap-ýaňyja-da meni köşeşdirip otyrdy, şonuň üçinem men onuň göwni üçin hiç zat görmesem-de: “waý gowudygyny” diýen boldum.
-Hakykatdanam gowuja, Jim.
Ol:
-Goltugymyň aşagyndanam çykýar,-diýdi:-Geljek ýyl, nesip bolsa eýýäm futbol oýnabermeli bolar. Gözlüje, sen ejekemden öýkeleme, bolýarmy.
Göwnüme bolmasa ol dek-düýnüň özünde maňa meniň özümiň ejekemiň gaňryşyna gaýtmaly däldigimi aýdyp duran ýalydy-la.
-Düşünýäňmi, ol heniz gyzjagazlara öwrenişmändir. Has takygy seniň ýalylara nähili çemeleşmelidigini bilmeýär. Ol senden hakyky asylly hanym ýasasy gelýär. Belki-de sen oňa eglişik edip, tikin-çatyna ýa-da şoňa meňzeş bir bolgusyzlyga güýmenen kişi bolsaň nädýär-ä, hä?!
-Belany ederin! Ol meni görse içi tütäberýär. Goý tütese tütäpler geçäýsin. Ýaňy welin men onuň hamana Attikusyň şeýle-de meniň bilen hysyrdysynyň ýetikdigi hakynda aýdan sözleri üçin däl-de, Uolter Kaningem üçin guduzladym, näme üçin ol oňa “näkes” diýip sögdi. Attikus ikimiz bir gezek ol hysyrdy-pysyrdy barada oňatja düşünişdik. Men ondan: “hakykatdanam seniň men zerarly hysyrdyň köpmi?” diýip soradym, ol aýtdy, “beýlebir köpem däl, gaty” diýdi, onsoňam goý men öz ýanymdan oňa meniň bilen meşgullanmak kyndyr öýdüp ýörmäýin diýdi. Ýok, ýaňky bolsa Uolter üçin-le…Jim, ol hiç hilem, birjigem näkes däl. Ol Ýuel ýaly däl ahyry.
Jim köwşüni çykardy-da, aýagyny ýatyş sekisiniň üstüne galdyrdy. Arkasynyň aşagyna ýassyk goýdy-da, başujundaky çyrany ýakdy.
-Bilýäňmi näme, Gözlüje? Men indi gowy akyl ýetirdim. Men kän-kän pikir etdim, pikir etdim-de, ine ahbetinem göz ýetirdim. Ýeriň ýüzünde adamlaryň dört sany görnüşi bar. Adaty ynsanlar – ine biz we goňşularymyz ýalylar, soňra Kaningemler ýaly tokaý ýaşaýjylary, onsoň zibilhanadaky Ýueller ýalylar, onsoňam ýene-de garaýagyzlar.
-A onsoň hytaýlardyr, Bolduin okrugynda ýaşaýan kanadalylar näme?
-Men Meýkomb okrugy barada aýdýan. Bu ýerde-de iň erbet ýeri: biziň-ä Kaningemleri, Kaningemleriň bolsa Ýuelleri halamaýandygymyzda, Ýuelleriň bolsa garaýagyzlardan ýaňa aňyrsy bärsine gelýändiginde.
Men şonda: “onda näme hemme oturdaşlar Kaningemler ýaly bolsalar-da diňe Ýuelleriň içini ýakmak üçin Tomy aklamadylar?” diýdim.
Jim maňa göwnüýetmezçilik edip, edil kiçijik çaga eden ýaly, elini salgap goýberdi-de:
-Bilýäňmi, men Attikusyň radioda saz goýberenlerinde Attikusyň aýaklaryny çalajadan ýere urup assyrynlyk bilen raks oýnandygyny gözüm bilen gördüm,-diýdi:-onsoňam ol sajyň düýbünde nahardan galan ýanyk galyndylary syryp alyp iýmegi çenden artyk gowy görýär…
Men:
-Onda diýmek, bizem Kaningemler ýaly-da,-diýdim:-Onda näme ejekem…
-Ýok, garaş, garaş, şonuň ýaly, şoňa çalymdaş bolsa-da, edil beýle-de däl. Attikus bir gezek ejekemiň biziň maşgalamyzyň asyllylygy hem arassalygy bilen öwünmeginiň düýp sebäbi biziň bolanja mirasymyzyň diňe arassa gelip çykyş bilen aňrymyzda gara şaýýnyňam ýoklugy üçin diýip aýdypdy.

-Men barybir düşünmeýärin, Jim…Attikus bir sapar maňa: “kowmuň gadymylygy barada bu ähli gep-gürrüňleriň hemmesi diňe bir bolgusyz samsyklyk, hemme kowumlar hem birmeňzeş gadymy ahyry, olaryň hiç biri-de düýn ýa-da şu gün emele gelmän, öz gözbaşlaryny adamzadyň dörän döwründen alyp gaýdýarlar ahbetin” diýipdi, menem şonda: “iňlislerde-de, tenleri başga reňklilerde-de şeýlemi?” diýip soradym. Olam aýtdy: “elbetde” diýdi.
Jim:
-Gelip çykyş – bu kowmuň gadymylygy bilen bir zat däl,-diýdi:-men pikir edýärin, bu ýerde ähli zat seniň maşgalaň köp wagt bäri okap-ýazyp bilýänliginde ýa-da bilmeýänliginde bolmaly. Gözlüje, meniň bu zatlaryň üstünde näçe kelle döwenimi sen bir bilsediň, ahyrynda gelen netijäm hem ine şu boldy. Gadym zamanlarda, entek Finçler Müsürde ýaşan döwürlerinde, olaryň arasyndan haýsydyr biri, megerem iki-üç sany iýeroglifi öwrenendir, soň bolsa şolary öz ogluna öwredendir,-diýdi-de Jim güldi:-Göz öňüňe getirip gör, ejekem, öz atasynyň atasynyň atasynyň okap hem ýazyp bilendigine buýsanýar…Şü aýallar bilen bar-a ýöne içiňi gyrara getirip gülüp ýörmeli-dä, gör-ä olar nämä buýsanýarlar!
-Onuň şony başarandygy-da gowy-da, ýogsa Attikusy we biziň ata-babalarymyzyň hemmesine kim öwrederdi, eger-de Attikus okamagy-ýazmagy bilmedik bolsa, biziň ikimiziň başymyza gör nähili günler düşerdi. Ýok, Jim, meniň pikirimç-ä, oňat gelip çykyş bu seniň ýaňky diýýänleriň-ä däl bolmaly.
-Onda seniň pikiriňçe, biz Kaningemlerden nämämiz bilen tapawutlanýarys ahyry? Jenap Uolter kynlyk bilen goluny çekýär, meniň özüm gözüm bilen gördüm. Biziň maşgalamyz diňe olaryňka garanyňda has öňräkden bäri okap hem ýazyp gelýäris.
-Ýöne hiç kim doglanynda sowatly bolup dogulmaýar ahyry, hemme kişä ilkibaşdan okap öwrenmek zerur ahbetin. Uolter bolsa, sen bilýäňmi onuň nähili ukyplydygyny, ýöne onuň kähalatlarda beýlekilerden yza galýandygynyň sebäbi ol kakasyna kömek etmek üçin sapaklardan galmaly bolýar. Ýöne şeýle seredeniňde bolsa olam edil beýlekiler dek, adam ýaly adam. Ýok, Jim, meniň pikirimç-ä hemme adamlar birmeňzeş. Hemmesem adam. Ynsan.
Jim tersine döndi-de, ýumrugyny ýassyga urdy. Haçan-da ýene-de yzyna öwrülende bolsa onuň ýüzi gara bulut çöken ýaly garalyp durdy. “Ol ýene-de başlady-ow” diýip men oýlandym, men bilýärdim, ol şeýle ýagdaýdaka onuň bilen seresabrak bolandan gowusy ýokdy. Gaşlary bürüşip durdy, dodaklary büzülip, inçejik sapaga dönüpdi. Ol uzak wagtlap dymyp ýatdy.
Ahbetinem ol:
-Seniň ýaşlaryňdakam menem şeýle pikir edýärdim,-diýdi:-Eger-de hemme adamlar birmeňzeş bolsa, onda näme üçin olar biri-biri bilen oňşup ýaşaşyp bilmeýärler? Eger-de hemmeler kybapdaş bolsa, onda näme üçin birek-biregiň öňünde hondanbärsireşip, biri-birlerini şeýle äsgermeýärler? Bilýäňmi, Gözlüje, meniň göwnüme bolmasa, men indi käbir zatlara düşünip başlaýdym öýdýän. Meniň göwnüme bolmasa, men Betnyşan Redliniň näme üçin ömürboýy gulpuň astynda oturandygyna düşünip başlan bolaýmasam…Onuň bar-a, adamlaryň arasyna düýbünden çykasy gelmeýän bolmaly. Onuň olary göresi gelmeýär…

xxxxx

Kelpurniýa öz öňlügini şeýlebir oňat edip petläpdi welin, ol onuň egninde dim-dik bolup durdy. Onuň elinde bolsa dürli-dümen süýji zatlardan doly mejime bardy. Ol arkasy diräp emaý bilen gapyny açdy. Onuň dürli-dümen süýji tagamlardan doly agyr mejimelere nähili ýeňillik hem çalasynlyk erk edişi duranja bir gudratdy. Aleksandra ejemiň-de megerem bu gudrat göwnünden örän turýan bolara çemeli, sebäbi ol bu gün Kelpurniýa myhmanlara hyzmat etmäge rugsat beripdi.
Sentýabram eýýäm ýetip gelýärdi. Ertir Dill Meridiana gidýärdi, bu gün bolsa Jim ikisi derýajygyň saý ýerine gidipdiler. Sebäbi Jim uly gahar-gazap bilen häzirki güne çenli oňa hiç kimiň ýüzmegi öwretmek üçin jepa çekmändigini ýüze çykarypdy, bu bolsa onuň pikiriçe, edil ýöremegi başarmazlyk bilen deň hatardaky maýyplyga ýakyn kemçilikdi. Olar eýýäm ikinji gün günorta naharyndan soň derýajygyň kenaryna gidýärdiler, meni bolsa ýanlaryna almaýardylar, “çüw-ýalaňaç bolup suwa düşsek bize gowy” diýen bolupdylar, men bolsa kä hanym Modiniň käte-de Kelpurniýanyň ýanynda wagtymy geçirýärdim.
Bu gün bolsa biziň öýümiz tutuşlygyna Aleksandra ejemiň we haýyr-sahawat jemgyýetiniň ygtyýarlygyna geçipdi. Biziň aşhanamyza hanym Greýs Merriuzeriň sesi gelýärdi, ol mrunlaryň elhenç durmuşy barada gürrüň berýärdi – iň bolmanda meniň gulagyma “mrunlar” diýip eşidilýärdi. Olar hamana aýallarynyň aýy-güni dolanda, bilmedim o nähili aýy-güni, olary aýratyn külbelere kowýarmyşlar, olarda maşgala duýgusy ýokmuşyn – bu bolsa elbetde, meniň ejekem üçin öte gynançly hadysa, onsoňam haçan-da olaryň çagalarynyň on üç ýaşy dolanyndan soň olar çagalaryny aýylganç synaglara sezewar edýärmişler, olaryň ählisi-de goturlanmyş, özleri-de üsti-başlaryny bite basdyranmyşlar, olar hina agajynyň gabygyny çeýneşdirip, ol çeýnewaçlaryny-da

umumy gazana tüýkürip, soňam ony gaýnadyp, ol suwuklykdanam içip gerk-gäbe bolýarmyşlar. Ine şu ýerde hanymlar biraz wagtlyk arakesmä çykyp, ýürekselik edinmegi müwessa bildiler.
Men aşhana gitjegimem bilmedim, gitmejegimem. Aleksandra ejem maňa çaý içişlige gelmegi buýrupdy, olar edilmeli işleri özara maslahatlaşýarkalar bolsa men olar bilen oturmanam biljekmişim diýip ejekem maňa aýtdy, maňa hamana olaryň gürrüňi gyzyksyz bolup görünjekmişin. Men ýekşenbe günleri geýýän bägül reňkli köýnegimdedim, aşagynda içki gysga köýnegim bardy, aýagym köwüşlidi. Maňa eger-de üstüme bir zat döküýsem ertire çenli Kelpurniýanyň meniň eşiklerimi azap bilen güzaba ýugrulyp ýuwmaly boljakdygy berkden-berk ýatladylypdy. Onuň bolsa bu gün şeýle-de hysyrdysy ýetik ýaly. Şonuň üçinem iň gowusy men şol ýere barmasam oňat bolaýarmyka diýýärin.
-Saňa kömek etmelimi, Kel?
Meniň örän bu başagaýlyga az-da kän-de ýardam beresim gelýärdi.
Kelpurniýa işikde az-owlak sägindi-de:
-Bir burçda edil syçanjyk ýaly ümsümje otur,-diýdi:-Ine men häzir dolanyp gelerin, onsoň sen maňa ähli zady mejimelere goýmaga kömek edersiň.
Ol gapyny açdy welin, işeňňir wyzzyldy has gataldy, içerden dürli sesler gelýärdi: wah, görsene muny, nähili köke, hiý goýaýyň, Aleksandra, men henize bu güne çenli beýle kökäni görmändim…Wah, neneňsi, ajaýyp…Men edenimd-ä hiç haçanam beýle gyzaryp bişmeýär, siz soramaň, men aýtmaýyn, hiç haçan…Siziň böwürslenli kökejikleriňiz hem, hut pikir edibem boljak däl…Kelpurniýa?...Siz hut pikir edip bir göräýiň…Size eýýäm aýtdylarmy, ruhanynyň aýaly ýene-de…Hawa, hawa, heniz onuň körpejesine aýak bitmedik welin, ol eýýäm…
Gybat kiparlady, diýmek olar tagamlaryň daşyna geçen bolmalydylar. Kelpurniýa dolanyp geldi-de mejimäniň ejemizden galan äpet kümüş kofedany goýdy.
Kelpurniýa:
-Munuň ýaly kofedan häzirki zamanda juda gyt zat,-diýdi:-beýle owadanlaryny indi ýasap bilmeýärler.
-Mümkinmi, ony men äkidäýeýin?
-Ýöne seresabrak bol, seret ýere gaçyraýma. Ony gyrajykda, hanym Aleksandranyň ýanynda goý. Aşaklary ýalpajyk tabaklyja bulgurçalaryň gapdalynda. Ejekeň beýlekiler kofe guýup berer.
Menem yz tarapym bilen işigi açmaga synanyşdym, ýöne gapy hatda mizäýinem diýmedi. Kelpurniýa ýyrşardy-da, maňa gapyny açyp berdi.
-Seresap bol, ol agyrdyr. Oňa tiňkäňi dikme, şonda dökän-saçan etmersiň.
Men sag-aman barmaly ýerime ýetdim. Aleksandra ejem meni gözüňi gamaşdyryp barýan ýylgyryş bilen serpaýlady-da:
-Biziň bilen oturaý birsalym, Jin Luiza,-diýdi. Ol öz niýetinden hiç el çekip bilmeýärdi, ol hökmany ýagdaýda menden hakyky asylly hanymy ýasamaga çyr-çytyr dyrjaşýardy.
Biziň Meýkombymyzda bu öňden gelýän dessurdy – zenanlaryň gurnaklarynyň her biriniň öňbaşçysy goňşularyny, isle olar preswiterian bolsunlar, isle baptist ýa-da başga bir pyrka uýujylar bolsun, tapawudy ýok, bir käse çaý içmäge çagyrýardy, hanym Reýçel (edil durnanyň gözi ýaly dup-duruja sersag ýagdaýda), hanym Modi we hanym Stiweni Krouford dagylar hem hut şonuň üçin bu mahal biziňkidediler. Men bu azmly-azmly zenanlaryň üýşmegini görenimden birhili özümi oňaýsyz duýup ugradym-da, hanym Modiniň ýanynda oturyşyma içimden: “bu näme üçin-ä biziň asylly hanymlarymyz diňe ýoldan geçmek üçinem sypal başgaplaryny geýýärkäler?” diýip oýlandym. Hakyky asylly hanymlar birbada munuň ýaly öte köp bolsalar birhili meni şeýlebir üýşendirýärdiler welin, meniň olardan ümdüzime tutduryp jypydyp gidiberesim gelýärdi. Ýöne Aleksandra ejem: “munuň sebäbi seniň çakdan aşa läliksiredilenligiň zerarly” diýip aýdýardy.
Olaryň ählisi solak çit matadan köýnekdediler, özlerem şeýlebir tämizje hem terje bolup görünýärdiler welin, göwnüňe bolmasa daşaryk çyksaň hiç haçanam tüp yssy ýok ýaly bolup durdy. Hanymlaryň ählisi mazaly pudralanandy, ýöne ýaňaklary gyzardylmadykdy, dodaklaryna çalnan reňk bolsa ählisiniňki birmeňzeş tebigydy. Olaryň elleriniň dyrnaklaryna çalnan syrçaly reňk hem tebigydy, diňe käbir ýaş-ýeleňiniň dyrnagy ýiti-bägül reňk bilen reňklenendi. Olaryň ählisi-de şeýlebir ajaýyp müşk-anbar ys bilen bark urýardylar welin, edil ýöne hoşuňa geläýsin. Men ahbetin ellerimi nirä ýok etmelidigini oýlap tapdym, kürsiniň gyralaryndan mäkäm ýapyşdym-da, özüme lak atýançalar agzyma suw alan ýaly dymyp, ümsümje oturdym.
-Sen bu gün nähili bezemen, hanym Jin Luiza!-diýip hanym Modi altyn dişlerini ýalpyldadyp ýylgyrdy:-A bu gün seniň jalbaryň nirede?
-Köýnegimiň aşagynda.
Men düýbünden oýun etmek islemeýärdim, ýöne hemmeler gyzyl-gyran bolup gülüşdiler. Men bada-bat özümiň säwligime düşündim, muňa-da meniň ýaňaklarym ot ýaly gyzyp gitdiler, ýöne hanym Modi maňa örän çynlakaý keşpde seredip otyrdy. Ol eger-de meniň özüm henek edäýmesem hiç haçan meniň üstümden gülmeýärdi.

Soňra birdenkä daş-töweregi ümsümlik gaplap aldy welin, hanym Stiweni Krouford otagyň ol çetinde oturan ýerinden bütin otagy ýaňlandyryp menden:
-A sen ulalanyňdan soň kim bolarsyň, Jin Luiza? Aklawjymy?-diýip sorady.
-Bilemok, hanym, men heniz bu barada çyndan pikir edip görmändim,-diýip men minnetdarlyk bilen jogap berdim. Onuň gürrüňi başga ugra syrykdyrandygy nähili oňat boldy. Onsoň men içimden howlukmaçlyk bilen özümiň ulalanymdan soň kim boljakdygymy saýlap ugradym. Şepagat uýasymy? Uçarbibimi? – Bilýäňizmi…-diýip men söze başlamakçy boldum welin, hanym Stiweni meniň sözümi böldi:
-Sen uýalma-da göni aýdyber! Men-ä dogrusy sen aklawjy bolmak isleýänsiň öýdüpdim, sebäbi sen eýýäm kazyýet mejlislerine-de gatnaşyp ýörsüň ahyry.
Hanymlar ýene-de gülüşdiler.
-Wah, şu Stiweniň bar-a!-diýip kimdir biri kikir-kikir etdi.
Hanym Stiweni bolsa öz üstünliginden göwnühoş halda dowam etdi:
-Näme ýa seniň aklawjy bolasyň gelmeýärmi?
Hanym Modi meniň elime çalaja galtaşdy welin, men bolşumdanam beter ýumşak jogap berdim:
-Ýok, hanym, men ýöne adaty asylly hanym bolaryn.
Hanym Stiweni maňa müňkürlik bilen tiňkesini dikdi, emma men özüne gödek jogap bermedim diýip hasap etdi öýdýän, diňe:
-Ine munuň üçin welin, ilkinji nobatda ýygy-ýygyrakdan uzyn köýnek geýmek gerek,-diýmek bilen çäklendi.
Hanym Modi meniň elimi gysdy welin, men dymyp oňaýdym. Onuň eli mylaýym hem ýyly bolansoň men birhili öz-özümden rahatlandym.
Meniň çep tarapymda hanym Greýs Merriuzer otyrdy, men bolsa sypaýy bolmaga we ony gürrüňe güýmemäge mejburdym. Onuň täsiri bilen jenap Merriuzer iň takwa metodiste öwrülipdi we onuň bar işi doga-aýdymlary aýdyp ýörmek bolupdy. Bütin Meýkomb hanym Merriuzeriň ony adam edendigi we ondan jemgyýetiň ynsaply hem tertipli agzasyny ýasamagyň hötdesinden gelendigi hakynda pikir bilen doly ylalaşýardy. Sebäbi hanym Merriuzer bütin şäherimizde iň takwa zenandy ahyry, munuň şeýledigini-de her kes bilýärdi. Ýeri indi onuň bilen näme hakda söhbetdeşlik gurasaň bolarka?
-Siz bu gün nämäni ara alyp maslahatlaşdyňyz?-diýip men ahbetin soradym.
-Betbagt mrunlary, çagajygym,-diýdi-de ol soňra göterilip gidiberdi, gidiberdi. Asyl, şondan soň başga sowal berjek bolup kösenmegem zerur bolmady.
Haçan-da hanym Merriuzer haýsydyr bir betbagtlar barada gürrüň berende, hemişe-de onuň ullakan goňrumtyl gözleriniň owasy ýaşdan ýaňa püre-pür bolýardy.
Ol:
-Olar, şol ýerde, öz jeňňellerinde ýaşaýarlar, hiç kim olary alada-mähir bilen gurşamaýar, Graýms Ewerettden özge hiç kim,-diýdi:-Özüňem bilýäňmi, olaryň ýakynynda ýekeje-de akýagyz adam ýok, diňe şol ýagşyzada ynsan, Graýms Ewerettden başga.
Hanym Merriuzer bilbil bolup saýraýardy, ol her bir sözüni adatdan daşary güýçli duýgy bilen aýdýardy.
-Gedaýçylyk…sowatsyzlyk…ahlaksyzlyk – hiç kimem, jenap Graýms Ewerettden başga hiç kimem, olaryň nähili ýaşaýandyklaryny bilmeýär. Biziň ybadathanamyz meni haýyr-sahawat guramasynyň şäheriň daşyndaky jaýyna ugratdy welin, jenap Graýms Ewerett maňa aýtdy…
-Ol näme bärdemi, hanym? Men-ä pikir etdim…
-Ol dynç alyş rugsadyna gelipdi. Graýms Ewerett maňa aýtdy: “Hanym Merriuzer” diýdi, “Siz göz öňüne-de getirip bilmersiňiz, göz öňüne-de getirip bilmersiňiz, ol ýerde biziň nämeleriň garşysyna göreşmeli bolýandygymyzy” diýdi. Ine ol maňa näme diýdi.
-Hawa, hanym.
-Menem oňa diýdim: “jenap Ewerett, biziň hemmämiz, Alabama ştatynyň Meýkomb şäherindäki metodistleriň ýepiskop ybadathanasynyň takwa dindarlary, biragyzdan sizi goldaýarys. Ine men oňa nähili aýtdym. Özüňem bilýäňmi, men şeýle diýdim-de, şol bada-da öz ýüregimde äht etdim. Men öz-özüme diýdim: “ine öýe dolanyp baran dessime men hemmelere mrunlar barada aýdaryn, hemmelere Graýms Ewerettiň belent edermenligi hakynda habar bererin” diýdim. Ine-de görýäňmi, men öz sözümde durup otyryn.
-Hawa, hanym.
Hanym Merriuzer başyny ýaýkady welin, onuň burum-burum garaja zülpleri bökjekleşip gitdiler.
Ol:
-Jin Luiza,-diýdi:-seniň bagtyň getiripdir. Sen hristian maşgalasynda, hristian şäherinde, hristianlaryň arasynda ýaşaýarsyň. Graýms Ewerettiň zähmet çekýän ülkelerinde bolsa günä hem-de gözgynylyk höküm sürýär.
-Hawa, hanym.

-Günä hem-de gözgynylyk…Siz näme diýýärsiňiz-ä, Gertruda?-diýip hanym Merriuzer düýpgöter başga ses bilen sorady-da, özüniň çepindäki goňşusyna tarap öwrüldi:-Hä, hawa, hawa! Ýeri näme, men hemişe-de aýdýan ahyry, bagyşlalyň we unudalyň, bagyşlalyň we unudalyň. Ybadathananyň borjy oňa mundan beýlägem hristian zenanyna mahsus ýaşamaklyga we çagalaryny hut hakyky hristian ruhunda terbiýelemeklige medet bermekden ybarat ahbetin. Biziň erkek kişilerimizden haýsy-da bolsa biri şol ýere barmaly we ruhana oňa ruhy goldaw bermelidigini aýtmaly.
-Bagyşlamagyňyzy haýyş edýän, hanym Merriuzer,-diýip men onuň sözüni böldüm:-siz bu sözleri Meýella Ýuel barada aýdýarsyňyzmy?
-Meý…Ýok, balajyk! Men şol garaýagyzyň aýaly barada. Tom…Tom…
-Robinsonyň, hanym.
Hanym Merriuzer ýene-de öz goňşusyna tarap öwrüldi.
-Men bir zada çuňňur ynanýaryn, Gertruda,-diýip ol dowam edýärdi:-ýöne, gynansam-da hemmeler meniň bilen ylalaşmaýarlar. Eger-de biz olara özlerini bagyşlaýandygymyza, hemme zadyň unudylandygyna düşünmäge mümkinçilik bersek, ähli zat öz-özündenem geçip gider.
-Neme…hanym Merriuzer,-diýip men ýene-de onuň sözüniň arasyny kesdim:-näme öz-özünden geçip gider?
Ol ýene-de maňa tarap öwrüldi. Özleri çagasyz köp adamlar ýaly ol çagalar bilen birhili öz sesini aýnadyp, kilçerip gepleýärdi.
-Hiç-le, Jin Luiza,-diýip ol haýallyk bilen tekepbir gepledi:-Ýöne garaýagyz aşpez zenanlar hem-de mülklerdäki işçiler bolup geçen zatlardan örän närazy, emma welin, olar eýýäm dura-bara köşeşýärler, kazyýet mejlisinden soň bolsa olar uzakly günlerini hüňürdäp geçirýärdiler.
Ol ýene-de hanym Farrou tarap aýlandy.
-Ine men size näme aýdaýyn, Gertruda, ýagty ýalançyda çişip duran şar-gara tumşukdan ýürekbulanjy zat ýok. Dodaklaryny pökgerdýärler welin, edil ýöne seretseň gaýtarasyň gelip başlaberýär. Aşhana girýärsiň welin, bolanja keýpiňe sogan dogralýar. Bilýäňizmi, men öz Sofime näme diýdim, Gertruda? “Sofi” diýdim men, “sen şu gün örän erbet hristian bolduň. Isa pygamber hiç haçan hüňürdemändir we zeýrenmändir” diýdim…Bilýäňizmi, Gertruda, haýran galmaly bu oňa peýda-da etdi. Ol ilkibada şol ýere seredip durdy welin, birdenkä başyny galdyrdy-da, diýýär: “Hawa, hanym, hanym Merriuzer, Isa hiç haçan hüňürdemändir” diýýär. Hiç haçan günägaby bolup barýan bendäni ýene-de Hak ýoluna gaýtaryp getirmek mümkinçiligini sypdyrmaly däldir – ine men size näme aýdaýyn, Gertruda.
Şol wagt “Finçiň duralgasyndaky” mynajathanada duran kiçijik, gadymy organ meniň ýadyma düşdi. Men şol wagtlar düýbünden kiçijikdim we eger-de uzakly günläp özümi gowy alyp barsam, Attikus maňa şol saz guralynyň meşiklerine howa sordurmaga rugsat berýärdi, özi bolsa oňa çenli haýsy-da bir aýdymjygy saýlap alýardy. Onsoň aýdymjygyň iň soňky owazy tä meşiklerdäki howa gutarýança ýaňlanyp durýardy. Hanym Merriuzeriňem megerem, meşiklerindäki ähli howa tükenen bolara çemeli, sebäbi ol içine howa sorup, gaýtadan meşiklerini doldurýança hanym Farrou bir-iki agzam bolsa gepläp galmaga gyssanyp, taýynlanyp ugrady.
Hanym Farrouň örän ajaýyp kaddy-kamaty, reňksiz gözleri hem-de kinniwanja aýajyklary bardy. Onuň çal başy bolsa saçlaryndan öte gaty edip ýasalan mäkäm halkajyklardan dos-doludy. Ol hanym Merriuzerden soň Meýkombda iň takwa aýal diýlip hasaplanýardy. Onuň birhili gülkünç endigi bardy, ol gepläp başlamazyndan öňünçäsi birhili assaja sygyrýan ýaly ses çykarýardy.
-Fi-ýu-u…Edil şonuň ýaly sözleri men ýakyn günlerde Hatson doganymyza hem aýtdym. Fi-ýu-u…Men: “Hatson dogan,” diýýän oňa: “biz göwnüme bolmasa, umytsyz göreş alyp barýarys, umytsyz göreş” diýýän. Fi-ýu-u…olaryň bolsa bu dynnym ýalyjak azaryna-da däl. Biz olary halys bolup ýykylýançak dogry ýola gönükdirýäris, biz olary hak ýoluna dolap getirmek üçin hunaba baryny ýuwdup, güýçden gaçyp ýykylýarys, emma barybir biziň günlerimizde ýekeje-de asylly zenan öz düşeginde arkaýyn ýatyp bilmeýär, diýýän. Ol hem maňa aýtdy: “Men-ä dogrusy, hanym Farrou, biziň nirä barýanymyzy bilmeýärin” diýdi. Fi-ýu-u…Menem oňa: “Biçak hak aýdýarsyňyz, siziň aýdýanlaryňyz örän dogry” diýýän.
Hanym Merriuzer oňa duýgudaşlyk bilen baş atdy. Onuň sesi çäýnek-käseleriň şyňňyrdysy bilen süýji tagamlar bilen başagaý myhmanlaryň pessaýdan salyhatly “şapbyldylarynyň” üstüni ýaşyrdy. Ol ýene-de joşup başlady:
-Size aýdýan, Gertruda, biziň şäherimizde ýoluny ýitirip ters düşünjeleriň ugrunda selpeselerem zanny boýunça beýlebir erbet bolmadyk adamlar hem bar. Olar oňat adamlar, ýöne olar juda ýalňyşýarlar. Özlerem olaryň dogry hereket edýändiris öýdüp pikirem edýärler. Men elbetde atlaryny agzap durmaýyn, ýöne biziň şäherimizde kimdir biri ýaňy-ýakynda öz ýanyndan dogry hereket edýändirin öýdüp çaklap ýördi, emma hakykat ýüzünde bolsa ol diňe olary gorjalap olara meçewe berdi. Diňe şony etmegiň hötdesinden geldi. Belki-de şol wagt bu dogry bolup görünse görnendirem, men elbetde bilemok, sebäbi bu zatlardan meniň beýlebir oňat başymam çykyp durmaýar, ýöne

haçan-da bular hum ýaly çişip…närazy bolup gezip ýörseler…Eger-de meniň Sofim ertesi gün şeýle halda gelen bolsa men ony işden çykarmaly bolardym, ine men size näme aýdaýyn. Bu garaýagyz akmajyk düşünmeýär ahyry, häzirki wagtda çökgünçiligiň möwç urýandygyna, meniň oňa her hepdede berýän bir bitin we çärýek dollarym bolmasa özüniň oňňut edip bilmejekdigine, meniň ony diňe şonuň üçin saklap ýörendigime akly hem ýetmeýär ahyry, onuň.
-Onuň bir döwüm çöregi siziň bogazyňyza tegek bolmaýarmy, ýokmy?
Bu sözleri hanym Modi aýdypdy. Onuň agzynyň çetlerinde iki sany gaharly gasynjyklar emele gelipdi. Ol hälden bäri sesini çykarman meniň ýanymda, dyzynda bir bulgurça kofesini saklap otyrdy. Men eýýäm birmahaldan bäri, olar Tom Robinsonyň aýaly hakynda gybaty bes edenlerinden soň gürrüňe gulak gabartmaýardym, maňa “Finçiň duralgasyny” hem-de derýany ýatlamak has gyzyklydy. Aleksandra ejem maňa: “hanymlaryň arasyndaky söhbetdeşlik saňa gyzyksyz bolar” diýende bulaşdyran ekeni, olar öz işleri barada gepleşýärkäler men elheder alyp hem-de ägirt uly höwes bilen olary diňläpdim, olar kofäniň başyna geçenlerinden soň bolsa men içgysmadan ýaňa tas takga janym çykypdy.
Hanym Merriuzer:
-Men-ä dogrusy… men-ä siziň nämäni göz öňünde tutýandygyňyza-da düşünmeýärin, Modi,-diýdi.
-Örän ajap düşünýärsiňiz. Aňyrsyna-da geçýärsiňiz,-diýip hanym Modi edil palta bilen çapan ýaly edip goýberdi.
Şondan soň aýdanynyň üstüne kelam agyz hem goşmady. Haçan-da hanym Modi gaharlanýarka ol juda az gepleýärdi, ýöne şojagaz az gepi hem ol sözler kime gönükdirilen bolsa ony dabanyndan depesine çenli sandyrap gitmäge mejbur edýärdi. Häzirem nämedir bir zat onuň juda jynyny atlandyran bolmaly, onuň ala gözleri buz ýaly bolup doňup galdylar, sesinden bolsa hazanyň ýeli öwüsýäne döndi. Hanym Merriuzer gyzardy-da, maňa tarap gözüni aýlady, dessine-de nazaryny başga ýana sowdy. Onuň goňşusy hanym Farrou bolsa maňa görünmeýärdi.
Aleksandra ejem ornundan turdy-da, olaryň ýanyna çaltlyk bilen baryp, haýsydyr bir tagamyny dadyp görmäge hödürledi, hanym Merriuzer we hanym Geýts bilen gereginden artyk şowhunly gepleşip ugrady. Olaryň gürrüňine hanym Perkins goşulandan soň bolsa Aleksandra ejem ýene-de ornuna geçdi. Ol minnetdarlyk bilen hanym Modä seretdi welin, men öz ýanymdan pikir öwürdim: “bu aýallar öte geň halk-ow”. Aleksandra ejem hanym Modi bilen beýlebir gowy jora däldi, emma bärde welin birdenkä oňa nämedir bir zat üçin sessiz minnetdarlyk bildirýär. Näme üçindigem düşnüksiz. Ýöne Aleksandra ejemiň iň bolmanda edilen kömek üçin minnetdar bolmagy başarýany hem gowy zat, diýmek onda onuňam buz ýaly sop-sowuk sowduny nämedir bir zat bilen deşip bolýan ekeni. Bahym menem şu dünýä, müşk-anbar ysy bilen bark urýan asylly hanymlaryň bar edýän pişeleri ýaltalyk bilen hiňňiildikde uçan bolup, haýaljakdan ýelpewaç bilen ýelpenip, miwe şerbetlerini içen bolup ýörmekden ybarat bolan dünýäsine girerin, mundan gaçyp gitjek ýeriň ýok.
Ýöne kakam bilen, aslyýetind-ä erkekleriň arasynda men özümi has oňat duýýaryn. Sebäbi jenap Gek Teýt hiç bir ýagdaýda seni bigünäje sowallar bilen aldap duzaga getirmez, soňam üstüňden gülmez. Jim, hatda şol hem eger-de bir barypýatan akmaklygy gepläp goýberäýmeseň üstüňden gereginden artyk gülmez. Hanymlar bolsa, meniň pikirimçe, erkeklerden biraz eýmenmänem durmaýarlar we olaryň boluşlaryny beýlebir goldabam barmaýarlar. Meniň bolsa erkek kişileriň boluşlary göwnümden turýar. Goý olar näçe isleseler hapa-paýyş geplesinler, içsinlerem, humarly oýunlaram oýnasynlar, temmäkem çeýnesinler, barybir olarda nähilidir birhili özüneçekijilik bar, hatda olar erbedem bolaýsynlar, meniň welin barybir olaryň bolşy göwnümden turýar…Olar…
-Ikiýüzli, hanym Perkins, dogabitdi ikiýüzli,-diýip hanym Merriuzer joşýardy:-Biz bärde, Günortada, iň bolmanda şeýle hereketde-hä günäkär däl. Ol ýerde bolsa özler-ä olara erkinlik berdiler, özlerem olar bilen bir saçagyň başynda-da oturmaýarlar. Biz iň bolmanda olary aldamaýarys, olara: “siz bizden dyrnak ýalyjagam erbet däl, ýöne onda-da siz bizden daşrakda geziň” diýmeýäris. Biz diňe diýýäris: “Siz özüňizçe ýaşaň, bizem özümizçe ýaşarys” diýýäris. Bu, neme bar-a, hanym Ruzwelt megerem, aklyndan azaşan bolsa gerek, sebäbi Birmingeme gidip, ol ýerde olar bilen bilelikde maslahat geçirmek üçin aklyňdan azaşmasaň boljak däl ahyry…Eger-de men Birmingemiň meri bolan bolsamdym, onda men…
Biziň hiç haýsymyz hem Birmingemiň meri däldik, ýöne ine eger-de men welin ýekeje günlük Alabama ştatynyň gubernatory bolup bilsemdim, onda men dessine Tom Robinsony azatlyga goýbererdim – haýyr-sahawat jemgyýeti hatda ah çekmäge-de ýetişmezdi. Golaýda Kelpurniýa hanym Reýçeliň aşpezine Tomuň indi düýpgöter lapynyň keçdigi barada gürrüň beripdi, haçan-da men aşhana girenimde bolsa ol dymypdy. Ýöne men barybir Kelpurniýanyň jorasyna türmede Tomuň ýagdaýynyň agyrdygy, ol ýerde eýýäm Attikusyň oňa hiç zat bilen kömek edip bilmeýändigi, Tomy alyp gitmezlerinden öň onuň Attikusa: “Hoş galyň, jenap Finç, siz indi maňa hiç hili kömek edip bilmersiňiz, şonuň üçinem bihuda ýere jepa-da çekmäň” diýendigi barada aýdyp berýänini eşidip galdym. Kelpurniýa ýene-de aýtdy, hamana oňa Attikus aýdanmyşyn, Tomy türmä alyp giden günleri

ol bada-bat umydyny ýitirenmişin. Ol ýene-de aýtdy, hamana Attikus Toma “çyda, bolanja güýç-gaýratyňy bir ýere çugdamlap çydajak bol, ruhdan düşme” diýip höre-köşe edenmişin, Attikusyň özi bolsa ony ýagny, Tomy azat etdirjek bolup elinden gelenini edýärmişin. Şonda hanym Reýçeliň aşpezi – Kelpurniýanyň jorasy: “a näme üçin Attikus Toma: “seni hökmany ýagdaýda goýbererler” diýip aýdaýmandyr, bu sözler Tom üçin ullakan goltgy bolardy ahyry” diýip ondan sorady. Kelpurniýa bolsa jogap berdi: “sen şeýle diýýärsiň, sebäbi kanuny bilmeýärsiň. Ine senem meniňkiçeräk kanunçynyň öýünde ýaşap gör, onsoň ilkinji nobatda bilersiň, hiç bir sowala gönüden-göni “hawa” ýa-da “ýok” diýip jogap bermeli däldigine endik edersiň. Jenap Finç bolsa onuň boşadyljakdygyny özi anyk bilmän ony ynandyryp bilmez ahyry.
Daşky gapy açylyp-ýapyldy welin, men daşky otagda Attikusyň aýak seslerini eşitdim. Be, bu wagt sagat näçekä? Ol öň-ä hiç haçan beýle ir dolanyp gelmeýärdi. Ejekemiňkä tutuş haýyr-sahawat jemgyýeti gelende bolsa ol şäherde gijäniň birwagtyna çenli eglenýärdi.
Ol bosagada saklandy. Ol sypal başgabyny elinde saklap durdy, ýüzi bolsa üç ýuwlan ak esgi ýaly ap-akdy. Ol:
-Bagyşlamagyňyzy haýyş edýän, hanymlar,-diýdi:-Haýyş edýän, dowam ediberiň, men size päsgel bermek islemeýärin. Aleksandra, sen sähel salymlyk aşhana çykyp bilmersiňmi? Maňa biraz wagtlyk Kelpurniýa gerekdi.
Ol otagy kesip geçdi-de, däliziň ugry bilen yzky gapydan aşhana bardy. Biz ejekem bilen eýýäm oňa garaşyp durdyk. Bada-badam aşhananyň işigi açyldy-da hanym Modi hem girdi. Kelpurniýa oturan ýerinden birneme dikeldi. Attikus:
-Kel,-diýdi:-sen maňa häzir gerek boljak, biz häzir Elen Robinsonyň ýanyna gideris…
-Näme boldy?-diýip Aleksandra ejem ondan gözlerini aýyrman gorkuly sorady.
-Tom aradan çykypdyr.
Aleksandra ejem iki eli bilen agzyny ýapdy.
-Ony atypdyrlar,-diýip Attikus aýtdy:-Ol gaçmak isläpdir. Seýil edip ýörkäler. Aýdyşlaryna görä, ol edil dälirän ýaly bolup, diwara tarap okdurylypdyr-da, oňa dyrmaşyp başlapdyr. Hemmeleriň gözüniň alnynda.
-Heý ony saklajak bolup synanyşmandyrlarmy? Heý ony duýduryşsyz atyp goýberipdirlermi?-diýende Aleksandra ejemiň sesi sandyrap çykdy.
-Ýok, elbetde, sakçylar onuň yzyna dolanmagyny talap edip gygyrypdyrlar. Birnäçe gezek ýokarygam atypdyrlar, diňe şondan soň onuň özüni. Ony ol eýýäm haýadyň çürbaşyna çykanda öldüripdirler. Aýtmaklaryna görä, eger-de onuň eli maýyp bolmadyk bolsady, ol gaçybam biljek ekeni, ähli zat şeýlebir çalt bolup geçipdir. Oňa on ýedi sany degipdir. Ony şonça gezek atmagyň düýbünden geregi ýok ahyry. Ýör, Kel, sen maňa bu habary Elene ýetirmäge ýardam berersiň.
-Hawa, jenap,-diýip Kel hümürdedi, onuň elleri titräp durandygy sebäpli, ol öňlügini wagty bilen aýryp bilmedi.
Hanym Modi ýakyn bardy-da oňa kömek etdi.
Aleksandra ejem:
-Bu soňky damja, Attikus,-diýdi.
Ol:
-Bu muňa haýsy nukdaýnazardan garaýşyňa bagly,-diýdi:-Şol ýerde olar ýene-de iki ýüz sany garaýagyzy saklaýarlar, onsoň olar üçin biri artyk boldy ýa-da kem boldy barybir dälmi. Olar üçin ol Tom däl-de, gaçmakçy bolýan tussag.
Attikus ýahdana ýaplandy-da, äýnegini maňlaýyna süýşürip, gözlerini süpürişdirdi. Ol:
-Biziň işi utmaga ähli mümkinçiligimiz bardy,-diýdi:-Men oňa muny aýdypdym, ýöne men päk ynsap bilen aýtsam munuň şeýle boljakdygyny oňa anyk wada berip bilmedim. Tom indi akýagyzlardan hiç hili gowulyga garaşmaýardy, ine şonuň üçinem şeýle gaýduwsyz hereket eden bolmaly. Taýynmy, Kel?
-Hawa, jenap, jenap Finç.
-Onda gideli.
Aleksandra ejem ýaňyja Kelpurniýanyň oturan oturgyjyna özüni goýberdi-de, elleri bilen ýüzüni ýapdy. Ol gymyldamaýardy, ýuwaşja otyrdy, men hatda pikirem etdim, häzir huşundan gidäýmese diýip. Hanym Modi bolsa edil şuş-şu wagtjyk uzyn basgançak bilen ýokaryk galan ýaly sojap dem alýardy, gapdalky otagda myhman zenanlar şadyýana gepleşýärdiler.
Men Aleksandra ejem aglaýandyr öýdüp oýlandym, emma ol elini ýüzünden aýranda onuň gözleri gury ekeni. Diňe ýüzi argynlykdan dolup durdy. Ol hiç hili duýgusyz kadaly ses bilen gepläp ugrady:
-Men onuň edýän ähli zatlaryny goldaýardym diýib-ä biljek däl, Modi, ýöne ol meniň doganym, şonuň üçinem meniň diňe bir zady bilesim gelýär: haçan bu zatlaryň barysy gutararka?
Ol sesini gataltdy:
-Onuň ýüregi çat açyp gelýär ahyry. Ol hiç kime syr bildirmejek bolýar, ýöne onuň ýüregi darka

ýarylyp barýar ahbetin. Onuň ýüzi şeýlebir erbetdi, haçan-da ol…Olara ondan ýene-de näme gerek ahyry, Modi, olara ýene-de näme gerek?
-Kime, Aleksandra?-diýip hanym Modi sorady.
-Ine şu şähere. Olar örän uly lezzet bilen ony özleriniň edesleri gelmeýän zatlaryny etmäge mejbur edýärler, sebäbi olar ony goldaýsalar özleriniň bäş şaýylaryny ýitireris öýdüp elheder alýarlar. Olar özleriniň etmekden çekinýän zatlaryny etmeklige ägirt uly keýpihonluk bilen ony itekleýärler, goý, onsoň ol bu işi etjek bolubam öz saglygyny ýitirsin, ömrüni köýdürsin, olar üçin welin bary gara şaýy…olar…
Hanym Modi:
-Ýuwaş, Aleksandra, eşiderler,-diýdi:- A sen hiç wagt bu zatlar barada başgaça oýlanyp görmediňmi? Bilemok, biziň Meýkombymyzda muňa düşünýärlermi ýa-da düşünmeýärlermi, biz oňa ynsanyň mynasyp bolup biljek iň ýokary pajyny töleýäris ahyry. Biz oňa adalaty goramagy, adalaty dikeltmegi ynanýarys.
-Kim “biz”?
Aleksandra ejem hanym Modä öz on iki ýaşly jigisi ýaly sorag berýändigini asla gümanam etmeýärdi.
-Hakykatyň diňe akýagyzlar üçin däldigine ynanýan adamlaryň sähelçe toparjygy, kazyýetiň diňe bir biziň üçin däl-de hemmeler üçinem adyl bolmalydygyna ynanýan adamlaryň sähelçe toparjygy, garaýagyz adama seredenlerinde: “eger-de Haktagalanyň rehimi bolmadyk bolsa onuň ornuna men bolup bilerdim” diýmäge pespälligi ýetýän adamlaryň sähelçe toparjygy,-diýende hanym Modiniň sesi ýene-de aýgytly ýaňlanyp ugrady:-Oňat maşgalalardan bolan meýkomblylaryň sähelçe toparjygy, ine kimler!
Eger-de men has ünsliräk diňlän bolsam, onda men häzirki wagtda Jimiň oňat gelip çykyş barada aýdanlaryna biraz gowurak düşünerdim, ýöne men birdenkä gagşap başladym, özümem hiç özümi ele alyp bilmän başagaý boldum. Men bir gezek şol türme hojalygyny görüpdim, Attikus maňa tussaglaryň seýil edýän howlusyny hem görkezipdi. Ol edil futbol meýdany deýin äpetdi.
-Saňňyldamagyňy bes et,-diýip hanym Modi buýurdy welin, men birhili el bilen aýrylan ýaly bes edäýdim:-Ýeriňden tut, Aleksandra, biz şeýle-de olaryň ýeke özlerini örän kän wagtlyk goýup gaýtdyk.
Aleksandra ejem örboýuna galdy-da, köýnegini düzetdi. Gaty hem ýasy bilbagynyň aňyrsyndan elýaglygyny sogrup, burnuny süpürdi. Soňra eli bilen saçlaryna timar berişdirdi-de sorady:
-Meniň ýüzümden, daş keşbimden nämedir bir zat gopandygy bildirýärmi?
Hanym Modi:
-Hiç zat,-diýdi:-Sen özüňi ele aldyňmy, Jin Luiza?
-Hawa, hanym.
-Onda biziň hanymlarymyzyň ýanyna ýörüň,-diýip ol gaşyny çytdy.
Ol işigi açdy welin sesler has gataldy. Aleksandra ejem meniň öňümden ýöräp barýardy, ol bosagadan ätlende ol başyny belent tutdy-da:
-Siziň bulgurçaňyz boşapdyr, hanym Perkins,-diýdi:-Rugsat beriň, men size ýene-de kofe guýup bereýin.
Hanym Modi:
-Kelpurniýany, biraz wagtlyk iş bilen Greýsiň ýanyna ugratdylar,-diýdi:-Size böwürslenli kökejik hödürlemäge rugsat ediň. Siz meniň doganoglanymyň, şol balykçylyk bilen gyzyklanýanynyň eden işini eşitdiňizmi?...
Olar şeýle halda, gülüp oturan bir myhmandan beýleki myhmana geçip, olara kofe guýup berip, süýji tagamlar bilen hödür-kerem edip, edil bar gaýgylary Kelpurniýasyz özleriniň hyzmat etmeli bolýandyklary ýaly, ap-arkaýyn bütin otaga aýlanyp çykdylar.
Bütin otag bolsa birhaýukdan soň ýene-de öňküsi ýaly wyzzyldydan dolup durdy.
-Hawa-a, hanym Perkins, bu Graýms Ewerett, hakyky güzaphon ýagşyzada…Durmuş gurmaly ekenler welin, olar bolsa gaçyp gidipdirler…Her şenbede ýüz-keşbe bezeg berilýän otagda…Edil gün ýaşyp barýarka…Ol ýatmak üçin ýerine geçýär…towuklar bilen aýrylmaz dost olar, towuklar bilen, Fred aýdýar: “hemme zat şondanam başlady” diýýär. Fred aýdýar…
Aleksandra ejem maňa ortadaky saçagyň üstaşyry seretdi-de ýylgyryp, kökeli tabaga tarap baş atyp görkezdi. Men seresaplylyk bilen tabagy galdyrdym-da ýuwaşjadan hanym Merriuzere tarap ýöredim. Başardygymça salyhatly ondan köke iýmek isleýändigini soradym. Dogry-da walla, eger-de şeýle pursatda, şeýle ýagdaýda ejekem hakyky hanym bolup saklanyp galmagy başarýan bolsa, onda menem başararyn.

xxxxx

-Gerek däl, Gözlüje. Ony bosagadan aňryk äkidip geläýsene.

-Jim, sen näme aklyňdan azaşdyňmy?
-Saňa aýdyldy ahyry, ony bosagadan aňryk äkit diýlip.
Men uludan demimi aldym-da ýerden tutan gurçugymy jaýymyzyň ýeňse tarapyndaky basgançaga eltip, yzyma öz ýatan ýygnama sekime dolandym. Eýýäm sentýabrdy, ýöne heniz gijelerine ýylydy, şonuň üçinem biz öňkümiz ýaly jaýymyzyň ýeňse tarapyndaky eýwanda ýatýardyk. Heniz ýaldyrawuk tomzajyklar hem-de beýleki gijeki mör-möjekler gaýyp bolmandylar, entek gijelerine özlerini penjirelere tutulgy hasa gözenege urýan kebelekler hem hemişe güýzde edişleri ýaly nirädir bir ýerlere göçüp gitmändiler. Ýaňky gurçuk bolsa, megerem ilk-ä eýwanyň basgançalaryna süýşenekläp münendir, soňam işiginiň bosagasynyň aşagyndan geçendir. Men özümiň ýatan ýygnama ýatyş sekimiň ýanynda kitabymy goýmakçy bolanymda ony gördüm. Ol gurçugyň uzynlygy tas ýarym garyşrak bardy, oňa barmagyňy degirseňem ol mäkäm, çal ýumaga öwrülip düwülýärdi. Men garnymyň üstünde ýatdym-da gurçuga barmagymy dürtdüm. Ol düwüldi. Soň megerem, üstünden abanýan howp sowuldy diýip hasap eden bolara çemeli, haýaljakdan ýazyldy. Onuň ýüz aýagynyň ählisi-de birden herekete girdi, ol birazajyk süýşdi welin, men ýene-de oňa degdim. Ol ýene-de düwüldi. Meniň ukym tutýardy, şonuň üçinem men ony basypm mynjyratmak isledim. Men eýýäm oňa tarap elimi-de uzadypdym welin, şol pille meni Jim saklady.
Ol gaharly seredýärdi. Megerem, onuň bu bolşy, bu mahal onuň durmuşynda şunuň ýaly zolagyň başlanýanlygy sebäpli bolsa gerek. Hudaý jan-eý, ol tizräk bir şu zolakdan geçip gitsedi, ýogsa maňa gün ýamanyny görkezýärdi. Elbetde, Jim hiç wagt haýwanlary gynamaýardy, ýöne onuň mör-möjeklere-de rehiminiň inýändiginden meniň jinnek ýalyjak-da habarym ýokdy.
-Näme üçin ony mynjyratmak bolmaýar?-diýip men soradym.
-Onuň saňa päsgel bermeýändigi üçin,-diýip garaňkyda Jim jogap berdi. Ol eýýäm öz çyrasyny öçüripdi.
Men:
-Diýmek sen indi siňekleri, çybynlary hem öldürmeýärsiň-dä, onda, diýmek häzir seniň zolagyň şol hili-dä, şeýlemi?!-diýdim:-Haçan-da pikiriňi üýtgeden wagtyň maňa gaýrat edip aýdaweri. Ýöne sen bilip goýaýgyn, men özümi garynjalar-a dişledip ap-arkaýyn gezip ýörmerin, şuny bil-de goýaý.
-Äý, sem bolsana…-diýip ukuly ses bilen Jim jogap gaýtardy.
Jim her näme diýse-de men däl-de onuň özi gün-günden gyzjagaza meňzäp barýardy. Men arkanlygyna jaýlaşykly ýatdym-da uklamaga taýýarlandym, ymyzganýançam bolsa men Dill barada oýlanyp ugradym. Ol birinji sentýabrda gaýdypdy we dynç alyş rugsady başlan pusadyndan dolanyp gelmegi wada beripdi, göwnüme bolmasa onuň tomsuny Meýkombda geçirmegi halaýandygy ahbetin onuň ýakynlarynyň aňyna ýetdi öýdýän. Hanym Reýçel kireý edýän ulagda bizi demir ýol menziline alyp gitdi, Dill bolsa tä gözümizden ýitip gidýänçä bize wagonyň penjiresinden elini galgatdy bardy. Soňam ol gözümden ýitip gitdi, ýöne ýüregimden welin zym-zyýat bolmady, meniň onsuz içim gysýardy. Soňky iki günde Jim oňa-da ýüzmegi öwredipdi…
Oňa ýüzmegi öwredipdi. Men şonda Dilliň özüme aýdyp beren gürrüňini ýadyma saldym welin, ukym ýanaýdy.
Derýanyň saý ýerine kän gatnawsyz ýol eltýärdi, ol Meridian şaýolyndan takmynan şäherden bir mil daşlykda sowlup gidýärdi. Şaýolda hemişe-de barjak ýeriňe çenli alyp gidýärmişler, ýa pagtaly üsti ýapyk araba gabat gelýärmiş ýa-da başga bir ulag, soňky gatnawsyz ýolda-da derýanyň saý ýerine çenli beýlebir kän ýöremeli dälmiş. Ýöne eger-de suwa düşmeklige kelläňi gyzdyryp iňrik garalyberende öýe dolansaň welin kynmyş, şaýolda-da ulag galmaýar diýen ýalymyş, onsoň tutuş ýoly paýu-pyýada geçmeli bolýarmyş, bu bolsa beýlebir ýakymly dälmiş, şonuň üçinem suwa düşýänler kän gijä galmazlyga çalyşýarmyşlar.
Dill aýdyp berýärdi: olar şaýola ýaňybir çykypmyşlar welin, birdenkä görüpdirler olaryň öňünden Attikus gelýärmiş. Ol ilki göräýmäge olary saýgarmadyk ýaly bolupdyr, şonda olar oňa ellerini galgadyp başlapdyrlar. Onsoň ol ulagyny saklapdyr. Olar ylgaşyp onuň ýanyna barypdyrlar welin, ol diýipmiş:
-Siz, iň gowusy, şähere barýan haýsy-da bolsa başga bir ulaga garaşyň. Men entek çalt dolanmaryn.
Ulagyň yzynda bolsa Kelpurniýa otyrmyş.
Jim ilk-ä jedelleşip ugrapdyr, soňra ýalbaryp başlapdyr welin, Attikus:
-Ýeri bolýar, biz bilen gidiberiň, ýöne geliň öňünden şertleşeliň: ulagdan çykmaly däl.
Tom Robinsonyň öýüne barýançalar, ýolda Attikus nämeleriň bolup geçendigini gürrüň beripdir. Soňra olar şaýoldan sowlupdyrlar we ilki zibilhananyň, soňra Ýuelleriň deňesinden ýuwaşjadan garaýagyzlaryň şäherçesine geçip gidipdirler. Tomuň howlusynda garaýagyz çagajyklaryň uly topary daşjagaz oýnap oturan ekenler. Attikus ulagyny saklap, düşüpdir. Kelpurniýa-da onuň yzyndan howla giripdir.
Dill Attikus oýnap oturan oglanjyklaryň birinden:
-Seniň ejeň nirede, Sem?-diýip sorandygyny eşidipdir.

Sem jogap beripdir:
-Ol Stiwensleriňki-de, jenap Finç. Onuň yzyndan ylgaýynmy?
Attikus birbada nähili hereket etjekdigini bilmändir, soňra bolsa: “bolýar-da” diýipdir welin, Sem aýagaldygyna ylgap gidipdir.
Attikus bolsa çagalara:
-Oýnaberiň, oýnaberiň, oglanjyklar,-diýipdir.
Şol pursat öýden bir halys kiçijek gyzjagaz çykypdyr-da, Attikusa gözlerini petredip tiňkesini dikipdir. Onuň kellesinde çar tarapa inçejik zülpleri somalyşyp duran ekeni, her zülpünem ýiti reňkli mata saçbag bezeýärmiş. Ol ernini gulagyna ýetiräýjek bolup ýylgyrypdyr-da, Attikusa tarap moýmudyklap ugrapdyr, emma ol öte körpeje bolandygy zerarly basgançakdan düşüp bilmändir. Onsoň Dilliň aýtmagyna görä, Attikus onuň ýanyna barypdyr-da, sypal başgabyny çykaryp, oňa barmagyny uzadypdyr. Gyzjagazam onuň barmagyndan ýapyşypdyr welin, Attikus oňa basgançakdan aşak düşmäge kömek edipdir. Soňra ony Kelpurniýanyň ýanyna eltipdir.
Şol wagtam Elen gelipdir, onuň yzyndan bolsa bökjekläp Sem gelýän ekeni. Elen:
-Agşamyňyz haýyrly bolsun, jenap Finç. Belki dyzyňyzy epersiňiz?-diýipdir-de birdenem lam-jim bolup dymypdyr. Attikusam dik duran ýerinden agzyna suw alan ýaly kelam agyz geplemändir.
Dill:
-Birdenem Elen diň arkan gaýtdy, Gözlüje,-diýdi:-Edil duran duran ýerinden arkanlygyna gaýdyberdi, edil onuň üstünden nähilidir bir gara döw ýaly pilmahmyt basagetdin, ony mynjyradan ýaly bolaýdy. Ine şunuň ýaly – tarp!
Dill aýagyny ýere tarpyldadyp urdy:
-Ediljek bir möjejik ýaly.
Kelpurniýa Attikus bilen bilelikde Eleni ýerden galdyrypdyrlar we ony öýe tarap alyp gidip ugrapdyrlar, onuň bolsa aýaklary diýen etmeýän ýaly hiç ýöräp bilmänmiş. Soňra olar ep-esli wagtlap daşary çykmandyrlar, birhaýukdan soň Attikusyň ýeke özi çykypdyr. Haçan-da yzlaryna zibilhananyň deňesinden geçip barýarkalar Ýuelleriň haýsydyr biri nämedir bir zat diýip yzlaryndan gygyrypdyr, ýöne Dill onuň näme diýendigini aňşyryp bilmändir.
Tomuň ölümi barada Meýkombda iki günläp gürlediler, iki günüň içinde bolup geçen waka barada tutuş okrug bilmäge ýetişdi. “Eşitdiňizmi?...Ýokmy?...Aýdýarlar, ol birdenkä duran-duran ýerinden ümdüzine tutduryberenmiş…”.
Meýkombyň ýaşaýjylaryny Tomuň ölümi jinnek ýaly-da geň galdyrmady. Olaryň pikiriçe bu düşnükli zatdy, akmaklygy zerarly, ökjäni göteripdir. Şar-garakirliler – olaryň ählisi akmak ahyry, olar geljek hakda nireden oýlanyp bilsinler, ine şonuň üçinem kellesini etegine salyp gaçmaga synanyşypdyr, şeýle edibem öz başyna özi ýetipdir. Özem iň gülkünç ýeri, Attikus Finç, megerem ony alyp çyksa-da alyp çykardy, ýöne olar garaşyp bilýärlermi diýsene?...Ömralla etjekmi olar beýle zady. Olar sabyrly bolup bilýän bolsalar adam bolardylar-da. Olarda hiç hili oňyn zat ýok ahyry. Özi-de şol Robinson kanuny nikaly hem eken-ä, aýdyşlaryna görä özüni arassa-da saklaýan ekeni, ybadathanada gatnaýan ekeni, onuň hemme zadam ile meňzeş ekeni, a ýöne başyna jygba-jyg iş düşüpdirem welin, seredip görseň ol zatlaryň ählisi ýöne bary-ýogy bir howaýy öýkünjeňlik ekeni-le. Äý hawa-da, şar-garakirli, şar-garakirliligine-de galýar-da.
Söhbetdeşi hem öz gezeginde käbir jikme-jiklikleri habar berýärdi, soňra bolsa eýýäm tä penşenbä çenli “Meýkomb tribýun” gazeti çykýança gybat edere-de zat galmady. Gazetiň tenleri başga reňklilere bagyşlanan zolagynda merhum hakynda gysgaça habarjyk bar ekeni, ýöne welin gazetiň ondan başga-da entek ilkinji zolagy hem bardy.
Ol zolakdaky makalada jenap B. Anderwud kesgitli sözleri gypynç etmän, gaýgyrman ulanypdyr, özem onuň ýazýan zatlary ol öz gazetine ýazylýanlary we gazetinde bildiriş berýänleri ýitirmekden we şonuň netijesinde-de girdejisiniň esli kemelmeginden heder edýäne meňzemeýärdi. (Äý, onsoňam, umuman Meýkombyň ýaşaýjylary beýlebir gepe-söze, ýazuw-pozuwa kän bir üns berip ýören jemende-de däl ahyry. Jenap Anderwud sesi gyrylýança bokurdagyny ýyrtybersin, kellesine gelen zadyny ýazybersin, gazete ýazylýanlaryň hem-de bildiriş berýänleriň ýekeje biri-de ondan ýüz öwürmez. Sen bolsa gazetiň eýesi bolup özüňi we öz zadyňy gülki ýassygyna öwürmek isleýärmiň – baş üstüne, merhemet ediberiň). Jenap Anderwud kazyýet ýalňyşlyklary barada akyl satmaga kellesini gyzdyrmaýardy. Ol şeýlebir düşnükli ýazýardy welin, onuň ýazýanlaryna hatda çagajyk hem akyl ýetirjekdi. Ol diňe sada dilde maýyplar duran ýerlerinde duran bolsunlar, oturan bolsunlar ýa-da gaçyp barýan bolsunlar, barybir olary öldürmegiň günädigini düşündirýärdi. Ol Tomuň ölümini awçylaryň we çagalaryň gyrýan saýrak guşlarynyň – bilbilleriň manysyz öldürilmegi bilen deňeýärdi. Meýkomb: “şahyrçylyga baş goşmakçy bolýan ýaly özi. Megerem onuň ilkinji zolagyny “Montgomeri edwertaýzer” gazeti gaýtalap çap eder diýen umyt bilen şeýle edýän bolaýmasa” diýen netijä geldi.
“O nähili beýle bolýar-a?” diýip men jenap Anderwudyň gazetiniň ilkinji zolagyny okap oturyşyma oýlanýardym. Manysyz ganhorluk?...Soňky pursadyna çenli Tomuň işi kanunalaýyklykda alnyp

barylýardy, onuň işini açyk kazyýet mejlisinde seljerdiler, oňa hököm çykaranlar hem on iki sany oňat hem dogruçyl, päkize adamlar, meniň kakam onuň hukuklaryny goramak üçin elinden gelenini etdi. Indi bolsa, bu zatlaryň barysy “manysyz ganhorluk” bolýar…Düşnüksiz…Ýöne az-owlak soň men jenap Anderwudyň aýtmakçy bolýan zadyna akyl ýetirdim: Attikus bar güýji bilen Tom Robinsony halas etmäge dyrjaşdy, ol adamlaryň hemmesine Tomuň bigünädigini subut etmäge çalyşdy, ýöne hemmese bihuda boldy, sebäbi olaryň her biri öz kalplarynyň iň pynhan künjünde Toma aýyplaw hökümini çykaryp goýupdy. Meýella Ýuel gykylyk turzan pursaty eýýäm Tomuň bagty ýatypdy. Bada-badam tutuş Meýkomba Tomuň aradan çykmagy babatda jenap Ýueliň pikiri aýan boldy. Ol habar hemme gybatlaryň hiç hili päsgelçiliksiz we bökdençsiz ýaýraýan ýaýlymy bolan hanym Stiweni Krouforduň üsti bilen biziň gulagymyza-da gelip ýetdi. Jim ýanlaryndaka (bolgusyzlyk, ol eýýäm ullakan, goý diňläbersin!) hanym Stiweni Aleksandra ejeme jenap Ýueliň: “bir-ä taýyn, ýene-de ikisi galdy” diýendigini gürrüň beripdir. Jim: “men biderek ýere gorkýaryn, bu Ýuel bolgusyz ýaňra” diýdi. Özem Jim maňa berkden-berk tabşyrdy. Eger-de men Attikusyň ýanynda bu sözler babatda dilimi salajyn goýberäýsem, eger-de nädibem bolsa oňa özümiň ol zatlar barada bilýänimi bildiräýsem, onda ol Jim meniň bilen galan ömrüne hiç haçan gepleşmejekmiş.

xxxxx

Ýene-de okuwymyz başlandy, şonuň bilen bilelikde-de biziň Redlileriň jaýynyň deňesinden gündelik ýörişlerimiz hem. Jim indi ýedinji synpdady we başga mekdepde okaýardy, men bolsa üçünji synpdadym, biziň sapaklarymyzyň tertibi düýpgöter üýtgeşikdi, şonuň üçinem biz diňe irden mekdebe bile gidýärdik, onsoňam mekdepde nahar iýenimizde gabatlaşýardyk. Ol futbola gatnaýardy, ýöne entek onuň köp ylgamaga güýji, çydamlylygy hem ýaşy ýetmeýärdi, şol sebäpli-de ol häzirlikçe pökgüçileriň toparyna setil bilen suw daşaýardy. Ol muny uly höwes bilen edýärdi hem-de her gün tä gün ýaşýança şol ýerde ýitirim bolýardy.
Redlileriň jaýy bolsa şol öňküsi ýaly garaňky, tutuksy hem üýşendirýän keşpde äpet dub agaçlarynyň astynda durdy, ýöne men indi ondan gorkmaýardym. Howanyň maýyl günleri jenap Natan Redli hemişekisi ýaly şähere gidip gelýärdi. Betnyşan bolsa elbetde, henizem şol ýerde, özüniňki-de oturan bolmalydy, sebäbi häzirki güne çenl-ä ony jaýlaryndan alyp çykanlaryny hiç kim görmändi. Käwagt, köne jaýyň deňinden geçip barýarkam meni ynsabym horlap başlaýardy, megerem biz şol wagtlar Artur Redlä gaty kän ezýet beren bolmalydyk. Sebäbi çagalar penjiresinden yşyklaşyp, çeňňek bilen hat oklaşyp, gijelerine-de eken kelemini depeleşip, ýüregine düşüp ýörseler haýsy ýekemene ýarar?
Muňa garamazdanam ol bize şonça zady – ýabany hindi kelleli iki sany şaýyny, sakgyç, sabyndan gurjak, medal, zynjyrlyja döwük sagat peşgeş berdi. Jim megerem ol zatlaryň baryny nirededir bir ýerde ýygşyran bolsa gerek. Men bir gezek az-kem aýak çekdim-de, şol bagy synladym, şol kölegiň ýapylan sement dykysynyň daşynda agajyň sütüni biraz ýognapdyr. Dykynyň özi bolsa sementiň reňkini ýitirip sap-sary bolupdyr.
Her gezegem men olaryň jaýlarynyň deňesinden ötenimde ony görerin diýip tama edýärdim. Belki, haçanam bolsa bir wagt biz ony göreris. Maňa örän gyzykly, bu hadysa nähili bolarka? Belki-de şeýle bolar: Ine men-ä geçip barýaryn, ol bolsa ine hamana şol hiňňildikde oturanmyş:
Men, edil onuň bilen bütin ömrüme günde-günaşa salamlaşyp duran ýaly:
-Salam, jenap Artur,-diýerin.
Ol hem edil meniň bilen bütin ömrüme günde-günaşa salamlaşyp duran ýaly:
-Agşamyň haýyrly bolsun, Jin Luiza,-diýer:-Bu gün howanyň ajaýypdygyny, dogrumy?
Menem:
-Hawa, jenap, örän ajaýyp,-diýerin-de öz ýolum bilen bolaryn.
Ýöne welin, bu zatlaryň barysy adaty arzuw bolmagyna galýardy. Biz ony hiç haçan görmeris. Ol megerem, hakykatdan hem diňe aý ýaşanda öýünden çykyp, hanym Stiweni Krouforduň penjiresinden yşyklaýan bolmaly. Onuň ýerine özüm bolsam-a kime-de bolsa başga birine seredeｒdim, ýöne kimdir birine seredip seretmezlik onuň öz işi. Ine bize welin ol hiç haçanam seretmez.
-Sen ýene-de öňki edähetiňe başlan bolaýma, birden?-diýip Attikus bir gezek agşam men oslagsyz ýerden men heniz dirikäm iň bolmanda ýekeje saparam bolsa, iň bolmanda birje gözümiň çetjagazy bilenem bolsa Betnyşan Redlini synlap görmeli bolaryn ahyry diýenimde menden sorady. Soňam dowam etdi:-Eger-de şeýle bolsa, onda men saňa bada-bat aýdýaryn: bes etginiň. Men indi seni her gün onlarça gezek olaryň howlusyndan jyrraldyp kowalap ýörerden öte garradym. Onsoňam olaryň howlusyna sümülip ýörmegiň özüne ýetik howpy-da bar. Seni atyp goýbermekleri-de ähtimal. Sen bilýärsiň ahyry, jenap Natan, her bir kölegä gözi düşen badyna tüpeňini towhuldadyp goýberýär ahyry, ol hatda ýerde otuzynjy ölçegli aýak yzlaryny galdyryp gidýän aýakýalaňaç kölegeleri-de sylap

goýar öýdemok. Biler bolsaň, şol sapar seniň maňlaýyň işläpdir, sen diri galypsyň.
Men şol bada dilimi dişledim-de içimden pikir öwürdim: Attikus nähili gowy. Ol özüniň käbir zatlar barada biziň çak edişimizden has köpräk hem jikme-jikräk bilýändigini şu geçen döwrüň içinde ilkinji gezek görkezýärdi. Ýogsa bu zatlar tas ýüz ýyldanam gowrak wagt mundan ozal bolup geçipdi ahyry. Ýok, ýok, ýogsa-da diňe geçen tomusdady ahyry…ýok, geçen tomusda, haçan-da…Bäh, görýän welin, meniň kellämde bar zat bulam-bujar bolupdyr öýdýän. Jimden sorap görmeli.
Şondan bäri biziň bilen şeýlebir köp zatlar bolup geçipdir welin, görlüp otursa, Betnyşan Redli iň gorkunç zadam däl ekeni. Attikus bolsa özüniň ýene-de nämedir bir zatlar bolup geçer öýtmeýändigini, durmuşyň çaltlyk bilen öňki hanasyna girýändigini aýtdy. Biraz wagt geçer, onsoň haçanam bolsa bir mahal, ýeriň ýüzünde Tom Robinson atly şunça gep-gürrüňiň ýüze çykmagyna sebäpkär bolan bendäniň ýaşandygyny-da hemmeler unudarlar.
Belki-de Attikusyň aýdýanlary dogrudyr, ýöne geçen tomusda bolup geçen wakalardan soň biz edil özümizi dymyk hem çilimiň tüssesinden doly otagda ýaly duýup, hiç erkana dem alyp bilmeýärdik. Meýkombyň ýaşaýjylary Jim ikimiz bilen Tomuň täleýi barada gepleşmeýärdiler, megerem olar ol hakynda öz çagalary bilen gepleşýän bolmaklary ahmal, özlerem bolup geçen zatlara megerem: “Attikus biziň kakamyz bolsa-da biziň bolan wakalarda hiç hili günämiz ýok, şonuň üçinem Attikusa garamazdan goý çagalar bir biz babatda geçirimli bolsunlar” diýen düşünje bilen garaýan bolara çemelidi. Çagalaryň diňe özleriniň bu zatlar hiç haçan ýadyna-oýuna-da düşjek däldi. Eger-de ulular biziň deň-duşlarymyzyň ugur-utgalaryny ýitirer ýaly derejede aňkalaryny aşyrmadyk bolsadylar, onda Jim ikimiziň her haýsymyzyň olaryň haýsy-da bolsa biri bilen birdir-ýarymdyr gezek urşardyk-da, şonluk bilenem ähli zat tamamlanardy. Indi bolsa biz hemişe başymyzy belent tutup özümizi hakyky erkek kişi we hakyky asylly hanym ýaly alyp barmaga mejbur bolýardyk. Bu zatlaryň barysy-da hanym Genri Lafaýet Dýubozyň eýýamyny ýadymyza salýardy, ýöne ol döwürden tapawutlylykda biziň üstümize hiç kim bokurdagyny ýyrtmaýardy. Ýöne ýene-de bir täsin hem düşnüksiz ýagdaý: Meýkombyň pikiriçe Attikus erbet kaka bolsa-da ştatyň kanunçykaryjy ýygnagyna hemmeleriň biragyzdan ses bermegi bilen ýene-de şony saýladylar. Ýok-la, her näme diýseňem, görýän welin, bu adamlar birhili öte täsin jandarlar. Şonuň üçinem men olardan gaçarak gezenimi we mümkin boldugyndan olar hakynda pikirlenmänimi kem görmedim.
Ýöne bir gezek welin, men islesem-islemesem olar hakda oýlanmaly boldum. Mekdepde, hepdede bir gezek bizde gündelik bolup geçýän wakalaryň sapagy geçirilýärdi. Her kim gazetden bir makalany gyrkyp alyp, sapakda ünsli okap bermelidi we özüçe onuň mazmunyny aýdyp bermelidi. Bu sapak çagalary köp bela-beterden gorap saklar diýlip çak edilýärdi, sebäbi öz okan zadyny gürrüň berýärkä, okuwçy hemmeleriň gözüniň alnynda durmaly boljakdy, ol owadan durmaga çalşar, şonuň netijesinde-de göwresine oňat erk etmegi öwrener, ol okan zadyny gysgajyk aýdyp bermeli bolar, şonuň netijesinde-de gepläninde söz saýlamagy öwrener, ol gündelik bolup geçýän wakalary ýat tutmagy öwrenmäge-de mejbur bolar, bu bolsa onuň ýatkeşligini artdyrar, onuň tenha özi köpçüligiň öňünde durmaly bolar, bu bolsa onuň ýene-de hemmeleriň arasynda bolmaga islegini güýçlendirer diýip bu tükeniksiz ezýeti oýlap tapan mugallymlar çaklaýardylar.
Elbetde, örän uly açyş hem biçak çuňňur pikir, ýöne adatça bolşy ýaly Meýkombda ondan derekli zat çykmady. Birinjiden-ä, mülkdar daýhanlaryň çagalary hiç haçan diýen ýaly gazet diýilýän zadyň gyrasynam görmeýärdiler, şonuň üçinem gündelik bolup geçýän wakalar diňe şäherli çagalaryň gerşindäki aýrylmaz ýüke öwrüldi, bu ýagdaý bolsa şäheriň daşynda ýaşaýanlary mugallymlaryň diňe şäherli çagalara üns berýändiklerine ynandyrdy. Şäheriň daşynda ýaşaýanlardan ellerine kämahal gazet ilýänleri bolsa adatça “Radikal sahypa” atly gazetden makalalary saýlap alýardylar, ol gazeti bolsa biziň mugallymamyz hanym Geýts gazet diýibem haspa etmeýärdi. Men, dogrusy onuň kimdir biri “Radikal sahypadan” makalany aýdyp berýän wagty näme üçin gaşlaryny bürüşdirip oturýandygyny-ha bilmeýärin, ýöne göwnüme bolmasa, onuň gözüne bu gazeti okamak, edil hiç zat işlemän bikär çapak çalyp oturan ýaly, ertirlikde tagamlyja, myssyjak kökeleri iýen ýaly, aýnanyň öňünde pyrlanyp duran ýaly ýa-da “Eşegiň aýdymy şeýlebir hoşowaz” diýen aýdyma gygyryp ýören ýaly – umuman mugallymlaryň bize etmezligi öwredýän we şonuň üçinem zähmet hakyny alýan, ähli biderekliklerini eden ýaly bir zat bolaýmasa.
Onsoňam biziň içimizde iki-ýekesi bolaýmasa kän bir gündelik bolup geçýän wakalar diýilýän zada düşünýänimiz hem ýokdy diýen ýalydy. Kelteje – sygyrlaryň hem-de olaryň endikleriniň iň beýik bilermeni eýýäm Netçel daýyjyk baradaky hekaýatjygyň ortasyna dagy ýetipdi welin, birdenkä hanym Geýts ony saklady:
-Bu gündelik bolup geçýän wakalar däl, Çarlz. Bu mahabat.
Ine Sesil Jeýkobs welin, gündelik bolup geçýän wakalaryň nämedigini bilýän ekeni. Haçan-da onuň jogap bermek nobaty ýetende ol tagtanyň öňüne çykdy-da, başlady:
-Goja Gitler…
-Adolf Gitler, Sesil,-diýip hanym Geýts düzediş berdi:-Haçan-da kimdir biri barada gepläniňde ony

“goja” diýip atlandyrmak gelşiksiz bolýar.
Sesil:
-Hawa, hanym,-diýdi:-Hawa, onsoň, goja Adolf Gitler ýehudylary derňeýär…
-Yzarlaýar, Sesil…
-Ýok, hanym, hanym Geýts, ine şu hut şeýle diýibem ýazylgy…Hawa, onsoň, goja Adolf Gitler ýehudylary kowalaýar, olary türmä basýar, olaryň elinden olara degişli bolan ähli goş-golamlaryny, mata-marlaklaryny alýar, olaryň ýekeje ýartysyny hem serhetden daşyna goýbermeýär we ol akly kemleriň ählisini ýuwýar.
-Akly kemleri ýuwýar? Ýeriň ýüzünden ýok edýär diýen manyda aýdýarsyňmy?
-Ýok-la-how, hanym, hanym Geýts, olaryň akly kem bolandygy sebäpli olaryň özleriniň ýuwunmaga-da eşiklerini ýuwmaga-da akly çatýan däl bolmaly, sebäbi ýarym däli näme özüni tämiz saklap bilermi dagy? Hawa, onsoň, ine Gitlerem hemme ýarym ýehudylary bir ýere jemläkgetdin, olaryň haýsydyr bir hokga goparmaklaryndan çekinip, olardan gözüni aýyrmazlygy ýüregine düwüpdir, meniň pikirimçe-de bu işleriň hemmesi erbet, ine meniň gündelik bolup geçýän wakam-a şu hili.
Hanym Geýts:
-Berekella, Sesil,-diýdi.
Öz-özünden göwnühoş halda Sesil ornuna tarap ýöneldi.
Şol wagt has yzrakdan bir ýerden kimdir biri elini galdyrdy.
-Ol nähili beýle edip bilýär-ä?
-Kim nähili we näme edip bilýär?-diýip hanym Geýts sabyrlylyk bilen sorady.
-Ýaňky Gitler-le, ol nädip şonça adamy alakgetdin gözenegiň aňyrsyna dykyp bilýärkä, hany hökümet, olar näme üçin ony togtatmaýarlarka?
Hanym Geýts:
-Gitleriň özi hökümet,-diýdi-de bada-badam sapagy işjeň sorag-jogap alyşmaga öwürmek mümkinçiliginden peýdalandy. Ol tagtanyň ýanyna bardy-da, uly basma harplar bilen “DEMOKRATIÝA” diýip ýazdy.
-Demokratiýa,-diýip ol okady:-Munuň nämedigini kim bilýär?
Men Attikusyň saýlawlar döwründe düşündirýän şygaryny ýadyma saldym-da, elimi galdyrdym.
-Hawa, hawa, seniň pikiriňçe bu näme, Jin Luiza?
-Hemmeler üçin deň hukuklaryň bolmagy we hiç kim üçin hiç hili artykmaçlyklaryň bolmazlygy,-diýip men ýat tutan sözlerini tatyrdadyp goýberdim.
-Berekella, Jin Luiza, berekella,-diýip hanym Geýts ýylgyrdy. Soňra “demokratiýa” diýen sözüň öňünde şonuň ýaly uly basma harplar bilen “BIZDE” diýip ýazdy.
-Indi bolsa geliň hemmämiz bile aýdalyň: bizde demokratiýa.
Biz gaýtaladyk.
Hanym Geýts:
-Ine şu hem Amerika bilen Germaniýanyň arasyndaky tapawut,-diýdi:-Bizde demokratiýa, Germaniýada bolsa diktatura. Diktatura. Biz öz ýurdumyzda hiç kimi ýazgarmaýarys, yzarlamaýarys. Özgeleri bolsa diňe ters ynançlar bilen keselläp, olara köre-kör ynanýan adamlar yzarlaýarlar. Te-e-ers y-na-a-anç,-diýip ol süýkdürip aýtdy:-Ýehudylar hem edil beýleki halklar ýaly halk, ýöne men Gitleriň näme üçin başgaça pikir edýändigine hiç düşünip bilmeýärin.
Öňdäki hatarda oturan haýsydyr bir bilesigeliji sorady:
-Siziň pikiriňizçe, hanym Geýts, näme üçin ýehudylary halamaýarlar?
-Men-ä dogrusy, bilmeýärin, Genri. Olar islendik ýurtda-da jemgyýetiň peýdaly agzalary, galyberse-de olar örän dindar, takwa halk. Gitler bolsa dini köki-damary bilen ýok etmekçi bolýar, belki-de hut şonuň üçinem olary halaýan däldir.
-Men, elbetde, bilemok,-diýip Sesil çasly aýtdy:-ýöne olar eşidişime görä pul çalyşmakmy ýa-da şoňa meňzeş bir zat bilenmi meşgul bolýarlar ýaly, ýöne barybir munuň üçin olary yzarlap bolmaz ahyry! Olar akýagyzlar ahbetin, dogrumy?
Hanym Geýts:
-Ine sen ýedinji synpa geçersiň, Sesil,-diýdi:-şonda sen ýehudylary gadym döwürlerden bäri yzarlap gelýändiklerini, olary hatda öz ýurtlaryndanam kowandyklaryny bilersiň. Bu waka adamzadyň taryhyndaky iň gynançly sahypalaryň biridir…Indi bolsa geliň arifmetika bilen meşgullanalyň çagalar.
Men hiç haçanam arifmetikany halamaýardym, şonuň üçinem sapakdan ünsümi sowup penjirä seretmäge başladym. Men diňe ýekeje sapar Attikusy hakykatdan hem gaharly ýagdaýda görüpdim, haçan-da Elmer Deýwis radioda Gitler barada gürrüň berýärkä. Şonda Attikus tarsa turdy-da radiony öçürip: “Owf-f!” diýdi. Soň bir gezek onuň näme üçin Gitlere gaharlanýandygyny soranymda Attikus:
-Sebäbi ol guduzlapdyr,-diýdi.
“Ýok, beýle bolsa-ha gowy boljak däl” diýip men tutuş synp bolup deňleme işläp otyrkalar oýlanýardym. Guduzlan-a ýekeje, nemesler bolsa millionlarça. Meniň pikirimç-ä olaryň özleri ony

gözenegiň aňyrsyna dykyp, oňa özlerini gözenegiň aňyrsyndan garatmaga mümkinçilik bermän biläýjekler ýaly. Bä-ä, bu ýerde näme-de bolsa bir zad-a bolmalysy ýaly däl…Attikusdan sorap görmeli.
Agşam men ondan soradym, ol bolsa, özüniň hiç hili jogap berip bilmejekdigini, sebäbi özüniň hem nämäniň nämedigine göz ýetirip bilmeýändigini aýdyp jogap berdi.
-Ýöne Gitleri ýigrenmek – bu gowy zatmy?
-Kimdir birini ýigrenmäge mejbur bolmak-da jinnek ýalyjak-da gowulyk ýokdur.
Men:
-Attikus,-diýdim:-barybir men düşünmeýärin. Hanym Geýts aýdýar: “Gitleriň edýän işi aýylgançlyk” diýýär, ol hatda şu zatlary aýdyp berýärkä jym-gyzyl bolubam gitdi…
-Men ondan başga zada garaşmaýardym hem.
-Onda näme…
-Näme “onda näme”?
-Hiç zat, jenap.
Men sesimi çykarman gitdim, sebäbi kellämdäki pikirleri, özümiň bulaşyk duýgularymy Attikusa nädip düşündirjekdigimi bilmeýärdim. Belki-de Jim maňa düşündirip berer. Mekdepde bolup geçýän zatlarda Attikusdan Jimiň başy gowy çykýar.
Jim uzakly günläp suw daşapdyr we halys ýadapdyr ekeni. Onuň ýatyş sekisiniň gapdalynda, ýerde süýtden boşan çüýşe hem-de azyndan on sany bananyň-a gabygy çaşyp ýatan ekeni.
-Sen näme şunça zady symyşlaýdyňmy?-diýip men soradym.
Ol:
-Tälimçim eger-de men ýene-de bir ýyldan ýigrimi bäş funt semresem, meniň pökgi oýnap biljekdigimi aýdýar,-diýdi:-Şeýle iýip-içseň bolsa bahym semreýärsiň.
Men:
-Eger-de seniň ýüregiň bulanyp gaýtarmasaň,-diýdim:-Jim, men senden käbir zatlary soramaly.
-Bol döküber etegiňdäki daşlaryňy,-diýdi-de ol kitabyny bir gapdala goýup, aýagyny uzyn saldy.
-Hanym Geýts oňat ahyry, dogrumy?
-Oňat. Biz onuň elinde okadyk, ol hiç neneň däl.
-Ol bilýäňmi, Gitleri şeýlebir ýigrenýär…
-Ýeri bolanda näme?
-Düşünýäňmi, şu gün ol onuň ýehudylara şeýle erbet çemeleşýändigi juda erbet diýip aýtdy. Jim, hiç kimi yzarlamak bolmaýar ahyry, bu adalatsyz gerek, şeýle dälmi? Hatda kimdir biri barada nejis oýlanmak hem gadagan, dogrumy?
-Hawa, elbetde, Gözlüje, gadagan. Ýöne bu gün seni haýsy siňek dişledi?
-Düşünýäňmi, biz şol gezek kazyýetiň binasyndan çykanymyzda hanym Geýts…ol basgançakda biziň öňümizden ýöräp gelýärdi…sen, megerem, ony görenem dälsiň…ol hanym Stiweni Krouford bilen gepleşip gelýärdi. Ine onsoň ol şonda diýdi: “olara mazaly sapak bermegiň wagty gelip ýetdi, olar halys depämize çykdylar, bahym, görýän welin, bizi aýal edinip almagy isläp başlarlar” diýdi. O nähili beýle bolýar ahyry, Jim, öz-ä Gitleri ýigrenýär, özi bolsa biziň bärdäki garaýagyzlarymyz barada şeýle ýürekbulanjy gepleýär…
Jim birdenkä guduzlana dönäýdi. Ol ýatyş sekisinden böküp turdy-da, meniň ýakamdan ebşitläp tutaga-da meni şeýlebir silkip goýberdi:
-Şol kazyýet mejlisi barada eşidesimem gelmeýär, eşidýäňmi, eşidesim gelmeýär! Düşündiňmi? Indem mundan beýläk senden şol mejlis hakda ýeke söz eşidäýmäýin, düşündiňmi? Indi bolsa ýok bol şu taýdan!
Men onuň bolşuna şeýlebir haýran galdym welin, hatda aglamak-da ýadymdan çykaýpdyr. Men daraklygyma basyp otagdan çykdym-da, birden Jim gapynyň jygyldysyny eşidip öňküsindenem beter beleň alyp galaýmasyn diýen pikir bilen işigi başardygymça ýuwaşja ýapdym. Men edil bir pursadyň içinde şeýlebir ýadadym welin, tizräk Attikusyň ýanyna barasym geldi. Ol myhman otagyndady, men oňa ýakynladym-da dyzyna münmek isledim.
Attikus ýylgyrdy.
-Sen indi şeýlebir ullakan bolupsyň welin, gyzym, indi hatda meniň gujagyma-da sygmajak bolýarsyň.
Ol meni has mäkämräk bagryna basdy-da, pessaýja pyşyrdady:
-Sen Jimiň bolşy üçin gynanmagyn, Gözlüjäm. Bu wagt onuň durmuşynda iň kyn döwürleriň biri. Men onuň saňa gygyrandygyny eşitdim.
Attikus ýene-de: “Jim nämedir bir zady hakydasyndan çykarjak bolup elinden gelenini edýär, ýöne ol ýadyndan çykaryp bilmez, ol diňe belli bir wagta çenli şol zat barada oýlanman biler. Biraz wagt geçenden soň bolsa ol şol zat hakda pikir etmegi-de başarar, ine şonda-da özi üçin hemme zady aýyl-saýyl eder. Şondan soňam ol öňküsi ýaly bolar” diýdi.

xxxxx
Edil Attikusyň aýdyşy ýaly, hemme zat ýuwaş-ýuwaşdan düzeldi. Oktýabryň ortasyna çenli Meýkombda hemme zat adatdaky akymyna akyp başlady, diňe şäheriň iki sany ýaşaýjysy bilen kän bir ähmiýetsiz waka bolup geçdi. Ýok, has takyk aýdanyňda üç sanysy bilen, ol hadysajyklar bize – Finçlere gönüden-göni dahyll-a däldiler, ýöne welin az-da-kän-de galtaşyb-a geçýärdiler.
Birinjisi: jenap Bob Ýueli işe aldylar we dessine-de diýen ýaly işden çykardylar, otuzynjy ýyllarda bu ýagdaý ýeke-täk ýagdaý boldy, men-ä hiç haçan şol ýyllarda ondan başga kimdir biriniň jemgyýetçilik işlerinden ýaltalyk üçin kowlandygyny eşitmedim. Şan-şöhratyň gysga wagtlyk ýalpyldysy onda edil jyzlanyň ömri ýaly işe höwes gysgajyk möwç urmasyny döretdi, ýöne onuň işe bolan yhlasy onuň meşhurlygyndan uzaga çekmedi, örän bahym edil Tom Robinsony unudyşlary ýaly ony-da ýatdan çykardylar. Ol ýene-de her hepde-de takyklyk bilen kömek puluny almaga baryp başlady, her gezek pul hatyny alanda-da, özlerini şäheri dolandyrýandyrys öýdüp hondanbärsiräp ýören we ynsaply adama güzeran aýlar ýaly gazanç etmäge mümkinçilik bermeýän birtopar çöpdüýbiler barada nämedir bir zatlar gaharly hüňürdeşdirip ugrady. Kömek puluny berýän Rut Jounzyň aýtmagyna görä, jenap Ýuel Attikusyň öz elinden işini gaňryp alandygy hakynda gös-göni aýdýarmyşyn. Ol muňa juda bozulypdyr, hatda Attikusyň iş ýerine hem baryp, oňa ähli zady bolşy-bolşy ýaly gürrüňem beripdir. Attikus bolsa hamana, goý hanym Rut tolgunyp ýörmesin, eger-de Bob Ýuel öz aýdýan zatlaryny onuň bilen çözlüşmek isleýän bolsa, onda onuň edarasyna barýan ýol oňa bellimişin diýip aýdypdyr.
Ikinji hadysa bolsa kazy Teýlor bilen bolup geçipdi. Kazy Teýlor ýekşenbe günündäki mynajat okalyşyna barmaýardy, hanym Teýlor bolsa barýardy. Ýekşenbe güni, agşamlaryny kazy Teýlor özüniň äpet jaýynda ýeke özi uly lezzet bilen geçirýärdi, ol iş otagynda ynjalykly ornaşýardy-da, Bob Teýloryň ýazgylaryny okaýardy (ol onuň bilen garyndaşlykda däldi, ýöne eger-de bolan bolsa, onda bu ýagdaýy ägirt uly şatlyk bilen kabul ederdi). Şeýle agşamlaryň birinde kazy aýlawly usulda ýazylan çylşyrymly jümlelerden hem-de ýaz gülleri dek pajarlap açylýan deňeşdirmelerden lezzet alyp otyrka, birdenkä nähilidir birhili iniňi dygladýan dyrnaçaklamany eşidipdir.
-Güm bol!-diýip kazy özüniň semräp ýag basyp giden Enn Teýlor atly itine gygyrypdyr.
Ýöne şol wagt otagda hiç hili it ýok ekeni we ýaňky dyrnalýan ýaly ýakymsyz jytyrdy niredendir aşhana tarapdan gelýän ekeni. Kazy Teýlor agyr-agyr ädimler bilen Enn Teýloryny içerik goýbermek üçin öýüniň ýeňse ýüzdäki gapysyna tarap ýönelipdir, ýöne baryp görse eýwanyň gapysy edil ýap-ýaňyja kimdir biri tarapyndan serpilip açylan ýaly iki ýana hallan atyp açylyp-ýapylyp duran ekeni. Şol pille-de nähilidir birhili kölege salgym atyp, jaýyň burçundan aýlanyp gözden ýitipdir, emma onuň kimdigini kazy saýgaryp ýetişmändir. Haçan-da hanym Teýlor ybadathanadan dolanyp gelende onuň adamsy kürsüsinde Bob Teýloryň ýazgylaryna çümüp oturan ekeni, onuň aýagynyň ýanynda bolsa jysmygy, ok salyngy, atmaga taýýar edilip goýlupdyr.
Üçünji hadysa Elen Robinson, Tomuň dul galan aýaly bilen bolup geçipdi. Eger-de jenap Ýueli edil Tom Robinsony unudyşlary undan bolsalar, onda Tom Robinsony hem edil birmahal Betnyşan Redlini ýatdan çykaryşlary ýaly hakydalaryndan çykarypdylar. Ýöne öň Tom elinde işlän jenap Link Diz welin ony ýatdan çykarmady. Jenap Link Diz Eleni işe aldy. Ol oňa hatda geregem däldi, ol hamana: “Meniň kalbymda edil daş bar ýaly, hemme zat şeýlebir nejis boldy” diýip aýdanmyşyn. Ýöne men asla düşünip bilmedim, Elen öýde ýok wagty onuň çagalaryna kim seredýärkä. Kelpurniýa: “Eleniňki juda kyn, ol her gün Ýuelleriň deňesinden aýlanyp geçmek üçin artykmaç bir millik ýoly geçmeli bolýar” diýip aýdýardy. Birinji gezek ol olaryň öýleriniň deňesinden geçende olar ony ellerine ilen zat bilen daşlanmyşlar. Jenap Link Diz onuň her gün irden başga tarapdan gelýändigine ahbetin üns berenmişin-de ahyrynam onuň näme sebäpden beýle hereket edýändiginiň gyssap-gyssap anygyna ýetenmişin.
-Bu hiç-le, jenap, jenap Link, siz, haýyş edýän, alada etmäňsene,-diýip Elen oňa özelenip ýalbaranmyşyn.
Jenap Link bolsa:
-Meni hut duran ýerimden şeýtanlar jähenneme süýräýsinler, eger-de men muny şu durşuna galdyraýsam!-diýenmişin.
Ol Elene işden soň öz dükanyna gelmegi buýrupdyr. Ol gelipdirem welin, jenap Link dükanyny ýapyp, kellesine sypal başgabyny sokupdyr-da, ony ugratmaga gaýdypdyr. Ol Eleni gysga ýol bilen, göni Ýuelleriň deňesinden alyp gidipdir. Yzyna gaýdyp barýarka-da olaryň çagşan derwezeleriniň deňesinde säginipdir-de:
-Ýuel,-diýip gygyrypdyr:-Eý Ýuel!
Olaryň penjirelerinden hemişe sanýetmez kiçi-Ýueller gözlerini tegeleşip seredişip durandyrlar welin, şol pursad-a olaryň öýünde ynsdan-jynsdan gara bar-a meňzemändir.
-Men size belet, bu mahal ähliňiz bukulyşyp-busurylyşyp ýerde ýatansyňyz. Onda, ine şeýle, şuny ýadyňdan çykaraýma, Bob Ýuel, eger-de men ýene-de ýekeje sapar meniň Elenime şu ýol bilen işe

gatnamaga mümkinçilik bermeýändigiňi eşidäýsem, sen bar-a göz açyp-ýumasy salymyň içinde gözenegiň aňyrsynda gögerersiň, şuny bilip goýgun!-diýip jenap Link olaryň derwezesiniň agzyna maçyladyp tüýküripdir-de, öýüne gaýdypdyr.
Ertesi gün Elen işine öňki gysga ýoly bilen gaýdypdyr. Hiç kim oňa hiç zat zyňmandyr, ýöne haçan-da ol Ýuelleriň öýleriniň deňesinden geçeninden soňra yzyna gaňrylypdyr welin, jenap Ýueliň garaba-gara yzyna düşüp gelýändigini görüpdir. Ol haýdap ugrapdyr, emma jenap Ýuel hem ondan yza galmandyr, şol ökjesini sydyrdyp gelşine-de tä Elen jenap Link Diziň öýüne girip-gidýänçä barypdyr. Bütin ýoluň dowamynda-da ol ýolboýy pessaý ses bilen hapa-paýyş sögünip gelipdir.
Elen gaty gorkupdyr we jenap Link Dize, onuň öýünden gatybir uzakda bolmadyk dükana jaň edipdir. Jenap Link dükanyndan çykanda, jenap Ýueliň öz haýatyna ýaplanyp durandygyny görüpdir.
-Näme maňa gözüňi petredýärsiň, Link Diz, göýä men palçykda agnap ýatan doňuz ýaly? Men seniň öýüňe sokulmaýaryn…
-Birinjiden-ä, meniň haýatymdan asylyp durma, sen, porsy mahluk! Ony täzeden reňklemek üçin meniň artykmaç pulum ýok. Ikinjidenem, meniň aşpezimden daşrakda gez, ýogsa-da zenan maşgalanyň namysyna kast edendigiň üçin kazyýetiň öňünde kel kelläňi ýalaňaçlamaly bolarsyň.
-Men oňa barmagymy hem degirmedim, Link Diz. Men şar-garakirlini başyma ýapaýynmy diýsene!
-Munuň üçin barmagyňy galtaşdyrmagam gerek däl, seniň ony gorkuzandygyň hem ýetik bolar, eger-de söz bilen masgaralamak üçin gulp astyna dykmaýan bolsalar, onda men seni zenan maşgalany masgaralamak baradaky kanunyň esasynda jogapkärçilige çekdirerin, şonuň üçinem meniň gözümiň öňünden güm bol, bahymrak! Iň gowusy-da sen oňa ýanaşma, bilýänsiň, men özüm bilen oýun edeniň edil iki gözüni akdyryp, ony-da gowrup özüne iýdiräýýändirin!
Jenap Ýuel hem, megerem, bu zatlaryň ählisiniň oýun däldigine düşünen bolara çemeli, sebäbi Elen şondan soň onuň özüne azar berýändigi barada zeýrenmändir.
-Maňa bu zatlar ýaramaýar, Attikus, biçak ýaramaýar,-diýip bolup geçen hadysalar hakynda Aleksandra ejem dil ýardy:-Bu Ýuel, görýän welin, şol iş bilen bagly hemmeler babatda içinde kituw saklap galan ýaly-la. Şonuň ýaly adamlar, çaksyz içi güjükli bolýarlar, ýöne men düşünmeýärin, ol näme üçin kazyýetiň hökümi çykandan soň köşeşmedikä…ol öz maksadyna ýetdi ahyry?
Attikus:
-Men-ä, göwnüme bolmasa, düşünýän öýdýärin,-diýdi:-Kalbynyň jümmüşinde ol, megerem, Meýella ikisiniň toslamalaryna Meýkombda örän az adamyň ynanýandygyna akyl ýetirýän bolmaly. Ol şol ýagdaýda gahryman bolasy geldi, a hakykat ýüzünde nähili boldy?..."Ýeri bolýar, garaýagyz-a, biz dogrusy, iş kessek keserisem, ýöne sen welin, han ogul, hany bakaly, yzyňa, zibilhana göterilsene, gowusy" diýlen ýaly boldy. Ýöne ind-ä ol hemmeler bilen hasaplaşan ýaly, şoňa görä-de ol häzirki wagtda kanagatlanan bolmaly. Ine bahym howa üýtgär, onsoň ol hasam rahatlanar.
-Ýöne ol näme üçin Jon Teýloryň öýüne giripdir? Ol, megerem, Jonuň öýdedigini bilen däldir, ýogsa girmezdi…Ýekşenbe günleri, agşamlaryna Jonuň öýünde diňe iş otagynda we baş girelgesinde çyra ýanýar…
Attikus:
-Biz hut Bob Ýueliň Teýloryň öýüne girendigini anyk bilmeýäris ahyry,-diýdi:-Ýöne, dogrusy, men bu ýerde nämäniň bardygyny çaklaýaryn. Men onuň ýalan sözleýändigini ýüze çykardym, Jon bolsa onuň akmakdygyny äşgär edip, ony uly ile peçan etdi. Ýueliň görkezme beren tutuş wagtynda men Jona seretmäge gorkdum, sebäbi gülmän saklanyp biljekdigime ynamym ýokdy. Jon oňa şeýlebir birhili edip gözlerini tegeläp seredýärdi welin, ol göýä üç aýakly jüýjäni ýa-da dörtburç ýumurtgany görýän ýalydy. Şonuň üçinem hamana kazylar oturdaşlara täsir etmezlige düýbünden dyrjaşmaýarlar diýip sen meni ynandyrjagam bolup ýatma,-diýip Attikus gülümsiredi.
Oktýabryň aýaklaryna biziň durmuşymyz öňki, adaty akymyna gaýym girdi – mekdep, oýunlar, sapaklar.
Jime, megerem, unutmagy isleýän zadyny kellesinden zyňmak başardan bolara çemeli, biziň synypdaşlarymyz bolsa ahbetin ägirt uly rehimdarlyk bilen bize kakamyzyň täsinliklerini ýatdan çykarmaga mümkinçilik berdiler. Diňe birje sapar Sesil Jeýkobs menden sorady – belki-de Attikus çakdanaşa aýgytly hereketleriň tarapdary hem eglişiksiz çepçidir? Biziň ikimiz hem munuň nämedigini bilmeýärdik, Jimem bilmeýän ekeni, onsoň men bu barada Attikusdan: "sen şolmy?" diýip soradym. Bu sorag onuň şeýlebir gülküsini tutdurdy welin, men ol gülüp bolýança ondan hatda iki-üç gezek öýkeläp ýazylmaga-da ýetişdim, ýöne kakam: "men seniň üstüňden gülmeýärin" diýip aýdanyndan soň biraz köşeşmeli boldy.
Attikus:
-Sen Sesile aýt, menem edil Rimus day ýaly çakdanaşa aýgytly hereketleriň tarapdary hem eglişiksiz çepçi-diýdi.
Aleksandra ejem bolsa şu günler gül-gül bolup açylýardy. Hanym Modi, megerem, ýeke zarbada tutuş haýyr-sahawat jemgyýetiniň agzyny ýumduran bolara çemeli, sebäbi ejekem ýene-de ol ýerde

hemme zady dolandyrýardy. Onuň tagamlary bolsa şeýlebir süýjäpdiler welin, indi olary iýeniňde gulagyňy kesselerem duýup bolmajak ýalydy. Hanym Merriuzeriň gürrüňlerinden men betbagt mrunlaryň durmuşy hakda hasam köp zatlary bildim: asyl olar maşgala diýlen zadyň nämedigini düýbünden bilmeseler nätjek, olarda asyl tutuş taýpa – bir ullakan maşgala ekeni. Obada näçe erkek kişi bolsa çaganyň şonça-da kakasy, näçe aýal bolsa şonça-da ejesi bar ekeni. Graýms Ewerett bolsa olara akyl-paýhas berjek bolup halys güýçden gaçyp barýarmyş, şonuň üçinem ol biziň özi üçin edýän doga-dileglerimiz bolmasa hiç oňup biljek dälmiş.
Meýkomb ýene-de öňküsi ýaly boldy. Ol indi, eger-de iki sany ujypsyzja üýtgeşmäni hasap etmeseň edil geçen ýylkysy we ondan öňki ýylkysy ýaly. Birinjiden-ä, dükanlaryň görnüş aýnasyndan we ulaglaryň aýnalaryndan Senagaty galkyndyrmagyň milli dolandyryş bölüginiň “Biz öz goşandymyzy goşýarys” diýen şygarly mahabat ýazgyjyklary ýom-ýok boldy. Men Attikusdan olary näme üçin aýrandyklaryny soradym welin, ol: “SGMDB amanadyny tabşyrdy” diýip aýtdy. Men ondan: “Ony kim öldürdi” diýip soradym welin, ol: “Dokuz goja” diýdi.
Ikinji üýtgeşmäniň bolsa Meýkombda döwlet ähmiýeti ýokdy. Öňler Ähli ýagşyzadalaryň gününiň öňüsyrasyny Meýkombda gabat gelşine görä belleýärdiler. Çagalar ellerinden gelşine görä güýmenýärdiler, eger-de nirädir bir ýere nämedir bir zady oturtmak barada, mysal üçin, ýeňiljek çaga arabasyny şäheriň tölegli athanasynyň üçeginde dikmek hakda kimdir biriniň kellesine garagol pikir gelse, onda ol kömekçileriň ýetmezçiligi diýilýän zad-a düýbünden duçar bolmaýardy. Ýöne, geçen ýyl hanym Tutti bilen hanym Fruttiniň rahatlygy bozulandan soňra ene-atalar suw seňrikden agdy diýip hasap etdiler.
Uýalar Barberler hanym Tutti we hanym Frutti ikisi-de ötüşen garry gyzlardy, olar tutuş Meýkombda ýeke-täk ýerzeminli jaýda ýaşaýardylar. Olar barada, hamana olar respublikaçylardanmyş diýip gep edýärdiler, sebäbi olar biziň şäherimize Alabama ştatynyň Klenton okrugyndan 1911-nji ýylda göçüp gelipdiler. Olaryň endikleri biziň hemmämizi geň galdyrýardy, ýerzeminiň olaryň nämesine derkar bolandygyna hiç kes akyl ýetirip bilmeýärdi, ýöne ol olaryň haýsy-da bolsa bir najadyna derkar bolupdy we şonuň üçinem gazylypdy, olar galan ömürlerini bolsa diňe şol ýerzeminden ýaşajyk meýkomblylaryň täze-täze nesillerini kowup çykarmak bilen meşgul bolup geçirýärdiler.
Iň beteri-de öz endikleri boýunça hanym Tutti we hanym Frutti (hakykatda olaryň atlary Sara we Frensisdi), ýankilerdi, üstesine-de olar kerdiler hem. Hanym Tutti muny boýun almaýardy we dym-dyrslygyň dünýäsinde ýaşaýardy, emma ine hanym Frutti welin, örän bilesigelijidi, şoňa görä-de ol özüne eşitmäge ýardam berýän tokurtgajygy edinipdi. Ýöne ol şeýlebir mähnetdi welin, Jim: “bu grammofonyň tokurtgasy” diýýärdi.
Çagalaryň ählisi bu zatlara beletdiler we hiç haçan ýatlaryndan çykarmaýardylar. Ähli ýagşyzadalaryň güni eýýäm ýetip gelýärdi, ine günlerde bir günem bezzatlaryň birnäçesi hanym Barberler gaýym uka gidýänçäler garaşypdyrlar-da, assyrynlyk bilen olaryň myhman otaglaryna giripdirler (bütin şäherde gijelerine diňe Redliler gapylaryny temmeleýärdiler), soňam ondaky ähli goş-golamlary emaý bilen jaýyň ýerzeminine daşapdyrlar (bu duýdansyz alamana özümiň hem gatnaşygynyň bolandygyny men düýpgöter, doly, aýgytly hem gutarnykly inkär edýärin).
-Men olary eşitdim!
Bu çykylyk daň atyp-atmanka hanym Tutti bilen hanym Fruttiniň goňşularyny örüzipdir.
-Ýük ulagy edil işigiň agzyna gelip durdy! Olar edil at sürüsi ýaly aýaklaryny tarpyldadyp ýere urýardylar. Indi bolsa olar megerem, eýýäm Täze Orleana dagy ýetip barýan bolsalar gerek!
Hanym Tutti öz goş-golamlaryny iki gün mundan ozal Meýkombyň içinden geçip giden ykmanda söwdagärleriň ogurlandygyna doly ynanýardy.
-Olar şeýlebir ş-a-p-ş-a-r-ga-ra-a,-diýip ol janygýardy:-Megerem siriýalylar bolaýmasa.
Onsoň jenap Gek Teýt çagyryldy. Ol hadysanyň bolan ýerine serediş geçirdi-de:
-Bu biziň özümiziňkileriň, meýkomblylaryň işi,-diýdi.
Hanym Tutti bolsa, meýkomblylary özüniň elmydama-da gepleýişleri boýunça tanajakdygyny, gije bolsa olaryň myhman otaglarynda hiç kimiň meýkombça gepleşmändigini aýtdy.
Hanym Tutti yzçy itleriň getirilmegini talap edýärdi we şondan pes çäreleriň hiç birine razylyk bermeýärdi, onsoň jenap Teýt aýagyny süýräp on mil daşlyga ýol söküp gitmeli boldy. Haçan-da jenap Teýt yzçy itleri yzlary görkezip, olara buýruk berip goýberdi welin, itler jaýyň baş girelgesinden bada-bat ýere bökdüler-de jaýyň daşyndan aýlanyp, ýerzemine girilýän gapa tarap üýrüp başladylar. Jenap Teýt olary üç gezek täzeden jaýyň baş girelgesiniň agzyna getirdi, hemme gezeklerde-de olar ýerzeminiň işigine tarap ylgadylar. Onsoň ahbetin onuň aňyna ýetdi. Şol gün günortana çenli, tä itleri alyp gidýänçälär oglanlaryň ýekeje biri-de köçe-de aýakýalaňaç görünmedi we olaryň hiç haýsy köwüşlerini çykarmadylar.
Ine şonuň netijesinde-de meýkombyň asylly hanymlary bir çukura tüýkürdiler-de bu ýyl hemme zat başgaça bolar diýen netijä geldiler. Mekdebiň uly dabaralar otagyny açarlar, ulular-a diri şekiller görkeziler, çagalar üçin bolsa “almagapdy”, “ýüptutdy”, “eşegiň guýrugyndan tutdy” ýaly dürli

tomaşalar, oýunlar gurnalar. Ondan başga-da dürli nikaply tomaşanyň iň oňat nikaply geýimi üçin ýigrimi bäş sent baýrak hem berler.
Jim ikimiz begenjimizden hem sabyrsyzlykdan ýaňa tas uwlaşyp başlaýardyk. Biz elbetde nikaply geýim ýa-da şoňa meňzeş bir hokga goparaly diýip ýörmeýärdik, ýöne bu ýerde hemme zat uýulýan pikiriňden dänmezlikdedi. Jim eýýäm özüni Ähli ýagşyzadalaryň gününi bellärden ullakan diýip hasap edip ýördi, ol: "şol gijä-hä oňa näçe hajyk-hujuk etseler-de ony mekdebe eltip bolmaz" diýdi. Menem öz ýanymdan: "Ýeri bolýar-da, gitmeseň gitmän geç" diýdim, meni Attikus ugradaýar-da. Ýöne bahym men şol gije sahnada nähili oýun goýmakçy bolýandyklaryny eşitdim. Hanym Greýs Merriuzer "Meýkomb okrugy – per aspera ad astra " atly aklyňy haýran edýän diri şekili oýlap tapypdyr, menem şol diri şekilde bir but etiň şekilini ýerine ýetirmelidim. Ol öz ýanyndan eger-de çagalar dürli eşiklerde biziň okrugymyzyň oba hojalyk önümlerini şekillendirseler örän ajaýyp bolar diýen netijä gelipdir. Sesil Jeýkobs sygry şekillendirmelidi, Egnes Bun örän owadan nohut boljakdy, ýene-de kimdir biri pisse, beýlekileri bolsa tä hanym Merriuzeriň hyýalbentlik gory tükenýänçä ýa-da çagalar gutarýança ýene-de köp-köp zatlary şekillendirmelidiler.
Men kynçylyk çekerin öýdüp näçe garaşsam-da, bizden talap edilýän zat diňe, hanym Merriuzer (ol diňe bir diri şekili döredIji däl-de eýsem alypbaryjydy hem) biziň ýerine ýetirýän şekilimiziň adyny tutup çagyran dessine çep tarapdan sahna çykyp, öz ornumyzda durmakdy. Ine ol: "But!" diýip gygyrar welin, şol pille-de men sahna çykmalydym. Iň ahyrynda bolsa biz dabara bilen "Meýkomb, Meýkomb, biz saňa ömürbaky wepadar" diýen aýdyma gygyrmalydyk, hanym Merrriuzerem şol pursat biziň ştatymyzyň baýdagyny giň gerip, galdyrmalydy.
Meniň şekilimiň geýmini oýlap tapmak kyn däldi. Şäheriň tikinçisi hanym Krenşonyň hyýalbentligini hanym Merriuzeriňkiden jinnek ýaly-da peslär ýaly däldi. Hanym Krenşo simden gözenegi aldy-da, ony kakadylan buduň şekilinde epleşdirdi. Onuň daşyny bolsa goňur mata bilen örtdi-de, buduň reňki bilen reňkledi. Meniň ony geýşim bolsa şeýleräkdi. Men aşak oturýan, kimdir biri bolsa ony meniň depämden meniň üstüme geýdirýärdi. Ol özboluşly gapyrjak meniň tas dyzyma çenli ýetýärdi diýen ýalydy. Hanym Krenşo aladaçyllyk bilen maňa sereder ýaly iki sany deşik deşip berdi. Ol hemme zady şeýlebir gowy tikip taýýarlapdy welin, Jim: "sen hakyky aýaklyja but" diýdi. Ýöne dogrusy, bu eşigiň käbir oňaýsyzlyklary bardy, onuň içi demiňi tutup gelýäň dymyk hem yssydy, dardy, üstesine burnuňam gaşap bolmaýardy, özge biriniň kömegi bolmasa onuň içinden çykar ýaly hem däldi.
Men pikir etdim, haçan-da Ähli ýagşyzadalaryň güni gelip ýetende biziň tutuş maşgalamyz biziň görkezýän sahnamyzy synlamag gelerler öýtdüm, ýöne meniň bu niýetim puç boldy. Attikus meniň göwnüme degmejek bolup juda jan çekdi, ýöne ahyrsoňunda barybir özüniň bu gün öte ýadawdygyny, özüniň häzirki ýagdaýynda diri şekilleri synlamaga gurbunyň çatmajakdygyny aýtdy. Ol tutuş hepdäni Montgomeride geçiripdi we diňe agşamara dolanyp gelipdi. Ýöne onuň pikiriçe, eger-de men Jimden özümi ugratmagy haýyş etsem, ol onuň pikiriçe, meniň towakgamy ýerine ýetirse gerek.
Aleksandra ejem bolsa özüne bu gün irräk ýatmak gerekdigini, özüniň uzakly günläp sahnany bezemek bilen başagaý bolandygyny, şonuň üçinem halys sütünininiň süýnendigini aýtdy…Birdenem ol sözüniň ýarysyny aýdyp-aýtman dymyp galdy. Soňra ýene-de nämedir bir zat aýtmak üçin agzyny açdy, emma hiç zat geplemedi.
-Ejeke, size näme bolýar?-diýip men soradym.
Ol:
-Ýok, ýok, hiç-le,-diýdi:-Birhili meniň inim dyglap, endamym sowap gitdi.
Men-ä dogrusy, oňa birdenkä, gaýa ýok, gopuz ýok ýerinden näme bolandygyna-da düşünmedim, ýöne ol bada-bat özüni dürsedi-de, myhman otagynda meniň çykyşymy synlap görmegi teklip etdi. Jim meni basyp-büküp ýörite taýýarlanan geýmiň içine dykdy-da, myhman otagynyň bosagasynda durup, "But!" diýip gygyrdy. Özem sesini bilgeşleýinden edil hanym Merriuzeriň sesine meňzetdi. Onsoň men dabara bilen myhman otagynyň ortarasyna çenli ýöredim. Meniň çykyşym Attikus bilen Aleksandra ejemiň tüýs hoşuna geldi.
Soňra men aşhana gitdim we Kelpurniýanyň öňünde özümi sereşledim, olam maňa: "Seni görmäge göz gerek" diýdi. Men soňra ylgap gidip hanym Modä-de görünmek isledim, ýöne Jim: "Ol megerem, barybir dabara barar we şol ýerde seni synlap biler" diýdi.
Şondan soň özümiziňkileriň dabara barjagynyň-barmajagynyň ähmiýeti ýokdy. Men olaryň hemmesine görnüpdim. Jim bolsa meni ugratjakdygyny aýtdy. Ine şeýle ýagdaýda-da Jim ikimiziň iň uzak syýahatymyz başlandy.

xxxxx

Şondan öň hiç haçan oktýabryň iň soňky güni beýle ýyly bolmandy. Şonuň üçinem biz hatda ýyly keltekçelerimizi hem geýmedik. Ýel turup başlady welin, Jim: "Yzymyza gaýdanymyzda, görýän

welin, biz ýagşyň astynda galaýmasak” diýdi. Gije tüm-garaňkydy, aý görünmeýärdi.
Köçäniň künjündäki çyra Redlileriň jaýyna uzyn-uzyn gara kölegeleri düşürýärdi. Jim pessaýja güldi-de:
-Jedel edeli, şu gün olary hiç birahat etmez,-diýdi.
Jim meniň geýmimi alyp barýardy, demir gözenek zerarly ony götermek juda oňaýsyzdy. Biziň Jimimiz nähili edepli hem salyhatly diýsene. Ýogsa maňa: “özüň göter” diýibem bilýär ahyry.
Men:
-Barybir bu ýer birhili gorkunç, dogrumy?-diýdim:-Betnyşan, elbetde, hiç kime ýamanlyk islemeýär, ýöne men barybir seniň ýanym bilen gaýdanyňa begenýän.
Jim:
-Näme, dagy seniň ýeke özüňi Attikus goýberer öýtdüňmi?-diýdi.
-A näme üçin goýbermesin? Bu ýerde bary-ýogy-da, köçäniň burçundan mekdebiň howlusyna öwrülýänçäň ýol bar ahyry.
-Mekdebiň howlusy öte uly we kiçijik gyzjagazlaryň ýeke özleri garaňkyda gezmeli däl,-diýip Jim meni gižželedi:-Ýa-da sen al-arwahlardan gorkmaýarsyňmy?
Biz hahahaýlaşyp gülüşdik. Biz eýýäm birmahaldan bäri ullakan adamlardyk. Salgymlar, howur-powur, jadygöýlük, syrly belgiler – bularyň barysy edil gün doganda duman dagaýşy ýaly dagap gidipdiler.
Jim:
-Şol wagtlar biziň nähili dogamyz bary-a?-diýdi:- “Diri, öli däl, janyň enweri, bogma, goýber meni”.
Men:
-Bes etsene,-diýdim. Biz edil şol wagt Redlileriň jaýynyň deňesinden geçip barýardyk.
Jim:
-Megerem, Betnyşan öýde ýok bolaýmasa. Diňle,-diýdi.
Biziň hol depämizdäki tümlükda ýalňyz bilbiljik özüniň ähli mukamjyklaryny bir ujundan saýraýardy, ol özüniň kimiň agajynda oturandygyny asla şübhe-de etmeýärdi, ol birden-ä geçiguş bolup sykylyk atýardy, birdenem gazaba münen garasar ýaly jürküldeýärdi, birdenem gündizkör ýaly ajydan-ajy zeýrenýärdi.
Biz köçäniň burçundan öwrülenimizde men ýerden çykyp duran agajyň köküne büdredim. Jim maňa tekge bermek islände meniň eşigimi tozana gaçyrdy. Men barybir ýykyldym, emma bada-bat ýerimden turdum welin, biz ýene-de ýolumyzy dowam etdik.
Soňra biz mekdebiň howlusyna öwrüldik. Ol ýeri hasam gözedürtme garaňkylyk ekeni.
-Jim, a sen nirä gitmelidigini nireden bilýärsiň?-diýip men bäş-on ädim ädenimizden soň soradym.
-Biz häzir şol uly dub agajynyň aşagynda, syzýarsyňmy, bärisi biraz salkynrak? Seret, seresap bol, ýene-de büdräýme.
Indi biz agajy süsmezlik üçin haýaljakdan, her basjak ýerimizi barlap diýen ýaly ýöreýärdik . Ol dub agajy ýalňyzdy we garryňam-garrysydy. Biziň ikimiz-ä her näme edenimizde-de onuň daşyndan gujaklamaga elimiz ýetjek däldi. Ol mugallymlardanam, şugulçylardanam, bilesigeliji partadaşlardanam daşdady, elbetde, dogrusy ol Redlileriň gapdaljygynda ösüp otyrdy, ýöne Redliler kesekileriň işlerine burunlaryny sokup ýörmeýärdiler. Onuň kölegeleriniň astynda şeýlebir köp uruşlar we gadagan edilen humar oýnunyň söweşleri bolup geçipdi welin, ol ýerde depgilenip-depgilenip zynç edilen toprak daşa dönüpdi.
Öňümizde mekdebiň dabara otagynyň uly penjireleri lowurdap durdy, ýöne olar bize ýol görkezmekden geçen gaýta gözümizi gapýardylar.
Jim:
-Öňe seretme, Gözlüje,-diýdi:-Aýagyň aşagyna gara, ýogsa ýykylarsyň.
Men:
-Sen nähak elçyrajygy almadyň, Jim,-diýdim.
-Men beýle tümlük bolar öýdüp pikir etmedim. Men pikir etdim, biz barýançak heniz ýolumyzy aýyl-saýyl edil bolar öýtdüm. Bu garaňkylayk bar-a bulutlar sebäpli. Olary, megerem, şemal entek-entekler dagytmasa gerek.
Şol pille-de biziň üstümize kimdir biri bökdi. Jim şeýlebir çirkin gygyrdy welin, meniň tas gulagym gapylypdy.
Dessine-de biziň ýüzümize ýiti ýagty düşdi, bu Sesil Jeýkobs bize tarap elçyrasy bilen ýagty saçyp, piriminiň paşandygyna begenip, duran ýerinde bökjekleýärdi.
-Hä, aldandyňyzmy!-diýip ol sesinde baryny edip gygyrýardy:-Men siz hut şu ýoldan gelersiňiz diýibem garaşdym-da!
-Seniň ýeke özüň bu ýerde näme işleýärsiň? Näme sen Betnyşan Redliden gorkmaýarsyňmy?
Enet-atasy Sesili sag-aman mekdebe getirip giden ekenler, ol bolsa biziň ýokdugymyzy görüp, dub agajynyň aşagyna eňipdir, ol biziň hut şu ýoldan geljekdigimizi anyk çaklan ekeni. Ýöne ol bizi

Attikus ugradar öýdüp pikir edipdir.
Jim:
-Hymh, munuň diýýän zadyna serediň-ä! Bu ýerde bary-ýogy-da ýöremelisi ynhajykga dälmi, köçäniň burçundan aýlandygyň ýetdigiň,-diýdi:-Ýeri bu ýerde nämeden gorkjak diýsene?
Äý, ýöne her näme diýseňem şu gezeg-ä Sesiliň oýny başa bardy. Ol hakykatdanam bizi gaty erbet gorkuzdy, indem bu barada bütin mekdebe jar etmäge onuň doly hukugy bardy.
Men:
-Diňle,-diýdim:-sen bu gün sygyr ahyry. Hany seniň şekil eşigiň nirede?
Ol:
-Şol ýerde, sahnanyň aňyrsynda,-diýdi:-Hanym Merriuzer aýdýar: “diri şekil entek beýlebir tiz görkezilmez” diýýär. Senem öz eşigiňi sahnanyň aňyrsynda meniňkiniň ýanynda goý, Gözlüje, ýör, özümem oglanlaryň ýanyna gideliň.
Jim begendi. Mundan gowy nädip bolsun, men ýeke bolmaryn, deň-duşlarymyň arasynda gezerin, ol bolsa öz ýaşytdaşlarynyň arasyna gidip biljekdi.
Biz mekdebiň dabara otagyna gelenimizde ol ýerde eýýäm diňe Attikusdan, mekdebi bezäp-bezäp halys surnugan zenanlardan, garasöýmezletden hem ýekemenlerden özge tutuş Meýkomb ýygnanan ekeni. Göwnüňe bolmasa, bu ýere tutuş okrug jemlenen ýalydy, binanyň äpet girelge otagy golaý-goltumyň bezenip-beslenen ýaşaýjylaryndan ýaňa hyryn-dykyndy. Birinji gatda, giň däliziň iki tarapynda dürli güýmejneler guranlypdyr, olaryň ählisiniň öňünde-de adamlar hümer bolşup durdylar.
-Wah, Jim, men pul almagy ýadymdan çykaraýpdyryn!
Jim:
-Saňa derek Attikus welin ýadyndan çykarmady,-diýdi:-Ine, me şu otuz senti al, bu alty sany oýun şaýlaryny almaga. Ýeri, bolýar, häzirlikçe!
Men özümiň otuz sentimiň we ýanymyň ýoldaşlydygyna göwnühoş halda:
-Ýeri bolýar,-diýdim.
Sesil ikimiz gapdalky gapydan dabara otagyna girdik, ondanam sahnanyň perdeleriniň aňyrsyna geçdik. Men öz gödeňsiz eşigimi başymdan sowdum-da, özümi hanym Merriuzer görmänkä, ol ýerden ökjäni göterdim, ol şol wagt tomaşaçylaryň orunlarynyň ilkinji hatarynyň öňünde durdy we öz elindäki ýazgylara nämedir bir zatlary çyzyşdyryp ýazyşdyrýardy.
-Seniň näçe puluň bar?-diýip men Sesilden soradym.
Onda-da otuz sent bar ekeni, diýmek biziň ikimiz deňdik. Biz ilkinji nobatda bäş sentimizi eýmençlikler otagyny synlamaga sarp etdik, ýöne ol bizi dynnym ýalyjagam gorkuzmady, biz ýedinji synpyň tüm-garaňky otagyna girdik welin, şol ýerde wagtlaýyn ýaşap başlan gan sorujy diri merhum bizi diwaryň ugry bilen ýöredip alyp gidip ugrady, ýüzugruna-da ol haýsydyr bir düşnüksiz zatlary elläp görmegi buýurýardy, özem bizi şol galtaşýan zatlarymyzyň böleklere bölünen adam bedeniniň dürli agzalarydygyna ynandyrmaga çalyşýardy.
-Ine bu gözleri,-diýip gan sorujy diri merhum haçan-da biz ýalpajyk tabajygyň üstünde goýlan, daşynyň gabygy aýrylan iki sany üzümi ellänimizde aýtdy.
-Ine bu ýürek.
Bu élan zadymyz galtaşanyňda çig bagry ýatladýardy.
-Ine bu bolsa içegeler,-diýip diri merhum buz ýaly bolup sowap giden uzyn aşdan doly ýalpak tabagy biziň elimize tutdurdy.
Şondan soň biz ýene-de birnäçe güymänjä aýlanyp çykdyk. Hanym Teýloryň äleme meşhur ajaýyp tagamly kökejiklerinden adama bir haltajygyny satyn aldyk. Men toşapda ýüzüp ýören almany agzym bilen tutup almak babatda öz bagtymy synap görmek isledim, emma Sesil: “bu gi-gi-ýe-na-nyň talaplaryna laýyk gelmeýär” diýdi. Onuň ejesi şeýle etmek bilen haýsy-da bolsa bir kesele duçar bolmak mükin diýen ekeni, sebäbi ol alma men ilkinji bolup agzymy degirmeýärdim ahyry.
-Şu mahal biziň Meýkombymyzda hiç hili ýokanç kesel ýok,-diýip men eňek diräp ugradym.
Emma Sesil öz ejesiniň: “özgeleriň agzyndan galanyny iýmegiň gi-gi-ýe-na-nyň talaplaryna laýyk gelmeýär” diýip aýdandygyny aýtdy. Men şol wakalardan ep-esli soň bu babatda Aleksandra ejemden soradym we gepiň arasynda Sesiliň ejesiniň haýsy sözleri diýendigini-de aýdan bolup goýberdim welin, ol: “diňe hemişe öňe sokjarylyp ýören geçiniň öň aýaklary ýalylar şeýle pikir edýärler” diýdi. Menem bu jogaba heziller edäýdim.
Şol gün biz dodaga çalynýan reňk hem satyn almak isledik, ýöne şol pursat hanym Merriuzeriň çaparlary ylgaşyp geldiler-de biziň sahnanyň aňyrsyna çagyrylýandygymyzy, bahym diri şekiliň görkezilip başlanmalydygyny aýtdylar. Tomaşaçylaryň orunlary adamlardan dolup barýardy, meýkombyň mekdep saz topary sahnanyň öňünde, aşakda eýýäm öz orunlaryna geçipdi, sahnany ýagtylandyrýan yşyklar ýakylypdy, gyzyl mahmaldan perde bolsa arkasynda turzulýan tüpgen zerarly tolkun atyp, iki ýaňa çaýkanýardy.

Perdäniň aňyrsynda Sesil ikimiz elde ýasalan üçburçluk başgaplary, konfederatlaryň goşunynyň we ispanlar bilen uruş döwrüniň gulakjynlaryny, jahan urşy döwrüniň kaskalaryny geýen ululardan depilip dykylan ýaly doly darajyk dälize düşdük. Oba hojalygynyň dürli miwelerini şekillendirmeli geýimleri geýen çagalar bolsa kiçijik penjirejigiň ýanynda dykylyşyp durdylar.
-Kimdir biri meniň eşigimi ýemşerdipdir-ä!-diýip men naýynjar gygyrdym.
Hanym Merriuzer edil çapylýan at ýaly darsyldap geldi-de, meniň geýmimiň gözenegini ýazyşdyryp-epleşdirip öňki şekiline getirdi, soňam meni onuň içine saldy.
-Dirimiň, Gözlüje?-diýip Sesil sorady:-Seniň sesiň edil ýerzeminden gelýän ýaly.
Men:
-Seniňkem şeýle,-diýdim.
Saz topary dabaraly senanyň sazyny çalyp ugrady welin, hemmeleriň güpürdeşip ýerlerinden turýandyklary eşidildi. Soňra türk depi kakylyp başlady. Hanym Merriuzer öz ornunda oturan ýerinden yglan etdi:
-Meýkomb okrugy – per aspera ad astra.
Ýene-de türk depi kakyldy.
-Bu bolsa aňladýar,-diýip hanym Merriuzer latynçany bilmeýän nadanlar üçin terjime etdi:-hapa-läbikden ýyldyzlara çenli ýol diýmegi.
Soňam näme üçindir üstüne goşup goýberdi:
-Diri şekiller.
-Şeýdip aýdybermeseň ýogsa düşünmezler-ow, şolar!-diýip Sesil ýaňsyly pyşyrdady, ýöne oňa bada-bat hüşşüldediler.
-Munuň diri şekildigini bütin şäher bir aý bäri bilýär,-diýip menem kem galyp barýan dek eşidiler-eşidilmez pyşyrdap galdym.
Sesil:
-Şäher eteginde ýaşaýanlarammy?-diýdi.
-Eý, şol ýerde ýuwaşrak boluň!-diýip bir erkek kişi gygyrdy welin, biz lam-jim bolmaga mejbur bolduk.
Ýene-de türk depi gürpüldedi. Onsoň hanym Merriuzer gonamçylykda, mazaryň başujunda çykyş edýän ýaly ses bilen Meýkomb okrugy hakynda gürrüň berip başlady. Ol ştatda iň goja okrug bolup, birmahallar Missisipiniň we Alabamanyň bir bölegi bolupdyr. Akýagyz adamlaryň ilkinjisi bolup bu adam aýagy sekmedik diýen ýaly tokaýlyklara miras işleri boýunça biziň kazymyzyň babadaş garry atasy gelipdir we yzsyz-tozsuz ýitirim bolupdyr. Soňra bu jelegaýlara gaýduwsyz polkownik Meýkomb gelipdir, şonuň hatyrasyna-da biziň okrugymyz şu mahalkysy ýaly atlandyrylypdyr. General Endrýu Jekson oňa häkimlik ygtyýarlyklaryny beripdir, ýöne polkownik Meýkombyň ýerliksiz gopbamlygy hem-de Zeminiň taraplaryny saýrgarmaga ukypsyzlygy onuň bilen bilelikde Derýajyk taýpasynyň hindilerine garşy söweşlere gatnaşanlaryň hemmesiniň başyna betbagtlyk inderipdir. Polkownik Meykomb hiç bir zatdan gaýtman bu ülkäni demokratiýa üçin basyp almak isläpdir, ýöne onuň ilkinji ýörişi onuň üçin iň soňky ýörişe öwrülipdir. Çapar hökmünde dostlukly taýpadan bolan hindiniň üsti bilen oňa günorta tarapa gitmek barada buýruk gowşurylypdyr. Zeminiň günorta tarapynyň nirededigini kesgitlemek üçin polkownik agaçlarda ösýän heňpisint ösümliklerden ugur alypdyr, özüne ýalňyşandygyny aýtmakçy bolan tabynlygyndakylara bolsa agyzlaryny açmaga-da maý bermän, duşmany derbi-dagyn etmegi mäkäm ýüregine düwüp ýörişe ugramaga gyssanypdyr, ýöne duşmanyň üstüni gapyl basmagyň deregine öz goşunlaryny demirgazyk-günbatar tarapa, ilkidurmuş jeňňelliklerine alyp gidipdir. Diňe şondan kän soň olary şol okgeçmez gür tokaýlaryň içinden ýurduň jümmüşine tarap barýan göçüň adamlary alyp çykypdyrlar.
Hanym Merriuzer polkownik Meýkombyň edermenlikleri hakynda tutuşlygyna ýarym sagatlap diýen ýaly gürrüň berdi, men bolsa şol wagtyň dowamynda täze bir açyş etdim: eger-de dyzyňy epsem, aýaklarym gödeňsiz eşigimiň aşagyna sygýan ekeni, onsoň şeýle ýagdaýda eýdip-beýdip, birsalym oturyp boljak ekeni. Men oturan ýerimden hanym Merriuzeriň depregiň gümmürdisi bilen gatylyp-garylyp gelýän ýüregedüşgünç wyzzyldysyny diňledim oturdym, ahbetinem munuň nädip beýle bolandygyny özümem duýman irkilip, mäkäm uka gidipdirin.
Soňra maňa näme bolandygyny gürrüň berdiler: hanym Merriuzer öz diri şekiliniň aklyňy haýran ediji ahyryna baranmyş-da: "But!" diýip parahat hem ynamly äheňde mylaýymja gepläpdir, sebäbi sosna agaçlary hem-de nohut ol olaryň atlaryny tutan dessine haýal etmän sahnada peýda bolupdyrlar ekeni. Meniň şekilimiň adyny tutup birinji gezek gygyrandan soň ol sähel salym garaşypdyr-da, ýene-de, öňküsine görä az-kem gatyrak ses bilen çagyrypdyr. "But!". Ýöne sahnada hiç hili but peýda bolmandyr. Ine şonda-da ol bogazyna sygdygyndan bagyryp goýberipdir: "BU-T-T-T!!!".
Megerem men ukynyň arasynda onuň sesini eşidendirin-dä, belki-de meni şol pursat günorta ştatlaryň senasynyň sazyny çalyp ugran saz topary oýarandyr, bilemok, ýöne men özümiň sahnada emele gelmeli pursadym hökmünde hut hanym Merriuzeriň ştatyň baýdagyny dabara bilen giň gerýän pursatyny saýlap alypdyryn. Has takygy saýlap saýlanam däldirin-de, şol pille meniň ýöne,

hemmeler bilen bilelikde bolasym gelen bolaýmasa.
Soň maňa aýdyp bermeklerine görä, kazy Teýlor tomaşaçylaryň arasyndan atylyp çykyp, arasynda dyzlaryna kakyp şeýlebir hahahaýlap gülüp başlapdyr welin, hatda tä hanym Teýlor oňa suw bilen haýsydyr bir derman gerdejigini getirip berýänçä köşeşip hem bilmänmiş.
Hanym Merriuzer bihuda jepa çekmändir ekeni, üstünlik dag ýaly mähnet boldy, hemmeler ýerlerinden turup çapak çalýardylar, gygyryşýardylar, ýöne barybir ol meni perdäniň aňyrsynda gapyp aldy-da maňa: “sen meniň diri şekilimi kül-peýekun etdiň” diýdi. Utnajymdan ýaňa ýer-ä ýarylmady menem girmedim, ýöne şol wagt meniň yzymdan Jim geldi-de, maňa duýgudaşlyk bildirdi. Ol özüniň oturan ýerinden-ä meniň hatda göze-de ilmändigimi aýtdy. Men düşünemok, ol şol pursat nädip meniň şeýle betbagtdygymy duýduka, sebäbi men şol wagt heniz öz eşigimden hem çykmandym ahyry. Jim meni köşeşdirmek üçin meniň ähli zady bolmalysy ýaly edendigimi, ýöne birazajyk gijä galandygymy aýtdy. Haçan-da düýbünden erbet bolan halatynda Jim indi edil Attikus ýaly köşeşdirmegi oňarýar. Ýöne Jim näçe başarjaň bolsa-da ol meni adamlaryň gözüne görünmäge yryp bilmän, hemmeler dabara otagyndan gidýänçäler maňa perdäniň aňyrsynda garaşmaga razy boldy.
-Bi zady sypyrmak isleýärmiň, Gözlüje?-diýip ol sorady.
Men:
-Ýok, islämok,-diýdim:-Şeýle ýagdaýda gitjek.
Goý hiç kimiň bu mahal meniň halymyň neneňsi erbetdigini görmesin.
-Sizi öýňüze düşürmelimi?-diýip kimdir biri sorady.
Jim:
-Ýok, jenap, taňryýalkasyn,-diýdi:-Biz, ine şu golaýjaga barmaly.
-Gijeki kölegelerden ägä boluň,-diýip şol ses maslahat berdi:-Has takyk aýdanyňda, goý gijeki kölegeler, Gözlüjeden ägä bolaýsynlar.
Jim:
-Ine, indi hiç kim galmady diýen ýaly,-diýdi:-Ýör gitdik.
Biz dabara otagyny kesip geçip dälize çykdyk, basgançakdan aşak düşdük. Köçe öňküsi ýaly tüm-garaňkydy. Ulaglaryň birnäçesi heniz ugramandyr ekeni, ýöne olar mekdebiň beýleki tarapynda durdylar, şol sebäpli-de olaryň çyralarynyň bize peýdasy ujypsyzdy.
Jim:
-Eger-de kimdir biri biziň tarapymyza gaýtsa, onda bize öňümiz biraz oňadrak görnerdi,-diýdi:-Diňle, Gözlüje, gel, men seniň süýr depäňdäki süňkjagazyňdan saklaýyn. Ýogsa sen birden deňagramlylygyň ýitirip, düňderiläýme.
-Maňa hemme zat görünýär.
-Hawa-la, elbetde, ýöne birdenkä sen deňagramlylygyňy ýitiräýme.
Nämedir bir zat meniň süýr depäme ýeňiljek basdy, megerem, Jim buduň injiginden ýapyşan bolsa gerek.
-Duýýaňmy?
-Hawa…
Biz mekdebiň garaňky howlusynyň içi bilen ýöräp ugradyk, men dähedem-dessemläp barşyma diňe aýagymyň astyna seredýärdim, ýöne hiç zat saýgarar ýaly däldi.
Men:
-Jim,-diýdim:-men şol ýerde, sahnanyň aňyrsynda köwşümi ýadymdan çykarypdyryn.
-Ýeri bolýar-da, ýör yzymyza gideli.
Ýöne biz yzymyza öwrülen badymyza mekdebiň penjirelerindäki ýagtylyk söndi.
Jim:
-Ertir alarsyň,-diýdi.
-Ertir ýekşenbe ahyry,-diýip men Jim meni öýmüze garşy öwrende garşy çykdym.
-Garawuldan haýyş etseň, ol seni içine goýberer…Gözlüje…
-Hä?
-Ýok, hiç-le.
Jim ep-esli wagtlap dymyp ýöredi. Meniň içim byjyklap ugrady. Beh, ol näme hakda pikir edýärkä. Äý bolýar-la, islän wagty özi aýdar-da, megerem öýe baranymyzdan soň aýdaýmasa. Onuň eli meniň süýr depäme biraz gatyrak basdy, meniň pikirimç-ä gereginden artygam gatyrak ýaly. Men kellämi silkip goýberdim.
-Jim, ýeri saňa näme bolýar-a?
-Azajyk geplemän dur, Gözlüje,-diýdi-de ol buduň injigini hasam gatyrak basdy.
Soň biz esli dymyp ýöredik.
Men:
-Seniň azajyk diýýän wagtyň eýýäm geçdi,-diýdim:-Sen hälden bäri näme hakda oýlanýarsyň-a?

Men Jime tarap öwrüldim, emma şeýlebir garaňkydy welin, men hatda onuň ýüzünem saýgaryp bilmedim.
Ol:
-Meniň gulagyma nämedir bir zat eşidilen ýaly boldy,-diýdi:-Hany, dur hany.
Biz togtadyk.
-Bir zatlar eşidýärsiňmi?-diýip Jim sorady.
-Ýok.
Ýene-de bäş ädim geçip-geçmänkäk ol ýene-de meni saklady.
-Jim, sen näme, meni gorkuzjak bolýarsyňmy? Men eýýäm körpeje däl, men…
Jim:
-Ýuwaş,-diýdi welin, men dessine düşündim, ol meniň bilen oýun etjek bolmaýardy.
Gije şeýlebir ümsümdi welin, men hatda Jimiň dem alşyny-da ap-arkaýyn eşidýärdim. Kämahal bir meniň ýalaňaç aýaklarymy ýalap şemaljyk öwsüp geçýärdi, onuň bady pelesipdir, ýogsa biz mekdebe barýarkak ol güýjünde baryny edip öwüsýärdi ahbetin. Häizr bolsa edil tupanyň öňüsyrasyndan bolşy ýaly ähli zat dym-dyrslyga beslenipdi. Biz diňşirgenişip durdyk.
Men:
-It üýrdi,-diýdim.
Jim:
-Ýok, ol ses däl,-diýdi:-Ol ses biz ýöräp başlasag-a eşidilýär, dursagam eşidilmeýär.
-Bu meniň eşigim şagyrdaýar. Hä, bildim, sen bar-a meni oýnajak bolýarsyň, sebäbi şu gün şeýle gün-dä.
Men aýdanlarymy Jime däl-de özüme subut etjek bolup dyrjaşýardym. Sebäbi biz ýöräp başlan badymyza onuň näme hakda gürleýändigine men düşündim. Yzymyzdan gelýän çybşylda meniň eşigimiň jinnek ýalyjak-da dahyly ýokdy.
-Bu sesleriň hemmesi Sesil bolmaly,-diýip Jim birhaýukdan soň aýtdy:-Ýöne ol ind-ä bizi ahmalyna salaýmaz. Gel gowusy haýalrak ýöräli-le, goý ol biz gorkýandyrys öýtmesin.
Indi biz edil pyşdyla dönüp süýrenip barýardyk. Men: “ol nähili eger-de Sesil biziň yzymyzdan şunuň tümlükde ýöräp gelýän bolsa, onda näme üçin ol henize çenli biziň bilen süsüşmedi?” diýip soradym.
Jim:
-A men welin seni görýärin, Gözlüje,-diýdi.
-O nähili beýle? Maňa sen görünmeýärsiň.
-Seniň eşigiňdäki ýag zolaklary assaja ýyldyraýar. Hanym Krenşo olaryň lowurdamaklary üçin olary ýagtylyk çykarýan reňk bilen reňkländir. Men seni örän oňat görýärin, Sesile-de megerem sen görünýänsiň, ine şonuň üçinem ol biziň bilen çaknyşman yzymyzdan assyrynlyk bilen ýoräp gelýän bolmaly. Ýeri bolýar-da, goý ol bizi aldawa salandyryn öýdüp pikirem etmesin.
Men birdenkä yzyma öwrüldim-de, bogazyma sygdygyndan gygyrdym:
-Sesil Jeýkobs – öl-myžžyk to-o-wu-u-k!
Biz togtadyk. Ýöne Sesil jogap bermedi, diňe nirededir bir hol allaowarrada, mekdebiň ýanyna ýakynda ýaň “To-o-wu-u-k!” diýip jogap berdi.
Jim:
-Ine men häzir ony bir,-diýdi:-E-he-heý!
“E-he-heý!” diýip mekdep ýene-de bize hä berdi.
Bu boluş birhili Sesil-ä çalym etmeýärdi, eger-de onuň haýsy-da bolsa bir hokgasy ýerine düşäýse ol ony azyndan kyrk gezek dagy gaýtalaýardy. Eger-de yzymyzdaky çybşyldy Sesil bolan bolsa ol onda eýýäm häli biziň üstümize bökerdi.
Jim ýene-de meni sägindirdi. Soňra örän pessaý pyşyrdady:
-Gözlüje, sen bu zadyňy egniňden sypyryp bilersiňmi?
-Bilerin, ýöne meniň egnimde şondan başga zat ýok diýen ýaly ahyry.
-Seniň köýnegiň mende.
-Garaňkyda men ony geýip bilmerin.
Ol:
-Ýeri bolýar-da,-diýdi:-Hiç-le.
-Jim sen gorkýarsyňmy?
-Ýok. Biz, megerem, eýýäm dub agajyna ýakynlandyrys. Ol ýerden bolsa iki ädim ätseň ýol geçýär. Köçämiziň çyrasy hem görnüp durandyr.
Jim bilgeşleýin haýaljakdan hem öte kadaly ses bilen gepleýärdi. Be-e, ol entek uzak wagtlap maňa Sesil barada erteki aýdyp berip gorkýandygyny gizlejek bolarmyka?
-Gel aýdym aýdyp başlaýaly-la, Jim, hä?
-Gerek däl. Ýuwaş, Gözlüje, gohlama.
Biz öňkümiz ýaly haýaljakdan ýöräp barýardyk. Sebäbi eger-de şunuň ýaly ýagdaýda ädim urşuňy

gataldyberdigiň hökman ýa barmagyňy agyrdarsyň ýa-da daşa büdrärsiň. Jim muny menden gowy bilýärdi, onsoňam ol meniň aýakýalaňaçdygymy unutmaýardy. Belki-de bu çybşyldy şemalyň agaçlaryň şahalarynyň arasyna çolaşyp dörediýän şagyrdysydyr. Elbetde, bolup biler, ýöne bu mahal şemal düýbünden ýok diýen ýalydy, onsoňam golaý-goltumda şol garry dub agajyndan özge bag-beýleki-de ýok ahyry.
Biziň arkamyzdan gelýän, edil aýagynda agyr köwüs bar ýaly, aýaklaryny ýerden süýräp, şarkyldadyp gadam urýardy. Özi-de onuň jalbary kendir matadan bolmaly, men ilkibada bu baglaryň ýapraklary şagyrdaýandyr öýdüp çak etdim, emma hakykatda welin onuň her ädiminde jalbarynyň gonçlary sürtülip ses çykarýan ekeni.
Meniň aýagymyň aşagyndaky çäge sowukdy, diýmek biz hut dub agajynyň aşagyna ýeten bolmaly. Jim ýene-de meniň süýr depäme basdy. Biz aýak çekdik-de, çar-töwerege diň saldyk.
Bu gezek ýaňky şarkyldy dowam etdi. Kendirden jalbar bolsa şol şygyrdady geldi, şygyrdady geldi. Soňam birdenkä hemme zat dym-dyrs boldy. Birdenem ol ylgap başlady, ol agyr-agyr ädimler bilen bize tarap ylgap gelýärdi, oglanjyklar munuň ýaly gödeňsiz ylgamaýardylar.
-Gaç, Gözlüje! Gaç!-diýip Jim çirkin gygyrdy.
Men birden äpet ädim ätdim-de tas ýykylýardym. Eşigimiň içinde meniň ellerim daňylgy bilen des-deňdi, daş-töweregiň bolsa tümluk, onsoň şunuň ýaly ýagdaýda nädip deňagramlylygyňy saklamagyň hötdesinden geljek diýsene.
-Jim, kömek et! Jim!
Şol pursadam nähilidir bir agyr zat meniň daşyma geýdirilen geýmiň simden gözenegini garbap mynjyratdy, nähilidir birhili demir bölegi gözenegiň demrine degip, uçgun syçradyp, jytyrdady, men ýere ýykyldym-da, biraz daşraga togalandym. Men bar güýjüm bilen bulanjyrap, towlanjyrap, däbşenekläp, özümiň daşyma çolaşan gözenekden çykmaga çytraşýardym. Meniň ýakyn gapdalymda bolsa kimdir birleri uruşýardylar, aýaklaryny tarpyldadyp ýere urýardylar, ýeriň ýüzünde, kökleriň arasynda süýrenýärdiler. Şol wagtam kimdir biri meniň alkymyma togalanyp geldi. Jim! Ol ýerinden böküp turdy-da, meni yzy bilen süýräp ugrady, ýöne men gözenegiň simine şeýlebir çolaşypdym welin, gaty haýdap bilemokdym. Şol gidip barşymyza men ahbetin kellämi hem eginlerimi sypdyrmagyň hötdesinden geldim, emma biz gaty uzaga gidip bilmedik.
Biz eýýäm ýola ýetip barýarkak, birdenkä Jim elini menden sypdyrdy-da, ýere zyňlyp gitdi. Ýene-de kimdir birleriniň uruşýandygynyň sesi eşidildi, şol pursadam nämedir bir zat şatyrdap gitdi welin, Jimiň çirkin sesi daş-töweregi ýaňlandyryp gitdi.
Men ses çykan tarap gözüm ýok ýaly okduryldym welin, batly barşyma kimdir biriniň garnyny süsdüm. Ol adamyň demi tutuldy, emma ol meniň ellerimden tutmaga dyrjaşdy, ýöne meniň ellerim eşigimiň gözeneginiň aşagyndady. Onuň garny ýumşakdy, elleri welin, demir ýalydy. Ol meni şeýlebir berk gysdy welin, meniň hatda demim tutulyp gitdi. Men gymyldabam bilmedim. Birdenem nähilidir bir göze görünmeýän güýç ebşitläp tutdy-da, bir gapdala pyzyp goýberdi, ol ýere ýazylanda tas menem ýykýardy. Megerem, bu Jim maňa kömege ýetişendir.
Käbir ýagdaýlarda çar-töweregiňde bolup geçýän zatlara örän haýallyk bilen akyl ýetirýärsiň. Men seňseläpdim, şonuň üçinem söm-saýak bolup durdum. Urşulýan ýaly ses ýatypdy, diňe kimdir biri hyrkyldaýardy, soň bolsa biziň daşymyzy ümsümlik gaplap aldy.
Daş-töwerek dym-dyrslyk. Diňe kimdir biri sojap-sojap agyrdan-agyr dem alýar, özem her ädiminde diýen ýaly büdreýär. Göwnüme bolmasa, ol dubuň ýanyna baryp, oňa ýaplanan ýaly. Soňra gaty erbet üsgürip başlady, ol birhili gyzylödegi agzyndan çykaýjak bolup üsgürýärdi, özem on iki süňňi bilen gagşaýardy.
-Jim?
Hiç hili jogap bolmady, diňe kimdir biri gaty ýakynjagymda sojap dem alýar.
-Jim?
Jim jogap bermeýärdi.
Ol adam dub agajyndan aýryldy-da, tümlükde sermenip ugrady, megerem nämedir bir zat gözleýän bolara çemeli. Soňra ol iňläp diýen ýaly uzyn dem aldy-da, ýeriň ýüzünden nähilidir bir agyr zady süýräp ugrady. Ine şu ýerde-de men dub agajynyň aşagynda biziň indi dört adamdygymyza göz ýetirip başladym.
-Attikus?...
Kimdir biri agyr hem gowuşgynsyz ädimler bilen ýola tarap gidip barýardy. Men özüme onuň ýap-ýaňyja-da duran ýeri bolup görnen ýerine bardym-da, aýaklarym bilen topragy sermeläp başladym. Bahym meniň aýaklarym nämedir bir zada galtaşdy.
-Jim?
Ýalaňaç aýagym bilen men sermeläp jalbara, kemeriň ildirgijine, ilige, soňra ýene-de bir düşnüksiz bir zada, onsoň köýnegiň ýakasyna we ýüze degdim. Ýüz tiken ýaly sanjylýan syh-syh bolup duran irimçik tüýden doludy, ýok bu Jim-ä däl. Şol wagtam ýaňyrak içilen şerabyň ýakymsyz porsy ysy

hapylap burnuma urdy.
Men onsoň dagy näme etjegimi bilmän ýoluň ýerleşýän tarapydyr öýden ugruma süssenekläp ugradym. Men dogry barýanymy-barmaýanymy-da bilmeýärdim, sebäbi meni näçe gezek dürli ugurlara öwrüp-çöwrüpdiler. Ýöne men ahyrsoňy ýola çykdym, ilkinji gözüm düşen zat köçämiziň sütünli çyrasy boldy. Onuň aşagyndan bir adam ýöräp barýardy. Ol edil nähilidir bir agyr ýüki göterip barýan dek tagaşyksyz gadam urup barýardy. Ol köçäniň künjünden aýlandy. Ol asyl Jimi göterip alyp barýan ekeni. Jimiň eli öňlügine sallanyp ýatyrdy we birhili düşnüksiz iki ýana hallan atýardy. Haçan-da men köçäniň burçuna ýetenimde ol adam eýýäm biziň howlymyzyň içi bilen gidip barýardy. Şol pursat gapymyz jarkyldap açyldy-da onuň ýagtysy daşaryk düşende men ýeke pursatlyk Attikusy gördüm, ol eýwandan ylgap düşdi-de, olar iki bolup Jimi öýe saldylar.
Men ahyry öz aýagyma özüm çolaşyp işigimiziň agzyna bardym, olar eýýäm biziň dälizimiziň ugry bilen ylgaşlap barýardylar. Maňa garşy bolsa Aleksandra ejem topulyp gelýärdi.
-Lukman Reýnoldsa jaň et!-diýip Attikus Jimiň otagyndan gygyrdy:-Gözlüje nirede?
-Ol bärde!-diýdi-de Aleksandra ejem meni hem telefona tarap süýräp ugrady. Ol şeýlebir howlugýardy welin, men bu bolşum bilen onuň yzyna eýgerer ýaly däldim.
Men:
-Meniň özüm bararyn, ejeke!-diýdim:-Siz gowusy jaň ediň.
Ol topulyp baryp telefona ýapyşdy.
-Maňa lukman Reýnoldsy beriň, Ýula Meý, bahymrak! Kakaň öýdemi, Egnes? Eý Hudaý-eý, ol nirede ahyry? Haýyş edýän, ol yzyna gelen dessine, oňa aýdyň, goý ol bize gelsin. Haýyş edýän, bu örän howlukmaç!
Aleksandra ejeme jaň edende-de özüni atlandyrmak gerek däldi, Meýkombda hemmeler biri-birini seslerinden tanaýardylar.
Oňa çenli Jimiň otagyndan Attikus çykdy. Aleksandra ejem telephony goýmaga ýetişmänkä, Attikus ony garbap onuň elinden aldy-da, oňa kakyşdyryp:
-Haýyş edýän, meni şerif bilen birikdiriň, Ýula Meý. Gek? Bu Attikus Finç. Kimdir biri meniň çagalarymyň üstüne topulypdyr. Jim ýaralanypdyr. Biziň öýümiz bilen mekdebiň arasynda. Men oglumyň ýanyndan aýrylyp bilmeýärin. Haýyş edýän, ol ýere meniň deregime-de baryp görüň, serediň, belki, ol daşa giden däldir. Bilemok, siziň ony şu mahal tapjagyňyz-a gümana welin, eger-de tapaýsaňyz, meniň ony göresim gelýär. Indi bolsa men gitmeli. Taňryýalkasyn, Gek.
-Attikus, Jim öldümi?
-Ýok, Gözlüje. Onuň bilen meşgullansana, uýam!-diýip ol däliziň ugry bilen haýdap barşyna gygyrdy.
Aleksandra ejem sandyr-sandyr edýän barmaklary bilen meniň egnimden mynjyradylan, birnäçe ýeri ýyrtylan simden gözenekli geýimi aýryşdyryp başlady. Ol wagty bilen meni boşadyp bilmedi.
-Sen abatmy, gyzym?-diýip ol gaýtalap-gaýtalap menden şol sorap durdy.
Ol gysyp-gowrup gelýän gözenegiň ýesirliginden erkinlige çykmak neneňsi eşret ekeni! Meniň ellerim dagy gurşup gidipdiler, gollarymda gyzyl altyburçluklar hem besse-besse bolup tagmalanan ýaly bildirip durdy. Men derrew olary owkalaşdyryp ugradym welin, olar biraz soluşdylar.
-Ejeke, Jim öldümi?
-Ýok…ýok, gyzym, ol diňe huşundan gidipdir. Ine häzir lukman Reýnolds geler, şondan soň biz onuň näderejede agyr ýaralanandygyny bileris. Siz bilen nämeler gopdy, Jin Luiza?
-Bilemok.
Şondan soň ol sowal bermedi. Ol ýerinden turup gitdi-de, maňa eşik getirip berdi. Eger-de şol wagt meniň kelläme gelen bolsady, men soň ejekeme şol pursat eden hereketini hiç mahal ýatdan çykarmaga goýmazdym. Ejekem şol wagt şeýlebir aljyraňňydy welin, ol maňa oglanjyklaryň geýýän ýörite iş geýimini getirip beräýdi!
Ol:
-Al, gyzym, geýin,-diýdi-de maňa şondan öňem-soňam gözüne ilse aňyrsy bärsine gelýän geýmimi uzatdy.
Soňra ol hem Jimiň ýanyna ylgady, ýöne göz açyp-ýumasy salym geçip-geçmänkä ýene-de daşky otaga, meniň ýanyma çykyp, aljyraňňy halda meniň hemme ýerimi sypaşdyryp-sermeşdirip çykdy-da, ýene-de Jimiň ýanyna ylgady.
Birhaýukdan soň öýümiziň öňünde ulag saklandy. Men lukman Reýnoldsyň aýak seslerini Attikusyňkydan erbet bilmeýärdim. Ol Jim ikimize dünýä inmäge kömek edipdi, ýeriň ýüzünde bar bolan ähli çaga kesellerinden bizi bejerip gelýärdi, ol haçan-da Jim biziň çynardaky öýjagazymyzdan ýere gaçanda-da ony bejeripdi, şol sebäpli-de biz onuň bilen hemişe dostlugymyzy saklap gelýärdik. Lukman Reýnolds eger-de biz şeýle itjanly bolmadyk bolsadyk onda ähli zat başgaça bolardy diýýärdi, ýöne biz oňa gatybir ynanyp barmaýardyk.
Ol maňa gözi düşenden içerik girmegi-de unudyp, bosagada söm-saýak bolup galaýdy:
-Rehimdar Taňrym, muny-y!-diýdi-de ilki bir maňa tarap ýönelen ýaly hem etdi, emma birdenkä:-

Sen-ä her näme-de bolsa aýak üstünde!-diýip hyrra yzyna öwrüldi. Ol biziň öýümiziň her bir deşigine beletdi. Özem bilýärdi, eger-de men şunuň ýaly erbet ýagdaýda bolsam, onda diýmek Jim mendenem beterdir.
Şondan soň on sany müňýyllyk düzüm-düzüm bolup geçdi. Ahbetin lukman Reýnolds dolanyp geldi.
-Jim öldümi?-diýip men soradym.
-Sähelçe-de ölmändir,-diýdi-de lukman meniň öňümde çommalyp oturdy:-Onuň maňlaýynda edil seniňki ýaly çiş bar, onsoňam eli döwlüpdir. Hany, bärik seret bakaly, Gözlüje…Ýok, kelläňi aýlama, diňe gözüň gyýtagy bilen seret. Indi, hanha, hol tarapa. Meniň häzirlikçe çaklaýşyma görä onuň döwügi biçak ýaramaz, edil tirseginde. Görýän welin, kimdir biri onuň elini towlap, düýbünden goparmakçy bolan ýaly…Indi bolsa maňa seret.
-Diýmek onda, ol ölmändir-dä?
-Ýok diýdim ahyry!-diýip lukman Reýnolds dikeldi:-Bu gün biz oňa ony ynjalykly ornaşdyrmakdan özge kän bir kömek edip bilmeris. Ertir onuň döwüginiň roentgen suratyny almaly bolar…megerem, onuň eline wagtlaýyn gips hem goýmaly bolarys. Ýöne sen alada etme, ol biziň elimizden çykanyndan soň edil täp-täzeje ýaly bolar. Oglanjyklaryň endamynda ähli ýaralar sähel wagtyň içinde yzsyz-tozsuz bitip gidýär ahyry.
Lukman Reýnolds maňa gürrüň berýärdi, özi bolsa meni gözden geçirýärdi hem-de seresaplylyk bilen meniň maňlaýymdaky barha ulalyp barýan çişi elleşdirip görýärdi.
-Seniň hiç ýeriňde hiç zadyň döwlen däl gerek, seniň göwnüňe nähili?-diýip ol degişdi.
Men biygtyýar ýylgyrdym.
-Diýmek, siziň pikiriňizçe ol ölmändir-dä, ýokmy?
Lukman Reýnolds sypal başgabyny geýdi.
-Elbetde, men ýalňyşyp hem bilerin, ýöne meniň pikirimç-ä, ol örän diri ýaly. Has anyk aýdylanda, munuň ähli alamatlary-ha bar. Bar, git-de ony gör, men dolanyp gelenimden soň bolsa biz onuň diridigini ýa-da däldigini gutarnykly çözeris.
Lukman Reýnoldsyň ýöreýşi ýeňil hem juwandy. Jenap Gek Teýt bolsa başgaça ýöreýärdi. Onuň agyr köwşüniň astynda biziň eýwanymyz hut duranja ýerinden iňläberdi, gapymyzy hem ol örän tagaşyksyz açdy, ýöne ol hem edil lukman Reýnolds dek maňa gözi kaklyşan dessine içini çekdi-de, bosagamyzda dikilgazyk bolup galdy. Soňam sorady:
-Sen abatmy, Gözlüje?
-Hawa, jenap, men Jimiň ýanyna gitjek. Attikus hem-de hemmelerem şol ýerde.
Jenap Teýt:
-Menem seniň bilen,-diýdi.
Aleksandra ejem Jimiň başujundaky gülçyranyň öňüni desmal bilen ýapandygy zerarly otagyň içi alagaraňkydy. Jim arkanlygyna ýatyrdy. Onuň bir ýaňagy mazaly ýenjilen ekeni. Çep eli bolsa bir gapdala gyşaryp, tirseginden egrerlip durdy, ýöne egrelmeli tarapyna däl-de ters tarapa. Jimiň gaşlary çytylgydy.
-Jim?...
Attikus:
-Ol seni eşitmeýär, Gözlüje,-diýdi:-ol öçürilgi, bilýärsiňmi, radiony nädip öçürýärler. Ol eýýäm özüne geldi, ýöne lukman Reýnolds ony uka gidirdi.
-Hawa, jenap.
Men diwara tarap süýşdim. Jimiň otagy uludy, inedördüldi. Haşamly ojak-pejiň ýanyndaky kürsüde Aleksandra ejem otyrdy. Bir burçda bolsa Jimi getiren adam diwara ýaplanyp durdy. Ol maňa nätanyşdy, megerem şäheriň eteginde ýaşaýanlaryň biri bolsa gerek. Megerem, ol biziň tomaşamyza gatnaşandyr, soňam biziň başymyzdan şol ýaňky düşnüksiz bela-beter inende, biziň golaý-goltumymyzdan geçip barýan bolmaly. Megerem, ol biziň gykylygymyzy eşidendir-de, kömege ylgandyr.
Attikus Jimiň düşeginiň gapdalynda dik durdy.
Jenap Gek Teýt bosagada saklandy. Sypal başgabyny ol elinde saklaýardy, jalbarynyň kisesi bolsa gabarylyp durdy, ol ýerde elçyrajygynyň bardygy mese-mälim bildirýärdi. Jenap Teýt özüniň aw keltekçesini, ädik bilen geýilýän gysga gonçly jalbaryny hem-de belent gonçly ädigini geýipdir ekeni.
Attikus:
-Giriň, gek,-diýdi:-Ýeri, nämedir bir zat tapdyňyzmy? Men haýsy näkesiň şeýle zady etmäge ukyplydygyny göz öňüme-de getirip bilmeýärin, ýöne umyt edýän, siz ony taparsyňyz-la.
Jenap Teýt burny bilen myşlady. Içiňden geçip gelýän ýiti nazar bilen burçda duran adama garady, oňa baş atdy, soňra otagyň içini birlaý gözden geçirdi, Jime seretdi, Aleksandra ejeme dikanlady, soňra ýene-de nazaryny Attikusa öwürdi.
-Oturaýyň, jenap Finç,-diýip ol teklip etdi.
Attikus:

-Geliň, hemmämiz oturalyň-la,-diýdi:-Ine size oturgyç, Gek. Men myhman otagyndan başgasyny alnyp geleýin.
Jenap Teýt Jimiň tekjesiniň başyna geçdi. Attikusa garaşdy, ol tiz dolanyp geldi-de oturdy. Näme üçindir ol burçda duran adama oturgyç getirip bermedi, ýöne Attikus mülkdar daýhanlaryň edim-gylymlaryny menden has gowy bilýär ahyry. Käte onuň ýanyna itiň ölen alysyndan kimdir biri maslahat almak üçin gelerdi-de, öz gatyryny, howlymyzda, çynaryň astynda daňardy, onsoň Attikusam onuň bilen jaýymyzyň ýeňse ýüzündäki eýwanda gepleşer durardy. Bu adama-da, megerem, şol ýerde, burçda has rahat bolaýmasa.
Şerif:
-Jenap Finç,-diýdi:-men häzir size ol ýerde näme tapandygymy aýdaýyn. Men haýsydyr bir gyzjagazyň köýnegini tapdym, ol meniň ulagymda. Ol seniňkimi, Gözlüje?
-Hawa, jenap, eger-de ol bägül reňkli we epinli bolsa.
Jenap Teýt edil kazyýetde görkezme berýän ýaly özüni alyp barýardy. Ol islendik wakany-da özüçe aýtmagy we gürrüň berýärkä, ne prokuroryň ne-de aklawjynyň özüne päsgel bermezliklerini halaýar, käbir ýagdaýlarda şu endigi zerarly onuň gürrüňi biçak uzyn hem bolaýýar.
-Ýene-de men goňur matanyň nähilidir bir bölejiklerini tapdym…
-Bu meniň şekil üçin geýen eşigimden, jenap Teýt.
Jenap Teýt öz dyzlaryny sypalady. Çep elini owkalady-da, haşamly ojak-pejiň üstündäki tekjäni synlap ugrady, soňra göwnüme bolmasa ony ojak-pejiň özi gyzyklandyryp başlan ýaly boldy.
Attikus:
-Näme boldy, Gek?-diýdi.
Jenap Teýt elini galdyrdy-da, ýeňsesini owkalady.
-O taýda, mekdebiň howlusyndaky dub agajynyň aşagynda Bob Ýuel ýatyr, onuň gapyrgalarynyň arasyndanam aşhana pyçagy somalyp dikilgi dur. Ol öli, jenap Finç.

xxxxx

Aleksandra ejem ýerinden tarsa turdy-da, ojak-pejiň tekjesinden ýapyşdy. Jenap Teýt hem aýak üstüne galyp, oňa tekge bermek isledi, ýöne ejekäm diňe kellesini ýaýkap oňaýdy. Ömründe birinji gezek Attikus özüniň hemişeki salyhatlylygyny ýadyndan çykaryp, şol oturşyna gymyldaman galyberdi.
Näme üçindir jenap Bob Ýueliň biraz puryja berseler, özüniň Attikus bilen haklaşjakdygy hakynda aýdanlary meniň ýadyma düşdi. Ol hakykatdanam tas Attikusyň başyna ýetjek ekeni, ýöne şol pille onuň nejislikleriniň müddeti doldy-da.
-Siz anyk bilýärsiňizmi?-diýip nähilidir birhili öçügsi äheňde Attikus sowal berdi.
-Hakykatdan hem ol jansyz jeset,-diýip jenap Teýt aýdanyny tassyklady:-Gutarnykly hem yzyna dolanyp gelmesiz. Ol indi mundan buýana siziň çagajyklaryňyza hiç hili ýamanlyk edip bilmez.
-Men o hakda däl…
Attikus edil alasarmyk düýşdäki deýin gepleýärdi. Birdenkä onuň biçak garrydygy göz-görtele bildirip gitdi, diňe şu alamat bilen onuň kalbynda çensiz-çaksyz galagoplugyň tuapn turuzýandygyna aňmak bolýardy, onuň hötjet eňegi aşak sallanypdy, ýaňaklarynyň ugrundaky gasynlary has-da çuňlaşypdylar, onuň saçlarynyň hem nebit şepbigi dek şar-garadygy hem eýýäm öňküsi ýaly gözüňe dürtülip durmaýardy, onuň çekgeleriniň birmahal çalaryp gidendigi bada-bat gözüňe ilýärdi.
-Belki-de myhman otagyna geçeris?-diýip Aleksandra ejem ahbetin dillendi.
Jenap Teýt:
-Eger-de rugsat berseňiz, men şu taýda galmak islärdim, eger-de biziň bärde bolmagymyz Jim üçin zyýanly bolmasa,-diýdi:-Men onuň ýaralaryny görüşdirmekçi, Gözlüje bolsa häzirlikçe nämäniň nähili bolandygyny bize gürrüň berer…
-Siz maňa gitmäge rugsat berersiňizmi?-diýip Aleksandra ejem sorady:-Men häzir bärde gerek däl. Attikus, eger-de men gerek bolsam men özümiňkide bolaryn.
Aleksandra ejem gapa ýöneldi, birdenem salga durdy-da, yzyna öwrüldi:
-Bu gün mende birhili howsalaly duýgy bolupdy, men öňünden duýupdym, Attikus,-diýip ol başlady:-Men…bu zatlaryň ählisi meniň günäm. Olary ýeke goýbermeli däldim. Men…
Jenap Teýt elini galdyrdy.
-Baryň, dynç almaga gidiň, hanym Aleksandra. Men düşünýän, siz çakdan aşa tolgunansyňyz. Ýöne siz özüňize ezýet bermäň…eger-de her bir öňünden syzmaga üns berip ýörseň, onda hatda ýeriňdenem gozganmaly däl, bilýärsiňizmi, edil öz guýrugyny tutmakçy bolýan pişik ýaly. Hany, hanym Gözlüje, senem entek ýadyňdan çykarmankaň, bize wakanyň nähili bolandygyny gürrüň bermäge synanyşyp gör bakaly. Bolýarmy? Siz onuň öz yzyňyza düşüp gelýändigini gördüňizmi?
Men Attikusyň ýanyna bardym welin, ol meni gujaklady. Men kellämi onuň dyzlarynyň üstünde

goýdum.
-Biz öýümize gaýtdyk. Men: “Jim, men köwşümi galdyrypdyryn” diýdim. Biz yzymyza dolanmak isledik, ýöne şol wagt mekdepde çyralar söndürildi. Jim: “Köwşüňi ertir alarsyň” diýdi…
Attikus:
-Kelläňi galdyr, Gözlüje, ýogsa jenap Teýte hiç zat eşidilmeýär,-diýdi.
Men onuň dyzyna mündüm.
-Soňra Jim: “Ýekeje pursat gepleme” diýdi. Men pikir etdim, ol nämedir bir zat barada oýlanýandyr öýtdüm, ol özüne pikirlenmäge päsgel berseler halamaýar…soň bolsa ol özüne nämedir bir zadyň eşidilendigini aýtdy. Biz bu Sesildir öýdüp pikir etdik.
-Haýsy Sesil?
-Sesil Jeýkobs. Ol şu gün bir gezek bizi gorkuzypdy, onsoň bizem pikir etdik, bu ýene-de şoldur öýtdük. Ol bu gün sygyr bolupdy. Iň gowy eşik üçin bolsa baýrak berýärdiler – çärýeklik şaýy. Men ýöne ony kimiň alandygyny bilmeýärin.
-Siz bu Sesildir öýdüp pikir edeniňizde niredediňiz?
-Mekdep gaty golaýdadyk. Men oňa gygyrdym…
-Näme diýip gygyrdyň?
-“Sesil Jeýkobs – çişik towuk” diýdimmi nämemi. Ol hiç zat jogap bermedi…Şonda Jim hem “ehe-he-heý” diýipmi ýa-da başga bir zat diýipmi, bogazyna sygdygyndan, gaty-y-na gygyrdy…
Jenap Teýt:
-Hany birje minut garaş, Gözlüje,-diýdi:-Siz olaryň gygyrandyklaryny eşitdiňizmi, jenap Finç?
Attikus: “ýok” diýdi. Onuň ýanynda radio işläp duran ekeni. Aleksandra ejemiň ýatýan otagynda-da şeýle. Ol muny anyk bilýär, sebäbi Aleksandra özüne hiç zat eşidilmeýändigi zerarly ondan öz otagyndaky radionyň sesini birazajyk peseltmegi haýyş edipdir. Attikus ýylgyrdy:
-Men elmydama-da radiony doly sesine işledýärin.
-A goňşularyň bir zatlar eşitmedilermikä?-diýip jenap Teýt sorady.
-Eşitmedik bolaýmasalar, Gek. Hemmeler diýen ýaly agşamlaryna radio diňleýärler ýa-da ilkinji horazlar gygyranda ýatýarlar. Belki-de Modi Etkinson şol wagt ýatmadyk bolmagy mümkin, ýöne meniň çak edişime görä ol hem ýatan bolaýmasa.
Jenap Teýt:
-Aýdyber, Gözlüje,-diýdi.
-Hawa, onsoň Jim gygyryşdyrdy, onsoň biz ýene-de bärligine gaýtdyk. Jenap Teýt, meniň kelläm, şol buduň şekili ýaly tikilen geýmiň içindedi, ýöne men eýýäm şol pursat eşidýärdim. Aýak seslerini eşidýärdim. Biz ýöreýäris, kimdir biri-de biziň yzymyzdan ýöreýär, biz durýarys, ol hem durýar. Jim oňa meniň görünýändigimi, sebäbi hanym Krenşonyň meniň eşigimi şöhle saçýan reňk bilen reňkländigini aýtdy. Men butdum.
-O nähili?-diýip jenap Teýt geň galdy.
Attikus meniň diri şekilleriň sahnasynda nämäniň şekilini ýerine ýetirendigimi hem-de meniň eşigimiň nähili taýýarlanandygyny düşündirdi.
Ol:
-Siz ol öýe gelende bir gören bolsadyňyz,-diýdi:-Onuň geýimi tutuşlygyna ýemşerdilip helemege dönderilipdir.
Jenap Teýt eňegini sypady.
-Men bolsa hälden bäri onuň endamyndaky alamatlaryň nireden peýda bolandygyna düşünip bilmän otyryn. Onuň ýeňleri tutuşlygyna owunjak deşijekler bilen petir bezelen ýaly. Şol deşijekleriň aşagynda birnäçe ýerde onuň elleri hem nämedir bir zat bilen deşilen. Hany maňa şol geýme bir göz aýlamaga beriň bakaly, jenap.
Attikus meniň geýmimiň gözgyny galyndylaryny alyp geldi. Jenap Teýt ony eýlesine-beýlesine öwrüşdirip gördi, onuň öň nähili bolandygyna göz ýetirmek üçin bükügini ýazdy. Ahbetinem ol:
-Görýän welin, bu zat Gözlüjäniň janyny halas edäýpdir öýdýän,-diýdi:-Serediň.
Uzyn barmagy bilen ol meniň eşigime dürtdi. Solgun simden gözenegiň ýüzünde sypjyryklar lowurdaşyp durdylar.
-Bob Ýuel özüniň näme isleýändigini bilýän ekeni,-diýip jenap Teýt hümürdedi.
Attikus:
-Ol öz akylynda däl bolmaly,-diýdi.
-Siz meni bagyşlaň welin, jenap Finç, siz ýöne biçak ýalňyşýarsyňyz. Ol hiç hili hem däli däldi, ol diňe barypýatan näkesiňem näkesidi. Süýrenip ýören nejis, lül-gammar bolup çagalary öldürmäge batyrsyran bolupdyr, ol. Siziň bilen ýüzbe-ýüz durmaga bolsa edermenligi ýetmändir.
Attikus başyny ýaýkady.
-Men hiç göz öňüme getirip bilemok, adam bolan adamyň şunuň ýaly zatlary etmäge bognunyň ysmagyny…

-Adamlaryň şeýlebir hili bar, jenap Finç, şolar ýalylary duran ýerinde, hiç hili buýtar-suýtar ýok etmeli, ýöne olar ýalylara hatda gülläňi sarp etmäge-de dözmeýärsiň. Ine Ýuel hem şolar ýalylaryň biridi.
-Men onuň maňa öldürmek barada haýbat atan güni içini boşadandyr öýdüp ýördüm, şonluk bilenem ikimiziň aramyzdaky algy-bergi tamamlanandyr öýdüp pikir edýärdim. Eger-de oňa şol edeni az bolsa ol iň bolmanda meniň özüm bilen haklaşjak bolmaly ekeni-dä.
-Äý ýog-a! Betbagt garaýagyz aýala biderek bolgusyzja ýamanlyk eden bolmak – ine ol muny, baş üstüne hemişe-de edip biler, kazy Teýlora-da, eger-de ol öýde ýokdur öýdüp pikir etse ýamanlyjak etmegiň hötdesinden geler. Ýöne, siziň pikiriňizçe, ol heýem bir siziň bilen gündiziň günortany ýüzbe-ýüz gabatlaşmaga het edip bilermi diýsene?
Jenap Teýt uludan demini aldy:
-Hany yzyny aýdyber, Gözlüje. Diýmek, sen onuň öz yzyňyzdan gelýändigini eşidipsiň-dä…
-Hawa, jenap. Haçan-da biz garry dub agajyna ýetenimizde…
-A sen şol tümlükde özüňiziň garry dub agajyna ýetendigiňizi nireden bilýärsiň?
-Men aýakýalaňaç ýöräp barýardym, Jim bolsa agajyň aşagynda hemişe-de toprak biraz sowugrak diýýärdi.
-Görýän welin, ony şerifiň kömekçisi etmeli boljak öýdýän. Ýeri bolýar, yzyny dowam ediber.
-Şonda-da birdenkä nämedir bir zat meni garbap aldy-da, meniň eşigimi mynjyradyp taşlady…Anyk bilemok welin, men aşak oturdym-da, towlanyp onuň elinden sypdym…Soňra eşitdim, birhili dub agajynyň aşagynda kimdir birleri uruşýan ýaly boldy…edil olaryň ählisi dub agajyna tarap topulyp, ony bat bilen süsýän ýaly. Soňra Jim meni tapdy-da, ýola tarap süýräp ugrady. Şonda kimdir biri…megerem, jenap Ýuel bolaýmasa, ony dartyp aldy-da, ýere ýykdy. Olar ýene-de biraz uruşdylar, soňra birhili geň şatyrdy eşidildi…Jim bolsa şeýlebir çirkin gygyrdy…
Men lam-jim boldum. Hä, gör şol şatyrdy, ine näme ekeni, şonda Jimiň elini döwüpdirler ekeni-ä. Men ýene-de dowam etdim:
-Hawa, onsoň, Jim şeýlebir çirkin gygyrdy, şondan soňam men onuň sesini eşitmedim, soňra bolsa…jenap Ýuel meni tä ölýänçäm mynjyratmakçy bolan bolsa gerek…soňra kimdir biri ony meniň üstümden dartyp aldy-da, zyňyp goýberdi. Men bu Jim maňa kömege gelendir öýdüp pikir etdim. Şondan soň näme bolandygyny welin men bilmeýärin.
-A soň näme boldy?-diýip jenap Teýt maňa tiňkesini dikip galaýdy.
-Kimdir biri şol ýerde gezmeleýärdi, büdreýärdi, haşlap demini alýardy, üsgürýärdi…onuň edil öýkeni ýarylyp gelýärdi. Ilki men pikir etdim, bu Jimdir öýtdüm, ýöne onuň bolşy Jimiňkä çalym etmeýärdi, onsoň men Jimi sermeläp ýerden gözläp ugradym. Men pikir etdim, bu Attikus bize kömege gelendir öýtdüm, özi-de öte ýadap demini dürsäp bilmeýändir diýip çak etdim…
-Ol kimdi?
-Ine ahyry ol, jenap Teýt, goý onuň özi size öz adyny aýtsyn.
Men tasdanam çüňkde duran şol adama barmagymy çommaldýardym, ýöne Attikusyň gahary gelmänkä bahymrak elimi aşak goýberdim. Sebäbi adama barmagyňy çommaltmak edepsizlik ahyry. Ol adam bolsa henizem diwaryň ýanynda durdy. Ol men otaga girelim bäri şol ýerde diwara ýaplanyp, ellerini döşünde çilşirip gymyldaman durdy. Haçan-da men ony görkezip ugranymda ol ellerini aşak goýberdi-de, diwara galtaşdy. Onuň elleri edil olar hiç haçan günüň aşagyna çykmadyk ýaly ap-akdylar. Jimiň otagy gowy garaňkydy, diwaryň reňki bolsa sarymtyldy, şonuň üçinem onuň ýüzünde bu akdanam ak elleriň mese-mälim tapawutlanyp bildirip durşy geňdi.
Onuň ellerini synlap bolanymdan soň men onuň goňrumtyl-sary reňkli jalbaryna üns berdim, onuň balagy guma bulaşypdyr, gödek nah matadan köýnegi hem ýyrtylypdyr. Ol örän arrykdy, ýüzi hem edil elleri ýaly duw-akdy, diňe eňegi ýüzüne görä sähel gararakdy. Hor ýaňaklary içine çöküp durdy, agzy uly, çekgeleri çökgündi hem-de olarda çukanajylar bar ýalydy, ala gözleri bolsa şeýlebir ýagtydylar, şeýlebir ýagtydylar welin, meniň göwnüme bolmasa ol kör ýaly bolup göründi. Onuň süýr depesinde-de seýrek, reňksiz saçlary bardy, özlerem ýaňy etenelikden saýlanyp ugran jüýjejigiň ýelegi ýaly ýumşak bolup görünýärdi.
Haçan-da men oňa barmagymy çommaldyp ugranymda onuň elleri diwaryň ýüzünden tyrpyp aşak gaýtdylar welin, diwaryň ýüzünde tegmiller galdy. Sebäbi onuň aýalary gaty derläpdir ekeni. Ol başam barmaklaryny guşagyna gysdyrdy. Özi-de birhili edil kimdir biri pyçak bilen aýnanyň ýüzüni çyzan ýaly tisginip, dartylyp gitdi. Men bolsa oňa henizem agzymy öweldip aňkaryp durdum. Ahyrsoňy onuň ýüzi öňküsi dek agaçdan çapylana çalym etmesini bes etdi. Ol ysgynsyzja ýylgyrdy welin, näme üçindir meniň owalarym gözýaşdan doldy-da, birdenkä biziň goňşymyzyň ýüzi bulaşyp gitdi. Men:
-Salam, Betnyşan!-diýdim.

xxxxx

-Jenap Artur diýmeli, körpeje,-diýip Attikus ýumşaklyk bilen düzediş berdi:-Jin Luiza, bu jenap Artur Redli. Pikir edýän, sen-ä ol eýýäm tanaýan bolmaly.
Eger-de şunuň ýaly pursatda Attikus ähli adatlara hem dessurlara laýyklykda meni Betnyşan Redli bilen tanyş etmegi başarýan bolsa, onda…äý hawa-da, şonuň üçinem ol Attikus-da.
Men biygtyýar Jimiň düşegine tarap okduryldym. Betnyşan bolsa maňa seretdi-de, ýene-de mylaýym gowuşgynsyzlyk bilen ýylgyrdy. Utanjymdan ýaňa men yssylap gitdim, ýöne şonda-da sepimi açmazlykdan ötri, diňe Jimiň üstündäki ýorganyny düzetmek islän kişi bolan boldum.
Attikus:
-Ýok, ýok, oňa degme!-diýdi.
Jenap Gek Teýt, özüniň buýnuzdan äýneginiň içinden Betnyşana göni dikilip äňetdi. Ol ýaňybir nämedir bir zat diýmek isläpdi welin, daşky otagdan lukman Reýnoldsyň aýak sesleri eşidildi.
-Siziň ähliňiz bärdemi,-diýip ol bosagadan ätläp-ätlemän gepledi:-Agşamyň haýyrly bolsun, Artur, ilkinji gezek gelenimde men size aňam salmandyryn.
Täsin galaýmaly, onuň gepleýşi hem edil ýöreýşi ýaly öňküsi dek adaty hem erkin, ol edil ine şeýle edip, Betnyşan bilen ömürboýy her gün salamlaşyp ýören ýaly. Bu, görýän welin, Betnyşanyň ine şu ýerde, biziň otagymyzda oturandygyndan hem geňräk ýaly…ýogsa-da…äý hawa-la, şeýledir-le…Betnyşan Redli hem megerem, käwagtlar keselleýändir. Belki-de kesellemeýän bolmagy-da ähtimal.
Lukman Reýnolds ýany bilen nähilidir birhili uly, gazette dolangy zady alyp gelipdir. Ol şol zadyny Jimiň tekjesiniň üstünde goýdy-da, penjegini çykardy.
Lukman Reýnolds maňa:
-Näme, hanha, indi özüň onuň diridigini gördüňmi?-diýdi:-Men häzir özümiň nädip onuň diridigini bilendigimi aýdaýyn. Haçan-da men onuň endamyny barlaşdyryp başlanymda ol meni gowuja edip depip goýberdi. Onsoň ony mäkäm uklatmaga mejbur bolduk, ýogsa ol özüne hatda barmagyňy batyrmaga-da ýol bermeýärdi. Hany, sumat boluň hany şu ýerde!
-Hym-m…-diýip söze başlan Attikus Betnyşana tarap gözüniň gyýtagyny aýlady:-Ýörüň eýwana gideliň, Gek. Ol ýerde näçe diýseň oturgyç bar, onsoňam entek daşary beýlebir çigreklije-de däl.
Näme üçin Attikus bizi myhman otagyna däl-de eýwana çagyrýarka? Hä, düşnükli, myhman otagynyň çyralary öte ýiti.
Biz hümer bolup otagdan çykdyk-da, jenap Teýtiň yzyna eýerdik. Attikus oňa gapynyň agzynda garaşyp durdy, ol ilki birinji çykmak isledi, emma soň pikirini üýtgetdimi nämemi, ony öňe goýberdi.
Şu adamlaryň endiklerine haýran galaýmaly – iň bir adatdan daşary täsin ýagdaýlarda-da özlerini edil hiç zat bolmadyk ýaly alyp barýarlar. Görüp otursam meniň özümem şeýle ekenim.
-Ýörüň, jenap Artur,-diýip men oslagsyz dillendim:-Ýogsa birden siz biziň öýümizde azaşaýmaň. Sebäbi siz ýoly gaty bir gowy bilýänem dälsiňiz. Häzir meniň özüm sizi eýwana ugradaýyn, jenap.
Ol maňa ýokardan aşak garady-da, baş atdy.
Men ony daşky otagdan alyp gitdim-de, myhman otagynyň deňesinden eýwana çykardym.
-Belki-de siz oturarsyňyz, jenap Artur? Bu hiňňildik kürsi oturmaga örän ynjalykly.
Birmahallar bu duşuşygy men hut şunuň ýaly edip göz öňüme-de getirýärdim, ine ol eýwanda otyr…bu howanyň ajaýypdygyny, şeýlemi, jenap Artur?
Hawa, howa diýseň ajaýyp. Men edil alasarmyk düýşdäki ýaly hereketler bilen ony Attikusdan we jenap Teýtden uzagrakda duran hiňňildik kürsä eltdim. Ol eýwanyň iň garaňky künjünde durdy. Şol garaňkylykda Betnyşan has rahat oturar.
Attikus hiňňildikde oturdy, jenap Teýt onuň ýanyndaky kürsä geçdi. Olaryň üstüne myhman otagynyň penjiresinden ýiti ýagtylyk düşýärdi. Men Betnyşanyň ýanynda oturdym.
-Ine onsoň, Gek,-diýip Attikus söze başlady:-meniň göwnüme bolmasa, ilkinji nobatda zerur…Eý Hudaý-eý, men pikirlerimi hiç bir ýere çugdamlap bilmeýärin…-Attikus äýnegini maňlaýyna galdyrdy-da, barmaklary bilen gözüniň üstünden basdy:-Jimiň heniz on üç ýaşy dolmadyk…ýa-da eýýäm doldumyka…hiç ýadyma salyp bilmeýärin. Ýöne her niçik-de bolsa, bu iş bilen okrug kazyýeti meşgullanar…
-Näme bilen meşgullanar, jenap Finç?-diýip jenap Teýt öz kürsüsinde biraz öňe ümzük atdy.
-Elbetde, öz-özünden düşnükli bolşy ýaly, bu arassa zerur goranyş, öz-özüňi goramak, ýöne barybir maňa iş ýerime gidip, degişli maddany gaýtadan okap çykmak gerek…
-Jenap Finç, size näme bolýar-a? Näme siziň pikiriňizçe Bob Ýueli Jim öldürdimi? Näme size şeýledir öýdýärsiňizmi?
-Gözlüjäniň näme aýdýandygyny siziň özüňiz eşitdiňiz ahyry, bu ýerde hiç hili şek-şübhe bolup bilmez. Ol: “Jim kömege ýetişdi we öz üstünde Ýueli dartyp aýyrdy” diýip aýdýar…megerem, ol tümlükde eýdip-beýdip Ýueliň elinden pyçagyny alandyr-da…ertir biz munuň anygyna ýeteris.
Jenap Teýt:
-Duruň, jenap Finç,-diýdi:-Bob Ýueli pyçak bilen düýbünden Jim urmady.

Attikus birsellem dymyp oturdy. Ol jenap Teýte edil onuň sözlerini terezide ölçäp görýän ýaly dikanlap seretdi. Soňra kellesini ýaýkady.
-Bu siziň tarapyňyzdan örän oňat teklip, Gek, men hatda size düşünýänem, bu mahal siziň aňyňyz däl-de rehimdar ýüregiňiz gepleýändir, ýöne şuňa meňzeş bir zatlar, bir zatlar oýlap tapmaga miltem edäýmäň.
Jenap Teýt örboýuna galdy-da, germewiň ýanyna bardy. Aşakdaky nahallaryň arasyna tüýkürdi, soňra ellerini jalbarynyň kiselerine sokdy-da, Attikusa tarap öwrüldi.
-Nämäni oýlap tapmaga?-diýip ol sorady.
-Meniň kesgitliligimi bagyşlaň,-diýip Attikus adaty äheňinde aýtdy:-ýöne men bu wakanyň üstüniň bassyr-ýussur edilmegine ýol bermerin. Meniň üçin bu mümkin däl.
-Hiç kim hiç zady bassyr-ýussur etmekçi bolmaýar, jenap Finç.
Jenap Teýt parahat äheňde gepleýärdi, ýöne ol aýaklarynyň arasyny giň açyp, şeýlebir keçjallyk bilen dim-dik bolup gönelip durdy welin, ol göwnüňe bolmasa, edil aýaklary bilen eýwanyň agaç astyna gögeren ýalydy. Meniň kakam bilen şerifiň arasynda nähilidir birhili düşnüksiz ýekme-ýek garpyşyk bolup geçýärdi.
Indi Attikusyň ýerinden turup, germewiň ýanyna barmak nobaty gelipdi. Ol: “ähhüm” etdi-de, howla tüýkürdi. Ellerini jübüsine salyp jenap Teýte tarap öwrüldi.
-Siz muny daşyňyzdan aýtmadyňyz, Gek, ýöne men siziň näme pikir edýändigiňizi bilýärin. Munuň üçinem size taňryýalkasyn, Jin Luiza…-diýip ol maňa tarap gaňryldy:-Sen öz üstüňde jenap Ýueli Jim çekip aýyrdy diýýärsiňmi?
-Hawa, jenap, men şonda şeýledir öýdüp pikir etdim…men…
-Ine görýärsiňizmi, Gek? Size munuň üçin ullakan taňryýalkasyn, ýöne men öz oglumyň ynsaby şunuň çökder agyr ýükli durmuşa gadam basmagyny islämok. Iň gowusy – ähli zady aç-açan etmek. Goý adamlar hemme zady bolşy-bolşy ýaly bilsinler, goý kazyýet mejlisi hem geçirilsin. Men bütin ömrüne onuň arkasyndan hyşy-wyşy etmeklerini hem-de kimidr biriniň ol barada: “Hä, bi Jim Finçmi…Ony şol ýaramaz wakadan alyp çykmak üçin onuň kakajygy jübüsini çöwürmeli bolan bolsa gerek” diýip bilmegini islemeýärin. Biz bu zatlar näçe bahym başymyzdan sowsak şonça-da oňat bolar.
Jenap Teýt kakamyň aýdanlaryna jinnek ýalyjak-da myzaýyk etmän:
-Jenap Finç,-diýdi:-Bob Ýuel öz pyçagynyň ujuna gabat gelipdir. Ol öz-özüni pyçaklapdyr.
Attikus eýwanyň çetki burçuna süýşdi. Ol glisiniýa gülüniň şahasyna dikildi. Bäh, bularyň kesirdiklerini diýsene, her haýsy hem özboluşly! Hany, olaryň haýsy biri ilkinji bolup ýan bererkä. Attikusyň hötjetlig-ä birhili ümsüm hötjetlik, hiç haçan diýen ýaly onuň hatda keçjallyk edýändigini-de aňşyryp bolmaýar, ýöne ol barybir käte-käte Kaningemlerden beterrägem kesire öwrüläýýär. Jenap Teýt bolsa özüne beýle erk edip bilmeýär, alýar-da kejeňeklik gürzüsini garşydaşynyň depesinden inderip goýberýär, ýöne ol hem meniň kakam ýaly tutanýerli.
Attikus, henizem bize arkasyny öwrüp duran ýerinden:
-Gek,-diýdi:-bu işi bassyr-ýussur etmek – diýmek Jim üçin meniň ony yhlas bilen taýynlaýan ýolumy ýapmagy aňladýar. Käbir ýagdaýlarda meniň göwnüme bolmasa, belki men derde ýaramaýan kaka ýaly bolup hem görünýändirin hem, ýöne olaryň menden başga hiç kimsi ýok. Kimdir birinden görelde almazyndan öňürti, ilki bilen Jim maňa seredýär, şonuň üçinem men hemişe onuň göni gözüne seredip bilerim ýaly ýaşamaga çalyşýan…Ýöne eger-de, men şeýle bassyr-ýussurlyga, ejizlige ýol bersem, men şondan soň öňküm ýaly onuň göni gözüne garap bilmerin, şol pursatdan başlabam men ony ýitirerin. Meniň bolsa ony we Gözlüjäni ýitiresim gelmeýär, sebäbi olardan başga meniň hiç zadym ýok. Barja zadym diňe şolar.
-Jenap Finç,-diýende jenap Teýt henizem şol bir durşy bilen aýaklarynyň arasyny giň açyp, edil aýaklary bilen eýwanyň agaç astyna gögeren ýaly bolup durdy:-Bob Ýuel ýykylypdyr we öz pyçagynyň ujuna gabat gelipdir. Men muny subudam edip biljek.
Attikus hyrra yzyna aýlandy-da, ellerini jübüsine has çuňrak sokdy.
-Gek, siz heý maňa düşünip bilmeýärsiňizmi? Siziň özüňizde-de çaga bar, ýone men sizden uly ahyry. Haçan-da çagalarym ulalandan soňra men eýýäm gojalyp giderin, eger-de aslyýetinde şol günlere çenli ýaşym ýetse, ýöne häzir welin, men…eger-de olar maňa ynanmaklaryny bes etseler, olar soň düýbünden hiç kime ynanyp bilmezler. Jim bilen Gözlüje ähli zadyň hakykatda nähili bolandygyny bilýärler. Eger-de olar meniň hemmelere bolan zatlaryň başgaça bolandygyny aýdyp ýörendigimi eşitseler…men olary hemişelik ýitirerin, Gek. Düşüniň ahyry, men öýümd-ä birhili adam köpçülikde-de başga hili adam bolup bilemok.
Jenap Teýt daraklygyna galdy-da, ýene-de öňki kaddyna gaýdyp gelip, sabyrlylyk bilen aýtdy:
-Ol Jimi ýere oklap goýberipdir, soňra oňa garşy topulmakçy bolanda-da dub agajynyň ýerden çykyp duran köküne büdräpdir, ine serediň, men size görkezeýin.
Jenap Teýt gapdal jübüsinden uzyn eplenýän pyçagy çykardy. Şol pursadam eýwana lukman

Reýnolds çykdy.
-Ol köpeý ogl…merhum şol dub agajynyň aşagyndadyr, lukman, siz mekdebiň howlusyna giren dessiňize görersiňiz,-diýip jenap Teýt oňa habar berdi:-Siziň elçyraňyz barmy? Ine, gowusy meniňkini alyň.
-Men mekdebiň howlusyna ulagym bilen baryp, onuň çyralaryny-da ýakyp bilerdim,-diýse-de lukman Reýnolds barybir jenap Teýtden elçyrasyny aldy:-Jimiň ýagdaýy oňat. Irdene çenli, ol oýanmazmyka diýip pikir edýärin, şonuň üçinem siz ynjalykdan gaçmaň. Bu şonuň öldürilen pyçagymy, Gek?
-Ýok, jenap, ol pyçak onuň özünde somalyp dur. Ol pyçagyň sapyndan çen tutsaň-a ol adaty aş pyçagy bolmaly. Ken, özüniň itleri bilen, eýýäm şol ýerde bolsa gerek, lukman, şonuň üçinem ýene-de görüşýänçäk.
Jenap Teýt duýdansyz pyçagy tygyny çykardy.
-Ine nähili bolan bolmaly,-diýip ol büdreýän kişi boldy, soňra aşak egildi, onuň pyçakly çep öňe, ondanam aşaklygyna dartyldy:-Ine şeýle, görýärsiňizmi? Onuň özi pyçagyny özüniň gapyrgalarynyň arasyndan sokupdyr. Soňra bolsa onuň üstüne özüniň ähli agramy bilen ýykylyp sapyna çenli gidiripdir.
Jenap Teýt pyçagyň tygyny epledi-de, ony kisesine saldy.
Ol:
-Gözlüjäniň ýaňy sekiz ýaşy doldy,-diýdi:-Özem ol gaty gorkan bolmaly, nämeleriň bolup geçýändigine-de doly düşünen däldir.
-Siz entek onuň nähilidigini bilmeýärsiňiz,-diýip Attikus tutuksy hüňürdedi.
-Men ol ähli zady toslap tapypdyr, özünden düzüpdir diýmeýärin, men diňe ol gaty gorkupdyr we daş-töwereginde nämeleriň bolup geçýändigine anyk düşünip bilmändir diýýärin. Onsoňam şol wagtky tümlükde hiç zat saýgarar ýaly däl. Bu ýerde bolsa şaýat hökmünde diňe tümlüge endik eden we garaňkylykda pişik ýaly görüp bilýän adam çykyş edip biler…
-Men muňa ýol bermen,-diýip Attikus pessaý pyşyrdady.
-Wah, al kakmyş-a, diýmäýin diýsem, men Jimiň aladasyny edemok-how!
Jenap Teýt aýagyny şeýlebir bat bilen ýere urdy welin, hanym Modiniň ýatýat otagynyň çyrasy ýanaýdy. Soň hanym Stiweni Krouforduň çyrasy hem ýandy. Attikus bilen jenap Teýt ilki ýoluň aňyrsyna, soňra biri-birine seredişdiler. Dymyşdylar.
Soňra jenap Teýt pessaýdan-pessaý pyşyrdap ugrady:
-Jenap Finç, maňa siziň bilen jedelleşmek juda ýaramaýar, hasam siz şunuň ýaly ýagdaýdakaňyz. Şu gijeki ýaly wakany başyňdan geçirmegi hiç kese Hudaý görkezmesin. Men hatda siziň nädip henizem aýak üstünde gezip ýörendigiňize-de haýran. Ýöne men bir zady welin anyk bilýärin, ine şunuň ýaly ýagdaý dörändigi seäplimi nämemi siz iň bir ýönekeýje zatlara-da göz ýetirip bilmeýärsiňiz, emma welin biziň wagtymyz ýok, biz şu zatlary bilen hut şu gün, hut şu pursat gutarnykly anyklaşdyrmaly, çünki ertir eýýäm giç bolar. Şonuň üçinem men diňe bir zady bilýärin: Bob Ýuel öz pyçagynyň üstüne ýykylypdyr.
Onsoň jenap Teýt Attikusyň Jim ýaly boýly hem beden gurluşly oglanjygyň, üstesine-de eli döwükkä, şonuň ýaly gözedürtme tümlükde, ullakan erkek kişiniň hötdesinden gelip, ony öldürmäge güýjüniň ýetjekdigini bihuda ýere aýdýandygyny aýtdy.
-Gek,-diýip Attikus birdenkä onuň sözüni böldi:-bu sizdäki tygy eplenýän pyçak näme? Siz ony nireden aldyňyz?
-Bir lül-gammar serhoşyň elinden aldym,-diýip jenap Teýt sowukganlylyk bilen jogap gaýtardy.
Men bar güýjüm ýadyma salmaga çytraşdym. Jenap Ýuel meniň üstüme topuldy, soň ýykyldy…megerem, her niçik-de bolsa şonda Jim maňa kömege gelip ýetişendir. Iň bolmanda şol pursed-a men hut şeýle pikir edipdim…
-Gek?
-Men aýtdym ahyry, men bu pyçagy şu gün, şäheriň içinde entäp ýören bir lül-gammar serhoşyň elinden gaňryp aldym. Ol aş pyçagyny bolsa, Ýuel megerem, zibilhananyň niresindendir bir ýerinden gözläp tapandyr. Ony mazaly ýiteldibem amatly ýagdaýy peýläp ýörendir…hawa, hawa, hut şeýle bolmaly, amadyny peýläp ýören bolmaly.
Attikus haýallyk bilen hiňňildige dolandy-da oturdy. Onuň elleri ysgynsyzlyk bilen dyzlarynyň arasynda sallandylar. Ol başyny aşak salyp, ýere seretdi. Ol şol gije, türmäniň gapysynyň öňünde-de ine şunuň ýaly haýaljakdan hereket edipdi, şonda meniň göwnüme bolmasa ol tutuş bir müdimilige barabar wagtlap gazetini epleýän ýaly bolup görnüpdi.
Jenap Teýt tagaşyksyz ümsümlik bilen eýwanda gezmeleýärdi.
-Onsoňam muny siz çözmeýärsiňiz, jenap Finç, men çözýärin. Men çözýärinem, jogabam berýärin. Nätjek, şunuň ýaly ýagdaý ýüze çykypdyr-da, siz meniň bilen ylalaşmaýan bolsaňyzam, barybir bu ýerde hiç zat edip bilmersiňiz. Eger-de nämedir bir zatlar etjek bolup synanyşaýsaňyzam, men siz ýalan sözleýärsiňiz diýip siziň ýüzüňize aýdaryn – ine-de bar bolany. Siziň Jimiňiz Bob Ýueli pyçak

bilen urmagy kellesine-de getirmändir, ol taýda hatda şoňa meňzeş hereketem bolmandyr, şuny hem bilip goýaýyň. Jim diňe öz uýajygy bilen sag-aman öýlerine gowuşmak isläpdir.
Şu ýerde jenap Teýt eýläk-beýläk gatnamagyny bes etdi-de, Attikusyň öňünde, bize tarap arkasyny öwrüp saklandy.
-Men bilýän, men beýlebir gowy adam däl, jenap, ýöne men Meykomb okrugynyň şerifi. Men bu şäherde ömürboýy ýaşap ýörün, meniň bolsa bahym kyrk üç ýaşym dolýar. Men bu şäherde bütin ömrüme näme bolan bolsa, hatda özüm dogulmazymdan öň bolup geçen wakalary-da ýekän-ýekän bilýärin. Ýakynda, biziň şäherimizde hiç bir sebäpsiz ýerden bir garaýagyz wepat boldy, onuň şeýle bolmagyna günäkär adam hem ýogaldy. Şonuň üçinem, goý şu gezek, ölüler ölüleri jaýlasynlar-la, jenap Finç. Goý, ölüler ölüleri jaýlasynlar.
Jenap Teýt hiňňildige tarap ätdi-de özüniň sypal başgabyny aldy. Ol Attikusyň gapdalynda ýatyrdy. Jenap Teýt alyn saçlaryny yzyna gaňtardy-da sypal başgabyny geýdi.
-Men hiç haçan, şunuň, ýagny jenaýatyň amala aşyrylmazlygy üçin ynsanyň güýjüniň ýetýän ähli zadyny etmegiň kanuna garşydygy barada hiç zat eşitmedim, ol bolsa hut şeýle-de hereket etdi. Belki-de siz, bu barada dymman ähli zady tutuş şähere gürrüň bermek meniň borjum diýersiňiz. A siz bilýärsiňizmi şonda nämeler bolar? Biziň ähli asylly hanymlarymyz, olar Meýkombda näçe bolsalar-da olaryň hemmesi, şol sanda meniň aýalym hem onuň öýüne girjek bolup süsdürilip başlarlar, özleriniň ajaýyp kökeleridir-dürli-dümenleri bilen onuň üstüni gömerler. Men şeýle düşünýän, jenap Finç, adam size hem-de bütin şähere örän beýik hyzmat edip berdi, onsoň ony, ine şeýle ýygra ýuwaşjany, alaga-da hemmeleriň öňüne sereşlemek üçin süýräp çykarmak, meniň pikirimç-ä günä bolýar. Bu günä, menem şol ýazygyň öz wyždanymyň üstüne labyryny atmagyny islemeýärin. Eger-de ondan başga kim bolsa bolaýsyn – men başgaça hereket ederdim. Ýöne bu adam bilen welin, beýle etmek düýbünden bolmaýar, jenap Finç.
Jenap Teýt biziň eýwanyň agaç astyny köwşüniň ökjesi bilen deşjek bolup yhlas baryny siňdirýärdi. Şol bolup durşuna-da ol öz burnundan çekişdirip gördi.
-Belki-de meniň baham gara şaýydyr, jenap Finç, ýöne häzirlikçe men Meýkomb okrugynyň şerifi, Bob Ýuel bolsa ýykylyp, öz pyçagy onuň özüne sünjüldi. Gijäňiz rahat bolsun, jenap!
Jenap Teýt eýwanymyzy tarpyldap kesip geçdi-de, howlymyzdan çykdy. Ulagyň gapysy açylyp-ýapyldy. Ol gitdi.
Attikus ýene-de ep-esli wagtlap öz aýaklarynyň astyna seredip otyrdy. Ahyrsoňy ol başyny göterdi-de:
-Gözlüje,-diýdi:-jenap Ýuel büdredi hem-de öz pyçagy onuň özüne sünjüldi. Sen şuňa düşünýärsiňmi?
Attikusyň ýüz-keşbi şeýlebir birhilidi welin, men bada-bat düşündim, oňa biraz göwünlik bermelidi. Men onuň ýanyna ylgap bardym-da, ony bar güýjüm bilen gujaklap, ogşadym.
-Elbetde, elbetde, düşünýän,-diýip men ony köşeşdirdim:-Jenap Teýt ähli zady dogry aýtdy.
Attikus meniň gujagymdan sypdy-da, gözlerime garady.
-Sen munuň bilen näme diýmekçi bolýarsyň?
-Neme-le…bu bar-a edil bilbili öldürmek ýaly bir zat-da, dogry dälmi?
Attikus ýaňagyny meniň kelläme süýkedi. Soňra ýerinden turdy-da, tutuş eýwanymyzy kesip geçip, eýwanyň garaňky künjegine ýöneldi, ýöräp barýarka-da onuň gadam urşy ýene-de juwan hem ýeňil bolup göründi. Ol ilkibada öýe girmekçi boldy, emma birdenkä Betnyşan Redliniň öňünde sägindi-de:
-Meniň çagalarym üçin size taňryýalkasyn, Artur,-diýdi.

xxxxx

Betnyşan Redli aýaklaryny süýräp alyp, haýaljakdan dikeldi, myhman otagynyň penjiresinden düşýän ýagtylyk onuň maňlaýynda ýyldyrady. Ol birhili, edil eli ýa-da aýagy bilen başga bir zatlara degerin öýdüp gorkýan ýaly, ynamsyz hem gowuşgynsyz hereket edýärdi. Ol jübüsini barlady-da, elýaglygyny çykardy. Ony agzyna tutup üsgürdi, soňra maňlaýyny süpürdi.
Men onuň hiç ýerde görünmezligine şeýlebir öwrenişipdim, ol bolsa, hälden bäri meniň gapdaljygymda otyrdy – ynanar ýaly hem däl. Hatda ýekeje sapar gymyldamady hem.
Ine-de ol aýaga galdy. Maňa tarap öwrüldi-de, gapa garşy baş atdy.
-Siz Jim bilen hoşlaşmak isleýärsiňizmi, hawamy, jenap Artur? Ýörüň.
Men ony daşky otagdan alyp geçdim. Jimiň düşeginiň ýanynda Aleksandra ejem oturan ekeni. Ol:
-Giriberiň, Artur,-diýdi:-Ol henizem ýatyr. Lukman Reýnolds oňa örän güýçli uky dermanyny berdi. Kakaň myhman otagyndamy, Jin Luiza?
-Hawa, hanym, megerem, şol ýerdedir.
-Gideýin-de oňa bir zat aýdyp gaýdaýyn. Lukman Reýnolds käbir zatlary goýup gitdi…-ejekemiň sesi dälizde uzaklaşyp ýitip gitdi.
Betnyşan ýene-de künjege ýöneldi, ol ýere baryp durdy-da, boýnuny süýndürip, hol uzakdan Jimiň

ýüz-keşbini synlamaga çytraşdy. Men onuň elinden tutdum, geň galaýmaly, onuň eliniň akdygyny, özem mylaýymja gyzgyn. Men ony ýuwaşjadan çekip ugradym, ol aýak diräp durmady welin, men ony Jimiň ýatyş sekisiniň gapdalyna getirdim.
Lukman Reýnolds Jimiň eliniň üstünde bassyrma çalymdaş bir zat gurnapdyr, megerem onuň ýaraly eline ýorganyň degmezligi üçin bolsa gerek. Betnyşan egildi-de, şol bassyrmajygyň üstaşyr garady. Onuň ýüzi hem şol pursat bilesigelijilikden hem wehimden şeýlebir dolup durdy welin, ol edil dogup-döräli bäri diri oglanjygy görmedik ýalydy. Ol hatda agzyny-da öweldip galyşyna, Jim dabanyndan depesine çenli birlaý synlaýardy. Soň ol elini galdyrdy-da, dessine-de aşak goýberdi.
-Siz ony sypalabam bilersiňiz, jenap Artur, ol uklap ýatyr. Ine eger-de ol uklap ýatmadyk bolsady, onda hiç haçanam maý bermezdi,-diýip men özümem bilemok, näme üçin Betnyşana düşündirdim:-Siz gorkmaň ahyry!
Onuň eli ikirjiňlenip Jimiň kellesiniň ýokary ýanynda doňup galdy.
-Bu hiç-le, jenap, gorkmaň, ol ýatyr.
Betnyşan emaý bilen Jimiň başyny sypady.
Men eýýäm oňa hiç hili sözsüz düşünip ugrapdym. Beýleki eli bilen ol meniň elimi berkräk gysdy-da baş atdy, diýmek gidesi gelýär. Men ony eýwana çykardym, ol öňküsi ýaly gowuşgynsyz ýöreýärdi, bärde bolsa düýpgöter togtady. Şol durşuna ol entegem meniň elimi goýbermeýärdi.
-Sen meni öýmüze äkidersiňmi?
Ol şeýlebir ýuwaş gepleýärdi, edil pyşyrdaýan ýaly, edil garaňkylykdan gorkýan körpeje ýaly.
Men birbada bökjekläp basgançakdan düşübem ugradym, ýöne ilkinji basgançakda saklandym.
Biziň öýümiziň içinde men ony isledigiçe elinden tutup idip bilerin, ýöne köçe-de welin, bolaýmaz!
-Jenap Artur, hany eliňizi epiň, ine şeýle. Ine indi oňat boldy, jenap.
Men onuň tirseginden elimi geçirdim.
Maňa ynjalyklyrak bolar ýaly ol birneme egilmeli boldy, ýöne eger-de hanym Stiweni Krouford penjiresinden yşyklap duran bolsa, onda ol, goý görsün, Artur Redli meni ýoluň ugry bilen edil hakyky asylly erkek kişi kimin alyp barýar.
Biz köçäniň burçundaky çyra sütüniniň deňesine ýetdik. Gör näçe gezek Dill şu ýerde çyra sütüni bilen gujaklaşyp durupdy, garawullapdy, garaşypdy hem-de umyt edipdi. Gör näçe sapar, Jim ikimiz şu ýol bilen geçipdik, ýöne köçeden Redlileriň howlusyna welin men ömrümde ikinji gezek girip görýärdim. Biz Betnyşan bilen eýwanyň basgançagyndan ýokaryk galdyk. Ol gapynyň tutawajyny sermeläp tapdy. Ýuwaşjadan meniň elimi goýberdi-de, öýe girip, yzyndan gapyny ýapdy. Şondan soň men ony hiç haçan görmedim.
Eger-de siziň öýüňizde kimdir biri aradan çyksa goňşularyňyz size iýer ýaly hödür-kerem getirýär, eger-de kimdir biri kesellese, gül getirýärler, kämahal bolsa hiç bir sebäpsiz size nämedir bir zat sowgat berýärler. Betnyşanam biziň goňşymyzdy. Ol bize sabyndan ýasalan iki sany gurjajyk, zynjyrlyja döwük sagat, şowlulyk üçin iki penni şaýy sowgat berdi, ýene-de ol bize biziň janymyzy peşgeş berdi. Ynsanlaryň arasyndaky goňşuçylyk gatnaşyklarynyň hem bir ýazylmadyk, ata-baba dowam edip gelýän dessury bar: goňşularyň sowgadyna sowgat, hödürine süýjülik, hormatyna sarpa, hyzmatyna hyzmat, ýakymyna mylaýymlyk bilen jogap bermeli. Biz bolsa şol jadyly köwekden diňe alýardyk, ýekeje saparam ol ýere hiç zat goýmadyk, biz oňa hiç zat sowgat bermedik, ine şu hem öte gussaly.
Men yzyma öwrüldim-de, öýmüze tarap gaýtmak isledim. Biziň köçämiz, hol allaowarra, şäheriň merkezine çenli uzalyp gidýärdi, onuň tutuş boýunda-da çyralar gyrpyldaşýardylar. Men öz ýaşaýan toplumymyzy şu tarapdan ilkinji gezek synlap görýärdim. Ine hanym Modiniň öýi, ine hanym Stiweniňki, ine bu bolsa biziňki, hanha biziň eýwanymyzdaky hiňňildik, ol jaýlaryň aňyrsynda bolsa hanym Reýçeliň jaýy oňat görünýär. Men hatda onuň daşky şekilini hem saýgaryp bildim.
Men yzyma gaňryldym. Işigiň çep tarapynda gabsalary ýapyk penjire bardy. Men ol ýere bardym-da, penjiräniň öňünde durup, daş-töweregi synlap ugradym. Gündiz, megerem, bu penjireden poçtanyň ýerleşýän künji görünýän bolsa gerek.
Gündiz…Birdenkä meniň göz öňüme geldi – çar-töwerek ýap-ýagty. Daşarda gündizlik, hemme goňşular hem öz işleri bilen gümra. Hanym Stiweni soňky täzelikleri paýlaşmak üçin hanym Reýçeliň ýanyna garşy, dazyrdyklap köçäni kesip barýar. Hanym Modi howlusynda öz söýgüli gülleriniň üstüne eglip dur. Tomus, iki sany çaga bökjekläp pyýada ýodasy bilen ylgaşyp barýarlar, ep-esli daşlykdan bolsa olara garşy bir adam ýöräp gelýär. Ol elini galgadýar, çagalar biri-biri bilen ýaryşyp, oňa tarap at salýarlar.
Henizem tomus, şol iki çaga has ýakynraga gelýärler. Oglanjyk ýüzüni sallap, yzyndan çeňňegiň sapyny süýräp, pyýada ýodasy bilen mytdyldap barýar. Kakasy bolsa ellerini bykynyna diräp garaşyp dur. Tomus, ýaňky çagalar öz dostlary bilen howlularyndaky baglykda nähilidir bir täze, düşnüksiz oýny oýlap tapyp, oýnamak bilen başagaý.
Güýz, şol iki sany çaga hanym Dýubozyň jaýynyň öňünde, pyýada ýodasynda gyzyl-gyran bolşup

uruşýarlar. Oglanjyk gyz jigisine ýerinden turmaga kömek edýär-de, olaryň ikisi hem öýlerine gaýdýarlar. Güýz, ýaňky iki çaga mekdebe howlugýarlar, köçäniň burçundan aýlanyp gözden ýitýärler, soňra öýlerine dolanyp gelýärler, olaryň ýüzlerinden olar üçin bu günüň begençli ýa-da gaýgyly bolandygy mese-mälim bildirip dur. Olar wirgin dubynyň öňünde säginýärler, olaryň ýüzlerinde-de haýran galmak, begenç hem gorky.
Gyş, onuň çagalary derwezäniň agzynda, ýanyp duran jaýyň ýalkymyna hüýt-gara bolşup, sowukdan ýaňa titreşip durlar. Gyş, adam köçä çykýar-da, äýnegini gaçyrýar, soňam iti atýar.
Tomus, ol öz çagalarynyň ýürekleriniň para-para bolýandygyny görýär. Ýene-de güýz, indi Betnyşanyň çagalaryna onuň kömegi gerek, olary halas etmeseň bir näkes olary ýok etmekçi bolýar.
Attikus dogry aýdýar. Bir gezek ol: “adama diňe haçan-da onuň hamyna girip, onda birsalym gezeniňden soň hakykatdan hem düşünip, oňa akyl ýetirip bolýar” diýipdi. Men bolsa Redlileriň diňe penjiresiniň öňünde az-owlak durup gördüm, ýöne şu hem meniň üçin ýeterlik boldy.
Ysgynsyz ýagyş çisňäp başlady welin, köçe çyralarynyň ýagtysy edil ümür-dumana beslenen dek buýr-bulaşyk bolup galaýdy. Men öýe barýaryn, özümem özümiň biçak garrydygymy duýýaryn, soňra gözümi çaşardýan-da öz burnumyň ujuna seredýärin, onuň üstünde ýagyş damjajyklary bar, soň bolsa meniň başym aýlanyp başlaýar welin, men gözümi çaşardmagymy bes edýärin. Men öýmüze barýaryn, özümem: “Jime gürrüň berere birneme zad-a bar” diýip pikir edýärin. Munuň ýaly gyzykly ähli zatlardan galyp aňňalak gapanyna baý, gahary geler-ow, megerem meniň bilen tutuş bir hepdeläp dagy gepleşmese gerek. Men öýmüze barýaryn, özümem: “Jim ikimiz ýene-de ulalarys, ýöne indi biz bu başymyzdan geçiren wakalarymyzdan soň juda az zatlary öwrenmeli bolaýmasak, diňe şu algebrany diýäýmeseň” diýip oýlanýaryn.
Men eýwanymyza ylgap çykdym-da, içerik girdim. Aleksandra ejem eýýäm ýatypdyr, Attikusyň otagy hem garaňky. Belki-de Jim eýýäm özüne gelendir? Jimiň düşeginiň ýanynda Attikus otyrdy. Ol haýsydyr bir kitaby okaýardy.
-Näme Jim entek oýanmadymy?
-Gaty mäkäm ýatyr. Ol ertire çenli oýanmaz.
-Hä-ä. Senem onuň ýanynda oturarsyňmy?
-Bir sagatjyk oturaýaýyn diýdim. Bar, Gözlüjäm, git-de ýat. Bu gün seniň üçin örän kyn gün boldy.
-Menem birazajyk seniň bilen oturaýsammykam?!
Attikus:
-Gaýrat edeweri,-diýdi.
Megerem eýýäm ýarygijeden geçen bolmalydy, geň galaýmaly, ol nähili çalt razylyk berd-ä. Dogrusy, ol maňa garanyňda öňden görüji ekeni, men aşak oturan dessime gözlerim öz-özünden ýumlup başlady.
-Sen näme okaýarsyň?-diýip men soradym.
Attikus kitabyň daşyna seretdi.
-Bu Jimiň kitaby. “Çal albassy”.
Meniň ukym zym-zyýat boldy.
-Sen näme üçin ony aldyň?
-Özümem bilemok, körpeje. Ýöne elime ileni şu bolaýmasa. Dogrusy men öň munuň ýaly zatlary okabam görmeýärdim,-diýip Attikus maňa jikme-jik jogap berdi.
-Ony daşyňdan okap beräýsene. Ol öte gorkunç.
Attikus:
-Gerek däl,-diýdi:-Häzirlikçe sen gorkma keýpinden çykan bolsaň gerek. Bu öte…
-Attikus, men birjigem gorkmadym ahyry.
Ol gaşlaryny gerdi.
-Hawa, men elbetde gorkdum, ýöne diňe haçan-da ähli zat barada jenap Teýte gürrüň berip başlanymda. Jimem gorkan däl bolmaly. Sen ondan sora, onuň özem saňa şeýle diýip aýdar. Onsoňam hakyky gorkunçlyk diňe kitaplarda bolýar ahyry.
Attikus nämedir bir zat aýtmak isläp agzyny açdy, emma ýene-de ýapdy. Kitabyň birinji sahypasyny täzeden açdy. Men onuň golaýragyna süýşüp, kellämi dyzyna goýdum.
Attikus:
-Ühümm,-etdi-de okap ugrady:-Sekeýteri Houkins. “Çal albassy”. Birinji bap…
Men öz-özüme uklamazlyk hakynda buýruk berdim, ýöne penjiräniň aňyrsyndaky ýagyş şeýlebir asuda şybyrdaýardy, otag bolsa şeýlebir ýylydy, Attikusyň sesi bolsa şeýlebir ümsüm hüwdüleýärdi, onuň aýagy bolsa şeýlebir ýumşakdy welin, men nädip uklandygymy hem duýman galdym.
Göwnüme bolmasa, göz açyp-ýumasy salymdan kän wagt geçmedik ýaly boldy welin, ol daraklygy bilen meniň böwrüme çalaja hürsekledi. Meni aýak üstüne galdyrdy-da, öz otagyma alyp gitdi.
-Men hemmeje-hemmeje zady eşitdim,-diýip men hümürdedim:-Özümem birjigem uklamadym…Bu kitap gämi hakda, onsoňam Üçbarmakly Fred hakda, onsoňam şol oglanjyk Stouner hakda…

Attikus meniň egnimdäki ýörite geýmiň egnaşyr kemerini sypdyrdy. Ol bir eli bilen meni saklaýardy, beýleki eli bilen bolsa meniň ýatanymda geýýän eşigime ýetmekçi bolýardy.
-Hawa, hawa, olaryň hemmesi şol olaryň öýlerinde ähli zady agdar-düňder edýändir, syýalary döküşdirýändir öýdýärdiler…
Ol meni ýatyş sekisiniň ýanyna eltdi-de oturtdy. Aýaklarymy galdyrdy-da, ýorganyň aşagyna saldy.
-Şonuň üçinem olar ony tutmak islediler, ýöne hiç tutup bilmediler, sebäbi onuň nähilidigini bilmeýärdiler, onsoňam bilýäňmi, Attikus, ahyrsoňunda olaryň barysy düşündiler, görüp otursalar ol ýaňky bezzatlyklaryň hiç birini-de etmändir eken-ä…Attikus, ol hakykatdan hem gowy…
Ol meni eňegime çenli ýorgan bilen örtdi-de, daş-töweregime ýorganyň çetlerini gysdyryşdyryp çykdy.
-Hemme adamlar diýen ýaly oňat, Gözlüjäm, haçanam bolsa, ahyrsoňy olara düşünseň.
Ol çyrany öçürdi-de, Jimiň ýanyna gitdi. Ol şol ýerde uzakly gijäni çirim etmän oturar, irden Jim oýananda-da şol ýerde bolar.